# ABŞ-NYŇ TARYHY

## GYSGAÇA



# ABŞ-NYŇ TARYHY

## GYSGAÇA

**ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Halkara maglumat**
**maksatnamalary boýunça edarasy**
http://usinfo.state.gov
2008

# ABŞ-NYŇ TARYHY

## GYSGAÇA

MAZMUNY

1-nji BAP Amerika ir döwürde . . . . . . . . . . 6

2-nji BAP Kolonial döwür . . . . . . . . . . 24

3-nji BAP Garaşsyzlyga tarap ýolda . . . . . . . . . . 52

4-nji BAP Milli hökümetiň döredilmegi . . . . . . . . . . 68

5-nji BAP Günbatara tarap ýaýramak we sebitara tapawutlar 112

6-njy BAP Garaýyşlaryň gapma-garşylygy . . . . . . . . . . 130

7-nji BAP Ösüş we öwrülişik . . . . . . . . . . 156

8-nji BAP Nägilelik we üýtgedip gurmak . . . . . . . . . . 190

9-njy BAP Uruş, abadançylyk we çökgünlilik . . . . . . . . . . 204

10-njy BAP „Täzeçe çemeleşiş” maksatnamasy we jahan urşy . . . 214

11-nji BAP Uruşdan soňky Amerika . . . . . . . . . . 258

12-nji BAP Özgerişlik eýýamy . . . . . . . . . . 276

13-nji BAP XXI asyra gadam . . . . . . . . . . 302

Amerikanyň taryhy boýunça gysgaça bibliografiýa . . . . . . . . . . 320





# 1-NJI BAP

# AMERIKA IR DÖWÜRDE

Kolorado ştatynda gadymy döwürde oturymly Mesa Werde obasy, XII asyr.

„Ynsan ýaşaýşy üçin gowy ýer döretmekde asman bilen zemin hiç wagt şeýle oňyn ylalaşyga gelen däldir.”

Jon Smit, 1607-nji ýyl

## ILKINJI AMERIKALYLAR

Buz eýýamynyň möwç urýan wagtynda, b.e.ö. 34000–30000-nji ýyllary aralygynda, ýer şarynyň suwlarynyň esasy bölegi kontinentleriň arasynda uzalyp gidýän ummasyz giň buz gatlaklary görnüşinde saklanypdyr. Bu bolsa Bering deňziniň derejesiniň häzirkisinden ýüzlerçe metr pes bolmagyna getiripdir. Beringiýa ady bilen tanalýan gury ýer zolagy bolsa Aziýa bilen Demirgazyk Amerikanyň arasynda gury ýer köprüsi hökmünde peýda bolupdyr. Çaklamalara görä, şol ýer zolagynyň iň giň ýeri 1500 kilometr bolupdyr. Howasy çygly bolan şol iri agaçsyz düzlük özüniň baý ösümlik dünýäsi bilen şol döwürdäki adamlaryň awlan haýwanlarynyň mesgeni bolupdyr.

Demirgazyk Amerika ýeten ilkinji adamlaryň täze bir kontinente aýak basandyklaryndan habarlary hem bolmandyr. Olar öz ata-babalarynyň müň ýyllyklaryň dowamynda bolşy ýaly, Sibiriň kenar ýakalarynda aw awlap ýörşüne köpri hökmünde hyzmat eden şol ýer zolagynyň üsti bilen täze bir kontinente geçendiklerini duýman galypdyrlar.

Alýaska baryp ýetenden soň hem, şol demirgazyk amerikalylaryň ilkinjilerine häzirki Amerikanyň Birleşen Ştatlary diýilýän ýere ýetmek üçin, uly buzluklardan ýol açyp, günorta tarap süýşmäge müňlerçe ýyl gerek bolupdy. Demirgazyk Amerikada ir döwürde ýaşaýşyň bolandygy barasyndaky subutnamalaryň tapylmagy dowam edýär. Emma şolaryň diňe az sanlysynyň biziň eýýamymyzdan öňki 12-nji müň ýyllyga degişli diýip ynam bilen aýdyp bolýar. Mysal üçin, ýaňy-ýakynda Demirgazyk Alýaskada tapylan aw meýdany, megerem, şol wagtlara degişlidir. Şeýle-de Nýu-Meksikanyň Klowis şäheriniň golaýyndan tapylan ussatlyk bilen ýasalan naýza başlary we beýleki gurallar şol döwre degişli bolup biler.

Gadymy adamyň maddy medeniýetiniň şular ýaly galyndylary Demirgazyk we Günorta Amerika ýer bölekleriniň ähli ýerlerinden tapyldy. Bu bolsa b.e.ö. 10000-nji ýyllarda ýer togalagynyň günbatar ýarymynyň köp ýerlerinde ýaşaýşyň gowy ösendiginden habar berýär.

Şol döwürlerde mamontlar ýok bolup başlapdyr we olara derek şol döwrüň demirgazyk amerikalylaryna azyk hem

geýim-gejim çeşmesi hökmünde bizonlar hyzmat edip ugrapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen iri haýwanlar ýa-ha awlanyp, aşa köp gyrylmagy sebäpli ýa-da başga birnäçe tebigy şertler zerarly ýok bolup gidipdirler we ösümlikler, miweler, ir-iýmişler, çigitdir-däneler irki amerikalylaryň iýmitiniň möhüm bir bölegine öwrülipdir. Kem-kemden iýmit öndürmäge sadaja synanyşyklar başlanypdyr we oba hojalygynyň ilkinji alamatlary peýda bolupdyr. Häzirki Merkezi Meksika hökmünde tanalýan ýerde ýaşan indeýler, baryp b.e.ö. 8000-nji ýylda ilkinji bolup mekgejöwen, kädi we kösükli ekinleri ekip başlapdyrlar. Kem-kemden olaryň tejribesi demirgazyga-da ýaýrapdyr.

Nýu-Meksikanyň we Arizonanyň derýa ýakalarynda b.e.ö. 3000-nji ýylyň başlarynda mekgejöweniň ilkinji görnüşleri ösdürilip ýetişdirilipdir. Soňra suwaryşyň ilkinji alamatlary, b.e.ö. 300-nji ýyllarda bolsa irki oba durmuşynyň alamatlary peýda bolup başlaýar.

Biziň eýýamymyzyň birinji asyrynyň başlaryna golaý, häzirki Arizona ştatynyň Finiks şäheriniň ýanyndaky ýerlerde hohokumlar oba-oba bolup ýaşapdyrlar. Ol ýerde olar togalak görnüşli howlular we Meksikada tapylanlara meňzeş piramida şekilli gümmezler, şeýle-de, kanal we suwaryş ulgamyny gurupdyrlar.

## GÜMMEZ GURUJYLAR WE PUEBLOLAR

Häzir Amerikanyň Birleşen Ştatlary diýlip tanalýan ýerde ilkinji bolup gümmez salyp başlan indeý toparlaryny köplenç adenanlar diýip atlandyrýarlar. Olar b.e.ö. 600-nji ýyllarda ýerden gubyr gazmagy we daşy berkidilen oturumly obalary gurmagy başarypdyrlar. Şol döwrüň käbir gümmezleri guş ýa-da ýylan görnüşinde gurlupdyr. Olaryň, belki-de, entek doly anyklaşdyrylmadyk dini maksatlar üçin gulluk eden bolmagy mümkindir.

Adenanlar taýpasy, megerem, „houpwellianlar” diýen umumy ady göteren dürli taýpalar toparlaryna garylyp gidendir ýa-da olar tarapyndan gysylyp çykarylandyr. Olaryň iň wajyp medeni merkezleriniň biri şolar ýaly gümmezleriň ençeme müňüsiniň galyndylarynyň häzir hem saklanyp galan ýeri bolan Ogaýo ştatynynyň günortasynda tapyldy. Ezber söwdagärler hasaplanan houpwellianlar ýüzlerçe kme uzalyp giden uly sebitiň çäginde gurallary ulanypdyrlar we alyş-çalyş edipdirler.

Biziň eramyzyň 500-nji ýyllary töwereginde houpwellianlar hem ornuny, umuman, missisipililer ýa-da Templ Maund medeniýeti ady bilen tanalan taýpalar toparyna bermek bilen, ýuwaş-ýuwaşdan ýok bolupdyrlar. XII asyryň başlarynda Mizuri ştatynyň Sent-Lýuis şäheriniň edil gündogarynda ýerleşen Kahokia şäheriniň ösen mahalynda 20000 töweregi ilaty bolupdyr diýlip güman edilýär. Şäheriň ortaragynda toprakdan salnan, depesi ýasy äpet bir gümmez bolupdyr. Onuň beýikligi 30 metr bolup, düýbi 37 gektar meýdany tutupdyr. Onuň töwereginden gümmezleriň başga-da 80 sanysy tapylypdyr.

Kahokia ýaly şäherleriň ilatynyň gün-güzerany awçylyga, iýmit toplamaga, söwda we oba hojalyk işlerine gönüden-göni bagly bolupdyr. Şol ýerden günorta tarapda ýerleşýän gülläp ösýän jemgyýetiň täsiri astynda olar gurluş taýdan çylşyrymly, köpbasgançakly jemgyýetlere öwrülýärler we gul saklaýarlar hem adam gurban edilýän adata eýerýärler.

Häzirki Birleşen Ştatlarynyň günorta-günbatarynda ýaşan şu döwürdäki Hopi indeýleriniň ata-babalary bolan anasaziler 900-nji ýyllarda daşdan jaýdyr ýer-

zeminleri gurmaga başlapdyrlar. Bu köp otagly öýleri ýada salýan özboluşly täsin jaýlar köplenç açyk kert gaýalaryň ugrunda salnypdyr. Koloradodaky iň meşhur Mesa Werde „gaýa köşgüniň” 200 otagy bolupdyr. Nýu-Meksikadaky Çako derýasynyň ýakasynda ýerleşen şuňa meňzeş ýer bolan Pueblo Bonitonyň harabaçylygynda bir mahallar sekiz ýüzden-de köp otag bolupdyr.

Kolumb tarapyndan açylmazdan öňki Amerikanyň indeýleriniň iň gurplusy, megerem, Ýuwaş ummanynyň kenarynda ýaşandyr. Ol ýeriň suwlaryndaky balyk we çig mal bolçulygy eýýäm baryp, biziň eýýamymyzda azyk bolçulygyny emele getirmek bilen, obalaryň oturumly bolmagyna şert döredipdir. Olaryň „Potlak” ady bilen tanalýan oturylyşygynyň suprasynyň baýlygy irki Amerikanyň taryhynda deňi-taýy bolmadyk şahandazlygyň we jomartlygyň nusgasy bolup durýar.

## ÝERLI AMERIKALYLARYŇ MEDENIÝETI

Ilkinji ýewropalylary garşy alan Amerikany boş ýatan tarp ýer bilen asla deňeşdirmek bolmaz. Häzir beýan edilýän pikirlere görä, ýer togalagynyň günbatar ýarymynyň ilat sany şol wagtky Günbatar Ýewropanyň ilat sany bilen deň, ýagny 40 million töweregi bolupdyr.

Çaklamalara görä, ýewropalylaryň koloniýalar döretme hereketiniň başynda häzir Amerikanyň Birleşen Ştatlary diýlip tanalýan ýerde 2 milliondan 18 milliona çenli ýerli amerikaly ýaşapdyr. Taryhçylaryň köpüsi kiçi sany hasaba almaga ýykgyn edýärler, emma ýewropalylaryň getiren kesselleriniň ýerli ilata, hususan-da, ilkinji gatnaşyklar bolan döwründe weýran ediji täsiriniň bolandygyny hiç kim inkär etmeýär. Hususan-da, mama keseli tutuş obalary ýok edipdir. Aýdylyşyna görä, 1600-nji ýylda indeýleriň sanynyň düýpgöter azalmagy gönüden-göni şu kesel zerarly bolupdyr we ol, hatda, ýewropalylar bilen ýüze çykan köpsanly uruşdyr-çaknyşyklardan hem köp zyýan ýetiripdir.

Şol döwrüň indeýleriniň medeniýetleri we däp-dessurlary iňňän dürli-dürli bolupdyr, ýöne olaryň giň ýaýrawyny we dürli-dürli ýerleriň tebigy şertlerine uýgunlaşyp ýaşamaly bolandyklaryny hasaba alsak, bu geň zat däldir. Şeýlede bolsa, käbir umumylyklary bellemek bolar.

Tire-taýpalaryň köpüsi, aýratyn-da, gündogar ýerleriň tokaýlarynda we günbatar sebitleriň merkezinde ýaşaýanlary gün-güzeran görmek üçin, aw etmek bilen bir hatarda mekgejöwen hem başga azyk önümlerini ýygmak we ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanypdyrlar. Köp halatlarda ekin-dikin we iýmit paýlamak işlerine aýallar jogapkär bolupdyrlar, erkekler bolsa aw awlapdyrlar, uruşlara gatnaşypdyrlar.

Demirgazyk Amerikadaky indeý hojalyklarynyň ýer bilen ysnyşykly baglanyşykly bolandygyna hiç şübhe ýokdur. Tebigat we tebigy hadysalar bilen ylalaşykda bolmak olaryň dini ynamlarynyň aýrylmaz bir bölegi bolupdyr. Ýewropanyň şol döwürdäki adatyndan tapawutlylykda indeýleriň durmuşy, esasan, tire-taýpaçylyga ýykgyn eden, çagalaryna bolsa aşa köp erkinlik beren şekilde bolupdyr.

Demirgazyk amerikalylaryň käbir taýpalarynyň ýazgylary saklamak üçin belli bir ýazuw alamatlary döredenligine garamazdan, indeýleriň medeniýeti irki döwürde sözleýiş görnüşinde bolupdyr hem rowaýatlaryň we arzuwhyýallaryň dilden-dile, nesilden-nesle geçmegine uly ähmiýet berlipdir. Dürli toparlaryň arasynda gyzgalaňly söwda-

nyň bolandygy we goňşy tire-taýpalaryň ysnyşykly gatnaşykda bolup, her hili ýagdaýy, dostluklydyr duşmançylykly halatlary başlaryndan geçirendikleri mälimdir.

## ILKINJI ÝEWROPALYLAR

Demirgazyk Amerika ilkinji bolup baran ýewropalylar, has dogrusy, anyk subutnama bar bolan ilkinji ýewropalylar, Grenlandiýadan günbatara syýahat eden gadymy skandinawlylar bolupdyrlar. Ol ýerde 985-nji ýyllarda „gyzyl” lakamly Erik atly adam bir oturymly obanyň düýbüni tutupdyr. 1001-nji ýylda, çak edilişine görä, onuň ogly Leýf häzirki Kanadanyň demirgazyk-gündogar kenar ýakalarynda barlag geçirip, bir ýyly şol ýerde gyşlapdyr.

Gadymy skandinawlaryň kyssalarynda, wiking deňizçileriniň Atlantik ummanynyň Demirgazyk Amerikadaky kenar ýakalaryny tä Bagam adalaryna çenli öwrenendikleri barasynda gürrüň berilýär, ýöne bu häzire çenli subut edilmän gelýär. 1963-nji ýylda demirgazyk Nýu-Faundlendde Laňz-o-Medowzyň golaýynda skandinawlaryň gadymy döwre degişli jaýlarynyň harabaçylyklarynyň tapylmagy skandinaw kyssalarynda aýdylanlary käbir derejede tassyklaýar.

1497-nji ýylda, ýagny Hristofor Kolumbyň Aziýa tarap günbatar ýoluny gözläp, Karib deňziniň kenar ýakalarynda düşlänine bary-ýogy bäş ýyl bolanda, Jon Keýbot atly wenesiýaly bir deňizçi Britan Korolynyň tabşyrygy bilen Nýu-Faundlende gelýär. Bu syýahat adamlaryň aňyndan çalt çykan hem bolsa, ol soňra iňlislere Demirgazyk Amerika dalaş etmäge subutnama hökmünde esas bolup hyzmat etdi. Bu syýahat, şeýle-de Jorjiýanyň balyga baý kenarlaryna ýol açdy. Şol ýere ýewropaly balykçylar, hususan-da, portugallar balyk tutmak üçin gatnapdyrlar.

Kolumb, elbetde, Birleşen Ştatlaryň esasy gury ýer bölegine aýak basmandyr, emma Birleşen Ştatlaryň jümmüşine ilkinji ekspedisiýalar onuň tagallalary bilen döredilen ispan şäherçelerinden amala aşyryldy. Şeýle ekspedisiýalaryň ilkinjisi 1513-nji ýylda geçirildi. Şonda Floridanyň häzirki Sent-awgustin şäheriniň golaýyndaky kenarlaryna Huan Ponse de Leonyň ýolbaşçylygynda adamlaryň bir topary baryp düşýär.

1522-nji ýylda Meksikany basyp alanlaryndan soň, ispanlar ýer togalagynyň günbatar ýarymynda öz hereketlerini has-da berkitdiler. Soňky açyşlar ýewropalylaryň häzirki döwürde Amerika adyny göterýän ýer baradaky bilimini has hem artdyrdy, ýagny olar bu ýurduň italiýaly Amerigo Wespuççiniň adyny göterýändigini bildiler. Onuň „Täze dünýä” syýahatlary dogrusyndaky maglumatlary iňňän uly meşhurlyga eýe boldy. Eýýäm 1529-njy ýylda Atlantik ummanynyň kenar ýakasynyň Labradordan Tierra del Fuego çenli ygtybarly kartasy düzüldi. Emma Aziýa tarap „demirgazyk-günbatar geçelgäni” tapmak baradaky umydyň ýitip gitmegine, dogrusy, ýene-de bir asyrdan köpräk wagt gerek boldy.

Peruwa basybalyjylykly ýörişler amala aşyranda, Fransisko Pizzaro goşulan ispan basybalyjysy Hernando de Sotonyň geçiren gözlegleri has uly ähmiýete eýe bolan irki ispan gözlegleriniň biridir. 1539-njy ýylda de Sotonyň ekspedisiýasy Gawanadan çykyp, Florida barýar we baýlyk gözleginde Birleşen Ştatlaryň günorta-gündogar böleginiň üsti bilen Missisipi derýasyna baryp ýetýär.

Ispanlaryň ýene-de biri, Fransisko Koronado 1540-njy ýylda Meksikadan çykyp, rowaýatlardaky Sibolanyň Ýedi şäheriniň gözlegine ýola rowana bolýar.

Koronado şu syýahatynda Beýik Kanýona we Kanzasa baryp ýetýär, emma onuň altyn ýa-da hazyna tapmak baradaky pikiri başa barmaýar.

Muňa garamazdan, Koronadonyň topary şol sebitiň adamlaryna garaşylmadyk ýagdaýda ajaýyp sowgatlaryny galdyryp gitdiler: onuň adamlarynyň atlarynyň ep-eslisi gaçýar we gelejekde Beýik Sähralykda ýaşaýşyň özgermegine ýardam edýär, çünki uzak wagt geçmänkä, Beýik Sähralygyň indeýleriniň ýaş nesillerinden ökde seýisler döräp, olaryň kesp-kärleri ösmek bilen giň gerime eýe bolýar.

Ispanlaryň günortadan ýokarlygyna süýşüp barýan mahalynda Jiowanni da Werrazano ýaly adamlaryň syýahatlary netijesinde häzirki Birleşen Ştatlaryň demirgazyk bölegi-de ýuwaş-ýuwaşdan açylyp başlaýar. Fransiýanyň baýdagy astynda ýüzüp ýören florensiýaly Werrazano 1524-nji ýylda Demirgazyk Karolinanyň kenarlaryna baryp ýetýär, soňra ol Atlantik ummanynyň kenarýakasy bilen häzirki Nýu-Ýork gämi duralgasyna çenli barýar.

Şondan on ýyl geçenden soň, fransuz Žak Kartýe hem, özünden öňki ýewropalylaryň edişi ýaly, deňziň üsti bilen Aziýa tarap geçelge tapmak umydy bilen uzak ýüzüşe rowana bolupdyr. Kartýeniň Sent-Lorens derýasy boýunda geçiren ekspedisiýalary fransuzlaryň Demirgazyk Amerika dalaş etmegine esas bolup hyzmat etdi we bu ýagdaý 1763-nji ýyla çenli dowam edip geldi.

1540-njy ýyllarda özüniň ilkinji Kwebek koloniýasynyň şowsuzlyga uçramagyndan ýigrimi ýyldan soň, fransuz gugenotlary Floridanyň demirgazyk kenarlaryna düşüp ornaşmakçy boldular. Fransuzlary Golfstrim akymynda alyp barýan öz söwda ýoluna howp hökmünde gören ispanlar şol koloniýany 1565-nji ýylda weýran etdiler. Täleýiň emri bilen ispan serkerdesi Pedro Menendez tiz wagtda uzak bolmadyk ýerde Sentawgustin diýen şäheriň düýbüni tutdy. Bu ýewropalylaryň soňra Amerikanyň Birleşen Ştatlary hökmünde tanalan ilkinji hemişelik oturymly ýeridi.

Meksikadaky, Karib deňzi kenarýakalaryndaky we Perudaky koloniýalaryndan Ispaniýa dökülen ummasyz baýlyklar ýewropa döwletleriniň beýlekilerinde-de uly gyzyklanma döretdi. Hazyna daşaýan ispan gämilerinde Fransisko Dreýkiň şol ýerlere birnäçe gezek üstünlikli sapar amala aşyrmagy, wagtyň geçmegi bilen, Angliýa ýaly deňiz üstünde dörän döwletlerde içgin gyzyklanma döretdi.

1578-nji ýylda demirgazyk-günbatar geçelgesi baradaky ylmy işiň awtory Hamfri Gilbert şa aýal Ýelizawetadan Täze dünýäniň entek beýleki ýewropa döwletleri tarapyndan eýelenip ýetişilmedik „özleşdirilmän ýatan boz ýerlerini" koloniýalaşdyrmaga aýratyn ygtyýar berýän resminama aldy. Ýöne şu işi başlamaga şondan soň ýene-de bäş ýyl gerek boldy. Ol deňizde nam-nyşansyz ýitenden soň, onuň bu işini enebaşga dogany Wolter Reýli dowam etdirdi.

1585-nji ýylda Reýli Amerikanyň demirgazygynda Demirgazyk Karolinanyň kenarýakasyndaky Roanok adasynda britan koloniýalarynyň ilkinjisiniň düýbüni tutdy. Soňra ol terk edildi we diňe şondan iki ýyl geçenden soň, edilen ikinji synanyşyk bolsa şowsuzlyga duçar boldy. Britaniýalylaryň bu ugurda eden nobatdaky synanyşygy diňe ýigrimi ýyl geçenden soň peýda boldy. Bu gezek koloniýa döretmek synanyşygy 1607-nji ýylda Jeýmstaunda boldy we şowly geçdi, şunuň bilen hem Demirgazyk Amerika täze eýýama gadam basdy.

## IRKI GONALGALAR

1600-nji ýyllaryň başlary Ýewropadan Demirgazyk Amerika göçmenligiň uly akymynyň şaýady boldy. Üç asyrdan köpe çeken we diňe birnäçe ýüz iňlis kolonistlerini öz içine alan bu kiçi akym göçüp gelýänleriň köpmillionly akymyna öwrüldi. Düýpli we dürli delillerdir-meýillere esaslanan göçüp gelenler kontinentiň demirgazyk böleginde täze siwilizasiýany gurdular.

Häzir Birleşen Ştatlary diýlip atlandyrylýan ýere göçüp baran ilkinji iňlis göçmenleri has giç bardylar. Olar Atlantik ummanyndan ýüzüp geçen wagtynda Meksikada, West-Hindistanda we Günorta Amerikada ispanlaryň koloniýalary birçak gülläp ösýärdi. Täze dünýä göçüp gelenleriň ählisi ýaly, iňlisler hem ol ýere adamdan ýaňa hyryn-dykyn, çaklaňja gämilerde barypdyrlar. Olar 6–12 hepdelik ýoluň dowamynda ýarym aç, ýarym dok oňmaly bolupdyrlar. Olaryň köpüsi keselläp ölüpdir; käbirleri bolsa güýçli deňiz gaýlary sebäpli, gämilerinden suwa gaçyp, açyk deňizde ýitirim bolupdyrlar.

Ýewropaly göçmenleriň köpüsi öz dogduk mekanlaryny syýasy ezilmelerden gaçyp, aman galmak maksady bilen, öz uýýan dini adatlaryny azat-erkin berjaý eder ýaly ýer gözläp ýa-da öz ýurdunda rugsat edilmedik şertleriň we mümkinçilikleriň gözleginde terk edipdirler. 1620–1635-nji ýyllar aralygynda Angliýada ykdysady kynçylyklar hokum sürýärdi. Köp adamlar iş tapyp bilmeýärdi. Hatda, ökde hünärmenler-de diňe ölmez-ödi ýaşar ýaly gazanç edýärdiler. Ýagdaýy ýeriň pes hasylly bolmagy has hem kynlaşdyrdy. Üstesine-de, senagat rewolýusiýasy dyngysyz işlemegi üpjün edýän täze dokma senagatynyň açylmagyna alyp bardy. Bu bolsa barha köp ýüň öndürmekligi talap edýärdi. Ýer eýeleri daýhan ýerleriniň daşlaryny aýlap, daýhanlary maldarçylyk bilen meşgullanmaga kowýardylar. Täze koloniýalaryň açylmagy şular ýaly kowulýan daýhanlar üçin ýeke-täk çykalga boldy.

Koloniýaçylaryň baryp düşen täze ýeri ilki bilen aňyrsy-bärsi görünmeýän gür tokaýlyklardy. Hoşniýetli ýerli indeýleriň kömegi bolmadyk bolsady, megerem, göçüp gelenler diri galmazdylar. Olar gelenlere şol ýere ukyply ösümlikler bolan kädini, noýba-nohudy we mekgejöweni ösdürip ýetişdirmegi öwretdiler. Mundan başga-da, 2100 kilometre uzap gidýän, adam aýagy basmadyk tokaýlykly gündogar kenar ýakasy aw awlar ýaly haýwanlara we ýangyç üçin odun-çöpe baý bolup çykdy. Ol tokaýlar, şeýle-de, jaý gurar ýaly, öý goşlaryny ýasar ýaly, gämiçilikde ulanar ýaly, şeýle hem, satyp, girdeji görüp boljak çig mallara baýdy.

Täze kontinenti tebigat peşgeş berende bolsa, Ýewropa bilen söwda etmeklik iňňän zerurdy, sebäbi ol göçüp gelenleriň özleriniň öndürip bilmeýän harytlaryny tapmagyň ýoludy. Kenar ýakasy göçmenler üçin uly goldaw-kömekdi. Kenar boýdan-başa çaklaň aýlaglardyr duralgalardan doludy. Diňe iki ýerde – Demirgazyk Karolinada hem Nýu-Jersiniň günortasynda deňiz gämileri üçin duralgalar ýokdy.

Kennebek, Gudzon, Delawer, Saskwehanna, Potomak ýaly äpet derýalar we köp sanly beýleki derýalar kenar ýakasy bilen Appalaçi daglarynyň arasyndaky ýerleri deňiz bilen birleşdirýärdiler. Şeýle-de bolsa, Beýik köllere we kontinentiň jümmüşine barmak üçin, diňe Kanadadaky fransuzlaryň agalyk edýän Sent-Lorens derýasyndan peýdalanyp bolýardy. Kenar ýakasyndan uzaklarda ornaşmaga gür tokaýlar, käbir indeý taýpalarynyň garşylyk görkezmekleri, şeýle hem, aýylganç Appalaçi daglary mümkinçilik bermeýärdi.

Adam aýagy basmadyk beýle tebigata diňe gapan goýýan awçylardyr söwdagärler çuňňur aralaşmaga töwekgelçilik edip bilýärdiler. Birinji ýüz ýylyň dowamynda koloniýaçylar öz ýaşajak ýeri hökmünde kenar ýakasyny saýlap, jaýlaryny biri-birine ýanap gurdular.

Adamlaryň köpüsi Amerika syýasy sebäbe görä göçüp barýardy. 1630-njy ýyllarda iňlis şasy Çarlz Birinjiniň ýurdy eden-etdilik bilen dolandyrmagy Täze dünýä göçüp gitmäge itergi boldy. 1640-njy ýyllarda Oliwer Kromweliň serkerdeliginde gozgalaň turuzylmagy we olaryň ýeňiş gazanmagy „korolyň adamlaryndan" bolan esgerleriň köpüsini öz ykbalyny Wirjiniýadan gözlemäge mejbur etdi. Ýewropanyň nemes dilinde gepleýän etraplarynda uzaga çeken uruşlar zerarly dagynyklyga uçran dürli-dürli uşak häkimleriň ýöreden ezijilik syýasaty (esasan-da dini meselelerde) XVII asyryň ahyrynda, XVIII asyryň başlarynda Amerika göçe-göçlügiň artmagyna alyp bardy.

XVII asyrda koloniýaçylaryň gelmegi seresaply meýilnamalaşdyrmaga we dolandyrmaga ýol açdy, şeýle hem, ol uly harajatlar we töwekgelçilikler bilen bagly boldy. Göçüp gelýän koloniýaçylar deňziň üsti bilen 5000 kme çenli ýol geçmelidi. Olara goş-golam, geýim-gejim, tohum, gurallar, gurluşyk serişdeleri, mal-gara, ýarag-esbaplar we harby ätiýaçlyklar gerekdi.

Beýleki döwletleriň we özge döwürleriň kolonial syýasatyndan tapawutlylykda Angliýadan göçýänleriň çykdajysyny hökümet däl-de, eýsem esasy maksady girdeji gazanmak bolan aýry-aýry hususy toparlar we adamlar çekýärdiler.

## JEÝMSTAUN

Demirgazyk Amerikada britan koloniýaçylarynyň birinji oturymly obasy Jeýmstaun boldy. Korol Jeýms I-niň Wirjiniýa (ýa-da London) kompaniýasyna peşgeş beren ýörite hukugy esasynda 100-e golaý adamdan ybarat bolan bir topar 1607-nji ýylda Çesapik aýlagyna ugrady. Ispanlar bilen çaknyşmakdan gaça durup, olar Jeýms derýasynyň boýunda aýlagdan 60 kilometr ýokarlykda bir ýerjagaz saýlap aldy.

Mülkdarçylyga däl-de, eýsem altyn gözlemäge gyzyklanma bildiren şäherlilerden we täsinlikleri gözleýjilerden ybarat bolan şol topar gylyk-häsiýet we başarjaňlyk taýdan täze durmuşy başlamaga düýbünden ukypsyz bolup çykdy. Olaryň arasynda kapitan Jon Smit tapawutlanýardy. Dawa-jenjele, açlyga we indeýleriň çozuşlaryna garamazdan, özüne mahsus bolan düzgün-tertibe salmak ukybyna görä, ol birinji ýylyň dowamynda kiçijek koloniýany dagytman, agzybirlikde saklamagy başardy.

1609-njy ýylda Smit Angliýa dolandy, onuň ýoklugynda bolsa koloniýada baş-başdaklyk höküm sürdi. 1609–1610-njy ýylyň gyşynda koloniýaçylaryň köpüsi keselden heläk boldy. Netijede, 1610-njy ýylyň maý aýyna çenli gelen 300 adamdan diňe altmyşysy diri galdy. Şol ýylda Jeýms derýasynyň ýokary akymynda Henriko (häzirki Riçmond) şäheriniň düýbi tutuldy.

Ýöne tiz wagtdan Wirjiniýanyň ykdysadyýetinde uly özgerişlige alyp baran ösüş başlandy. 1612-nji ýylda Jon Rolf West-Indiden getirilen temmäkiniň tohumyny ýerli tohum bilen çakyşdyrdy we temmäkiniň ýewropalylaryň göwnünden turjak bir täze görnüşini ösdürip ýetişdirdi. Şu temmäkiniň ilkinji tapgyry 1614-nji ýylda Londona baryp ýetdi. On ýyldan soň ol Wirjiniýanyň girdejisiniň esasy çeşmesine öwrüldi.

Ýöne, entek gülläp ösüş uzakdady. Kesel we indeýleriň hüjümleri sebäpli, ölüm derejesi aşa ýokary bolmaklygyn-

da galýardy. 1607-nji we 1624-nji ýyllar aralygynda koloniýa 14000 adam gelipdi, ýöne 1624-nji ýylda olardan diňe 1132-si galypdy. Şol ýylda korollyk barlag toparynyň maslahaty esasynda korol Wirjiniýa kompaniýasyny ýatyryp, ony korollyk koloniýasyna öwürdi.

## MASSAÇUSETS

XVI asyryň dini agdarylyşyklary mahalynda özlerini puritanlar diýip atlandyran aýallaryň we erkekleriň topary Angliýanyň hereket edýän buthanasyny içinden özgertmäge synanyşdylar. Olaryň talaplaryna laýyklykda adaty berjaý edilýän katolik dessurlarynyň we gurluşlaryň ýerine protestantçylygyň ýönekeý adat-amallary bolmalydy. Olaryň üýtgedip gurmak baradaky pikirleri döwlet buthanasynyň bütewiligini dargatmak bilen bir hatarda halkyň bütewiligine we korollyk häkimiýetine howp salýardy.

1607-nji ýylda döwlet buthanasyny üýtgedip gurmak mümkinçiliklerine ynanmadyk separatçy–puritanlaryň radikal sektasynyň uly bolmadyk bir topary Gollandiýanyň Leýden şäherine ugrady. Ol ýerde olara gollandlar gaçybatalga berdiler. Ýöne, kalwinçi gollandlar olara pes hakly işlerden başga iş bermediler. Kongregasiýanyň käbir agzalary beýle kemsitmäni gaty gördüler we Täze dünýä göçüp gitmek kararyna geldiler.

1620-nji ýylda Leýden puritanlarynyň bir topary Wirjiniýa kompaniýasyndan ýer edinmäge hukuk aldy we erkeklerden, aýallardyr çagalardan, jemi 101 adamdan ybarat bolan topar „Meýflawer” gämisinde Wirjiniýa ugrady. Deňizde turan gaý bulary uzak demirgazyga tarap äkidýär we olar Täze Angliýanyň Keýp Kod aýlagyna baryp düşýärler. Olar özlerini hiç bir hukuk döwletine degişli däl hasap edip, öz saýlap alan ýolbaşçylarynyň kesgitlän „adalatly we deňhukukly kanunlaryna” boýun egjekdikleri barasynda bir resmi ylalaşygyň taslamasyny taýýarlaýarlar. Bu Meýflawer şertnamasydy.

Dekabrda „Meýflawer” gämisi Plimut gämi duralgasyna ýetýär. Ilkinji koloniýaçylar gyşyň içinde jaý gurmaga girişýärler. Koloniýaçylaryň ýarysy diýen ýaly buýup ölüpdir, kesellerden heläk bolupdyr we diňe goňşy Wampanoag indeýleriniň ýardam etmegi bilen koloniýaçylaryň galan bölegi diri galypdyr. Olar göçüp gelenlere mekgejöwen ösdürip ýetişdirmegi öwredýärler. Şeýlelik bilen, soňky güýze çenli olar mekgejöweniň gowy hasylyny alýarlar. Mundan başga-da, olar sütükli deridir kesilen agaç söwdasynyň gülläp ösmegini gazanýarlar.

1630-njy ýylda Massaçusets aýlagynyň kenarlaryna göçmenleriň täze toparlary gelip başlady. Olarda Korol Çarlz I tarapyndan berlen koloniýa döretmek rugsady bardy. Gelýänleriň köpüsi dini adatlaryny berjaý etmekleri gitdigiçe gadagan edilen angliýaly puritanlardy. Olaryň baştutany Jon Wintrop Täze dünýäde „baýryň üstünde şäher” döretmek baradaky niýetini açyk aýdýardy. Şeýle diýmek bilen ol puritanlar üçin dini adatlaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirip ýaşap biljek bir ýeri göz öňünde tutýardy.

Massaçusets aýlagyndaky koloniýa bütin Täze Angliýanyň ösmeginde wajyp ähmiýete eýe bolmalydy, çünki, bir tarapdan, Wintrop we onuň puritan kärdeşleri ýanlary bilen öz düzgünnamasyny getirmäge ukyplydylar. Şeýlelik bilen, koloniýany dolandyryjy hökümet Angliýada däl-de, eýsem hut Massaçusetsde ýerleşdi.

Şol düzgünnama laýyklykda häkimiýet Puritan buthanasynyň agzalygyndaky „doly hukukly raýatlardan” ybarat

bolan kanun çykaryjy geňeşiň elindedi. Bu bolsa puritanlaryň koloniýada agalyk ediji syýasy, şeýle hem, dini güýçdüginiň kepilidi. Häkimi saýlamak hem kanun çykaryjy geňeşiň ygtyýaryndady. Bu wezipe bolsa geljek nesliň birnäçe ýyllarynyň dowamynda hut Jon Wintropyň bagtyna düşdi.

Puritanlaryň berk prawoslaw düzgüni hemmäniň göwnüne ýarap duranokdy. Ýaş ruhany Rojer Wilýamz kanun çykaryjy geňeşe garşylyk bildiren ilkinjileriň biri boldy; ol indeýleriň ýerleriniň koloniýa tarapyndan zorluk bilen eýelenmegine we onuň Anglikan buthanasy bilen gatnaşygyna garşy çykyş etdi.

Massaçusets aýlagyndan kowlandan soň, ol 1636-njy ýylda Närrägänset indeýlerinden häzirki Rod-Aýlend ştatynyň Prowidens şäherinde ýer satyn alýar. Ol ýerde ol ilkinji amerikan koloniýasynyň düýbüni tutýar, ol koloniýada buthananyň döwletden doly aýrylandygyny, şeýle-de, wyždan azatlygyny jar edýär.

„Ýeretikler" diýlip atlandyrylan Wilýamz ýaly adamlar Massaçusetsden çykyp giden ýeke-täk adamlar däldi. Prawoslaw puritanlar gowrak ýerleriň we mümkinçilikleriň gözleginde tiz wagtdan Massaçusets aýlagyndaky koloniýany terk edip başladylar. Konnektikut derýasynyň ýakasyndaky mes toprakly ýerler, mysal üçin, ýaramaz ýerler zerarly horluk çeken mülkdarlaryň ünsüni çekdi. 1630-njy ýyllaryň başlarynda düz ýerlere we mes topraklara eýe bolmak maksadyny ýüreklerine düwen bu adamlaryň köpüsi indeýleriň hüjümlerini serpikdirmäge taýýardy. Bu täze obşinalar buthana agzalygynyň ses bermäge hukuk berýän zerur bir şert bolup durýandygyna köplenç ähmiýet bermeýärdiler, şunlukda ses bermäge hukugy bolan adamlaryň sanynyň artmagyna ýardam edýärdiler.

Şol bir wagtda Täze dünýäniň hödür edýän ýerlerini we azatlygyny gözläp gelýänleriň sanynyň barha artmagy bilen Nýu-Gempşiriň we Meniň kenar ýakalarynda başga-da oturymly obalar döräp başlady.

## TÄZE GOLLANDIÝA WE MERILÄND

Gollandiýanyň „Ost-India" kompaniýasy tarapyndan hakyna tutulan Henri Gudzon 1609-njy ýylda häzirki Nýu-Ýork şäheriniň we şol şäheriň adyny göterýän derýanyň töweregindäki ýerleri Olbany şäheriniň demirgazygyndaky Nýu-Ýorka çenli gözegçilik barlag işlerini geçipdir. Gollandlaryň soňraky geçiren saparlary olaryň ol ýerleriň eýeçiligine haklarynyň bardygyny bildirmäge tutaryk bolup hyzmat etdi.

Şol ýerden demirgazykda ýerleşen fransuzlar ýaly, gollandlar hem sütükli derileriň söwdasyna gyzyklanma bildirýärdiler. Hut şu maksat bilen gollandlar irokezleriň esasy bäş uruglary bilen içgin aragatnaşygy ýola goýupdylar, çünki olar sütük çykýan ýerleriň jümmüşiniň açary bolup durýardylar. 1671-nji ýylda gollandlar häzirki Olbany şäheriniň duran ýeri bolan, Gudzon we Mouhok derýalarynyň birleşýän ýerinde gala gurdular.

1620-nji ýyllaryň başlarynda Manhetten adasy hem göçüp baranlar tarapyndan özleşdirilip başlandy. 1624-nji ýylda şol ada ýerli indeýlerden hasabatda görkezilen baha – 24 dollara satyn alyndy. Oňa dessine Täze Amsterdam diýen täze at berildi.

Göçüp gelýänleri Gudzon derýasynyň töweregine çekmek maksady bilen gollandlar feodallary „hemaýatçy" ulgam hökmünde tanalan ýokary bir gatlagyň döredilmegine höweslendirdi. Şeýle uly mülkleriň ilkinjisiniň düýbi 1630-njy

ýylda Gudzon derýasynyň ýakasynda tutuldy.

Hemaýatçy ulgamyna laýyklykda dört ýylyň dowamynda kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň 50-sini öz mülküne çekmegi başaran her bir paýdara ýada hemaýatça derýanyň ýakasyndan 25 kme uzalyp gidýän ýer, balyk tutmakda we aw awlamakda amatly ýeňillikler berilýär we ol berlen mellegine degişlilikde raýat we jenaýat meselelerini çözmäge aýratyn hukukly bolýar. Ol bolsa öz gezeginde garamagynda ýaşaýan adamlary mal, zähmet gurallary we ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edýär. Kärendeçiler bolsa hemaýatça ýaşaýan jaýlarynyň kireý hakyny töleýärdiler we ýygan hasylyndan artanyny satyn almakda ilkinji bolup, oňa artykmaçlyk hukugyny berýär.

Üç ýyldan soň gollandlaryň ornaşan ýerleriniň günortaragynda Delawer derýasynyň boýunda gollandlar bilen aragatnaşygy bolan şwed söwda kompaniýasy özüniň ilkinji oturymly obasynyň düýbüni tutmaga synanyşýar. Ýöne, öz eýelän ýagdaýyny berkitmäge ýeterlik serişdesi bolman, Täze Şwesiýa kemkemden Täze Gollandiýa, soňra-da Pensilwaniýa we Delawere goşulyp gitdi.

1632-nji ýylda Kalwertleriň maşgalasyna Korol Çarlz I tarapyndan Potomak derýasynyň demirgazygyndaky ýere degişli düzgünnama berildi. Häzir ol ýerler Meriländ ady bilen tanalýar. Şol düzgünnama protestant bolmadyk buthanalaryň döredilmegini çürt-kesik gadagan etmänligi üçin, Kalwertleriň maşgalasy öz katoliklerinden birnäçesini ol ýere göçüp baryp, mesgen tutmaga höweslendirdiler. Meriländiň ilkinji Seint Meri şäheri 1634-nji ýylda Potomak derýasynyň Çeýspik aýlagyna guýýan ýerinde guruldy.

Anglikan mezhepli Angliýada güngünden köp yzarlamalara sezewar edilýän katoliklere gaçybatalga döretmek bilen bir wagtda Kalwertleriň maşgalasyny düşewüntli mülkdar bolmak meselesi hem gyzyklandyrýardy. Şu maksada eýerip hem-de britan hökümeti tarapyndan ýüze çykyp biläýjek kynçylyklaryň öňüni almak üçin, Kalwertler protestantlary göçüp gitmäge hem höweslendirdi.

Şa tarapyndan Kalwertleriň maşgalasyna berlen düzgünnama feodalçylyga we döwrebap eýeçilige degişli böleklerden ybarat resminamady. Bu olara bir tarapdan özbaşdak feodal mülklerini döretmäge hak-hukuk beren bolsa, beýleki tarapdan kanunlary diňe gulçulykda bolmadyk doly hukukly mülkdarlar bilen ylalaşykda çykarmaga hukuk berýärdi. Bu bolsa olarda bir düşünjäniň döremegine alyp bardy, ýagny olar adamlarda şol ýerlere gelip ornaşmak höwesi dörär ýaly we öz emläklerinden girdeji görer ýaly, olary diňe ýaşaýyş jaýlary bilen dälde, eýsem ekerançylyk ýerler bilen hem üpjün etmegiň möhümdigine düşündiler. Munuň netijesinde garaşsyz daýhan hojalyklarynyň sany artdy, olaryň eýeleri bolsa koloniýalaryň işine degişli meseleleriň çözgüdine gatnaşmak hukugyny talap etdiler. Meriländiň ilkinji kanun çykaryjy edarasy 1635-nji ýylda maslahat geçirdi.

## KOLONIÝALARYŇ WE INDEÝLERIŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLAR

1640-njy ýyla çenli Britaniýa Täze Angliýanyň we Çesapik aýlagynyň kenar ýakalarynda ymykly koloniýalar döretdi. Olaryň arasynda gollandlar we az-owlak şwed bardy. Günbatar tarapda bolsa ýerli amerikaly indeýler ýaşaýardy.

Indeýleriň gündogar uruglarynyň ýewropalylara kä dostlukly, käte bolsa duşmançylykly göz bilen seretmegine

garamazdan, olar indi biri-birlerine ýat däldiler. Täze tilsimleriň we söwda tärleriniň elýeterliliginiň ýerli amerikalylar üçin bähbitli bolmagyna garamazdan, göçüp gelenleriň öz ýany bilen getiren keselleri we göçmenleriň ilkinjileriniň täze ýerlere bolan teşnelikleri indeýleriň kök uran ýaşaýyş düzgünlerine uly zarba boldy.

Ilkibaşda Ýewropadan göçüp gelenler bilen edilen söwda uly peýda getirdi: pyçaklar, paltalar, ýaraglar, gap-gaçlar, balykçylyk çeňňekleri we hojalykda gerek bolan başga-da bir topar zatlar olaryň durmuşyna ornaşdy. Ilki günlerden diýen ýaly, ýewropalylar bilen söwda edip başlan indeýler söwda etmedik bäsdeşlerinden uly artykmaçlyk gazandylar.

Ýewropanyň islegine jogap edip, irokezler ýaly uruglar XVII asyryň dowamynda sütükli haýwanlary aldap, duzaga düşürmek işine uly üns berip başladylar. Tä XVIII asyryň ahyryna çenli haýwanlaryň sütükleri we derileri indeýlere kolonial harytlary satyn almaga serişde bolup hyzmat etdi.

Koloniýalar bilen indeýleriň arasyndaky irki gatnaşyklar hyzmatdaşlykdan hem çaknyşmalardan ybarat bolmak bilen aňsat däldi. Bir tarapdan, Pensilwaniýanyň ilkinji elli ýylynyň dowamynda nusga bolarlyk gatnaşyklar agalyk edip geldi. Beýleki tarapdan bolsa olaryň başyndan köp sanly şowsuzlyklar, uly bolmadyk çaknyşyklar we uruşlar geçdi. Bu ýagdaý bolsa köplenç indeýleriň ýeňilmegi we olaryň nobatdaky ýerlerini ellerinden gidermekleri bilen tamamlanýardy.

Indeýleriň ilkinji uly gozgalaňy Wirjiniýada 1622-nji ýylda boldy. Şonda akýagyzlardan 347 çemesi adam, şol sanda Jeýmstauna ýaňyja gelen missionerleriň birnäçesi hem wepat boldy. 1637-nji ýylda ýerli uruglar Konnektikut derýasynyň töwereginde oturymly ýerleriň açylmagyna garşylyk bildirenlerinde, Pekwot urşy başlandy.

1621-nji ýylda jahankeşdeler bilen ýaraşyk baglaşan serkerdäniň ogly Filip 1675-nji ýylda ýewropalylaryň mundan beýläk olaryň ýerlerini basyp almagynyň garşysyna göreşmek üçin, günorta Täze Angliýanyň urug-tirelerini birleşdirmäge synanyşdy. Ýöne şol çaknyşykda Filip öldürildi we indeýleriň köpüsi bolsa gulçulyga satyldy.

Bäş ýyldan soň 5 müň kilometr günbatarlykda, Nýu-Meksikanyň Taos şäheriniň töwereklerinde pueblo indeýleri ispaniýaly missionerleriň garşysyna aýaga galdylar. Soňky on iki ýylyň dowamynda pueblo indeýleri ýene öňki öz ýerlerine eýeçilik etdiler, soňra bolsa ispanlar ýene olary eýelediler. Altmyş ýyl çemesi wagt geçenden soň, indeýleriň başga gozgalaňy boldy. Häzirki Arizonanyň çäginde Pima urugyndan bolan indeýler ispanlar bilen çaknyşdylar.

Göçüp gelenleriň gündogar koloniýalaryň tokaý jümmüşine yzygiderli häsiýetde ymykly aralaşmagy indeýleriň durmuş düzgün-tertibiniň bozulmagyna alyp bardy. Ýabany janly-jandarlaryň barha köp gyrylmagy sebäpli, ýerli indeý uruglar açlyk, uruşlar, göçüp-gonmak we günbatardaky urug-tireler bilen çaknyşmak ýaly ýagdaýlar bilen ýüzbe-ýüz bolmaga mejbur boldylar.

Demirgazyk Nýu-Ýorkuň we Pensilwaniýanyň töwereklerindäki Ontario we Eri kölleriniň aşaklarynda mesgen tutan irokezler ýewropalylaryň öňe süýşmeklerine garşylyk görkezmekde has-da şowly hereket etdiler. 1570-nji ýylda uruglaryň bäşisi şol döwrüň iň demokratik döwletini döretmek üçin birleşdi. Onuň ady „Ho-De-No-Sau-Ni" ýada irokezleriň ligasydy. Ligany oňa agza bolan bäş urugyň hersinden 50 wekilden ybarat bolan geňeş dolandyrýardy. Geňeş ähli uruglara degişli bolan um-

umy meseleler boýunça iş geçirýärdi, ýöne onuň azat hem deňhukukly uruglaryň öz gündelik işlerini neneňsi berjaý edişi bilen işi ýokdy. Hiç bir urugyň özbaşyna uruş başlamaga haky ýokdy. Geňeş ganhorlyk ýaly jenaýatlara degişli kanunlary kabul etdi.

Liga 1600-nji we 1700-nji ýyllarda uly güýje eýe boldy. 1754–1763-nji ýyllar aralygynda bu liga Britaniýa bilen sütükli deri söwdasyny alyp bardy we Amerikada agalyk etmek ugrundaky Britaniýanyň fransuzlara garşy urşunda onuň tarapynda durdy. Eger-de irokezleriň ligasynyň ýaranlyk goldawy bolmadyk bolsady, Britaniýa bu uruşda üstün çykmazdy.

Amerikan rewolýusiýasyna çenli bu liga öz güýjüni ýitirmän geldi. Diňe şonda liganyň geňeşi „Kimi goldamaly?” diýlen mesele boýunça biragyzdan karara gelip bilmedi. Liga agza bolup durýan uruglar aýry-aýrylykda karar kabul etdiler. Olaryň käbirleri britanlara garşy bolsa, beýlekileri koloniýaçylara garşy boldular, ýene-de birnäçeleri bolsa dekabr syýasatyna eýerdiler. Netijede, hemmeler irokezlere garşy boldy. Olar ummasyz ýitgä sezewar boldular we şondan soň täzeden özüne gelip bilmedi.

## BRITAN KOLONIÝALARYNYŇ IKINJI NESLI

XVII asyryň ortalarynda Angliýada ýüze çykan dini we raýat dartgynlygy göçüp gitmekligi, şeýle-de, bu ýurduň täze döreýän amerikan koloniýalaryna berýän ünsüni çäklendirdi.

Özlerini Angliýa tarapyndan inkär edilip gelnen goranmak çäreleri bilen bölekleýin üpjün etmek üçin, Massaçusets, Plimut, Konnektikut we Nýu-Heýwen koloniýalary 1643-nji ýylda Täze Angliýa konfederasiýasyny döretdiler. Bu koloniýaçylaryň sebitara ýaranlygy döretmek babatyndaky ilkinji synanyşygy boldy.

Britaniýadan ir döwürde göçüp baranlaryň taryhy dürli toparlaryň häkimiýet we täsir ugrunda köp sanly dini we syýasy dartgynlyklaryň we çaknyşmalaryň şaýady bolupdyr. Hususan hem, Meriländ gazaply dini çekeleşikleri başyndan geçirdi. Bu bolsa Oliwer Kromweliň döwründäki Angliýa uly täsirini ýetirdi. Döwlet Dini hormatlamak kanuny şol urşuň ýitgileriniň biri boldy. Ol 1650-nji ýylda ýatyryldy, ýöne tiz wagtdan ýenede täzeden dikeldildi. Şonuň bilen birlikde, wyždan azatlygy-da jar edildi we şol kanun tarapyndan kepillendirildi.

1675-nji ýylda Beýkon gozgalaňy başlandy. Ol korollyk häkimiýetine garşy koloniýalarda ýüze çykan gozgalaňlaryň iň ähmiýetlisiniň birinjisi boldy. Aslynda, şol gozgalaňyň tutaşmagyna Wirjiniýanyň serhet ýakasyndaky ýaşaýjylary bilen Saskwehanna indeýleriniň arasynda peýda bolan çaknyşma düýp sebäp boldy. Emma salym geçmänkä, bu gozgalaň sada daýhanlaryň eşretli durmuşda ýaşaýan barly ýer eýelerine we Wirjiniýanyň häkimi Wilýam Berkliniň garşysyna uly göreşe ýazdy.

Temmäkiniň bahasynyň aşa pesligi we ýaşaýyş şertleriniň juda agyrlygy zerarly gahar-gazaba münen ownuk mülkdarlar Angliýadan täze gelen Nataniel Beýkonyň ýolbaşçylygy astynda jebisleşdiler. Emma Berkli Beýkona indeýleriň duýdansyz çozuşlaryna ýolbaşçylyk etmäge ygtyýar bermedi. Ýöne düzüm taýdan 1661-nji ýyldan bäri özgermän gelýän şäher mejlisine täze saýlawlar geçirmäge welin, razylygyny berdi.

Berkliniň buýruklaryna boýun bolman, Beýkon hoşniýetli okäniçi taýpasyna garşy hüjüm edip, olary gyrgynçylyga getirýär. 1676-njy ýylyň sentýabrynda ol Jeýmstauna gaýdyp barýar we ony otlaýar. Netijede, Berkli ony terk edip git-

mäge mejbur bolýar. Ştatyň köp bölegi indi Beýkonuň gol astyna geçipdi. Emma onuň bu ýeňşi uzaga çekmeýär, yz ýanyndaky aýyň içinde ol gyzzyrma keselinden ölýär. Ýolbaşçysyz galan gozgalaň hem uzak dowam etmeýär. Berkli öz häkimiýetini täzeden dikeldýär we Beýkonyň tarapdarlarynyň 23-üsini asyp öldürýär.

1660-njy ýylda Çarlz II-niň täzeden häkimiýet başyna geçmegi bilen ýene-de bir gezek britaniýalylar ünsüni Demirgazyk Amerika dikdiler. Göz açyp-ýumasy salymda Demirgazyk we Günorta Karolina ştatlarynda ýewropalylaryň oturumly obalary döredildi. Ol ýerlerde ornaşan asly gollandiýaly ýaşaýjylar bolsa Täze Gollandiýadan gysylyp çykaryldy. Nýu-Ýorkda, Nýu-Jerside, Delawerde we Pensilwaniýada hususy eýeçilige degişli täze koloniýalar peýda boldy.

Golland koloniýalaryny, düzgün boýunça, Ýewropadan bellenýän häkimler dolandyrypdyr. Wagtyň geçmegi bilen ýerli ilat olardan daşlaşypdyr. Netijede, britan koloniýaçylary Loň-Aýlend we Manhetten adalaryndaky golland ýerlerini eýeläp başlanlarynda, abraýdan düşen häkimler goranmak üçin, halkyň başyny jemläp bilmändiler. Täze Niderlandlar 1664-nji ýylda dargaýar. Ýöne boýun egmegiň şertleri zabun däldi: gollandlar öz mal-mülklerini we islän dinlerine uýmak hukuklaryny ýitirmediler.

Baryp-ha, 1650-nji ýyllarda häzirki Demirgazyk Karolinanyň demirgazyk kenaryndan daşdaky Eýblmarl Saund etraplaryna Wirjiniýadan aşak inip gelen göçmenler ornaşypdyrlar. Ol ýere ilkinji mülkdar häkim 1664-nji ýylda gelýär. Häzire çenli uzak çetlikde galan şol ýeriň ilkinji şäheri bolan Eýblmarl diňe 1704-nji ýylda ol ýere fransuz gugenotlary gelende, döredilýär.

1670-nji ýylda häzirki Günorta Karolinanyň Çarlston şäheriniň ýerlerine Täze Angliýadan we Karib adalaryndan bolan Barbadosdan ilkinji göçmenler gelýärler. Täze koloniýa üçin britan pelsepeçisi Jon Lok tarapyndan saldamly goşant edildi, ýagny ol ýurt dolandyrylyşyň kämilleşdirilen ulgamyny taýýarlady. Şol ulgamyň tapawutly ýeri başa barmadyk mirasdüşer dworýançylygy döretmäge synanyşyk bolupdy. Koloniýanyň iň az ünse mynasyp tapawudy bolsa ir wagtdan indeý gullarynyň söwdasyna başlamakdy. Wagtyň geçmegi bilen tokaý, şaly, indigo koloniýalar üçin has ýerine düşen ykdysady binýady döredipdi.

Massaçusets aýlagyndaky koloniýa dini äheňlere esaslanýan ýalňyz bir koloniýa däldi. 1681-nji ýylda gurply Karol Çarlz II-niň dosty kwaker Wilýam Pen Delawer derýasynyň günbataryndan uly meýdany öz eýeçiligine aldy. Soňra bu ýerler Pensilwaniýa adyny göterip başlady. Öz ýerine adamlary göçürip eltmek üçin, Pen Angliýadan we kontinentden anglikan buthanasynyň ýöredýän dini syýasatyndan özge syýasata uýýanlary – kwakerleri, mennonitleri, ammanlary, morawiýalylary we baptistleri işewürlik bilen çekdi.

Yz ýanyndaky ýylda Pen öz ýurduna gelende, ol ýerde, ýagny Delawer derýasynyň ýakasynda eýýäm gollandlar, şwedler we iňlisler ýaşaýan ekenler. Hut şol ýerde-de ol Filadelfiýanyň – „doganlyk we söýgi şäheriniň” düýbüni tutýar.

Öz ynamyna eýermekde Pen deňlik diýen düşünjä esaslanýardy. Şol döwürlerde amerikan koloniýalaryna bu düşünje ýatdy. Mysal üçin, Pensilwaniýanyň aýal-gyzlary şeýle hukuga Amerikanyň beýleki ýerlerindäkä garanda has ir eýe bolupdylar. Pen we onuň kömekçileri ýewropalylaryň göçüp baran her bir ýerine hak tölenmegine gözegçilik edip, koloniýanyň Delawer indeýleri bilen gatnaşygyna uly üns berýärdi.

Jorjiýa döredilen 13 koloniýanyň iň soňkusydy; ol diňe 1732-nji ýylda döredildi. Onuň ispan Floridasy bilen serhetdeş bolany üçin, hatda onuň içinde diýen ýaly ýerleşendigi üçin, ol ispanlaryň çozuşlarynyň garşysynda bir päsgelçilik galasy bolup durýardy. Ýöne onuň başga-da artykmaç taraplary bardy: Jorjiýanyň goranyş desgalaryna jogapkär adam general Jeýms Ogltorp üýtgedip gurujydy. Onuň wagtyň geçmegi bilen garyplar we öň tussagda bolanlar üçin gaçybatalga döredip, täze mümkinçilikler açmak pikiri bardy.

## GÖÇÜP GELENLER, GULLAR WE HYZMATKÄRLER

Amerikadaky täze durmuşa uly bir höwesi bolmadyk erkeklerdir aýallar köplenç hemaýatçylar tarapyndan edilen wagyz-nesihatlaryň täsiri astynda Täze dünýä göçüp gelýärdiler. Mysal üçin, Wilýam Pen Pensilwaniýa koloniýasynda uly mümkinçilikler bar diýip, halkyň arasynda höweslendiriji işler geçiripdi. Kazylar we türme ýolbaşçylary türmede oturanlara azatlykdan mahrumlyk wagtyny Jorjiýa ýaly koloniýalara göçüp gidip, erkinlikde geçirmegi teklip edýärdiler.

Täze ýerde täze durmuşa başlamak üçin koloniýaçylaryň diňe az sanlysy özüne we maşgalasyna gerek ýol harjyny tapyp bilýärdi. Käbir ýagdaýlarda gämi kapitanlary garyp göçmenlere hukugy çäkli gullukçylar diýlen at beriji iş ylalaşyklaryny satmakdan uly düşewünt gazanýardylar; şonuň üçin, olar öz gämilerine mümkin boldugyça köp ýolagçylary almak maksady bilen her zada baş urýardylar, ýagny akyla sygmaýan wadalary berip ynandyrmak we hatda, ogryn alyp gitmek ýaly her hili tärlerden peýdalanýardylar.

Ýagdaýlaryň ýene-de birnäçesinde ýol çykdajylaryny we gündelik harajatlaryny koloniýalaşdyrmak bilen meşgullanýan „Wirjiniýa” we „Massaçusets aýlagy” kompaniýalary ýaly edaralar töleýärdi. Töleglerini ödemek üçin, hukugy çäkli gullukçylar şertnama boýunça işçiler hökmünde 4-den 7 ýyla çenli kompaniýalaryň haýryna işlemäge razylaşýardylar. Gulluk möhletiniň ahyrynda olara „erkinlik paçlary” tölenýärdi, kämahal bolsa uly bolmadyk ýer zolagy hem berilýärdi.

Çaklamalara görä, Täze Angliýanyň günorta koloniýalaryna göçüp gelenleriň ýarpysy Amerika hut şu düzgün esasynda düşüpdir. Gelenleriň köpüsiniň öz borçlaryny dogry ýerine ýetirendigine garamazdan, olaryň hojaýynlaryndan gaçanlary-da bolman durmandyr. Şeýle-de bolsa, olaryň köpüsi ýa-ha özleriniň ilki göçüp gelen koloniýalaryndan, ýa-da goňşy koloniýalardan ahyry ýer alyp, öz hojalyklaryny esaslandyrypdylar. Asly ýarym gul bolan amerikan maşgalalary haýsydyr bir durmuş masgaraçylygyna sezewar edilmändiler. Her bir koloniýada ýolbaşçy wezipede oturanlaryň belli bir bölegi öňki hukugy çäkli gullukçylardandy.

Emma bu ýagdaýyň afrikaly gullara degişli möhüm bir kadadan çykmasynyň bolandygyny ýatlalyň. Garaýagyzlaryň ilkinjileri Wirjiniýa 1619-njy ýylda, ýagny Jeýmstaunyň düýbüniň tutulmagyna edil 12 ýyl bolandan soň getirilipdi. Ilkibaşda olara soňra azatlygyny alyp biljek hukugy çäkli gullukçylar hökmünde garaldy. Ýöne, 1660-njy ýylda ekerançylyk bilen meşgullanýan günorta koloniýalarda işçi güýjüne islegiň artmagy bilen gul eýeçilik düzgünini girizmek pikiri döräp başlady, afrikalylar Amerika zor edilip ömürlik gulçulyga getirildi. ◇

## ANASAZILERIŇ ÖLMEZ-ÝITMEZ SYRY

Koloradonyň we Nýu-Meksikanyň ýalazy we hyrsyz daglarynyň jümmüşinde gurlan „gaýa şäherleri” we wagtyň geçmegi bilen ýumrulyp ugran pueblo obalary Demirgazyk Amerikanyň ir döwürdäki ýaşaýjylarynyň biri bolan anasazileriň (nawaholaryň dilinde “gadymy” diýen manyny aňladýar) oturymly ýerleriniň nyşany bolup durýar.

Biziň eýýamymyzyň 500-nji ýyllarynda Günorta-günbatar Amerikada anasazileriň obalary bolupdyr. Ol ýerde olar aw awlapdyrlar, mekgejöwen, kädiler, kösükli ösümlikleri ösdürip ýetişdiripdirler. Anasaziler medeniýeti ençeme asyrlaryň dowamynda gülläp ösüpdir. Olar çylşyrymly bentleri we suwaryş ulgamlaryny gurupdyrlar; nepis küýzegärçilikdir keramika önümleriniň ýasalyş usuly kämilleşipdir; gaýalaryň kert ýerlerinde gurluş taýdan çylşyrymly köp otagly ýaşaýyş jaýlaryny çapyp ýasapdyrlar. Şu wagta çenli olar Birleşen Ştatlarda täsin galdyryjy arheologik tapyndylar bolup galýar.

Emma 1300-nji ýyla golaý olar öz oturymly ýerlerini misli ýene gaýdyp gelmekçi ýaly şekilde, ýagny bar keramikalaryny, öý goşlaryny, hatda geýim-gejimlerini-de galdyryp, terk edip gidipdirler. Olar edil taryha siňip giden ýalydylar. Olaryň mesgen tutan ýerlerinde şondan soň tä ýüz ýyldan-da köp wagt geçip, nawaho we ýutylar ýaly täze uruglar, soňra-da ispanlar we beýleki ýewropaly göçmenler gelýänçä, hiç kim ýaşamandyr.

Anasaziler dogrusyndaky gürrüň bilen olaryň ýaşamak üçin saýlap alan owadan, ýöne gazaply tebigy daşky gurşawyň arasynda çylşyrymly arabaglanyşyk bar. Ýönekeýje ýerkümelerden ybarat bolan ir döwürdäki obalarda soňra ýary ýerde, beýleki bölegi ýeriň üstünde edilip salnan binalar peýda bolupdyr. Olar ýörite ýygnak we dini däp-dessurlara degişli çäreleri geçirmäge niýetlenipdir. Soňky nesil dörtburç daş pueblolaryny gurmak üçin daş ussaçylyk tärlerini işläp düzüpdir. Ýöne, anasazileriň durmuşyndaky hakyky sebäpleri häzire çenli düşnüksizligine galýan täsin özgerişlik bolup geçipdir, ol-da olaryň belent gaýaly daglara göçüp gitmegi we ol ýerde ajaýyp köp otagly ýaşaýyş jaýlaryny gazyp gurmaklarydyr.

Anasazileriň ösüşi asyrlara uzalyp gidýän toparlaýyn ýaşaýşa ýykgyn edipdir. Aslyýetinde, ýaşaýşyň bu görnüşi örän haýal özgeripdir. Olar öz töwereklerindäki beýleki halklar bilen söwda edipdirler, emma uruşdyr-harby hereketleriň alamatlary ýok diýseň boljak, az-owlak bolaýanda-da, olaryň arasynda baglanyşyk ýok. Anasazileriň dini we beýleki ýolbaşçylarynyň, şeýle-de ussat hünärmenleriniň bolanlygyna garamazdan, durmuşy we synpy aýratynlyklardan nam-nyşan ýok.

Elbetde, dini we durmuşy äheňler gaýalarda oturumly obalaryň döremeginde we soňra olaryň terk edilip gidilmeginde belli bir ähmiýete eýedir. Emma çylşyrymly tebigy şertlerde azyk önümlerini ösdürip ýetişdirmek ugrunda edilen tagallalar, megerem, sebäpleriň iň esasysy bolandyr. Ilat sanynyň artmagy bilen daýhanlar üsti ýasy daglarda has giň meýdanlary ekmäge mejbur bolupdyrlar, şeýlelik bilen, hojalyklaryň beýlekileriniň ekin ýerleri ujypsyz bolup galypdyr we olar ol ýerlerini taşlap, gaýalara gitmeli bolupdyrlar. Emma anasazileriň ýerleriniň köp ýyllaryň dowamynda dyngysyz ulanylmagy topragyň gurpdan düşmegine alyp barypdyr, ýöne olar ne munyň alajyny tapypdyrlar, ne-de häli-şindi peýda bolýan gurakçylyga çydamagy başarypdyrlar. Mysal üçin, agaçlaryň halkalaryny seljermek bilen 1276–1299 ýyllar aralygynda ýüze çykyp, 23 ýyla çeken soňky gurakçylygyň anasazilerden gitmän galan adamlary-da öz ýerlerini mydamalyk terk etmäge mejbur edendigini anyklap bolar.

Anasaziler öz ata-baba ýurtlaryndan göçüp, dargap giden-de bolsalar, olar uç-dereksiz ýitmändirler. Olaryň özleriniň yzynda galdyran miraslary ajaýyp arheologiki tapyndylarda, şeýle-de, olaryň mirasdarlary bolan hopi, zuny we beýleki pueblo uruglarynda saklanyp galypdyr.




Asyl amerikalylaryň medeni toparlarynyň esasylary, biziň eýýamymyzyň 500–1300 ýyllary.





2-NJI BAP

# KOLONIAL DÖWÜR

Jahankeşdeler gäminiň üstünde „Meýflawer” şertnamasyna gol çekýärler, 1620-nji ýyl.

# „Onda näme, amerikaly şol diýilýän täze adam bolýar-da?”

Hektor Keramatly Jon de Krewekur, 1782-nji ýyl

## TÄZE ADAMLAR

XVII asyrda Amerika göçüp gelenleriň köpüsi iňlislerdi, ýöne ýurduň merkezi böleginde olaryň arasynda, gollandlar, şwedler we nemesler hem bardy. Günorta Karolinada we başga-da käbir ýerlerde fransuz gugenotlary, şeýle hem, hususan-da, ýurduň günortasynda Afrikadan getirilen gullar, koloniýalaryň içinde onda-munda ispanlar, italýanlar we portugallar ýaşaýardy.

1680-nji ýyldan soň, Angliýa göçmenler üçin esasy çeşme bolup hyzmat etmesini bes etdi. Müňlerçe bosgun uruşdan başyny gutarmak üçin, Ýewropa kontinentini terk etdi. Köp adam döwletiň zulumdyr-ezişi we ýer eýeleriniň hususy ýerlerini kireýne tabşyrýanlygy sebäpli ýüze çykan garyplyk belasyndan gutulmak üçin, öz dogduk mekanlaryny taşlap gidýärdiler.

1690-njy ýyla golaý Amerikanyň ilaty çärýek million adama ýetdi. Şondan soň ol tä 1775-nji ýylda 2,5 milliona ýetýänçä, her 25 ýylda iki esse artmagyny dowam etdirdi.

Islendik maşgala Massaçusetsden Wirjiniýa ýa-da Günorta Karolinadan Pensilwaniýa uly bir kynçylyksyz göçüp bilen hem bolsa, koloniýalaryň özüne mahsus aýratynlyklary bardy. Ol tapawut has-da koloniýalaryň üç sebitara toparlarynyň arasynda has aýdyň ýüze çykýardy.

## TÄZE ANGLIÝA

Ýurduň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän täze Angliýa ýuka hem-de daşly toprakly ýer bolup, düzlükleri azdy we gyş pasly uzaga çekýärdi, şonuň üçinde ekerançylyk üstünden gün-güzeran görmek daýhanlara aňsat düşmeýärdi. Şeýlelikde, täze angliýalylar başga güzeranlaryň gözleginde boldular: olar suwuň güýjünden peýdalanmagy başardylar we suw degirmenleridir agaç kesijiler ýaly desgalar gurdular. Tokaý agaçlarynyň gowy hilli bolmagy gämi gurluşygyny ösdürmäge yhlas-höwes döretdi. Ajap gämi duralgalary söwdanyň ösmegine ýardam etdi, deňiz bolsa uly baýlygyň çeşmesine öwrüldi. Massaçusetsde diňe balykçylyk senagatynyň özi şeýle çalt pajarlap ösüşe esas boldy.

Ilkinji göçüp gelenleriň aglaba köpüsiniň gämi duralgalarynyň töweregindäki obalarda we şäherlerde ýaşamagy Täze Angliýanyň ilatynyň köpüsiniň söwdanyň haýsy-da bolsa bir görnüşi ýa-da özge işler bilen meşgullanmaga şert döredýärdi. Adaty öri meýdanlar we tokaýlar ýakyn golaýynda fermalary bolan şäher ilatynyň isleglerini kanagatlandyrýardy. Ilatyň jebis, toparlaýyn bir ýerde ornaşmagy oba mekdepleriniň, oba buthanalarynyň, şeýle hem, umumy gyzyklanma bildirilýän meseleleri oturyp maslahatlaşara ýer bolar ýaly, oba ýa-da şäher häkimiýet öýleriniň bolmagy üçin oňaýlydy.

Massaçusets aýlagyndaky koloniýa özüniň täjirçilik işini ösdürmegini we giňeltmegini dowam etdirdi. XVII asyryň ortalaryndan ol ösen ýer boldy, Boston bolsa Amerikanyň iň uly portlarynyň birine öwrüldi.

Gäminiň esasy göwresini gurmakda zerur bolan dub agajy, beýleki bölekleri üçin gerek bolan uzyn sosna agaçlary, agaçlary birikdirmek üçin gerek bolan agaç garaýagydyr ýelim ýaly zatlar demirgazyk-gündogar tokaýlardan gelýärdi. Öz gämilerini gurmak bilen we olary dünýäniň ähli portlaryna ýüzüşe ýollamak bilen Massaçusets Aýlagy koloniýasynyň gämi gurluşykçylary durnukly ösüp durjak uly ähmiýete eýe bolan söwdanyň düýbüni tutdular. Kolonial döwrüň ahyrlarynda Beýik Britaniýanyň deňiz flotunyň üçden biri Täze Angliýada gurlan gämilerdi. Balyk, gämi ätiýaçlary we agaçdan ýasalan önümler eksporty has artdyrýan önümlerdi.

Tiz wagtdan Täze Angliýanyň ýük ugradyjylary rom bilen gullaryň düşewüntli harytlardygyna düşündiler. Şol döwrüň başarnykly, dogrusy iň nejisi-de bolmagy mümkin, söwda täri „Üçburçluk söwdasy" diýilýän tärdi. Söwdagärler we ýük ugradyjylar Afrikanyň kenarlaryndan Täze Angliýanyň romuna gullary satyn alýardylar-da, soňra olary West-Hindi adalarynda satýardylar we düşen pula gara toşap satyn alyp, ony-da getirip, öz ýurtlarynda ýerli rom öndürijilere satýardylar.

## MERKEZI KOLONIÝALAR

Täze Angliýanyňka garanyňda, merkezi koloniýalaryň jemgyýetleri has dürli-dürlüdiler, terkidünýädiler we çydamlydylar. Köp babatda Pensilwaniýa we Delawer öz ilkinji üstünlikleri üçin Wilýam Pene minnetdar bolmalydylar.

Onuň ýolbaşçylygynda Pensilwaniýa durnuklylykda hereket edýärdi we çalt ösýärdi. 1685-nji ýyla golaý onuň ilaty tas 9000 ýetdi. Filadelfiýa koloniýanyň merkezidi. Bu şäher tiz wagtdan giň, iki tarapy agaçlar ekilen kölegeli köçeleri, berk gurlan kerpiç we daş jaýlary bilen hem-de işine ökde ussalary bilen giňden tanalyp başlandy. Ýüz ýyldan soň kolonial döwrüň tamamlanyp baran wagtynda ol dürli dilleriň, dürli dini ynançlaryň we dürli kärleriň wekilleri bolan 30000 ilatly şähere öwrüldi. Olaryň üstünlikli iş alyp barmak ukyby şäheri kolonial Amerikanyň pajarlap ösýän merkezleriniň birine öwürdi.

Filadelfiýada kwakerleriň agdyklyk edýänligine garamazdan, Pensilwaniýanyň beýleki ýerlerinde özge uruglar hem azlykda däldiler. Nemesler koloniýada iň ezber mülkdarlardy. Dokmaçylyk, aýakgap ussaçylygy we neçjarlyk ýaly beýleki daýhan senetleri hem ähmiýet taýdan yzda durmaýardylar.

Pensilwaniýa, şonuň ýaly-da, XVIII asyryň başlarynda Täze dünýä göçüp gelen şotlandlar we irlandlar üçin esasy „derweze" bolup hyzmat etdi. Pensilwaniýanyň resmi adamlarynyň biri olary „batyr we garyp gelmişekler" diýip sypatlandyrypdyr. Bular iňlisleri ýig-

renýärdiler we hökümetiň islendik görnüşine müňkürlik bilen garaýardylar. Olar ýurduň çetinde, çolarak ýerlerde ornaşanlaryny gowy gördüler. Ol ýerde olar özlerine ýer açdylar, awçylyk hemde ýönekeý ekerançylyk bilen meşgullandylar.

Pensilwaniýada dürli adamlaryň garylyp-gatylyşy ýaly, Nýu-Ýork hem Amerika üçin mahsus bolan köp dilliligiň nusgasy bolup durýardy. 1646-njy ýyla golaý Gudzon derýasynyň ýakasynda ýaşaýan ilatyň hatarynda gollandlar, fransuzlar, daniýalylar, norwegler, şwedler, iňlisler, şotlandlar, nemesler, polýaklar, bogemiýalylar, portugallar we italiýalylar bardy. Olar geljekki göçüp geljek millionlaryň buşlukçylarydylar.

Täze Niderlandiýa ýykylyp, gollandlaryň britan kolonial ulgamyna goşulyp gitmeginden köp wagt geçenden soň, olar Nýu-Ýork sebitine uly durmuşy we ykdysady täsirini ýetirmegini dowam etdiler. Gollandlaryň özlerine mahsus bolan çüri başly, iki ýanlaýyn ýapgyt üçekli jaýlary şäher binagärliginiň hemişelik alamatyna öwrüldi, olaryň söwdagärleri bolsa Manhettena ýaşaýşyň özboluşly şowhunyny söwda gyzgalaňlygyny goşdy.

## GÜNORTA KOLONIÝALAR

Täze Angliýadan we merkezi koloniýalardan tapawutlylykda günortadaky gonalgalar, ýagny, Wirjiniýa, Meriländ, Demirgazyk we Günorta Karolina we Jorjiýa aglaba agrar häsiýetlidiler.

XVII asyryň ahyryna çenli Wirjiniýanyň we Meriländiň ykdysady we durmuş gurluşy iri we ownuk ýer eýelerine esaslanýardy. Gullaryň zähmetine daýanýan kenarýaka etraplaryň iri ýer eýeleri ellerinde syýasy häkimiýeti saklaýardylar we iň gowy ýerler şolaryňkydy. Olar özlerine äpet jaýlary gurunýardylar, kaşaň, aristokrat durmuşynda ýaşaýardylar we ýagdaýlary bolsa, başardyklaryndan deňziň aňyrsyndaky dünýä medeniýeti bilen aragatnaşyk saklaýardylar.

Şol bir wagtda käbir daýhanlaryň kiçiräjik mellek ýerleri bolardy, olar dürli mejlislere gatnaşardylar we syýasat bilen meşgullanardylar. Olaryň mese-mälim garaşsyzlygy erkin adamlaryň hukuklarynyň eldegirilmesizdigini plantatorlaryň oligarhiýasyna hemişe ýatladyp durýardy.

Günorta Karolina ştatynyň Çarlston şäheri Günortanyň uly portuna we söwda merkezine öwrüldi. Ol ýere göçüp gelenler oba hojalygy bilen söwdasatygy utgaşdyrmagy tiz öwrendiler, bazar meýdançasy bolsa gülläp ösmek üçin baş çeşmä öwrüldi. El degmedik gür tokaýlar-da öz düşewündini getirýärdi: uzyn ýaprakly sosna agaçlaryndan alynýan pürsler, ýelim-şepbik we rezin, gämi gurluşygy üçin dünýäde iň gowy önümleri berýärdi. Wirjiniýada bolşy ýaly, diňe bir hasyla daňlyp oturman, Demirgazyk we Günorta Karolina ştatlary şaly we şol ýerde ösýän ösümlüklerden alynýan tebigy gök mata boýagy-indigony öndürýärdiler we daşary ýurtlara ugradýardylar. 1750-nji ýyla çenli Demirgazyk we Günorta Karolina ştatlarynda ýaşaýan adamlaryň sany 100000-den geçýärdi. Iň günortadaky koloniýalarda we beýleki çola ýerlerde ilatyň ösmeginiň aýratyn ähmiýeti bardy. Nemes göçmenleri we şotlandlar-irlandlar iňlisleriň täsiri güýçli bolan kenarýaka gonalgalarda ýaşamak islemän, uzak etraplara göçüp gitdiler. Kenar ýakasynda özüni mes toprakly ýer bilen üpjün edip bilmedik ýa-da ýerleriniň bol hasyllylygyny saklap bilmedikler günbatar baýyrlyklaryny gowy gaçybatalga hökmünde gördüler. Olara iňňän agyr zähmet garaşýan-da bolsa,

ýadawlygy bilmeýän göçegçiler ol ýerlerde ornaşmaklaryny dowam etdiler we 1730-njy ýyllara çenli olar Wirjiniýadaky Şenandoa derýa ýakalaryna tarap yzyny üzmän gidip durdular. Tiz wagtdan ol ýeri fermalardan doldy.

Indeýleriň ýurdunyň çet gyrasynda ýaşan, araçäkdäki maşgalalar özlerine külbeler gurýardylar, ýer açýardylar we mekgejöwendir bugdaý ösdürip ýetişdirýärdiler. Erkekler sugun we „bakskin" ady bilen mälim bolan goýun derisinden tikilen gön geýimleri geýýärdiler; aýallar bolsa elde dokalan matalardan geýim geýýärdiler. Olaryň iýmiti awlanan sugunyň, ýabany hindi towugynyň etidi we balykdy. Olaryň öz toý-meýlisleri bardy; çişlik bişirerdiler, tanslar, ýaş çatynjalar üçin tam toýy, atyşmak boýunça ýaryşlar we ýorgan syramak babatda bäsleşikler geçirerdiler. Ýorgan syramak häzire çenli Amerikada däp bolup galýar.

## JEMGYÝET, BILIM WE MEDENIÝET

Koloniýalarda güýçli aristokratik synpyň peýda bolmagynyň esasy sebäbi döredilen koloniýanyň islendik adamynyň araçäge golaýda täze ýurt tutunmaga hakly bolmagydy. Şeýlelikde, wagtyň geçmegi bilen, kenarýaka etraplaryň baştutanlary, serhetlerde köpçülikleýin göçülip gelinmeginiň öňüni almak üçin, syýasy strategiýany, ýer bölüp bermek düzgünini we dini işleri liberallaşdyrmaga mejbur boldular. Dag etegine edilen bu hereketiň Amerikanyň gelejegi üçin ägirt uly ähmiýeti boldy.

Edil şonuň ýaly-da, kolonial döwürde amerikan biliminiň we medeniýetiniň esaslarynyň goýulmagy hem ýurduň gelejegi üçin uly ähmiýetli boldy. 1636-njy ýylda Massaçusets ştatynyň Kembrij şäherinde Garward uniwersiteti esaslandyryldy. Ýüz ýyllygyň ahyryna çenli Wirjiniýada Wilýamyň we Meriň uniwersiteti esaslandyryldy. Birnäçe ýyldan soň, Konnektikutda soňra Ýeýl uniwersitetine öwrülen uniwersitet esaslandyryldy. Döwlet tarapyndan goldanýan mekdepler ulgamynyň ösmeginiň-de has uly ähmiýeti boldy. Puritanlar injili gönümel okamaklyga äheň berdiler, ol bolsa bilimiň möhümdigini nygtaýýardy.

1647-nji ýylda Massaçusets aýlagynyň koloniýasy 50 maşgaladan köp bolan şäherleriň her birinde 5-nji synpdan 8-nji synpa cenli okadýan (geljekki uniwersitetiň talyplaryny taýýarlaýan latyn mekdeplerini) orta mekdepleriň açylmagyny talap edýän ye *olde deluder Satan* kanunyny kabul etdi. Tiz wagtdan Täze Angliýanyň Rod-Aýlendden başga ähli beýleki koloniýalary-da bu göreldä eýerdiler.

Täze Angliýa baryp ornaşan ilkinji göçmenler ýanlary bilen kiçeňräk kitaphanalaryny alyp bardylar we Londondan kitap alyp durmaklaryny dowam etdirdiler. Baryp, 1680-nji ýyllarda Bostonyň kitap söwdagärleri klassyk edebiýat, taryh, syýasat, pelsepe, ylym, ylahyýet boýunça eserleri we çeper edebiýatlary satmakdan gowy düşewünt gazandylar. 1639-njy ýylda iňlis koloniýalarynda birinji çap enjamy, Demirgazyk Amerikada Garward uniwersitetinde bolsa ikinjisi oturdyldy.

Pensilwaniýada ilkinji mekdep 1683-nji ýylda işläp başlady. Onda okamagy, ýazmagy we hasap öwredýärdiler. Soňra bir hili ýol bilen her kwaker obasy öz çagalarynyň başlangyç bilim

almagyny ýola goýdy. Klassyk dillerden, taryhdan we edebiýatdan has çuňňur bilim bolsa henize çenli Wilýam Peniň mekdebi hökmünde Filadelfiýada işleýän dostlar jemgyýetçilik mekdebinde berlip başlandy. Mekdepde garyplar üçin okuwlar mugtdy, emma ýagdaýy bolan ene-atalar okuw hakyny tölemeli bolýardylar.

Filadelfiýada, girmek üçin dini agzalygy talap etmeýän köp sanly hususy mekdepler dil biliminden, matematikadan we tebigaty öwrenişden sapak berýärdiler; şeýle-de, ulular üçin agşamky mekdepler işleýärdi. Aýallar üçin hem bilim almak hukugyndan peýdalanmaga mümkinçilik bardy, ýöne olaryň mümkinçilikleri çäklendirilip, olar diňe öýde okadyp bolýan sapaklardan bilim alyp bilýärdiler. Şeýlelikde, tölegli mugallymlar Filadelfiýanyň baý adamlarynyň gyzlaryny fransuz dilinden, sazdan, tansdan, surat çekmekden, aýdymdan, grammatikadan we hatda, käte hasapçylykdan hem okadýardylar.

XVIII asyrda Pensilwaniýanyň intellektual we medeni taýdan ösüşi Leýms Logan we Benjamin Franklin ýaly tutanýerli şahsyýetlerde mese-mälim aýan boldy. Logan koloniýanyň ministridi. Ýaş ýigit Franklin soňky ylmy işleri hut şonuň kitaphanasyndan tapypdy. 1745-nji ýylda Logan onuň kitaplar ýygyndysy üçin ýörite jaý gurdy we şol binany hem kitaplary şähere miras galdyrdy.

Franklin Filadelfiýanyň akyl taýdan öşmegine has-da uly goşant goşdy. Ol çekişmeler klubunyň düýbüni tutdy, soňra şol klub Amerikanyň pelsepe jemgyýetiniň özenine öwrüldi. Onuň şeýle tagallalary soňra Pensilwaniýanyň uniwersitetine öwrülen döwlet akademiýasynyň düýbüniň tutulmagyna getirdi. Ol abuna ýazylyp alnan kitaplardan kitaphana döreden ilkinji adam boldy. Şol ilkinji düýbi tutulan kitaphanany ol „Demirgazyk Amerikanyň kitaphanalarynyň ählisiniň enesi" diýip atlandyrdy.

Günorta koloniýalaryň baý ýer eýeleri we söwdagärleri öz çagalaryny okatmak üçin, Irlandiýadan ýa-da Şotlandiýadan hususy mugallymlary çagyryp getirýärdiler. Käbirleri öz çagalaryny okatmak üçin Angliýa ugradýardylar. Şunuň ýaly başga mümkinçilikleri bolan kenar ýakasynyň ýokary synpy jemgyýetçilik biliminiň ösdürilmegine asla gyzyklanma bildirmeýärdi. Üstesine-de, fermalaryň we ekerançylyk ýerleriň dagynyklygy oba mekdepleriniň işini ýola goýmaklygy kynlaşdyrýardy. Wirjiniýada haýyr-sahawat serişdelerine mugt okadýan birnäçe mekdep bardy: Simz mekdebi 1647-nji ýylda, Iton mekdebi bolsa 1659-njy ýylda açyldy.

Bilime bolan höwes diňe oturymly hojalyklara mahsus zat däldi. Mysal üçin, serhet ýakasynda ýaşaýan şotlandlar we irlandlar ugursyzja külbelerde mydar edýändigine garamazdan, bilime berlen adamlardy. Olar bilimli-sowatly ruhanylary öz obalaryna getirmek üçin tagalla baryny edýärdiler.

Koloniýalarda edebi döredijilik köplenç Täze Angliýanyň çäginde ýola goýlandy. Bu ýerde esasan dini sapaklara köpräk üns berilýärdi. Köplenç çapdan çykýan önüm öwüt-ündew bilen baglydy. Meşhur puritan ruhanysy hormatly Kotton Mater 400-e golaý eser ýazdy. Onuň ajaýyp nusgasy bolan „Magnalia Kristi Amerikana" eseri Täze Angliýanyň taryhyny janlandyrýar. Ýöne hormatly maýkl Wiglzwörtiň iň soňky hasabat geçişini beýan ediji „Magşar güni" atly uly goşgusy şol döwrüň iň meşhur eseri boldy.

1704-nji ýylda Kembrij (Massaçusets ştaty) koloniýalaryň arasynda ilkinji şowly gazet çykaryldy. 1745-nji ýyla çenli koloniýalarda eýýäm 22 gazet çykarylýardy.

Nýu-Ýorkda metbugat azatlygynyň ýörelgeleriniň döredilmegine tarap wajyp ädim ädildi. Bu 1733-nji ýyldan bäri „Nýu-Ýork Wikli Jornal” gazetini çap edip gelýän Jon Piter Zengeriň garşysyna gozgalan iş bilen baglylykda boldy. Onuň şol gazetinde hökümete garşy durýanlar çykyş edýärdi. Neşir edilip başlananyna iki ýyl bolandan soň, koloniýanyň häkimi Zengeriň satiriki makalalaryna çydam edip bilmän, ony töhmetçilikde aýyplap, zyndana taşlatdy. Derňew tamamlanýança, geçen dokuz aýyň içinde Zenger tussaglykda oturan ýerinde gazetiniň üstünde işläp, ony çapa taýýarlamagyny dowam etdirdi. Çünki oňa bolan gyzyklanma ähli koloniýalarda gaty artdy. Zengeriň aklawçysy tanymal kazy Ändrýu Gamilton gazetde çap edilen aýyplamalaryň hakykatdygyny, şeýlelikde, olaryň töhmet däldigini subut etdi. Kazyýet: „Zenger günäkär däl” diýip karar çykardy we ol tussaglykdan boşadyldy.

Şäherleriň gülläp ösmegi bilen ilat arasynda jemgyýeti dünýä baýlygyna kowalaşmaga itekleýän bir al-arwah baradaky gorky peýda boldy. Bu bolsa 1730-njy ýyllarda dindarlaryň arasynda „Beýik oýanyş” diýip at alan garşylygy döretdi. Ol iki çeşmeden ylham alýardy: olaryň biri 1739-njy ýylda Angliýadan gelen, galkynyşyň tarapdary weslianly Jorj Waýtfild bolsa, beýlekisi Nortemptondaky (Massaçusets ştaty) dini doganlyk buthanasynyň ruhanysy Jonatan Edwardzdy.

Waýtfild Filadelfiýada dini galkynyşa başlady, soňra Täze Angliýa tarap süýşdi. Onuň öwüt-ündewini diňlemek üçin bir gezek 20000 adam ýygnandy. Ol örän hyjuwly çykyşlar edýärdi, öz çykyşlaryny teatral oýunlary we hereketleri bilen utgaşdyrýardy. Ruhanylaryň galkynyşy wagyz etmek üçin, buthanalardan çykyp gitmegi bilen dini esasda peýda bolan bidüzgünçilikler bütin Täze Angliýa we merkezi koloniýalara ýaýyldy.

Waýtfildiň täsir eden adamlarynyň arasynda Edwardz hem bardy. 1741-nji ýylda onuň eden „Günäkärler gahary gelen Hudaýyň elinde” atly wagyznamasy bilen Beýik oýanyş iň ýokary derejesine ýetdi. Edwardz wagyznamasyny sahnalaşdyrman, ony çuňňur pikirlenip, düşnükli äheňde paýhaslylyk bilen diňleýjileriň aňyna ýetirmegi başardy. Ol: „Hereket edýän buthanalar hristiançylygy täsirli mazmunyndan mahrum etjek bolýarlar” diýip nygtaýýar. Ol „Isleg Azatlygy barada” iň tanymal eserinde kalwinizmi Ýewropadaky Täzeden döreýiş döwrüniň pelsepeçilik akymy bilen barlyşdyrmaga synanyşdy.

Beýik Oýanyş Amerikanyň medeni we dini durmuşynda möhüm rol oýnamagyny dowam edýän Injil dini toparlarynyň we galkynyş ruhunyň ösmegine alyp bardy. Ol hereket edýän ruhanylaryň ýagdaýynyň gowşamagyna getirdi we dindarlary öz ynsaplaryna bil baglamaga çagyrdy. Belki-de, bu ýerde bellemeli zat dürli dini toparlaryň köpelmegi we netijede, dini hormatlamak ýörelgeleriniň ählumumy ykrar edilmegidir.

## KOLONIAL HÖKÜMETIŇ DÖREMEGI

Kolonial ösüşiň ähli derejesinde iňlis hökümeti tarapyndan gözegçiligiň bolmazlygy täsin galdyryjy alamatdy. Jorjiýadan başga ähli beýleki koloniýalar paýdarlar kompaniýalary ýa-da korolyň peşgeş beren düzgünnamasy esasynda feodal mülkdarlar hökmünde döräp başladylar. Täze dünýäniň oturymly ýerlerindäki paýdarlar kompaniýalaryna we mülkdarlara Korol tarapyndan dessine doly ygtyýarlylygyň berilmegi barasyndaky hakykat welin, Amerikanyň koloniýaçylarynyň daşarky gözegçilikden azatdygyny asla aňlatmaýardy. Mysal üçin, „Wirjiniýa" kompaniýasyna berlen düzgünnama laýyklykda kompaniýanyň hut özi doly dolandyryş ygtyýaryny döwlete berýär. Şeýle-de bolsa, iňlis hökümeti kompaniýa Angliýada ýerleşer diýip güman edýärdi. Şeýle bolanda, eger korol hökmürowanlyga ýykgyn etse, onda Wirjiniýanyň ilatynyň hökümetde hiç sesi bolmaz.

Koloniýalar bolsa öz ýanlaryndan özlerini hiç haçan garaşly hasaplamaýardylar. Gaýta, olar özlerini köplenç Londondaky hökümet bilen berk bolmadyk gatnaşykdaky Angliýa meňzedip, döwletleriň arkalaşygy diýip hasaplaýardylar. Nähili-de bolsa, ýurduň daşyndan dolandyrmak kem-kemden ýitip gitdi. Syýasy azatlyk ugrundaky göreşde iňlis däp-dessurynyň mirasdarlary bolan koloniýaçylar azatlyk diýen düşünjäni Wirjiniýanyň birinji düzgünnamasyna siňdiripdirler. Şol düzgünnama laýyklykda iňlis koloniýaçylary „edil Angliýanyň korollygynyň çagында doglup, şol ýerde hem galýan ýaly hasaplanyp", ähli azatlyklardan, hak-hukuklardan we eldegrilmesizliklerden peýdalanmaga haklydylar. Bu bolsa olaryň Beýik düzgünnamanyň ähli ýeňilliklerinden we resmi bolmadyk kanunlardan peýdalanyp bilýändigini aňladýardy. 1618-nji ýylda „Wirjiniýa" kompaniýasy özüniň bellän häkimi üçin düzgünnama çykardy, onda plantasiýalaryň erkin ilatynyň häkim bilen bilelikde işlemekligi üçin, öz wekillerini saýlamaklyk, şeýle-de, ähli koloniýanyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaklyga gönükdirilen kararlary kabul etmek üçin bellenýän geňeş göz öňünde tutulýar.

Bu çäreler ähli kolonial döwür üçin iň uzak dowam edenleri boldy. Şondan soň koloniýaçylaryň koloniýalary dolandyrmaga gatnaşmaga hak-hukuklarynyň bardygy bilen ylalaşylyp başlandy. Köp ýagdaýlarda korol, geljekki düzgünnamalary döredende, koloniýalaryň erkin ýaşaýjylarynyň kanun çykarmakda täsirli sese eýe bolmalydyklaryny görkezdi. Mysal üçin, Meriländdäki Kalwertleriň maşgalasyna, Pensilwaniýadaky Wilýam Pene, Günorta we Demirgazyk Karolina ştatlaryndaky beýleki mülkdarlara berlen düzgünnamalarda kanunçylygyň „doly hukukly raýatlaryň razylygy esasynda" amala aşyrylmalydygy barasynda aýratyn nygtalýar.

Täze Angliýada beýleki koloniýalara garanda, uzak wagtlap öz-özüňi dolandyrmaklygyň has kämil görnüşi dowam etdi. „Meýflawer" gämisiniň üstünde göçmenler „ählimiziň gowy düzgün-tertipde ýaşamagymyz we ýitip gitmezligimiz üçin, bir raýatlar döwletine birikmegimiz üçin we koloniýalaryň ähli zeruryýetlerini kanagatlandyrýan, hemmeler üçin adalatly we deň kanunlary, aktlary, konstitusiýalary hem wezipeleri döredip we amala aşyryp biljek ösen dolandyryş edarasyny döretmek üçin, tagallalary birleşdirmek" maksady bilen hökümet üçin Meýflawer şertnamasy atly bir resminamany kabul etdiler.

Göçmenlerde öz-özüni dolandyryş ulgamyny döretmek üçin kanuny esaslary bolmadyk-da bolsa, bu hereket ret edilmedi we şol şertnama laýyklykda Plimutyň göçmenleri uzak ýyllaryň dowamynda daşyndan goşulyşmazlyk ýagdaýynda öz işleri bilen meşgul bolup bildiler.

Şonuň ýaly ýagdaý Massaçusetsdede dowam edýärdi, ol ýerde Massaçusets aýlagynyň kompaniýasyna öz-özüňi dolandyrmak hukugy berlipdi. Şeýlelik bilen, koloniýany doly dolandyrmak ygtyýarlygy onda ýaşaýan adamlara berlipdi. Başda kompaniýanyň Amerika gelen on, ýa-da şonçarak agzasy dolandyryş işlerini doly öz ygtyýarynda saklamaga synanyşdy. Ýöne, köp wagt geçirmän, beýleki koloniýaçylar jemgyýetçilik meselelerini çözmäge özleriniň-de gatnaşdyrylmagyny talap etdiler we: „Egerde şeýle edilmese, ol köpçülikleýin göçhägöçlüge getirer" diýip haýbat atdylar.

Şeýle howpa duçar bolan kompaniýa agzalary eglişik etmeli boldular we hökümet gözegçiligi saýlaw arkaly saýlanan wekilleriň eline geçdi. Şeýlelik bilen Täze Angliýanyň Konnektikut we Rod-Aýlend ýaly beýleki koloniýalary-da özözüňi dolandyryş meselesinde hiç döwlet häkimligine girmeýändiklerini yglan edip, özleriçe çözdüler we Plimut jahankeşdeleriniňkä meňzedilen öz syýasy ulgamyny döretdiler.

Diňe iki ýagdaýda öz-özüňi dolandyrmak baradaky teklip ret edildi. Bu Korol Çarlz II-niň dogany Ýorkuň gersogy (soňra ol Korol Jeýms II boldy) peşgeş berlen Nýu-Ýorkda we „hossarlar" toparyna peşgeş berlen Jorjiýada bolupdy. Iki ýagdaýda-da, olaryň başda durmagy uzak dowam etmedi, çünki koloniýaçylar kanuny wekilçiligi tutanýerli talap etdiler, netijede häkimiýetler ylalaşmaly boldular.

Wagtyň geçmegi bilen, koloniýalaryň köpüsi korollyk koloniýalary boldy, ýöne, XVII asyryň ortalarynda iňlisleri raýatlyk urşy (1642–1649-njy ýyllar) we Puritan hyzmatdaşlygy hem Oliwer Kromweliň protektoraty şeýle bir basmarlapdy weli, olaryň, hatda netijeli kolonial syýasaty ýöretmäge güýçleride ýetmedi. 1660-njy ýylda Çarlz II-niň häkimligi we Stýuartlaryň dinastiýasy dikeldilenden soň, Angliýa koloniýalary dolandyrmaklyga uly üns bermäge mümkinçilik tapdy. Hatda, şondan soň hem dolandyryş netijesizligine galdy, özem ol bir bütewi meýilnama mätäçdi. Şeýlelik bilen, koloniýalaryň köpüsi özözlerini dolandyrmaklygynda galypdy.

Koloniýalara gözegçilik etmek aradaky äpet ummanyň netijesinde emele gelen daşlyk zerarly uly kynçylyk döredýärdi. Irki Amerikanyň ýaşaýşynyň özboluşlylygy-da onuň üstüne ýetnedi. Göçmenler Amerika ýeri çäkli döwletlerden we aşa köp ilatly şäherlerden göçüp gelýärdiler, şonuň üçin-de, Amerika olara tükeniksiz baý bir ýurt bolup görünýärdi. Döwlet dolandyrylyşy ýurduň jümmüşine örän haýal aralaşýardy. Göçüp gelenleriň hereketde bolan serhedinde bolsa baş-başdaklyk üçin şert hemişe ýeterlikdi.

Ýöne, koloniýalarda öz-özüňi dolandyrmaklyk büs-bütin temmisiz galdyrylmaýardy. 1670-nji ýyllarda söwda we plantasiýalar boýunça koloniýalarda söwda ulgamyny düzgünleşdirmek maksady bilen ýörite bellenen korollyk barlag topary döwlet ykdysady syýasatyny geçirmeklige garşylyk görkezendikleri üçin, Massaçusets aýlagynyň kompaniýalaryna berlen hartiýany ýatyrdy. 1685-nji ýylda Korol Çarlz II Täze Angliýa hökümdarlygyny döretmek baradaky teklibi makullady we Nýu-Jersiden başlap, ähli günortadaky koloniýalaryň kanuny ygtyýarlyk-

laryny oňa berdi, hem şeýlelik bilen, tutuş sebitiň üstünden korollyk häkimliginiň gözegçiligini berkitdi. Korollyk gubernatory jenap Edmund Ändros ýörite buýruk bilen salgyt tölemekligi belledi, başga ençeme berk çäreleri girizdi we bu çärelere garşylyk görkezenleri tussag etdi.

Jeýms II-ni agdaran 1688–1689-njy ýyllardaky rewolýusiýa baradaky habar Bostona ýetende, halk gozgalaň turzup, Ändrosyň özüni tussag etdi. Täze hartiýa laýyklykda Massaçusets we Plimut 1691-nji ýylda ilkinji gezek Massaçusets aýlagynyň korollyk koloniýalary hökmünde birleşdiler. Täze Angliýanyň düzümine giren beýleki koloniýalar derrew özleriniň öňki dolandyryş ulgamlaryny dikeltdiler.

Şöhratly Rewolýusiýa koloniýalara başga-da ençeme oňyn täsirini ýetirdi. 1689-njy ýyldaky ýkan Hukuklar we dini hormatlamak baradaky kanun hristianlar üçin dini däp-dessurlary berjaý etmekligi „erkin" diýip yglan etdi we korollyk häkimliginiň çäklendirmelerini güýje girizdi. Jon Lokuň „Döwleti dolandyrmak barada ikinji taglymatynyň" (1690) möhüm ähmiýeti boldy. Ol bu işinde döwleti dolandyryşyň dini hukuklara esaslanman, eýsem, geleşik esasynda amala aşyrylmalydygy hakyndaky teoriýany we ýaşamaga, azatlyga we hususy eýeçilige bolan hukuklaryň ynsana tebigy taýdan mahsusdygyny, eger-de döwleti dolandyryjylar tarapyndan ynsanyň şu hukuklary bozulan halatynda, olaryň nägilelikleri bildirip, aýaga galmaga haklarynyň bardygyny öňe sürýän döleti dolandyryş pikirini öňe sürdi.

XVIII asyryň kolonial syýasatynyň XVII asyryň iňlis syýasaty bilen köp umumylygy bardy. Rewolýusiýa parlamentiň ýokarda durýandygyny jar eden-de bolsa, koloniýalarda kolonial gubernatorlaryň, korolyň Angliýada ýitiren häkimligi ýaly häkimligi bardy. Koloniýalardaky kanun çykaryjy ýygnaklar Angliýada bolan wakalary bilip, öz „hukuklaryny" we „erkinliklerini" ýola goýmaga synanyşdylar. XVIII asyryň başlarynda koloniýalaryň kanun çykaryjy guramalarynyň iňlis parlamentindäki ýaly iki sany uly hukuklary bardy: ol hukuklar salgytlar we çykdajylar baradaky meselelere gatnaşmak, ses bermek hem-de diňe gubernatorlaryň teklipleri bilen hereket etmän, kanun aktlary babatdaky teklipler bilen çykyş etmäge hukukly bolmakdy.

Koloniýalaryň kanun çykaryjy guramalary bu hukuklary korollyk häkimlerine gözegçilik etmekde we özleriniň häkimligini we täsirini giňeldýän beýleki çäreleri kabul etmekde peýdalanýardylar. Gubernator bilen ýygnagyň arasynda bolýan çaknyşmalar, jedeller koloniýaçylaryň Amerika bilen Angliýanyň araýan bähbitleriniň biri-birinden tapawutlydygyny saýgarmak üçin „gözlerini açdy". Korollyk häkimiýetleri köp ýagdaýlarda kolonial ýygnagyň edýän zatlarynyň möhümdigine ýa-da däldigine düşünmeýärdi we asla olary inkär edýärdi. Şeýle-de bolsa, şol kanunlaryň we hereketleriň barysy koloniýalaryň „Konstitusiýalarynyň" esasy ýörelgeleriniň binýadyny düzdi we onuň bir bölegi boldy.

Kolonial kanun çykaryjy guramalar hut şeýle ýol bilen öz-özüňi dolandyrmak hukugyna eýe boldular. Wagtyň geçmegi bilen koloniýalary dolandyrmagyň merkezi Londondan welaýat merkezlerine geçdi.

## FRANSUZLAR WE INDEÝLER BILEN URUŞ

XVIII asyrda Fransiýa we Beýik Britaniýa Ýewropadaky we Karib sebitindäki ençeme urşa goşuldy. Britaniýa bu uruşlardan, ilkinji nobatda, Karib sebitindäki gant-şekere baý adalar ýaly ençeme bähbit gören-de bolsa, bolup geçen söweşler, umuman, aýgytly häsiýete eýe däldi we 1754-nji ýylda Ýedi ýyllyk uruş başlanýança, Fransiýa Demirgazyk Amerikada güýçli orny eýeleýärdi.

Şol wagta çenli Fransiýa Kanadadaky we Beýik kölüň ýakasyndaky indeý uruglarynyň ençemesi bilen aragatnaşygy ýola goýdy, Missisipi derýasyny eýeledi we ençeme galadyr söwda nokadyny bina edip, Kwebekden Täze Orleana çenli ýaýylyp gidýän ägirt uly aý şekilli imperiýanyň çägini berkarar etdi. Şeýlelik-de, guşaklyk bilen çäklenmeli boldular. Fransuzlar diňe bir britan imperiýasyna däl-de, amerikan koloniýaçylaryna-da howp salýardylar, sebäbi Missisipi derýasynyň jülgesinde belli bir ýagdaýy eýelän Fransiýa olaryň günbatara ýaýramagyny çäklendiripdi.

1754-nji ýylda Dükesne galasynda, häzirki Pensilwaniýa ştatynyň Pitsburg şäheriniň ýerleşýän ýerinde hereket edýän fransuz goşuny bilen 22 ýaşly gözegçi Jorj Waşingtonyň serkerdeligindäki Wirjiniýanyň milli gwardiýasynyň arasynda harby çaknyşyk boldy.

Londonda Söwda ministrligi bu dörän ýagdaýy ara alyp maslahatlaşmaga synanyşýar. Bu maslahata Nýu-Ýorkuň, Pensilwaniýanyň, Meriländiň we Täze Angliýanyň koloniýalarynyň wekilleri gatnaşýar. Iýunyň 19-yndan iýul aýynyň 10-yna çenli Olbany adyny alan Kongres Nýu-Ýorkuň Olbany diýlen ýerinde ýerli irokezler taýpasy bilen duşuşyk geçirýär. Duşuşygyň maksady irokezler bilen gatnaşygy gowulandyrmak we olaryň britanlylara wepadarlygyny üpjün etmekdi.

Amerikan koloniýalarynyň birleşiginiň „özleriniň ýok bolup gitmezligi üçin wajypdygyny” nygtamak bilen, gatnaşyjylar birleşigiň Olbany meýilnamasyny kabul etdiler. Benjamin Franklin tarapyndan taslamasy taýýarlanan meýilnama korol tarapyndan bellenen prezidente ýygnaklaryň karary esasynda saýlanan wekilleriň uly geňeşi bilen birlikde işlemäge ygtyýar berdi. Koloniýalaryň geňeşdäki wekilleriniň sany olaryň umumy gazna eden maliýe goşandynyň möçberine gönüden-göni baglydy. Geňeş goranmak, indeýler bilen aragatnaşyk, söwda meselelerine ýolbaşçylyk etmelidi, şeýle hem, oňa günbatardaky koloniýalara gözegçilik etmek we olardan salgyt almak ygtyýary berlipdi, emma hiç bir koloniýa Frankliniň meýilnamasyny kabul etmedi, sebäbi koloniýalaryň hiç birisiniň salgyt salmaklyga gözegçilik etmekligi-de, günbatar ýerlerini özleşdirmeklige gözegçilik etmekligi-de merkezi häkimiýetleriň eline beresi gelmeýärdi.

Strategiýa taýdan artykmaç orna eýe bolmak we ygtybarly ýolbaşçylyk ukyby Angliýa Ýediýyllyk uruşda ýeňiş getirdi, bu urşuň diňe uly bolmadyk bir bölegi günbatar ýarym togalagyň ýerine geçdi.

1763-nji ýylda Parižde gol çekilen ýaraşyk şertnamasynda Fransiýa bütin Kanadadan, Beýik köllerden we Missisipiniň ýokarky jülgesinden britanlaryň peýdasyna el çekdi. Demirgazyk Amerikada fransuz imperiýasyny döretmek baradaky arzuw-hyýal puç boldy.

Fransiýadan üstün çykandan soň, Britaniýa şu wagta çenli inkär edip gelen bir meselesi – öz imperiýasyny dolandyrmak meselesi bilen ýüzbe-ýüz boldy. Şol pursatdan başlap, Londona öz garamagyndaky ummasyz ýerleri

goramaklygy gurnamaklyk gerekdi, ol dürli ýerleriň we dürli halklaryň dürli isleg-arzuwlaryny düzgünleşdirmelidi we imperiýa dolandyryşynyň çykdajy-harajatlaryny başardygyndan endigan, deň bölmelidi.

Diňe Demirgazyk Amerikada Britaniýanyň ýerleri iki esseden-de köp artdy. Atlantikanyň kenar ýakasyndaky insizje zolaga Kanadanyň ýeri we Missisipi derýasy bilen özbaşyna bir imperiýa bolup duran Älligeni daglarynyň arasyndaky ýer goşuldy. Öň aglaba köpçüligi protestantlar we iňlisler bolan ilatyň hataryna indi fransuz dilinde gepleýän kwebekli katolikler we bölekleýin hristianlaşan indeýlerden birgideni goşuldy. Täze we öňki ýerleri goramak, olary dolandyrmak ummasyz köp pul hem-de işgärleriň sanynyň artdyrylmagyny talap edýärdi. Şu işleri berjaý etmekden öňki kolonial ulgam ejiz bolup çykdy. ❖

## SEÝLEMLI AL-ARWAHLAR

1692-nji ýylda Massaçusets ştatynyň Seýlem obasynyň ýetginjek gyzlarynyň bir topary günbatar indeý gullarynyň biriniň aýdyp beren gürrüňlerini diňlänlerinden soň, täsin tutgaýlara sezewar bolupdyrlar. Bu barada soralanda, olar birnäçe aýalyň al-arwahdygyny we olardan ezýet çekýändiklerini aýdypdyrlar. Şäherçäniň ilaty muňa haýran galsa hem, bu bir täsinlik däldi, çünki XVII asyrda Amerikada we Ýewropada jadygöýlik giňden ýaýrapdy.

Şondan soňky bolup geçen wakalar, Amerikanyň taryhyndaky ýeke-täk wakadygyna garamazdan, Täze Angliýanyň puritan dünýäsiniň durmuş we psihologiki ýagdaýyny şekillendiriji uly bir aýna ýaly bolup hyzmat etdi. Şäher häkimiýet ýolbaşçylary jadygöýçilikde aýyplamalary diňlemek üçin ýygnanyşdylar. Netijede, ýerli meýhananyň eýesi Brijip Bişopy bu işde aýyplap jezalandyrdylar. Bir aýyň içinde ýene-de bäş aýal bu işde aýyplanyp dardan asyldy.

Muňa garamazdan, bu babatda aşa biynjalyk barha artýardy, çünki kazyýet şol aýyplanan aýallary ruhlar ýa-da arwahlar hökmünde görendikleri barasynda şaýatlaryň gürrüňlerini diňlemäge rugsat beripdi. Şular ýaly hyýaly arwah-jynly tymsallardyr görkezmeler aslynda aýratyn howpa eýedi, sebäbi olary ne-hä hakykat ýüzünde seljerip bolýar, ne-de anyklap. 1692-nji ýylyň güýzüne çenli 20-den gowrak adam, sol sanda, birnäçe erkek adam hem, şular ýaly aýyplamalaryň pidasy boldy, 100-den gowragy bolsa azatlykdan mahrum edildi. Olaryň arasynda şäheriň iň görnükli raýatlary hem bardy. Indi bu aljyraňňylygyň Seýlem şäheriniň daşyna hem ýaýrama howpy abanýardy, şonuň üçin-de, koloniýanyň çägindäki ruhanylar şeýle sorag etmeleri ýatyrmak barada töwella etdiler. Koloniýanyň häkimi munuň bilen ylalaşdy we derňew işlerini ýatyrdy. Azatlykdan mahrum edilenler bolsa soňra aklandylar, ölüm jezasyna hököm edilenleriň-de günäsi geçildi.

Seýlemde al-arwah babatynda geçirilen derňew işleri soň hem uzak wagtlaryň dowamynda amerikalylaryň aňyndan çykmady. Psihologiki nukdaý nazardan taryhçylaryň köpüsi 1692-nji ýylda Seýlem obasyny al-arwahlygyň barlygyna hakyky ynanç esasynda dörän aljyraňňy ýagdaýyň gurşap alandygy bilen ylalaşýarlar. Olar üns merkezinde gyzlaryň bolandygyna garamazdan, jogapkärçilikli uly adamlaryň hem aljyraňňy ýagdaýa düşendigini belläp geçýärler.

Eýsem-de bolsa, günäkär we günälenýän adamlaryň şahsyýetleri babatynda geçirilen seljeriş işleri bu ýagdaýa köpräk aýdyňlyk salýar. Seýlem obasy şol döwürdäki kolonial Täze Angliýanyň köp ýerleri ýaly, aglaba ýerleri oba hojalyk bilen meşgullanýan puritanlar jemgyýetinden köpräk senagat taýdan ösen dünýewi gurluşa tarap alyp barýan ykdysady we syýasy özgerişleri başyndan geçirýärdi. Günäleýänleriň köpüsi mülkdarçylyk we buthana bilen berk baglanyşykda bolan adaty durmuşyň wekilleri bolsa, aýyplanýan al-arwahlaryň birnäçesi ýaňy bir peýda bolup ugran dükan eýeleridir söwdagärler synpynyň wekilleridi.

Seýlemlileriň öňki adaty toparlary bilen täze dörän täjirler toparlarynyň arasynda durmuş we syýasy häkimiýet ugrunda alnyp barlan göreş Amerikanyň tutuş taryhynda bolan jemgyýetlerde gaýtalanyp durdy, emma bu şäherçäniň ilatynda öz öýlerinde al-arwahyň arkaýyn gezip ýörendigi barasynda eşidenlerine berk ynam döräp, aljyraňňylyk peýda bolanda, bu hereketde täsin we ölüm howply öwrülişik boldy.

Seýlemde al-arwahlar babatynda geçirilen derňewdir sorag-ideg işleri haýran galdyryjy, emma galp, esassyz tolgunmalaryň beren howply netijeleriniň hasratly nyşany bolup hyzmat edýär. Ýogsa-da, syýasy çekeleşmelerde köp adamyň garşysyna töhmetçilikli iş alyp barmak pikirini köplenç „al-arwahlary yzarlamak” jümlesi bilen aňladýarlar.




Iňlis koloniýalarynyň we günbatar ýerleriň şekillendirilişi, 1763–1775 ýý.


ENGLISH COLONIES
1763–1775.
NEWFOUNDLAND
1774
ANTICOSTI I.
Gulf of St. Lawrence
1763
St. Lawrence
QUEBEC
NOVA SCOTIA
MIQUELON
ST. PIERRE
CAPE BRETON
Louisbourg
P. EDWARD I.
Halifax
C. Sable
Pemaquid
Saco
Dover
Salem
Boston
Plymouth
C. Cod
MASS.
Quebec
Montreal
St. Lawrence R.
ATLANTIC OCEAN
BERMUDAS
Hatteras
New York
Philadelphia
from Greenwich
70
65
60
55
50
45
40
35
30
25




Aşakda: Jon Smit – tutanýerli iňlis syýahatçysy we gözlegçisi hem-de Amerika ilkinji gelenleriň biri. Onuň baştutanlygynyň netijesinde ilkinji kynçylykly ýyllarda Jeýmstaun abat saklanyp galdy.

# DÖWLETIŇ EMELE GELMEGI

## SURATLAR ARKALY TANYŞLYK

Iki asyryň dowamynda, ýagny 1607-nji ýyldan XIX asyryň başlaryna çenli Amerika Jeýmstaunda peýda bolan iňlisleriň ilkinji oturymly obalaryna deňeşdireniňdäkiden has güýçli özgerdi. Bir wagtlar Atlantikanyň kenar ýakasynda biri-birinden üzňelikde dörän oturymly obalardan Amerika rewolýusiýa tarapyndan kemala gelen, demokratik ýörelgelerden ugur alýan Konstitusiýa esaslanýan täze döwlete öwrüldi.



Amerikan suratşynasy Benjamin Westiň (1738–1820) çeken suratyndan bir parça. Munda Wilýam Peniň dini erkinligi gözläp gelen kwakerler we beýleki göçüp gelenler üçin halas ediji kenar hökmünde özüniň esaslandyran Pensilwaniýa koloniýasynda ýaşaýan ýerli amerikalylar bilen şertnama baglaşýan pursady şekillendirilen. Peniň delawerli indeýler taýpasyna adalatly garamagy uzak möhletli dostlukly gatnaşyklara esas goýdy. Mundan tapawutlylykda beýleki koloniýalarda göçüp gelen ýewropalylar bilen indeý taýpalarynyň arasynda çaknyşyklar bolýardy.



Dinparaz puritanlardan bir ýaşuly (ýokarda) garbanyşhananyň daşynda piwo içip duran müşderiler bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Etraba ilkinjileriň hatarynda göçüp gelen, dine berk uýýan adamlar bolan puritanlar bilen täjirçilik bilen meşgullanýan has dünýewi ilatyň arasyndaky dartgynlylyk Täze Angliýanyň kolonial zamanasyna mahsus häsiýetdi.



Kotton Mater (garşydaky sahypanyň aşaky bölegin-de) XVII asyryň ahyrynda we XVIII asyryň başlarynda iň görnükli puritan şahslarynyň biridir. Onuň „Täze Angliýanyň ruhy baýlygynyň taryhy” atly göwrümli işi (1702) Täze Angliýanyň döredilişiniň taryhyna bagyşlanyp, jikme-jikleýin ýazylan senenamadyr. Munda Täze dünýäniň özleşdirilmedik giňişliklerin-de Hudaýyň şalygyny esas-landyrmakda puritanlaryň eden tagallalary barasynda hem durlup geçilýär.




Dini erkinlik we buthanany döwletden bölüp aýyrmak ugrunda ilkinji göreşijileriň biri bolan Rojer Wilýamzyň heýkeli. Iňlis buthanalary bilen saklan dini aragatnaşygy makullanmadyk Wilýamz Massaçusetsden gaýdandan soň, Rod-aýlend koloniýasynyň düýbüni tutdy.



1775-nji ýylda Wirjiniýa assambleýasynda geçirilen çekişmeler wagtynda Pätrik Henri, megerem, amerikan rewolýusiýasynyň iň meşhur jümlesi bolan: „Maňa ýa azatlyk beriň ýa-da ölüm!” diýen sözlerini aýdýar.





Benjamin Franklin – alym, oýlap tapyjy, ýazyjy, çaphana eýesi, Filadelfiýa şäheriniň düýbüni tutanlaryň biri, diplomat we Garaşsyzlyk Jarnamasyna, şeýle hem, Konstitusiýa gol çeken adamlaryň biri. Franklin Amerikanyň özüne mahsus bolan häsiýetnamalaryny, ýagny akyl-paýhasy, öz-özüňi kämilleşdirmäge bolan ynamy özünde jemlän adam.



ABŞ-nyň dördünji Prezidenti Jeýms Mädisona (sagda) köplenç „Konstitusiýanyň atasy” diýilýär. Konstitusiýany kabul etmek boýunça alnyp barlan çekişmelerde onuň ýazan ýazgylary Aleksandr Gamiltonyň we Jon Jeýiň ýazgylary bilen bilelikde toplanylyp, „Federalist Peýpers” ady bilen çap edilipdir. Häzirki döwürde bu ýazgylar ýurduň raýatlarynyň hukukdyr azatlygyny goramak maksady bilen, ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet ulgamlary biri-birine gözegçilik edýän we bir ulgam beýleki bir ulgamyň çäkden çykmagynyň öňüni alýan hökümeti dolandyryşyň respublikan görnüşiniň nusgawy aklawjysy bolup hyzmat edýär.

1775-nji ýylyň 19-njy aprelinde Massaçusets ştatynyň Leksington şäherinde amerikan rewolýusiýasynyň başlanandygyny aýan eden ilkinji tüpeň atyşyklary şekillendirilen. Ýerli halkdan çykan meýletinçiler toparlarynyň goňşy Konkord şäheriniň kolonial ýaragly güýçlerini ele salmak üçin gelýän Britan goşunlaryna gabat gelen pursady.







Tomas Jeferson (ýokarda) – Garaşsyzlyk Jarnamasynyň awtory we ABŞ-nyň üçünji Prezidenti. Şeýle-de, Jeferson Wirjiniýa uniwersitetini esaslandyrdy we Wirjiniýa ştatyndaky Şarlatteswillide ýerleşýän Amerikada iň meşhur jaýlaryň biri bolan Montiçellony bina etdi.







Sagda: 1781-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda Wirjiniýa ştatyndaky Ýorktaun şäherinden Jorj Waşington tarapyndan serkerdelik edilen lord Kornwollisiň we britan goşunynyň boýun egmegi. Ýorktaun urşunyň tamamlanmagyna we 1783-nji ýylda Pariž şertnamasy bilen berkidilen amerikan garaşsyzlygyna getirdi.

Tomas Jefersonyň göz öňüne getiren taslamalarynyň biri bolan Lýuisiň hem-de Klarkyň ekspedisiýasynyň ikiýüz ýyllygyny ebedileşdirýän ABŞ –nyň poçta markasy. Jefersonyň kätibi Meriwezer Lýuis we onuň dosty Uilýam Klark 30-dan hem köpräk adamly toparyň bile gitmeginde dört ýyllap dowam eden entek barlanylmadyk we öwrenilmedik Günbatara syýahata ugrady. Olar Illinoisdäki Kämp Wuddan Oregona çenli iň soňunda Amerikanyň 11 ştatyna öwrülen ýerleriň üsti bilen müňlerçe mil (1 milş metr) aralygy geçdiler.



Aleksandr Gamilton – Prezident Jorj Waşingtonyň administrasiýasynda maliýe ministri. Gamilton güýçli federal hökümetiň we ösen senagatyň tarapdary bolupdyr. Ýerli hökümetiň, ştatlaryň hukuklylygynyň tarapdary we garaşsyz mülkdarlaryň hem ýer eýeleriniň ukybyna uly ynam bildiren Tomas Jeferson onuň garşydaşy bolypdyr.



Jon Marşal – 1801–1835 ýyllar aralygynda ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň baş kazysy. Marşal kazyçylyk tejribesinde çelgi bolup hyzmat eden birnäçe işleri arkaly işlere täzeden garamagyň ýörelgesini döretdi. Bu-da Kongresiň ýa-da ýerine ýetiriji pudagyň islendik hereketiniň Konstitusiýa laýykdygyny we hut şonuň üçin-de, güýçdedigini we kanunalaýyklygyny kesgitlemek hukugyny hut kaziýetleriň hukugy hasaplamakdyr.





3-NJI BAP

# GARAŞSYZLYGA TARAP ÝOLDA

Britan salgytlaryna garşy „Boston çaý içişligi” ady bilen tanalýan nägilelikler, 1773-nji ýyl.

„Rewolýusiýa uruş başlanmazdan öň bolup geçdi. Rewolýusiýa adamlaryň ýüreklerinde we aňyndady.”

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Jon Adams, 1818-nji ýyl

Käbir adamlaryň amerikan rewolýusiýasynyň taryhy 1775-nji ýylda ilkinji atyşyklar başlanmazdan has ir başlandy diýip hasaplaýanlygyna garamazdan, Angliýa bilen Amerikanyň ýollary 1763-nji ýyla çenli, ýagny, Wirjiniýa ştatyndaky Jeýmstaun şäherinde ilkinji oturymly ýeriň düýbüniň tutulmagyna bir ýarym asyrdan-da köp wagt geçýänçä, biri-birinden daşlaşmandy. Koloniýalar ykdysady hem medeni babatda ep-esli ösüpdiler we öz-özüňi dolandyrmagyň köpýyllyk tejribesini arkalaryna atypdylar. 1760-njy ýyllarda koloniýalaryň ilatynyň umumy sany 1500000-den geçipdi. Bu san 1700-nji ýyl bilen deňeşdireniňde, ilatyň alty esseden-de köp artandygyny görkezýärdi.

## TÄZE KOLONIAL ULGAM

Fransuzlar bilen indeýleriň arasynda bolan uruş netijesinde dörän ýagdaýda Britaniýa täze görnüşli imperiýa zerurlyk duýýardy, ýöne Amerikadaky ýagdaý özgerişlerden örän daşdady. Uzak ýyllaryň dowamynda garaşsyzlyga endik eden koloniýalar indi, hususan-da, fransuz howpy aradan aýrylandan soň, az däl-de, gaýta has köp erkinligi talap edýärdiler. Täze ulgamyň, hakykatdanda işlemegi we barlag-gözegçiligiň berkidilmegi üçin, parlament öz-özüňi dolandyrmak meselelerini gowy öwrenen, şeýle hem, daşyndan goşulyşmagyň islendik görnüşine çydam etmeýän koloniýaçylar bilen gidişmelidi.

Britanlar ilkinji nobatda ýurduň içki sebitlerini gurnamaklygy talap etdiler. Kanadanyň we Ogaýo derýasynyň jülgesiniň eýelenmegi amerikalylardan fransuz we indeý ilatlarynyň özlerinden ýüz owürmez ýaly syýasaty ýöretmekligi talap etdi. Ýöne bu meselede korollyk häkimiýetiniň we koloniýaçylaryň bähbitleri çapraz geldi. Koloniýalar ilat sany taýdan gaty çalt ösýärdiler we täze oturymly ýerler açmak üçin täze ýerlere mätäçdiler, şu sebäpden hem, koloniýalaryň köpüsi öz serhetlerini günbatara – Missisipi derýasyna çenli giňeltmeklige hukuk berilmegini talap edýärdiler.

Britan hökümeti täze ýerlere ymykly göçüp barýanlar indeýler bilen täze uruşlaryň başlanmagyna sebäp bolmagyndan howatyrlanyp, koloniýaçylara täze ýerleri howlukman açmaklygy makul bildi. Olaryň pikiriçe, günbatara süýşmegi çäklendirmek bilen, täze obalaryň döredilmegine ýol bermezden öň,

bar bolan oturymly ýerlere korollyk gözegçiligini doly üpjün etmekde bir çykalga bolmalydy. 1763-nji ýylda kabul edilen Korollyk Jarnamasy esasynda Äligeniň, Floridanyň, Missisipiniň we Kwebekiň aralygyndaky ähli günbatar ýerler asly amerikalylaryň peýdalanmagy üçin çäklendirildi. Şeýle etmek bilen korollyk häkimiýeti günbatar ýerlere 13 koloniýanyň hiç haýsynyň dalaş etmezligine we netijede, günbatara tarap ýaýramagyň öňüni almaklyga synanyşdy. Dogrusy, bu çäre durmuşa doly derejede geçirilmedik-de bolsa, koloniýaçylaryň gözüne ol olaryň günbatar ýerlerini eýelemeklige we ol ýerlere göçüp barmaklyga bolan iň sadaja hukuklarynyň-da ýokary derejede äsgerilmezligi bolup göründi.

Öz barha giňeýän imperiýasyny goldamak üçin pul gerek bolan britan hökümetiniň täze maliýe syýasaty has möhüm netije berdi. Koloniýalaryň goragyna gerek maddy serişde Angliýanyň salgyt töleýjileri tarapyndan üpjün edilmeli bolsa, onda koloniýalaryň eýelerinden girdejiler has berk dolandyryş ulgamynyň kömegi bilen alynmaly bolar. Bu bolsa koloniýalaryň öz-özüni dolandyrmagynyň zyýanyna bolardy.

Täze ulgamyň dabaraly girizilmegi ugrunda ädilen ilkinji ädim 1733-nji ýylda kabul edilen iňlis sebitlerinden bolmadyk romuň we gara şiräniň importyna gümrük pajyny salýan Gara şire kanunyna derek 1764-nji ýyldaky şeker baradaky kanunyň girizilmegi boldy. Bu kanun daşary ýurt romlarynyň getirilmegini gadagan etdi; ýurda getirilýän gara şiräniň hemmesine ujypsyz paç bellendi, şeýle-de, çakyra, ýüpege, kofä we beýleki zynat zatlaryna paç bellendi. Täze kanunyň girizilmegi bilen gara şirä bellenen pajyň möçberiniň azaldylmagy onuň Gollandiýanyň we Fransiýanyň West-Indiýa adalaryndan Täze Angliýanyň romy täzeden işläp çykarýan zawodlarynda täzeden işlemek maksady bilen bikanun getirmek ugrundaky synanyşyklaryň azalmagyna alyp barar diýlen tama bardy. Şeker baradaky kanuny durmuşa geçirmek üçin, gümrük gullukçylaryndan uly tagalla bilen netijeli işlemeklik talap edildi. Amerikan suwlarynda ýüzýän britan harby gämilerine çig mal gaçakçylygy bilen meşgullanýanlary tussag etmeklige, tölegleri tölenmedik ýagdaýda harytlary eýelerinden almaklyga we şübheli ýerleri barlamaga korolyň gullukçylaryna ýörite ygtyýar berildi.

Şeker baradaky kanunyň esasynda paç almagyň girizilmegi we muny durmuşa geçirmek çäreleri Täze Angliýanyň söwdagärleriniň arasynda uly howatyrlanma döretdi. Olaryň pikiriçe, hatda ujypsyz pajyň tölenmegi-de, olaryň täjirçilik işine uly zarba bolup biler. Söwdagärler, kanun çykaryjy edaralar we şäher ilatynyň ýygnaklary bu täze kanuna garşydyklaryny bildirýärdiler, kolonial ýuristler bolsa şeker baradaky kanunyň girişinde „görkezmesiz salgyt salmak baradaky” ilkinji ýaňzytmany ýüze çykardylar. Şol şygar bolsa köplerde munuň hut ata watana garşy hyýanat bolup durýan bir amerikan işi diýen düşünje döretdi.

Soňra, 1764-nji ýylda parlament „Onuň Aly hezretleriniň goýberýän kagyz akkreditiwleriniň mundan beýläk koloniýalarda töleg serişdesi hökmünde ulanylmagynyň öňüni almak maksady bilen” pul baradaky kanuny girizdi. Koloniýalaryň söwdanyň az we altyn puluň hemişe ýetmezçilik edýän ýeri bolup durýandyklary üçin, bu çäre koloniýalaryň ykdysadiýetine ýene-de bir ýük bolup düşdi. 1765-nji ýylda kabul edilen korollyk goşunlaryna degişli esgerleriň ilat tarapyndan eklenip-saklanmagy barasyndaky kanun (Quartering Act) hem närazyçylyk bilen garşy alyndy.

## GERB SALGYDY BARADAKY KANUN

Täze kolonial ulgamynyň girizilmegi bilen bagly çäreleriň iň soňkusy iň guramaçylykly garşylygyň döremegine getirdi. „Gerb salgydy” diýlip tanalýan bu kanun beýle salgydy ähli gazetlere, pamfletlere, ygtyýarnamalara kärende baradaky şertnamalara ýa-da beýleki ýuridiki resminamalara degişli edýär, olardan düşýän (amerikan gümrükçileriniň ýygnaýan) girdejiler koloniýalary „goramak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin” peýdalanmaga niýetlenýär.

Gerb salgydy baradaky kanun täjirçiligiň islendik görnüşi bilen meşgul bolýan adamlaryň ählisine-de edil şeýle derejede degişlidi. Şonuň üçin-de, ol Amerikanyň ilatynyň giň toparlarynyň: jurnalistleriň, ýuristleriň, dindarlaryň, täjirleriň we söwdagärleriň arasynda, demirgazykda hem günortada, gündogarda hem günbatarda gazaply nägilelik döretdi. Tiz wagtdan iri söwda kompaniýalary garşylyk görkezmekligi gurnamaklyk üçin we importa garşy adamlaryň bileleşigini döretmek üçin jemlendiler.

Ata watan bilen alnyp barylýan söwdanyň derejesi 1765-nji ýylda üzül-kesil pese gaçdy, sebäbi görnükli adamlar „Azatlyk ogullary” ady bilen gizlin guramalar döretdiler we şol guramalaryň üsti bilen Gerb salgydyna degişli kanuna garşylyk bildirmegi maksat edindiler, Köplenç olar aşa gazaply çäreler hem geçirdiler. Netijede, Massaçusetsden Günorta Karolina çenli aralykda şol kanun ýatyryldy, gazaba galan halk şowsuzlyga uçran gümrük işgärlerini edaralaryndan çykaryp kowýardy, ýigrenç çeşmesine öwrülen gerbleri bolsa ýok edýärdiler.

Delegat Pätrik Henri sebäpli gahar-gazaba münen Wirjiniýanyň Raýatlar palatasy maý aýynda ençeme karar kabul etdi. Şol kararlara laýyklykda görkezmesiz salgyt salmaklyk koloniýalaryň azatlyklaryna howp diýlip yglan edildi. Raýatlar palatasy Wirjiniýanyň ilaty hem iňlisleriň hak-hukuklaryna mynasyp diýip jar çekdi. Bu bolsa olaryň diňe öz wekilleri tarapyndan salgyt salnyp bilinjekdigini aňladýardy. Iýunyň 8-inde Massaçusetsiň kanun çykaryjy edarasy ähli koloniýalary çagyrdy. Onuň maksady 1765-nji ýylyň oktýabrynda Gerb salgydy baradaky kanuna degişli Nýu-Ýorkda geçirilmeli gurultaýa wekilleri bellemekdi. Gurultaýda korollyk häkimiýetlerinden we parlamentden azat bolmak baradaky çagyryşdyr ýüzlenmelere garamak nazarda tutulýardy. Amerikanyň işlerine parlamentiň goşulmagyna garşy koloniýalaryň pikirlerini jemlemekde amatly bolan şol ýagdaýdan 9 koloniýadan bolan 27 wekil peýdalandy. Uzaga çeken çekişmelerden soň gurultaý ”olara hiç hili salgyt salynmandy we kanun taýdan salnyp-da bilinmez, bu diňe olaryň özleriniň kanunyna laýyklykda bolup biler” we „Gerb salgydyna degişli kanun koloniýaçylaryň hak-hukuklaryny we azatlyklaryny aç-açan ýoýmaklyga ýol açýar” diýip tassyklaýan ençeme karar kabul etdi.

## WEKILÇILIKSIZ SALGYT SALMAK

Şeýlelik bilen, wekilçilik baradaky mesele üns merkezinde boldy. Koloniýaçylaryň pikirine görä, tä özleri obşinalar palatasyna öz agzalaryny saýlaýançalar, parlamentde olaryň öz wekilçiligi bolmaz. Ýöne bu pikir iňlisleriň „hakyky wekilçilik” düzgünine çapraz gelýärdi, ol düzgüne laýyklykda bolsa parlamentiň her bir agzasy onuň saýlaw binýadynyň mülkdarlaryň bir kiçi toparyndan düzülýändigine garamazdan, bütin ýurduň, hatda, imperiýanyň

bähbidini goramalydy. Jemagatyň galanlarynyň bähbidi bolsa parlamentiň agzalygyna saýlaýan az sanly mülkdar tarapyndan goralýar we ol şol bir ýerde ýaşaýanlaryň bähbitleri bilen deň gelýär diýip hasaplanypdyr.

Britan resmileriniň aglabasynyň pikiriçe, parlament imperiýa edarasy bolmak bilen edil Britaniýanyň özünde bolşy ýaly, koloniýalarda-da şol häkimiýete wekilçilik edýär we şol häkimligi ýerine ýetirýär. Amerikan baştutanlary bolsa hiç hili „imperiýa" parlamenti bolup bilmez diýip garşy çykdylar; olar diňe korollyk häkimiýeti bilen gatnaşyklary kanuny hasaplaýarlar. Çünki ummanyň aňyrsynda koloniýalary döretmeklige hut korolyň özi razylyk beripdi we diňe korolyň özi olary dolandyrmagyň aladasyny etdi. Olar korol Angliýanyň, hem şol bir wagtda koloniýalaryň korolydyr diýip tassyklaýardylar, emma olar iňlis parlamentine koloniýalar üçin kanunlary kabul etmek hukugynyň berilmeli däldigini, edil şonuň ýaly-da, koloniýalaryň kanun çykaryjy guramalarynyň Angliýa üçin kanun çykarmak hukugynyň berilmeli däldigini berk talap etdiler.

Britan parlamenti koloniýalaryň pikiri bilen ylalaşmak islemeýärdi. Ýöne, britan söwdagärleri öz söwda-satyk işleriniň ösmegine amerikan nägileliginiň ýaramaz täsir etjekdigini duýup, girizilen kanunlaryň ýatyrylmagynyň tarapdary hökmünde çykyş etdiler. Netijede, 1766-njy ýylda parlamentiň karary bilen Gerb salgydyna degişli kanun ýatyryldy, „Gara şire baradaky kanuna" bolsa üýtgetmeler girizildi. Ýöne, koloniýalaryň üstünden merkezleşdirilen gözegçiligiň tarapdarlaryny köşeşdirmek maksady bilen parlament many taýdan şübhe döredýän umumy kada-düzgüni ýa-da hak-hukugy kesgitleýji bir kanun kabul etdi. Şol kanuna laýyklykda parlamente „makul bilýän islendik ýagdaýlarynda" koloniýalara haý-küş edýän kanun kabul etmäge ygtyýar berildi.

## TAUNZHENDIŇ KANUNLARY

**1767**-nji ýyl özi bilen, öň bar bolan agzalalyklary has-da öjükdiriji çäreleriň ýene ençemesini getirdi. Britaniýanyň maliýe ministri Çarlz Taunzhende täze maliýe syýasatynyň taslamasyny düzmek tabşyrylýar. Amerikan söwdasyndan gümrük paçlaryny netijeli ýygnamak ýoly bilen Britaniýanyň salgyt tölegleri ni azaltmagy maksat edinip, ol gümrükhana dolandyrylyşyny berkidýär, şol bir wagtda hem Angliýadan koloniýalara ugradylýan kagyz, aýna, gurşun we çaý üçin paç almaklygy teklip edýär. Taunzhend kanunlary adyny alan bu kanunlar „koloniýalaryň ýurduň daşyndan getirýän harytlaryna girizilen salgytlar doly kanuny, ýurduň içindäki salgytlar (Gerb salgydyna degişli kanun ýaly) bolsa kanuny däl" diýlen düzgüne esaslanýardy.

Taunzhend kanunlarynyň maksady koloniýalaryň häkimlerini, eminlerini, gümrük işgärlerini we Amerikadaky britan goşunlaryny goldamakda peýdalanyp boljak girdejileri artdyrmakdy. Muňa jogap edip, filadelfiýaly aklawçy Jon Dikinson öz „Pensilwan mülkdarlarynyň hatlarynda" nägilelik bildirip, parlamentiň imperiýa söwdasyna gözegçilik etmäge hukugynyň bardygyny, ýöne paçlaryň ýurduň içindäkidiligine ýa-da daşyndakydygyna garamazdan, koloniýalara salgyt salmaga onuň hukugynyň ýokdugyny nygtady.

Taunzhend kanunlaryny durmuşa geçirmek ugrundaky düşündiriş işleri Gerb salgydyna degişli kanun baradaky kanunlary durmuşa geçiriljek bolandaky ýaly gazaply bolmasa-da, esasan-da, gündogar kenarýaka şäherlerinde ol örän güýçli geçdi. Söwdagärler ýene-de bir gezek „ýurduň daşyndan haryt getirmez-

lik” barasyndaky ylalaşyklara ýüzlenmeli boldular, adamlar bolsa ýerli önümler bilen oňşuk etmäge başladylar. Mysal üçin, koloniýaçylar öýde dokalan eşikleri geýdiler we çaýyň ýerini tutýan ösümlikden peýdalandylar. Olar öýde ýasalan kagyzlary ulandylar we jaýlaryny reňklemän oňdular. Bostonda täze kanunlaryň güýje girmegi nägileliklere alyp bardy. Gümrük gullukçylary paç ýygnamakçy bolanlarynda, ilat hüjüm edip, olara örän gödek darady. Şol sebäbe görä-de, gümrük dolandyryş edarasynyň wekillerini goramak maksady bilen ol ýere britan goşunynyň iki polky ugradyldy.

Bostonda britan goşunlarynyň bolmaklygy bidüzgünçilige çagyryş ýaly bolup göründi. 1770-nji ýylyň 5-nji martynda ilat bilen britan esgeleriniň arasyndaky gapma-garşylyk gazaply bidüzgünçilige ýazdy. Britan esgerlerine gar atmak ýaly, göräýmäge zyýansyz bir hereketden başlanan oýunuň soňy hüjüme ýazdy. Kimdir biri „Ot aç!” diýen buýrugy berýär. Tüsse ýatyşanda, bostonlylaryň üçüsiniň garyň üstünde öli ýatandygy mälim bolýar. „Boston gyrgynçylygy” adyny alan bu topalaň britanlaryň we olaryň zalym baştutanlarynyň doňýürekdikleriniň subutnamasy hökmünde beýan edildi.

Ýerlerde şeýle garşylyga duçar bolan parlament 1770-nji ýylda yza çekilmäge mejbur boldy. Taunzhendiň ähli gümrük paçlary, koloniýalarda zynat zat hasaplanan we az sanly barjamly raýatlaryň peýdalanan çaýyndan başga zatlara gümrük salgytlary ýatyryldy. Parlamentiň şuňa meňzeş hereketi köplere koloniýaçylara edilen uly eglişigi aňladýardy we Angliýanyň garşysyna kampaniýalar, umuman, bes edildi. „Iňlis çaýyna” koloniýalaryň girizen gadagançylygy dowam edýärdi, ýöne bu gaty berk berjaý edilmeýärdi. Koloniýalaryň pajarlap ösmegi dowam edýärdi we kolonial baştutanlaryň aglabasy indi gelejegi öz ygtyýaryna goýbermäge garşy däldi.

## SÄMUEL ADAMS

Ýöne, asudalyk üç ýyl dowam edeninden soň, radikallaryň o diýen uly bolmadyk topary bar bolan agzalalygyň ýatyşmazlygy ugrunda jan edýärdi. Olar salgyt tölemeklik bilen ylalaşmagyň özi, hakykat ýüzünde, parlamentiň koloniýalary dolandyrmaga hukugynyň bardygy bilen razylaşmagy aňladýar diýip aýdýardylar. Olarda gelejekde islendik pursat koloniýalary parlament tarapyndan dolandyrmak ýörelgesi ähli koloniýalaryň erkinliklerine uly zyýan ýetiriji täsirde ýaýradylar, diýen howsala bardy.

Radikallaryň arasynda Massaçusetsden bolan Sämuel Adams iň täsirli şahsdy. Ol bir maksat ugrunda, ýagny oktýabr ugrunda ýadawsyz göreşýärdi. 1740-njy ýylda Garward kollejini tamamlandan soň, Adams döwlet gullugynda işledi – jaýlaryň tüsseçykarlarynyň gözegçisi, salgyt ýygnaýjy we şäher ýygnaklarynyň başlygy hökmünde işledi. Söwdada işi oňmadyk Adams syýasatda belli bir orny eýelemegi başardy, Täze Angliýanyň şäher ýygnagy bolsa onuň üçin hereket sahnasy bolup, hyzmat etdi.

Adamsyň maksady adamlary jemgyýetçilik we syýasy baştutanlarynyň öňünde başyndan geçirýän gorkularyndan halas etmekdi, olara öz güýçlerine we möhümligine ynam döretmekdi we olary herekete galkyndyrmakdy. Şol maksat bilen ol gazetlerde makalalaryny çap etdirýärdi, şäher ýygnaklarynda söz sözleýärdi, koloniýaçylaryň demokratik hyjuwlaryny göreşe çagyrýan kararlaryň kabul edilmegini gazanýardy.

1772-nji ýylda ol Bostonyň şäher ýygnagyny koloniýaçylaryň hukugyny talap edip gazanmak üçin, „aragatnaşyk komitetini” saýlamaklyga yryp bildi.

Bu komitet kazylaryň iş hakyny Britaniýanyň gümrükhananyň girdejisinden tölemek baradaky kararyna garşy çykdy. Kazylar iş haklary babatda kanunçylyk guramalaryna garaşly bolmazlar we, şonuň üçin-de, onuň öňünde hasabat bermeli bolmazlar, bu bolsa „dolandyrmagyň despot görnüşine” getirer diýip komitet gorkdy. Komitet bu mesele boýunça beýleki şäherler bilen gepleşikler geçirdi we olaryň jogap bermeklerini talap etdi. Hakykatda, komitetler koloniýalaryň ählisinde diýen ýaly döredildi, olardan bolsa netijeli rewolýusion guramalaryň bazasy ösüp ýetişdi. Ýöne Adamsa ýangyn döretmek üçin doly ýangyç ýetmeýärdi.

## BOSTON „ÇAÝ IÇIŞLIGI”

1773-nji ýylda Britaniýa, her niçik hem bolsa, Adams we onuň tarapdarlary çykgynsyz bir mesele bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Çylşyrymly maliýe ýagdaýyna düşen kuwwatly Ost-Hindi kompaniýasy britan hökümetine haýyş bilen ýüzlenýär. Hökümet bolsa oňa koloniýalara eksport edilýän ähli çaýyň üstünden agalyk etmek hukugyny peşgeş berýär. Hökümet, şeýle-de Ost-Hindi kompaniýasyna çaýy lomaý alýan we öň çaý satmak bilen meşgullanýan koloniýaçylar bilen iş salyşman, gönüden-göni ilata çaý satýanlary çaý bilen üpjün etmeklige rugsat berdi. 1770-nji ýyldan soň bikanun çaý söwdasy iňňän giň möçberlerde alnyp baryldy. Amerikada sarp edilýän çaýyň uly mukdary daşary yurt öňümidi, özem gümrük salgydy tölenmän, ýurda bikanun getirilýärdi.ż öz adamlarynyň üsti bilen adaty bahadan has arzan satmak bilen Ost-Hindi kompaniýasy çaýy ýurda bikanun getirmek işini peýdasyz etdi we şol bir wagtda koloniýanyň garaşsyz täjirleriniň ýagdaýyna howp saldy. Diňe bir söwdasynda çeken ýitgileri däl-de, agalyk sürüji ýagdaýyň ýüze çykanlygy üçin, kolonial söwdagärler garaşsyzlygy wagyz edýän radikallara goşuldylar.

Atlantikanyň kenarýakasynyň başyndan aýagyna çenli ähli portlarynda Ost-Hindi kompaniýasynyň adamlary işden çykmaga mejbur boldular, täze gelýän çaýlar bolsa ýa-ha yzyna Angliýa ugradylýardy, ýa-da saklamak üçin ammarlara basylýardy. Ýöne Bostonda kompaniýanyň adamlary korollyk hökümetiniň goldamagynda koloniýaçylaryň garşysyna gidip, oppozisiýany göz öňünde tutmak bilen gelýän ýükleri düşürmeklige taýýarlanyp başladylar. 1773-nji ýylyň dekabr aýynyň 16-synyň gijesi indeý keşbine giren birtopar adam Sämuel Adamsyň habarly bolmagynda aýlagda labyr taşlan üç sany iňlis gämisine aralaşdy we olaryň çaý ýüküniň ählisini Boston aylagyna taşlady. Olar „eger-de çaý düşüriläýse, koloniýaçylar salgyt tölemäge boýun bolarlar we ony satyn alarlar” diýen gorky bilen bu çärä ýüz urupdylar. Adams we onuň topary öz ildeşleriniň ýörelgelere wepalydyklaryna şübhelenýärdiler.

Britaniýa indi kynçylykly geçiş döwri bilen ýüzbe-ýüz boldy. Ost-Hindi kompaniýasynyň parlament hukugy bardy, eger-de çaýyň ýok edilmegi temmisiz galdyrylaýsa, onda parlamentiň koloniýalaryň üstünden gözegçilik edip bilmeýändigini bütin dünýäniň öňünde ykrar etdigi bolýardy. Resmi Angliýa iş ýüzünde Boston çaý hadysasyny wandalizm akty hökmünde biragyzdan ýazgardy we koloniýaçylary agyzdyryklamak üçin, kanuny çäreleriň görülmelidigini aýtdy.

## MEJBURY KANUNY AKTLAR

Parlament bu ýagdaýa täze kanunlar bilen jogap berdi, koloniýaçylar ol kanunlary „mejbury ýa-da çydap bolmajak kanunlar” diýip atlandyrdylar. Ol ka-

nunlaryň birinjisi Boston porty baradaky kanun bolup, ol ýok edilen çaýyň bahasy tölenýänçä, Boston portuny ýapdy – bu ýagdaý şäheriň bütin ýaşaýşyna howp salýardy, sebäbi Bostona deňiz ýolunyň ýapylmagy ykdysady heläkçiligi alamatlandyrýardy. Beýleki çäreler ýerli häkimiýetleriň ygtyýarlyklaryny çäklendirýärdi we gubernatoryň rugsady bolmazdan geçirilýän şäher ýygnaklaryny gadagan edýärdi. Jaýlara ýerleşdirmek baradaky kanun ýerli häkimiýetleri britan goşunlary üçin ýaramly jaýlary tapmaklyga we zerurlyk bolsa, harbylary, hatda, hususy jaýlarda ýerleşdirmeklige borçly edýärdi. Bu kanunlar, parlamentiň güman edişi ýaly, Massaçusetsi boýun egdirmegiň we çetleşdirmegiň deregine, gaýta beýleki ähli koloniýalary oňa kömege galkyndyrdy.

Edil şol bir wagtda diýen ýaly kabul edilen Kwebek kanuny Kwebek welaýatynyň çäklerini giňeltdi we fransuz ilatyna dine uýmak erkinligini berdi hem kanuny däp-dessurlary bellemeklige mümkinçilik döretdi. Koloniýaçylar bu kanunyň girizilmegine nägilelik bildirdiler, sebäbi ol amerikanlaryň günbatara ýaýramagy baradaky öňki talaplaryny inkär edip, gelejekde demirgazykdan we demirgazyk-gündogardan roman-katolik welaýat bilen gurşalmak howpuny salýardy. Kwebek kanuny jezalandyryjy çäre hökmünde kabul edilmedik-de bolsa, amerikalylar oňa mejbury kanuny akt hökmünde garadylar we „bäş mejbury aktlaryň" biri hökmünde baha berdiler.

Wirjiniýanyň şäherliler öýüniň maslahaty boýunça 1774-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda „koloniýalaryň häzirki betbatçylykly ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşmak" maksady bilen koloniýalaryň wekilleri Filadelfiýa ýygnandylar. Birinji kontinental gurultaý hökmünde belli bolan bu duşuşygyň delegatlary welaýat gurultaýlarynda ýa-da jemgyýetçilik ýygnaklarynda saýlandy. Jorjiýadan başga her bir koloniýa azyndan bir wekil iberdi. Umumy sany 55 bolan delegatlar dürli pikirleri beýan etmek üçin azlyk etmese-de, hakyky çekişmeler we netijeli hereket etmek üçin juda az boldy. Koloniýalaryň garaýyşlarynyň gapma-garşy çykmagy delegatlar üçin hakyky kyn ýagdaýa öwrüldi. Olar britan hökümeti eglişik eder ýaly, berk jebislik görkezmelidiler, şol bir wagtda-da aramrak bolan amerikalylary howsala salmazlyk üçin, islendik radikalizme ýa-da garaşsyzlyga ýaňzytmadan sowa geçmelidiler. Maksatnamadan seresaplylyk bilen edilen giriş sözi mejbury aktlara boýun egmezlik barada „aýgytlylyk" bilen jemlendi.

Gurultaý ençeme karar kabul etmek bilen öz işini tamamlady. Olaryň arasynda koloniýaçylaryň „ýaşaýşa, erkinlige we hususy eýeçilige" hukugy, şeýle hem, welaýatlaryň kanun çykaryjy guramalarynyň „salgyt salmagyň we içeri syýasatyň ähli meselelerini" çözmek hukugy baradaky kararlar bardy.

Ýöne, gurultaýyň iň möhüm karary „Kontinental bileleşigini" döretmek baradaky karar boldy, ol söwda girizilen gadagançylygy täzeden dikeltmegi we komitetler ulgamyny döretmekligi göz öňünde tutdy. Şol komitetler ulgamynyň maksady gümrük geçelgelerini barlamak, ylalaşygy bozan söwdagärleriň atlaryny çap etmek, olaryň ýurda getiren harytlaryny elinden almak, tygşytlylyga, ykdysadyýetiň we senagatyň ösmegine ýardam etmekdi.

Şol bileleşik dessine koloniýalarda baştutanlyga eýe boldy we korollyk häkimiýetinden nam-nyşan göýmazlyga ýerli täze guramalar üçin itergi boldy. Garaşsyzlygyň tarapdary bolan baştutanlaryň ýolbaşçylygynda şol guramalar ilatyň diňe gurplular gatlagyndan däl-de, eýsem hünärmen senetçiler toparyndan, hususan hem ýuristler tarapyndan,

günortadaky hojalyklaryň düýbüni tutanlaryň köpüsinden we ençeme täjirlerden goldaw tapdylar. Olar ikirjiňlenýänleri öz hataryna çekmegi, goldaw tapan, herekete duşmançylykly garaýanlara bolsa temmi bermegi başardylar. Olar harby üpjünçiligi we goşun toplamagy berjaý edip başladylar. Olar jemgyýetçilik pikirini rewolýusiýa tarap gönükdirýärdiler.

Amerikalylaryň köpüsi öz hukuklaryna britanlar tarapyndan kast edilmegine nägilelik bildirýärdiler. Şeýle-de bolsa, olar dartgynlylygy gepleşikler arkaly ylalaşyk ýoly bilen parahatçylykly çözmeklige sarpa goýýardylar. Gepleşikler toparyna korol tarapyndan bellenen gullukçylar, zorluk-sütemiň ulanylmagyna garşy bolýan kwakerleriň aglabasy, şeýle hem, beýleki dini şahalaryň agzalary, täjirleň köpüsi, hususan-da, merkezi we günorta koloniýalardan birnäçe nägile mülkdardyr serhet ýakasynda oturan raýatlar girýärdiler.

Korol şeýle köpsanly aram pikirli raýatlar bilen ýaranlyga öz täsirini ýetirip, olara wagtynda eglişik edip, öz ýagdaýyny berkidip bilerdi, netijede rewolýusia meýilli adamlar onuň garşysyna çykyş etmäge çekinerdiler. Emma Jorj III-niň hiç hili eglişige gitmek hyýaly ýokdy. 1774-nji ýylyň sentýabrynda filadelfiýaly kwakerleriň ýüzlenmesine ol: „Bije atyldy, koloniýalar ýa boýun egerler, ýa-da ýeňerler” diýip ýazdy. Bu hereket mejbury kanunlaryň kabul edilmeginden soň wakalaryň ýaýbaňlanmagyndan gorka düşen hereket edýän düzgüniň tarapdarlaryny çetleşdirdi.

## REWOLÝUSIÝANYŇ BAŞLANMAGY

Aýaly amerikaly bolan görmegeý iňlis jentlmeni general Tomas Geýj Bostondaky harby bölüme ýolbaşçylyk edýärdi. Şol ýerde syýasat bilen meşgul bolmak büs-bütinleý diýen ýaly söwdanyň ornuny eýeläpdi. Geýjiň koloniýalardaky esasy wezipesi sütem ediji kanunlary güýje girizmekdi. Bostondan 35 kilometr uzaklykda ýerleşýän Konkord şäherinde massaçusetsli koloniýaçylaryň däri hem harby enjamlary toplaýandygyny eşidende, ol şol ýere öz harby bölüminden güýçli esgerler toparyny iberip, şol ýaraglary ellerinden almagy tabşyrdy.

Britan harby güýçleri uzakly gije ýol ýöräp, 1775-nji ýylyň 19-njy aprelinde Leksington obasyna baryp ýetdi we säher ümri zerarly zordan görünýän, aýgytly çozuşa taýýar bolup duran ýetmiş „minutçyny” gördi. Olaryň her minutda söweşmäge taýýardyklary üçin, olara şeýle at berlipdi. Minutçylar sessizje garşylyk bildirip oňmakçy boldular, emma britan goşunynyň baştutany maýor Jon Pitkeýrn: „Dargaň, nälet siňen gozgalaňçylar! Güm boluň, itler!” diýip gygyrdy. Minutçylaryň ýolbaşçysy kapitan Jon Parker tä özlerine ok atylýança, ilkinji atmazlygy toparyna tabşyrdy. Ilkinji tüpeň sesi çykan pursady amerikalylar eýýäm yza çekilip başladylar, atylan tüpeň sesi britan güýçleriniň hem minutçylary oka tutup başlamagyna getirdi. Britanlar soňra naýzaly hüjüme geçdiler, emma söweş meýdanynda 8 jeset we 10 sany ýaralanan esger galdyrdylar. Ralf Waldo Emersonyň bu babatdaky ýygy-ýygydan aýdylýan sözlerine görä, bu „Bütin dünýä ýaň salan tüpeň sesi” bolupdy.

Britanlar soňra Konkorda hüjüm etdiler. Amerikanlar köp möçberde harby enjamlary alypdylar, ýöne britanlar galan zatlaryň hemmesini ýok etdiler. Ol wagta çenli amerikalylar şäheriň etegine öz güýçlerini jemlediler we Konkorda tarap süýşdüler, britanlaryň harby güýçleri uly ýitgilere sezewar bolup, Bostona tarap uzaga çeken yza çekilişi başlady-

lar. Şeýle-de bolsa, ýiti gyzyl reňkli eşikdäki britan esgerleri meýletin esgerler üçin nyşana öwrüldiler. Uzakly ýoluň dowamynda daş diwarlaryň, baýyrlaryň we jaýlaryň aňyrsyndan Midlseksiň her obasynyň we daýhan hojalygynyň meýletin esgeri olara hüjüm edýärdi. Tapdan düşen esgerler süýrenip, özlerini Bostona atanlarynda, olaryň öldürilenleriniň we ýaralanlarynyň sany 250 adamdan geçipdi. Amerikalylaryň çeken ýitgisi 93 adam boldy.

1775-nji ýylyň 10-njy maýynda Filadelfiýada, Pensilwaniýa ştatynda entek Leksingtondaky we Konkorddaky howsala dörediji wakalaryň sesi ýatyşmanka, ikinji kontinental gurultaý geçirildi. Gurultaý maý aýynyň 15-ine çenli urşa başlamaga ses berdi we kolonial meýletinçileri resmi taýdan goşun gullugyna çagyrmak barada karar kabul etdi, şeýle hem, wirjiniýaly polkownik Jorj Waşingtony amerikan güýçleriniň Baş serkerdesi wezipesine belledi. Şol wagtyň dowamynda amerikalylar Bostondan uzakda bolmadyk Banker Hilliň eteginde uly ýitgiler çekdiler. Gurultaý, şeýle-de, güýze çenli demirgazyga tarap Kanada gitmegi buýurdy. Soňrak Monrealy eýelemeklerine garamazdan, amerikalylar gyşda Kwebeke eden hüjüminde ýeňlişe sezewar boldular we Nýu-Ýorka gaýdyp geldiler.

Harby çaknyşyklaryň döremegine garamazdan, kontinental gurultaýyň käbir agzalary üçin henize çenli Angliýadan doly aýrylmak pikiri ýatdy. Iýulda Jon Dikinson zeýtun şahasy ýüzlenme ady bilen tanalýan kararyň taslamasyny taýýarlady. Onda ylalaşyga gelinýänçä, ýene-de bolaýjak duşmançylykly hereketleriň öňüni almaklygy koroldan haýyş etdi (zeýtun şahasy – parahatçylygyň alamaty). Bu ýüzlenmä Korol gabagyny hem galdyrmady we 1775-nji ýylyň awgust aýynyň 23-ünde ýüzlenme çap edip, onda koloniýalar gozgalaň ýagdaýynda diýip yglan etdi.

Britaniýa günorta koloniýalar özüne wepaly bolup galarlar diýip umyt edýärdi, sebäbi olar gulçulyga bil baglaýardylar. Günorta plantatorlarynyň köpüsi Britaniýanyň garşysyna gozgalaň turuzmak gullaryň ýer eýelerine garşy gozgalaň turuzmagyna getirer öýdüp gorkýardylar. 1775-nji ýylyň noýabrynda Wirjiniýanyň häkimi Lord Danmor britanlaryň tarapynda göreşjek gullaryň ählisine azatlyk bermegi teklip etdi. Ýöne Danmoryň bu çagyryşy özge ýagdaýda britan täjine wepaly bolup galjak wirjiniýalylaryň köpüsi üçin gozgalaňçylaryň tarapyna geçmäge itergi bolup hyzmat etdi.

Demirgazyk Karolinanyň häkimi Joşia Martin hem demirgazyk karolinalylaryň täje wepaly bolup galmaklary ugrynda tagalla baryny etdi. Martiniň çagyryşyna 1500 adam seslenen wagtynda britan goşunynyň kömegi gelip ýetişýänçä, olar rewolýusion goşun tarapyndan derbi-dagyn edildi. Britan harby gämileri kenar bilen aşaklygyna ýüzüp Günorta Karolina ştatynyň Çarlston şäherine golaýlady we 1776-njy ýylyň iýunynda ir ertirden şäheri oka tutup başlady. Ýöne, günorta karolinalylaryň taýýarlanyp ýetişmäge wagtlary bolupdy we olar aýyň ahyryna çenli britanlaryň hüjümini yza serpikdirmegi başardylar. Iki ýyldan-da uzagrak britanlar Günortada görünmediler.

## „KÖPÇÜLIGIŇ PAÝHASY” WE GARAŞSYZ LYK

**1776**-njy ýylyň ýanwarynda syýasy teoriýaçy we ýazyjy Tomas Peýn 50 sahypadan ybarat „Köpçüligiň paýhasy” atly kitapça çap etdirdi. Ol Amerika Angliýadan 1774-nji ýylda gelipdi. Üç aýyň dowamyda kitapçanyň 100000 sanysy satyldy. Şol işinde

Peýn mirasdüşer monarhiýa düşünjesini tankytlap, „häkimiýet başynda bolup, täç geýip, ýaşap geçen haramhorlaryň hemmesinden bir päk, wyždanly adam jemgyýet üçin has gymmatlydyr” diýip nygtady. Ol: „Iki zatdan birini saýlamaly: ýa korolyň sütemine we sandan galan hökümete dyngysyz boýun bolmagy dowam etmeli ýa-da öz-özüni üpjün edýän azat, garaşsyz respublikanyň erkinliginden we bagt-eşretinden lezzet almaly” diýýärdi. Koloniýalaryň hemmesinde giňden ýaýran „Köpçüligiň paýhasy” kitapçasy bölünip aýrylyp, özbaşdak bolmak hyjuwynyň bişişmegine ýardam etdi.

Ýöne her bir koloniýa resmi jarnamanyň makullanmagyny gazanmalydy. Ikinji kontinental gurultaýyň birinji mejlisiniň geçirilmegine laýyk bir ýyl bolanda, 1776-njy ýylyň 10-njy maýynda bölünip aýrylmaga çagyrýan ýüzlenme kabul edildi. Indi diňe resmi jarnamanyň özi gerekdi. Iýunyň 7-sinde wirjiniýaly Riçard Genri Li: „Bu Birleşen koloniýalar azat we garaşsyz ştatlardyrlar we hut şeýle bolmaga olaryň hak-hukuklary bardyr...” diýip yglan eden ýüzlenmesini hödürledi. Haýal etmän hem, wirjiniýaly Tomas Jefersonyň ýolbaşçylygynda resmi jarnamany taýýarlamak üçin 5 adamdan ybarat bolan iş topary saýlandy.

Köp bölegi Jeferson tarapyndan taýýarlanyp, 1776-njy ýylyň iýul aýynyň 4-ünde kabul edilen Garaşsyzlyk Jarnamasy diňe bir täze döwletiň dörändigini yglan etmän, eýsem bütin dünýäde herekete getiriji güýje öwrülen adamzat erkinliginiň täze pelsepesiniň düýbüni-de tutdy. Jarnama köp babatda fransuzlaryň we iňlisleriň magaryf syýasy pelsepesine esaslansa-da, Jon Lokuň „Döwlet barada ikinji ylmy işi” jarnama iňňän güýçli täsirini ýetirdi. Lok iňlisleriň adaty hukuklaryny esas edip aldy we ony külli adamzadyň tebigy hukuklary hökmünde umumylaşdyrdy. Jarnamanyň ilkinji bendinde Lokuň döwleti edara dolandyrmagyň jemgyýet ylalaşygy taglymatyny ýadyňa salýar:

*Biz şu hakykaty hemmeler üçin aýdyň bolsun diýip jan-tenimiz bilen uýyp beýan edýäris: ýagny, ähli adamlar deň ýaradylandyr, olaryň Ýaradan tarapyndan berilen eldegrilmesiz hak-hukuklary bardyr we olara ýaşamaga, azatlyga we öz bagtyna ýetmek üçin göreşmäge hukuklar degişlidir. Ýagny, şu hukuklary üpjün etmek üçin adamlar öz aralarynda hökümeti döredýärler, hökümetler bolsa öz adyl ygtyýarlylygyna raýatlarynyň razylygy esasynda ýetýärler. Ýagny, hökümet haýsy görnüşde bolsa hem, şu gymmatlyklary bozsa, onda, ony üýtgetmäge ýa-da dargytmaga hem-de adamlaryň özleri üçin abadançylygy we bagty üpjin edip biläýjek iň mynasyp ýörelgelere esaslanýan we ygtyýaryny şol maksatlara ýetmäge gönükdirjek täze hökümeti döretmäge hukugy bardyr.*

Jeferson şol jarnamada Lokuň ýörelgelerini gönüden-göni koloniýalardaky ýagdaý bilen baglanyşdyrmagy başarypdyr. Amerikanyň garaşsyzlygy ugrundaky göreş „konstitusiýamyza ýat bolan we biziň kanunlarymyz tarapyndan ykrar edilmedik düzgünlere bizi tabyn etmek üçin, özgeler bilen birleşen...” korolyň häkimliginden tapawutlylykda köpçüligiň razylygyna esaslanandyr. Diňe jemgyýetçilik razyçylygyna esaslanýan hökümet ýaşamak, azat bolmak we öz bagtyň ugrunda göreşmek ýaly tebigy hak-hukuklary üpjün edip biler. Şeýlelik bilen, amerikan garaşsyzlygy ugrundaky göreş öz tebigy hukuklaryň ugrunda göreşi aňladýar.

## ÝEŇLIŞLER WE ÝEŇIŞLER

Amerikalylar garaşsyzlygyny yglan edenlerinden soňra, köp aýyň dowamynda ýitgili ýeňlişlere sezewar bolan-da bolsalar, olaryň erjelligi we tutanýerliligi biderek bolmady. 1776-njy ýylyň awgustynda Nýu-Ýorkdaky Long-Aýlendde bolan söweşlerde Waşingtonyň eýeleýän ýagdaýy goranmak üçin ýaramaz ýagdaýa düşýär we ol kiçi gaýyklarda Bruklinden Manhetteniň kenarlaryna örän ussatlyk bilen yza çekilmek işini geçirýär. Britan generaly Wilýam Howe bolsa iki gezek ikirjeňlenip, aýgytly hereket edip bilmän, amerikalylaryň gaçyp ýetişmegine mümkinçilik berýär. Ýöne, noýabr aýyna çenli Howe Manhetten adasyndaky Waşington galasyny eýelemegi başarýar. Nýu-Ýork şäheri urşuň ahyryna çenli iňlisleriň gözegçiliginde galýar.

Dekabr aýyna çenli Waşingtonyň güýçleri halys tapdan düşüpdi, sebäbi wada edilen üpjünçilikdir kömek berilmändi. Ýöne, Howe harby hereketlere başlamaklygy bahara çenli togtatmagy karar edip, ýene-de amerikanlary derbi-dagyn etmek mümkinçiligini elden giderdi. Şol bir wagtda, Waşington Nýu-Jersi ştatynyň Trenton şäheriniň demirgazygyndaky Delawer derýasyndan geçdi. Dekabryň 26-synda ir ertirden onuň esgerleri Trenton harby bölümini gürpbasda düşürip, 900-den köpräk esgeri ýesir aldy. Bir hepdeden soň, 1777-nji ýylyň ýanwar aýynyň 3-ünde Waşington Prinstonda britanlara hüjüm edip, resmi taýdan britanlar tarapyndan eýelenen ýerleriň köpüsini yzyna gaýdyp aldy. Trentondaky we Prinstondaky ýeňişler gowşap barýan amerikan ruhuny göterdi.

1777-nji ýylda Howe Pensilwaniýa ştatyndaky Brändiwaýnda amerikan goşunlaryny derbi-dagyn edip, Filadelfiýany eýeledi. Şu sebäpli, kontinental gurultaýy gaçmaga mejbur etdi. Waşington 1777–1778-nji ýyllar aralygyndaky aňzak aýazly gyşy Pensilwaniýanyň Forj jülgesinde azyk, geýim-gejim we beýleki zerur zatlar ýetmezçiliginde, horluk çekip geçirmeli boldy. Amerikanlara garanda, Britan esgerleri uly kynçylyk çekmediler, sebäbi harytlaryny kontinental gurultaý tarapyndan goýberilen kagyz pula däl-de, eýsem britan altyn-kümşüne satmak daýhanlara we täjirlere has amatlydy.

Forj jülgesinde başyndan geçiren günleri Waşingtonyň kontinental goşuny üçin iň agyr synaglaryň biri boldy, ýöne 1777-nji ýyl uruşda öwrülişik ýyly boldy. 1776-njy ýylyň ahyrynda britan generaly Jon Bergoýn Çampleýn kölüniň we Gudzon derýasynyň üsti bilen geçip, Nýu-Ýorky we Täze Angliýany eýelemek meýilnamasyny oýlap düzdi. Ýöne, ýaman ýeri, onuň agyr harby üpjünçilik enjamlary aşa köp bolansoň, batgaly jeňňelliklerden geçäýmek aňsat iş däldi. Nýu-Ýork ştatynyň Oriskani obasynyň golaýynda generalyň serkerdeligine wepaly adamlaryň we indeýleriň bir topary amerikalylaryň söweşlerde taplanan göçme bir goşunynyň üstünden barýar. Bergoýnyň azyga, ok-ýaraga uly mätäçlik çekýän goşunynyň ýene-de bir topary Wermont ştatynyň Bennington diýilýän ýerinde amerikan goşunlaryna gabat gelýär. Ýüze çykan çaknyşyk Bergoýnyň goşunynyň ep-esli yza çekilmegine alyp bardy we Waşingtona Nýu-Ýork ştatyndaky Olbaniniň diýlen ýere golaýdan geçýän Gudzon derýasynyň aşaky akymyndan goşmaça güýçleriň iberilmegine mümkinçilik döretdi. Bergoýn täzeden öňe süýşmäge ýagdaý tapýança, amerikalylar eýýäm oňa gaýtawul bermäge taýýardylar. Nýu-Ýork ştatyndaky West-Poýnt diýilýän ýerde soňra amerikanlara dönüklik eden Benedikt Arnoldyň serkerdeliginde amerikalylar britaniýalylaryň hüjümini iki gezek yza serpikdirdiler.

Bergoýn Nýu-Ýork ştatyndaky gaban Saragot şäherine yza çekilmäge mejbur boldy. Ol ýerde amerikan goşunlary general Horeýşio Geýtsiň serkerdeliginde britanlaryň goşunyny gabawa saldy. 1777-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Bergoýn öz ähli goşuny bilen boýun egdi. Söweşlerde Britaniýanyň 6 generaly, 300 ofiseri we 5500 esgeri wepat boldy.

## FRANSUZ-AMERIKAN ÝARANLYGY

Fransiýanyň içinde amerikalylaryň üstünliklerine begenýän örän köpdi. Aňdüşünjeli hem-de sowatly fransuzlaryň özleri hem agalyk ediji hususyýetçi we ähli ýeňilliklerden peýdalanýan synpdan nägilediler. Ýöne, korol häkimiýeti koloniýalara ideologiýa nukdaýnazaryndan däl-de, eýsem geosyýasy nukdaýnazardan goldaw berýärdi: fransuz hökümeti 1763-nji ýylda ýeňlişe sezewar bolan gününden soň Britaniýa garşy jezalandyryjy hereket etmegiň amatly pursadynyň gözlegindedi. Amerikan üstünligini has hem ilerletmek üçin, 1776-njy ýylda Benjamin Franklini Pariže ýollaýarlar. Onuň akyl-paýhasy, çeýeligi we salyhatlylygy tiz wagtda bu ýurduň çäginde amerikan harby täsiriniň duýulmagyna alyp bardy we fransuzlaryň goldawyny gazanmaga uly goşant etdi.

1776-njy ýylyň maýynda Fransiýa koloniýalara kömek iberip başlady. Şonda ol harby enjamlary ýükläp, 14 sany gämäni Amerika ugratdy. Hakykatda amerikan goşunynyň ulanýan därisiniň köpüsi Fransiýadan gelýärdi. Saragotda britanlar ýeňlişe sezewar bolandan soň, Fransiýa öz köneden gelýän duşmanyny ymykly tapdan düşürmäge mümkinçilik tapdy. Şeýle hem, bu ýedi ýyla çeken (Fransiýa bilen ýerli ilatyň arasyndaky) uruş zerarly deňagramlylygyny ýitiren güýçlerini dikeltmäge Fransiýa üçin gowy mümkinçilikdi. 1778-nji ýylyň 6-njy fewralynda Amerika we Fransiýa dostlukly gatnaşyklar hem söwda baradaky şertnama gol çekdiler. Şol resminamada Fransiýa Amerikany ykrar etmek bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýmagy teklip etdi. Olaryň ýaran bolmak baradaky gol çeken şertnamasyna laýyklykda bolsa, eger-de Fransiýa urşa goşulaýsa, tä Amerika öz garaşsyzlygyna eýe bolýança, bularyň hiç biri ýaragy elden düşürmeli däl we bularyň biriniň razylygy bolmazdan, beýlekisi Britaniýa bilen ýaraşyga gol çekmeli däl, şeýle hem, olaryň hersi beýlekisiniň Amerikadaky mal-mülküne kepil bolmaly. Bu Birleşen Ştatlaryň we ondan öňki döwletleriň 1949-njy ýyla çenli goranmak baradaky iki taraplaýyn gol çeken ýalňyz şertnamasy boldy.

Köp wagt geçmänkä, fransuz-amerikan ýaranlygy bar bolan dartgynlylygyň has-da ýaýbaňlanmagyna alyp bardy. 1778-nji ýylyň iýunynda britan gämileri fransuz gämilerini oka tutdular we bu iki ýurduň arasynda urşuň tutaşmagyna sebäp boldular. 1779-njy ýylda Ispaniýa-da bu urşa baş goşdy, emma ol ne Fransiýa ne-de Amerika bilen ýaran boldy. Onuň bu uruşda öz bähbidi bardy – ol ýediýyllyk uruşda elinden Britaniýa gideren ýerlerini täzeden yzyna gaýdyp almagy maksat edinipdi. 1780-nji ýylda Britaniýa Gollandiýa garşy uruş yglan etdi, onuň amerikalylar bilen söwdany dowam edýänligi muňa sebäp boldy. Fransiýanyň ýolbaşçylygynda ýewropa ýurtlarynyň bilelikde salýan howpy amerikan koloniýalarynyň ýekelikde salýan howpundan has uludy.

## BRITANIÝALYLARYŇ GÜNORTA SÜÝŞMEKLERI

Fransiýa urşa goşulandan soň, britanlar günorta koloniýalar üçin edýän

tagallalaryny iki esse güýçlendirdiler. Olaryň pikiriçe, günortadakylaryň köpüsi korola wepalydy. Harby hereket 1778-nji ýylyň aýagynda Jorjiýa ştatyndaky sawannany eýelemekden başlandy. Onuň yzysüre britan esgerleri Günorta Karolina ştatynyň baş gämi duralga şäheri Çarlstona tarap hereket etdi. Britanlar öz deňiz güýçlerini şol ýere jemläp, Çarlston ýarym adasyndaky amerikan güýçlerini gabamagy başardylar. Maýyň 12-sinde general Benjamin Linkoln şäheri we 5000 esgerli goşunyny iňlislere tabşyrdy. Bu amerikalylaryň şol uruşdaky iň uly ýeňlişi boldy.

Ýöne ykbalyň beýle oýny gaýta amerikaly gozgalaňçylaryň güýjüne güýç goşdy. Tiz wagtdan günorta karolinalylar çapawullap, britan berkitmelerine hüjüm edip başladylar. Iýul aýyna çenli amerikan generaly Horeýşio Geýts ýörite türgenleşik geçmedik meýletinçlerden düzülen goşun bilen general Çarlz Kornwollisiň ýolbaşçylygyndaky iňlis goşunlaryna gaýtawul bermek üçin Günorta Karolina ştatyndaky Kämdene tarap herekete başlady. Ýöne Geýtsiň goşunynyň taýýarlyksyz esgerleri britanlaryň tejribeli goşuny bilen çaknyşanlarynda, dowla düşüp gaçdylar. Kornwollisiň goşuny ýene ençeme sapar amerikalylar bilen çaknyşdy. Ýöne, söweşleriň iň ulusy 1781-nji ýylyň başynda Günorta Karolina ştatynda, Kaupensiň eteginde boldy. Şonda amerikalylar britanlylary uly ýeňlişe sezewar etdiler. Demirgazyk Karolinada surnukdyryjy we netijesiz yzarlamalardan soň, Kornwollis Wirjiniýa tarap ugrady.

## ÝEŇIŞ WE OKTÝABR

1780-nji ýylyň iýulynda Fransiýanyň koroly Lýudowik XVI Amerika Kom Žaň de Roşambonyň baştutanlygynda 6000 adamdan ybarat agtaryş güýçlerini ugratdy. Onuň üstesine-de fransuz floty britan gämilerine ynjalyk bermeýärdi we Nýu-Ýork şäherinden Wirjiniýadaky britan goşunlaryna ýük alyp barýan gämä päsgel berýärdi. Umumy sany 18000 adam ybarat bolan fransuz we amerikan goşuny we floty Kornwollisiň hüjümlerini tutuş tomus we güýz pasyllarynyň dowamynda yza serpikdirdiler. Ahyry 1781-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda Çesapik aýlagynyň agzyndaky Ýorktaunda duzaga düşenden soň, Kornwollis 8000 britan esgerinden ybarat bolan öz goşuny bilen boýun egdi.

Kornwollisiň ýeňlişi bilen uruş dessine tamamlanmasa-da (çünki ol ýene-de iki ýyl çemesi dowam etdi), täze britan hökümeti 1782-nji ýylyň başynda Parižde amerikalylar bilen ýaraşyk barada gepleşiklere başlamak kararyna geldi. Amerika tarapyna Benjamin Franklin, Jon Adams we Jon Jeý wekilçilik etdi. Aprel aýynyň 15-inde Kongres şertnamanyň ahyrky görnüşini makullady. Şondan soň, sentýabr aýynyň 3-ünde Beýik Britaniýa we onuň öňki koloniýalary şertnama gol çekdiler. „Pariž şertnamasy” ady bilen taryha giren şol parahatçylyk şertnamasy mundan bu ýana ştatlar diýlip atlandyrylan 13 sany öňki koloniýalaryň garaşsyzlygyny, azatlygyny we özbaşdaklygyny ykrar etdi. Beýik Britaniýa olara Missisipi derýasynyň günbataryndaky, Kanadanyň demirgazygyndaky we Floridanyň günortasyndaky Ispaniýa gaýtarylyp berlen ýerleri peşgeş berdi. Ýedi ýyl ozal Riçard Henri Li tarapyndan „ýelegi ýetmedik” diýip atlandyrylan koloniýalar ahyry „azat we garaşsyz ştatlar” boldular. Ýöne, bir bütewi milleti we döwleti döretmek wezipesi entek öňdedi. ◇

# AMERIKAN REWOLÝUSIÝASY DÖWRÜNDÄKI WEPADARLAR

Şu günki amerikalylar oktýabr ugrundaky urşa rewolýusiýa hökmünde garaýarlar, ýöne wajyplygy nukdaý nazardan ol raýatlyk urşy bolupdy. Amerikan wepadarlary ýa-da olaryň garşydaşlarynyň atlandyryşy ýaly „toriler”, rewolýusiýa garşy boldular we olaryň köpüsi eline ýarag alyp, gozgalaňçylara garşy göreşdiler. Käbir çaklamalara görä, wepadarlaryň hatarynda 500 müň adam ýa-da koloniýalaryň ähli akýagyz ilatynyň bäşden biri bolupdyr.

Wepadarlary hereketlendiriji güýç näme boldyka? Bilimli amerikalylaryň köpüsi, olaryň wepadarlar ýa-da rewolýusiýaçylardygyna garamazdan, Jon Lokuň ynsanyň tebigy hukuklary we çäkli hökümet baradaky taglymatyny kabul etdiler. Wepadarlar hem gozgalaňçylar ýaly britanlaryň gerb salgydy we mejbury kanuny aktlar baradaky kanunlaryny tankytladylar. Wepadarlar nägileliklerini parahatçylykly ýol bilen beýan etmegiň tarapdarydylar, sebäbi olar zorlugyň baş-başdaklyga ýa-da sütemkär düzgüne alyp barjakdygyna ynanýardylar. Şeýle-de, olar garaşsyz bolmak bilen britan söwda ulgamynda agza bolmaklygyň berýän ykdysady bähbitlerini ýitirjekdiklerine ynanýardylar.

Durmuşyň ähli gatlaklarynda wepadarlar bardy. Olaryň köpüsi ownuk mülkdarlar, senetçiler we dükan eýeleridi. Britan gullukçylarynyň köpüsiniň korolyň täjine wepaly bolup galmaklary geň zat däldi. Baý täjirler-de, edil iňlis dindarlary ýaly, hususan-da, täze puritanlar Angliýada bolşy ýaly, täje wepaly galmaklyga ymtylýardylar. Wepadarlaryň arasynda garaýagyzlar-da (olara Britaniýa azatlyk wada edipdi), indeýler-de, şertnamalaşan hyzmatkärler-de, nemes göçmenleri-de (nemesler koroly diňe Jorj III-niň asly nemes bolandygy üçin goldaýardylar) bardy.

Koloniýalaryň hersinde wepadarlaryň sany dürli-dürlüdi. Soňky çaklamalara görä, Nýu-Ýorkuň ilatynyň ýarysy wepadarlardan bolupdyr; olar rewolýusiýa döwründe britaniýalylaryň garamagynda bolan jemgyýetiň atly-abraýly adamlarydy. Günorta we demirgazyk Karolina ştatlarynyň uzak etraplaryndaky daýhanlary-da wepadarlardandy. Taýdwoterli plantatorlar bolsa rewolýusiýany goldaýardylar.

Rewolýusiýa wagtynda wepadarlar öz ynamlaryndan uly zelel çekmediler. Ýöne, olaryň azragy, britanlar tarapyndan ýaragdyr beýleki zerurlyklary bilen üpjün edilen 19 müň çemesi wepadar çaknyşyga baş goşupdy.

Parižde gol çekilen ýaraşyk şertnamasyna laýyklykda, Kongres wepadarlardan alnan emläkleri gaýdyp bermelidi. Mysal üçin, pensilwaniýaly Wilýam Peniň we meriländli Jorj Kolwertiň mirasdüşerlerine ep-esli mal-mülk gaýtarylyp berildi. Wepadarlar bilen rewolýusiýaçylaryň arasyndaky oňşuksyzlyk aýratyn uly bolan Günorta we Demirgazyk Karolina ştatlarynda wepadarlaryň iňňän azajygy öz emläklerini yzyna alyp bildiler. Nýu-Ýorkda hem Günorta we Demirgazyk Karolina ştatlarynda wepadarlaryň emlägini elinden almak sosial rewolýusiýa görnüşinde geçdi, sebäbi ummasyz emläkler ýoumenlere, ýagny ownuk ýer eýelerine paýlanyp berildi.

Ýüz müňe golaý wepadar ýurtdan çykyp gitdi. Olaryň arasynda Benjaminiň ogly Wilýam Franklin we öz döwrüniň beýik amerikan nakgaşy Jon Singlton Kopli dagy bardy. Olaryň köpüsi Kanadada mesgen tutdy. Käbir ştatlaryň hökümetleri wepadarlary döwlet wezipelerine bellemesiz edendigine garamazdan, ýurdy terk edip gidenleriň käbirleri yzlaryna dolanyp bardylar. Rewolýusiýadan soň geçen onlarça ýyllaryň dowamynda amerikalylar wepadarlary ýatlamak-da islemediler. Wepadarlardan Koplinden özgeleri Amerikanyň taryhynda hiç hili orna eýe bolmadylar.





# 4-NJI BAP

# MILLI HÖKÜMETIŇ DÖREDILMEGI

Jorj Waşington Filadelfiýada ýygnanyşan Konstitusiýanyň döredilmegine bagyşlanan gurultaýa gatnaşyjylaryň öňünde söz sözleýär, 1787-nji ýyl.

„Ýer ýüzündäki her bir adamyň we her bir adam toparynyň öz-özüni dolandyrmaga hukugy bardyr.”

Tomas Jeferson, 1790-njy ýyl

## ŞTATLARYŇ KONSTITUSIÝALARY

Rewolýusiýanyň üstünligi amerikalylara jarnamada beýan edilen öz oý-pikirlerine kanuny görnüş bermäge we käbir ýetmezçilikleri ştatlaryň konstitusiýalary arkaly düzetmäge mümkinçilik döretdi. 1776-njy ýylyň 10-njy maýynda Kongres bir karar kabul etdi. Şol kararda Kongres koloniýalara „öz düzümindäkileriň howpsuz hem bagtyýar bolmagyna has gowy ýardam edip biljek” hökümet döretmegi teklip etdi. Käbir koloniýalar ol teklibi eýýäm berjaý edipdiler, Garaşsyzlyk Jarnamasy kabul edilenden soň, bir ýylyň dowamynda koloniýalaryň üçüsinden başgasy eýýäm öz Konstitusiýasyny taýýarlady.

Täze konstitusiýalarda demokratik oý-pikirleriň täsiri duýulýardy. Eýsemde bolsa, olaryň hiç biri-de geçmişden arasyny üzmändi. Olaryň hemmesi üçin kolonial tejribe we iňlis iş tejribesi esasy binýat bolup hyzmat edýärdi. Ýöne her bir konstitusiýa respublikaçylyk ruhy bilen, ýagny, uzak wagtlap magaryf pelsepeçileriniň öwgüli oý-pikirleri bilen ruhlandyrylandy.

Elbetde, ştatlaryň konstitusiýalaryny düzüjileriň ilkinji nobatdaky wezipesi „eldegrilmesiz hukuklary” üpjün etmekden ybaratdy. Hut şeýle hukuklaryň bozulmagy zerarly öňki koloniýalar Britaniýadan arasyny üzdüler. Şeýlelik bilen, her bir Konstitusiýa hut jarnamadan ýa-da hukuklar baradaky kanunlardan başlanýardy. Beýlekileriň ählisine nusga bolup hyzmat eden Wirjiniýanyň Konstitusiýasy halkyň özbaşdaklygy, wezipä saýlanan adamlaryň belli bir wagtan soň çalyşylmagy, saýlawlaryň erkinligi ýaly baş ýörelgeleriň jarnamasyny öz içine alýardy we esasy azatlyklaryň: tussaglykdan goýberilende zamunyň möcberinininiň çakdan aşa bolmazlygy we jezalaryň ynsanýetçilikli bolmagy, kazyýetde jenaýat işine çalt seredilmegi, metbugat we wyždan azatlygy, köpçüligiň hökümeti özgertmek ýa-da üýtgedip gurmak hukugy sanalyp geçilýär.

Beýleki ştatlaryň azatlyklar sanawy has hem uly bolup, oňa söz azatlygy, ýygnanyşmak azatlygy, haýyş bilen ýüzlenmek azatlygy, köp halatda oňa ýarag götermek hukugy we tussag edilişiň adyllygyny gazanmak maksady bilen tussag edileni kazynyň öňüne eltmek hukugy (habeas corpus), ýaşaýyş jaýlarynyň el-

degrilmezlik we kanun boýunça deň goranmak hukuklary goşuldy. Üstesine-de, ähli konstitusiýalar döwlet häkimliginiň üç pudakly – ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kaziýet pudakly gurluşyna artykmaçlyk berdiler, şeýle hem, olaryň hersiniň beýlekiler tarapyndan barlanmalydygyna we deňagramlylykda saklanmalydygyna razy boldular.

Pensilwaniýanyň Konstitusiýasy iň radikal konstitusiýa boldy. Bu ştatda ähli döwlet dolanyşygy filadelfiýaly senetçileriň, hünärmenleriň, irlandlardan gelip çykan we nemes dilinde gürleýän mülkdarlaryň gözegçiliginde bolýar. Welaýat Kongresi salgyt töleýän her erkek adama we onuň ogullaryna ses bermäge hukuk berýän konstitusiýany kabul etdi. Ol wezipede nobatma-nobat bolmalydygyny (her bir adamyň ýedi ýylyň dowamynda 4 ýyldan artyk wezipede bolmaly däldigini) talap edýärdi we bir palataly kanun çykaryjy guramany kesgitledi.

Ştatlaryň Konstitusiýalarynyň käbir çäklendirmeleri bardy, hususan-da, olar döwrebap ölçegler bilen has baglanyşyklydy. Adamlary tebigy hukuklary bilen kepilli üpjün etmek üçin döredilýän konstitusiýalar – her bir raýatyň iň wajyp hukugyny – deňligini kepillendirmedi. Pensilwaniýadan günortada ýerleşýän koloniýalaryň hiç biri öz gullarynyň jana-jan hukuklaryny üpjün etmedi. Aýallaryň syýasy hukuklary ýokdy. Hiç bir ştat şeýle „öte geçmedi”, ýagny, erkek adamlar üçin ählumumy ses hukugyny kepillendirmek üçin, hatda ähli salgyt töleýjilere ses bermek hukugy berlen ştatlarda (Delawer, Demirgazyk Karolina, Jorjiýa we Pensilwaniýa) kimde-kim haýsydyr bir wezipä saýlanan bolsa, onuň belli bir derejede hususy eýeçiligi bolaýmalydy.

## KONFEDERASIÝALARYŇ MADDALARY

Angliýa bilen göreş koloniýal garaýyşlary özgertmekde köp täsir etdi. Ýerli ýygnaklar 1754-nji ýyldaky Ýaran bolmak baradaky Olbany meýilnamasyny ret etmek bilen, özbaşdaklygynyň, hatda, azajyk bölejiginide başga hiç bir gurama, hatda, özleriniň saýlan guramasyna-da bermejekdiklerini nygtadylar. Ýöne rewolýusiýa mahalynda özara goldaw öz netijesini berdi hemde aýry-aýry ştatlaryň özbaşdaklygyny elden gidirmek gorkusy ep-esli azaldy.

1776-njy ýylda Jon Dikkenson „Konfederasiýanyň we müdimilik bileleşigiň maddalary” diýen resminamany düzdi. Kontinental kongres ony 1777-nji ýylyň noýabrynda kabul etdi we ol ähli ştatlar tarapyndan makullanandan soň, 1781-nji ýylda güýje girdi. Maddalar tarapyndan kesgitlenen döwlet gurluşynyň öz gowşak ýerleri bardy. Milli hökümetiň zerur bolan halatynda nyrh-töleg bellemäge, söwdany düzgün-tertibe salmaga we salgyt salmaga ygtyýary ýokdy. Şeýle-de, onuň halkara gatnaşyklaryna gözegçilik etmäge aýratyn hukugy ýokdy: birnäçe ştat daşary ýurtlar bilen gepleşik geçirip başlapdy. Dokuz ştat öz hususy goşunyny döretdi we ştatlaryň birnäçesiniň öz harby-deňiz floty bardy. Ştatlaryň hümmeti taýdan gaty çalt gymmatyny gaçyrýan her dürli teňňeleriniň we döwlet hem milli kagyz pullarynyň barlygy haýran galdyrýardy we başyňy garyşdyrýardy.

Uruşdan soňky wagtyň ykdysady kynçylyklary haýsydyr bir özgerişlikleri talap edýärdi. Urşuň tamamlanmagy uruş wagtynda iki tarapyň hem harbylaryny söweşde gerek bolan zatlar bilen üpjün edip duran we britan söwda ulgamyna gatnaşýandyklary üçin, ýeňilliklerden mahrum bolan söwdagärlere agyr täsi-

rini ýetirdi. Ştatlar amerikan harytlaryna sarpa goýýardylar, çünki olaryň nyrh-töleg syýasaty olara ýaraýardy. Emma şol nyrh-tölegler durnukly däldiler, şonuň üçin-de bütewi bir syýasaty amala aşyrjak merkezleşdirilen döwlete bolan zerurlyk artdy.

Rewolýusiýadan soň ýüze çykan ykdysady kynçylyklardan daýhanlar has uly zyýan çekdiler. Daýhanlaryň öndürýän önümleri oňa bolan islegden artyk gelýärdi we bu esasan bergileri bolan daýhanlary barha howsala salýardy. Olar borçlary zerarly ellerinden emläklerini gidirmezligiň we türmelere basylmazlygyň aladasyny edýärdiler. Kaziýetleriň üsti bergidarlara degişli işler bilen gömlüpdi. 1786-njy ýylyň baharynyň dowamynda birnäçe ştatlaryň halk ýygnaklary we resmi däl ýygnaklary döwlet dolandyrylyşygynyň üýtgedilmegini talap etdiler.

1786-njy ýylyň güýzünde Mässaçusets ştatynyň daýhanlarynyň birnäçe topary öňki goşun kapitany Daniel Şeýziň baştutanlygynda täze döwlet saýlawy geçirilmezden, bergidarlaryň işine garamak ýa-da olara degişli karar kabul etmek işlerini geçirmezligi ýurduň kazyýetinden berk talap etdi. 1787-nji ýylyň ýanwarynda sana goşulmaýan daýhanlaryň 1200-ünden ybarat bir topar ýurduň Spriňfildde ýerleşýän ýarag ammaryna tarap süýşüp başlady. Esasan, taýakdyr-çarşak bilen ýaraglanan gozgalaňçylara halk meýletinçileriň uly bolmadyk bir topary gaýtawul berýärdi; general Benjamin Linkoln goşmaça güýç alyp, Bostondan ol ýere gelýär we galan gozgalaňçylary dargadýar, olaryň ýolbaşçysy bolsa Wermonta gaçýp gidýär. Gozgalaňçylaryň ondördi döwlet tarapyndan tutuldy we ölüm jezasyna höküm edildi, soňra-da olaryň birnäçesiniň günäsi geçildi, birnäçesi bolsa gysga möhletlik tussag edildi. Gozgalaňçylaryň ýeňlişinden soň kanun çykaryjy guramalara täzeden saýlananlaryň köpüsi gozgalaňçylar bilen duýgudaşdylar, şonuň üçin-de, olaryň bergilerini azaltmak baradaky birnäçe talabyny kanagatlandyrdylar.

## ÝAÝBAŇLANMAK MESELESI

Rewolýusiýanyň amala aşmagy bilen Birleşen Ştatlar ýene-de Günbataryň çözmesi kyn meselesi bolan ýaýbaňlanmak meselesi bilen ýüzbe-ýüz boldy. Çünki, ýer meselesi, gön önümleriniň söwdasy, ýerli indeýler meselesi, ýurt tutunmak we ýerli häkimiýet meselesi – bularyň ählisi ýurdy giňeldip, ýaýbaňlanmak meselesiniň içindedi. Ýurduň çäginde entek hem tapylýan mes toprakly ýerlere kowalaşyp, täze göçmenler güýçli sil ýaly, Appalaçi daglaryndan aşyp, barha ilerleýärdiler. 1775-nji ýylyň töwereginde suw ýollarynyň ugrunda onda-munda erkin ýaýrap ýatan uzak ýerlere göçüp gelenleriň sany onlarça müňe ýetdi. Gündogarda merkezi syýasy häkimiýetden ýüzlerçe kmlik daşlykda ýerleşýän we arasy daglar bilen kesilen şol ýerleriň ilaty öz hökümetlerini döretdiler. Kenarýakasyndaky ştatlarda mesgen tutanlar derýalaryň ýakasyndaky mes toprakly jülgelere, ýurduň içrägindäki gür tokaýlara, ummasyz giň sähralara tarap okduryldylar. Netijede, eýýäm 1790-njy ýyl töwereginde Appalaçi daglarynyň aňyrsynda ýaşaýan ilatyň sany 120.000 adamdan geçdi.

Baryp, urşuň öňýanynda hem koloniýalaryň birnäçesi Appalaçi daglarynyň aňyrsyndaky ýerleriň berilmegini talap edýärdiler. Beýle talaplardan daşda duranlar üçin ol mes toprakly ýerleri paýlamak adalatsyz geçirilen ýaly bolup göründi. Şular ýalylaryň bähbidini gorap çykyş eden Meriländ bir çözgüt hödürledi. Çözgüde laýyklykda ýurda

degişli şol günbatardaky ýerler azat we garaşsyz hökümetleriň arasynda Kongres tarapyndan bölünip berilmelidi. Bu pikir uly höwes bilen kabul edilmedi. Şeýle-de bolsa, 1780-nji ýylda Nýu-Ýork ilkinjiler hatarynda eýelän ýerlerini Birleşen Ştatlara gaýtaryp berdi. 1784-nji ýylda has köp ýeri bolan Wirjiniýa Ogaýo derýasynyň demirgazykdaky ähli ýerlerini gaýtaryp berdi. Ştatlaryň beýlekileri-de şu göreldä eýerip, öz ýerlerini tabşyrdylar. Şeýlelikde, Ogaýo derýasynyň demirgazygyndaky we Appalaçi daglarynyň aňyrsyndaky, Äligeni daglarynyň günbataryndaky ýerleriň Kongresiň eýeçiligine geçjekdigi äşgär boldy. Millionlarça gektar ýeriň şular ýaly umumy eýeçilige geçmegi milli birligiň, bütewiligiň aýdyň subutnamasy boldy we milli özbaşdaklyk pikirine çuň many berdi. Şol bir wagtyň özünde-de, bu ummasyz ýerleriň özi çözgüde garaşýan ýene-de bir müşgillik bolup durýardy.

Konfederasiýalaryň maddalaryndan muňa jogap tapmak bolýardy. Maddalara laýyklykda, öz-özüňi dolandyryşyň çäklendirilen ulgamy (1787-nji ýylda Demirgazyk-günbatar dekreti tarapyndan teklip edilen) ilkibaşda Demirgazyk-günbatar ýerleriň aýratyn bir etrap hökmünde döredilmegini göz öňünde tutýardy. Ol Kongres tarapyndan bellenen häkim we kazylar tarapyndan dolandyrylmalydy. Haçan-da, bu ýeriň saýlaw ýaşyna ýeten azat erkek kişileriniň sany 5000-e ýetende, bu ýerde aşaky palata özi tarapyndan saýlanýan iki palataly kanun çykaryjy guramany döretmek hukugyna eýe bolup biler. Şeýle-de, ol şol wagt ses bermäge haky bolmadyk özüniň bir wekilini Kongrese ibermäge haklydy.

Şol ýerlerde döredilmeli ştatlaryň sany bäşden köp bolmaly däl, üçden hem az bolmaly däl we şol ştatlaryň haýsy-da bolsa biriniň ilat sany 60 müňe ýetende, ol „ilkibaşdaky ştatlar bilen ähli babatda deň hukuklylyk esasda” ýaranlyga kabul edilip bilner. Kabul edilen görkezme raýat hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýärdi, ylym-bilimiň tarapdary hökmünde çykyş edýärdi we „ady tutulan ýerde gulçulygyň we günlükçiligiň bolmajakdygyny” kepillendirýärdi.

Täze syýasat koloniýalaryň diňe dogduk mekanyň bähbidini üns merkezinde goýýandygy we olaryň syýasy taýdan oňa garaşlydygy we durmuş taýdan ondan pesdigi barasyndaky asyrlarboýy mukaddes hasaplanyp gelinýän düşünjäniň eýesi bolmalydyrlar diýen tutarykdan el çekýär. Bu taglymat bir ýörelge bilen çalşyryldy. Şol ýörelgä laýyklykda koloniýalar ýurduň giňeldilmeginden başga zat däldir we olar deňhukuklylygyň hemme artykmaçlyklaryndan ýeňillikler hökmünde däl-de, eýsem kanuny hak-hukuk hökmünde peýdalanmalydyrlar. Demirgazyk-günbatar düzgünnamasynyň şular ýaly maddalary amerikan halkynyň ýer barasyndaky syýasatynyň binýadyna öwrüldi.

## KONSTITUSION KONWENT

Pariž şertnamasy bilen Konstitusiýanyň döredilmeginiň arasyndaky döwür barada ýazmak bilen Jorj Waşington ştatlaryň özara diňe „hyýaly ýüp bilen baglydyklaryny” belläp geçdi. Potomak derýasyny gämiler üçin deňiz ýoly hökmünde ulanmak babatynda Meriländ bilen Wirjiniýanyň arasynda bolan syýasy çekeleşikler 1786-njy ýylda Meriländ ştatynyň Annapolis şäherinde 5 ştatyň wekilleriniň gatnaşmagynda konferensiýa geçirmeklige getirdi. Wekilleriň biri – Aleksandr Gamilton söwda-satygyň beýleki syýasy hem ykdysady meseleler bilen gaty berk arabaglanyşykdadygyny we dörän ýagdaýyň beýle wekilçiliksiz

mejlis tarapyndan garalmagyndan aşa çylşyrymlydygyny nygtady.

Ol ähli ştatlary geljek baharda Filadelfiýada geçiriljek duşuşyga öz wekillerini bellemäge çagyrdy. Kontinental Kongres ilkibaşda beýle batyrgaý gadama uly nägilelik bildirdi, ýöne, onuň ähli nägileligi Wirjiniýa öz wekili edip Jorj Waşingtony saýlandan soň, ýatyşmaly boldy. Yz ýanyndaky güýzüň we gyşyň dowamynda Rod-aýlendden başga ähli ştatlarda saýlawlar geçirildi.

1781-nji ýylyň maýynda Filadelfiýa ştatynyň kanun çykaryjylar wekilleriniň palatasynda mejlis geçirenler görnükli syýasatçylardy. Ştatlaryň kanun çykaryjylary bu mejlise koloniýanyň we ştatlaryň dolandyryjy edaralarynda, Kongresde, döwlet gullugynda we goşunda ýolbaşçy wezipelerde işläp, uly iş tejribe toplan adamlary iberipdiler. Mejlisi alypbaryjy başlyklyga saýlanmak, dogruçyllygy we rewolýusiýa döwründe harby serkerdeligi üçin ýurdunyň görnükli raýaty hasaplanýan Jorj Waşingtonyň bagtyna düşdi.

Şeýle hem, Pensilwaniýadan iki sany wekil: Guwernör Morris (ol milli hökümete gerek zady anyk görmegi başaran adam) we Jeýms Wilson (milli bütewilik pikiri ugrunda ýadawsyz zähmet çeken adam) görnükli işewür adamalaryň arasynda has tapawutlanýardylar. Şeýlede, Pensilwaniýadan Benjamin Franklin wekilçilik edýärdi. Ol jemgyýetçilik hyzmatynda we ylymda uly üstünliklere belli-külli ýetilmegini ýakynlaşdyran adamdy. Wirjiniýadan Jeýms Mädison saýlandy. Ol ýaş döwlet işgäridi. Bir kärdeşiniň aýtmagyna görä, ol syýasat we taryh bilen içgin gyzyklanýan janypkeş talyp bolupdyr. Ol „ylym-bilim we alan bilimini işinde ulanmak nukdaý nazaryndan islendik mesele babatynda geçirilýän çekişmelerde hemmeden ökde çykýan adamdy”. Bu günki gün Mädison „Konstitusiýanyň atasy” hökmünde tanalýar.

Massaçusets wekil edip, ýaş, ukyply hem tejribeli adamlar bolan Rufus Kingi we Elbrij Jerrini iberdi. Rojer Şörman, geçmişde aýakgap ussasy bolan kazy, Konnektikut ştatyndan iberilen wekilleriň biridi. Nýu-Ýorkdan bu duşuşyga Aleksandr Gamilton geldi. Bu duşuşygy geçirmek teklibini eden hem onuň özüdi. Fransiýada ilçiniň wezipesinde bolan Tomas Jeferson we Angliýada hut şu wezipede bolan Jon Adams ýygnaga gatnaşmadylar. Elli bäş wekiliň arasynda ýaş adamlar agdyklyk edýärdi: wekilleriň ortaça ýaşy 42-ä deňdi.

Konwente gatnaşyjylaryň ygtyýary Konfederasiýanyň maddalaryna düzedişleri kabul etmek bilen çäklenýärdi, ýöne, Mädisonyň soňra ýazyşy ýaly „öz ýurtlaryna bolan berk ynam bilen” wekiller şol maddalary gapdalda goýup, döwlet dolandyrylyşynyň büs-bütin täze görnüşini döretmek bilen boldular.

Dürli derejedäki iki häkimiýetligi, ýagny, eýýäm ştatlaryň 13-üsinde ýola goýlan ýarym garaşsyz ýerli häkimiýeti we baş häkimýeti ýaraşdyrmaklygyň özleriniň esasy wezipesi bolup durýandygyna wekiller öňat düşünýärdiler. Olaryň kabul eden ýörelgesine laýyklykda, merkezi hökümetiň edýän işi we ygtyýarlyklary, hil taýdan täze, umumy we hemmä degişli bolanlygy üçin, gaty oýlanyşykly kesgitlenmelidir, ýgtyýarlyklaryň we berjaý edilmeli işleriň galanlary bolsa ştatlara degişlidirler. Emma merkezi hökümetiň hakyky häkimlige eýe bolmalydygyndan ugur alyp, wekiller oňa bir topar ygtyýarlyklar bilen bir hatarda zikge kakmak, söwdany kadalaşdyrmak, uruş yglan etmek we ýaraşyk baglaşmak hukuklaryny bermek barasynda hem ylalaşdylar.

## ÇEKIŞMELER WE YLALAŞYKLAR

Filadelfiýada duşuşan XVII asyryň döwlet işgärleri Şarl Monteskýunyň syýasatda häkimýeti deňagramlaşdyrmak taglymatyna eýerýärdiler. Bu ýörelge kolonial döwrüň tejribesi tarapyndan hem goldanypdy we wekilleriň köpüsine garaýyşlary tanyş bolan iňlis syýasy akyldary Jon Lokuň ýazan işleri bilen berkidilipdi. Bu bolsa hökümetiň üç sany deňhukukly we özara ylalaşykly hereket edýän dolandyryjy pudaklarynyň bolmalydygyna ynam döretdi. Hökümetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet pudaklary hiç kim häkimýeti öz eline alyp bilmez ýaly sazlaşykly deňagramlylykda saklanmalydy. Şeýle hem, wekiller kanun çykaryjy pudagyň edil ýerli kolonial kanun çykaryjylaryň we britan parlamentiniň bolşy ýaly, iki palatadan ybarat bolmalydygy bilen ylalaşdylar.

Şol meseleler boýunça konwent biragyzdan ylalaşyga geldi. Emma olary berjaý etmegiň tärleri boýunça düýpli närazyçylyklar peýda boldy. Nýu-Jersi ýaly kiçi ştatlaryň wekilleri girizilýän üýtgetmelere garşy çykdylar. Şeýle bolanda, konfederasiýanyň maddalaryna laýyklykda bolşy ýaly, Kongres agzalarynyň döwlet düzümine esaslanyp däl-de, eýsem ilatyň sanyna görä saýlanmagy olaryň hökümetdäki täsirini ujypsyz derejede azaldardy.

Wirjiniýa ýaly uly ştatlaryň wekilleri bolsa Kongresiň agzalarynyň ilatyň sanyna görä saýlanmagynyň tarapyny tutup, çykyş edýärdiler. Eger-de Rojer Şörman ýerlikli teklibi bilen çykyş etmedik bolsady, şu jedeller gutarnyksyz dowam ederdi. Ol Kongresiň bir palatasyna, ýagny wekiller palatasyna ştatlaryň ilatynyň sanyna laýyklykda agzalaryň saýlanmaklygy, beýlekisine bolsa, ýagny Senata her bir ştatdan şonça wekilleriň saýlanmagyny teklip etdi.

Iri hem kiçi ştatlaryň gapma-garşylygy şunuň bilen gutardy, ýöne tertip boýunça garalan soňky meseleleriň hersi diýen ýaly, täze çekeleşmeler döredýärdi we täze ylalaşyklar bilen çözülýärdi. Demirgazyklylar, her bir ştatyň salgydynyň mukdary kesgitlenende, gullaryň hasaba alynmagyny, ýöne wekiller palatasynda ştatyň ornunyň mukdary kesgitlenende, olaryň hasaba alynmazlygyny islediler. Garşylyk bildirenleriň ujypsyzja bolmagy bilen gazanylan ylalaşyga laýyklykda wekiller palatasynda her bir ştatyň tutýan ornunyň sany erkin ilatyň sanyna gullaryň bäşden üçüsini goşmak bilen kesgitlenmeli edildi.

Şeýz gozgalaňyndan bäri akylly hereketleri bilen tanalyp gelýän Şörman we Elbrij Jerri ýaly wekilleriň birnäçesi adamlaryň köpüsinde öz-özüňi dolandyrmak babatynda entek ýeterlik ukybyň ýoklugyndan heder edýärdiler we şonuň üçin, hökümetiň pudaklarynyň hiç haýsysynyň gönümel halk tarapyndan saýlanmagyny islemediler. Başgalar bolsa, tersine, merkezi döwlet hökümetine mümkin boldugyça giňräk ygtyýar bermeli diýip hasap edýärdiler. Konwentiň agzalarynyň bir bölegi ösüp gelýän Günbatara ştat hukugynyň berilmezliginiň tarapdarydy, şol bir wagtda beýlekiler bolsa 1787-nji ýylyň demirgazyk-günbatar düzgünnamasynda kesgitlenen deňhukuklylyk ýörelgesini goldap, çykyş etdiler.

Kagyz pullara, ylalaşylan borçnamalar ýaly möhüm ykdysady meselelere, ýa-da syýasatdan çetleşdirilen aýallaryň tutýan orny babatyndaky kanunlara gezek gelende, uly çekeleşikler bolmady. Şeýle-de bolsa, dürli pudaklaryň ykdysady bähbidini düzgünleşdirmegiň zerurdygy aýan boldy. Ýerine ýetiriji häkimiýet baştu-

tanynyň ygtyýarlylygy, wezipe başynda bolmagynyň möhleti we saýlanmagynyň düzgünleri, şeýle-de, federal kazyýetleriň borçlary we gulluk möhleti babatynda ylalaşmaklyk gerekdi.

Filadelfiýanyň bütin jöwzaly tomsunda gyzgalaňly işläp, konwent ahyrynda taslama taýýarlady. Uly bolmadyk şol taslamada şol döwre çenli bolup geçen hökümetiň iň çylşyrymlysynyň, ýagny çürt-kesik kesgitlenen we çäklendirilen ulgamyň içinde iň ýokary derejede bolan hökümetiň döredilmegini anyk belledi. Konwent federal hökümete salgyt salmak, karz pul almak, ýurda getirilýän harytlaryň käbirlerine degişli paç ýygymlaryny we umumy gümrük töleglerini girizmek, zikge kakmak, ölçeg we tereziniň bir bütewi ulgamyny kabul etmek, iş ýöretmek ygtyýarlyklaryny we awtor hukuklaryny bermek, poçta gullugyny we poçta ýollaryny döretmek babatynda doly ygtyýarlyklary berdi. Kongres goşuny we floty ýygnamaklyga we saklamaklyga hem daşary we içeri söwdany düzgünleşdirmäge ygtyýarly edildi. Oňa indeýleriň işlerine, daşary syýasata we uruş meselesine gözegçilik etmek ygtyýary berildi. Şeýle-de, onuň daşary ýurtlulara raýatlyk bermek, oturymly ýerlere gözegçilik etmek barada kanunlary kabul etmäge ygtyýary bardy we täze dörän ştatlary öňküler bilen deňhukuklylyk derejesinde kabul etmäge haky bardy. Bu anyk kesgitlenen ygtyýarlyklary ýerine ýetirmek üçin, ähli zerur bolan kanunlary kabul etmek hukuklaryny alan federal häkimiýet ol kanunlaryň geljek nesilleriň we ýaýbaňlanan döwletiň isleglerini kanagatlandyryp biler ýaly ukyba eýe boldy.

Ygtyýarlyklary paýlamak ýörelgesine ştat konstitusiýalarynyň aglabasynda adalatly garaldy we iş ýüzünde onuň dogrulygy subut edildi. Şundan ugur alyp, Konwent hem kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet pudaklaryndan ybarat bir häkimiýet ulgamyny döretdi. Bularyň hersini beýlekileriň barlamaga ygtyýary bardy. Ýöne Kongres tarapyndan kabul edilen kanunlar diňe Prezident tarapyndan makullanandan soň, kanun bolup bilýärdi we diňe şondan soň güýje girýärdi. Prezident hem öz gezeginde çykarýan ähli wajyp görkezmelerini we ähli halkara şertnamalaryny Senatyň tassyklamagyna bermelidi. Şeýle hem, Kongres Prezidente garşy aýyplamalary beýan etmäge, hatda ony wezipesinden boşatmaga ygtyýarly edilipdi. Kongresiň wekiller palatasynyň Kazylar komiteti Konstitusiýanyň bozulmagy bilen baglanyşykly ähli işlere seretmeli edildi. Kazyýetler ýurduň esasy kanunynyň, şeýle-de, beýleki kanunlaryň, aktlaryň, kararlaryň berjaý edilişi barada düşündiriş bermek ygtyýarlylygyny aldylar. Şol bir wagtda Senatyň razylygy bilen Prezident tarapyndan bellenýän kazyýet agzalary, öz gezeginde günäde aýyplanyp we wezipesinden çetleşdirilip bilner. Şeýle-de, Kongresiň wekiller palatasynyň Kazylar komitetiniň Prezident tarapyndan bellenip, Senat tarapyndan makullanan agzalary Kongresiň özi tarapyndan wezipeden boşadylyp bilner.

Konstitusiýany howul-hara we oýlanyşyksyz, üýtgetmelerden goramak maksady bilen, onuň V maddasy ähli düzedişleriň diňe Kongresiň iki palatasynyň hem üçden ikisiniň ýa-da ştatlaryň üçden ikisiniň eden teklipleri esasynda, özem Konstitusion konwentde ylalaşylyp geçirilmegini nazarda tutýar. Düzedişler iki usulýetiň biri esasynda kabul edilip bilner, ýagny usulýetleriň haýsy-da bolsa birini teklip eden Kongres bilen ştatlaryň kanun çykaryjylarynyň dörtden üçüsiniň ýa-da ştatlaryň dörtden üçüsiniň konwentiniň ylalaşygy esasynda makullamak maksady bilen tassyklanyp bilner.

Ahyrynda-da, Konwent kynçylyklaryň iň ulusy bilen ýüzbe-ýüz boldy. Ol-da täze hökümete berlen ygtyýarlyklaryň iş ýüzünde amala aşyrylma ýollary bilen bagly mesele boldy. Konfederasiýanyň maddalaryna laýyklykda milli hökümetiň kagyz ýüzünde ummasyz ygtyýarlyklary bardy. Emma iş ýüzünde bu beýle däldi, çünki ştatlar şol maddalary äsgermeýärdi we olaryň ähmiýetine gara şaýyça-da baha bermeýärdiler. Täze hökümetiň hem şeýle täleýe uçramazlygy üçin, näme çäre görüp bolar?

Başda wekilleriň köpüsi biragyzdan bu meseläni çözmekde güýç ulanmagy teklip etdiler. Ýöne güýç ulanylsa, Bileleşik dargar diýip, dessine düşünildi. Netijede, hökümet edýän hereketlerini ştatlara däl-de, eýsem ştatlaryň içindäki adamlara gönükdirmeli we ýurduň aýry-aýry hemme raýatlaryna bil baglamaly diýen karara geldi. Konstitusiýanyň esasy ýörelgesi hökmünde Konwent iki sany gysga, ýöne örän wajyp tassyklama kabul etdi:

*Kongresiň ... Birleşen Ştatlaryň hökümetine Konstitusiýa tarapyndan berlen ähli ygtyýarlyklary amala aşyrmagy üçin zerur we ýerlikli bolan ähli kanunlary işläp düzmäge ygtyýary bardyr...* (I bent, 7-nji bölüm)

*Birleşen Ştatlaryň Konstitusiýasy we oňa laýyklykda kabul edilen ähli kanunlar, Birleşen Ştatlaryň ygtyýarynda baglaşylan ýa-da geljekde baglaşyljak ähli ylalaşyklar ýurduň iň ýokary kanuny bolmalydyr; şeýlelikde, hemme ştatlarda kazylar, islendik ştatyň Konstitusiýasynda ýa-da kanunlarynda çapraz gelýän islendik zada garamazdan, şu ýerden gelip çykýanlara borçludyrlar.* (VI bent)

Şeýlelik bilen, Birleşen Ştatlaryň kanunlary öz kazylary we ýerine ýetirijileri arkaly milli kazyýetlerinde güýje girýär, şeýle hem, ştatlaryň kazylary we ýerine ýetirijileri arkaly ştat kazyýetinde güýje getirilýär.

Konstitusiýanyň awtorlar tarapyndan haýsy delillere esaslanyp ýazylandygy barada şu wagta çenli jedeller barýar. 1913-nji ýylda Çarlz Bierd „Konstitusiýanyň ykdysady düşündirilişi” atly işinde: „Onuň binýadyny tutujylar güýçli hem ygtybarly hökümetiň özi bilen alyp gelýän durnuklylygynyň berjek ykdysady bähbitleriniň tarapdarydylar, sebäbi olaryň elinde hümmeti gaçan gymmat döwlet kagyzlarynyň ummasyz mukdary bardy” diýip nygtady. Ýöne Konstitusiýanyň baş awtorlarynyň biri Jeýms Mädisonyň elinde sähelçe-de döwlet tarapyndan goýberilen gymmat bahaly kagyz bolmasa-da, Konstitusiýany goldamaýan adamlaryň birnäçesinde weli, olaryň köp mukdary bardy. Ykdysady bähbitler çekişmeleriň gidişine öz täsirini ýetirdi, ýöne şol çekişmeleriň gidişine döwlet, sebitara we ideologiýa bähbitleri-de şol derejede öz täsirini ýetirdi. Konstitusiýanyň atalarynyň käbir idealizminiň-de ähmiýeti hem hut şol derejededi. Aň-bilim eýýamyndan gelip çykan düýbüni tutan atalar şahsy azatlygy üpjün eder we jemgyýeti hereketlendiriji güýç bolup biler diýip tama edip, şeýle döwlet gurluşyny oýlap tapdylar. ABŞ-nyň Konstitusiýasynda beýan edilen maksada laýyk oý-pikirler amerikan milli özboluşlylygynyň aýrylmaz bir möhüm bölegidir.

## KONSTITUSIÝANYŇ TASSYKLANMAGY WE HUKUKLAR BARADAKY BIL

**1787**-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda, 16 hepdeläp gyzgalaňly çekeleşmelerden soň, konwente gatnaşýan wekilleriň 42-sinden 39-y Konstitusiýanyň gutarnykly görnüşine gol çekdi.

Waşingtonyň oturan kürsüsiniň arkasynda brilliant we altyn bilen çekilen ýarym güni görkezip, Franklin şeýle diýdi:

> *Biziň mejlislerimiziň geçýän mahallary ... men prezidentiň oturgujynyň arkasyna çekilen bu günüň dogup gelýändigini ýa-da ýaşyp barýandygyny çynym bilen seljerjek bolup az seretmedim. Emma indi, ahyrysoňy, onuň ýaşyp barýan däl-de dogup gelýän gündügine göz ýetirenim üçin men bagtlydyryn.*

Konwent işini tamamlady we oňa gatnaşyjylar „şäher meýhanasyna gitdiler, ol ýerde bile naharlandylar we tüýs ýürekden biri-biri bilen hoşlaşdylar”. Ýöne, has kämil ýaranlyk ugrundaky göreşiň aýgytly tapgyry entek öňdedi. Kostitusiýanyň güýje girmegi üçin ştatlarda halk tarapyndan saýlanan tassyklaýjy konwentleriň razylygy gerekdi.

Konstitusiýany döredijiler: „Ony 13 ştatdan 9-ynyň makullan halatynda güýje giren hasaplamaly” diýen karara geldiler. 1788-nji ýylyň iýun aýyna çenli Konstitusiýa 9 ştat tarapyndan makullandy, emma ony tassyklanlaryň arasynda uly ştatlar bolan Wirjiniýa we Nýu-Ýork ýokdy. Raýatlaryň köpüsi olaryň goldawy bolmasa, Konstitusiýa öz kanuny güýjüne girip bilmez diýip hasaplaýardy. Köpleri bolsa: „Bu resminama güýçli merkezi hökümet sütemkärine öwrülip, soňra uly salgytlar salmak bilen adamlary urşa iteräýmesin” diýen pikir heder etdirýärdi.

Ýüze çykan şu soraglar babatynda beýan edilýän dürli-dürli garaýyşlar iki sany syýasy toparlanyşygyň, ýagny güýçli merkezi häkimiýetiň tarapdary bolan federalçylar we özara gowşak baglanyşykda bolan aýry-aýry ştatlaryň bolmagyny isleýän federalçylara garşy toparyň döremegine getirdi. Iki tarapyň hem hyjuwly delilleri metbugat sahypalarynda köpçüligiň dykgatyna ýetirildi, ştatlaryň kanun çykaryjy guramalarynda we tassyklaýjy konwentlerinde ýaňlandyryldy.

Wirjiniýada federalçylara garşy toparyň wekilleri Konstitusiýanyň taslamasynyň „Biz, Birleşen Ştatlaryň halky” diýen giriş jümlesini tankytlamak bilen teklip edilýän täze hökümete nägileliklerini bildirdiler. Olar Konstitusiýada aýry-aýry ştatlaryň ady tutulmasa, onda ştatlar özbaşdak hak-hukuklaryny we ygtyýarlyklaryny saklap bilmezler diýip nygtaýýardylar. Wirjiniýanyň federalçylara garşy toparyna Pätrik Henri baştutanlyk edýärdi. Ol täze merkezi hökümetden heder edýän welaýat mülkdarlarynyň bähbidini goraýan baş wekil boldy. Edilen teklipleriň biri ikirjiňleýän wekilleri yrmagy başardy. Şol teklibe laýyklykda Wirjiniýanyň konwensiýasy Hukuklar hakyndaky billiň (kanuny taslamanyň) mejlisiň garamagyna iberilmegini teklip edipdi. Şeýlelik bilen, 25-nji iýunda Wirjiniýadaky federalçylara garşy topar hem Konstitusiýany tassyklamak maksady bilen federalçylara goşuldy.

Nýu-Ýork ştatynda Aleksandr Gamilton, Jon Jeý we Jeýms Mädison Konstitusiýanyň tassyklanmagyny çaltlaşdyrmak maksady bilen „federalçy gazetler” ady bilen makalalar çap etdiler. Nýu-Ýork gazetlerinde çap edilen bu makalalar biri-birini barlap we deň agramlaşdyryp bilýän üç sany aýry-aýry, ýagny kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet pudaklary bolan merkezi federal häkimiýete degişli döwrebap delil boldy. Ol deliller tassyklaýjy Konwentiň wekillerine uly täsir etdi we olar Konstitusiýany iýul aýynyň 26-da makulladylar.

Güýçli merkezi häkimiýete bolan ýigrenç federal Konstitusiýanyň garşydaşlarynyň ýeke-täk sebäbi däldi. Köpler onuň şahsy hukuklary we azatlyklary doly gorap bilmejekdiginden heder

edýärdi. 1776-njy ýylda Wirjiniýada kabul edilen hukuklar jarnamasynyň awtory asly wirjiniýaly Jorj Meýson hem Konstitusiýanyň ahyrky görnüşine gol çekmekden boýun gaçyran üç adamyň biri boldy. Olar ynsan hukuklarynyň Konstitusiýada jikme-jik sanalyp geçilmeginiň tarapdarydylar. Pätrik Henri bilen birlikde ol hem Wirjiniýanyň Konstitusiýasynyň makullanmagyna garşy alnyp barylýan düşündiriş işlerine aýgytlylyk bilen gatnaşdy. Hut şu sebäpden, ştatlaryň bäşisi, şol sanda Massaçusets ştaty-da diňe agzalan goşmaça düzedişleriň eglenmän girizilmek şerti bilen Konstitusiýany tassyklady.

1789-njy ýylyň sentýabr aýynda Nýu-Ýorkda birinji gurultaý geçirilende, oňa gatnaşyjylar biragyzdan ynsan hukuklaryny goraýjy goşmaça düzedişleriň kabul edilmegine çagyryşlar etdiler. Gurultaý tizden-tiz şol 12 düzedişi kabul etdi we 1791-nji ýylyň dekabr aýyna çenli ştatlaryň ýeterlik sany 10 düzedişi makullap, olaryň Konstitusiýanyň aýrylmaz bir bölegi bolmagyny gazandylar. Tutuşlygyna alnanda, olar „Hukuklar hakyndaky bill" ady bilen tanalýar. Olaryň arasynda – söz azatlygy, metbugat azatlygy, din azatlygy, ýygnanyşmak azatlygy, düzedişler girizmek maksady bilen nägilelik bildirmek (1-nji düzediş); sebäpsiz yzarlanmalaryň, emlägiň alynmagynyň we tussag edilmegiň öňüni almak hukugy (4-nji düzediş); kazylar tarapyndan derňew işleriniň adalatly we çalt geçirilmegini talap etmek hukugy (5-nji düzediş); gazaply we adaty bolmadyk temmini gadagan etmeklik (8-nji düzediş); Konstitusiýada agzalmadyk ähli hukuklardan halkyň peýdalanma hukugy (9-njy düzediş) bar. Hukuklar hakyndaky bill kabul edileni bäri, federal Konstitusiýa ýene-de diňe 16 düzediş girizildi. Dogrusy, soňky girizilen düzedişleriň birnäçesi hökümet gurluşyna we edýän işlerine täzeden garalmagyna alyp baran hem bolsa, olaryň köpüsi Hukuklar hakyndaky billde işlenip düzülenlerden ugur aldy we ynsan hukuklarynyň we azatlyklarynyň ýaýbaňlanmagyny üns merkezinde goýdy.

## WAŞINGTONYŇ PREZIDENTLIK ETMEGI

Konfederasiýa gurultaýynda ara alnyp maslahatlaşylan iň soňky mesele ilkinji prezident saýlawlaryny geçirmek meselesi boldy. 1789-njy ýylyň mart aýynyň 4-ünde ABŞ-da eýýäm hökümet dörär diýip çak edilip, şol günde hem prezident saýlawyny geçirmeklik makullandy. Täze döwletiň baştutany hökmünde diňe Jorj Waşingtonyň ady hemmeleriň dilindedi we 1789-njy ýylyň 30-njy aprelde ol biragyzdan Prezident saýlandy. Şondan bäri döwlet baştutanlygyna saýlanan her bir prezidentiň edişi ýaly, Waşington öz borjuny we prezidentlik wezipesini adalatly berjaý etjekdigine hem „Birleşen Ştatlaryň Konstitusiýasyny aýap saklajakdygyna we gorajakdygyna" kasam etdi.

Waşington wezipesine girişen pursatynda täze Konstitusiýa ne-hä däpdessuryň, ne-de jemgyýetçilik pikiriň goldawyny duýýardy. Üstesine-de, täze hökümet öz diwanyny döretmelidi. Gazna salgytlardan-da pul düşmeýärdi we täze kazyýet ulgamy döredilýänçä, kanunlar güýje girip bilmeýärdi. Goşun az sanlydy. Flot ýok diýen ýalydy.

Kongres tizden-tiz döwlet departamentlerini we kätipligi Tomas Jefersona hem Aleksandr Gamiltona ynanylan maliýe ministrligini döretdi. Şol bir wagtda Kongres adalatly kazyýetiň federal gullugyny döretdi. Ulgamyň çäginde düzüminde diňe bir Baş kazy we bäş agzasy bolan Ýokary kaziýet däl-de,

eýsem 3 sany federal şäher we 13 sany etrap kazyýetleri bardy. Şeýle-de, harby ministr we Baş aklawçy bellenipdi. Waşington haýsydyr bir karary kabul etmezinden öň, pikirlerine ýokary baha berýän adamlary bilen maslahatlaşmaga sarpa goýýandygy üçin, ol hemişe şol endigine eýerdi, diňe şondan soň Amerikanyň Prezidentiniň Kongres tarapyndan döredilýän departamentleriň baştutanlaryndan ybarat bolan diwanhanasy öz işine başlady.

Şol bir wagtda ýurt gyşarnyksyz ösýärdi we Ýewropadan göçüp gelýän adamlaryň sany barha artýardy. Amerikalylar günbatara süýşýärdiler: Täze Angliýanyň we Pensilwanýianyň ilaty Ogaýonyň çägine göçüp gidýärdi, wirjiniýalylar we demirgazyk hem günorta karolinalylar bolsa Kentukkä we Tennesä göçýärdi. Köp bolmadyk pula kiçiräk fermany satyn alyp bolýardy, işçi güýji weli, örän köp gerek bolýardy. Nýu-Ýork, Pensilwaniýa we Wirjiniýa ştatlarynyň günbataryndaky ummasyz giň mes toprakly jülgeler tiz wagtdan ýurduň galla meýdanyna öwrüldi.

Harytlaryň köpüsiniň entek hem ýurduň hojalyklarynda taýýarlanýandygyna garamazdan, senagatyň ösýändigi äşgärdi. Massaçusetsde we Rod-Aýlendde möhüm dokma senagatynyň düýbi tutuldy. Konnektikutda sagatlar we demir önümleri ýasalýardy, Nýu-Ýorkda, Nýu-Jerside we Pensilwaniýada kagyz, aýna, çoýun we demir öndürilip başlandy. Gämi gurluşygy şeýle bir giň möçbere eýe boldy weli, Birleşen Ştatlar deňizçilikde diňe Angliýadan yza galýardy we ikinji orunda durýardy. Baryp-ha, 1790-njy ýyldan öň hem amerikan gämileri Hytaýa sütükli derileri ýetirýärdiler we ol ýerden çaý, hoşboý ysly zatlar hem ýüpek getirýärdiler.

Ýurduň ösüşi üçin örän çylşyrymly bolan şol wagtda Waşingtonyň parasatly ýolbaşçylygynyň aýgytly ähmiýeti boldy. Ol milli hökümeti döretdi, öň Britaniýa we Ispaniýa degişli ýerleriň meselesini çözmek maksady bilen ýörite syýasat işläp düzdi, demirgazyk-günbatar serhedini kadalaşdyrdy we üç sany täze ştatyň: Wermontyň (1791), Kentukkiniň (1792) we Tennesiniň (1796) ýaranlyga kabul edilmegine gözegçilik etdi. Ahyrynda, Waşington özüniň soňky hoşlaşyk sözünde öz halkyna: „Daşary ýurt dünýäsiniň haýsy-da bolsa bir bölegi bilen hemişelik ýaran bolmakdan gaça duruň” diýip tabşyrdy. Berlen şol maslahat amerikalylaryň geljekki nesilleriniň dünýäniň galan bölegi bilen gatnaşyklaryna täsirini ýetirdi.

## GAMILTON JEFERSONA GARŞY ÇYKÝAR

1790-njy ýyllarda ýüze çykan federalçylaryň we antifederalçylaryň arasyndaky dartgynlylyk amerikan taryhyna ep-esli täsirini ýetirdi. Federalçylara Şulerowlaryň baý maşgalasynyň bir gyzyna öýlenen Aleksandr Gamilton ýolbaşçylyk etdi. Olar deňiz portlarynyň şäher täjirçilik bähbitleriniň tarapdarydylar; federalçylara garşy topara Tomas Jeferson baştutanlyk etdi. Olar bolsa obalaryň we günorta ştatlaryň bähbidini araýardy. Iki toparyň arasyndaky jedeller, esasan, merkezi hökümetiň we ştatlaryň ygtyýarlyklary baradaky meselelere degişlidi: federalçylar güýçli federal hökümet ugrunda çykyş edýärdiler, federalçylara garşy topar bolsa ştatlaryň hukuklary ugrunda göreşýärdi.

Gamilton berk merkezi hökümetiň tarapdary bolup, täjirçiligiň we senagatyň bähbidini araýardy. Ol amerikan jemgyýetinde netijeli işlemeklige, tertip-düzgüne we guramaçylykly bolmaga söýgi döretdi. Kongresiň wekiller palatasynyň „jemgyýetçilik ynamyny

goldamak” meýilnamasyny kabul etmek çagyryşyna jogap edip, ol diňe bir halk hojalygyna degişli ykdysady ýörelgeleri hödürlemek hem olary kabul etmek bilen çäklenmän, eýsem ýurdy netijeli dolandyrjak hökümetiň hem aladasyny etdi.

Gamilton senagatyň, söwdanyň we döwlet işiniň ösmegi üçin Amerika karz puluň zerurdygyny belläp geçdi. Şeýle-de, bu işlerde döwlete halkyň doly ynamynyň we goldawynyň bolmagy wajypdy. Köpler döwlet bergilerini doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak islediler, ýöne Gamilton onuň doly tölenmegini talap etdi. Şeýle hem, ol Kongrese rewolýusiýa wagtynda ştatlaryň eden bergilerini tölemegi öz üstüne almaklygy teklip etdi.

Şeýle hem, Gamilton ýurduň dürli ýerlerinde bölümlerini açmak hukugy bilen Birleşen Ştatlaryň bankyny döretmegiň meýilnamasyny işläp düzdi. Ol döwlet zikgehanasynyň döredilmeginiň kepili hökmünde çykyş etdi, ol „senagatyň täze pudagy” jümlesini ulanyp, paçdyr-tölegleriň girizilmeginiň ähmiýetlidigini nygtady we şol çäreleriň täze dörän kärhanalaryň bähbidini goramakda wagtlaýyn kömek boljakdygyny we özara bäsleşýän milli senagatyň ösmegine ýardam etjekdigini aýtdy. Şular ýaly çäreler federal hökümetiň kreditleşdirmegi üçin mäkäm esasyň döredilmegi, oňa bergileri üzmek üçin büjet girdeji çeşmeleriniň ählisiniň berilmegi söwdanyň we senagatyň ösmegine uly itergi berdi. Şeýle hem, bu çäreler gujur-gaýratly telekeçiler toparynyň döremegine alyp bardy we olar bolsa milli hökümetiň tarapdary boldylar.

Jeferson bolsa merkezden dolandyrylmaýan oba hojalyk respublikasynyň tarapdarydy. Ol merkezi hökümetiň diňe daşary gatnaşyklar esasynda berk boljakdygyna ynanýardy, özge meselelere degişlilikde bolsa ol merkezi hökümetiň berk bolmagynyň hökman däldigini nygtaýýardy. Gamiltonyň iň belent maksadyda has netijeli işläp biljek bir gurama döretmekdi, Jefersonyň maksady bolsa, onuň birwagtlar: „Men gaty bir işjeň hökümetiň tarapdary däl” diýip aýdan sözünden mälim. Gamilton baş-başdaklykdan gorkýardy we düzgün-tertibiň tarapdarydy; Jeferson zorluk süteminden heder edýärdi we azatlyk nukdaýnazaryndan pikir ýöredýärdi.

Birleşen Ştatlar üçin şu täsirleriň ikisiniň hem ähmiýeti ulydy. Beýle ýagdaý ýurduň bähbidine boldy, çünki wagtyň geçmegi bilen şu iki adam bileleşip, bir umumy düşünjä eýerip biljekdi. Jeferson ýurduň Döwlet sekretary wezipesine geçip-geçmänkä, olaryň arasynda ýüze çykan çekeleşik federal Konstitusiýanyň mazmunynyň başgaça we düýpli möhüm äheňde beýan edilmegine getirdi. Haçan-da, Gamilton Kongrese milli banky döretmek baradaky kanun taslamasyny hödürlände, Jeferson oňa garşy çykdy. Ştatlaryň hak-hukukly bolmagyny talap edýänleriň peýdasyna çykyş edip, ol federal hökümete berlen ygtyýarlyklaryň birin-birin Konstitusiýada sanalyp geçilýändigini we galan hukuklaryň bolsa ştatlara berilýändigini, emma federal hökümetiň bank döretmäge hukugynyň bardygy dogrusynda Konstitusiýanyň hiç bir ýerinde aýdylmaýandygyny nygtady.

Gamiltonyň pikiriçe, kanun taslamasynda aşa köp jikme-jikleriň getirilýänligi zerarly, merkezi hökümetiň ähli ygtyýarlyklaryny umumy sözlemler arkaly beýan etmeli bolandygyny, şolaryň birine laýyklykda Kongrese beýleki agzalýan hukuklaryň hemmesini amala aşyrmaga, „Zerur bolan ähli kanunlary çykarmaga” hukugyň berilýändigi duýulýar. Konstitusiýa laýyklykda, federal hökümet salgytlaryň möçberini kesgitlemäge we ýygnamaga, bergile-

ri tölemäge, karz almaga ygtyýarlydyr. Milli bank bolsa şu işleri berjaý etmäge gerek bolan maddy kömegi bermelidir. Hut şonuň üçin, özüne berlen ygtyýarlyklaryň çäginde, Kongrese şular ýaly banky döretmeklige hukuk berildi. Waşington we Kongresiň agzalary Gamiltonyň pikiri bilen ylalaşdylar.

## RAÝAT ŽÖNE WE DAŞARY SYÝASAT

Ýaş hökümetiň ilkinji wezipeleriniň biri ýurduň ykdysadyýetini berkitmek we döwletiň maliýe howpsuzlygyny gazanmak bolup duran hem bolsa, Birleşen Ştatlar halkara işlerini-de ünsden düşürmeýärdi. Waşingtonyň daşary syýasatynyň esasy ugry ýurduň ýaralaryny bejermek üçin we milli bütewilik ugrunda alyp barýan işini ýuwaş-ýuwaş dowam etmek üçin, ýurda zerurdan-zerur bolan parahatçylygy saklamakdy. Ýöne, Ýewropadaky ýagdaý bu meýilnamalaryň başa barmagyna howp salýardy. Amerikalylaryň köpüsi Fransiýada bolup geçýän rewolýusiýany uly gyzyklanma hem duýgudaşlyk bilen synlaýardylar. 1793-nji ýylyň aprelinde gelen täzelik şol uruş meselesini ABŞ-nyň hem syýasy meselesine öwürdi. Fransiýa Beýik Britaniýa we Ispaniýa garşy uruş yglan etdi. Raýat Žöne bolsa Amerika Fransuz respublikasynyň täze ilçisi hökmünde gelmelidi.

1793-nji ýylyň ýanwarynda Lorol Luis XVI öldürilenden soň, Britaniýa, Ispaniýa we Gollandiýa Fransiýa bilen uruşa girişdiler. 1778-nji ýylda ýaranlyk barada gol çekilen fransuz-amerikan şertnamasyna laýyklykda, ABŞ we Fransiýa müdimilik ýarandylar we Amerika Fransiýa West-Hindi adalaryny goramaga kömek bermelidi. Emma şol wagt ABŞ harby we ykdysady taýdan gaty gowşak bolanlygy üçin, onuň güýçli ýewropa döwletleri bilen ýene-de bir urşa baş goşmaga ýagdaýy ýokdy. 1793-nji ýylyň 22-nji aprelinde Waşington 1778-nji ýylyň şertnamasynyň şertlerini üstünlik bilen ýatyrdy. Netijede, ABŞ „dostlukly we uruş edýän ýurtlar babatynda bitarap ýurt” diýlip yglan edildi. Bu bolsa öz gezeginde amerikan garaşsyzlygyny üpjün etdi. Amerika gelen wagtynda Žöneni köp adamlar gyzgyn kabul etseler hem, hökümet ony sowuk-sala resmilik bilen garşylady. Muňa gaharlanmak bilen ol ýesir alynan britan gämisini hususy söweş gämisine öwrüp ulanmazlyk hakyndaky wadasyny bozýar. Şeýle hem, Žöne hökümet edaralaryny inkär edip, pikirlerini özüni mähirli garşylan amerikalylara ýetirmäge synanyşdy. Şondan soň köp wagt geçmänkä, ABŞ Žöneni yzyna çagyrmagy Fransiýadan talap etdi.

Žöne bilen bagly bu waka Amerika bilen Fransiýanyň gatnaşyklaryny kynlaşdyrdy. Onsuz-da, şol wagtda ABŞ-nyň Beýik Britaniýa bilen gatnaşyklary hem öwerlikli däldi. Britan goşunlary şol wagta çenli ABŞ-nyň günbatar serhetlerinde kiçi galalary elde saklaýardylar, çünki rewolýusiýa döwründe iňlisleriň eýeçiligine geçen mülklere amerikalylar töleg etmändiler we yzyna almandylar, Angliýanyň harby-deňiz gämiler toplumy bolsa Amerikanyň söwda gämilerini saklap, ele salýardylar. Şu meseleleri kadalaşdyrmak üçin, Waşington 1794-nji ýylda Londona Baş kazy Jeýi adatdan daşary ilçi hökmünde ugratdy. Angliýada Jeý bir şertnama baglaşmagy başardy. Şol şertnama günbatar galalardan britan goşunlarynyň çykarylmagyna kepil geçýärdi, London hem 1793–1794-nji ýyllarda Britaniýa tarapyndan saklanyp, ele salnan gämileriň we ýükleriň öwezini dolmaga söz berdi. ABŞ-nyň ýagdaýynyň gowşakdygyny nazara almak bilen şol şertnama amerikalylaryň

West-Hindi adalary bilen söwdasyna berk çäklendirmeler girizdi, emma geljekde amerikan gämileriniň hem ýükleriniň saklanyp, ele salynmagy, ýa-da amerikan deňizçileriniň britan harby-deňiz gullugyna alynmagy barasynda hiç zat agzalmaýar. Şeýle hem, Jeý Britan tarapynyň bir teklibi bilen ylalaşdy. Şoňa laýyklykda, ähli azyk üpjünçiligi, harby-deňiz toplumynyň emlägi, harby enjamlar kontrabanda hasaplandy we olary bitarap gämiler bilen duşmanyň gämi duralgasyna ýetirmek gadan edilmelidi.

Jeýiň şertnamasy köplenç respublikaçylar ýa-da demokratik respublikaçylar atlandyrylýan antifederalçylaryň arasynda güýçli nägilelik döretdi. Federalçylar britan syýasaty ugrunda göreşýärdiler, sebäbi olaryň bähbidini goraýan söwda-satyk gulluklary Beýik Britaniýa bilen söwdadan ummasyz peýda görýärdiler. Onuň tersine, respublikaçylar Fransiýa bilen ýaranlyk ugrunda göreşýärdiler, ol köp derejede ideologiki sebäpler bilen düşündirilýärdi we Jeýiň şertnamasyny Beýik Britaniýa üçin örän amatly diýip hasaplaýardylar. Ýöne, uzaga çeken çekişmelerden soň Senat şertnamany makullady.

## ADAMS WE JEFERSON

Prezident wezipesinde 8 ýyldan artyk gulluk etmezligi ýüregine berk düwen Waşington 1797-nji ýylda döwlet baştutanlygy wezipesinden çekildi. Onuň massaçusetsli orunbasary Jon Adams döwletiň täze baştutanlygyna saýlandy. Entek prezidentlik wezipesine geçmänkä, Adams Gamilton bilen tersleşipdi – bu bolsa bütewiligini ýitiren partiýa tarapyndan onuň peýdalanylmagyna esas boldy.

Ýurduň içindäki şular ýaly kynçylykly ýagdaý halkara derejesindäki näsazlyklar sebäpli has hem çylşyrymlaşdy: Jeýiň Angliýa bilen soňky gelen ylalaşygyna gahary gelen Fransiýa duşman tarapyň portlaryna ugradylýan azyk üpjünçiliginiň, harby-deňiz toplumynyň emläginiň, harby enjamlaryň Fransuz harby-deňiz güýçleri tarapyndan ele salynmagy barada britanlaryň delilinden peýdalandy. 1797-nji ýyla çenli Fransiýa amerikan gämileriniň 300-üni ele saldy we ABŞ bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesdi. Ýagdaýy kadalaşdyrmak boýunça gepleşikler geçirmek maksady bilen Adams üç wekilini Pariže ugradanda, daşary işler ministri Şarl Moris dö Taleýrandyň agentleri (Adams Kongres üçin taýýarlan hasabatynda olary „XYZ" diýip atlandyrýar) gepleşikleriň diňe ABŞ-nyň Fransiýa 12 million dollar karz beren we fransuz hökümetiniň resmi adamlaryna para geçiren mahalynda başlanjakdygyny habar berdi. Bu bolsa amerikalylaryň Fransiýa duşmançylygynyň artmagyna sebäp boldy. „XYZ" diýlip atlandyrylan şol iş goşun sanynyň köpeldilmegine we şol wagtlar täze döräp barýan ABŞ-nyň harby-deňiz güýçleriniň berkemegine alyp bardy.

1799-njy ýylda amerikalylar fransuzlar bilen deňizde ençeme gezek söweşe girişenlerinden soň, uruş gutulgysyz ýaly bolup göründi. Bu çylşyrymly ýagdaýda Adams urşuň başlanmagyny islän Gamiltonyň diýenine gitmän, Fransiýa üç sany täze komissar iberdi. Edil şol wagt häkimiýet başyna gelen Napoleon olary mähirli garşylaýar we dörän howply ýagdaý 1800-nji ýyl ylalaşygynyň baglaşylmagy netijesinde aradan aýrylýar we şol ylalaşyk Birleşen Ştatlary 1778-nji ýylda Fransiýa bilen goranmak maksady bilen döreden ýaranlygyndan resmi taýdan çykmagyna alyp bardy. Ýöne, Amerikanyň ýagdaýynyň gowşaklygyny hasaba alyp, Fransiýa fransuzlar tarapyn-

dan basylyp alnan amerikan gämileriniň öwezini dolmak üçin 20 million dollar tölemekden boýun gaçyrdy.

Fransiýa bolan duşmançylyk Kongresde daşary ýurtlular we nägilelik döredýänler baradaky kanunlaryň kabul edilmegine alyp bardy. Bu kanunlaryň amerikan raýat azatlyklaryny berk goramakda ähmiýeti bardy. Raýatlyk bermegiň möhletini öňki 5 ýyl bolmagyndan 14 ýyla üýtgeden raýatlyk bermek baradaky täze kanun „respublikaçylary goldaýar" diýlip şübhe edilýän irlandiýaly we fransiýaly immigrantlaryň garşysyna gönükdirilipdi. Bary-ýogy iki ýyl hereket eden daşary ýurtlular baradaky kanun Prezidente uruş döwründe daşary ýurtlulary ýurtdan çykarmak ýa-da tussag etmek ýaly hukuklar berdi. Nägilelik döredýänler baradaky kanun ýurduň Prezidenti ýa Kongresi barada „ýalan, galmagally ýa myjabat atyjy" zatlary ýazmagy, aýtmagy ýa-da çap etmegi gadagan etdi. Nägilelik döredýänler baradaky kanuna esaslanyp, üstünlikli geçirilen iki-ýeke derňew işleri raýat azatlyklary ugrundaky göreşde pajygaly ýagdaýlara alyp bardy we respublikaçylara uly goldaw berilmegine getirdi.

Bu kanunlar güýçli garşylyga duçar boldy. Jeferson we Mädison 1798-nji ýylyň noýabr we dekabr aýlarynda Kentukki we Wirjiniýa ştatlarynyň kanun çykaryjy guramalaryna jarnamalaryny kabul etmekde hemaýatkär boldular. Şol jarnamalara laýyklykda ştatlar federallaryň hereketleri barada öz pikirlerini „aýdyp" bilýärler we olary „ýatyryp" bilýärler. „Ýatyrmak" taglymaty soňra günorta ştatlaryň demirgazyk ştatlar bilen bahalar babatdaky hem, elbetde, gulçulyk baradaky meselelerde bolan göreşlerinde günortalylaryň bähbitlerini goramak üçin ulanylar.

1800-nji ýylyň öňüsyrasynda amerikan halky nähili-de bolsa özgerişliklere garaşdy. Waşington we Adams döwründe federalçylar güýçli häkimiýeti döretdiler, ýöne olar käte onuň amerikan halkynyň bähbitlerine gulluk etmek ýörelgesine sarpa goýmagy başarmadylar. Olaryň saýlan şu syýasy ugry jemgyýetiň uly-uly toparlarynyň özlerinden daşlaşmagyna alyp bardy. Mysal üçin, 1798-nji ýylda olar jaýa, ýere we gullara salgyt salmak barada kanun kabul etdiler. Bu kanun ýurduň hususy eýeçiligi bolan her bir adamyň bähbidine dahyllydy.

Jeferson ownuk mülkdarlardan, dükançylardan we beýleki köp sanly ýönekeý zähmetkeşlerden özüne berk goldaw döretdi, olar 1800-nji ýylda bolan prezident saýlawlarynyň netijesine ägirt uly täsirini ýetirdiler. Jefersonyň hut amerikan idealizmine eden çagyryşlary ony örän meşhur etdi. Täze paýtagt şäher Waşingtonda prezidentlik wezipesine geçmezden öň geçirilen ilkinji kasam ediş dabarasynda sözlän sözünde Jeferson ýurduň ýaşaýjylaryna öz işleri bilen meşgullanmaga we kämilleşmäge erkinlik berjekdigine we olaryň asuda durmuşyny upjün etjek „ paýhasly we salyhatly hökümeti" döretjekdigine söz berdi.

Jefersonyň diňe Ak Tamda bolmagynyň özi demokratik hereketlere itergi berýärdi. Ol öz elinde işleýän adamlara özlerini halkyň ynam bildiren adamlary diýip hasaplamagy öwredýärdi. Ol oba hojalygyny we günbatardaky ýerleri özleşdirip, barha ýaýbaňlanmagy höweslendirýärdi. „Amerika ejizler üçin jennet bolar" diýýän ynamyndan ugur alyp, ol raýatlyk bermek baradaky liberal kanunyň kabul edilmegini çaltlaşdyrdy. Prezidentlik wezipesiniň ikinji tapgyry tamamlanyp barýarka, onuň öňdengörüji maliýe ministri Albert Gälletin ABŞ-nyň döwlet bergisini 560 million dollardan hem azaltmagy başardy. Bütin ýurt „Jefersonyň tagalla joşgunynyň" tolkuny bilen süýşüp

barşyna, amerikan ştatlary yzly-yzyna saýlawlara gatnaşmakda talap edilýän mülkli bolmak düzgünini ýatyrdylar, jenaýat edenler we bergidarlar üçin has ynsanperwer kanunlaryň kabul edilmegini gazandylar.

## LUIZIANA WE BRITANIÝA

Jefersonyň geçiren çäreleriniň biri amerikan döwletiniň çäklerini iki esse giňeltdi. Ýedi ýyllap dowam eden urşuň ahyrynda Fransiýa Missisipi derýasynyň günbatarlygyndaky ýerleri Ispaniýa berdi. Şol ýerler bilen bir hatarda derýanyň aşaky akymyndaky Täze Orlean gämi duralgasy hem Ispaniýanyň eýeçiligine geçdi. Şol gämi duralgasy bolsa Ogaýo we Missisipi jülgelerinde öndürilýän amerikan oba hojalyk önümleriniň daşalmagynda möhüm bir duralga bolup hyzmat edýärdi. Jefersonyň ABŞ-nyň Prezidenti wezipesine girişmeginiň yzysüre Napoleon gowşak ispan hökümetinden Luiziana diýlip atlandyrylýan bir zolak ýeriň Fransiýa gaýtarylyp berilmegini talap etdi. Beýle hereket amerikalylary howatyrlandyrdy we gaharlandyrdy. Napoleonyň Birleşen Ştatlaryň günbatar serhetlerinde äpet kolonial imperiýany döretmek baradaky meýilnamalary ýurduň içinde dörän hemme obalaryň howpsuzlygyna we söwda etmek hukuklaryna howp salýardy. Fransiýa Luizianany eýeläýse, „şol pursatdan biz britan flotuna we halkyna boýun bolmalydyrys” diýip Jeferson nygtady.

Beýik Britaniýa bilen ýene-de bir urşuň gutulgysyzdygyna düşünen Napoleon gaznasynyň üstüni ýetirmek we Luizianany Amerika satmak bilen ony Angliýa üçin elýetmez etmek kararyna gelýär. Bu maksat bolsa Jefersony Konstitusiýa nukdaý nazaryndan kyn ýagdaýa saldy: Konstitusiýa ýer satyn almaga hukugyny hiç bir häkimiýete bermändi. Birbada Jeferson Konstitusiýa düzediş girizmekçi boldy, ýöne onuň geňeşçileri munuň wagt talap etjekdigini, wagtyň geçmegi bilen Napoleonyň pikiriniň üýtgemeginiň mümkindigini, şeýle hem, ýer satyn almak ygtyýarlygynyň şertnamalary taýýarlamak ygtyýarlygynyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýandygyny düşündirdiler. Jeferson: „Biziň ýurdumyzyň gowşak binýady erbet netijeler berende, sagdyn pikir ony düzetmegi başarar” diýip köşeşdi.

1803-nji ýylda ABŞ 15 million dollara Luizianany satyn aldy. Netijede, ABŞ Täze Orlean gämi duralgasy bilen birlikde 2,6 mln. inedördül kmden-de köp tutýan ýerlere eýe boldy. Ýurt dagly, tokaýly we derýaly mes toprakly meýdana eýe boldy, ol ýerler 80 ýylyň içinde ýurduň merkezine we dünýäde iň köp galla öndürýän meýdanlaryň birine öwrüldi.

1805-nji ýylda Britaniýa bilen Fransiýanyň arasynda uruş gidip durka, Jeferson, prezidentligiň ikinji möhletine girişmek bilen: „ABŞ bitarapdyr” diýip yglan etdi. Söweşýän taraplaryň hersi beýleki tarapyň gämi duralgalaryna bitarap gämileriň barmagyny çäklendirmeklige çalyşýardy. Muňa garamazdan, Britan tarapynyň deňizlerde edýän gözegçiligi zerarly, onuň girizen gadagançylygy we basybalyjylykly hereketleri Napoleon Fransiýasynyň geçirýän çärelerinden has howply boldy.

1807-nji ýyla çenli britaniýalylar harby-deňiz gämiler ulgamyny has hem berkitdiler. Indi onuň hatarynda harby gämileriň 700-i bardy, şeýle hem, 150 müňe golaý deňizçi hem deňiz pyýada goşunynyň esgerleri bardy. Deňiz ýollaryna köpsanly güýçler tarapyndan gözegçilik edilýärdi. Olar fransuz gämi duralgalaryna hiç bir gami goýbermeýärdiler we Britaniýanyň söwda kerwenlerini we koloniýalaryna barýan deňiz ýollaryny goramak bilen onuň söwda

howpsuzlygyny üpjün edýärdiler. Ýöne britan deňiz flotunyň esgerleri diýseň agyr şertlerde ýaşaýardylar, şonuň üçin onda gulluk etmäge isleg bildirýänleri aňsatlyk bilen tapmak mümkin däldi. Hatda, deňizçileriň köpüsi gaçyp, pena gözleginde, amerikan gämilerine barýardylar. Mundan habarly britan harby-deňiz ofiserleri ABŞ-nyň gämilerini barlamaga we ondan britan raýatlaryny tapyp almaga özlerini hukukly saýýardylar. Bu ýagdaý amerikalylaryň namysyna degýärdi. Has beteri-de, amerikan deňiz esgerleriniň britan ofiserleri tarapyndan zor bilen öz gullugyna çekilmegidi.

Jeferson britan gämileriniň Amerika degişli suwlaryň çäginden çykmagy barasynda höküm çykaranda, britanlar muňa jogap edip, has köp deňizçileri işe çekdiler. Jeferson ykdysady gysyş ulanmak bilen Angliýany egilşige gelmäge mejbur etmekçi boldy. 1807-nji ýylyň dekabrynda Kongres daşary söwdanyň ählisini gadagan edýän bir kanun kabul etdi. Kiniýaly hem bolsa, respublikaçylar (aslynda hökümetiniň çäkli bolmagynyň tarapdarlary) hökümetiniň ygtyýarlyklaryny tükeniksiz artdyran bir kanuny kabul edendiklerini duýdular. Şondan soňky diňe bir ýylyň içinde, Amerikanyň eksporty öňkisiniň bäşden bir bölegine gaçdy. Ýük ýüklemekden we daşamakdan gelýän peýda ýoga çykdy. Täze Angliýada we Nýu-Ýorkda nägilelikler barha artdy. Oba hojalygynda hem uly yza gidişlikler duýlup başlandy, çünki günorta we günbatar daýhanlaryň indi özlerinden artan däne hasylyny, et önümlerini we temmäkilerini daşary bazara ugradyp bilmeýändikleri sebäpli, nyrhlar juda peseldi.

Garaz, girizilen şeýle gadagançylyk Beýik Britaniýany açlyga sezewar edip, syýasatyny üýtgetmäge mejbur eder diýen umyt puç boldy. Ýurduň içinde nägileligiň artmagy bilen Jeferson ýük ýüklemekden we ýük daşamakdan ýurda gelýän peýdalary kadalaşdyryp biljek aramrak bir çärä ýüz urdy. Ol 1809-njy ýylda Çäkli aragatnaşyk hakyndaky kanuna gol çekdi. Bu kanun Beýik Britaniýa, Fransiýa we olaryň golastyndaky ýurtlardan başga ähli ýurtlar bilen söwda etmäge rugsat berdi.

1809-njy ýylda Jeýms Mädison Jefersonyň ornuna ABŞ-nyň prezidentligine geçdi. Beýik Britaniýa bilen gatnaşyk barha ýaramazlaşýardy we bu iki ýurduň arasynda tizden-tiz urşuň tutaşjagy mese-mälimdi. Prezident britanlylaryň müňlerçe gezek ABŞ-nyň raýatlaryny zor bilen işe çekenligini aýan edýän hasabaty taýýarlap, Kongresiň garamagyna berdi. Üstesine-de, demirgazyk-günbatar serhediň ýakasynda ýaşaýanlar indeýleriň galtamançylykly çozuşlaryndan ejir çekýärdiler. Munda Kanadadaky britan içalylarynyň eli bar diýlen ynamly pikir beýan edildi. Şu sebäpli, amerikalylaryň aglabasy Kanada basybalyjylykly hüjüm amala aşyrmagyň tarapdary boldy. Elbetde, şu işde gazanyljak üstünlik ýerli amerikan indeýlerine britanlylaryň edýän täsirine nokat goýardy we Amerika üçin koloniýalar döretmäge, täze ýerler açmaga mümkinçilik bolardy. Amerikan deňiz esgerleriniň britan ofiserleri tarapyndan zor bilen öz gullugyna çekilenligi zerarly dörän namys duýgusy Kanada basybalyjylykly hüjüm amala aşyrmak islegini, urşa girişmek hyjuwyny barha artdyrdy we 1812-nji ýylda ABŞ Britaniýanyň garşysyna uruş yglan etdi.

## 1812-NJI ÝYLYŇ URŞY

Birleşen Ştatlar Britaniýa bilen ýene bir urşa taýýarlanýan döwründe ýurduň içinde emele gelen çuňňur bölünişik bilen ýüzbe-ýüz boldy. Günorta

we Günbatar urşuň bolmagyny islese, Nýu-Ýork we Täze Angliýa urşuň öz söwdasyna zyýan etjekdiginden ugur alyp, oňa garşy boldular. Şeýlelik bilen, entek doly taýynlyk ýokka, uruş yglan edildi. Goşunyň hatarynda adaty esgerleriň sany ýedi müňe-de ýetmeýärdi. Olar Atlantikanyň kenar ýakalarynda, Kanada serhetlerinde, ýurduň içinde biri-birinden uzak aralykda ýerleşen harby nokatlara paýlanypdy. Ştatlardan harby gulluga alnan tälimdir tertip-düzgün görmedik meýletinçiler olara goldaw bolmalydy.

Harby hereketler amerikan goşunynyň Kanada girmegi bilen başlandy. Hüjüm wagtynda we başarnykly amala aşyrylan bolsady, bir jem bolup, Monreala garşy edilen hereket üstünlikli bolardy. Emma ähli ýöriş şowsuz bolup çykdy we ol britanlaryň Detroýty eýelemegi bilen gutardy. Ýöne ABŞ-nyň harby-deňiz güýçleri uly üstünlikler gazanyp, amerikalylaryň özüne bolan ynamyny galkyndyryp berkitmegi başardy. Şeýle hem, Atlantikanyň suwlarynda gatnaýan köp sanly hususy gämiçileriň bir topary 1812–1813-nji ýyllaryň güýzünde we gyşynda britan söwda gämileriniň 500-üni ele saldylar.

1813-nji ýylda geçirilen uruş hereketleri Nýu-Ýork ştatyndaky Eri kölüniň daşynda bolup geçdi. Soňra ABŞ-nyň Prezidenti bolan General Wilýam Genri Garrison halk meýletinçilerinden we adaty harby esgerlerden ybarat bir goşuny bilen Kentukkiden Detroýta tarap ony basyp almak maksady bilen ugrady. Sentýabr aýynyň 12-sinde, entek ol ýokarky Ogaýodaka, amerikan gämileriniň bir toparyna baştutanlyk edýän Oliwer Hazard Perri tarapyndan Eri kölünde iňlis harby gämileriniň derbi-dagyn edilenligi barada habar alýar. Garrison Detroýty eýeläp, yza çekilip barýan iňlisleri we olaryň indeý ýaranlaryny Temza derýasynda kowup dargytmak bilen Kanada girdi. Şeýlelikde, Kanadanyň ähli ýerleri amerikalylaryň gözegçiligi astyna geçdi.

Bir ýyl geçenden soň, ýagny 1814-nji ýylda uruşda ýene bir aýgytly öwrülişik boldy, serkerde Tomas Makdonaf Nýu-Ýork ştatynyň demirgazygyndaky Şampleýn kölünde britan harby gämileri bilen bolan söweşde üstün çykdy. Deňizden edilýän goldawyndan kesilen iňlisleriň 10 müň adamdan ybarat basybalyjy goşuny Kanada tarap çekilmäge mejbur boldy. Edil şol wagt diýen ýaly, „ýumurmaly we weýran etmeli” diýen buýrukdan ugur alýan iňlis harby deňiz gämiler topary Atlantikanyň kenar ýakasyndaky amerikalylary gününe goýmaýardy. Awgust aýynyň 24-iniň gijesinde barlag-agtaryş goşuny ABŞ-nyň merkezi hökümetiniň ýerleşýän ýeri bolan Kolumbiýa okrugynyň Waşington şäherine duýdansyz baryp girdi we ony otlady. Prezident Jeýms Mädison Wirjiniýa gaçyp gitdi.

Uruş dowam etmegi bilen, gepleşikler alyp barýan amerikan we iňlis diplomatlary biri-birinden eglişik etmegi talap edýärdiler. Diňe serkerde Tomas Makdonafyň Şampleýn kölünde uly ýeňiş gazanandygyny eşidenden soň, iňlisler eglişik etmek barasynda karara geldiler. 1814-nji ýylyň dekabr aýynda Beýik Britaniýanyň adyndan gepleşiklere gatnaşanlar Gent (Belgiýada) şertnamasyna gol çekdiler. Gersog Wellington munuň hut şeýle bolmagy ugrunda tagalla baryny etdi. Hususan-da, uly çykdajylary talap eden Napoleon uruşlary sebäpli, Britan gaznasynyň boşap galmagy-da olary muňa mejbur etdi. Şertnama harby hereketleriň bes edilmegini, basylyp alnan ýerleriň dikeldilmegini, şeýle hem, serhet jedellerini çözmek üçin, bir derňew toparynyň döredilmegini talap edýär. Şol ýaraşyk şertna-

masynyň gol çekilenliginden bihabar taraplar Luiziana ştatynyň Täze Orlean şäherinde söweşlerini dowam etdirýärdiler. Şol ýerde general Ändru Jäksonyň serkerdeliginde amerikalylar bütin urşuň dowamynda iň uly ýeňşe ýetdiler.

Iňlisler we amerikalylar ylalaşyga gelmek barada gepleşikler geçirýärkäler, Massaçusets, Rod-aýlend, Konnektikut, Wermont we Nýu-Gempşir ştatlarynyň federalçy wekilleri Konnektikut ştatynyň Hartford şäherinde „Jenap Mädisonyň urşuna" garşylyk bildirýän bir ýygnaga (konwensiýa) jemlendiler. Täze Angliýa bir tär bilen duşman bilen bütin urşuň dowamynda söwda etmegi başarypdy, aslynda, käbir ýerler, hatda, şol söwdanyň arkasyndan pajarlap ösüpdi. Şeýle-de bolsa, federalçylar uruş milli ykdysadyýeti çökerýär diýip nygtadylar. Şol ýygnaga gatnaşanlaryň käbirleri ýaranlykdan çykmaly diýip çykyş etdiler, ýöne wekilleriň aglabasy respublikaçylaryň ygtyýarlyklaryny çäklendirmegi nazarda tutup, Konstitusiýa birnäçe üýtgetme girizilmegi barasynda ylalaşdylar. Şol sanda, olar 60 günden uzak möhletli gadagançylyga, şeýle-de prezidentlik wezipesine şol bir ştatdan yzlyyzyna saýlanmaklyga ýol bermezligi teklip etdiler. Ýöne Hartford ýygnagyna gatnaşyjylar şeýle habary Waşingtona (Kolumbiýa okrugy) ýetirýänçäler, olar urşuň eýýäm tamamlanandygyny bildiler. Hartford konwensiýasyna gatnaşyjylar federalçylary biwepalikda aýypladylar. Federalçylar bu aýyplamalardan hiç wagt hem aýňalyp bilmediler. ◇

# IKINJI BEÝIK GALKYNYŞ

XVIII asyryň ahyrlarynda bilimli amerikalylaryň köpüsi adaty hristian dinine uýmalaryny bes edip başlapdylar. XIX asyryň birinji ýarymynda şol döwrüň dine garşy akymyna jogap hökmünde dini galkynyş hereketi günbatara tarap ýaýrap başlady.

Amerikanyň taryhynda ýüze çykan şol ikinji beýik dini galkynyş birnäçe dürli dini ybadatdan ybarat boldy. Olar ybadat ýerleri we dini ynanjyň beýan edilişi bilen tapawutlanýardylar. Täze Angliýada dine bolan gyzyklanmanyň täzeden döreýşi durmuş işewürliginiň tolkunyny emele getirdi. Günbatar Nýu-Ýorkda galkynyş ruhy dini ynançlaryň täze görnüşleriniň peýda bolmagyna alyp bardy. Kentukkiniň Appalaçi sebitlerinde we Tenneside bu galkynyş metodist we baptist sektalaryny güýçlendirdi, şeýle hem, dini ybadatyň düşelge ýerlerinde amala aşyrylyşy ýaly täze bir görnüşiniň döremegine sebäp boldy.

1730-njy ýyllarda ýüze çykan Beýik galkynyşdan tapawutlylykda Gündogardaky bu galkynyş hereketlerine şowhun-gowga we içki hyjuwyny aç-açan beýan etmek ýaly häsiýetnamalar mahsus däldi. Gaýtam, ynanmaýanlar ynanýanlaryň „sarpaly dymyşlygyndan” toba gelýärdiler.

Täze Angliýadaky protestantçylyk akymy dini wagyz edýänleriň umumy görnüşli jemgyýetleriniň döremegine alyp bardy. Şol jemgyýetleriň maksady protestantçylygy günbatara ýaýratmakdy. Bu jemgyýetleriň agzalary diňe bir dine uýýanlar hökmünde däl-de, eýsem aň-bilim ýaýradyjylar, raýat jemgyýetçiliginiň ýolbaşçylary hökmünde we gündogar şäher medeniýetiniň nusgalary hökmünde-de hereket edýärdiler. Çap etmek we bilim ýaýratmak bilen meşgullanýan jemgyýetler hristian dinini wagyz etmek işlerine ýardam berýärdi; olaryň arasynda, esasan-da, Amerikanyň 1816-njy ýylda döredilen Injil Jemgyýeti has meşhurdy. Galkynyşyň döreden durmuş işewürligi abolision toparlaryň we aramlygy wagyz ediji jemgyýetiň döremegine, şeýle-de, türmeleri üýtgedip gurmak hem beden we akyl taýdan şikesli adamlaryň aladasyny etmek ýaly tagallalaryň artmagyna getirdi.

Nýu-Ýork ştatynyň günbatarynda galkynyş köp babatda Nýu-Ýork ştatynyň Adams şäherinden bolan ýurist Çarlz Grädison Finnä borçludyr. Ontario kölünden Adirondak daglaryna çenli bolan ýer geçmişde ençeme galkynyşy başyndan geçiripdir we hut şonuň üçin bu etrap „Ýanan ýer” ady bilen tanalýar. 1821-nji ýylda Finni Hudaý tarapyn bir gudrat görýär we şol pursatdan başlap, günbatar Nýu-Ýorkda injili wagyz edip başlaýar. Onuň dini galkynyş hereketlerine jikme-jik meýilnamalaşdyrmak, özüne üns çekmegi başarmak we reklama etmek ussatlygy mahsusdy. 1835-nji ýylda Ogaýo göçüp gidýänçä, Finni „Ýanan ýerde” bütin 1820-nji ýyllaryň dowamynda we 1830-njy ýyllaryň başlarynda dini wagyz ýöredýär. 1835-nji ýylda ol Oberlin kollejinde ylahyýet kafedrasynyň müdirlik wezipesinde işlemek üçin, Ogaýo göçüp barýar. Soňra ol Oberliniň Prezidenti boldy.

Amerikada ýörgünli güýçli dini sektalaryň beýleki ikisi bolan mormon we ýedinji günüň adwentistleri öz başlangyjyny „Ýanan ýerden” aldylar.

Appalaçi sebitlerinde ýüze çykan galkynyş geçen asyryň Beýik galkynyşynyň döreýşine meňzeş boldy. Ýöne, munda kempingler galkynyş merkezleri bolup hyzmat etdi. Bu merkezler öýlerinden uzakda ýedi günläp dini ybadatlar amala aşyrylýan adamlar toparyna pena bolýardy. Şeýle kempinglerde geçirilýän dini ýygnaklar ilaty az bolan serhetýaka ýerlerden gatnaşýan adamlar üçin adaty ýalňyzlykdan gaçybatalga bolup hyzmat edýärdi. Ýüzlerçe, belkem müňlerçe adam bilen bir hatarda dini galkynyşa gatnaşýandyklaryndan göwnühoş adamlar şular ýaly ýygnaklarda tans edýärdiler, wagtlaryny şagalaňda geçirýärdiler.

Kemping ýygnaklarynyň ilkinjisi 1800-nji ýylyň iýulynda Kentukkiniň günorta-günbataryndaky Gasper derýasynyň kenarynda ýerleşýän buthanada bolup geçdi. Mundan has ulurak ýygnak bolsa 1801-nji ýylyň awgustynda Kentukki ştatynyň Keýn Rij şäherinde geçirildi. Oňa 10 müňden 25 müňe çenli adam hem-de preswiterian, baptist we medotist dinleriniň ruhanylary gatnaşdylar. Hut şol ýygnanyşyk metodist we baptist mezhepleriniň buthanalarynyň ýaýramagynda guramaçylykly galkynyşyň ähmiýetli täre öwrülmegine uly itergi boldy.

Beýik galkynyş Kentukki, Tennesi ýaly ştatlarda we Ogaýo ştatynyň günorta böleginde çalt ýaýraýardy. Mundan gelýän maddy girdejilerden ilkinji nobatda metodistler we baptistler peýdalanyp bilýärdi. Her bir diniň öz maddy serişdesi bardy. Serişdeden diniň serhet ýakalaryna ýaýradylmagynda peýdalanyp bolýardy. Metodistleriň „emläge aýlanýanlar” ady bilen tanalýan ruhanylara garaşly örän netijeli iş alyp barýan guramasy bardy. Şol ruhanylar uzak serhet eteklerindäki ýerlerden adamlary gözläp tapýardylar. „Emläge aýlanýanlar” sada adamlaryň hataryndan çykanlardy, olar öz dinine çekmek umydy bilen serhet ýakalaryndaky maşgalalar bilen gatnaşygy ýola goýmaga kömek edýärdi.

Baptistleriň resmi taýdan buthana guramasy ýokdy. Olaryň daýhan-ruhanylary, Hudaýyň „çagyryşyny” alan, injili öwrenen we soňra özlerini dindarlar diýip, yglan eden buthanany esaslandyran adamlardy. Ruhanylyga dalaş edýän beýleki adamlar şol buthanadan gelip çykan adamlar we hut şolar buthananyň özleşdirilmedik uzak ýerlere ornaşdyrylmagyna kömek eden adamlar boldy. Şeýle tärleri ulanmak bilen baptistler ştatlar bilen araçäkdeş ýerlerde we günorta ýerleriň aglabasynda agalyk etmegi başardylar.

Ikinji beýik galkynyş Amerikanyň taryhyna ummasyz uly täsirini ýetirdi. Baptistleriň we metodistleriň san taýdan bolan kuwwaty kolonial döwürde agalyk eden din sektalaryna, ýagny anglikan, preswiterian ýa-da kongregasionalist sektalaryna degişlilikde artdy. Durmuşda duş gelnen kynçylyklary çözmekde şu agzalan sektalaryň arasynda hristian taglymatynyň peýdalanylmagy XIX asyryň ahyrynda injile ýykgyn ediljekdigini aňladýardy. XIX asyryň başlaryndan ortalaryna çenli aralykda Amerika ilatynyň düzüm taýdan dürlüligi bilen tanalýan ýurda öwrülip başlady, Amerikanyň protestant buthanasynyň içinde barha köpelýän täze ugurlar bolsa şunuň ýaly dürlülikden habar bermek bilen bir hatarda oňa goşant boldy.

1829–1837-nji ýyllarda ABŞ-nyň Prezidenti Ändru Jäksonyň suraty. Hyjuwly, gujur-gaýratly we janypkeş Jäkson demokratik partiýanyň günbatarlylar, mülkdarlar we işçiler bilen netijeli birleşigini gazanyp bildi.



# ÝURDY ÖZGERDENLER

## ÖZGERDIJILERIŇ KEŞPLERI SURATLARDA

Birleşen Ştatlar XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda köptaraplaýyn özgerdi. Ösen oba hojalykly agrar ýurt bolmagyndan, ol uly senagatly döwlete öwrüldi we onuň esasyny düzýän zatlar bolsa polat, kömür, demir we bug energiýasydy. Ilkibaşda Missisipi derýasy bilen gallanan ýaş döwlet bütin Demirgazyk Amerika yklymyna we umman aralyklaryna çenli giňedi. Bu gulçulyk meselesi boýunça ylalaşyga gelmedik we Raýatlyk urşunyň gazaply synagyndan geçen ýurt dünýäde iň kuwwatly döwlete öwrüldi. Ilkinji gezek onuň täsiri Birinji Jahan urşy döwründe dünýä milletleriniň ykbalynyň çözülmeginde anyk duýuldy.

Kentukiden Genri Kleý (ýokarda), ol hiç haçan ýurduň Prezidenti bolmadyk-da bolsa, XIX asyryň birinji ýarymynda iň täsirli amerikan syýasatçylarynyň biri bolupdy. Kleýiň tagallasy bilen 1820-nji ýylda baglaşylan Mizuri ylalaşygynyň we 1850-nji ýyldaky ylalaşygyň kabul edilmegi ýaranlygy saklamakda bahasyna ýetip bolmajak iňňän wajyp ähmiýete eýe boldy. Iki kanuny perman, wagtlaýyn-da bolsa, gulçulyk babatyndaky jedeli çözdi.





Sagda, XIX asyrda zenanlaryň hukugy ugrunda beýik göreşijiler Elizabet Keýdi Stenton (oturan zenan) we Sýuzan Äntoni. Stenton Nýu-Ýork ştatynyň Seneka-Folls diýen ýerjagazynda 1848-nji ýylda Aýallaryň I gurultaýyny geçirmäge kömek etdi. Soňra ol Äntoni bilen birikdi we olar aýallaryň hukugy ugrundaky göreş boýunça Milli Birleşigi esaslandyrdylar. Stenton öz arkalyşyklaryny: „Men ýyldyrymy tapladym, ol bolsa ol ýyldyrymy çakdy” diýip häsiýetlendirdi.



Garşydaky sahypada, aşakda: iň görnükli göreşijiler we gulçulygy ýok etmegiň tarapdarlarynyň ikisi Wilýam Lloýd Garrison we Frederik Duglas (çepde).



Şeýle-de, Duglas Raýatlyk urşy döwründe garaýagyz esgerleri Bileleşigiň goşunlaryna çekmegiň tarapdary bolup çykyş etdi.



Garriýet Tubmen, öňki talaban, ýüzlerçe guly ýerasty demirýol bilen geçirip halas etdi.



1863-nji ýylyň maýynda Çansellorswill kampaniýasy döwründe wepat
bolan guramalar birleşmesine gatnaşyjylar daş diwaryň eteginde ýatyrlar.
Bu kampaniýada üstün çykan günortalylar demirgazyga, Pensilwaniýa ştaty-
na tarap süýşdüler, ýöne Gettesburgyň eteginde bolan üç günlük söweşde



olar ýeňildiler. Bu söweş Raýatlyk urşunda öwrülişik pursaty hem-de Demirgazyk Amerikanyň taryhynda iň uly söweş boldy. Amerikanyň taryhynda bütin Raýatlyk urşunyň dowamynda (1861–65) wepat bolan amerikalynyň sany iň ýokary derejededi.



Nýu-Ýorkdan gelen ýaranlyk goşunlarynyň
Wirjiniýa ştatynyň Aleksandriýa şäherindäki edil
Potomak derýasynyň gabadyndaky lageri.





Raýatlyk urşunyň beýik serkerdeleri – ýaranlyk generaly Ulissiz Grant (ýokarda) we bütewiligiň tarapdarlarynyň generaly Robert Li. Olaryň Wiksburg, Çanselorswill we Waýlderness ýaly söweşlerde saýlap alan tärleri harby taryhçylar tarapyndan şu wagta çenli öwrenilýär.





Graždanlyk urşunyň yzysüre başlanan dikeldiş döwründe ABŞ-nyň Kongresine agzalyga saýlanan ilkinji afro-amerikalylar. Çepden çetde: Missisipili senator Rewels otyr. Galanlar – Alabama, Florida, Günorta Karolina we Jorjiýa ştat-laryndan wekiller palatasynyň agzalary.



Emili Dikinson (1830–1886) öz ömründe hakykatda tanalmadyk bolsada, häzir Amerikada şu wagta çenli ýüze çykan iň ajaýyp we hakyky şahyrlaryň biri hasaplanýar.



Ändru Karnegi – uly ynsanperwer telekeçi. Ol Şotlandiýada eneden doglan. Karnegi gara metallurgiýa we polat senagatynyň ýurtda iň uly korporasiýasyny esaslandyryp, uly üstünlik gazandy. Soňra ol ABŞ-nyň ähli ýerinde köpçülik kitaphanalaryny açdy.



Mark Twen lakamy bilen has gowurak tanalýan Samuel Langorn Klemenz (1835–1910) iň köp okalýan we lezzet alynýan amerikan ýazyjysy we ýomakçysy bolsa gerek. „Geklberri Finniň başdan geçirenleri” diýen we beýleki eserlerinde Twen kuwwatly, hakyky, amerikan gepleşik diline esaslanan stili ösdürdi.



Siting Bul – siu taýpasyndan bolan indeýleriň serdary. Ol sähra indeýleriniň ABŞ-nyň goşuny bilen bolan iň soňky uly söweşinde baştutanlyk etdi we 1876-njy ýylda Litl Bighornyň eteginde bolan söweşde general Jorj Kasteriň serkerdeligindäki harby güýçleri derbi-dagyn etdi.



Kasteriň goşuny Litl Bighorna tarap ýolda.









Ýokarda: 1889-njy ýyl, Oklahoma şäheri, Oklahomanyň meýdany göçüp gelýänler üçin açylandan dört hepde soňra. Göçüp gelenler öz melleIkleriniň daşyna sim aýladylar, çadyrlar dikdiler, tizden-tiz günbatardaky beýleki göçüp gelenlere görelde bolup, agaç jaýlary gurmaga başladylar.

Geçen sahypada, çepde: 1914-nji ýylda açylan ýap-ýaňyja gurlup gutarylan Panama kanalyna ilkinji giren gämileriň biri. ABŞ 1903-nji ýylda kanaly gurmaga hukuk aldy. Ol hukuk edil şol wagt gozgalaň turzup, Kolumbiýadan bölünen Panama bilen şertnamasynda berkidildi. 1978-nji ýylyň şertnamasyna laýyklykda kanal 2000-nji ýylda Panamanyň ygtyýaryna geçýär.





Garşydaky sahypanyň çepinde: Nýu-Ýork şäherindäki ABŞ-nyň XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başynda baş derwezesi bolan Eli-Aýlende gelen göçmenler. 1890–1921-nji ýyllar aralygynda Birleşen Ştatlara 19 milliona golaý adam göçüp geldi.

Aşakda: 1908-nji ýylda Indiana ştatynyň aýna zawodynda işleýän çagalar. Çagalar zähmeti baradaky kanunlaryň kabul edilmegi şol döwrüň progresçiler hereketiniň düýp maksady bolupdy.





Indiki sahypalarda: Nýu-Ýorkda XX asyryň başlarynda „Kiçijik Italiýa” hökmünde tanalýan Mapberi köçesi. Täze gelýän immigrantlaryň maşgalalary, esasan, Gündogar we Günorta Ýewropadan gelýänler, şäheriň gür ilatly we beýleki ştatlar bilen serhetleşýän ýerlerinde ýerleşýärdiler. Olaryň çagalary we agtyklary wagtyň geçmegi bilen beýleki şäherlere we ýurduň beýleki ýerlerine dargap gitdiler.






Tomas Edison Jorj Istmen bilen (ýokarda) bilelikde oýlap tapan kinolentalaryny kinoproýektorda ulanylandan soň gözden geçirýärler. Edisonyň oýlap tapmalarynyň ýüzlerçesiniň içinde iň ajaýyby elektrik çyrasy boldy.





Wibur we Orwill Raýt, 1903-nji ýylda Demirgazyk Karolina ştatynyň Kitti Houk diýen ýerinde birinji bolup aeroplany guran we onda uçan adamlaryň suraty. Bu suratda olar 1909-njy ýylda iň soňky gurlan uçaryň nusgasyny görkezýärler.



Aleksandr Grehem Bell 1892-nji ýylda Nýu Ýork Sitiden Çikago telefon arkaly ilkinji gezek jaň edýär. Bostona gelip ornaşan şotlandiýaly immigrant Bell şondan 16 ýyl öň 1876-njy ýylda telefony oýlap tapypdy.



1918-nji ýylda Birinji Jahan urşy döwründe 37 millimetr ýaragy ulanan amerikan esgerleriniň nemesleriň ýerleşýän ýerlerine ymykly aralaşýan pursatlary.



1919-njy ýyldaky Birinji Jahan urşunyň gutarandygyny alamatlandyran Pariž parahatçylyk konferensiýasy wagtynda „Uly dörtlük”. Çepden saga: Italiýanyň premýer-ministri Wittorio Orlando, Beýik Britaniýanyň premýer-ministri Deýwid Lloýd Jorj, Fransiýanyň premýeri Jorj Klemenkýu we ABŞ-nyň Prezidenti Wudrow Wilson. Näçe jan etse-de, Wilson ABŞ-nyň Senatyny uruşdan soň döredilen täze Milletler birleşigine girmäge yryp bilmedi.





Bilimli-sowatly we barly amerikalylar üçin 20-nji ýyllar Ernest Hemingueý ýaly ýazyjy-laryň suratlandyryşy ýaly „ýitirilen nesil” eýýamy boldy. Ol ABŞ-ny taşlap, Parižе meýletin sürgüne gitdi. Bu, şeýle-de, „bulam-bujarlyk eýýamy” bolup, ýaşlar ýaşuly nesliň ähli berkarar eden däp-dessurlaryny ret etdiler.

Ýokarky surat: 1920-nji ýyldaky gijeki meýlis wagty. Aşakda: Genri Ford we onuň ogly iň ilkinji awtomobil we Ford Model-T markasyndan bolan 10 millionynjy awto-maşynlary bilen. Onuň elýeter bahasy ummasyz köp adama ol maşyny edinmäge mümkinçilik beripdi.





# 5-NJI BAP

# GÜNBATARA TARAP ÝAÝRAMAK WE SEBITARA TAPAWUTLAR

Atlara goşulan kombaýnlar bilen Orta Günbatarda XIX asyrda bugdaý orluşy.

# „Ýigit, günbatara git hem ýurt bilen bilelikde ös!”

Jon Soul, 1851-nji ýyl

1812-nji ýylyň urşy bir tarapdan oktýabr ugrundaky ikinji uruş boldy, çünki şol wagta çenli Birleşen Ştatlara beýleki ýurtlaryň maşgalasynda deňhukuklylyk berilmändi. Ýaş respublikanyň rewolýusiýadan bäri başyndan geçiren agyr kynçylyklarynyň köpüsi-de şol urşuň gutarmagy bilen ýok bolup gitdi. Konstitusiýanyň çarçuwasynda gazanylan milli bütewilik azatlyk bilen düzgün-tertibiň deňagramlaşmagyna getirdi. Döwlet bergisiniň azlygy, özleşdiriş işlerine sabyrsyzlyk bilen garaşyp ýatan mes toprakly tarp ýerli kontinentde halkyň abadançylygyna, gülläp ösmegine we durmuş taýdan üstünliklere giň mümkinçilik bardy.

## MILLI BÜTEWILIGI GAZANMAK

Söwdanyň ösmegi milleti jebisleşdirýärdi. Uruş zerarly mätäçlik çekenleriň köpüsinde Amerikanyň önüm öndürijilerini tä olar daşary ýurt bäsdeşliginde üstün cykmaga ukyply bolýançalar goramagyň örän wajypdygyna ynam döredi. Olaryň köpüsi ykdysady garaşsyzlygyň ähmiýetiniň syýasy garaşsyzlygyňkydan pes däldigini nygtadylar. Ýurduň öz-özüni üpjün etmek ukybyny has çalt gazanmagy nazarda tutan Kongresiň ýolbaşçylary kentukkili Henri Kleý we günorta karolinaly Jon Si Kolhaun proteksionizm syýasatyna eýermegi talap etdiler. Şol syýasata laýyklykda ýurda getirilýän harytlara çäklendirmeler girizmelidi, şeýdip hem, Amerikanyň senagatynyň ösüşini gazanmalydy. Şol wagt gümrük salgydynyň möcberini galdyrmaga amatly wagt boldy. Wermont we Ogaýo ştatlarynyň çopanlary hem özleriniň iňlislerden gelýän ýüňüň ýetirýän zelelinden goralmagyny islediler. Şotlandiýanyň haltalyk mata öndürýän gülläp ösen senagaty Kentukki ştatyndaky täze önümçilige, ýagny ýerli kenepden haltalyk matanyň taýýarlanmagyna uly bäsdeş bolup durýardy. Pensilwaniýada ösüp barýan iri demir eredýän merkez bolan Pittsburgyň demirçileri iňlisleriň we şwedleriň demir üpjün edijileri bilen bäsleşmäge taýýardylar. 1816-njy ýylda güýje giren tölegler baradaky kanuna laýyklykda bellenen uly möçberli paçlar ýerli öndürijiler üçin hakyky gorag bolup hyzmat etdi. Şeýle hem, günbatarlylar Günbatary Gündogaryň şäherleri hem gämi duralgalary bilen birikdirip biljek ýollardyr

kanallaryň döwlet ulgamyny, şeýle hem, serhetýaka ýerlere göçüp barmak üçin şert döretmegiň wajypdygyny nygtadylar. Emma ýurduň içerki ýagdaýyny düzetmek ugrunda olaryň eden tagallalary şowsuzlyga uçrady, çünki Täze Angliýa we ýurduň günortasy olara uly garşylyk görkezdi. Şeýlelikde, tä 1916-njy ýylda döwlet derejesinde garaýollar barasynda federal kanun kabul edilýänçä, ýollar we kanallar meselesi aýry-aýry ştatlaryň öz meselesi bolup galdy.

Şol wagt federal hökümetiň tutýan orny Ýokary kazyýetiň çykaran birnäçe kararlary esasynda has artdy. 1801-nji ýylda tüýs federalçy wirjiniýaly Jon Marşal baş kazy wezipesine bellenýär we tä 1835-nji ýylda aradan çykýança, şol wezipede işleýär. Marşal Ýokary kazyýetiň başlygy wezipesine geçýänçä, gowşak bolan kazyýet adalatyň kuwwatly edarasyna öwrüldi we tutýan orny taýdan Kongres hem Prezident bilen deň hatarda boldy. Taryhy ähmiýete eýe bolan birnäçe kararlary kabul edende, Marşal hiç wagt esasy ýörelgesini, ýagny Konstitusiýanyň garaşsyzlygyny belent saklamak ýörelgesini üýtgetmedi.

Marşal çykaran kararlary bilen Konstitusiyany many-mazmuny we ulanylyş taýdan kämilleşdirmekde Ýokary kazyýetiň köp sanly kazylarynyň arasynda ilkinji boldy. Onuň bu wezipede uzak möhlet işlän döwründe garalan işleriň 50-ä golaýy hut Konstitusiýa degişli işlerdi. 1803-njy ýylda garalan Marberiniň Mädisonuň garşysyna gozgan işi boýunça Marşalyň beýan eden pikiri has uly meşhurlyga eýe boldy. Sonda Marşal ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň Kongresiň ýa-da ştatlaryň kanun çykaryjy edarasynyň cykaran her bir kanunynyň Konstitusiýa laýyklygyny barlamaga hak-hukugynyň bardygyny gorap aýgytly çykyş etdi. „MkKallok Meriländiň garşysyna” diýlen Konstitusiýanyň hökümete beren ygtyýarlyklary bilen bagly köne meseläni gozgaýan bir işiň garalmagynda, ol Aleksandr Gamiltonyň taglymatynyň tarapynda berk durmagy başardy. Gamiltonyň pikiriçe, Konstitusiýa federal hökümete Konstitusiýanyň özünde anyk ýazylan hukuklardan başga-da ygtyýarlyklar berýär.

## GULÇULYGYŇ ÝAÝRAMAGY

Şu wagta çenli amerikalylaryň ünsüni kän bir çekmedik gulçulyk meselesi milli mesele hökmünde barha uly ähmiýete eýe bolup başlady. Respublikanyň ilkinji ýyllarynda, demirgazyk ştatlar gullaryň dessine ýa-da kem-kemden azat edilip başlanmagynyň aladasyny edip ugran mahalynda syýasy ýolbaşçylaryň köpüsi gulçulygyň ýok bolup gitjekdigine ynandylar. 1786-njy ýylda Jorj Waşington „gulçulygyň kem-kemden, ýuwaş-ýuwaşdan gyşarnyksyz ýok edilmeginiň” bir taslamasynyň kabul edilmegini tüýs ýürekden isleýändigi barasynda ýazdy. Döwlet gullugynda bolan wirjiniýaly Jeferson, Mädison, Monro ýaly görnükli şahslar we günortalylaryň birnäçesi hut şular ýaly beýanatlar bilen çykyş etdiler. 1787-nji ýylyň Demirgazyk-günbatar permany ýurduň demirgazyk-günbatarynda gulçulygy gadagan etdi. 1808-nji ýylda halkara derejesinde gul söwdasy gadagan edilende, gulçulyk ýatyrylar diýip pikir eden günortaly köp boldy. Emma bu çaklamalar nädogry bolup çykdy, çünki Günorta geljekki ýyllaryň dowamynda gulçulyk düzgünini örän berk goldap çykyş etdi. Täze ykdysady görkezijilere görä, gulçulyk 1790-njy ýyldan öňki döwürden has düşewüntli hasap edildi.

Ýurduň günortasynda pagta arassalaýjy senagatyň peýda bolmagy we depginli ösmegi şol görkezijileriň iň esasysy boldy. Muňa bolsa gowaçanyň täze

görnüşleriniň tapylmagy we Eli Witni tarapyndan pagtany çigidinden arassalaýan bir enjamyň oýlanyp tapylmagy ýardam etdi. Şol bir wagtda senagat rewolýusiýasy netijesinde egirme-dokma önümçiliginiň uly depginler bilen ösmegi çig mal hökmünde pagta bolan islegiň has hem artmagyna alyp bardy. 1812-nji ýyldan soň gowaça meýdanyny has giňeltmek maksady bilen ýurduň günbatarynda täze ýerler hem özleşdirildi. Gowaça ekini Atlantikanyň kenarlaryndan ýurduň aşaky günorta böleginiň üsti bilen Missisipi derýasynyň aýagyna tarap giň meýdana we ondan aňryk Tehasa çenli aralykda çalt ýaýrady.

Köp zähmet talap edýän şekerçiňňirik ABŞ-nyň günortasynda gulçulygyň giňden ýaýramagyna zerurlyk döretdi. Luiziana ştatynyň mes toprakly we yssy howaly günorta-gündogar bölegi şekerçiňňirigi düşewüntli ösdürip ýetişdirmekde amatlydy. 1830-njy ýyllarda bu ýerden ýurtda harç edilýän şekeriň deň ýarysyna golaýy öndürilýärdi. Temmäki öndürijiler hem gulçulygyň ýaýramagyna özboluşly goşant etdiler. Olar täze plantasiýalary açmak maksady bilen ýurduň günbataryna tarap baryp, öz ýanlary bilen gulçulygy alyp geldiler.

Demirgazygyň azat-erkin jemgyýetiniň, günortanyň bolsa gulçulyk jemgyýetiniň günbatara tarap ýaýramagy ýurduň günbatarynda peýda bolan täze ştatlaryň deňhukuklylygyny üpjün etmegi syýasy nukdaý nazardan wajyp bir meselä öwürdi. 1818-nji ýylda Ilinoýy azat ştat hökmünde kabul edilende, ştatlaryň 10-usy gulçulyga rugsat beren bolsa, olaryň 11-i gulçulygy gadagan edýärdi. Emma Alabama ştatynyň gul eýeçilikli ştat hökmünde kabul edilmegi bilen deňagramlylyk saklandy. Demirgazykda ilat sany çaltrak artýardy, bu bolsa demirgazyklylara wekiller palatasynda artykmaçlyga eýe bolmaklyga mümkinçilik berýärdi. Şeýle-de bolsa, Senat derejesinde Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda deňlik saklandy.

1819-njy ýylda 10 müň guly bolan Mizuri özüniň ýaranlyga kabul edilmegini haýyş etdi. Demirgazyklylar Mizuri ştatynyň azat ştat hukugy bilen ýaranlyga kabul edilmegini talap etdiler we ýurdy nägilelikler tolkuny gaplady. Kongres az salymlyk çykgynsyz ýagdaýa düşdi. Ýöne Genri Kleýe Mizuri ylalaşygyny gurnamak başartdy. Şonda Mizuri gul eýeçilik ştaty hökmünde ýaranlyga kabul edildi we şol bir wagtyň özünde Meýn ştaty erkin ştat hökmünde ýaranlyga goşuldy. Şeýle-de, Kongres Luiziana Söwdasy esasynda satyn alnan Mizuriniň günbatar serhediniň demirgazyk tarapyndaky ýerleriň çäginde gul eýeçiligi gadagan edýän karar kabul etdi. Şol wagtda bu karar günorta ştatlar üçin uly ýeňiş bolup göründi, sebäbi, ondan öň şol „Beýik amerikan çöllügi" haçanda bolsa bir mahal oturymly ýere öwrüler diýen umyt ýokdy. Bu dawa wagtlaýyn çözülipdi, ýöne Tomas Jeferson öz dostuna ýazan hatynda: „Bu wajyp mesele ýangyn barasynda gijäniň içinde gelen şum habar kimin meni ukudan gorkuzyp turuzdy. Men dessine muny „ýaranlygyň soňuny aňladýan" bir habar diýip hasaplapdym" diýip ýazypdyr.

## LATYN AMERIKASY WE MONRO DOKTRINASY

XIX asyryň ilkinji onýyllyklarynda ispan imperiýasynyň düzümine giren Merkezi we Günorta Amerika rewolýusiýa ýüz urdy. Angliýanyň demirgazyk amerikan koloniýalary garaşsyzlygyny gazanany bäri, azatlyk baradaky oý-pikir latyn amerikalylaryň aňyna dynçlyk bermeýärdi. 1808-nji ýylda Napoleonyň Ispaniýa basybalyjylykly çozuşy latyn amerikalylara „aýaga galmaly" diýlen

yşarat kimin hyzmat etdi. 1822-nji ýylyň başlarynda Simon Boliwaryň, Fransisko Mirandyň, Hose de San-Martiniň we Migel Gidalgonyň başarjaň ýolbaşçylygy astynda ähli Ispan Amerikasy – günortada Argentinadan Çilä, demirgazykda bolsa Meksika we Kaliforniýa çenli aralykda – garaşsyzlyga eýe boldy.

ABŞ-nyň halky olaryň göreşine çuňňur gyzyklanma bildirýärdi, sebäbi ol ýewropa döwletleriniň gol astyndan özleriniň azatlyga çykyşlaryny ýatladýardy. Latyn Amerikasynyň oktýabr ugrundaky göreşi onuň öz-özüňi dolandyrmak ýörelgesi baradaky ynamyna laýyk gelýärdi. 1822-nji ýylda ABŞ-nyň Prezidenti Jeýms Monro jemgyýetçilik pikiriniň gysyşy astynda Latyn Amerikasynyň täze döwletlerini, şol sanda öňki portugal koloniýasy bolan Braziliýany-da resmi taýdan ykrar etmäge ygtyýar aldy we tiz wagtdan gatnaşyklary ýola goýdy, ilçiler alşyldy. Bu ýagdaý metropoliýadan garaşsyz, ýagny Ýewropa bilen öňki gatnaşygyny kesen täze döwletler hökmünde olaryň hak-hukugyny berkleşdirdi.

Edil şol wagtda Orusýet, Prussiýa we Awstriýa rewolýusiýadan goranmak maksady bilen Mukaddes ýaranlyk diýlip atlandyrylan bir bileleşigi döretdiler. Monarhiýany agdarmak howpuny salýan hereketler ýol alan ýurtlaryň işine baş goşmak bilen Mukaddes ýaranlyk (käwagt oňa Fransiýa-da goşulýardy) öz garamagyndaky ýerlere rewolýusiýanyň ýaýramagynyň öňüni alaryn diýip tama edýärdi. Bu syýasat bolsa Amerikanyň öz-özüňi dolandyrmaklyk ýörelgesine gönüden-göni ters gelýärdi.

Mukaddes Ýaranlyk, alyp barýan işleri bilen Köne dünýäniň, yagny Ýewropanyň çäklerinden çykman ýörkä, ABŞ-da ullakan bir alada döretmedi. Ýöne, haçan-da ol Ispaniýa öňki koloniýalaryny gaýtaryp bermek barasyndaky islegini aýan edende, amerikalylar howsala düşdüler. Britaniýa hem Ispaniýanyň öz imperiýasyny dikeltmegine päsgel bermek kararyna geldi, sebäbi, britan söwda-satyk bähbitleri üçin Latyn Amerikasy bilen hyzmatdaşlyk örän möhümdi. London iňlis-amerikan gatnaşyklary babatyndaky kepilnamalaryň Latyn Amerikasyny hem öz içine almagyny talap etdi, emma döwlet sekretary Jon Kwinsi Monrony bir taraplaýyn hereket etmeklige çagyrmak bilen, „Eger-de biz Orusýet we Fransiýa baradaky öz ýörelgelerimizi anyk yglan etsek, has dogry we degerli bolar” diýip ynandyrdy. 1823-nji ýylyň dekabrynda britan harby gämileriniň Latyn Amerikasyny Mukaddes ýaranlykdan we Fransiýadan gorajakdygyna göz ýetiren Prezident Monro, Kongresiň öňünde adatça ýylda bir gezek edýäň çykyşlarynyň nobatdakysyndan peýdalanyp, soňra Monro doktrinasy ady bilen tanaljak çykyşyny etdi. Şol doktrina amerikan kontinentinde ýewropa döwletleriniň öz täsirini ýaýbaňlandyrmagyna çydap oturmakdan el çekmeklik dogrusyndaky jarnamadyr:

Amerika kontinentine mundan beýläk hiç bir ýewropa döwleti gelejekki koloniýalaşdyryş ýeri hökmünde garamaly däldir.

Ýer togalagynyň şu ýerine öz [syýasy] ulgamyny ýaýratmak maksady bilen olar tarapyndan edilen islendik synanyşyga biz parahatçylygymyza we howpsuzlygymyza salynýan howp hökmünde garajakdyrys.

Biz ýewropa döwletleriniň bar bolan koloniýalarynyň we garaşly ýerleriniň hiç birisiniň işine gatyşmadyk we geljekde hem gatyşmarys.. Ýöne öz garaşsyzlygyny yglan eden, ony saklaýan döwletler bilen we biz tarapdan garaşsyzlygy ykrar edilen döwletler barasynda aýdylanda bolsa ... onda

haýsydyr bir ýewropa döwletiniň olary özüne tabyn etmek ýa-da başga bir hili ýollar bilen olaryň ykballaryny çözmek maksadyna gulluk edýän hereketlerine biz Birleşen Ştatlar babatynda diňe dostlukly bolmadyk gatnaşyklaryň ýüze çykmagy hökmünde garamaly bolarys.

Monro doktrinasy Latyn Amerikasynyň garaşsyzlygyny ýaňy alan respublikalary bilen raýdaşlyk ruhuny beýan etdi. Şol respublikalar bolsa öz gezeginde Konstitusiýalary üçin Demirgazyk Amerika nusgasyny esas edip aldylar, şeýlelikde, syýasy meselelere gezek gelende, umumylyklaryň bardygyny ykrar etdiler.

## FRAKSIÝALYLYK WE SYÝASY PARTIÝALAR

Birleşen Ştatlaryň içinde Jeýms Monronyň prezidentlik eden döwri (1817–1825) „Hoş duýgular eýýamy” diýlip atlandyryldy. Bir tarapdan bu adalga toparara we sebitara oňuşuksyzlygyň eýýamyny aňlatsa, ikinji tarapdan bu adalga respublikaçy partiýasynyň federalçylar partiýasyndan üstün çykanlygyny aňladýardy. Umuman, federalçylar partiýasy milli güýç hökmünde öz ähmiýetini doly ýitiripdi.

Federalçylaryň ýeňilmegi prezident saýlamak ulgamynyň gowşamagyna getirdi. Şol döwürde ştatlaryň kanun çykaryjy edaralary öz kandidatlaryny belläp bilýärdiler. 1824-nji ýylda Tennesi we Pensilwaniýa ştatlary Ändrýu Jäksony saýladylar, Günorta Karolinanyň gubernatory Jon Kolhaun bolsa onuň bilen bir wagtda wise-prezidentlik wezipesine dalaş etdi. Kentukki öz kandidaty hökmünde wekiller palatasynyň başlygy Genri Kleýi saýlady; Massaçusets döwlet sekretary Jon Kuinsi Adamsy, Kongresiň ýapyk maslahaty bolsa maliýe ministri Wilýam Kraufordy kandidat edip hödürledi.

Hödürlenen kandidatlaryň şahsy aýratynlyklary we toparlaryna bolan wepadarlyklary saýlawyň netijesini kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýe boldy. Adams Täze Angliýada saýlawçylaryň doly goldawyna mynasyp boldy we Nýu-Ýork ştatynyň saýlawçylarynyň aglaba köpüsi oňa ses berdi; Kleý bolsa Kentukkide, Ogaýoda we Mizuride ýeňiş gazandy; Jäkson günorta-gündogarda, Illinoýda, Indianada, Karolina ştatlarynda, Pensilwaniýada, Meriländde we Nýu-Jerside üstünlik gazandy; Krauford Wirjiniýada, Jorjiýada we Delawerde ýeňiş gazandy. Hödürlenen kandidatlaryň hiç birisi-de saýlawçylar kollegiýasynda (birleşmesinde) ýeterlik sese mynasyp bolmady, şeýlelikde, Konstitusiýanyň düzgünlerine laýyklykda, saýlawlar wekiller palatasyna geçirildi, ol ýerde bolsa Kleýiň sözi geçýärdi. Netijede, onuň goldap çykyş etmegi bilen Adams prezidentlige saýlandy.

Ýurt Adams tarapyndan dolandyrylan wagtda täze partiýa bileleşikleri peýda boldy. Adamsyň ýoluny dowam edijiler özlerine „milli respublikaçylar” adyny dakdylar, soňra olara „wigz” (amerikan kolonistleri) ady berildi. Ýurdy adalatly we netijeli dolandyrsa-da, Adams halkyň diýen prezidenti bolmady, ýagny Prezident hökmünde uly meşhurlyga eýe bolmady, onuň hökümeti köp şowsuzlyklara uçrady. Adamsa ýollaryň we akabalaryň bir bütewi ulgamyny döretmek başartmady. Onuň ýurdy dolandyran ýyllary täzeden saýlanmak ugrundaky göreşiň bir uzyn möwsümine öwrüldi, onuň sowuk-sala häsiýeti bolsa oňa täze dost edinmekde zyýan berdi. Ondan tapawutlylykda Jäkson iňňän uly meşhurlyga eýedi, aýratyn-da, täze demokratik partiýa ady berlen respublikaçy partiýasynyň hataryndaky öz şägirtleriniň arasynda. Bu partiýa gözbaşyny Jeferson, Mädi-

son we Monro ýaly prezidentlerden alyp gaýdýar. 1828-nji ýylda geçirilen prezident saýlawlarynda Jäkson saýlawçylaryň aglaba köpüsiniň goldawyna mynasyp bolup, Adamsdan üstün çykdy.

Indeýleriň hukuklary ugrunda göreşiji we 1812-nji ýylda Täze Orlean söweşiniň gahrymany, tennesli syýasatçy Jäkson Günbataryň uşak mülkdarlarynyň we Gündogaryň işçileriniň, dürli el hünär ussalarynyň we ownuk söwdagärleriň güýçli goldawyny gazandy. Olar öz seslerini senagat öwrülişiginiň alamatlary bolan barha ösüp barýan täjirçilige we önümçilige nägileliklerini beýan etmekde ulandylar.

1828-nji ýylda geçirilen saýlawlar ses berýänleriň has giňişleýin gatnaşmagynda uly ähmiýete eýe boldy. Wermont ştaty ýaranlyga goşulmak bilen ilatyň erkek göbeklisiniň ählumumy ses bermek hukugyny gazandy; Tennesi ştatynda salgyt töleýjileriň-de köpüsi saýlamak hukugyndan peýdalanýardylar. Nýu-Jersi, Meriländ we Günorta Karolina ştatlarynyň hemmesi 1807–1810-njy ýyllar aralygyndaky emläk we salgyt talaplaryny ýatyrdylar. 1815-nji ýyldan soň ýaranlygyň hataryna giren ştatlarda ähli akýagyz erkek adamlaryň saýlamaga ählumumy hukugy bardy ýa-da ol ýerlerde iň pes salgyt talaplary bellenipdi. 1815–1821-nji ýyllar aralygynda Konnektikut, Massaçusets we Nýu-Ýork ştatlarynda hem ähli emläk talaplary ýatyryldy. 1824-nji ýylda saýlawçylar kollegiýasynyň agzalary heniz hem ştatlaryň alty kanun çykaryjy edarasy tarapyndan saýlanýardy. 1828-nji ýyla golaýlanda bolsa Delawer we Günorta Karolina ştatlaryndan başga ähli ştatlarda prezident saýlawçylary gönümel ses bermek arkaly saýlandy. Hemmeleriň ünsüni özüne çeken Ändru Jäksonyň saýlanan saýlawlary şol demokrat duýgularynyň ussatlyk bilen sahnalaşdyrylmagyna öwrüldi.

## KANUNYŇ ÝATYRYLMAGYNA DEGIŞLI ÇYKGYNSYZ ÝAGDAÝ

Prezidentliginiň birinji möhletiniň ahyrynda Jäkson ýeňillikli paç meselesi boýunça Günorta Karolina ştaty babatynda çäre görmeli boldy. Bu ştatyň söwda we daýhançylyk bilen meşgullanýan telekeçileri uzak wagtlap eden umytlarynyň Jäksonyň prezidentlik edýän döwründe hakykata öwrülmegine garaşdylar, ýagny olar tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda nägilelik bildirilen paçlar baradaky kanunlaryň olaryň peýdasyna üýtgediljekdigine ynanýardylar. Olaryň pikiriçe paçlar babatynda ähli ýeňilliklerden peýdalanýan diňe demirgazykly öndürijilerdi, şonuň üçin-de, bütin ýurduň baýap barýan mahalynda, uly möçberli paç tölemeli bolýan Günorta Karolina garyplaşýardy.

1832-nji ýylda Kongres tarapyndan kabul edilip, Prezident tarapyndan kanun hökmünde güýje girizilen Paç alyş düzgünnamasy 1828-nji ýyldaky degişli kanuna garanda gowşagrakdy, emma muňa garamazdan, ol bu ştatda halk köpçüliginiň gahar-gazaba münmegine alyp bardy. Muňa jogap edip, Günorta Karolinanyň ilaty ştatlaryň „kanuny ýatyrmak” baradaky ýörelgesini teklip etdi. Bu pikir 1832-nji ýyla çenli Jäksonyň Prezidentiň orunbasary wezipesini ýerine ýetiren Jon Kolhaun tarapyndan „Gunorta Karolinanyň nägilelik bildirmesi” atly çykyşynda (1828 ý.) beýan edildi. Nägilelik diňe güýçlendi. Günorta Karolina „Paçlara degişli kanunyň ýatyrylmagy” atly ýörite bir karar çykardy. Şol karar ştatlaryň paçlara degişli 1828-nji we 1832-nji ýyllarda kabul edilen kanunlaryň ikisiniň hem ýatyrylýandygyny jar etdi. Şeýle hem, harby üpjünçiligi, şol sanda harby güýçleri berkitmäge we ýaraglanmaga gerek

bolan maddy serişdeleri artdyrmak barasyndaky kanunlar kabul edildi.

Kanuny ýatyrmak baradaky karar federal hökümetiň ygtyýarlyklarynyň garşysyna ştatlar tarapyndan edilen köpsanly päsgelçilikleriň soňkusy boldy. Ştatlar bilen federal hökümetiň arasynda häkimiýet ugrunda we raýatlaryň ynamyny gazanmak ugrunda respublikanyň dörän gününden başlap diýen ýaly elmydama özboluşly çekeleşik bolup geçdi. 1798-nji ýyldaky Kentukkä we Wirjiniýa degişli 1798-nji ýylda kabul edilen kararlar, mysal üçin, daşary ýurtlulara we hökümete garşy wagyz etmek baradaky kanunlary kesgitlemäge esas boldy, Hartford konferensiýasynda bolsa Täze Angliýa Prezident Mädisonyň we Angliýanyň garşysyna urşa nägileliklerini beýan etdi.

Günorta Karolinanyň salýan howpuna jogap edip, Jäkson 1832-nji ýylyň noýabrynda Çarlstona bir harby we 7 sany kiçi gämini ugratdy. Dekabryň 10-ynda ol kanuny ýatyryjylara garşy jarnama çykardy. Günorta Karolina „galagoplugyň we haýynlygyň çäginde” dur diýip, Prezident bellemek bilen, ştatyň raýatlaryny ata-babalarynyň tagalla baryny edip gazanan ýaranlygyna wepalydygyny subut etmeklige çagyrdy.

Paç meselesi ýene-de Kongresiň öňünde ör-boýuna galan mahalynda, şol babatda bir aram çäräniň Kongres tarapyndan kabul edilmegini gazanyp biljek ýeke-täk bir adamyň bardygyna, onuň-da olaryň goragynyň tarapdary bolup çykyş ediji (we Jäksonyň syýasy garşydaşy) senator Genri Kleýdigi anyk boldy. 1833-nji ýylda çalt kabul edilen Kleýiň paçlar baradaky kanunyna laýyklykda ýurda getirilýän harytlaryň gymmatyndan 20 göterim ýokary bolan ähli gümrük paçlary az-azdan alynmaly, netijede 1842-nji ýyla çenli 1816-njy ýylyň aram mukdardaky pajyna deňleşmelidi.

Kanun ýatyryjylaryň Günorta Karolinadaky ýolbaşçylary Günorta ştatlaryň beýlekilerinden hem goldawa garaşdylar, emma olaryň ählisi uçdantutma Günorta Karolinanyň tutan tutumyny oýlanyşyksyz we Konstitusiýa çapraz diýip hasaplady. Ahyrynda Günorta Karolina öz eden hereketinden el çekmeli boldy. Emma muňa garamazdan, taraplaryň ikisi hem özüni ýeňiji saýdy: Jäkson federal hökümetde ýaranlygyň artykmaçlyk ýörelgesini girizdi. Şeýle-de bolsa, garşylygyny bildirmek bilen, Günorta Karolina öňe süren talaplarynyň köpüsiniň berjaý edilmegini gazandy we şeýle etmek bilen hatda ýeke ştatyň-da Kongresden talap etmek arkaly islegine ýetip bilýändigini aýdyň görkezdi.

## BANK UGRUNDAKY GÖREŞ

Hatda, kanun ýatyrmak meselesi entek çözülmänkä, Prezident Jäkson üçin ýene bir synag bolan başga bir jedelli mesele ýüze çykdy. Ol Birleşen Ştatlaryň ikinji bankynyň ygtyýarlylygyny uzaltmaga degişli meseledi. Birinji bank Gamiltonyň görkezmesi boýunça 1791-nji ýylda 20 ýyllyk möhlet bilen döredilipdi. Dogrusy, maýanyň bir bölegi federal hökümete degişli-de bolsa, ol hakyky döwlet banky däldi, gaýtam tersine, ol girdejisi paýdarlara düşýän bir hususy korporasiýa bolup durýardy. Aslynda, şol bank gyzyl puluň gymmatyny durnuklaşdyrmak we söwdany höweslendirmek maksady bilen döredilipdi; emma ol günbatarlylaryň köpüsinde we mizurili senator Tomas Benton bilen bir hatarda zähmetkeşlerde nägilelik döretdi. Olaryň pikiriçe, şol bank uly ygtyýarlyklara eýe bolan adamlaryň barmak basyp, sanaýmalysyna aýratyn ýeňillikler berýän bir „wagşydy”. 1811-nji ýylda ygtyýarlyklary tamamlanandan soň, şol bank öz işini bes etdi.

Soňky birnäçe ýyllaryň dowamynda bank işlerini döwlet tarapyndan ygtyýarly bolan banklar amala aşyrdy.. Olar bolsa kagyz puly gereginden artykmaç mukdarda çykardylar. Bu bidüzgünçiliklere we puluň hümmetiniň gaçmagyna alyp bardy. Bu ýagdaý bolsa döwlet bankynyň ýurdy bir bitewi pul birligi bilen üpjün edip bilmejegini aýan etdi. Şonuň üçin-de, 1816-njy ýylda Birleşen Ştatlaryň ikinji bankyna ýene-de 20 ýyl möhlet bilen dolandyryş ygtyýarlygy berildi. Ol hem birinji banka meňzeş bankdy.

Turuwbaşdan şol ikinji bankyň täzeräk dörän ştatlaryň we ýerleriň arasynda biabraýlykdan gözi açylmady, onuň müşderileri bolsa ilatyň uly baýlaryndan däldi. Onuň garşydaşlary: „Bank karz bermek meselesinde we pul dolanyşygynda agalyk ediji bolýar hem ilatyň baý gatlaklarynyň az sanly adamlarynyň bähbidine hyzmat edýär” diýip nygtaýýardylar. Umuman alanyňda, bank gowy dolandyrylýardy we gowy hyzmatlary üpjün edýärdi. Muňa garamazdan, halk tarapyndan banka garşy çykyş edýänleriň arasynda meşhur ýeňiji hökmünde saýlanan Jäkson, bankyň ikinji möhlete ygtyýarlygyny uzaltmak baradaky kanuny güýjüni ýitiren diýip yglan etdi. Kongresiň öňünde eden çykyşynda ol bankyň agalygyny we ýörite ýeňilliklerini ýazgardy hem onda: „Biziň baý adamlarymyz ähli goýumçylaryň bähbitleriniň birmeňzeş deň goralmagy we hemmeler üçin deň bähbitli bolmagy bilen kanagatlanmadylar, gaýta Kongresiň çykaran kanunyndan peýdalanyp, has baýlaşmaga biziň kömek bermegimizi haýyş etdiler” diýip görkezdi. Girizilen gadaganlygy ýatyrmak ugrunda olaryň eden tagallalary hiç netije bermedi.

Mundan soň başlanan saýlaw möwsüminde bank baradaky mesele jemgyýetiň içinde bölünişigiň peýda bolmagyna sebäp boldy. Olaryň bir bölegi (umuman, bar bolan puluny tygşytly ulanyp, köpräk peýda görmegiň tarapdarlary) täjirler, öndürijiler we maliýeçiler bolsa, beýlekisi köpräk pul kömeginiň we azrak göterimiň tarapdarlary bolan, köplenç halatda banklara bergidar işçiler we daýhanlardy. Bu bolsa „Jäksonizm” ylalaşygynyň peýda bolmagy bilen gutardy. Jäkson 1832-nji ýylda özüniň täzeden saýlanmagyna bankyň gutarnykly derbi-dagyn edilmegine alyp barjak bir ygtyýarnama hökmünde garady. Bankyň jemgyýetçilik maýa goýumlaryny aýyrmaklyga ýol açýan ygtyýarnamasyny bolsa ol bu işi amala aşyrmakda tüýs gerek bolan taýýar ýarag hasaplaýardy. 1833-nji ýylyň sentýabrynda ol „bankda mundan beýläk hökümet pul goýup bilmeýär we şoňa çenli goýlan pullar döwlet hajatlaryna gerek bolan mahalynda tertip boýunça ýuwaş-ýuwaşdan alynmaly” diýlen perman çykardy. Merkezi bankyň ornuna yhlas bilen saýlanyp alnan we ygtyýarlyklary berkden-berk çäklendirilen döwlet banklary geldi. ABŞ-nyň indiki nesli ol diýen sazlaşykly bolmadyk bank ulgamyndan peýdalandy. Bu arzan karz pullar arkaly günbatar ekspansiýasynyň ýaýramagyna ýardam etse-de, ilaty häli-şindi ýüze çykýan howsalalar sebäpli biynjalyk etdi. Tä Raýatlyk urşy tutaşýança, ABŞ-da hökümet tarapyndan degişli ygtyýarlyk berlen döwlet bank ulgamy bolmady.

## WIGLER (LIBERALLAR), DEMOKRATLAR WE „ZAT BILMEÝÄNLER”

Gapma-garşylykly maksatlardan el çekmeseler, asla üstünlik gazanyp bilmejekdigine göz ýetiren Jäksonyň syýasy bäsdeşleri nägile adamlaryň hemmesini „Wigz” atly bir umumy partiýanyň hataryna jebisleşdirmäge synanyşdy-

lar. Olar 1832-nji ýylyň saýlawlarynyň yzysüre birleşmäge başlan-da bolsalar, agzalalyklary sazlamak hem bir bütewi syýasy binýady işläp düzmek üçin, olara 10 ýyldan-da köp wagt gerek boldy. Wigzleriň arasynda iň ajaýyp döwlet işgärleri Genri Kleýiň we Daniel Websteriň tagallasy bilen bu partiýa öz hatarlaryny berkitdi. Ýöne, 1836-njy ýylyň saýlawlarynda özleriniň bir ýolbaşçysyny saýlap alardan ýa-da bir bütewi syýasy binýady döretmekden wigzler entek hem juda dagynykdylar. Geçirilen saýlawlarda Jäksonyň orunbasary bolan nýu-ýorkly Martin Wan Buren ýeňiş gazandy.

Şol döwürde ýurdy basmarlan ykdysady çökgünlik we ýurdy Wan Burenden öň dolandyran prezidentiň pelsepe mysaly şahsyýeti, onuň özüne mynasyp bolan artykmaçlyklarynyň görünmän galmagyna sebäp boldy. Hökümet wekili hökmünde Wan Bureniň jemgyýetde eden hereketleri ilatyň göwnünden turmady, sebäbi onda milli ýolbaşçynyň talabedijilik ukyby-da, Jäksonyňky ýaly her bir hereketini gelişdirip duran aktýorlyk ukyby-da ýokdy. Döwründe kabul edilen kanunlar adamlaryň arasynda hiç bir şowhun-şöhrata eýe bolmady, 1840-njy ýyldaky saýlawlar ýurduň kyn günleri başyndan geçirýän, iş haklarynyň pese gaçan döwrüne gabat geldi, şonuň üçin-de, demokratlar goranmaga mejbur boldular.

Ogaýoly Wilýam Genri Garrison wigleriň prezidentlige kandidaty boldy. Ol ýerli indeýler bilen ýüze çykan çaknyşyklaryň, şeýle-de, 1812-nji ýyldaky urşuň gahrymany hökmünde giňden tanalýardy. Ol Jäkson ýaly demokratik Günbataryň wekili hasaplanýardy. Geçirilen saýlawlarda onuň wise-prezidentligine dalaş eden wirjiniýaly Jon Taýler boldy. Ol ştatlaryň hak-hukuklary we pes paçlar dogrusynda beýan eden oýpikirleri bilen günbataryň uly hormatyna we goldawyna mynasyp boldy. Netijede, Garrison uly ýeňiş gazandy.

Emma wezipesine girişenine bir aý bolup-bolmanka, 68 ýaşly Garrisonyň aradan çykmagy bilen Taýler Prezident boldy. Taýleriň garaýyşlarydyr ynançlary ýurduň entek hem iň täsirli syýasatçylary bolup duran Kleýiň we Websteriň garaýyşlaryndan düýpli tapawutlanýardy. Şol sebäpli-de, Taýleriň prezidentlik möhleti tamamlanýança, bar bolan şol çaprazlyklar Prezident bilen ony saýlan partiýanyň arasynyň açaçan bozulmagyna alyp bardy.

Eýsem-de bolsa, amerikalylaryň düşen dagynyk ýagdaýy wigler bilen demokratlaryň arasynda peýda bolan agzalalykdan hem has çylşyrymlydy. Mysal üçin, Amerika göçüp baran katolikleriň uly topary, hususan-da, asly irlandiýaly we germaniýaly katolikler, XIX asyryň birinji ýarymynda Amerikada doglup, önüp-ösen protestantlara oňyn bolmadyk täsirlerini ýetirdiler.

Göçüp baranlar amerikan kenar ýakalaryna özleri bilen täsinlikde öte geçen däp-dessurlary we dini garaýyşlardyrybadatlary alyp bardylar. Gündogar kenar ýakasynda ýerleşýän şäherlerde olar iş orunlaryny tapmakda ýerli ilat bilen uly bäsdeşlik edýärdiler. Onuň üstesine-de, 1820-nji we 1830-njy ýyllaryň syýasy özgerişlikleri göçüp baranlaryň täsiriniň barha artmagyna ýardam etdi. Şol iki on ýyllygyň dowamynda ştatlaryň konstitusiýalaryna täzeden garalypdy. Munuň maksady ilatyň akýagyz erkeklerini ähli umumy ses bermek hukugy bilen üpjün etmekdi. Bu ýagdaý ýurduň ilatyň ýokary gatlagynyň syýasy wekilleri tarapyndan dolandyrylmagynyň soňuna çykdy. Olar özleriniň hökümetden çetleşdirilmeginiň sebäpkäri hut göçüp gelenler diýip hasap etdiler. Ahyrsoňunda-da, alkogol içgilerinden el çekmegi

wagyz edýän hereketiň katolik buthanasy tarapyndan goldanmanlygy: „Rim ABŞ-ny alkogolly içgiler bilen dargatmakçy bolýar” diýlen aýyplamalaryň peýda bolmagyna getirdi.

1849-njy ýylda esaslandyrylan „Ýyldyzly fewral” atly gizlin jemgyýet şol döwürde kemala gelen ýerli guramalaryň iň möhümi boldy. Haçan-da, onuň agzalary özlerini tanatmakdan ýüz öwrenlerinde, olara dessine „zat bilmeýänler” adyny dakdylar. 1853-nji ýylda „zat bilmeýänler” Nýu-Ýork şäherinde Uly geňeş guradylar. Şol geňeş täze Konstitusiýanyň döwlet guramalaryna gözegçilik etmek ygtyýarynyň bolmagyny wesýet etdi.

„Zat bilmeýänleriň” esasy maksatlarynyň arasynda täze şertlere uýgunlaşmaga gerek bolan möhleti 5 ýyldan 21 ýyla çenli uzaltmak, şeýle-de, daşary ýurtlulary we katolikleri döwlet wezipelerinden daşlaşdyrmak ýaly maksatlar bardy. 1855-nji ýylda bu gurama Nýu-Ýorkdaky we Massaçusetsdäki kanun çykaryjy edaralary öz gözegçiligine geçirmegi başardy; 1855-nji ýyla çenli ABŞ-nyň 90-a golaý kongresmeni bu partiýa bilen aragatnaşykdady.

Gulçulyk meselesi boýunça ylalaşyga gelip bilmezlik bu partiýanyň milli syýasatda mynasyp orun tutmagyna päsgel berdi. Günortanyň „zat bilmeýänleri” gulçulygy goldap çykyş etseler, demirgazyklylar gulçulyga garşydylar. 1856-njy ýylda prezidentlige we wise-prezidentlige kandidatlary bellemäge bagyşlanyp geçirilen konwensiýada Mizuri ylalaşygyny goldamak baradaky teklip inkär edilenligi sebäpli, Demirgazygyň 42 delegaty mejlisler otagyny terk edip gitdi, şondan soň şol partiýa syýasy güýç hökmünde syndy.

## REFORMALARYŇ HAÝDADYLMAGY

Jäksonyň saýlanmagy demokratik özgerişiň janly beýany bolmak bilen amerikalylaryň raýat hukuklaryny we mümkinçiliklerini barha artdyrmak ugrundaky uzak gözlegler ýolunyň diňe bir ujypsyzja tapgyrydyr. 1835-nji ýylda Filadelfiýa ştatynyň Pensilwaniýa şäheriniň işçileri köneden gelýän „daň atandan gün ýaşara çenli” dowam eden iş gününiň 10 sagada çenli gysgaldylmagyny gazandylar. Hut şular ýaly üýtgedip gurmalar Nýu-Gempşir, Rod-Aýlend, Ogaýo ştatlarynda we ýaranlyga 1850-nji ýylda kabul edilen täze Kaliforniýa ştatynda hem geçirildi.

Ses bermek we saýlamak hukugynyň barha ýaýramagy aň-bilime täzeçe garamaga alyp bardy. Indi ýurduň hemme ýerinde ýiti düşünjesi bolan döwlet işgärleri bilim-sowady bolmadyk saýlawçylaryň ählumumy ses berişlige neneňsi howp bolup duryandygyna göz ýetirdiler. Şeýle adamlar, ýagny Nýu-Ýorkdan De Witt Klinton, Ilinoýdan Abraham Linkoln, Massaçusetsden Goras Man indi kärdeşler arkalaşygy tarapyndan uly goldawa mynasyp boldular. Olaryň ýolbaşçylary salgyt töleýjileriň serişdelerine esaslanyp, ähli çagalar üçin mugt mekdepleriň açylmagyny talap etdiler. Kem-kemden ähli ştatlarda tölegsiz mekdepler bilen üpjün etmäge rugsat berýän degişli kanunlar kabul edildi. Netijede, ýurduň demirgazygynda döwlet mekdep ulgamy adaty hadysa öwrüldi. Ýurduň beýleki ýerlerinde bolsa şeýle döwlet mekdep ulgamyny ornaşdyrmak ugrundaky tagallalar ýene-de köp ýyllar dowam etdi.

Şol döwürde ýüze çykan görnükli jemgyýetçilik hereketleriniň ýene biri-de alkogol içgileri satmaga we içmäge degişli beýan edilen garşylyk boldy.

Bu hereketiň peýda bolmagyna dürli-dürli aladalar we äheňler – dürli dini ynançlar, alkogolyň iş ýerlerine ýetirýän zyýany we alkogoly aşa köp içýänleriň garamagyndaky aýallaryň we çagalaryň başyndan geçirýän horluklarydyr, sütem-zorlugy sebäp boldy. 1826-njy ýylda Bostonyň ruhanylary alkogol içgilerinden saklanmagy düzgünleşdirýän bir jemgyýeti döretdiler. Şondan ýedi ýyl geçenden soň, Filadelfiýada bu jemgyýet döwlet derejesinde bir gurultaý geçirdi. Şonda Alkogoldan saklanmak meselesi boýunça amerikan birleşigi döredildi. Birleşik alkogol içgilerini ret etmäge çagyrdy hem-de döwlet kanun çykaryjy edaralaryndan alkogol öndürmegi we satmagy gadagan edýän kanunlary çykarmagy talap etdi. 1855-nji ýyla çenli ştatlaryň on üç sanysy hut şeýle hem, etdi, emma wagtyň geçmegi bilen bularyň çykaran kanunlary kazyýet derejesinde päsgelçiliklere duçar boldy. Olar diňe Täze Angliýanyň demirgazyk böleginde bolmalysy ýaly güýje girdi, ýöne 1830–1860-njy ýyllar aralygyndaky döwürde alkogoly ret etmek hereketiniň netijesinde ABŞ-da alkogolly içgileriň jan başyna içilişi azaldy.

Üýtgedip gurujylaryň beýlekileri türmeler we ruhy keselli adamlara ideg bermek meselelerini üns merkezinde goýdular. Tagallalar jenaýatyň jezasyny çekýänligiňi garşy ýatladyp duran türmeleri temmi beriş edaralardan, tussag edilenleri täzeden adaty durmuşa uýgunlaşdyrýan düzediş-zähmet edaralaryna öwürmäge gönükdirilipdi. Massaçusetsde Doroti Diks azatlykdan mahrum edilip, halys gutaran ideg etme jaýlarda we türmelerde saklanýan ruhy keselli adamlaryň saklanyş şertlerini gowulaşdyrmak ugrunda göreşdi. Massaçusetsde öz tagallalaryny üstünlikli tamamlandan soň, Doroti Diks bu ugurdaky hereketini dowam edip, Günorta tarap ýola düşdi. 1845 we 1852-nji ýyllar aralygyndaky döwürde Günortanyň 9 ştatynda ruhy keselli adamlar üçin hassahanalar açyldy.

## AÝALLARYŇ HAK-HUKUKLARY

Şeýle üýtgedip gurmalar aýal-gyzlaryň jemgyýetde özlerine deň garalmaýanlygyna göz ýetirmegine alyp bardy. Kolonial döwürden başlap, durmuşa çykmadyk aýal-gyzlar erkekler bilen bir hatarda şol bir hak-hukuklardan peýdalanyp gelseler-de, däp-dessura laýyklykda olar durmuşa ir çykmaly bolýardylar. Durmuş gurmak bilen bolsa kanunyň öňünde aýallar özbaşdaklygyny ýitirýärdiler. Aýallaryň ses bermäge hukugy ýokdy. XVII-XVIII asyrlarda olaryň bilimi, esasan, okamak, ýazmak, saza düşünmek we tikin-çatyny başarmak bilen çäklenýärdi.

Aýal maşgalalaryň aň-düşünjesiniň oýanmagy Şotlandiýadan lektor hem žurnalist zenan Frensis Raýtyň Amerika gelmegi bilen başlandy. 1820-nji ýyllarda ol ABŞ-nyň çäklerinde aýal-gyzlaryň hukuklarynyň berjaý edilmegi ugrunda aç-açan iş alyp bardy. Her gezek, haçanda jemgyýetçilik ýerlerinde aýal-gyzlara söz sözlemek gadagan edilende, Raýt diňe çykyş etmek bilen çäklenmän, eýsem aýal-gyzlaryň maşgala meýilnamalaşdyrylmagyna, çaga dogurmaklyga we nikany bozmaklyga degişli maglumatlary bilmäge degişli hukuklaryny wagyz edip, öz garaýyşlaryny beýan etmek bilen, diňleýjileri haýran galdyrýady.

1840-njy ýyllarda aýal-gyzlaryň hak-hukuklary ugrundaky ilkinji hereketi öňe tarap ýöredip biljek amerikan aýal-gyzlarynyň bir topary peýda boldy. Elizabet Keýdi Stenton olaryň arasynda iň görnüklileriniň biridi. 1848-nji ýylda Keýdi Stenton we aýal-gyzlaryň hak-

hukuklary ugrunda ýene-de bir göreşiji Lukrişia Mott, Nýu-Ýork ştatynyň Seneka Follz diýlen ýerinde aýal-gyzlaryň hak-hukuklary boýunça taryhda ilkinji ýörite gurultaý geçirdiler. Oňa gatnaşyjylar bir jarnama işläp düzdüler. Ol aýal-gyzlara kanun öňünde, ses bermekde, bilim almakda we işe ýerleşmekde erkekler bilen deň hak-hukuklaryň we mümkinçilikleriň berilmegini talap etdi.

Şol ýylyň içinde Polşadan göçüp gelen Ernestina Rouz Nýu-Ýork ştatynda durmuşa çykan aýallaryň öz mal-emlägini atlaryna geçirmäge mümkinçilik berýän kanunyň kabul edilmeginde iňňän uly rol oýnady. Ýurduň kanunlarynyň ilkinjileriniň arasynda „durmuşa çykan aýallaryň emlägi barasyndaky" kanun beýleki ştatlarda hem şuňa meňzeş kanunlaryň kabul edilmegine itergi boldy.

1869-njy ýylda Rouz Elizabet Keýdi Stentona we aýal-gyzlaryň hak-hukuklary ugrunda işjeň göreşiji Sýuzan Äntoni atly beýleki aýala Aýal-gyzlaryň ses bermek hukugy boýunça milli bileleşigiň düýbüni tutmaga kömek etdi. Bu bileleşik aýal-gyzlaryň ses bermek hukugy baradaky düzedişi Konstitusiýa girizmek boýunça iş alyp bardy. Bu aýallaryň ikisi aýallar hereketiniň aýal-gyzlar hak-hukuklary ugrunda göreşijileriň iň işeňňiri boldy. Soňra özara hyzmatdaşlyk barasynda söz açanda, Keýdi Stenton: „Men demir ussahanasynda ýyldyrym döredýän oklary taýýarladym, ol bolsa olary atdy" diýip aýtdy.

## GÜNBATARA TARAP

Amerikan durmuşyny belli bir keşbe getirmekde serhediň tutýan orny uly boldy. ABŞ-nyň günbatarynda oturymly ýerleriň serhediniň üýtgäp durmagy tutuş amerikan jemgyýetine uly täsirini ýetirdi. Bütin Atlantik kenar ýakasynyň ýaşaýyş şerti ilatyň täze, has az oturymly ýerlerine göçüp gitmegine ýardam etdi. Topragyndan bugdaýyň bol hasylyny alyp bolmaýan Täze Angliýadan erkekler we aýallar yzyny üzmän, topar-topar bolup göçýärdiler. Olar kenarýakadaky ekin ýerlerini we obalaryny taşlap, bagt gözleginde kenardan daşda bolan baý ýere tarap süýşýärdiler. Wirjiniýa we Karolina ştatlarynyň eteklerindäki ekerançylyk ýerleriň ilaty hem kenarýaka bazarlara taýýar önümlerini ýetirmek üçin gerek bolan ýoldur-akabalaryň ýetmezçiligi sebäpli we Taýdwoter plantatorlarynyň syýasy agalyk etmeginden kynçylyk çekmekden halys bolup, Günbatara tarap ugradylar. 1800-nji ýyla çenli Missisipi we Ogaýo derýalarynyň ýakalary beýik serhetýaka sebitine öwrüldi. Müňlerçe göçüp barýanlaryň agzyndan: „Biz gidýäris uzaga, haý-o, bizi alyp barýar derýa Ogaýo-o" sözleri olar üçin aýdyma öwrüldi.

XIX asyryň başlarynda ilatyň Günbatara tarap süýşmegi köne ýerleriň bölünmegine we täze serhetleriň geçirilmegine getirdi. Täze ştatlaryň ýaranlyga kabul edilmegi bilen, ýurduň syýasy çäkleri Missisipi derýasyndan gündogarda baryp ýetdi. 1816-njy ýyldan 1821-nji ýyla çenli alty sany täze ştat – Indiana, Ilinoý we Men (bular azat ştatlar) we Missisipi, Alabama we Mizuri (gul eýeçilik ştatlary) döredildi. Birinji serhet Ýewropa gaty golaýdady, ikinji serhet bolsa atlantikanyň kenarýakalaryndaky oturymly ýerlere golaýdy, Missisipi jülgesi weli garaşsyzdy, onuň adamlary bolsa gündogara däl-de, günbatara tarap ymtylýardylar.

Serhetýaka jemgyýetçiligi birmeňzeş däldi. Bir iňlis syýasatçysy olary şeýle suratlandyrypdy: „Bu garyp külbelerde ýaşaýan adamlaryň tiresi mert we çydamly, durmuşda taplanan adamlardan bolmaly... Olar keşp taýdan görmegeý

bolmasalar hem, adamçylyklary gowy, myhmansöýer, başga ýurtdan gelenlere mylakatly, dogruçyl we ynamdar adamlar. Olar pes boýly indeý mekgejöwenini, kädiniň dürli görnüşlerini ekýärler, doňuz, kämahal bir-iki sygyr-da saklaýarlar. Ýöne tüpeň weli, ýaşaýyş üçin olaryň iň esasy guralydyr. Paltany ezberlik bilen ulanyp, gapan gurmagyň we balyk tutmagyň hötdesinden gelýän adamlar. Olar tokaýlarda ýol açan adamlar, ilkinji agaç külbeleri guranlar we ýerlerine göçüp barandan soň, indeýler bilen ýüzbe-ýüz bolup, oňşup oturmagy başaran adamlar. ”

Özleşdirilmedik tarp ýerlere göçüp gelýänleriň sany köpeldigiçe, olaryň köpüsi diňe ekerançylyk bilen däl-de, eýsem, awçylyk bilen hem meşgullanmaly boldy. Indi öňki külbeleriň ýerine aýna penjireli, oňaýly otagly, tüsseçykarly oňat peçli agaç jaýlar guruldy. Suwy bolsa olar indi çeşmeden däl-de, guýulardan alýardylar. Zähmetsöýer ilat baran ýerlerini dessine agaçlardan arassalaýardy, kesilen agaçlary potaş (kömürturşy kaliý) almak üçin otlaýardy, töňňeleri bolsa çüýremek üçin galdyrýardy. Olar galla, gök önüm we miwe ösdürip ýetişdirýärdiler, sugunlary, ýabany hind towuklary awlaýardylar, tokaýdan bal ýygnaýardylar, ýakyndaky çeşmelerden balyk tutýardylar, doňuzdyr beýleki mallary bakýardylar. Ýeriň söwdasyny nazarda tutanlar ulydan-uly mellek ýerlerini arzanja satyn alýardylar we ýeriň bahasy galanda, hojalyklaryny täze göçüp gelenlere satyp, özgelere ýol açyp, günbatara tarap has aňry gidýärdiler.

Mülkdarlaryň yzy bilen lukmanlar, hukuk hünärmenleri, dükançylar, gazet neşirçileri, ruhanylar, hünärmenler, işçiler, syýasatçylar geldiler. Ýöne welin, mülkdarlar agdyklyk edýärdiler. Olar çagalarynyň-da şol ýerde zähmet çekmeginiň umydy bilen, ilki göçüp gelen ýerlerinde galmaga meýillidiler. Şonuň üçinde uly-uly ammarlar we berk kerpiçdir çapma agaçdan jaýlar bina edýärdiler. Olar özleri bilen tohum mallary getirýärdiler, ýerlerini yhlas bilen bejerýärdiler hem iň gowy tohumlary ekýärdiler. Käbirleri degirmen, byçgyhana, çakyr desgasyny, gowy ýollary gurýardylar, mekdepdir buthanalar açýardylar. Gysga wagtyň içinde täze ýerlerde uly özgerişlikler bolup geçdi. Mysal üçin, 1830-njy ýylda Ilinoý ştatynyň Çikago şäheri hiç bir gelejegi bolmadyk söwda edilýän oturymly ýerdi. O ýerde diňe bir gala bardy, ýöne oňa ilkinji göçüp gelenleriň birnäçesi heniz aýatda dirikä, ol ýer ABŞ-nyň iň uly we iň baý şäherleriniň birine öwrüldi.

Ferma edinmek kyn däldi. 1820-nji ýyldan soň döwletiň ýeriniň ýarym gektaryny 1,25 dollara satyn alyp bolýardy, 1862-nji ýylda Emläk baradaky kanun kabul edilenden soň bolsa, ýere göçüp baryp, ony idedip, hasyllylygyny gowulandyrmagy başardygyň, ýeriň eýesi bolup bolýardy. Onsoňam, ýerde işlemek üçin gerek bolan gurallar elýeterlidi. Şol döwür žurnalist Goras Griliň ýazyjy Jon Soluň aýdanyna esaslanyp, ýörgünli ulanan sözüne görä, ýaşlar üçin „Günbatara gidip, ýurduň özi bilen birlikde ösmäge” pursat dörän döwür boldy.

Amerikalylaryň Tehasa aralaşmagyny hasaba almanyňda, oba hojalyk oturymly ýerleriniň serhedi ABŞ-nyň çäklerinden daşyna, Mizuriden günbatara tarap diňe 1840-njy ýyldan soň ýaýrady. 1819-njy ýylda ABŞ öz raýatlarynyň Ispaniýa bildirýän 5 mln. dollar mukdaryndaky talabyny özi kanagatlandyrmagy boýnuna alyp, oňa derek Ispaniýadan ähli Floridanyň we Uzak Günbatardaky Origonyň ýerlerine eýeçilik hukugyny bermegini gazandy. Sütükli deri söwdagärleri bu ýerde öz işlerini ýaýbaňlandyrdylar, ýöne olaryň bu edýän işleriniň deriniň

bahasyndan has gymmatly ähmiýeti bardy. Fransuzlaryň Missisipi jülgesine ilkibaşda aralaşmagynda bolşy ýaly, hut söwdagärler göçüp gelýänler üçin ýol-ýodalary gözläp tapýardylar. Uly derýalarda we olaryň goşantlarynda gözleg geçirýän, şeýle hem, Roki we Sierra daglaryndan geçýän ähli ýol-ýodalary tapýan asly fransiýaly we irland-şotlandiýaly gapan goýujy awçylar 1840-njy ýyllarda gury ýer üsti bilen göçüp barmagyna we soňra ilatyň kenardan daşda bolan ýerlere tutuş ýaýramagyna mümkinçilik döredipdi.

Umuman, ilatyň ösüşi örän artdy: ol 1812-nji ýylda 7,25 million adam bolanlygyndan 1850-nji ýylda 23 million adamdan aşdy. Bu döwrüň içinde ilaty ornaşdyrmak üçin ýaramly ýerleriň meýdany Ýewropa kontinentiniň meýdanyna barabar, ýagny, 4,4 mln inedördül kmden 7,8 mln inedördül kme çenli giňedi. Ýöne, köki sebitara tapawutlara ornaşyp gidýän esasy agzalalyklar henize çenli çözülmän galýardy. 1860-njy ýyllarda bu agzalalyklar raýatlyk urşuna geçipdi. Göçüp gelýänleriň günbatara süýşmekleri-de ol ýerlerde ata-baba oturumly bolan indeýler bilen çaknyşyklara getirdi.

XIX asyryň birinji ýarymynda şol ýüze çykan çaknyşyklara dahyly bolan, şol döwrüň görnükli adamlarynyň biri Ändru Jäksondy. Ol Ak Tama düşen ilkinji „günbatarly” boldy. 1812-nji ýylyň urşunyň ortalarynda şol wagt entek Tennesi ştatynyň meýletinçileriniň baştutany bolan Jäkson Günorta Alabama ugradyldy we ol ýerde ol Krik taýpasyndan bolan indeýleriň gozgalaňyny gazap bilen basyp ýatyrdy. Krikler şondan soň tizden-tiz öz ýerleriniň üçden ikisini Birleşen Ştatlara berdiler. Soňra Jäkson seminol taýpasyndan bolan indeýleri ispanlaryň eýeçiligindäki Floridadaky gaçybatalgalaryndan gysyp çykardy.

1820-nji ýyllarda Prezident Monro Jonuň harby ministri Jon Kolhaun günorta-günbatardaky köne taýpalaryň galan-gaçanlaryny Missisipiniň aňyrsyndaky ýerlere göçürmek syýasatyny ýöretdi. Ýurduň prezidentlik wezipesine geçeninden soň, Jäkson hem şol syýasaty dowam etdirdi.

1830-njy ýylda Kongres indeýleri göçürmek barada kanun kabul etdi we gündogar taýpalary Missisipiniň aňyrsyna göçürmek üçin, maliýe serişdelerini goýberdi. 1834-nji ýylda häzirki Oklahoma diýilýän ýerde ýörite indeý ýerleri döredildi. Jäksonyň prezidentlik eden iki möhletiniň dowamynda taýpalar umuman 94 şertnama gol çekdiler, şolara laýyklykda olar federal hökümete millionlarça gektar ýer berdiler we onlarça taýpalary müdimi oturan ýurtlaryndan olara ata-babalaryndan miras galan ýerlere göçürdiler.

Ähtimal, bu wakalarda 1791-nji ýylyň şertnamasy bilen olaryň Demirgazyk Karolinadaky we Jorjiýadaky ýerleriniň eldegrilmesizdigini kepillendirmek çeroki taýpasyndan bolan indeýleriň başdan geçiren wakalary has pajygaly bolan bolsa gerek. 1829-njy ýylda Gündogar taýpalaryň arasynda iň öňdebaryjy düşüňjelisi bolan indeýleriň çeroki taýpasynyň ýerinde altyn tapylanda, olaryň ykbalyna gara çekildi. Hatda, Ýokary kazyýetiň olar babatynda çykaran adalatly kanunyda olara kömek edip bilmedi. Jäksonyň hökümetiniň razylygy bilen çeroki taýpasy 1835-nji ýylda uzak ýoly söküp, köp-köp hupbat-sütemler çekip, Oklahoma göçmäge mejbur boldylar. Olaryň köpüsi keselçilikden, horluklardan we mätäçlikden „göz ýaşlaryň yzy” adyny alan bu uzak ýolda aradan çykdy. ◇

# SENEKA FOLZ

Feministleriň ilkinjileriniň biri bolan zenan Elizabet Keýdi Stenton barypýatan abolisionist zenany bolan Lukresiýa Mott bilen ýaran boldy. Bularyň ikisi 1840-njy ýylda gul eýeçiligine garşy göreşe bagyşlanyp, Londonda geçirilen konferensiýada duşuşdylar. Konferensiýa başlan dessine bular konferensiýada delegat aýallary o diýen halamaýandyklaryna düşündiler. Konferensiýada çykyş etmek we söz almak mümkinçiliginden kesilen Keýdi Stenton we Mott nägilelik bildirip, özleri bilen beýleki aýal delegatlary-da alyp, mejlisler otagyndan çykyp gitdiler. Hut şonda-da, Keýdi Stenton Motta aýal-gyzlaryň durmuş, raýatlyk we dini hukuklary meselelerine garamak mümkinçiligini döredip biljek aýal-gyzlaryň hukuklary baradaky meseleler boýunça konferensiýa çagyrmagy teklip etdi. Şol konferensiýany çagyrmak diňe sekiz ýyldan soň mümkin boldy, şonda, ýagny, 1848-nji ýylda iki feminist Nýu-Ýork ştatynyň Seneka-Folz diýen ýerjagazynda aýal-gyzlaryň hukugy boýunça birinji gurultaýy guradylar.

Gurultaýda Keýdi Stenton Garaşsyzlyk Jarnamasyna esaslanan „Pikirler jarnamasyny” beýan etdi. Ol jarnamada erkekler tarapyndan aýallaryň gysylýandygy babatda 18 şikaýat sanalyp geçilýär. Olaryň arasynda ärli aýal äri tarapyndan azar berilýän halatynda öýüni taşlap gitmekçi bolanda ýa-da aýrylyşmakçy bolanda, öz çagalaryny almaga hukugy bolmadyk ýagdaý baradaky şikaýat-da bardy. Eger-de aýal aýrylyşan bolsa, onuň hünär bazarynda ýazmak ýa-da okatmakdan başga hiç hili iş bilen meşgul bolmaga haky ýokdy. Aýalyň kazyýetde öz adamsynyň garşysyna görkezme bermäge haky ýokdy. Fabriklerde işleýän ärli aýallar iş gazanjyny özünde galdyrman, ähli gazanjyny ärlerine bermelidiler. Aýal maşgala durmuşa çykanda, onuň durmuşa çykmazyndan öň bar bolan zatlarynyň ähli̇si tutuşlygyna adamsynyň eline gürrüňsiz geçýärdi. Eýeçiligi bolan ýekebara aýallar öz emläginden erkekler bilen deň derejede salgyt töleýärdiler, ýöne şol bir wagtda salgyt bilen meşgullanýan kanun çykaryjylar saýlananda, ses bermek hukugyndan mahrumdylar. Hut şu ýagdaýda-da amerikan koloniýalarynyň Beýik Britaniýadan bölünip aýrylmagynyň sebäpleriniň biridi.

Aýallar gurultaýyna gatnaşyjylar aýal-gyzlaryň saýlaw hukugyna degişli bir kararyndan başga ähli̇sini biragyzdan kabul etdiler. Diňe garaýagyz abolisionist Federik Duglas aýal-gyzlaryň hukugyny gorap, çynlakaý çykyş edenden soň, ol karar-da kabul edildi. Şeýle-de bolsa, gurultaýa gatnaşyjylaryň köpüsi erkekleriňki ýaly aýallaryň-da saýlaw hukugynyň boljakdygy baradaky pikir bilen öwrenişip bilmeýärdiler.

Seneka-Folzda Keýdi Stenton aýallaryň hukugy ugrundaky göreşiji we söze çeper ýazyjy hökmünde meşhurlyk gazandy. Köp ýyllar geçenden soň, ses bermäge hukugy bolmadyk aýal maşgalanyň hiç haçan erkek adamlar bilen deň hatara çykmajagyna düşünendigini aýdýar. Abolisionist-reformator Wilýam Lloýd Garrisony özüne nusga edinip, ol islendik işde ýeňiş gazanmak üçin, haýsydyr bir partiýanyň hereketi däl-de, jemgyýetçilik pikiriniň üýtgemeginiň gerekdigine düşünýär. Aýal-gyzlaryň işleýän şertlerinde edilýän adalatsyzlyklara olaryň gözüni açyp, Seneka-Folzdaky gurultaý gelejekki özgerişlikleriň hamyrmaýasyna öwrüldi. Ondan soň aýallaryň hukugy ugrunda başga gurultaýlar geçirildi, beýleki aýallar-da erkekler bilen aýal-gyzlaryň syýasy hem durmuş deňligi ugrundaky göreş meýdanyna çykdylar.

**Birleşen Ştatlar tarapyndan territoriýalaryň köp eýelenmegi we ştatlaryň kabul edilmeginiň seneleri**




Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň kartasy. Onda 1803–1898-nji ýyllar aralygynda ilatyň ýaýraýşy görkezilýär.





# 6-NJY BAP

# GARAÝYŞLARYŇ GAPMA-GARŞYLYGY

Prezident Abraham Linkoln (ortada) 1862-nji ýylyň oktýabrynda Antietamyň etegindäki söweşden soň ýaranlyk goşunlarynyň lagerinde.

„Ikä bölünen jaý durup bilmez. Biziň döwletimiziň ýarym gulçulyk, ýarym azat bolup, hemişe ýaşap bilmejegine men ynanýaryn.”

Abraham Linkoln, 1858-nji ýyl

XIX asyryň ortalarynda Birleşen Ştatlar daşary ýurtlularyň yzygiderli gelip-gidip duran ýurduna öwrüldi. Bu babatda bir taryhçy şeýle ýazypdy: „Geçmişde kolonial ezişiň şaýady bolan, dek dünýnüň özünde hiç hili gyzyklanma bildirilmeýän, käwagt bolsa mahabatlandyrylan bu ýer göz açyp-ýumasy salymda jikmejik öwrenilmegi talap edýän bir ýere we baha berilmegi talap edýän syýasy we ahlak tejribä öwrüldi”.

## IKI AMERIKA

Birleşen Ştatlara çet ýurtlardan syýahat edenlerden fransuz ýazyjysy we syýasy pelsepeçisi Aleksis de Tokwilden başga hiç birisi ol ýurt barada we oňa syýahat barada şeýle köp ýazgy galdyryp giden däldir. Onuň ilkinji gezek 1835-nji ýylda çap edilen „Amerikadaky demokratiýa” atly kitaby şu güne çenli ABŞ-nyň durmuş we syýasy tejribesi barasynda iň anyk we çuňňur seljerişi berýän işleriň biri bolup galýar. Synçy hökmünde aşa ýiti nazarýete eýe bolan Tokwil amerikan hakykatyny tankytlaman durup bilmezdi, emma onuň ýazanlary oňyn häsiýete eýedi. Ol: „Demokratik gurluşly häkimiýetler syýasy hak-hukuklar dogrusyndaky düşünjäni, hatda, iň sada raýatlara-da ýetirýär. Bu hut baýlygyň paýlanmagy bilen eýeçilik baradaky düşünjäniň jemgyýetiň ähli agzalaryna ýetirilişi ýalydyr” diýip ýazdy. Şeýle-de bolsa: „Şeýle uly deňlik jemgyýet senagat işçisi hem täze telekeçiler synpyna bölünen şertlerinde-de saklanarmyka?” diýen sorag diňe bir Tokwili oýlandyrmandyr.

Beýleki syýasatçylary „ähli ýerde oba hojalygynyň, söwdanyň we jemgyýetçilik işleriniň gülläp ösüşiniň we çalt öňe gidişiniň hakyky subutnamasyny görmek mümkin bolan” ýurduň okgunly ösüşi we durmuşyň ummasyz uly güýji haýran edipdir. Ýöne amerikan tejribesi baradaky şeýle oňyn garaýyşlar hemmelere mahsus däldi. Ilkinji gezek ABŞ-a 1841–42-nji ýyllarda syýahat eden iňlis ýazyjysy Çarlz Dikkens hem şeýle oňyn bolmadyk pikirlere eýerýän adamlaryň hataryndady. Ol hatlarynyň birinde: „Bu meniň görmäge howlugan respublikam däl. Bu meniň hyýallarymda göz öňüne getiren respublikam däl... Onuň ýaşlygy we kuwwaty barasynda näçe köp pikir etdigimçe, şonça-da ol meniň göz öňümde, haýsy tarapdan seretsem-de, gowşak we nalajedeýin bolup görünýär. Onuň maha-

batlandyrýan her bir zadyny, şol sanda, onuň halkyna niýetlän bilimini we garyplaryň çagalary baradaky aladasyny hasaba alanyňda-da ol meniň beren bahamdan gaty pes, ölçäp bolmajak derejedäki pes baha mynasyp" diýip ýazypdy.

Beýle baha bermekde Dikkens ýeke däldi. Bütin taryhynyň dowamynda bolşy ýaly, XIX asyrda Amerika adamlarda onuň has çylşyrymly we dünýewi hakykatyna laýyk gelmeýän umytlary we duýgulary döretdi. Ýurduň ululygy we dürli-dürlüligi umumylyklary inkär etdirýärdi we gapma-garşylyklara ýol berýärdi: Amerika azatlyk-erkinligi söýüji, şol bir wagtda-da gul eýeçilikli jemgyýetdi ol ummasyz uzyn we geçmegi aňsat araçägi bolan ýurtdy.

## TAMA DÖREDÝÄN TOPRAK

1850-nji ýyllarda Amerikanyň çägi giňäp, tokaýlaryň, giň sähralaryň we daglaryň üstünden aşyp geçdi. Şol äpet ýerlere ýaýran bu giňişlikde 31 ştatdan dörän ýaranlygýň çäginde 23 million adam ýaşaýardy. Gündogarda senagat pajarlap ösýärdi. Orta Günbatarda we Günortada oba hojalyk ösýärdi. Demirýollar ýurduň gür ilatly ýerlerini mäkäm birleşdiripdi, 1849-njy ýyldan soň bolsa Kaliforniýanyň känlerinden alnan altyn söwda ýollarynyň ösmegine goşant bolan bir altyn çeşmä öwrüldi.

Täze Angliýa we orta atlantik ştatlar senagatyň, söwdanyň we maliýe serişdeleriniň esasy merkezleri boldy. Ol ýerde mata dokalýardy, geýim, agaç önümleri, maşyn we mehanizmler, gön we ýüň önümleri öndürilýärdi. Şol bir wagtyň özünde gämi gatnawy ýokary derejede gülläp ösdi, amerikan baýdagynyň astynda gämiler-de ähli ýurtlaryň harytlaryny ummanyň üsti bilen daşaýardylar.

Atlantik kenar ýakasyndan Missisipä çenli we ondan aňry köp ýer tutmaýan, syýasy taýdan has oňaýly Günortanyň esasan oba hojalyga esaslanan ykdysadyýeti bardy. Wirjiniýanyň, Meriländiň we Demirgazyk Karolinanyň ykdysadyýeti üçin temmäkiniň ähmiýeti uludy. Günorta Karolinanyň ýerleri bol şaly hasylyny berýärdi, Luiziananyň howasydyr topragy bolsa şekerçiňrik ekmäge mümkinçilik berýärdi. Ýöne, ahyry gowaça uly sarpa goýulýan ekine öwrüldi we tutuş Günorta şol ekine ýykgyn etdi. 1850-nji ýyla çenli Amerikanyň Günortasy dünýäde öndürilýän pagtanyň 80 göterimini berdi. Bu ekini ösdürip-ýetişdirmekde gullaryň zähmetinden peýdalanyldy.

Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän düzleri we çalt ösýän ilaty bolan Orta Günbatar-da amatly ýagdaýdady. Ol ýerde öndürilýän et we bugdaý Ýewropada we ABŞ-nyň irki oturymlaşan etraplarynda ýokary islegden peýdalanýardy. Gol zähmetiniň maşynlaşdyrylmagy, esasanda, Makkormikkiň orak işinde maşynyň girizilmegi oba hojalygynyň görlüp-eşidilmedik ýagdaýda ösmegine şert döretdi. Ýurtda umumy ýygnalýan bugdaý 1850-nji ýylda 35 million gektolitr bolanlygyndan 1860-njy ýylda 61 milliona ýetdi, şol dänäniň ýarsyndan köpüsini bolsa Orta Günbatar berdi.

Ulag serişdeleriniň has kämilleşdirilmegi Günbataryň gülläp ösmegi üçin itergi boldy. 1850–1857-nji ýyllarda Orta Günbatary Gündogar bilen birleşdiren bäş demirýol magistraly Appalaçi daglarynyň gaýalaryny kesip geçdi. Bu ýollar 1861–1865-nji ýyllaryň arasyndaky döwürde ýaranlygyň syýasy birleşmesinde jemlenen ykdysady bähbitleriň esasyny düzdi. Ilkibaşda Günorta demirýol babatynda yza galýardy, diňe 1850-nji ýyllaryň ahyrynda demirýol daglardan geçip, aşaky Missisipini Gü-

norta Atlantikanyň kenar ýakasy bilen baglanyşdyrdy.

## GULÇULYK WE TOPARLARA BÖLÜNIŞIK

Bir mesele Demirgazyk bilen Günortanyň arasyndaky sebitara we ykdysady tapawutlary has çuňlaşdyrýardy, ol-da gulçulyk meselesidi. Demirgazykly telekeçileriň pagtasyny satmakdan uludanuly girdeji görýänliginden nägile günortalylar öz sebitleriniň yza galaklygyny Demirgazygyň has ýaýrap, aşa köp ýerlere eýe bolanlygy bilen düşündirdiler. Demirgazyklylar bolsa öz ýanyndan Günbatary, öz ykdysadyýetiniň ösmegi üçin aýratyn bir edaranyň, ýagny gulçulygyň olaryň yzagalaklygyna sebäp bolýandygyny nygtadylar.

Baryp, XIX asyryň 30-njy ýyllarynda gulçulyk meselesi babatynda iki toparyň arasyndaky dartgynlyk barha güýçlenip barýardy. Garaýyşlaryň bölünişigi olaryň birinde gulçulygyň bolandygy üçin, güýçlenmäge başlady. Demirgazykda gulçulygy ýatyrmagyň tarapdary bolan hereket ösýärdi. Olary Gündogardaky gulçulygy entek ştat hökmünde ykrar edilmedik täze ýerlere ýaýratmagyň garşysyna aýgytly çykyş edýän „fri-soýl” hereketi goldaýardy. 1850-nji ýyllarda günortalylar üçin gulçulyk olaryň jogapkärçiliginde bolmadyk bir durmuşy ýagdaydy. Olaryň nygtamagyna görä, gulçulyk meselesine iňlis dilde gepleýişlerine ýa-da olaryň wekilçilik edýän edaralary babatda bildirilýän aladadan hem az alada bildirilýärdi. 1850-nji ýyla çenli Günortanyň kenarýaka etraplarynyň käbirinde gulçulygyň durmuşa ornaşmagyna 200 ýyldan-da köp bolupdy we ol sebitiň ykdysadyýetiniň düýpli pudaklarynyň esasy bölegi bolup durýardy.

Diňe ak günortalylaryň az sanlysy gul saklaýardy. 1860-njy ýylda gulçulygy bolan ştatlaryň ählisinde, umuman, 46274 plantator bardy, özi-de iň azyndan 20 guly bolan islendik adam plantator hasaplanýardy. Gullaryň ýarsyndan köpüsi plantasiýalarda işleýärdi. Käbir mülkdar-ýomenleriň (özbaşdak hojalyk alyp barýan daýhanlaryň) ummasyz sanly guly bardy, ýöne mülkdarlaryň köpüsiniň asla guly ýokdy. Şol daýhanlaryň ýüzden 70 böleginiň 40 gektardan az bolan ýerleri bardy. „Garyp akýagyzlar” günorta jemgyýetiň aşaky basgançaklarynda ýaşaýardylar we olaryň asla guly ýokdy. Plantatorlaryň gulçulykdan görýän bähbidine düşünmek kyn däl – olar gullaryň köpüsine eýedi. Ýöne, ýomenler we garyp akýagyzlar hem gulçulygyň bolmagyny goldaýardylar. Olar garaýagyzlar azat ediläýseler, ýer almak hukugy ugrunda özleri bilen bäsleşerler öýdüp gorkýardylar. Şeýle-de, ýene bir möhüm ýagdaý bardy, gulçulygyň dowam etmegi ýomenleriň we garyp akýagyzlaryň durmuş basgançagyndaky ýagdaýyny berkitmäge ýardam etdi; olar şol ýeten derejesini elden gidermek islemeýärdi.

Demirgazyklylaryň garaýşyna gaýtawul bermek ugrynda tagalla edip barşyna, Günortanyň syýasy ýolbaşçylary, hünärmen synplary we dindarlarynyň köpüsi indi gulçulyk babatda toba gelmeýärdiler-de, tersine jan-tenden onuň tarapdary hökmünde çykyş edýärdiler. Günorta ştatlaryň žurnalistleri: „Demirgazygyň işçini hakyna tutmak ulgamy bilen deňeşdireniňde, gulçulykda zähmet bilen kapitalyň arasyndaky gatnaşyk has ynsanperwerdir” diýip ýazýardylar.

XIX asyryň 30-njy ýyllaryna çenli döwre öňki, patriarhal usulda dolandyrylýan plantasiýalar ulgamy, ýagny gullaryň öz hojaýynlary tarapyndan eýeçilik edilmegi mahsusdy. Şeýle-de bolsa, ýuwaş-ýuwaşdan aşaky Günortada uly göwrümli pagtaçylyk önümçiligi döredilip başlanda, plantatorlar gullara hut özleri gözegçilik etmekden el çekdiler we bu işi uzak ýurtlardan getirilen hünärmenlere tabşyrdylar. Olaryň işde galmagy bolsa gullary netijeli işledip bilmeklerine bagly boldy.

Aslynda, gulçulyk zorluk we zulum ulgamy bolmak bilen ten temmisi, şeýle hem, gullaryň satylmagy zerarly, maşgalany biri-birinden aýyrmak ýaly ýagdaýlar adatydy. Emma muňa garamazdan, ahyr soňunda aýry-aýry gul eýeleriniňdir hojaýynlaryň we çet ýurtlardan getirilen ökde hünärmenleriň gullara degişlilikde özlerini alyp barşy ýazgarylmady-da, gulçulygyň her bir ynsanyň azat-erkinlige bolan hak-hukugyny güýçli ýoýanlygy uly ýazgarmalara sezewar edildi.

## GULÇULYGY ÝATYRMAGYŇ TARAPDARLARY

Milli syýasatda günortalylar, esasan, pagtaçylykly-gulçulyk ulgamynynyň bähbitlerini has artdyrmak we goramak ýollaryny gözleýärdiler. Ekiniň diňe bir görnüşini, ýagny pagtany, ösdürip ýetişdirmek bir tarapdan isripçilikdi, çunki bu ýerleriň çalt horlanmagyna, hasyllylygyny ýitirmegine alyp barýardy, netijede, täze mes ýerleriň açylmagyna mätäçlik döreýärdi. Şonuň üçin, täze-täze ýerleriň açylmagy wajyp hasaplanýardy. Mundan ötri, günortalylar goşmaça gul eýeçilik ştatlary açmak üçin, täze ýerleri açmak möhüm, beýleki tarapdan, şeýle etmek bilen ýaranlyga täze azat ştatlaryň goşulmagyna päsgelçilik döreder diýip hasapladylar. Demirgazyklylar Günortanyň beýle nukdaýnazaryna gul eýeleriniň bütin ýurtda agalygyny berkarar etmek maksady bilen gurnalan dildüwüşik hökmünde baha berdiler we 1830-njy ýyllarda olaryň garşylygy güýçlendi.

Amerika rewolýusiýasynyň bir pudagy hasaplanan ir wagtda ýüze çykan gulçulyga garşy hereket 1808-nji ýylda iň soňky ýeňşini gazandy, şonda Kongres Afrika bilen gul söwdasyny etmegi gadagan etdi. Şondan soň gulçulyga garşy çäre, esasan, kwakerler tarapyndan geçirildi. Emma olaryň bu hereketi aram geçse-de, netije bermedi, çünki pagta arassalaýjy zawodyň işe girizilmegi we Missisipi derýasynyň deňze guýýan ýerlerine tarap ýaýbaňlanmak hereketi gullara bolan talabyň döremegine we artmagyna getirdi.

1830-njy ýyllaryň başlarynda peýda bolan gulçulygy ýatyrmak ugrundaky hereket özüniň gaýduwsyzlygy bilen tapawutlandy. Ol herekete gatnaşyjylar haýal etmän, gulçulygy ýatyrmagy talap etdiler. Bu çemeleşik öz ýolbaşçysy hökmünde massaçusetsli ýaş ýigit Wilýam Lloýd Garrisony saýlap aldy. Ol öz şahsyýetinde ejir çekeniň mertligini demagogyň gyzmalygy bilen utgaşdyrmagy başardy. 1831-nji ýylyň 1-nji ýanwarda Garrison özüniň „Libereýtor" atly gazetiniň birinji sanyny çap etdi we onda ol: „Men ähli güýjümi biziň gullarymyzyň haýal etmän, azat edilmegine sarp ederin... Men bu barada aram äheňde ne pikir etmegi, ne geplemegi, ne-de ýazmagy başarýaryn... Men çynymy aýdýaryn – muňa gezek gelende, men ikilik etmerin – hiç kime geçirimlilik etmerin, men ýarym ädim-de yza tesmerin we meni hökman eşiderler" diýip ýazdy.

Garrison şeýle täsin galdyryjy çemeleşmeleri bilen, köpler tarapyndan uzak wagtlap üýtgewsiz hasaplanyp gelnen gulçulygyň betbagtçylykdygyna demirgazyklylaryň ünsüni çekdi. Ol gulçulygyň ähli eýmenç taraplaryny jemagatyň öňünde jikme-jik paş etmegi we gul eýelerini sütemkärler hem-de diri adamlaryň söwdagärleri hökmünde ýazgarmaklygy özüne wezipe edip goýupdy. Garrison gul eýeleriniň gullara bolan hukuklarynyň hiç birini ykrar etmeýärdi, hiç hili eglişige gitmeýärdi, hiç hili haýal-ýagallyga çydam etmeýärdi. Gulçulygy ýatyrmagyň tarapdarlarynyň ýene-de birnäçesi onuň kanuna çapraz gelýän tärlerini goldamak islemeýärdiler we reformalaryň kanuna laýyklykda, asudalyk ýagdaýynda geçirilmeginiň tarapdarydylar. Garrisonyň tagallalaryna Frederik Duglas atly ýene-de bir täsirli adam goşuldy. Onuň özi birwagtlar gul eýeçilik düzgüninden gaçyp, Massaçusets ştatynyň gulçulyga garşy jemgyýetiniň wekili, güýçli orator hökmünde demirgazyklylaryň ünsüni özüne çekdi, şeýle-de, soňra ol özüni abolisionistik „Norzern star" hepdelik gazetiniň neşirinde çeper dilli redaktor hökmünde tanatdy.

Gulçulyga garşy göreşiň basgançaklarynyň biri gullara demirgazykdaky gaçybatalgalara ýa-da serhetden geçip, Kanada gaçyp gitmäge ýardam bermeklige bagyşlanypdy. 1830-njy ýyllarda Demirgazygyň hemme ýerlerinde „ýerasty demirýol" diýlip atlandyrylan gizlin ýollaryň oýlanyşykly geçirilen ulgamy döredilipdi. Esasan-da, demirgazyk-günbatardaky ýollarda has üstünlikli işler alnyp baryldy. Şol ýollaryň üsti bilen 1830–1860-njy ýyllarda diňe Ogaýo ştatynda gaçgak gullaryň 40 müň çemesine azatlyga çykmaga kömek berildi. Ýerlerde gulçulyga garşy göreş alyp barýan jemgyýetleriň sany şeýle çalt ösýärdi we 1840-njy ýyla çenli ýurtda hatarynda 200 müň çemesi adam duran 2 müňe golaý gulçulygy ýatyrmak ugrunda göreşýän jemgyýet bardy.

Gulçulyk meselesini wyždan meselesine öwürmek ugrunda işewür abolisionistleriň eden tagallalaryna garamazdan, demirgazyklylaryň köpüsi bu hereketden daşda durýardy ýa-da işewürlik bilen oňa garşylyk bildirýärdiler. 1837-nji ýylda, mysal üçin, Ilinoý ştatynda, Eltonda adamlaryň birtopary gul eýeçiligine garşy göreş alyp barýan redaktor Elijah Lawjoýyň üstüne hüjüm edip, ony öldürdiler. Ýöne, günortalylaryň eden käbir hereketleri abolisionistlere gulçulyk meselesini akýagyz ilatyň azat-erkinlik hak-hukugy meselesi bilen baglanyşdyrmaga mümkinçilik berdi. 1835-nji ýylda Günorta Karolinada, Çarlstonyň poçta bölüminde gahar-gazaba münen märeke abolisionistik edebiýaty ýok etdi. Haçan-da, poçta eýesi abolisionistik edebiýaty görkezilen salgy boýunça eltip bermek işine rugsat bermejekdigini aýdanda, bu mesele babatynda Kongresde güýçli jedeller tutaşdy. Üstesine-de, abolisionistler Kongresiň üstüni Kolumbiýa okrugynda gulçulygy gadagan etmäge çagyrýan haýyşnamalar bilen gömmegi wada etdiler. 1836-njy ýylda wekiller palatasy şeýle haýyşnamalary ýüzugra ret etmäge, ýagny biruçdan dyngysyz ýok etmekligi goldap, ses berdi. 1830-njy ýylda wekiller palatasyna saýlanan öňki Prezident Jon Kuinsi Adams „Agyz baglamak syýasaty" adyny alan bu düzgüne garşylyk bildirdi we oňa Konstitusiýanyň birinji düzedişiniň bozulmagy hökmünde garady. Wekiller palatasy 1844-nji ýylda „Agyz baglamak syýasatyny" ýatyrdy.

## MEKSIKA BILEN URUŞ WE TEHAS

20-nji ýyllaryň içinde Tehasyň (Meksikanyň welaýaty) giň ýerlerinde amerikalylar mesgen tutdular, köplenç halatlarda meksika hökümeti tarapyndan olara ýol geçirmäge ýa-da ekerançylyk bilen meşgullanar ýaly ýerler berilýärdi. Olar ol ýere şeýle bir köp göçüp barýardylar welin, hatda, hökümet ýolbaşçylarynda uly alada döredi we ahyrynda 1830-njy ýylda olar Tehasa başga ýurtdan göçüp barmagy gadagan etdiler. 1834-nji ýylda general Antonio Lopes de Senta Anna Meksikada diktatorçylyk düzgünini berkarar etdi, şondan soňky ýylda bolsa Tehasda gozgalaň turdy. 1836-njy ýylyň başlarynda Senta Anna Alamonyň alkymynda amerikan pitneçilerini derbi-dagyn etdi, ýöne bir aýdan soň tehaslylar Säm Hýustonyň ýolbaşçylygy astynda San-Hasintonyň eteginde bolan söweşde meksika goşunyny çym-pytrak etdi hem Senta Annany ýesir aldy. Bu ýeňiş Tehasyň garaşsyzlygynyň kepili boldy. Şondan soň Tehas takmynan on ýylyň dowamynda garaşsyz respublika bolup galdy, 1845-nji ýylda bolsa 28-nji ştat hökmünde ABŞ-nyň düzümine kabul edildi.

Tehasyň ştat hökmünde hukuk derejesini kesgitlemekde Meksika ABŞ bilen aragatnaşygyny kesen-de bolsa, bu täze ştatyň serhetleri baradaky mesele iň jedelli mesele boldy: eger tehaslylar onuň Rio-Granda derýasy boýunça geçmegini talap eden bolsalar, meksika hökümeti onuň demirgazyga tarap has daşda Nueses derýasynyň ugrundadygyny nygtadylar. Serhet meselesi boýunça jedeller gidip durka, Nýu-Meksikanyň we Kaliforniýanyň çägine göçüp gelýänleriň yzy üzülmän dowam edip durdy. Bu-da amerikalylaryň köpüsiniň ABŞ-nyň öz ýerlerini Ýuwaş ummanyna çenli günbatara tarap giňeltmegi „onuň maňlaýyna anyk ýazylan” diýip nygtaýan wagty bilen gabat gelipdi.

Nýu-Meksikany we Kaliforniýany satyn almak baradaky ABŞ-nyň tagallalary şowsuz boldy. 1846-njy ýylda Rio-Granda derýasynda bolan çaknyşykdan soň ABŞ Meksika uruş yglan etdi. Amerikan goşunlary Nýu -Meksikany basyp aldylar, soňra bolsa Kaliforniýa göçüp baranlaryň pitnesini goldadylar. ABŞ-nyň goşuny general Zahariý Teýloryň serkerdeliginde Meksika girdi we Montereý hem Buena-Wistanyň eteginde ýeňiş gazandy, emma Meksikany ylalaşyklar stolunyň başyna getirmek welin olara başartmady. 1847-nji ýylyň martynda Winfild Skotuň serkerdeligindäki amerikan harby güýçleri Meksikanyň gündogar kenar ýakasynda, Wera Krus şäheriniň golaýynda düşlediler we agyr söweşlerden soň ýurduň paýtagty Mehiko şäherine baryp girdiler. Ýöne diňe Senta Annanyň hökümeti çekilenden soň, ABŞ Meksika bilen Guadalupe-Idalgoda şertnama baglaşdy. Şol şertnama laýyklykda Meksika 15 million dollara öz ýerleriniň günorta-günbatar bölegine hem Kaliforniýa eýe bolmak hukugynyABŞ-a berdi.

Meksika bilen uruş soňra Raýatlyk urşunyň söweş meýdanlarynda biri-biriniň garşysyna uruşmaly bolan amerikan esgerleri we serkerdeleri üçin uly türgenleşik meýdany boldy. Ol uruş syýasy nukdaý nazardan bölünişige-de alyp baran uruş boldy: gulçulyga garşy bolan wigler (Ilinoý ştatyndan bolan aklawçy Abraham Linkoln-da şolara degişlidi) Jeýms Poukiň demokrat edarasyny ýaýbaňlanmagyň tarapdary bolmakda ýazgardylar.

Meksika urşunyň tamamlanmagy bilen ABŞ 1,36 mln. inedördül kme barabar bolan, häzirki Arizona, Newada, Kaliforniýa, Ýuta ştatlarynyň ähli ýerlerini we Nýu-Meksika, Kolorado we Waýoming ştatlarynyň käbir böleklerini öz içine alýan ummasyz giň ýerlere eýe boldy. Ýöne, bu söwda biynjalygy döreden söwda boldy, çünki ol amerikan syýasatynyň şol döwrüne mahsus iň wajyp soragynyň, ýagny „Täze ýerler azat bolarmyka ýa-da gulçulykly?" diýlen soragyň täzeden ör-boýuna galmagyna esas boldy.

## 1850-NJI ÝYLYŇ YLALAŞYGY

Gul eýeçiligi 1845-nji ýyla çenli diňe bar bolan ýerleriniň çäginde galyp, onuň daşyna ýaýramajak ýaly bolup görünýärdi. 1820-nji ýylyň Mizuri ylalaşygyna laýyklykdaky gul eýeçiliginiň çäkleri kesgitlendi we onuň daşyna ýaýramaga hiç hili mümkinçiligi ýokdy. Emma täze ýerleriň alynmagy bilen gul eýeçiliginiň täzeden ýaýramagyna gowy mümkinçilik tapylan ýaly bolup göründi.

Demirgazyklylaryň köpüsi gul eýeçiligiň ýaýramagyna mümkinçilik berilmese, onda onuň çäkleri örän kemelip, ahyrynda ýok bolup gider diýip hasap edýärdiler. Täze ýerleriň goşulyp, gulçulyk ştatlarynyň sanynyň artmagyna bildirýän garşylygyny delillendirmek üçin, olar Waşingtonyň we Jefersonyň aýdanlaryna, şeýle hem, gulçulygyň demirgazyk-günbatara tarap ýaýbaňlanmagyny gadagan edýän 1787-nji ýylyň kararyna salgylandylar. Gulçulyga rugsat beren Tehas ýaranlyga, elbetde, gulçulykly ştat hökmünde kabul edildi. Ýöne Kaliforniýada, Nýu-Meksikada we Ýutada gulçulyk ýokdy, şonuň üçinde bu ýerleri 1846-njy ýylda ABŞ öz ygtyýaryna geçirmekçi bolan wagtynda bularyň ykbaly babatynda gapma-garşylykly teklipler edilipdi.

Günorta ştatlaryň aşa berk çäreleriň tarapdary bolan ekstremistleri Meksikadan alnan ähli ýerleri gul eýeleriň eline tabşyrmagy talap edýärdiler. Olar ýurduň başyndan aýagyna ähli ştatlarda gul saklamak bolar diýip hasaplaýardylar. Demirgazyklylar bolsa täze ýerleriň hemmesiniň gul eýeçilik üçin ýapyk bolmagyny talap etdiler. Aram pikire eýerýän syýasatçylaryň bir topary bolsa gulçulyk babatynda Mizuri ylalaşygynda kesgitlenen çäkleriň Ýuwaş ummanyna çenli ýaýbaňlandyrylmagyny we onuň demirgazyk tarapyndaky ştatlary „erkin", günorta tarapyndaky ştatlary bolsa „gulçulyk ştatlary" diýip yglan etmegi teklip etdi. Toparlaryň ýene-de biri bolsa bu meseläni „halkyň ýokary häkimiýet edarasynyň" garamagyna goýmagy, ýagny hökümet tarapyndan şol täze ýerlere göçüp barjak adamlara bu meseläni özbaşdak çözmäge – islesele, erkinlikde, islemeseler, gulçulykda ýaşamaga – ygtyýar bermegi teklip etdi. Bu toparyň pikiriçe, bu ýerleriň ştat hukuk derejesini kesgitlemek wagty gelende, bu meseläni çözmäge adamlaryň özüne ygtyýar bermek gerek.

Gündogarlylar ýerleriň hemmesiniň gulçulygy resmi esasda makullamaga haky bardyr diýen pikiri beýan etdiler. 1848-nji ýylda 300 müňe golaý adam Fri-Soýl (erkin toprak) partiýasynyň kandidatlaryny goldap ses berdi. Bu partiýa „gulçulygy çäklendirmeli, onuň ýaýramagyna ýol bermeli däl, goldamaly däl" diýlen syýasaty iň gowy syýasat diýip jar etdi. Bu meselä babatynda ýurduň günbatarynyň merkezi we serhetýaka sebitleriň ýerleri – Meriländ, Kentukki, Mizuri – bir-birinden düýbünden tapawutlanýan pikire eýerýärdiler. Şeýlede bolsa, olaryň adamlarynyň arasynda bu meseläniň „halkyň ýokary häkimiýet

edarasy” tarapyndan garalmagyna meýil bildirýänler köpdi.

1848-nji ýylyň ýanwarynda Kaliforniýada altyn känleriniň açylmagy ol ýere diňe bir 1849-njy ýylyň içinde aýagaldygyna göçüp barýanlaryň sanynyň 80 müňe ýetmegine alyp bardy. Kaliforniýa örän wajyp meselä öwrüldi. Indi bolsa Kongresiň eglenmän, ol ýerde guramaçylykly hökümet döredilmänkä, şol ştatyň hukuk derejesini kesgitlemegiň örän wajypdygy aç-açandy. Bu meselede ýurt ähli umydyny senator Genri Kleýe baglady. Ol mundan öň hem iki gezek çykgynsyz ýagdaýa düşülende, ylalaşykly çözgüde gelmekde tagalla eden adamdy. Bu gezek hem oňa ýene-de özüniň işläp düzen çylşyrymly we sazlaşykly meýilnamasy bilen Demirgazyk hem Günortanyň arasynda tutaşjak bolup duran dawa-jenjeliň öňüni alyp, ýurdy howpdan halas etmek başartdy.

Onuň soňra Kongres tarapyndan käbir düzedişler girizilen meýilnamasynda möhüm maddalaryň birnäçesi bardy: Kaliforniýa ýaranlyga erkin ýerliligi makul bilýän, (ýagny gulçulygy gadagan edýän) Konstitusiýasy bar bolan ştat hökmünde kabul ediler; eýe bolnan ýerleriň galany bolsa iki bölege – Nýu-Meksika we Ýuta bölünmeli we olara ştat hukuk derejesi, gulçulyk barada hiç dil ýarmazdan berler; Nýu-Meksikanyň bir bölegine eýe bolmak baradaky Tehasyň talaby diňe öwezine 10 million dollar tölenen ýagdaýynda kanagatlandyrylar; Gaçgak gullary tutmak we olary eýelerine gaýtaryp bermek üçin has netijeli boljak hökümet edaralary dörediler; Kolumbiýa federal okrugynda bolsa gul söwdasy (gulçulyk däl) gadagan ediler. „1850-nji ýylyň ylalaşygy” ady bilen taryha giren şu çäreler makul bilindi we şondan soň ýurt rahatlandy.

Üç ýylyň dowamynda bu ylalaşyk ähli agzalalyklary iş ýüzünde çözäýjek ýaly bolup göründi. Ýöne, kem-kemden dartgynlylyk ösmegini dowam etdirdi. Gaçgak gullar baradaky täze kanun köp demirgazyklylaryň göwnüne degdi we olar gaçgaklary tutmaga gatnaşmakdan doly boýun gaçyrdylar. Gaýtam tersine, olar gaçgaklara kömek bermelerini dowam etdiler we „ýerasty demirýol ulgamynyň” öňküden-de netijeli işlemegi ugrunda has köp tagalla etdiler.

## ÝURDUŇ BÖLÜNIŞIGINIŇ BAŞLANMAGY

Syýasy nukdaý nazardan 1850-nji ýyllary şowsuzlygyň onýyllygy diýip atlandyrmak bolar. Şol döwürde ABŞ-nyň hökümeti agzalalygyň düýp sebäbi bolup duran gulçulyk baradaky meseläniň ne-hä çözgüdini tapyp bildi, ne-de ony millete zyýan bermekden saklap bildi. Mysal üçin, 1852-nji ýylda Garriýet Biçer Stou „Tom aganyň külbesi” atly romanyny neşir etdirdi. Bu romanyň dünýä inmegine „Gaçgak gullar barasyndaky kanunyň” kabul edilmegi itergi boldy we ol eser demirgazyk ştatlarynyň jemgyýetçilik pikirine güýçli täsir etdi. Hanum Stou bu kitabyny ýazmaga başlanda, ol ony bir kiçeňräk oçerk hökmünde göz öňüne getirýärdi, ýöne bu işiň ilerlemegi bilen, onuň göwrümi giňedi. Kitap çapdan çykan dessine uly täsirini ýetirdi. Diňe bir ýylyň içinde onuň 300 müň sanysy satyldy, oňa bolan islegi kanagatlandyrmak üçin, çaphanalar durman gije-gündiz işlediler.

Okyjylaryň duýgularyny oýarmaga niýetlenenligine we birmeňzeş adaty gatnaşyklardyr gahrymanlardan dolulygyna garamazdan, „Tom aganyň külbesi” gul eýeçiliginiň ýowuz sütemini, şeýle hem, azat we gulçulyk jemgyýetleriniň arasyndaky gapma-garşylygy inkär edip bolmajak ökdelik bilen suratlandyrýar. Bu kitap demirgazykly saýlawçylaryň ýaş neslinde gaty uly gyzyklanma döretdi. Ol gul eýeçilige garşy giňden ýaýran hereket üçin ruhlandyryjy boldy. Bu kitap ynsan duýgularyna täsir edýärdi, adalatsyzlykdan nägileleriň göwnüni tapýardy we rehimsiz ezijilik düzgüni zerarly agyr güne düşen pukara adamlara duýgudaşlyk bildirip, olaryň gulçulyga garşy gahar-gazabyny joşdurdy. Kitap bolan adalatsyzlyga gahar-gazap we ol adamlara rehimdarlyk duýgusyny oýardy.

1854-nji ýylda gulçulyk baradaky köne mesele ýerlerde ýene ör-boýuna galdy we agzalalyk has hem güýjedi. Häzirki Kanzas we Nebraska ştatlaryny öz içine alýan sebitde göçüp barýanlar tarapyndan gurulýan oturumly obalaryň sany gaty çalt köpelýärdi, bu bolsa sebitleýin we döwlet hökümetleriniň döredilmegini talap edýärdi.

1820-nji ýylyň Mizuri ylalaşygyna laýyklykda bu sebitiň ähli ýerleri gulçulyk üçin ýapykdy. Emma 1850-nji ýyldaky Ylalaşyk bu meseläni tötänleýin täzeden gozgady. Mizuriniň agalyk ediji gul eýeleri goňşy Kanzasyň gulçulykdan azat bir ýer diýlip yglan edilmegi bilen ylalaşmadylar, çünki şeýle bolanda, gulçulykdan azat üç sany ştat (Ilinoý, Aýowa we Kanzas) olar bilen goňşuçylykda bolmaly bolýardy. Bu ýagdaýda, olar öz ştatlarynyň hem gulçulykdan azat ştata öwrülmegine gönükdirilen gysyşlara sezewar bolmagyndan heder edýärdiler. Mizurililer günortalylaryň goldamagynda Kongresiň Kanzas baradaky meseläni çözmäge eden ähli synanyşyklaryny puja çykardy.

Şol wagt Ilinoý ştatyndan uly demokrat senator Stefen Duglas Kanzas-Nebraska kanunynyň taslamasyny teklip etmek bilen uly nägilelik döretdi. Bu taslama gulçulykdan azat ýerleriň tarapdarlarynyň ählisini gahar-gazaba mündürdi. Duglas bolsa ýutalylara we nýu-meksikalylara gulçulyk meselesini özbaşdak çözmäge ygtyýar beren 1850-nji ýylyň ylalaşygynyň Mizuri ylalaşygyndan üstün durýandygyny tekrarlady. Onuň taslamasy iki ýere Kanzasa we Nebraska göçüp gelmeklige degişlidi we ol ýerlerde mesgen titjaklara ýany bilen gul getirmäge-de rugsat etmegi nazarda tutýardy. Ýaranlyga gulçulykdan azat ştat ýa-da gulçulykly ştat hökmünde girjekdigi barasyndaky karara şol ýerleriň ilatynyň özi gelmelidi.

Demirgazyklylar Duglasy 1856-njy ýyldaky prezident saýlawlarynda goldawyny aljak bolup günortalylara ýaranjaňlyk etmekde aýypladylar. Gahar-gazaply geçirilen çekeleşikler şol kanun taslamasynyň üstünlige eýe bolanlygynyň nyşanydy. Gulçulykdan azat ýerleriň tarapdarlarynyň metbugaty ony güýçli ýazgaryp, çykyş etdi. Demirgazygyň ruhanylary ony näletlediler. Mundan öň günortalylar bilen dostluk gatnaşykda bolan telekeçiler indi olardan ýüz öwürdiler. Şeýle-de bolsa, 1854-nji ýylyň maýynda günortalylaryň ruhybelent höwesjeňleriň şatlyk-şagalaň gurap, top atmagy Kanzas-Nebraska kanunynyň Senat tarapyndan kabul edilendigini ýaňzytdy. Şondan köp wagt geçmänkä, Duglas özüni aklamak üçin, Çikago gelende, gämi duralgasyndaky gämileriň fewrallary adaty belentliginden aşak goýberilipdi, buthanalaryň jaňy diňmän, bir sagatlap kakylyp durdy, 10 müň adamdan ybarat mähelle, sykylyk, galmagal turuzdy welin, asla onuň sesi hiç kime ýetmedi.

Duglasyň geçiren şol maňlaýyga-ra çäresiniň dessine beren netijeleri aşa uly ähmiýete eýe boldy. Şeýle şowsuz göreldesi haýal etmän öz netijesini be-rip başlady. Gulçulygyň ýaýradylmagy babatda iki ýüzli syýasaty ýöreden wig-leriň partiýasynyň jan damary üzüldi, onuň deregine bolsa täze gurama peýda boldy. Ol turuwbaşdan ähli ýerde gul-çulygy ýatyrmagy talap eden Respub-likaçy partiýasydy. 1856-njy ýylda şol partiýa Jon Frimonty prezidentlige da-laşgärlige hödürledi. Frimont Uzak Günbatarda geçiren derňew ekspedi-siýasy bilen meşhurlyga eýe bolupdy. Partiýa saýlawlarynda ýeňlişe uçran-da bolsa, ol demirgazyklylaryň aglaba köpüsiniň goldawyna mynasyp boldy. Azat topraklylaryň Sälmon Çeýz we William Sýuard ýaly ýolbaşçylary hiç wagt görlüp-eşidilmedik abraý gazan-madylar. Syýasy sahna olar bilen bir ha-tarda Ilinoýdan bolan uzyn, hor aklawçy Abraham Linkoln-da çykdy.

Kanzasa günortaly gul eýeleriniň, şeýle hem, gulçulykdan nägile maşgala-laryň dyngysyz göçüp barmagy, olaryň arasynda ýaragly çaknyşygyň başlan-magyna getirdi we tiz wagtdan ol ýere „Ganap duran Kanzas” adyny berdi-ler. Ýene-de birnäçe waka, hususan-da, 1857-nji ýylda Ýokary kazyýetiň Dred Skot babatynda çykaran karary, ýurdy syýasy agdarylyşygyň bosagasyna alyp bardy.

Skotuň özi mizurili gul bolup, 20 ýyl öň ony eýesi Ilinoýyň we Wiskonsiniň çäklerinde ýaşamaga alyp gaýdypdyr. Ol ýerlerde bolsa Demirgazyk-günbatar permanyna laýyklykda gulçulyk gada-gan edilipdi. Mizurä dolanyp barandan soň, Skot özüniň şol ýerdäki ýaşaýşyn-dan nägile bolýar we ol azat toprak-da ýaşaýandygyny delil getirmek bi-len, özüniň azat edilmegini talap edip kazyýete ýüz tutýar. Şonça ýaşanyny tutaryk edinip, kazyýetiň üsti bilen azat bolmagyň ugruna çykýar. Aglaba kö-püsi günortaly bolan ABŞ-nyň Ýokary kazyýeti Skotyň şol ýeriň raýaty däldi-gi sebäpli, onuň işine garap bilmeýän-digi barada karar çykarýar. Kazyýetiň düşündirişine görä, gulçulykdan azat ştatyň (Ilinoýyň) çaginde ýöreýän ka-nunlaryň onuň ýagdaýyna hiç hili täsiri ýok, çünki ol gulçulyk ştatynyň (Mizu-riniň) raýaty, mundan ötri hem, gul eýe-leriniň ABŞ-nyň çäklerinde islendik ýe-re öz „emlägini” alyp gidip bilerler we Kongres gulçulygyň ýaýramagyny çäk-lendirip bilmez. Şeýlelik bilen, Ýokary kazyýetiň çykaran bu karary ençeme ýylyň dowamynda gulçulyk meselesini çözmekde ulanyp gelen ylalaşyk çäre-leriniň birtoparyny kanuny güýjünden mahrum etdi.

Dred Skotyň işi barada çykary-lan karar bütin Demirgazygyň çäginde güýçli nägilelikleriň ýüze çykmagyna alyp bardy. Ýurduň Ýokary kazyýe-ti şondan öň hiç haçan beýle ýazgaryl-madyr näletlere sezewar bolmandy. Ýöne günortaly demokratlar üçin bol-sa bu ägirt uly ýeňişdi, sebäbi bu karar gulçulygyň agzalan ýerlere ýaýramagy dogrusynda olaryň getiren delillerini kanunlaşdyrdy.

## LINKOLN, DUGLAS WE BRAUN

Abraham Linkoln öňden bäri gul-çulygy uly betbagtçylyk hasaplap gelýärdi. 1854-nji ýylda Ilinoý ştatyn-da Pioride çykyş edip, ol ýurduň ähli kanunlarynyň gulçulygy çäklendirmek we ahyrsoňunda ýok etmek ýörelgesine esaslanmalydygyny nygtady. Şeýle hem, ol bu meselede halkyň ýokary häkimiýet edarasynyň ýörelgesiniň nädogrydyg-yny bellemek bilen: „Çünki günbatar sebitlerindäki gulçulyk diňe ýerli ilatyň

aladasy bolup durman, eýsem bütin Birleşen Ştatlaryň hem aladasydyr" diýdi. Bu çykyş onuň adyny bütin Günbatarda meşhur etdi.

1858-nji ýylda Linkoln ABŞ-nyň Senatyna geçirilen saýlawlarda Ilinoýdan Stefen Duglasyň dalaşgäri boldy. Iýunyň 17-sinde bu saýlaw möwsümini açmak üçin eden çykyşynyň birinji bendinde, Linkoln amerikan taryhynyň soňky ýedi ýyly barada şeýle bir möhüm pikir beýan etdi:

*Ikä bölünen jaý durup bilmez diýen söz bar. Biziň döwletimiziň ýarym gulçulyk, ýarym azat bolup, hemişe ýaşap bilmejegine men ynanýaryn. Men biziň birleşigimiziň dargamagyna garaşmaýaryn. Men jaýyň hem ýykylmagyna hem garaşmaýaryn, emma onuň ikä bölünen ýagdaýda dowam etmegini bes etjekdigine anyk göz ýetirýärin.*

Linkoln we Duglas 1858-nji ýylyň soňky aýlarynda ýedi sany köpçülikleýin çekişme guradylar. Guýlan kenek ýaly kelte, ýagny, boýy bäş fut, „kiçijikmähnet" lakamyny alan senator Duglas dilewarlyk bilen edýän çykyşlary bilen deňsiz-taýsyz şöhrat gazandy. Ol Linkolny özüne mynasyp bäsdeş hasaplady. Linkoln halkyň ýokary häkimiýet edarasy barasyndaky Duglasyň we onuň ýaranlarynyň beren kesgitlemesine degişli ýitiden-ýiti sözler aytdy. Netijede, Duglas sähelçe ses artykmaçlygy bilen Senata geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazandy, Linkoln bolsa ýurduň görnükli şahsyýeti hökmünde halkyň gözüniň öňünde ösüp kemala geldi.

Demirgazyk bilen Günortanyň arasyndaky göres gitdigiçe mowç alýardy. 1859-njy ýylyň oktýabr aýynyň 16-syna geçilen gijesi gulçulygy ýek ýigrenýän we üç ýyl öň Kanzasda gulçulygyň tarapdary bolan bäş adamy tutup, soňra öldüren Jon Braun pikirdeşlerinden düzülen bir topar bilen häzirki Günbatar Wirjiniýa ştatyndaky Harpers-Ferri şäherinde ýerleşen federal ýaraglar gorhanasyna hüjüm etdi. Iki gün atyşykdan soň Braun we onuň diri galan adamlary polkownik Robert Liniň serkerdeligindäki deňiz pyýada goşuny tarapyndan ýesir alyndylar.

Ýurt howsalaly ýagdaýa düşdi, çünki Braunyň eden bu hereketi günortalylaryň gorkusyna gorky goşdy. Beýleki tarapdan bolsa, gulçulygyň jany ýanyp duran duşmanlary, Jon Brauny mukaddes iş ugrunda jepa çekýän adam hökmünde şöhratlandyrdylar. Onuň eden işini kanundyr tertip-düzgüni äsgermezlik diýip, demirgazyklylaryň köpüsi ony näletledi. Brauny dildüwşükde, döwlete dönüklikde we adam öldürmekde aýyplap, 1859-njy ýylyň 2-nji dekabrynda dardan asdylar. Ol iň soňky demine çenli özüniň Hakyň buýrugyny ýerine ýetirendigine ynandy.

## DÖWLETIŇ DÜZÜMINDEN ÇYKMAK WE RAÝATLYK URŞY

1860-njy ýyldaky prezident saýlawlarynda Abraham Linkoln respublikaçy partiýadan dalaşgär boldy. „Gulçulyk mundan beýläk ýaýrap bilmez" diýip, syýasy ýolbaşçylaryň çykyş etmegi bu partiýanyň ruhuny barha belende galdyrdy. Bu partiýa ýerli senagatyň ösüşini gorar ýaly, ýörite paçlar girizmegi we Günbataryň açylmagyna ýardam etjeklere mugtuna ýer bermegi wada etdi. Demokratik partiýa jebis däldi. Günor-

talylar bu partiýany terk edip, Kentukkili wise-prezident Jon Brekenriji prezidentlige hödürlediler. Stefen Duglas bolsa demirgazykly demokratlaryň hödürlän wekili boldy. Konstitusion Birleşik partiýasyny döreden serhetýaka ştatlaryň „maňlaýy daşdan” bolan gaýduwsyz wigleri Tenneseden Jon Belli prezidentlige öz kandidaty edip bellediler.

Linkoln we Duglas demirgazykda, Brekenrij bilen Bil bolsa günortada bäsleşdiler. Linkoln saýlawçylaryň ýüzden diňe 39 göterimini gazansa-da, saýlaýjylaryň ses berişliginde 180 sese mynasyp bolup, azat 18 ştatyň ählisinde doly goldaw gazandy. Bell Tenneside, Kentukkide we Wirjiniýada üstün çykdy; Brekenrij – Mizuriden başga gulçulyk ştatlarynyň hemmesinde, Mizuride bolsa Duglas ýeňiş gazandy. Saýlawçylaryň ses berişliginde uly üstünlik gazanmasa-da, ses berijileriň goldawyna gezek gelende, Duglas diňe Linkolndan yza galdy.

Linkolnyň saýlanmagy Günorta Karolinanyň ýaranlykdan çykmagyna getirdi we şeýle karara olaryň bireýýäm gelendigini subut etdi. Bu ştat günortalylaryň gulçulyga garşy güýçler bilen göreşde jebisleşmegine itergi boljak bir pursata köpden bäri garaşýardy. Saýlawlaryň netijeleri anyklanan dessine, Günorta Karolinada ýörite gurultaý geçirildi we şonda: „Häzirki wagt Günorta Karolina bilen beýleki ştatlaryň arasynda Amerikanyň Birleşen Ştatlary diýlip atlandyrylýan ýaranlyk indi şunuň bilen ýok diýlip yglan edilýär” diýip jar etdi. 1861-nji ýylyň fewral aýynyň 1-ine çenli günorta ştatlaryň ýene-de altysy ýaranlygyň hataryndan çykdy. Fewralyň 7-sinde bölünip aýrylan ýedi ştat Amerikan Ştatlarynyň Konfederasiýasynyň wagtlaýyn Konstitusiýasyny kabul etdi. Günorta ştatlaryň galany bolsa entek hem ýaranlygyň hatarynda galdy.

Bir aý geçip-geçmänkä, 1861-nji ýylyň mart aýynyň 4-ünde Abraham Linkoln Birleşen Ştatlaryň Prezidenti wezipesine kabul edişlik kasamyny içdi. Wezipä geçmeziniň öňýany eden resmi çykyşynda ol günorta ştatlaryň bölünmegini „hukuk taýdan güýçsüz” diýip, ony ykrar etmegi ret etdi. Ol öz sözüni ýaranlygy dikeltmäge wada bermek bilen tamamlady. Ýöne, günortalylar bu beýannama üns bermediler we 1861-nji ýylyň 12-nji aprelinde Çarlstondaky (Günorta Karolina) Samter galasyndaky federal goşunlaryň galan harby güýçlerini top okuna tutdular. Bu Amerikanyň taryhynda iň gandöküşikli urşuň tutaşmagyna alyp bardy.

Günortanyň ýaranlykdan çykan ýedi ştatynyň ilaty Amerikan Ştatlarynyň Konfederasiýasynyň täze Prezidenti Jeferson Dewisiň Günorta Karolinanyň ýüzlenmesine eýermek baradaky çagyryşyna çalt seslendi. Indi taraplaryň ikisi-de ýaranlyga soňky wagta çenli wepaly bolup gelen gulçulyk ştatlarynyň özüni nähili alyp barjakdyklaryny dartgynlylyk bilen synlaýardy. Samter galasynyň top okuna tutulmagyna jogap edip, 17-nji aprelde Wirjiniýa, onuň yzysüre bolsa Arkanzas, Tennesi we Demirgazyk Karolina yzly-yzyna ýaranlykdan çykdy. Ştatlaryň biri-de Wirjiniýa ýaly ýaranlykdan göwünsiz çykmady. Bu ştatyň görnükli döwlet işgärleri rewolýusiýanyň ýeňiş gazanmagynda we Konstitusiýanyň işlenip düzülmeginde ýolbaşçy hökmünde uly orna eýe boldular, gepiň gerdişine görä aýtsak, ýurduň prezidentleriniň bäşisi şu ştatdandy. Wirjiniýanyň ýaranlykdan çykmagy polkownik Robert Liniň amerikan goşunynyň serkerdelik wezipesinden gitmegine alyp bardy, çünki ol öz ştatyna wepaly bolup galmagy isledi. Çägini giňelden Konfederasiýa bilen gulçulykdan azat Demirgazygyň

arasynda serhetýaka Delawer, Meriländ we Kentukki ştatlary ýerleşýärdi. Olar günortalylara duýgudaşlyk edendiklerine garamazdan, ýaranlyga wepaly bolup galdylar.

Tutaşan urşa baş goşan taraplaryň ikisi hem derhal ýeňiş gazanaryn diýip tama edýärdi. Maddy üpjünçilik taýdan Demirgazygyň uly artykmaçlygy bardy. 22 million adamy bolan 23 ştat, 9 million ilatly 11 sany günorta ştatyň garşysyna çykypdy. Demirgazygyň senagat öndürijilik mümkinçiliginiň ähmiýeti bolsa, hatda, onuň ilat artykmaçlygyndan hem möhümdi, çünki bu ýarag, ok-däri, egin-eşik we başga-da zerur zatlar bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýärdi. Şeýle hem, demirgazygyň demirýollar ulgamy federal harby kuwwatyny artdyrýardy.

Günortanyň hem öz artykmaçlyklary bardy. Olardan esasylarynyň biri onuň geografiki ýerleşiş ýagdaýydy; Günorta öz ýerinde goranyş urşuny alyp barýardy. Günorta berk harby däpleri bilen tapawutlanýardy, şonuň üçin-de, ol başdan özüniň has tejribeli harby serkerdelerine buýsanýardy.

## GÜNBATARYŇ HÜJÜMI, GÜNDOGARYŇ PETIGE DIREMEGI

Urşuň ilkinji uly söweşi (ol Birinji Manassas ady bilen hem tanalýar) Waşingtonyň golaýyndaky Wirjiniýa ştatynyň Bul Ran diýilýän ýerinde bolup geçdi. Bu söweş ýeňşiň çalt we aňsat boljakdygy baradaky ähli hyýal-umytlary dargatdy. Şol söweş, hiç bolmanda, ABŞ-nyň gündogar böleginde günortalylaryň ganly ýeňişlere mynasyp bolandygy barasynda gürrüňleriň ýaýramagyna alyp bardy, emma netijede, şol ýeňişler hiç wagt aýgytly harby artykmaçlyk bermedi, çünki birinji ýyllarda Günorta köplenç söweşde ýeňiş gazandy emma uruşdan ýeňiji bolup çykmady.

Gündogarda harby ýeňlişlere uçranlygyna garamazdan, ýaranlygyň güýçleri söweş meýdanlarynda ýeňiş gazandy, deňizde we Günbatarda haýalda bolsa, strategiki üstünliklere ýetdiler. Uruş turanda, harby-deňiz güýçleriniň köp bölegi ýaranlygyň ygtyýarynda galypdy, ýöne olar dargan hem mejalsyz ýagdaýdady. Harby-deňiz departamentiniň başlygy Gideon Welles olary berkitmek üçin, gyssagly çäreleri geçirdi. Şondan soň Linkoln günorta kenarlaryň gabawa alnandygyny jar etdi. Ilkibaşda onuň netijesi uly bolmasa-da, 1863-nji ýyla çenli munuň netijesinde Ýewropa pagtanyň alyp gidilmeginiň we Günortanyň uly mätäçlik çekýän ok-därisiniň egin-eşiginiň we däri-dermanynyň ýurda getirilmeginiň öňüni almak doly diýen ýaly başartdy.

Şol wagtda Dewid Farragut atly akylly serkerde iki gezek ýatdan çykmajak ajaýyp harby hereketi amala aşyrdy. Olaryň birinde ol eskadrony Missisipi derýasynyň aşaky akymyna saldy we ol ýerde Günortanyň iň uly şäheri bolan Luiziana ştatynyň Täze Orlean şäherini boýun egdirdi. Ikinjisinde bolsa Alabama ştatynyň Mobil aýlagynyň berkidilen girelgesinden geçip, konfederatlaryň ok geçmeýän gämisini ele saldy we porty gabady.

Missisipi derýasynyň jülgelerinde demirgazyklylar ýeňiş yzyna ýeňiş gazandylar. Olar bu ýeňişleri Tennesi ştatynda konfederasiýanyň uzyn söweş hataryny böwsüp geçmek bilen başladylar. Bu bolsa olara bu ştatyň ähli günbatar tarapyny diýen ýaly eýelemäge mümkinçilik döretdi. Memfisdäki möhüm Missisipi derýasynyň porty alnanda, ýaranlygyň güýçleri konfederasiýanyň ortasyna tarap 320ż. Tutanýerli General Ýulissiz Grantyň serkerdeliginde ýa-

ranlygyň güýçleri Tennesi derýasynyň ýakasyndaky belentlikde ýerleşen Şaýlou şäherinde konfederantlaryň duýdansyz hüjümini serpikdirmegi başardylar. Olar tä kömek gelýänçä, yza çekilmän, duran ýerlerinden butnaman mertlerçe gorandylar. Şol söweşde taraplaryň hersiniň ýitgisi 10 müň adamdan geçdi. Amerika beýle pidalary hiç haçan görmändi, ýöne bu eýmenç gyrgynçylygyň diňe başlangyjydy.

Wirjiniýada, mundan tapawutlylykda federal goşunlar yzly-yzyna şowsuzlyga uçraýardy. Konfederasiýanyň paýtagty Riçmond şäherini eýelemek ugrundaky ençeme gan döküşikli söweşden soň olar her gezek yza çekilmäge mejbur bolýardylar. Bu ýerde konfederantlaryň iki sany uly artykmaçlygy bardy: Waşington bilen Riçmondyň arasyndaky ýoly kesip geçýän köpsanly derýalardan peýdalanýan güýçli goranyş çäkleri we ukyplylygy boýunça ýaranlygyň irki serkerdelerinden has ökde başarjaň generallary Robert Li we „daş diwar” lakamly Jäkson bardy. 1862-nji ýylda ýaranlygyň serkerdesi Jorj Maklellan Riçmond şäherini basyp almak ugrunda haýal we aşa seresaply synanyşygyny etdi. Ýöne „ýedi güne çeken söweşden” soň (1862-nji ýylyň iýun aýynyň 25-i bilen iýul aýynyň 1-i aralygy) federal goşunlar uly hüjüme sezewar boldular. Taraplaryň ikisi-de ummasyz ýitgi çekdi.

Konfederantlar Bul-Ranyň ýanynda ýüze çykan ikinji söweşde (ol Ikinji Manassas ady bilen hem tanalýar) ýeňiş gazanandan soň, general Li Potomak derýasyndan geçip, Merilände aralaşdy. Goşunynyň Li tarapdan dargadylandygy we esger sanynyň ep-esli azalandygy baradaky habary eşiden Maklellan ýenede bir synag geçirýän ýaly hereket etdi. 1862-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda ýaranlygyň we konfederasiýanyň goşunlary Şarpsbergiň şäheriniň (Meriländ ştaty) golaýyndaky Antaýtämiň alkymynda çaknyşdylar. Bu iň gandöküşikli urşuň ýekeje gününde taraplaryň hersinden 4 müňden gowrak esger wepat bolup, 18 müňi-de ýaralandy. San taýdan artykmaçlygyna garamazdan, Makklellan ne-hä Liniň söweş hatarlaryny böwsüp geçdi ne-de hüjümini güýçlendirmegi başardy. Li goşuny bilen zyýan çekmezden, Potomak derýasynyň aňyrsyna geçip, yza çekilmäge ýetişdi. Bu Maklellanyň Linkoln tarapyndan wezipesinden boşadylmagyna alyp bardy.

Antaýtämiň etegindäki söweş urşuň gutarmagyny ýakynlaşdyrmasa-da, onuň möhüm netijesi boldy. Birleşen Ştatlaryň Konfederasiýasyny ykrar etmegiň edil sepgidine ýeten Beýik Britaniýa we Fransiýa döwletleriniň ikisi hem bu babatda karar kabul etmegi goýbolsun etdiler, netijede, Günorta eden tagallalaryna garamazdan, Ýewropa tarapyndan diplomatik taýdan ykrar edilmegine we onuň ykdysady kömegine hiç wagt ýetip bilmedi.

Antaýtämiň etegindäki söweş, şeýlede, Prezident Linkoln üçin „Gullaryň azat edilmegi barasyndaky jarnamanyň” taslamasyny çykarmaga itergi boldy. Şol jarnama: „Günorta ştatlaryň konfederasiýasyndaky hemme gullar 1863-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda azatlyga çykarylýarlar” diýip jar etdi. Iş ýüzünde Jarnama dessine netije bermedi, çünki ol diňe Konfederasiýanyň çägindäki gullary azat etdi, emma serhetýakalaryndaky ştatlaryň gulçulygyna täsirini ýetirmedi. Ýöne syýasy tarapdan bu jarnama ýaranlygyň uruşdaky tagallalarynyň ýaranlygy abat saklamak bilen bir hatarda, gulçulygy ýatyrmak maksadyna gönükdirilendigini aňladýardy.

1863-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda çapdan çykan „Gullaryň azat edilmegi barasyndaky Jarnamanyň" gutarnykly görnüşi garaýagyzlaryň hem ýaranlygyň goşunyna harby gulluga çagyrylmagyna ygtyýar berdi. Bu barada abolisionistleriň Frederik Duglas ýaly syýasy ýolbaşçylary Raýatlyk urşy başlanaly bäri, aýdyp gelýärdiler. Hakykatda, ýaranlygyň güýçleri gaçgak gullary „harby kontrabanda" hökmünde ele salyp, olara pena berip başlapdylar, emma jarnama çykandan soň welin, ýaranlygyň goşuny garaýagyz ýigitleri goşun hataryna çagyryp, olara tälim berip başladylar. Olar Wirjiniýadan Missisipä çenli aralyklarda bolan ähli söweşlerde tapawutlandylar. Asly afrikaly amerikalylaryň 178 müňe golaýy ABŞ-nyň garaýagyzlar goşunynda gulluk eden bolsa, garaýagyzlaryň ýene-de 29500-i ýaranlygyň harby-deňiz flotunda gullukda boldy.

„Gullaryň azat edilmegi barasyndaky jarnamanyň" syýasy ähmiýetine garamazdan, Demirgazygyň Gündogardaky harby ýagdaýy öwerlikli däldi, sebäbi Liniň Demirgazyk Wirjiniýadaky goşuny ýaranlygyň Potomak derýasyndaky goşunyny ilki 1862-nji ýylyň dekabrynda Wirjiniýa ştatynyň Frederiksbörg diýlen ýerinde, soňra-da 1863-nji ýylyň maýynda Çanselorswilliň eteginde derbi-dagyn edipdi. Ýöne, Çanselorswill Liniň gazanan iň ajaýyp ýeňişleriniň biri bolsa-da, ähtimal, iň gymmat düşen ýeňiş bolan bolsa gerek: şonda onuň iň ýokary baha berilýän general leýtenantlarynyň biri bolan Jäkson-Daş Diwar ýalňyşlyk bilen öz adamlary tarapyndan atylyp öldürilýär.

## GETIZBÖRGDEN APPOMATOKSA ÇENLI

Şeýlelikde, Günortanyň gazanan ýeňişleriniň hiç birisi-de urşuň gürrüňsiz tamamlanmagyna alyp barmady. Her gezek şowsuzlyga uçranyndan soň, federal hökümet täze güýçleri ýygnaýardy we ýene hüjüme geçýärdi. Çanselorswilliň alkymyndaky demirgazyklylaryň ýeňlişi oňa indiki üstünlige mümkinçilik döreder diýen umydy bilen Li demirgazyga tarap öňe süýşdi we 1863-nji ýylyň iýul aýynda Pensilwaniýanyň paýtagty Gärrisbörge golaýlady. Ýaranlygyň kuwwatly bir goşuny Getizbörgiň ýanynda Liniň pyýada goşunyny ele salmagy başardy. Şonda üç günläp dowam eden aşa aýgytly hüjümde – aslynda ol Raýatlyk urşunyň hüjümleriniň iň ulusy bolupdy – konfederantlar ýaranlygyň söweş hataryny böwsüp geçmek ugrynda gahrymançylykly göreşdiler. Ýöne olar üstün çykyp bilmediler we uly ýitgiler çekip, Potomaga tarap yza çekildiler.

Getizbörg söweşinde ýaranlygyň 3 müňden-de köp esgeri, konfederantlaryň 4 müňe golaý esgeri wepat boldy, her tarapyň ýaralananlarynyň we dereksiz ýitenleriniň sany 20 müňden geçdi. Getizbörgde täze açylan milli gonamçylykda 1863-nji ýylyň 19-njy noýabrynda Linkolnyň eden ýüzlenmesi, megerem, Amerikanyň taryhynda prezidentleriň eden ýüzlenmeleriniň iň meşhurydyr. Ol bu ýüzlenmesini şeýle sözler bilen tamamlady:

> *... bu ýere jemlenip, biz bu adamlaryň haýp ýere wepat bolmandyklaryny, Hakyň saýasyndaky bu halkyň azatlygyň täzeden dünýä inmegini görjekdigini we halk tarapyndan halk üçin dolandyrylýan halk häkimiýetiniň ýer ýüzünden ýitip gitmejekdigini aýgytlylyk bilen jar edýäris!*

Missisipi derýasynda ýaranlygyň edýän gözegçiligine Wiksbörg şäheriniň eteginde päsgel berildi. Ol ýerde konfederantlar belent gaýalaryň üstüne çykyp, öz harby ýagdaýyny gaty berkidipdiler, olara suwdan hüjüm etmek mümkinçiligi-de ýokdy. 1863-nji ýylyň başynda Grant derýadan aşaklygyna we Wiksbörgiň daşynda hereket edip başlady. Şeýle etmek bilen, ol duşmany 6 hepdelik gabawa saldy, iýul aýynyň 4-ünde bolsa şäheri konfederantlaryň günbatar goşunlarynyň esasy güýçleri bilen bilikde eýeledi. Indi derýa durşuna diýen ýaly ýaranlygyň elindedi. Konfederasiýa bolsa ikä bölündi we Tehasdan hem Arkanzasdan kömegiň gelmegi indi asla mümkin däl diýen ýalydy.

Gandöküşligiň ýene-de ýyl ýarym dowam edendigine garamazdan, 1863-nji ýylyň iýul aýynda demirgazyklylaryň Wiksbörgde we Getizbörgde gazanan ýeňişleri bu uruşda düýpli öwrülişigi aňladýardy.

Linkoln Granty gündogara geçirip, ony ýaranlygyň goşunlarynyň Baş serkerdebaşysy edip belledi. 1864-nji ýylyň maýynda Grant Wirjiniýa girdi we sümme tokaýlyk ýerde Liniň konfederantlar goşuny bilen ýüzbe-ýüz bolup üç günläp gazaply söweş alyp bardy. Iki tarap-da ummasyz ýitgi çekdi, ýöne, ýaranlygyň beýleki serkerdelerinden tapawutlylykda, Grant sarsman durdy. Gaýtam tersine, konfederantlaryň goşunlaryny ýaýbaňlandyryp, artilleriýasy we pyýada goşunlary bilen hüjüme geçip, Liniň goşunynyň daşyny gabamaga synanyşdy. Gündogarda bolup geçen bir ýyllyk söweşi häsiýetlendirýän Spotsilwaniýa diýen ýerde bäş güne çeken gandöküşiklik wagtynda Grant: „Men, hatda, bize şu ýerde tutuş tomus döwnäp durmaly-da bolsa, işi hut şu ýerde soňuna ýetirmegi teklip edýärin” diýdi.

1863-nji ýylyň güýzünde ýaranlygyň güýçleri günbatar söweş meýdanynda Tennesä gözegçiligini dikeltdi. Muňa Çatanuga şäheriniň ýanynda we oňa golaý Lukaut Mauntin dagynyň eteginde gazanylan ýeňişleriň netijesinde ýetildi. Bu bolsa general Wilýam Şermanyň goşunyna Jorjiýany basyp almaga mümkinçilik döretdi. Şerman konfederant güýçleriň birnäçe kiçeňräk goşunlaryny aldawa salyp, Atlanta ştatynyň paýtagtyny eýeledi we soňra Atlantik ummanynyň kenaryna tarap süýşdi. Bu ýöriş mahalynda ol ýolunda duçar bolan ähli demirýollary, zawod-fabrikleri, ammarlary we özge desgalary rehimsizlik bilen weýran etdi. Onuň adaty üpjünçilik ulgamyndan uzaga düşen esgerleri iýmäge zat gözläp, obalary talaýardylar. Kenarýakadan Şerman demirgazyga tarap ugrady we 1865-nji ýylyň fewral aýyna çenli Günorta Karolina ştatynyň Çarlston şäherini eýeledi. Bu şäherde Raýatlyk urşunyň ilkinji tüpeň oklary atylypdy. Günortalylary ruhdan düşürmegiň, garşylyga bolan erkini basmagyň ähmiýet taýdan olaryň goşunyny dargatmakdan pesde durmaýandygyna Şerman harby serkerdeleriň beýlekilerinden has gowy düşünýärdi.

Şol wagtda Grantyň esgerleri Pitersbergi (Wirjiniýa) gabawa aldylar. Şäheriň gabaw ýagdaýy, tä 1865-nji ýylyň mart aýynda günorta tarapa çekilmek maksady bilen Li Pitsburgy we konfederantlaryň paýtagt şäheri Riçmondy terk edip gidýänçäler, 9 aýlap dowam etdi. Emma olar gaty gijä galypdylar we 1865-nji ýylyň 2-nji aprelinde ýaranlygyň ägirt uly goşuny tarapyndan gabawa düşen Li Appomatoks şäheriniň kazyýetiniň jaýynda Granta ýesir düşdi. Şondan soň, ýene-de birnäçe aýyň dowamynda onda-munda aýry-aýry söweşler dowam etse-de, Raýatlyk urşy tamamlanypdy.

Appomatoksda ýeňlen tarapyň boýun egmek şertleri aşa rehimli boldy we Li bilen duşuşygyndan gaýdyp gelýärkä, goh-galmagal bilen öňünden çykan ýörişçileri Grant: „Pitneçiler ýene-de biziň watandaşlarymyzdyr“ diýen sözler bilen köşeşdirdi. Oktýabr ugrundaky Günortanyň urşy „başa barmadyk tutumlygyna” galdy. Bu urşuň gahrymany Robert Li bolsa akylly serkerdeligi we ýeňlişde özüni artykmaç alyp barşy bilen uly şöhrata mynasyp boldy.

## HIÇ KIMDEN ÖÝKE-KINE ETMÄN

Bu uruş Demirgazyk üçin has-da ajaýyp bir şahsy – Abraham Linkolny ýüze çykady. Bu adam – ýaranlygy täzeden dikeltmek işini ähli wezipeden öň hatarda goýmagy maksat edinip, ony güýç we zorluk bilen däl-de, eýsem mylaýymlyk we ynsanperwerlik bilen amala aşyrmaga taýýardy. 1864-nji ýylda Linkolny prezidentlik wezipesine ikinji möhlete saýladylar. Şeýlelikde, ol özüniň demokratlardan hödürlenen bäsdeşi Jorj Maklellandan üstün çykdy. Ol Antaýtämiň etegindäki söweşde şowsuzlyga uçrap, wezipesinden boşadylan generaldy.

Linkoln prezidentlik wezipesiniň ikinji möwsümine geçmezinden öň, geçirilen kasam etmek dabarasynda sözlän sözüni şeýle tamamlady:

*... Hiç kimden öýke-kine etmän, hemmelere haýyr-sahawat edip, Hudaýyň bize dogry ýoly görkezişi ýaly, adalatyň tarapynda berk durup, başlan işimizi tamamlamaga güýç-kuwwat diläp, ýurduň ýaralaryny bejereliň, söweşlere gatnaşjaklaryň aladasyny edeliň, wepat bolanlaryň yzynda galan aýallarynyň we ýetim çagalarynyň aladasyny edeliň..., ýagny öz aramyzda we bütin dünýäniň halklary bilen dowamly we adalatly parahatçylygy gazanmak hem saklamak üçin elimizden geleni aýamalyň.*

Şundan üç hepde, Liniň bolsa boýun egeninden iki günden soň, Prezident Linkoln halkyna iň soňky ýüzlenmesi bilen çykyş etdi. Şonda ol Günortanyň üýtgedip gurma strategiýasyny beýan etdi.

Aprel aýynyň 14-ünde Prezident Linkoln kabinetiniň mejlisini geçirdi. Bu onuň geçiren iň soňky mejlisi boldy. Şol agşam ol aýaly hem olarda myhmançylykda bolan ýaş çatynjalar bilen Forduň teatryna oýun görmäge gitdi. Şonda ol teatryň Prezident üçin niýetlenen ýerinde otyrka, onuň janyna kast edildi. Linkolna ölüm ýarasyny salan, Günortanyň ýeňlişi sebäpli jany ýanyp duran, wirjiniýaly teatr oýunçysy Jon Wilk Busdy. Birnäçe günden soň onuň özüni hem Wirjiniýanyň oba ýerleriniň birindäki mal ýatagynda atyp öldürdiler. Busuň ýaranlaryny-da tutdular we dardan asdylar.

Aprel aýynyň 15-inde ir bilen Forduň teatrynyň garşysyndaky jaýyň aşaky gatynda ýerleşýän ýatylýan otagda Linkoln aradan çykdy. Şahyr Jeýms Rassel Louwell bu hasratly waka barada şeýle ýazdy:

*Aprel aýynyň şol aýylganç ertirinden öň hiç wagt adamlaryň şeýle köp mukdary asla tanamadyk adamy üçin şeýle gözýaş döken däldir; hamana diýersiň, onuň dünýäden ötmegi bilen bir hoşniýetli ýakyn adam olaryň arasyndan sogrulyp gidip, olara doňýüreklilik we tümlük aralaşdyran ýalydy. Mundan öň hiç wagt okalan jynaza şol gün ýasa gelen ýat adamlaryň, biri-birine gözi düşende, sessiz paýlaşýan gynanç duýgusy bilen sazlaşykly bolan däldir. Olaryň mert ilaty hossaryny aldyrdy ahyry.*

Indi ýeňiş gazanan Demirgazygyň ilkinji derejeli möhüm wezipesi 1861-nji ýylda ýaranlykdan çykan ştatlaryň hukuk derejesini kesgitlemekdi. Bu iş indi Demirgazyga ýolbaşçylyk edýän, ýaranlyga wepaly bolup galan günortaly, Linkolnyň orunbasary Ändru Jonsonyň paýyna düşdi. Prezident Linkoln eýýäm muňa tarap gadam basypdy. Onuň pikiriçe, günorta ştatlar ýaranlykdan hiç wagt kanuny taýdan çykmandylar, olar nähili-de bolsa, weýrançylykly raýatlar tarapyndan aldawa salnyp, federal döwletiň derbi-dagyn edilmegine baş goşan adamlardy. Urşuň hem aýry-aýry şahslar tarapyndan turuzylanlygy sebäpli, federal hökümet hem ştatlar bilen däl-de, eýsem aýry-aýry şahslar bilen iş salyşmaly bolar. Ýogsa-da, 1863-nji ýylda yglan eden jarnamasynda Linkoln eger haýsydyr bir ştat 1860-njy ýyldaky sanaw boýunça saýlawçylaryň ýüzden 10 göterimi ABŞ-nyň Konstitusiýasyny ykrar edýän we Kongresiň kanunlaryna we Prezidentiň permanlaryna boýun bolýan hökümet düzse, onda onuň Prezident tarapyndan, ýagny özi tarapyndan şol ştatyň kanuny hökümeti hökmünde ykrar ediljekdigini resmi beýan edipdi.

Şonda Kongres bu meýilnamany ret etmek bilen Linkolnyň Kongrese sala salman, beýle meseläni çözmäge ygtyýarynyň ýokdugyny beýan edipdi. Kongresiň käbir agzalary ýaranlykdan çykan ştatlaryň hemmesine temmi bermegi goldap, çykyş edipdiler. Ýöne muňa garamazdan, entek uruş doly gutartmanka, Wirjiniýada, Tenneside, Arkanzasda we Luizianada täze häkimiýetler döredilipdi.

Öňki gullaryň şertleri bilen baglanyşykly aladaly meselesini çözmek üçin Kongres 1865-nji ýylyň martynda Gulçulykdan boşadylanlaryň edarasyny döretdi. Bu edaranyň wezipesi asly afrikaly amerikan raýatlarynyň hemaýatkärleri hökmünde hereket etmek we olara öz-özüni üpjün etmekde goldaw bermek bolup durýardy. Şol ýylyň dekabrynda Kongres ABŞ-nyň Konstitusiýasyna gulçulygy ýatyrýan 13-nji düzedişi makullady.

1865-nji ýylyň tomsunda Prezident Jonson Günortany üýtgedip gurmak boýunça Linkolnyň meýilnamasyny durmuşa geçirmek bilen meşgullandy. Ol oňa az-kem düzedişler girizipdi. Öň bölünip aýrylan konfederant ştatlaryň ählisine ol häkimleri belledi, Prezidentiň günä geçiş baradaky permanlaryndan peýdalanyp, ol Günortanyň raýatlarynyň köpüsiniň syýasy hukuklaryny dikeltdi.

Konfederasiýanyň öňki ştatlarynyň hersinde bellenen wagtda ýygnaklar geçirildi we olar ýaranlykdan çykmaga degişli permanlary ýatyrmak, harby bergileri tölemekden boýun gaçyrmak we täze ştatlaryň konstitusiýalaryny işläp düzmek baradaky kararlary kabul etdiler. Netijede, ýaranlygyň hataryndaky degişli ştatlaryň her birinde ýerli ilatyň wekili häkim boldy. Olara wepaly saýlawçylaryň ýygnagyny geçirmäge ygtyýar berildi. Jonson ýygnaklaryň hersini ýaranlykdan çykmagy bikanun diýip hasaplamaga, gulçulygy ýatyrmaga Konfederasiýany gerek bolan zatlar bilen üpjün etmek ugrunda edilen bergilerden geçmäge we Konstitusiýa edilen 13-nji düzedişi makullamaga çagyrdy. 1865-nji ýylyň aýagyna çenli bu işler doly diýen ýaly berjaý edildi.

## DÜÝPLI ÜÝTGEDIP GURMAK

Linkoln we Jonson Kongresiň günortaly kanun çykaryjy edaralaryna Birleşen Ştatlaryň Senatynda ýa-da Wekiller Palatasynda orun bermejekdigine öňdengörüjilik bilen aňýardylar. Bu Konstitusiýanyň aşakda getirilýän bendinden mälimdi: „her palata... öz agzalarynyň işe gerek bilimdir-ukybyna özi baha berer.” Bu bent radikal respublikaçylar diýlip atlandyrylýan kongresmenleriň bir toparyna Tadeuş Stiwenson baştutanlyk edende makullandy. Şonda olar Günortanyň saýlan senatorlaryna we wekillerine temmi bermek maksady bilen olara Kongresden orun bermekden ýüz öwürdiler. Soňra birnäçe aýyň dowamynda Kongres Günortany üýtgedip gurmak boýunça Linkolnyň başlan we Jonsonyň dowam eden meýilnamasyndan düýpli tapawutlanýan meýilnamany işläp düzmäge girişdi.

Wagtyň geçmegi bilen, garaýagyzlara doly raýat hukuklarynyň berilmegi zerur diýip hasaplaýan kongresmenler jemgyýetiň uly goldawyna mynasyp boldular. 1866-njy ýylyň iýul aýyna çenli Kongres raýat hukuklary baradaky kanun taslamasyny kabul etdi we Gulçulykdan boşadylanlaryň edarasyny täzeden döretdi. Bu çäreleriň ikisi-de günorta ştatlaryň kanunlarynyň jyns taýdan kemsitmeleriň öňüni almagyna niýetlenipdi. Soňra Kongres Konstitusiýa 14-ünji düzedişi kabul etdi. Onda: „Birleşen Ştatlarda doglan ýa-da onuň raýatlygyny alan we onuň kanunlaryna boýun bolýan adamlaryň hemmesi Birleşen Ştatlaryň, şeýle hem, olaryň ýaşaýan ştatlarynyň raýatlarydyr” diýilýär.

Günorta ştatlaryň Tennesi ştatyndan başgasynyň kanun çykaryjy edaralary bu düzedişi makullamakdan boýun gaçyrdylar, olaryň käbirleri bolsa oňa biragyzdan garşylyk bildirdi. Üstesine-de, urşuň ýetiren täsiri bilen günorta ştatlaryň kanun çykaryjy edaralary azat bolan gullary täzeden gulçulyga tabşyrmagy maksat edinýän aldawa salmaga gönükdirilen „Gara kanunlary” kabul etdiler.

Şol maddalar dürli ştatda dürli-dürlüdiler, ýöne, olaryň käbirlerinde meňzeşlik bardy. Şol kanunlara laýyklykda garaýagyzlar her ýyl zähmet şertnamasyny baglaşmalydylar, ol şertnamalar bozulan halatynda temmi berilmegi göz öňünde tutulýardy; ene-atasynyň garamagynda bolan çagalar öz hojaýynlarynda ýörite iş tälimini almalydylar, özem olaryň hojaýynlary tarapyndan ten temmisiniň berilmegine-de rugsat edilýärdi; ykmandalar bolsa eger-de olaryň ýowuz jerimeleri tölemäge gurby çatmasa, hususy adamlara satylyp bilinýärdi.

Demirgazyklylar muňa jogap edip, „garaýagyzlaryň hukugyny goramaga gezek gelende, goşuluşmaly” diýen pikiri beýan edip başladylar. 1867-nji ýylyň martynda Kongres Günortany üýtgedip gurmak barada akt kabul etdi we günorta ştatlarda döredilen hökümetleri ret edip, ol ýerleri harbylar tarapyndan dolandyrylýan bäş okruga böldi. Diňe wepadarlyk kasamyny kabul etmäge, 14-ünji düzedişi tassyklamaga we garaýagyzlara ses bermek hukugyny bermäge razy bolan ştatlar mundan çykyp bilýärdiler.

Bu düzediş 1868-nji ýylda makullandy. Soňky ýyl Kongres tarapyndan 15-nji düzediş makullanyp, 1870-nji ýylda ştatlaryň kanun çykaryjy edaralary tarapyndan kabul edildi. Onuň şerti şeýledi: „ABŞ-nyň raýatlarynyň ses bermek hukugy ABŞ-nyň hökümeti ýa-da haýsydyr bir ştatyň häkimiýetle-

ri tarapyndan onuň jynsyna, ten reňkine ýa-da öňki ýagdaýyna degişlilikde ret edilmeli däldir ýa-da ýoýulmaly däldir."

Prezident Jonsonyň azatlygyny täze alan garaýagyzlary goraýan we wezipe başyna geçmek hukugyndan mahrum etmek arkaly öňki konfederantlara temmi berýän kanunlara weto goýmagy Kongresdäki radikal respublikaçylary gahar-gazaba mündürdi. Kongresiň oňa bolan ýigrenji şeýle bir artdy weli, Amerikanyň taryhynda ilkinji gezek şonda Prezidente ynamsyzlyk bildirmek – impiçment çäreleri girizildi.

Jonsonyň nägilelik döredýän esasy ýalňyşy Kongresiň jezalandyryjy çärelerine garşylyk bildirmegi we olary berk ýazgarmagy boldy. Ony aýyplaýan duşmanlarynyň ýöňkäp biläýjek iň uly günäsi „wezipede galmak baradaky" kanunyň (ol bolsa Senat tarapyndan öň wezipä bellenen her bir işgäri işinden aýyrmak üçin, ýene-de Senatyň makullamagyny talap edýär) bardygyna garamazdan, Kongrese wepaly harby ministri wezipesinden boşatmak bilen onuň wezipeli adamlaryň gulluk möhletleri baradaky kanuny bozmagy boldy. Impiçment baradaky işe Senatda garalanda, Kabinet agzasyny işden aýranda, Jonsonyň kanun taýdan öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmandygy anyklandy. Has möhümrägi-de, Prezident bilen Kongres köpçüliginiň arasyndaky agzalalygyň döremegi sebäpli, Prezidentiň çetleşdirilmeginiň howply ýagdaýlara getirip biljekdigi anyk boldy. Impiçment başa barmady we Jonson ygtyýarlyk möhleti gutarýança, öz wezipesinde galdy.

1868-nji ýylyň iýun aýyna çenli Kongres „Harby üýtgedip gurma barasyndaky" kanun boýunça Arkanzasy, Demirgazyk we Günorta Karolina ştatlaryny, Luizianany, Jorjiýany, Alabamany we Floridany täzeden ýaranlyga kabul etdi. Üýtgedip gurlan bu ýedi ştatyň köpüsinde häkimleriň, wekilleriň we senatorlaryň aglaba köpüsi ýurduň günortasynda degerli täsire we baýlyga eýe bolup, jan edýän „horjunçylardy". Raýatlyk urşundan soň olar, bagtyny täze azatlyk alan asly afrikaly amerikalylar bilen birlikde syýasatda synamak maksady bilen Günorta gelipdiler. Luiziananyň we Günorta Karolinanyň kanun çykaryjylarynda asly afrikaly amerikalylar orunlaryň köpüsine mynasyp boldular. Günorta ştatlaryň gulçulykdan azat edilen soňky üçüsi – Missisipi, Tehas we Wirjiniýa – ahyrsoňunda Kongresiň şertlerini kabul etdi we 1870-nji ýylda ýene-de ýaranlygyň hataryna kabul edildi.

Günortanyň akýagyzlarynyň köpüsi, syýasy we durmuş pudagynda gazanan artykmaçlyklaryna howp abanmakdan heder edip, garaýagyzlaryň deňlik gazanmak ugrunda etjek tagallalarynyň öňüni almak üçin, kanuna ters gelýän ýollardan peýdalandylar. 1870-nji ýylda barha artyp barýan bidüzgünçilikler Kongres tarapyndan „mejbur etmek barasyndaky" kanunyň kabul edilmegine alyp bardy. Şol kanuna laýyklykda gulçulykdan azat edilen garaýagyzlary raýat hukuklaryndan mahrum etmeklige synanyşan adamlar güýçli jezalandyrylyp bilner.

## ÜÝTGEDIP GURMAGYŇ TAMAMLANMAGY

Wagtyň geçmegi bilen Günortanyň meseleleriniň öňki konfederantlaryň garşysyna berkden-berk kararlaryň çykarylmagy we duşmançylygyň dowam etmegi bilen çözülmejekdigi has aýdyň bolýardy. 1872-nji ýylyň maýynda Kongres konfederasiýanyň tarapdarlarynyň takmynan 500-ünden galanlarynyň syýasy hukuklaryny dikeldýän

umumy „günägeçişlik” kanunyny makullady.

Ýuwaş-ýuwaşdan Günorta ştatlar ýolbaşçy wezipelere demokratik partiýanyň wekillerini saýlap başladylar, şeýlelik bilen „horjunçylardan” düzülen hökümetler gysylyp çykaryldy, garaýagyzlary bolsa ses bermekden, ýa-da hökümetde wezipe eýelemekden saklanar ýaly gorkuzdylar. 1876-njy ýyla golaýlanda, günorta ştatlaryň diňe üçüsinde respublikaçylar saklanyp bildiler. Şol ýylda çekeleşikli geçen saýlawlaryň Ruterford Heýziň peýdasyna tamamlanmagyna goşant bolan söwdalaşygyň bir bölegi hökmünde, respublikaçylar düýpli üýtgedip gurmagy tamamlajakdygyna we günortanyň ýerleriniň köpüsini demokratlar partiýasynyň elinde galdyrjakdyklaryna söz berdiler. Öňkülerden tapawutlylykda, bu ýylyň saýlaw möwsüminde ABŞ-nyň Prezidenti ýurduň taryhynda ilkinji gezek saýlawçylaryň sesiniň iňňän ujypsyz artykmaçlygy bilen saýlanmaly boldy – prezidentlige respublikaçy saýlandy. 1877-nji ýylda Heýz federal goşunlarynyň galanyny Günortanyň çäginden çykardy, şeýlelik bilen, olar garaýagyzlaryň raýat hukuklaryny güýje girizmek jogapkärçiliginden ellerini çekdiler.

Günorta heniz hem weýran edijilikli uruşdan aýňalyp bilmeýän nädogry dolandyrylyş sebäpli bergä batan we jynsparazlyk esasynda dörän oňşuksyzlygyň on ýyllap dowam etmegi zerarly ruhdan düşen bir sebitligine galýardy. Haýp ýeri, jynsparazlyk meselesinde milli syýasatyň peýkamy bir çetden beýleki bir çete yraň atýardy. Çünki resmi taýdan ol günortanyň akýagyz ýolbaşçylaryna garşy agyr jezalandyrmalaryň tarapdary bolan bolsa, indi ol garaýagyzlaryň adamçylyk mertebesini peseldýän her hili kemsitmeleriň tarapdarydy. XIX asyryň soňky çärýegi günorta ştatlarda „Jim Krouň kanunlarynyň” agalyk eden döwri boldy. Olar garaýagyzlaryň akýagyzlar bilen bile okamagyny gadagan edip, olar üçin aýratyn mekdepleriň gurulmagyny teklip etdi, olara jemgyýetçilik ýerlerine – seýil baglaryna, restoranlara, myhmanhanalara we ş.m. barmagy gadagan etdi ýa-da çäklendirdi, şeýle hem, ses bermäge gatnaşjak garaýagyzlar üçin ýörite salgytlar we sowadyny barlaýan testler girizip, garaýagyzlary ses bermek hukugyndan mahrum etdi.

Raýatlyk urşunyň ýowuz hupbatlary we ruhy päkliginden tapawutlylykda, taryhçylar üýtgedip gurmaga baha bermäge ýowuz çemeleşdiler. Olaryň pikiriçe, şol döwür syýasy çaknyşyklaryň, parahorlygyň we ykdysadyýetiň yza galmagynyň gussaly döwri boldy. Gullar azatlyga çyksalar-da, deň hukuk gazanmadylar. Demirgazyk azatlyga çykan gullaryň ykdysady talaplaryny kanagatlandyrmagy başarmady. Gulçulykdan boşadylanlaryň edarasy hem adamlary syýasy we ykdysady mümkinçilikler bilen üpjün edip biljek ýa-da olary sütemzorlukdan we haýbat-howpdan gorap biljek edaralara bolan uly mätäçligini kanagatlandyrmagy başarmady. Hakykat ýüzünde, Gulçulykdan boşadylanlaryň edarasynyň işgärleriniň özleri köplenç jynsparazdy. Garaýagyzlar akýagyz günortalylardan goranmak üçin, demirgazykly akýagyzlara ýüz tutmaly bolýardylar, olar bolsa Ku-Kluks-Klan ýaly guramalara birleşip, garaýagyzlary gorkuzýardylar we olara öz hukuklaryndan peýdalanmaga mümkinçilik bermeýärdiler. Önümçilik serişdeleri bolmadyk garaýagyzlar öňki hojaýynlaryndan kärendesine ýer almaga mejbur bolýardylar we hatda, XX asyrda-da garypçylykda güzeran görmeli boldular.

Üýtgedip gurmak döwrüniň hökümetleri uruş sebäpli weýran bolan günorta ştatlary täzeden dikeltmekde, jemgyýet köpçüligine niýetlenen hyzmatlary artdyrmakda, hususan-da, garaýagyzlar we akýagyzlar üçin salgyt töleýjileriň hasabyna mugt mekdepler açmakda köp iş bitirdiler. Ýöne boýnuýogyn günortalylar ýüze çykan parahorçylyk ýagdaýlaryny tutaryk edinip (günortanyň şu ýerlerine gaty ýat bir ýagday), radikal režimleri ýykmakda ulandylar. Üýtgedip gurmagyň şowsuzlyga uçramagy asly afrikaly amerikalylaryň deňhukuklylyk we azatlyk ugrunda alyp baran göreşiniň tä XX asyrda bu göreş diňe günortanyň meselesi däl-de, eýsem ählumumy milli meselä öwrülýänçä, netije bermänligini aňlatdy.

# BARLYŞDYRYJY-DEMOKRATLAR, GÜNORTALYLARYŇ GIZLIN TARAPDARLARY-DEMIRGAZYKLYLAR WE GOŞUN GULLUGYNA HÖKMANY ÇAGYRYŞA GARŞY GOZGALAŇ

Abraham Linkoln prezidentlik eden döwrüniň bütin dowamynda ýöredýän syýasatyna güýçli oppozisiýa bilen çaknyşmaly boldy. Hatda, demirgazykdaky ştatlarda-da oňa garşydaş az däldi. Dogrusy, Raýatlyk urşy ummasyz köp adamyň ömrüni kesipdi we harajat ýuwdupdy, beýle ýagdaýda bu garşylyk bolaýmalydy. Linkolnyň oppozisiýasy, elbetde, Demokratik partiýanyň hatarlaryny jebisleşdirdi. Ol partiýanyň kandidaty Stefan Duglas 1860-njy ýyldaky gönümel saýlawlarda „azat" ştatlaryň sesiniň 44 göterimini alypdy.

Oppozisiýanyň güýji demirgazyklylaryň geçirýän söweş hereketleriniň netijesine baglylykda bir ösýärdi, bir-de peselýärdi, ýöne urşuň netijelerinden nägileligi we Linkolnyň ygtyýarlyk möhletiniň uzaldylmagyndan nägileligi ilkinji bolup, demokratlar däl-de, eýsem Kongres bildirdi. Kongres 1861-nji ýylda ýaranlyk goşunlarynyň Bul-Randa we Bolls-Blufda ýeňilmekleriniň sebäplerini derňemek üçin, uruş alyp barmak boýunça Bilelikdäki komiteti döretdi. Respublikaçylaryň agdyklyk edýän Bilelikdäki komiteti Linkolnyň hökümetiniň urşy alyp barmakda has agressiw bolmagynda, şeýle hem, gullary gulçulykdan boşatmaklyga baş goşmagyna itergi boldy.

„Umumy özbaşdaklyk" partiýasyndan garaşylyşy ýaly, käbir demokratlar ýaranlygy dikeltmek üçin, giň göwrümli uruş geçirmekligi adalatsyzlyk hasaplaýardylar. Bu partiýa içeri topar barlyşdyryjy-demokratlar hökmünde belli boldy. Toparyň has zandyýaman agzalaryny ýigrenç bilen „günortalylaryň gizlin tarapdarlary" diýip atlandyryp başladylar.

Özleriniň „harby" ýa-da „parahatçylykly" garaýyşlaryna garamazdan, demokratlaryň iňňän az sanlysy gullaryň azat edilmegi ugrynda demirgazyklylaryň gan dökmegine degýän işdigine ynanýardy. Ýogsa-da, gullary gulçulykdan azat etmeklige bolan garşylyk öňräkden bäri partiýanyň syýasaty bolup gelýärdi. Mysal üçin, 1862-nji ýylda, aslyýetinde Kongresde bolan demokratlaryň hersi Kolumbiýa okrugynda gulçulygy ýok etmeklige we beýleki ýerlerde gulçulygy gadagan etmeklige garşy ses berdi. Esasan, bu oppozisiýa garyp işçiler, hususan-da Günortada azat bolan gullaryň Demirgazyga göçmeklerinden gorkýan irlandlar we nemes katolik-göçmenler girýärdi. Şu pikirler bilen öjügip, olar 1862-nji ýylda Demirgazygyň ençeme şäherinde jynsparazçylykly pitnäni amala aşyrdylar.

1863-nji ýylyň ýanwarynda Azat ediş jarnamasyny kabul etmek bilen Linkoln onuň geçirýän urşunyň maksatlarynyň biriniň gulçulygy ýok etmekdigini anyk görkezdi. Bu urşy Demirgazykda köpler makullamakdan daşda durýardy. Mysal üçin, Indiana we Ilinoý ştatlarynyň kanun çykaryjy edaralary konfederasiýa bilen ýaraşyga we Linkolnyň „gazaply, paýhassyz we wyjdansyz" jarnamasyny ret etmäge çagyrýan kanunlary kabul etdiler.

Urşuň alnyp barylmagy bilen Demirgazykda dörän gapma-garşylyk Linkolnyň adamlary suda getirmek barasyndaky buýrugyny wagtlaýynça ýatyrmagyna alyp bardy we goşuna çagyrmaklyga garşylyk görkezilen hem-de gozgalaň turzanlara kömek we goldaw berlen ýerlerde komendant sagadyny girizmäge ony mejbur etdi. Dartgynly döwürde Konstitusiýa aklaýan-da bolsa, raýat kanunlarynyň şunuň ýaly bozulmagy Linkolny tankytlamaga demokratlara ýene bir mümkinçilik berdi. Harby ministr Edwin Stenton gazap bilen komendant sagatlaryny girizýärdi, şeýle hem, köp müň adam, esasan-da, günortalylara raýdaş bolanlar tussag edildi.

Ýaranlygyň işçi güýjüne ýiti mätäçlik çekmegi ABŞ-nyň taryhynda ilkinji gezek hökmany goşun gullugyna çagyrmaklyga getirdi. Goşunda gulluk etjekleriň kadaly gelmegini „goldamak” maksady bilen 1863-nji ýylda amala aşyrylan bu hökmany çakylyk iňňän köplerde hökümete garşy nägilelik döretdi. Aýratyn-da, Pensilwaniýada, Ogaýoda, Indianada we Wiskonsinde oppozisiýa güýçlüdi, hatda, bu çagyrylyşy güýç bilen amala aşyrmak üçin ol ýerlere federal goşunlaryny-da ugratmaly boldy.

Bir zady aýtmaly, çagyrylýan özüni hünärsiz işçiniň bir ýyllyk girdejisi töweregi bolan 300 dollara „satyn alyp-da” bilýärdi. Bu ýagdaý bu urşuň „baýlaryň urşy we garyplaryň göreşi” boldy diýen umumy pikir konfederasiýanyň käbir toparlarynda-da düýpli pikiriň döremegine ýardam etdi.

1863-nji ýylyň tomsunda Nýu-Ýorkda çagyryşa iňňän güýçli garşylyk görkezildi. Şol ýyl Demokratik partiýanyň bolýan şäheri Nýu-Ýorkda, gulluga çagyrmak bilen meşgullanan işgärleriň ençemesi öldürildi. Iýul aýynda polisiýanyň goragy astynda iş taşlaýyşlara gatnaşýan irland işçileriniň ýerine işletmek üçin bir topar garaýagyz şähere getirildi. Şol bir wagtda gowy hasaplanmaýan çagyryşa ilaty çekmek maksady bilen häkimiýetler lotoreýa geçirdiler. Bu iki wakanyň bir wagtda bolup geçmegi pitnäň turmagyna getirdi, ol pitne wagtynda garaýagyzlaryň ýaşaýan birnäçe ýerleri, çagyryş nokatlary we protestant buthanalary ýok edildi, şeýle-de, azyndan 105 adam öldürildi. Diňe Getizbörgden ýaranlygyň polklarynyň birnäçe bölümleri gelenden soň, şäherde ýene tertip-düzgün dikeldildi.

Şeýle-de, şol Raýatlyk urşunyň iň belli wakasy bolup geçdi. Ol Ogaýo ştatynda gubernatorlyk wezipesine demokratlardan kandidat Klement Wallandigamyň işidi. Ähtimal, ol öz kandidaturasyna köp goldaw almak isländir, Wallandigam ýerli möçberde haýsydyr bir harby toparlanyşygy düzmekligiň gadagandygyna garamazdan, Linkolnyň syýasatyny ýiti tankyt etdi, onuň öz atlandyryşy ýaly „garaýagyzlary azat etmek we akýagyzlary gul etmek ugrundaky urşy” gutarmak üçin, gepleşiklere başlamaga çagyrdy. Ýaranlyk goşunlary onuň öýüne kürsäp girdiler we topalaňçyny tussag etdiler. Demokratlar, şeýle-de, birnäçe respublikaçy şol wagtyň özünde Wallandigamyň tussag edilmeginiň kanunydygy ýa-da däldigi baradaky meseläni gozgady. Linkoln oňa jogap edip, Wallandigamyň gubernatorlyk wezipesine hödürlenen ýeri bolan konfederantlardan gorag hataryny ýollady. Kanada barýan ýolunda ol öz saýlaw öňündäki kampaniýasy bilen meşgullandy, ýöne ol, barybir, bu saýlawda ýeňiş gazanyp bilmedi.

Ýaranlyk goşunlarynyň 1863-nji ýylda Wiksbergde we Gettisbergde gazanan ýeňişlerine garamazdan, demokratik partiýadan kandidat-ylalaşdyryjylar ýurduň betbagtçylygyndan we halkyň jynsparazlyk duýgularyndan peýdalanjak bolup, jan etmeklerini dowam edýärdiler. Dogrudan-da, Demirgazykda garaýyş gowy däldi, Linkoln 1864-nji ýylyň noýabrynda özüniň ikinji möhlete saýlanjagyna ynanmaýardy. Şol ýyl demokratlardan iki ýyl mundan ozal Linkolnyň goşunyň sekerdeliginden aýran generaly Jorj Makkellan prezidentlige kandidat görkezilipdi. Makkellanyň orunbasarlygyna kandidat Wallandiganyň ýakyn ýaranydy. Ýöne, demokratlaryň eden umytlaryna garamazdan, Makkellan partiýanyň maksadynyň urşy tamamlamak ugrundaky gepleşiklerdigini yglan etmekden boýun gaçyrdy. Her niçik-de bolsa, 1864-nji ýylyň noýabr aýynda Linkoln Makkellany aslyýetinde Nýu-Jersi we Delawerden başga ähli ştatda aňsatlyk bilen ýeňdi.





# 7-NJI BAP

# ÖSÜŞ WE ÖWRÜLIŞIK

Transkontinental demirýoluň gurluşygy, 1868-nji ýyl.

# „Siwilizasiýa emläk mukaddesligine daýanýar”

Ändru Karnegi, 1889-njy ýyl

Amerikanyň Birleşen Ştatlary iki urşuň – Raýatlyk urşunyň we Birinji Jahan urşunyň aralygynda kämilleşdi. Ýarym asyrdan-da az wagt aralygynda ol oba ýerli respublikadan uly-uly şäherli ýurda öwrüldi. Obalaryň araçägi ýitip gitdi. Äpet fabriklerdir polat erediji zawodlar, transkontinental demirýollary, baý şäherler, iri fermalar Amerikanyň alamatlaryna öwrüldi. Ýöne, bu zatlaryň hemmesi degişli kynçylyklaryň hem peýda bolmagyna alyp bardy. Ähli ýurduň çäginde ýeke-ýekelikde ýa-da biri-birleri bilen bileleşip dolandyrylýan telekeçilik senagatda agalyk edip başlady. Iş şertleri öwerlik däldi. Şäherler bolsa şeýle çalt ösýärdi welin, hatda, san taýdan artyp barýan ilatyny jaý bilen üpjün etmekden we dolandyrmakdan ejiz gelýärdi.

## TEHNOLOGIÝA WE ÖZGERIŞLIKLER

Bir ýazyjy: „Raýatlyk urşy ýurduň taryhynda bitmejek ýaranyň yzy ýaly yz galdyrdy. Ol ýekeje hereketi bilen 20–30 ýyl ozal başlanan özgerişlikleri sahnalaşdyrdy...” diýip ýazýar. Harby isleg önümçiligiň depginini çaltlaşdyrdy we poladyň, buguň we elektrigiň ulanylmagyna esaslanan pudaklaryň ykdysady ösüşini tizleşdirdi. Ylym we oýlap tapyjylaryň pudagy-da öňe täze ädim ätdi. 1860-njy ýyla çenli oýlap tapyjylara 36 müňüne diplom berildi, soňky 30 ýylda açyşlaryň 440 müňüne, XX asyryň birinji çärýeginde bolsa ýarym million çemesine diplom berildi.

Baryp-ha, 1844-nji ýylda Samuel Morz elektrik telegrafyny kämilleşdirdi we tiz wagtdan ýurduň uzak çetleri telegraf sütünleriniň we simleriniň gür toplumy bilen örtüldi. 1876-njy ýylda Aleksandr Grehem Bell telefon desgasyny köpçüligiň hyzmatynda goýdy we ýarym asyryň içinde telefon enjamlarynyň 16 million sanysy ýurduň sosial we ykdysady durmuşyny çaltlaşdyrdy. 1867-nji ýylda hat ýazýan maşynyň, 1888-nji ýylda arifmometriň we 1897-nji ýylda kassa enjamynyň oýlanyp tapylmagy telekeçiligiň has çalt ösmegine ýardam etdi. 1886-njy ýylda ýasalan linotip desgasynyň, soňra towlanyp işleýän çap enjamynyň, kagyz saraýan desganyň oýlanyp tapylmagy bir sagatda 8 sahypaly gazetiň 240 müň nusgasyny çap etmäge mümkinçilik berdi. Tomas Alwa Edisonyň elektrik çyrasy millionlarça jaýa ýagtylyk berdi. Edison fo-

nografy „gepleýän maşyny” hem oýlap tapdy. Soňra ol Jorj Istmene kinofilm döretmäge ýardam etdi. Ylmy açyşlaryň şu agzalanlarynyň we birtopar ulanylmagy hemme pudaklarda diýen ýaly zähmet öndürijiliginiň derejesini ýokarlandyrdy.

Şol bir wagtda milli senagatyň esasy bolan gara metallurgiýa-da ösdi. Onuň ösmegine ýokary ýeňillikli paç tölegi ýardam etdi. Başda gündogar ştatlarynda jemlenen demir senagaty geologlar tarapyndan täze magdan känleriniň, hususan-da Sýupirior kölüň golaýynda Mesabi atly täze demir känler toparynyň açylmagy bilen günbatara tarap süýşdi. Bu demir senagaty soňra dünýäniň iň iri öndürijileriniň birine öwrüldi. Demir magdanlary ýeriň ýüzüne çykyp ýatyrdy we ony açyk usul bilen alybermelidi. Düzüminde himiki garyndylar ujypsyz bolan ýerli demir magdanyndan öňkülerden on esse az çykdajy etmek bilen ýokary hilli polat almak bolýardy.

## KARNEGI WE POLAT ASYRY

Ändru Karnegi, esasan, ABŞ-nyň polat önümçiliginiň uly depgin bilen ösmegine jogapkär bolan adam. Şotlandiýadan 12 ýaşly çagaka, Amerika gelen Karnegi öz zähmet ýoluny nah-mata fabriginde saraýjylykdan başlap, soňra telegrafçy, soň Pensilwaniýa demirýolunda gullukçy bolup işledi. Karnegi 30 ýaşy dolýança, tygşytlylyk bilen puluny ýygnamagy başaryp, soňra ýygnan puluny 1865-nji ýylda demir önümçiligine maýa goýýar. Birküç ýylyň içinde ol demir köprüleri, demir seplemeleri we lokomotiwleri öndürýän özbaşdak kompaniýalaryň düýbüni tutýar ýa-da başga kompaniýalaryň paýlaryna eýe bolýar. 10 ýyldan soň bolsa Pensilwaniýada, Monongahila derýasynyň ýakasynda ABŞ-da iň iri polat erediji zawody gurýar.

Karnegä, şeýle-de, koks önümçiligi, Ýokarky kölüň ýakasyndan kömür we demir magdanyny çykarmaklyk, Beýik köllerdäki gämiler we Eri kölüniň ýakasyndaky demirýol çekilen gämi duralgasy degişlidir. Beýleki onlarça kärhanalar bilen birleşip, ol demirýollarynyň we suw ýollarynyň eýelerine öz şertini ýöredip bilýärdi. Onuň maýa-baýlygy önümçiligi giňeltmäge we köpsanly işçileri hakyna tutmaga mümkinçilik berýärdi. Şondan öň Amerika senagatyň şeýle ösüşüni hiç görmändi.

Karneginiň firmasy polat senagatynda uzak agalyk eden-de bolsa, ol hiç haçan magdan we kömür çykarmakda, ulaglarda we polat eretmekde absolýut agalyga eýe bolup bilmändi. XIX asyryň 90-njy ýyllarynda onuň has kuwwatly firma döretmek howpuny döreden täze bäsdeş-kärhanalar ony bäsdeşlige çagyrdylar. Karnegi has-da kuwwatly kärhana döretmäge söz beripdi. Ýöne indi eýýäm gartaşan we gujurdan galan Karnegi öz kärhanalaryny wagtyň geçmegi bilen ýurduň möhüm demir we polat baýlyklarynyň köpüsini özünde jemlejek we işletjek gurama bilen birleşdirmäge mejbur boldy.

## KORPORASIÝALAR WE ŞÄHERLER

1901-nji ýylda agzalyp geçilen birleşik zerarly dörän „Birleşen Ştatlaryň polat korporasiýasy” 30 ýylyň dowamynda amala aşyrylýan işi, ýagny özbaşdak senagat kärhanalarynyň döwlet derejesindäki federal ýada merkezleşen kompaniýalara birleşmegini şekillendirdi. Raýatlyk urşy döwründe başlanan bu iş 1870-nji ýyllarda telekeçilerde aşa öndürüjilik sebäpli, nyrhlaryň peselmeginiň mümkinligi barasynda howsalalar peýda bolanda başlandy. Olar: „Egerde öndürijilik we bazarlar gözegçilikde

saklansa, onda biri-biri bilen bäsleşýän kärhanalary bir kompaniýanyň çäginde birleşdirmek başardar" diýip anyk düşündiler.

Ummasyz maýany elinde jemläp, işi hemişelik esasda ugrukdyryp we söwda-satygyň ol ýa-da bu pudagynda agalyk edip, korporasiýalar goýum goýujylary bataýan halatlarynda çäkli jogapkärçiligi bilen we ýokary düşewüntliligi bilen özüne çekýärdiler. Trestler öz gaznalaryny umumy ýolbaşçylyga ynanan ençeme korporasiýalary birleşdirýärdiler. Olar uly möçberdäki geleşikleri amala aşyryp, işi merkezleşdirilen usulda ýöredip, oýlap tapyş patentlerini satyn alyp bilýärdiler. Uly maliýe mümkinçilikleri olara iş çäklerini giňeltmäge, daşary ýurt bäsdeşleri bilen göreşmäge, işçileriň boýnuna öz sütemli şertlerini (işçiler hereketi güýç alyp başlapdy) dakmaga mümkinçilik berýärdi. Trestler demirýollardan öz ýüklerini daşamak üçin, arzan nyrh-tölegleri belletmegi gazanýardylar. Olar ýurduň syýasatyna-da öz täsirlerini ýetirýärdi.

Jon Rokfeller tarapyndan döredilen ABŞ-da iň irki we iň uly korporasiýalaryň biri bolan „Standard oýl kompaniýanyň" yzysüre çigit ýagy, gurşun, şeker, temmäki, rezin önümçiligi boýunça şoňa meňzeş birleşmeler döredilip başlandy. Tizara gazaba münen ýekebara telekeçiler senagatda „öz ýerleriniň daşyny kertiklemeli" boldular. Iň esasylary Filip Armor we Gustaw Swift bolan iň esasy et öndürijileriň dördüsi et trestini döretdi. Saýrus Makkormikiň firmasy orak maşynlarynyň önümçiliginde agalyk edýärdi. 1904-nji ýylda geçirilen barlag öň özbaşdak hereket eden 5 müň sany senagat firmasynyň 300 treste birleşendiklerini görkezdi.

Birleşmek meýli başga pudaklarda-da, hususan, ulag we aragatnaşyk kärhanalarynda-da ýüze çykdy. Ýurtda aragatnaşyk edaralarynyň iri birleşmeleriniň ilkinjisi bolan „Western ýunion" telegraf-telefon kompaniýasynyň yzysüre „Bell telefon sistem" firmasy, soňra-da „Amerikan telefon änd telegraf kampani" birleşmeleri döredildi. Telekeçi Kornelius Wanderbil demirýollaryň geçiriş ukybyny ýokarlandyrmak üçin, olary özara birleşdirmelidigini bildi. Ol 13 sany aýry-aýry demirýoly uzynlygy 380ż bir bütewi Nýu-Ýork – Buffalo esasy ýola birleşdirdi. 1870-nji ýyllarda ol Çikago we Deýtroýta barýan ýollary satyn aldy we „Nýu-Ýork sentral reýlroud sistemi" döretdi. Şular ýaly birleşmeler ABŞ-nyň beýleki demirýollarynda-da peýda boldy we tiz wagtdan olaryň iň esasy ýollaryna we „ulgamlaryna" öwrüldi hem-de olara az sanly adam eýeçilik etdi.

Şäherler täze senagat bedeniň nerw merkezine öwrüldi. Ol bütin ýurduň ykdysady güýçlerini: çalt ösýän maýalaryň toplumyny, işewür we maliýe edaralaryny, demirýol toplumlaryny, burugsaýan turbaly fabrikleri, ummasyz işçi we gullukçy toparlaryny özünde jemledi. Göz açyp-ýumasy salymda daşary ýurtlulary we şäheriň çetlerindäki adamlary bendi edýän obajyklar ösüp, şäherçelere, şäherçeler bolsa uly şäherlere öwrülýärdiler. Eger 1830-njy ýylda 8 müň adam ilatly şäherlerde her on bäş adamdan biri ýaşaýan bolsa, onda 1860-njy ýylda alty adamdan biri, 1890-njy ýylda bolsa şäher we oba ilatynyň gatnaşygy 1 : 3,3 ýetdi. 1860-njy ýylda ABŞ-da entek ilaty bir milliona ýeten şäher ýokdy, 30 ýyldan soň bolsa Nýu-Ýorkda 1,5 million, Çikago bilen Filadelfiýada bir million adam ýaşaýardy. Şu otuz ýylyň içinde Filadelfiýanyň we Baltimoryň ilaty iki esse, Kanzas-Sitiniň we Detroýtyňky

dört esse, Kliwlendiňki 6 esse, Çikagonyňky 10 esse artdy. Minneapolisiň, Omahanyň, Nebraskanyň we Raýatlyk urşy başlanan wagty çaklaň şäherçeler bolan köp şäherleriň ilaty 50 we ondan-da köp esse artdy.

## DEMIRÝOLLAR, GÖRKEZMELER WE NYRH-TÖLEGLER

Demirýollar giňeýän ýurduň iňňän möhüm bölegine öwrüldi, ýöne şonuň bilen birlikde bu ulgamda düzgün bozmalar artdy. Uly ýük daşaýanlar az töleg töleýärdiler, çünki olaryň tölegleriniň möçberiniň bir bölegi az ýük daşaýanlaryň töleg nyrhyna goşulupdy. Bu bolsa şeýle-de geçilýän aralygyň uzak-ýakynlygyna garamazdan, demirýollaryň käbirlerinde ýük daşaýanlaryň käbirlerinden, beýlekilere garanda, köpräk töleg alnypdyr, şeýdip, töleglere gezek gelende, adalatsyzlyklar ýüze çykypdyr we kompaniýalaryň hereketine nägilelik bildirilipdir. Üstesine-de, bäsdeşlik zerarly şäherleriň arasynda birnäçe kompaniýalara degişli böleklere bölünen käbir demirýollarda ýük daşamagyň nyrhy pes bolsa, diňe bir liniýa tarapyndan hyzmat edilýän demirýoluň belli aralygynda ýük daşamak nyrhy ummasyz ýokary bolýardy.

Çikagodan 1280 kmlikdäki Nýu-Ýorka ýük ibermek Çikagodan birnäçe ýüz kmlikdäki ýere ýük iberenden has arzan düşýärdi. Şonuň üçin-de, kompaniýalar öz aralaryndaky bäsdeşligi ýatyrýan we öň ylalaşylan nyrh-tölegden alnýan düşewündi deň bölüşmek barada ylalaşyk baglaşmaga başladylar.

Bu iş usulyna halkyň nägileligi, tolgunmalary şeýle bir ýokary boldy weli, ştatlaryň hökümetleri munuň garşysyna administratiw çäreleri görmäge mejbur boldular. Olar käbir netijeler beren-de bolsa, bu umumy halk meselesidi we ol muňa Kongresiň goşulmagyny talap edýärdi.

1887-nji ýylda Prezident Grower Kliwlend ştatlarda iňňän ýokary demirýol nyrh-töleglerini, pullary, ýeňillikleri we gatnaw nyrhlarynyň dürli-dürli bolmaklygyny gadagan edýän, ýagny tölegleri aralygyň uzak-gysgalygyna baglylykda adalatly almaklygy talap edýän „Söwda baradaky kanuna" gol çekdi. Kongres kanunyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi hem nyrh-tölegleri we demirýol düzgün-tertibini sazlaşdyrmaklygy ştatara barlag söwda toparyna tabşyrdy. Emma muňa garamazdan, bu meseleler babatynda kanunyň güýje giren ilkinji onýyllyklaryň dowamynda demirýollar konserwatiw Ýokary kazyýetiň kararlaryndan peýdalandylar, netijede, olar ştatara barlag söwda toparynyň tagallalaryny ýoýdylar.

Kliwlend daşary ýurtdan gelýän harytlara ýokary nyrh-tölege garşy göreşe işeňňir gatnaşdy. Ýokary nyrh-tölege degişli bu çäre Raýatlyk urşy wagtynda örän zerur çäreleriň biri hökmünde bu sebitiň syýasatyny ýöretmekde şol wagt agalyk eden respublikaçy prezidentleriň garamagyndaky syýasat hökmünde kabul edildi. Demokratlardan bolan Prezident Kliwlend bolsa ony ýurtda ýaşaýşyň gymmatlamagynyň we trestleriň aşa çaltlykda ýaýramagynyň düýp sebäbi hasaplaýardy. Köp ýyl geçip, nyrh-töleg meselesi syýasy mesele bolmaklygyndan daşlaşanda, 1880-nji ýylda demokratlar „paçlaryň diňe girdejä salynmagyny" talap etdiler we tizden-tiz bütin ýurtda reformalara çagyryşlar ýaňlandy. Şol aladanyň çö-

zülmelidigi barasyndaky duýduryşlara garamazdan, 1887-nji ýylda Kliwlend Kongresiň öňünde eden ýyllyk ýüzlenmesi bilen halkda howsala döretdi, çünki ýüzlenmesinde ýurduň senagatyny daşary ýurtly bäsleşikden goramak üçin niýetlenen ýörelgäni öz içine alýan berk çäreleri güýçli ýazgardy.

Paçlar baradaky mesele 1888-nji ýylda geçirilen prezident saýlawlarynda esasy mesele boldy we goramagyň (proteksionizmiň) tarapdary bolan respublikaçy kandidat Benjamin Gärrison azajyk ses tapawudy bilen üstün çykdy. Saýlawçylaryna beren wadasynda durup, Gärrison 1890-njy ýylda MkKinli paç kanunynyň makullanmagyny gazandy. Şol kanun diňe ösen senagat pudagyny goramagy däl-de, eýsem indi „ýörjen-ýörjen edip başlan" senagatlaryň ösüşini çaltlandyrmagy-da göz öňünde tutdy. Bellenen täze paçlar zerarly bölekleýin satuwda harytlaryň bahasynyň ýokarlanmagy bolsa öz gezeginde köpçülikleýin nägilelik döretdi.

Şol döwürde jemgyýetde trestlere bolan ýigrenç duýgusy barha güýçlendi. Genri Jorj we Edward Bellami ýaly reformaçylar tarapyndan erbet ýazgarmalara sezewar bolan äpet korporasiýalar indi çekeleşikli syýasy meselä öwrüldi. Şörman tarapyndan teklip edilip, makullanan Trestleriň garşysyna bolan kanun monopoliýalaryň dargadylmagyna gönükdirilipdi we ştatara erkin söwdany çäklendirmegi nazarda tutmak bilen bileleşikleriň ählisini gadagan etdi, kanunyň berjaý edilmegini üpjün edýän, birnäçe çäreler toplumyny, şol sanda, berk jeza çärelerini hem işläp düzdi. Gaty bir çürt-kesik bolmadyk umumylaşdyrmalary beýan eden şol kanun güýje girenden soň, kän bir netijeli bolmady. Ýöne şondan on ýyl geçenden soň, Teodor Ruzweltiň prezidentlik eden döwründe şol kanundan üstünlikli peýdalanyldy we Prezidentiň „Trestleriň başyny aýlandyryjy" diýen ada eýe bolmagyna alyp bardy.

## OBA HOJALYGYNDAKY REWOLÝUSIÝA

Senagatda uly üstünlikler gazanylandygyna garamazdan, ýurduň ilaty, esasan ekerançylyk bilen meşgullanmagyny dowam etdirýärdi. Raýatlyk urşundan soň önümçilikde geçirilen rewolýusiýa bilen bir wagtda oba hojalygynda-da bolup geçen düýpli özgerişlikler, hususan, el bilen edilýän işleriň maşynlar bilen edilmegine geçilmegi bilen bagly boldy we eger öňler ekerançylyk adamlaryň esasy gün-güzeran çeşmesi bolan bolsa, indi ol oba hojalyk harytlarynyň söwdasyna öwrüldi. 1860–1910-njy ýyllar aralygynda ABŞ-da fermalaryň sany üç esse artyp, 2 milliondan 6 milliona ýetdi, ekilýän ýerleriň çägi bolsa iki esseden hem giňäp, 160 million gektardan 352 million gektara ýetdi.

1860–1890-njy ýyllar aralygynda bugdaý, mekgejöwen we pagta ýaly esasy däne önümleriň öndürilişi ýurduň öňki görkezijileriniň ählisinden ozup geçdi. Şol bir döwrüň içinde ýurduň ilaty hem iki esseden-de köp artdy, özi-de esasy ösüş şäherleriň paýyna düşdi. Ýöne, amerikaly daýhan-mülkdarlar şunça däne we pagta ösdürip ýetişdirdiler, şunça sygyr we doňuz etini aldylar, ýüňi şeýle köp öndürdiler welin, ol diňe bir amerikaly işçileri we olaryň maşgalalaryny üpjün etmäge ýetmek bilen çäklenmän, hatda hemişe artygam galýardy.

Adaty bolmadyk şeýle netijä birnäçe sebäp ýardam etdi. Şolardan biri günbatara süýşmek, beýlekisi bolsa oba hojalygyna mehanizasiýanyň girizil-

*(dowamy 177 sahypada)*

Aşakda Amerikanyň Konstitusiýasynyň düýbüni tutanlaryň we iň uly hormata mynasyp adamlaryň biri bolan Tomas Jefersonyň adyny ebedileşdirmek üçin döredilen ýadygärlik toplumynda goýlan heýkeliň şekili görünýär. Heýkeliň daşyndaky binanyň iç ýüzünde şeýle ýazgy bar: „Men adam aňynyň garşysyna bolan sütemiň hemme görnüşlerine elmydama garşylyk görkezjekdigime Hudaýyň öňünde ant etdim.”



# ÝADYGÄRLIKLER WE MEMORIALLAR

SURATLAR ARKALY TANYŞLYK

Amerikanyň taryhy ýadygärlikleri giňişlik taýdan bütin kontinenti, wagt taýdan bolsa asyrlary şekillendirýär. Olar 13-nji asyryň gadymy gaýa öýlerinden başlap, häzirki Waşingtondaky (Kolumbiýa okrugy) döwrebap memoriala çenli binalary öz içine alýar.



Bostondaky (Massaçusets ştaty) Ould Greýneri gonamçylygy gar bilen örtülen wagtynda. Bu ýeri dünýäden öten beýleki adamlar bilen bir hatarda Boston gyrgynçylygynyň pidalarynyň, Garaşsyzlyk Jarnamasyna gol çekenleriň üçüsiniň we Massaçusetsiň alty häkiminiň jaýlanan ýeridir. Puritanlar hökmünde tanalan Angliýany terk edip gitmäge mejbur bolup gaçyp gelen dindarlar Massaçusets



aýlagynyň koloniýasynyň düýbüni tutupdylar. Hudaýhon, ähli jähetden sabyr-takatly, terkidünýä puritanlar we olardan dörän, olara garanda, has dünýewi ýankiler ýadawsyz işlemegiň, telekeçiligiň, kämilleşmegiň we ylymly-bilimli bolmagyň nusgasyny döretdiler we bu hemişelik Amerikanyň taryhynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.



Filadelfiýada, 1787-nji ýylyň tomsunda wekiller şu taryhy konstitusiýa otagynda Birleşen Ştatlaryň Konstitusiýasynyň taslamasyny taýýarladylar. Şol Konstitusiýa ýurduň ýokary kanunydyr. Onda birleşen hökümetiň şekilidir ygtyýarlygy



kesgitlenýär we „Hukuklar hakyndaky kanun” arkaly ýurduň raýatlarynyň esasy azatlyklary we hukuklary kepillendirilýär.



Heýkeller ABŞ-nyň iň ýokary kazyýeti – Ýokary kazyýetiniň belent ymaratynyň öň tarapyny goraglaýarlar. Klassyk grek sütünleriniň üstündäki germewiň ýüzüne köwülip ýazylan sözler Amerikanyň baş ýörelgeleriniň birini özünde jemleýär: „Kanun hemmeler üçin deň adyllygy üpjin etmelidir.”



Birleşen Ştatlaryň iň köp söýülýän ýadygärlikleriniň biri bolan Azatlyk heýkeli Nýu Ýork portunyň girelgesinde 151 fut (46 m) beýiklikde dur. Fransiýanyň halkyndan Birleşen Ştatlara dostluk sowgady bolan bu heýkel ynsan azatlygynyň güýçli täsir ediji nyşany bolsun diýen niýet bilen dikeldildi. Bu, elbetde, XIX asyrda we XX asyryň başlarynda azatlyk hem-de gowurak durmuş gözläp Birleşen Ştatara gelen millionlarça immigrantlar üçin şeýle hem boldy.



Ogaýo ştatynyň Adamz graflygyndaky Uly ýylan gerişliginiň ýeriň ýokarsynda howada görnüşi. Bu äpet şekilde uglerodyň düzüminiň barlaglary beýikiligi 1330-fut (1 futş,48 sm) heýkeli döredijileriň Ýerli-amerikan Fort gadymy sungatynyň (b.e.öň 1000–1550-nji ýyllar) agzalarydygyny ýüze çykardy.





Häzirki Birleşen Ştatlary emele getiren ýerleri tapyp barlamakda we öwrenmekde Ispaniýanyň esasy rolunyň şanyna dikeldilen iki sany heýkel. Iň ýokarda Kontinental Birleşen Ştatlara ilkinji göçüp gelip hemişelik ýerleşip galan ýewropalylaryň Floridadaky Merhemetli Ogastin şäherini goramak üçin 1672–1695-nji ýyllarda gurlan Kastillo de San-Markos milli ýadygärligi dur. Ýokarda Kaliforniýadaky suw çeşmesiniň we San-Huan-Kapistrano missiýasynyň galyndylaryny görýärsiňiz. Ol 1770-nji ýyllarda Freý Junipero Serra tarapyndan ýolbaşçylyk edilen ispan-fransiskan (hristian dini) missionerleri tarapyndan tapylan dokuz missiýanyň biridir. Serra häzirki wagtda Kaliforniýa ştaty bolan ispan kolonizasiýasyna ýolbaşçylyk etdi.







1927-nji ýyldan başlap iň köp haýran galdyryjy amerikan prezidentleriniň dördüsiniň ýüz keşpleri heýkeltaraş Gutzon Borglum tarapyndan Günorta Dakotadaky Maunt Raşmor gaýasynyn Günorta-Gündogar tarapyna köwülip çekildi. Olar çepden saga: rewolýusion goşunyň serkerdebaşysy we ýaş milletiň ilkinji prezidenti Jorj Waşington, Garaşsyzlyk Jarnamasynyň awtory Tomas Jeferson, ýurdy progressiw özgertmelere we güýçli daşary syýasaty alyp barmaga elten Teodor Ruzwelt hem-de ýurdy Raýatlyk urşundan alyp çykan we gullary boşadan Abraham Linkoln.



Jorj Waşingtonyň Wirjiniýa ştatyndaky Potomak Derýasynyň ýakasynda ýerleşýän söýgüli öýi Maunt Wernon. Ol bu ýerde 1799-njy ýylyň 14-nji dekabrynda aradan çykdy we öz aýaly Martanyň gapdalynda jaýlandy. Ilkinji prezidentiň ol ýerde görkezilen has hormatlaýan gymmatly zatlarynyň arasynda tomaşaçylar Waşingtona Markiz de Lafaýetteden berlen Bastiliýa galasynyň açarlarynyň birini görüp biler.



Alty ýaşly Meri Zeň 2000-nji ýylyň 30-njy aprelinde Waşingtonda (Kolumbiýa okrugy) Wýetnam urşunyň weteranlarynyň ýadygärligine goýlan güli gönel-dip goýýar. Uruşda wepat bolan ýa-da dereksiz ýiten 58000-den hem köpräk harby gullukçylaryň atlary şu ýerde suratda görkezilen ýadygärligiň „diwar”



bölüminde haşamlanyp ýazylypdyr. Ýadygärligiň şu bölegi Ýeýl Uniwersiteti-niň şol wagtky talyby Maýa Lin tarapyndan bejerilipdir.



Amertikanyň iň uly we iň meşhur milli gonamçylygy bolan Wirjiniýadaky Arlington mazarystanlygynyň güýz paslyndaky görnüşi. Arlington mazarystanlygynda ähli millet uruşlarynyň weteranlary bilen birlikde 260000-den hem köpräk adam jaýlandy.



Müňýyllygyň baýramçylygy mynasybetli feýerwerkler Waşingtondaky (Kolumbiýa okrugy) iki uly heýkeli – çepde Linkolnyň ýadygärligini we ortada obelisk – daş sütün görnüşli Waşingtonyň ýadygärligini yşyklandyrýar. Linkolnyň ýadygärliginiň demirgazyk we günorta gapdal otaglarynda onuň prezidentlik wezipesine başlanda sözlän Ikinji sözüniň we onuň Gettisberg ýüzlenmesiniň çyzylyp ýazylan ýazgylary bar. Ýurduň paýtagtyndaky iň beýik bina bolan Waşingtonyň ýadygärligi 1885-nji ýylyň 21-nji fewralynda açyldy.



Pensilwaniýa ştatynyň Filadelfiýa şäherindäki Azatlyk jaňy – amerikan azatlygynyň ömürlik nyşany. Ilkinji gezek Garaşsyzlyk Jarnamasynyň kabul edilmeginiň baýramçylygy mynasybetli 1776-njy ýylyň 8-nji iýulynda onuň zaňy ýaňlandy. Ol 1836-njy ýylda ABŞ-yň Ýokary kazyýetiniň baş kazysy Jon Marşalyň jaýlanýan wagty çat açdy.



Bir gyz bilen onuň ejesiniň Döwlet arhiwiniň sergiler zalynda resminamalary synlap duran pursaty. ABŞ-yň Konstitusiýasy, Garaşsyzlyk Jarnamasy hem-de Hukuklar hakynda kanun Waşingtonyň (Kolumbiýa okrugy) şu binasynda görkezilip goýlupdyr.

megidir. 1880-nji ýyldaky mülkdar bir günde orak bilen bir gektaryň 20 göterim bugdaýyny orup bilýärdi. Otuz ýyldan soň bolsa maşyn bilen ol bir gektardan 80 göteriminiň hasylyny ýygnap bildi. 1840-njy ýylda Saýres Makkormik özüniň 10 ýylyň dowamynda ýasan orak maşyny bilen bir günüň dowamynda 2-den 2,5 gektara çenli bugdaý ormagy başaryp, gudrat görkezdi. Öz maşynyna uly isleg boljagyny aňyp, ol sähradaky täze şäher Çikago göçüp bardy we ol ýerde öz fabriginiň düýbüni tutup, 1860-njy ýyla çenli çärýek million sany orak maşynyny satdy.

Yzly-yzyna oba hojalyk maşynlarynyň beýlekileri-de: desse bogýan, döwek döwýän we orujy-döwüji maşynlar, ýa-da kombaýnlar peýda boldy. Mehaniki ekiş geçirijiler, ot ýatyryjylar, gabygyny aýryjylar we däne arassalaýjylar, edil şonuň ýaly-da, separatorlar, ders pytradyjylar, kartoşka ekijiler, bede guradyjylar, inkubatorlar we ýüzlerçe başga oýlap tapylan desgalar peýda boldy.

Oba hojalygynyň düýpli özgerişinde ylym-da mehanizasiýadan pes ähmiýete eýe däldi. 1862-nji ýylda kabul edilen Morrilliň kanunyna laýyklykda her bir ştata oba hojalyk we senagat ýokary mekdeplerini döretmek maksady bilen jemgyýetçilik ýerleri bölünip berildi. Olar ýokary mekdepler we ylmy ekerançylyk üçin bilim merkezi we ylmy barlaglaryň merkezi bolup hyzmat etmelidi. Kongres hem munuň bilen baglylykda bütin ýurduň içinde synag edilýän oba hojalyk ýerlerini döretmek üçin, şeýle-de Oba hojalyk ministrligine ylmy barlaglary alyp barmak üçin serişde goýberdi. Täze asyryň başlaryna çenli Amerikanyň ähliküňjegindäki alymlar oba hojalyk meseleleriniň giň toplumynyň üstünde işlediler. Bir hili geň-de bolsa, ýöne mülkdarlara hasyly artdyrmaga mümkinçilik beren federal syýasat, ahyry alynýan önümiň ummasyz artykmaçlygyna getirdi, ol ýagdaý bolsa bazar nyrhlaryny pese gaçyrdy we mülkdarlaryň lapyny keç etdi.

Şol alymlardan biri bolan agronom Mark Karlton oba hojalyk departamenti tarapyndan Orusýete ugradyldy we ol ýerden häzir Birleşen Ştatlarda ýygnalýan dänäniň ýarpydan-da köpüsini berýän güýzlük bugdaýyň toprak zeňlemesine we gurakçylyga çydamly tohumyny ABŞ-a alyp geldi. Mal lukmany Marion Dorset doňuz mergisine garşy göreş serişdesini tapdy, Jorj Moller bolsa agsyla garşy çäre tapdy. Alymlaryň ýene-de biri ABŞ-a Demirgazyk Afrikadan kafr mekgejöweni, başga biri bolsa Türküstandan sary gülli ýorunja getirdi. Alym Luter Börbäňk Kaliforniýada gök önümleriň we miweleriň köp sanly täze görnüşlerini çykardy. Wiskonsin ştatynda Stiwen Babkok süýdüň ýaglylyk derejesini kesgitleýän barlag usulyny oýlap tapdy. Taskigi institutynda (Alabama ştaty) asly Afrikadan bolan amerikaly uly alym Jorj Waşington Karwer arahisi, süýji kartoşkany we kösükli soýany peýdalanmagyň täze ýüzlerçe mümkinçiliginiň üstüni açdy.

## BÖLÜNEN GÜNORTA

XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Günorta senagaty öžüne çekmek ugrynda tagalla baryny etdi. Senagatyň dürli pudaklaryny: polat eretmegi, gurluşyk önümlerini öndürmegi, temmäki önümlerini we dokma senagatyny ösdürmek üçin, maýa goýujylara gowy höweslendiriji teklipler edildi. Şeýle-de bolsa, Günortanyň 1900-nji ýylda milli senagata goşýan goşandynyň möçberi 1860-njy ýyldaky derejesinde galypdy. Üstesine-de, edilen tagallalar örän gymmata düşdi: Günortanyň senagatly şäherlerin-

de kesel agdyklyk edýärdi we çaga zähmeti giňden ulanylýardy.

Raýatlyk urşundan 30 ýyldan soň Günorta henize çenli öňki garyplygyna, agrar hem ykdysady taýdan garaşlylygyna galýardy. Onuň jemgyýeti ak we garaýagyzlara bölip, jynsparazlyk bidüzgünlikleri bilen häsiýetlenýärdi.

Üýtgedip gurmalara garşylyk görkezen akýagyz günortalylar, Waşingtondaky milli hökümetdäki öz wezipelerinden peýdalanyp, ştatlarda „akýagyzlaryň" gözegçiligini üpjün edýän tärleri tapýardylar. ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň köp kararlarynyň birnäçeleri 1870-nji ýyldan başlap günortalylaryň bu garaýyşlaryny goldaýardylar, şol ýyl onuň milli we ştat häkimiýetleriniň arasyndaky deňagramlylygy berjaý etmegiň zerurdygy baradaky kararyny däbe öwrülen konserwatiw garaýyşlar goldapdy.

1873-nji ýylda Ýokary kazyýet 14-nji düzedişde (raýat hukuklarynyň çäklendirilmezligi barada) afro-amerikalylary ştat häkimiýetlerinden goramak üçin, hiç hili täze ýeňillikleriň we goldawlaryň göz öňünde tutulmandygyny ýüze çykardy. 1883-nji ýylda kazyýet: „14-nji düzediş aýry-aýry şahslar tarapyndan kemsitmeler bolan ýagdaýyny göz öňünde tutmandyr" diýen karara geldi. Fergusonyň garşysyna Plessiniň işinde (1896) kazyýet: „Ýolagçy otlusydyr restoranlar ýaly „aýra, ýöne deň" jemgyýetçilik ýerler afro-amerikalylaryň hukuklaryny bozmandyr" diýen karary çykardy.

Basym jynsparazlyk segregasiýa ýörelgeleri Günortanyň durmuşynyň ähli ýerine: demirýollara, restoranlara, myhmanhanalara, keselhanalara we mekdeplere aralaşdy. Üstesine-de, kanun tarapyndan nirededir bir ýerde segregasiýa ýörelgesi göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ol umumy kabul edilen düzgün boýunça berjaý edilýärdi. Gazaply kemsitmelere duçar bolan köp sanly afro-amerikalylar XIX asyryň ahyrynyň we XX asyryň başlarynda garaýagyzlaryň iň ajaýyp wekili Buker Waşingtonyň meýilnamasyny goldady. Ol meýilnama olara sadaja ykdysady maksatlary üns merkezinde goýmagy we durmuş taýdan wagtlaýyn kemsitmeler bilen ylalaşmagy maslahat berýär. Afro-amerikan akyldary W.E.B. Dýubua bolsa segregasiýa garşy syýasy hereketler ýoly bilen göreşmek isledi. Ýöne, iki syýasy partiýanyň çylşyrymly özara gatnaşyklary sebäpli, jynsparazlygy ýatyrmaga bolan çagyryşlar uly goldaw tapmady we olar Günortada XX asyryň ikinji ýarymyna çenli gozgalman galdyryldy.

## IŇ SOŇKY SERHET

**1865**-nji ýylda oturymly ýerleriň serhetleri, esasan Missisipi derýasy bilen serhetdeş ştatlaryň günbatar araçäklerinden geçýärdi we Kanzas hem Nebraska ştatlarynyň gündogar böleklerini öz içine alýan derejede ýaýbaňlanýardy. Entek az adam ýaşaýan bu ilkinji açylan ekin ýerleriň aňyrsynda Roki daglarynyň etegine çenli ýazylyp ýatan sähra we boz ýerler, heniz eýelenmedik köp boş ýerler bardy. Onuň aňyrsynda gözýetmez sähralyklar ýaýylyp gidýärdi, ol sähralyk, ot-çöp basan şorly çöllük bilen utgaşýardy, ol çöllük Gaýaly daglara diräp gutarýardy. Ondan aňyrda uzakda geçmesi kyn bolan dag ulgamlary tas 1600 uzalyp gidýärdiler. Bu dag-

laryň köpüsi kümşe, altyna we beýleki magdanlara baýdy. Olaryň bir gapdalynda uzakda düzlükler we çöller başlanyp, Ýuwaş ummanyň kenaryndaky çägesöw dag gerişlerine diräp gutarýardy. Kaliforniýanyň oturymlaşan böleginden we adam selçeň duş gelýan ýerlerinden tapawutlylykda, onuň kenarýakadan daş giň ýerinde ýerli amerikalylar bolan indeýler ýaşaýardy. Olaryň arasynda köpsanly sähra tireleri – siu, garainjikler, ponile we şaýen indeýleri, şeýle-de öz içine apaçileri, nawaholary we hopileri alýan günorta-günbatar tireler bardy.

Çärýek asyr geçip-geçmän, bu ýurt durşuna diýen ýaly, ştatlara we sebitlere bölünipdi. Magdançylar daglyk ýerleriň hemmesini diýen ýaly eýelediler we topragy gazyp çykdylar. Olar Newadada, Montanada we Koloradoda çaklaň oturymly ýerleri döredýärdiler. Gara mal eýeleri bolsa Tehas bilen ýokarky Mizuri derýasynyň arasyndaky ummasyz giň çemenzarlyklarda ornaşdylar. Ownuk mal eýeleri we goýun çopanlary jülgelerde we dag eňňitlerinde dowar bakýardylar. Mülkdarlar ABŞ-nyň gündogary bilen günbatar çäkleriniň arasyndaky ähli giňişlikleri ekerançylykly ýerlere öwürdiler we 1890-njy ýyla çenli oturymly ýerleriň çägi asla ýitip gitdi.

1862-nji ýylda emläk baradaky kanunyň çykmagy bilen Günbatarda oturymly ýerleriň sany çalt depginler bilen artdy. Şol kanuna laýyklykda ýerleriň hasyllylygyny gowulaşdyryp biljek raýatlara 64 gektar ýeri mugt bölüp berdiler. 1880-nji ýyla çenli „mugt" ýerleriň 22,4 million gektary maldarlaryň eline we demirýol gurluşygy üçin berildi.

1862-nji ýylda Kongres „Ýunion pasifik reýlroud" firmasyna Aýowa ştatynyň Kaunsil-Blafs şäherinden günbatara demirýol çekmäge rugsat berdi. Onuň gurluşygynda öňki esgerleriň we Irlandiýaly immigrantlaryň işçi güýji ulanyldy. Şol bir wagtda başga bir firma – „Sentral pasifik" – Kaliforniýa ştatynyň Sakramento şäherinden gündogar tarapa demirýol gurup başlady. Munda bolsa esasan Hytaý immigrantlarynyň işçi güýjünden peýdalanyldy. Bütin ýurt iki ýoluň nähili golaýlaşýandygyny üns bilen synlaýardy. Ol ýollar ahyrynda Ýuta ştatynyň Promontori-Poýnt diýen ýerjagazynda 1869-njy ýylyň maý aýynyň 10-unda birleşdi. Atlantik ummanynyň kenaryndan Ýuwaş ummanyna ýetmek üçin, öň köp aýlap geçilýän agyr ýoly indi alty günde geçip bolýardy. Transkontinental demirýol ulgamy üznüksiz ösýärdi we 1884-nji ýyla çenli uly demirýollaryň dördüsi merkezi Missisipi derýasynyň jülgesini Ýuwaş ummanyň kenarlary bilen birleşdirdi.

Göçüp gidýänleriň birinji uly toplumy 1884-nji ýylda altyn tapylan Uzak Günbataryň – Kaliforniýanyň daglyk etraplaryna eňdi, on ýyldan soň bolsa Kolorado we Newada göçüp bardylar. 1860-njy ýyllarda Montana we Waýominga ilat göçüp bardy, indiki onýyllykda bolsa Dakotadaky Blek-Hils daglaryna ilat geldi. Bu etraplary dag-magdan senedi bilen meşgullanýanlar açdylar hem göçüp geldiler. Ilatyň bir bölegi dag-magdan işini ekerançylyk we maldarçylyk bilen utgaşdyrýardy. Käbir oturymly ýerler diňe dag-magdan işi bilen diýen ýaly meşgullanan-da bolsalar, Kaliforniýanyň, Montananyň, Koloradonyň, Waýomiňiň we Aýdahonyň esasy baýlygy öri meýdanlary bilen sürüm ýerleridi.

Tehasda ir döwürlerden bäri senagatyň tutş bir ugury bolan maldarçylyk Raýatlyk urşundan soň has-da ýokary depginler bilen ösdi. Telekeçi tehaslylar iri şahly gara mallary jemgyýetçilik ýerlerine geçmek üçin açylan ýollardan demirgazyga sürdüler. Maldarlar öz maýdalyna ýöräp, ýol ugrynda otlap, Kanzas demirýolunyň ýük ýüklenýän duralgasyna öňküsinden hem has semräp ýetýärdiler. Tiz wagtdan bu „uzak ýola sürmeklik" hemişelik işe öwrüldi, Tehasdan demirgazyga barýan ýollarda ýüzlerçe kme alnyp barylýan mal sürülerini aşa köp görmek bolýardy. Maldarçylyk indi Mizuri derýasynyň aňyrsyndaky ýerlerde-de giňden ýaýrapdy – Koloradoda, Waýomiňde, Kanzasda we Dakotada uly çarwa daýhan hojalyklar „rançolar" peýda bolupdy. Mallary soýup, etlerini böleklemegiň merkezine öwrülip, Günbataryň şäherleri gülläp ösýärdi.

Çarwa daýhan hojalyklary ýaşamagyň aýratyn bir görnüşiniň nusgasyna, kawboýlar bolsa bu durmuşyň üns merkezindäki şahsa öwrüldiler. Dogrusyny aýdanyňda, hakyky kawboýyň az aýlykly we agyr zähmetli gün-güzeranynyň höwes ederden daşda bolanlygyna garamazdan, ol 1870-nji ýyllaryň „arzan" romanlary çapdan çykandan başlap, tä XX asyryň aýagynda Jon Weýniň we Klint Istwudyň döreden filmleri çykýança, amerikalylaryň aňdüşünjesine eden mifologiki täsiriniň güýjüni ýitirmän geldi.

1866–1888-nji ýyllar aralygynda jemi 6 milliona golaý baş mal Tehasdan Koloradodaky, Waýomingdäky we Montanadaky öri meýdanlara gyşlamaga sürüldi. Maldarçylyk şowhuny 1885-nji ýylda iň ýokary derejesine ýetdi we ondan soň peselip başlady. Örüdäki mallaryň baş sanynyň aşa köpelenligi sebäpli, uzak ýoluň ugrunda mal bakmak kynlaşypdy, şeýle hem, barha ösüp barýan demirýol ulgamy indi öri meýdanlaryň hem üstünden geçýärdi. Çarwa daýhanyň jaýynyň aňyrsynda Günbatara maşgalalary, iş ýabylary, sygyrlary we doňuzlary bilen göçüp gelýänleri alyp barýan ýapyk wagonlaryň tigir sesleri eşidilýärdi. Emläk kanunyna laýyklykda olar ýer alyp, daşyna täze oýlanylyp tapylan tikenli simleri aýlaýardylar. Indi göçüpgonup ýören maldarlary bikanun eýelän ýerlerinden gysyp çykarmaga başladylar. Tiz wagtdan täsinliklerden doly „ýabany Günbatar" durmuşy dowam etmegini bes etdi.

## INDEÝLERIŇ DÜŞEN GÜNI

Edil Gündogarda bolşy ýaly, sähra giňişliklerine we magdanly daglara uly magdançylaryň, çarwa daýhan hojalyklarynyň we täze ýerden mesgen tutmak maksady bilen göçüp gelýänleriň ýaýbaňlanmasy günbatarly ýerli indeýler bilen dartgynlylygy barha güýçlendirdi. Asly amerikaly urug-tireleriň köpüsi – Beýik kölleriň çäklerinde ýaşaýan ýutlardan başlap, Aýdahonyň Nez Perkezlerine çenli – birwagtlar akýagyzlara garşy göreşipdiler. Ýöne demirgazyk sähralarynyň siulary we günorta-günbataryň apaçileri öz çäklerine göçüp gelýänleriň golaýlaşmagyna iň güýçli garşylyk görkezenlerdir. Red Klaud (Gyzyl bulut) we Kreýzi Hors (Mes at) ýaly ezber serkerdeleriň ýolbaşçylygynda siu urugyndan bolan indeýler ýyldyrym çaltlygynda söweş geçirmegiň ussadydylar. Şol ýerlere mahsus preriýalaryň we konýonlaryň şertinde ussatlyk we hile bilen söweşýän apaçiler hem olardan galmaýardylar.

Sähra indeýleri bilen çaknyşyklar 1862-nji ýylda siu tiresinden bolan indeýler tarapyndan akýagyzlary köpçülikleýin gyrmakdan başlandy we Raýatlyk urşy döwründe-de dowam etdi. 1876-njy ýylda Dakotanyň altynlary üçin basa-

baslyk Gara gaýalara ýeten pursadynda, siu indeýleriniň iň soňky uly urşy tutaşdy. Goşun siularyň aw awlaýan ýerlerine magdançylaryň aralaşmagynyň öňüni almalydy, emma welin, aslyýetinde indeýleriň ýerini goramak üçin, uly zat edilmedik bolup çykdy. Şeýlede bolsa, şertnama boýunça öz hukuklaryna laýyklykda öri meýdanlarda aw awlap ýören siu indeýleriniň garşysyna çäre görmeli diýip buýruk berlende, goşun harby hereketlerine örän gazaply girişdi.

1876-njy ýylda netijesiz bolan birnäçe çaknyşykdan soň Litl Big Horn derýasynyň ýakasynda general Jorj Kaster siularyň we olaryň ýaranlarynyň esasy bolýan ýerleriniň üstünden bardy. Esasy güýçlerinden daşda bolan Kaster we onuň adamlary doly ýok edilipdi. Soňrak, 1890-njy ýylda, Günorta Dakotanyň Wundid Ni (Ýaraly dyz) diýen ýerinde demirgazyk siularyň däbe öwrülen ruh tansynyň edilmegi pitnäniň ýüze çykmagyna alyp bardy. Bu çaknyşyklaryň soňkusy we iň gözgynysy boldy, çünki ol siu indeýleriniň ýüzlerçe aýalerkekleriniň we çagalarynyň wepat bolmagy bilen gutardy.

Ýöne, bu wakadan hem has öň sähra indeýleriniň özboluşly adaty durmuşyna gäwmişleriň köpçülikleýin gyrylmagy bilen uly zarba salnypdy. Gäwmişler 1870-nji ýylyň yz ýanyndaky onýyllygyň içinde aşa awlanmagy zerarly doly diýen ýaly gyrlyp gutarypdy. Şol bir wagtda günorta-günbatarda apaçiler bilen uruş dowam edýärdi. Ol uruş 1885-nji ýylda iň soňky ezber serkerde Jeromino ele düşýänçä, dowam etdi.

Monronyň döwründen başlap, hökümet syýasaty indeýleri oturymly ýerleriň günbatar serhedinden has uzaga göçürmäge gönükdirildi. Şonuň netijesinde-de, indeýleriň gün-güzeran görýän ýerleri göwrümi boýunça barha kiçelýärdi, ilaty bolsa gürelýärdi, şondan soň köp adamlar hökümetiň ýerli amerikalylara bolan gatnaşygyna garşy çykyş etmäge başladylar. Mysal üçin, asly gündogarly, Günbatarda ýaşaýan Helen Hant Jäkson atly zenan „Äsgermezlik asyry" (1881-jni ýyl) atly kitaby ýazyp, onda indeýleriň düşen ýagdaýyny beýan etmek bilen halkyň wyždanyna täsir etdi. Reformatorlaryň köpüsi indeý medeniýeti agalyk ediji medeniýet bilen garylyp-gatylmaly diýip hasap edýärdi. Federal hökümet, hatda akýagyzlaryň gymmatlyklaryny we ynamlaryny indeý ýaşlaryna ornaşdyrmak maksady bilen Pensilwaniýa ştatynyň Karlisl şäherinde mekdebem açdy. (Hut şu mekdepde XX asyryň başlarynda Amerikanyň iň gowy türgeni hasaplanan ýerli amerikaly Jim Torp meşhurlyk gazanypdy.)

1887-nji ýylda kabul edilen Deýwisiň kanuny ABŞ-nyň indeýler babatdaky syýasatyny üýtgetdi. Şol kanun Prezidente urug-taýpalaryň ýerlerini bölmäge we her maşgala başyna 65 gektardan ýer bermäge rugsat etdi. Bu ýerler 25 ýyllap hökümetiň garamagynda bolmaly edildi. Diňe şondan soň ýeriň eýesi raýatlyk alýardy we ýeriň doly hukukly eýesi bolýardy. Paýlanman galan ýerler satlyga goýuldy. Gowy niýetler bilen işlenilip düzülen şol syýasatyň howply tarapy-da bolman durmady, çünki ol indeýleriň ýeriniň ulurak talaňa salynmagyna getirdi. Üstesine-de, bu kanunyň urug-tireleriň hojalyklaýyn guramaçylygyna aralaşmagy olara mahsus däp-dessurly medeniýetiň barha ýok edilmegine getirdi. 1934-nji ýylda indeýleriň urug-tirelerini üýtgedip gurmak baradaky ka-

nunyň çykmagy hökümetiň syýasatyny ýene üýtgetdi. Ol kanunyň maksady indeýleriň urug-tire we hojalyklaýyn durmuşyny goramakdy.

## GAPMA-GARŞYLYKLY IMPERIÝA

XIX asyryň soňky çärýegi Birleşen Ştatlar üçin döwlet hökmünde giňelmegine şaýatlyk eden döwür bolup, şonda ol Atlantik we Ýuwaş ummanlarynyň, şeýle-de Merkezi Amerikanyň çäklerine biri-birinden uzakda ýerleşen sebitlere öz täsirini ýetirmegi başardy. Ýöne, ABŞ, öz ýewropaly bäsdeşlerinden tapawutlylykda, düýbünden başga ýörelgäni saýlap aldy, sebäbi onuň ýewropaly imperiýalara garşy göreş taryhy we deňi-taýy bolmadyk täsin demokratik ösüşi bardy.

XIX asyryň ahyrynda amerikan ekspansioniziminiň çeşmeleri dürli-dürlüdi. Halkara nukdaý nazaryndan bu imperialistik paýhassyzlygyň döwri bolupdy: ýewropa döwletleri Afrikadan öz paýyny almak ugrunda we indi täze bäsdeş bolan Ýaponiýa bilen Aziýa täsirini ýetirmek hem söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak ugrunda özara güýçli ýaryşa goşulupdylar. Amerikalylaryň köpüsi, şol sanda Teodor Ruzwelt, Genri Keýbot Loj we Eliu Rut ýaly täsirli şahslar ABŞ öz bähbitleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, öz ykdysady täsirlerini hem çäklerini kesgitlemelidigini duýýardylar. Bu garaýyş harby-deňiz güýçleriniň uly ygtyýarlary we täsiri bolan adamlary tarapyndan hem uly goldawa mynasyp boldy. Olar ýurduň ykdysady we syýasy howpsuzlygynyň şeksiz şerti bolan deňiz gämileriniň we daşary ýurt gämi duralgalarynyň sanyny giňeltmeklige çagyrýardylar. Umuman aýdanyňda, başda kontinentde amerikan ekspansiýasyny aklamak üçin peýdalanylan „äşgär ykbal" ýörelgesi indi täzeden galkyndyrylyp, ABŞ-nyň günbatar ýarymşarda we Karib howdanynda, şeýle-de Ýuwaş umman sebitinde öz täsirini we medeniýetini giňeltmäge haklydygyny, hatda borçludygyny hem tassyklaýar.

Şol bir wagtda demirgazyk demokratlarynyň dürli birleşmelerinden hem reformalary gözleýän respublikaçylaryň imperializme garşylygy beýan edýän sesi-de güýçlüligine we talaplylygyna galýardy. Netijede, amerikan imperiýasynyň berkarar edilmegi ugrunda tutanýerlilik ýokdy we ol gapma-garşylykly häsiýete eýedi, kolonial hökümetleri bolsa söwda we ykdysady meseleler syýasy berkararlyk meselesinden köpräk gyzyklandyrýardy.

1867-nji ýylda Amerikanyň Russiýadan eskimoslaryň (inuitleriň) we özge ýerli taýpalaryň ýaşaýan ýeri bolan az ilatly Alýaskany satyn almagy onuň öz guryýer serhetleriniň daşynda bitiren işleriniň ilkinjisi boldy. Amerikalylaryň köpüsi ýurduň şol döwürki döwlet sekretary Wilýam Sýuward tarapyndan edilen bu geleşige biparh garadylar we Alýaskany köplenç „Sýuwardyň seresapsyzlygy" ýa-da „Sýuwardyň buz gutusy" diýip kineli atlandyrýardylar. Şeýle-de bolsa, 30 ýyldan soň, Alýaskanyň Klondaýk derýasyndan altyn tapylanda, amerikalylaryň müňlerçesi ol ýere eňdi we olardan köpüsi şol ýerde hemişelik ýaşamaga galdy. 1959-njy ýylda Alýaska ABŞ-nyň 49-njy ştaty diýlip yglan edilinde, ol ululykda şoňa çenli iň uly ştat bolup gelenTehasyň ornuny eýeledi.

1898-nji ýylda bolup geçen ispan-amerikan urşy ABŞ-nyň taryhynda öwrülişik pursady boldy. Ol uruş gutarandan soňky birnäçe ýylyň içinde ABŞ Karib deňziniň içindäki we Ýuwaş ummanynyň ortalaryndaky Aziýa kenarlaryna golaý bolan adalara doly gözegçilik etmegi we öz täsirini ýetirmegi gazandy.

1890-njy ýyllaryň başlaryna çenli Ispaniýanyň Täze dünýädäki birwagtlar äpet imperiýasyndan diňe Kuba bilen Puerto-Riko galypdy, Filippin adalary welin, Ispaniýanyň Ýuwaş ummandaky kuwwatynyň özeni bolup galypdy. Ispaniýa bilen uruş üç sany esasy sebäbe görä başlanypdy. Ispaniýanyň hokmürowanlyk düzgünine bolan ähliumumy ýigrenç; ABŞ-nyň oktýabr ugrundaky göreşe duýgudaşlygy we bir tarapdan, öz halkynyň garaşsyzlygy ugrunda göreşýän (milletçi), ýa-da halkyna duýgudaşlyk bildirýän (sensasionalistik) metbugatyň tagallasy bilen ABŞ-nyň halkynda öz-özüňe ynanmak ýaly täze bir ruhy duýgynyň peýda bolmagy şol üç sebäp diýip hasaplanýar.

1895-nji ýylda Kubalylaryň metropoliýanyň eden-etdiligine bolan gahar-gazabynyň barha artmagy oktýabr ugrundaky urşa ýazdy. Birleşen Ştatlar urşuň gidişini uly tolgunma bilen synlaýardy. Amerikalaryň köpüsi kubaly gozgalaňçylara raýdaşlyk bildirýärdi, ýöne Prezident Kliwlend bitaraplygy saklamagy makul bildi. Emma, üç ýyldan soň, MakKinliniň prezidentlik eden wagtynda, ABŞ-nyň „Meýn” harby gämisi Gawana gämi duralgasynda labyrda duran wagty häzire çenli näbelli ýagdaýda weýran edildi. Şonda 250-den köpräk adamyň öldürilmegi we bu barada metbugatda ýiti makalalaryň peýda bolmagy ýurduň içinde nägileligiň ýaýramagyna getirdi. MakKinli ýurtda asudalygy saklajak bolup jan etse-de, birnäçe aýyň içinde munuň ahyrynda netijesiz boljakdygyna gözi ýetenden soň, ol ýaragly gatyşmaklygy teklip etdi.

Ispaniýa bilen uruş gaýragoýulmasyz we netijeli boldy. Dowam eden dört aýyň içinde amerikalylar ýeke gezek-de yza çekilmeli bolmadylar. Uruş yglan edilenden bir hepde soň, serkerde Jorj Dýui 6 gämiden ybarat bolan gämi topary bilen Gonkongdan çykyp, Filippinlere tarap ugrady. Onuň buýruklary esasynda şol ýerde jemlenen ispan gämileriniň amerikan suwlarynda hereket etmeginiň öňüni almalydy. Dýui şol ýerde labyrda duran Ispan harby gämileriniň hemmesine gapyllykda çozup, ýekeje-de amerikan esgerini gurban bermän, derbi-dagyn etdi.

Şol bir wagtda Amerikanyň goşuny Kubanyň Sentýago şäheriniň golaýynda düşledi we ispanlary birnäçe söweşde çalt derbi-dagyn edip, harby gämileriň duralgasyny oka tutdy. Sentýago aýlagyndan ok geçmeýän ispan harby gämileriniň 4 sanysy haýdap, açyk deňze çykdy, ýöne birnäçe sagatdan soň olar çym-pytrak edildi.

Sentýagonyň ýykylandygy baradaky habar gowşandan soň, bütin ýurtda – Bostondan San-Fransisko çenli aralykda jürlewükleriň gaty sesi eşidilýärdi we fewrallar galgaýardy. Gazetler Kuba we Filippinlere öz habarçylaryny iberdiler, olar täze milli gahrymanlar barada gürrüň berýärdiler. Bu uruşda, esasan, tapawutlanan manilaly Jorj Dýui we harby-deňiz güýçler departamentiniň kätibi wezipesinden aýrylyp, Kuba gulluk etmek üçin, meýletinçi „ezber çapyksuwarlar” atly polkuna serkerdelik eden Teodor Ruzwelt boldy. Ispaniýa tiz ýaraşyga gelmeklige çagyrdy we 1898-nji ýylyň 10-njy dekabrynda gol çekilen şertnama laýyklykda ol adada oktýabr berkarar edilýänçä, Kuba wagtlaýynça Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna berildi. Çeken zyýanlarynyň öwezine ABŞ Puerto-Riko we Guam adalaryny aldy, Filippinler üçin bolsa Ispaniýa 20 million dollar töledi.

Deňizden aňyrky ýerlere eýe bolmak Birleşen Ştatlar üçin täze bir tejribe boldy. Edil şonuň ýaly täze ýerler hem öň hiç wagt görülmedik syýasy ulgama, ýagny demokratik dolandyrylyşa, tarap ymtylyşa ruhlandyryldy.

Şeýle-de bolsa, ABŞ Fillipini basyp alandan soň birinji onýyllygynda başlanan filippinlileriň oktýabr ugrundaky ýaragly göreşini basyp ýatyranda, beýle kolonial eýeçilik wezipesiniň özüne tanyşdygyny duýdy. 1916-njy ýylda Filippinleriň ilaty milli kanun çykaryjy ýygnagynyň iki palatasyny hem saýlamak hukugyny gazandy, 1936-njy ýylda bolsa özygtyýarly Fillipin Arkalaşygy döredildi. Ikinji Jahan urşundan soň, 1946-njy ýylda Filippin adalary doly garaşsyzlygyny gazandy.

Emma Ýuwaş ummanyň çäklerinde ABŞ-nyň ünsüni çeken diňe Filippinler bolmady. Ispan-amerikan urşy bolan ýyl Gawaýy adalary bilen täze aragatnaşyklaryň başlanan ýyly boldy. Gawaýy adalary bilen öňki gatnaşyklar, esasan dini wagyzçylar we saý-sebäp bilen baran söwdagärler arkaly amala aşyrylýardy. 1865-nji ýyldan soň bolsa amerikan raýatlary adalaryň tebigy baýlyklaryny, hususan şekerçiňrik we ananas özleşdirip başladylar. 1893-nji ýylda Gawaýy adalarynyň korollyk hökümeti daşary ýutrlularyň täsiriniň soňuna çykmak niýetiniň bardygyny aç-açan äşgär edende, amerikan telekeçileri bilen ýerli kethudalar agyz birikdirip, bilelikde täze hökümeti düzmegiň ugruna çykdylar, soňra bolsa ol hökümet adalaryň ABŞ-nyň hataryna goşulmagy baradaky haýyş bilen ýüzlendi.

ABŞ-da amerikan esgerlerinden peýdalanmagy we kolonial eýeçilik düzgüni barasyndaky pikiriniň garşysyna uly möçberli nagilelikleriň beýan edilmegi Prezident Kliwlendi we Kongresi ilki bilen Gawaýy adalaryny kabul etmekden el çekmäge mejbur etdi. Emma ispan-amerikan urşy sebäpli, bu ýerlerde milletçilik gaýynyň turmagyna jogap edip, 1898-nji ýylyň iýulynda sesleriň ep-esli artykmaçlygynda Kongres ol adalaryň ABŞ-nyň düzümine kabul edilmegine ses berdi. Netijede, ABŞ Gawaýy adalaryna strategiki möhüm Perl-Harbor harby-deňiz bazasyny gurmaga mümkinçilik tapdy. 1959-njy ýylda, ýagny 60 ýyl özara bähbitli gatnaşyklardan soň, Gawaýy adalary ABŞ-nyň 50-nji ştaty boldy.

1902-nji ýylda amerikan goşunlary Kubadan çykyp gidenlerinden soň, ol kagyz ýüzünde garaşsyz döwlet boldy. Emma ABŞ hereket edýän düzgüne howp abanan pursadynda ol ýere goşun salmak hukugyny öz tarapynda saklap galdy. ABŞ bu hukukdan 1934-nji ýylda el çekýänçä, üç gezek peýdalandy. Kuba doly garaşsyzlygyna eýe bolsa-da, 1959-njy ýylda Fidel Kastro kanuny hökümeti agdaryp, Sowet Soýuzy bilen mäkäm arabaglanyşykly marksistik düzgüni berkarar edýänçä, ol ýerde Amerikanyň ykdysady we syýasy täsiri saklanyp galypdy.

Kubadan gündogar tarapda ýerleşýän, öň Ispaniýa degişli bolan Puerto-Riko adasy-da Kuba bilen Filippinleriň nusgasyna eýerdi. 1917-nji ýyl-da ABŞ-nyň Kongresi Puerto-Riko öz kanun çykaryjylarynyň hemmesini saýlamaga hukuk berdi, emma şol bir wagtda ol ABŞ-nyň ýeri hasaplanýardy we onuň ilatyna amerikan raýatlygy berildi. 1950-nji ýylda ABŞ Puerto-Riko öz ykbalyny çözmäge doly ygtyýar berdi. 1952-nji ýylda geçirilen ähliumumy sala salyşyk-

da raýatlar ýa döwlet hukugyndan ýa-da oktýabrdan el çekip, oňa derek arkalaşyk agzasy hukugyny almaga ses berdiler. Puerto Rikolylaryň köpüsi erkin barmak hukugyndan peýdalanyp, Birleşen Ştatlara göçüp gitdi. Ol ýerde olara ABŞ-nyň her bir raýatynyň peýdalanýan syýasy we raýat hukuklary berildi.

## PANAMA KANALY WE AMERIKA

Ispaniýa bilen uruş amerikalylarda ýene-de Panama bogazynyň üsti bilen Atlantika we Ýuwaş ummanlary birleşdirýän kanaly gurmaklyga gyzyklanma döretdi. Dünýäniň söwda edýän uly ýurtlary şeýle kanalyň deňiz söwdasy üçin zerurdygyny bireýýämden bäri bilýärdiler. Elbetde, XIX asyryň aýagynda fransuzlar şular ýaly bir kanaly gazyp başlapdylar, emma duçar bolan käbir kynçylyklar sebäpli bu işi soňuna çenli edip bilmändiler. Karib deňzinde we Ýuwaş ummanda ykjam ornaşan ABŞ harby gämilerini bir ummandan beýlekisine çalt geçirmekde şeýle kanalyň harby-strategiki ähmiýete eýedigine doly düşündi.

XX asyryň bosagasynda häzirki Panama döwletiniň ýerinde Kolumbiýanyň demirgazyk welaýaty ýerleşýärdi. 1903-nji ýylda Kolumbiýanyň Senaty ABŞ-a bu kanaly gurmak we dolandyrmak hukugyny bermek baradaky şertnamanyň taslamasyny makullamagy ret eden halatynda, ABŞ-nyň deňiz pyýada goşuny tarapyndan goldaw tapan, sabyr käseleri dolan panamalylar gozgalaň turuzdylar we Panamanyň Kolumbiýadan garaşsyzlygyny yglan etdiler. Bu bölünip aýrylan täze döwlet dessine ABŞ-nyň Prezidenti Teodor Ruzwelt tarapyndan ykrar edildi. Şol ýylyň noýabrynda gol çekilen şertnamanyň şertlerine laýyklykda Panama ABŞ-a Atlantik we Ýuwaş ummanlaryň ikisiniň arasynda uzap giden ini 16ż guryýer zolagyny çäksiz möhletli kärendä 10 million dollara berýär we ýylda 250 müň dollar ýer salgydyny tölemeli edýär. Soňra Kolumbiýa ABŞ-dan öweziniň bir bölegi hökmünde 25 million dollar aldy. Panama bilen ABŞ arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda 75 ýyldan soň, 2000-nji ýyla golaý bu kanal täzeden Panama döwletiniň doly ygtyýaryna geçmelidir.

1914-nji ýylda kanalyň gurluşygynyň tamamlanmagy polkownik Jorj Getholsyň ýolbaşçylyk etmeginde alnyp barlan inženerlik sungatynyň iňňän uly üstünligi boldy. Gurluşyk wagtynda tropiki jeňňelleriň şertlerine uýgunlaşan gyzzyrma keseline we tropik gyzzyrmasyna garşy alnyp barlan göreş keseliň öňüni alyjy lukmançylygyň uly üstünligine öwrüldi.

Latyn Amerikasynyň başga ýerlerinde ABŞ wagtal-wagtal has güýjeýän basybalyjylykly ýörelgä eýerdi. Mysal üçin, 1900 we 1920-nji ýyllar arasynda Birleşen Ştatlar günbatar ýarymtogalagynda ýerleşýän alty döwletiň içerki işlerine goşulyşdy we Gaitide hem Dominikan respublikasynda öz howandarlygyny berkarar etdi; mahal-mahal bolsa öz suwasty gämilerini Nikaraguada goýdy. 1867-nji ýylda ABŞ Meksikada imperator Maksimilliany goldaýan goşunyny çykarmagy üçin Fransiýa gysyş görkezdi. Ýöne ýarym asyrdan soň, Meksika rewolýusiýasynyň gidişine täsir etmäge gönükdiren şowsuzlyga uçran tagallalarynyň bir parçasy hökmünde ABŞ Meksikanyň demirgazygynda ýüze çykan hatarly gozgalaňy basyp ýatyrmak we Fransisko „Pançony” Willany bikanun diýip yglan etmäge synanyşyp, 11 müň esger iberdi.

Ispan-Amerikan urşy hem Panama kanaly bilen baglanyşyklykda harby hereketler bilen bir hatarda ABŞ Demirgazyk we Günorta Amerikanyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmakda gerek bolan hökümet binýadyny döretmekde uly orun tutýar. 1889-njy ýylda ABŞ-nyň döwlet sekretary Jeýms Bleýn jedelleri parahatçylykly çözmek we has ysnyşykly ykdysady aragatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Günbatar ýarymtogalagyň 21 garaşsyz döwletini birleşdirýän guramany döretmekligi teklip etdi. 1890-njy ýylda bolan Birinji panamerikan maslahatynyň netijesinde hemişelik gurama peýda bolup, ol döredilmeginiň ilkinji ýyllarynda Pan-amerikan bileleşigi diýlip atlandyryldy, häzir bolsa Amerikan ýurtlarynyň guramasy diýlip tanalýar we onuň ştab-kwartirasy Waşingtonda ýerleşýär.

Üstesine-de, Gerbert Guweriň we Franklin Ruzweltiň hökimetleri indi ABŞ-nyň Latyn Amerikasy ýurtlaryna gatyşmak hukugundan el çekdiler. Hususan-da, Ruzwelt tarapyndan 1930-njy ýyllarda ýöreden hoşniýetli goňşuçylyk syýasaty, ABŞ bilen Latyn Amerikasynyň arasyndaky dartgynlylygyň gutarmagyna getiren-de bolsa, ABŞ-nyň öňki olaryň içki işlerine gatyşan, şeýle hem, onuň bir taraply eden hereketleri zerarly dörän duşmançylykly garaýyşlary ýok etmäge ýardam etdi.

## ABŞ WE AZIÝA ÝURTLARY

Filippinlerde we Gawaýy adalarynda has-da ymykly ornaşan ABŞ täze asyryň bosagasynda Hytaý bilen işeňňir söwda başlamagy niýet edinýärdi. Ýöne, Hytaý Ýaponiýa bilen bolan uruşda (1894–1895) ýeňlenden soň, ýewropa döwletleri onuň çäginde harby-deňiz bazalaryny gurdular, ýerleri kärendesine aldylar we öz täsir sferasyny berkarar etdilir. Olar diňe bir Hytaý bilen söwda etmäge artykmaç hukuk gazanman, eýsem demirýol gurluşygyna we töwerekdäki etraplardaky peýdaly magdanlary gazyp almaga maýa goýmagada ygtyýar aldylar.

Aziýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny täze başlan döwründe amerikan hökümeti hemme döwletlere deň söwda ýeňillikleriniň berilmegini talap etdi. Şeýle-de bolsa, Uzak Gündogarda Ýewropanyň imperial döwletlerinden bäsleşikde yza galmazlyk isleginiň juda uly bolanlygy zerarly, onuň daşarky syýasatyny birkemsiz bolmakdan daşlaşdyrýardy. 1889-njy ýylyň sentýabrynda Döwlet sekretary Jon Heý gyzyklanýan taraplaryň ählisine buýruk beriji nota iberdi. Bu bolsa „Açyk gapylar” doktrinasynyň döremegine alyp bardy. Bu Hytaý bilen iş salyşjak hemme döwletler üçin Hytaýyň gapylaryny açýardy, ýagny olaryň gözegçiligindäki ýerlerde birmeňzeş söwda mümkinçiliklerini (şol sanda, deň gümrük paçlaryny we deň gämi duralgalar ýygymlaryny we deň demirýol nyrh-bahalaryny) aňladýardy. Hakykatda, „açyk gapylar” bu koloniýada mümkinçiliklere hiç hili päsgelçiliksiz ýetmekde möhüm bir diplomatik çemeleşmä öwrüldi.

1900-nji ýylda Hytaýda ýüze çykan „boksçylaryň gozgalaňy” hytaýlylaryň daşary ýurtlulara garşy hüjümini başlangyjy boldy. Iýun aýynda gozgalaňçy güýçler Pekini eýelediler we ol ýerdäki daşary ýurtly diplomatik missiýalara hüjüm etdiler. Heý şol bada ýewropa döwletlerine we Ýaponiýa habar berip, Birleşen Ştatlaryň Hytaýyň territorial we dolandyryş hukuklarynyň we „açyk gapylar” ýörelgesiniň ýoýulmagyna hiç haçan ýol bermejekdigini aýtdy. Gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň, amerikan meýilnamasyny amala aşyrmak, Hytaýy weýran ediji zyýan-

dan goramak üçin, Heý ähli ukybyny ulanmaly, diplomatik ussatlygyny görkezmeli boldy. Şol ýylyň oktýabrynda Beýik Britaniýa we Germaniýa „açyk gapylar” syýasatyna eýerýändiklerini we Hytaýyň özbaşdaklygyny saklamak üçin tagalla etjekdiklerini ýene-de bir gezek tassykladylar. Beýleki döwletlerde olaryň göreldesine eýerdiler.

1907-nji ýylda Prezident Ruzwelt daşary ýurt işçileri tarapyndan döredilýän bäsdeşlikden biynjalyk bolan kärdeşler agzalaryna eglişik edip, ABŞ-a işçi güýjüni ibermegi wagtlaýynça togtatmak barada haýyş bilen ýapon hökümetine ýüzlendi. Diňe şu ýagdaý bolaýmasa, aslynda XIX asyryň ahyrky ýarym ýyllygy we XX asyryň başlary aralygynda Amerika Ýaponiýa bilen hoşniýetli aragatnaşykda boldy. Garaşylmadyk ýerden ýüze çykan bir zat – Prezident Ruzweltiň Rus-Ýapon urşy döwründe araçylyk etmegi boldy. Şonda ol Germaniýa bilen Fransiýany Orusýetiň tarapyna geçip, Ýaponiýa garşy urşa baş goşmazlyga çagyrdy. Parahatçylyk ylalaşygyna gelmekde eden tagallalary üçin, Ruzwelt 1906-njy ýylda Nobel baýragyna mynasyp boldy. ◇





# 8-NJI BAP

# NÄGILELIK WE ÜÝTGEDIP GURMAK

Pensilwaniýa şaýolunda ses bermek hukugynyň berilmeginiň tarapdarlarynyň ýörişi, Waşington, Kolumbiýa okrugy, 1913-nji ýylyň 3-nji marty

„Progressiw häsiýetli bolmasa, beýik demokratiýa beýik hem bolmaz, ondan demokratiýa-da bolmaz.”

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Teoder Ruzwelt, 1910-njy ýyl

## MÜLKDARLARYŇ NÄRAZYLYKLARY WE KÖPÇÜLIKLEÝIN HEREKETIŇ ÝOKARY GÖTERILMEGI

Oba hojalygyndaky haýran galdyryjy ösüşe garamazdan, amerikaly mülkdarlar üçin XIX asyr kyn döwür boldy. Bu kynçylyklara ýaramaz ýagdaýlar, ýagny erbet howa şertleri, topragyň arryklamagy, esasy oba hojalyk ekinleriniň aşa köp öndürilmegi, döwlet tarapyndan ýeterlik goldawyň bolmazlygy, daşarky ykdysady şertlere mülkdarlaryň baknaçylygynyň artmagy sebäp bolupdy. Olaryň iň wajyby önümiň has aşa artyk öndürilmegidi.

Asyryň tutuş II ýarymynda bir gektardan alynýan hasyly artdyrmaga ýardam eden mehanizmleşdirmegiň kämilleşmegi bilen bir hatarda bejerilip ekilýän meýdanlaryň gektar sany-da ep-esli artdy, demirýollaryň çekilmegi we sähra ýerlerden ýerli indeýleriň kem-kemden göçmegi ýurduň günbatarynda ýaşaýyş üçin täze ýerleri açmaga şert döretdi. Kanada, Argentina we Awstraliýa ýaly ýurtlarda-da oba hojalyk ýerleriniň şunuň ýaly giňelmegi amerikan oba hojalyk önümleriniň saldamly bölegi satylýan halkara bazarlaryndaky kynçylygy has-da artdyrdy.

Göçegçiler günbatara süýşdükleriçe, harytlaryny bazarlara ýetirmek üçin, olaryň demirýollara bolan zerurlyklary artdy. Şol wagtlar mülkdarlar senagat harytlaryny ýokary bahadan alýardylar. Nyrhlaryň ýokary bolmagy bolsa Kongres tarapyndan bellenen we gündogar senagatçylarynyň bähbidi üçin goldanan bahalaryň netijesidi. Wagtyň geçmegi bilen orta günbatar we gündogar mülkdarlary öz emläklerini girew goýan banklaryna bergidar bolup çykdylar.

Günortada hojalyklaryň birleşmeginiň şowsuzlyklary oba hojalygyna uly özgerişlikleri getirdi. Olaryň iň ulusy ýarpasyna bermek ulgamydyr. Bu ulgam boýunça kärendeçiler hojaýynlaryna tohum we önümden ötri gerek bolan çykdajylary üçin alýan hasylynyň ýarpysyna çenli bermelidiler. Günortanyň garaýagyz mülkdarlarynyň 80 göterimine çenlisi we akýagyz mülkdarlaryň 40 göterimi şol tapdan düşüriji ulgama laýyklykda işleýärdiler we ýaşaýardylar.

Ýarpaçylaryň aglabasy hemişe bergidardy, bergiden çykmak üçin bolsa diňe

bir ýol bardy, ol hem ekin meýdanlaryny giňeltmekdi. Bu ýagdaý pagtanyň we temmäkiniň artykmaç öndürilmegine, şonuň netijesinde-de önümleriň gymmatynyň pese düşmegine we topragyň mundan beýläk-de arryklamagyna getirýärdi.

Greýnjler hereketini döretmek bilen umumy oba hojalyk meselelerini çözmek ugrunda ilkinji guramaçylykly tagallalar edildi. 1867-nji ýylda ABŞ-nyň Oba hojalyk ministrliginiň gullukçylary tarapyndan esaslandyrylan „Greýnj" hereketi ilkibaşda aglaba mülkdar hojalyklarynyň ýüzbe-ýüz bolan üzňeligine garşy göreşmek maksady bilen jemgyýetçilik-köpçülik çärelerini alyp barmaga köp üns berdiler. Beýle çärelere gatnaşýan aýal-gyzlar maddy taýdan höweslendirilýärdi. 1873-nji ýylyň dowlundan soň „Greýnjler" hereketiniň 20000 sany köpçülikleýin topary döredilip, olaryň bir ýarym milliona golaý agzasy bardy.

Greýnjler özleriniň hususy bazar ulgamyny, dükanlaryny, önümi gaýtadan işleýän uly bolmadyk zawod-fabriklerini we kooperatiwlerini döretdiler. Ondan daşary bu hereket 1870-nji ýyllarda käbir syýasy üstünlikler hem gazandy. Ençeme ştat demirýol hyzmatlaryna goýlan bahalary we ambar nyrhyny çäklendirýän Greýnjleriň kanunlaryny-da kabul etdiler.

1880-nji ýyla çenli bu hereket ýatyşyp başlady we onuň ýerine mülkdar birleşikleri döredildi. 1890-njy ýylda bu birleşigiň hereketi Nýu-Ýorkdan başlap, Kaliforniýa çenli aralykdaky mülkdarlaryň 1,5 millionyny özünde jemleýärdi. Şoňa meňzeş bolan afro-amerikan guramasynyň garaýagyz mülkdarlaryň milli birleşmesiniň-de hatarynda bir milliondan geçýän agza bardy.

Ilkibaşda mülkdarlar birleşikleri anyk ykdysady maksatnamaly syýasy guramadylar. Maksatnamanyň irki basgançagyna görä, onuň maksady „olary synpy kanunçykaryjylykdan we jemlenen maýa göz gyzdyrmakdan goramak üçin, Amerikanyň mülkdarlaryny birleşdirmekden" ybaratdy. Olaryň maksatnamasy düzgünleşdirmäge, ýagny demirýollaryň doly millileşdirilmegine; karzlary ýeňletmek üçin, puluň hümmetiniň gaçyrylmagyna: bahalaryň arzanladylmagyna, döwlet saklawhanalaryny döretmäge we karz puldan alynýan göterimi azaltmaga çagyrýardy.

1880-nji ýyllaryň ahyrlarynda uzaga çeken gurakçylyk günbatarda ýerleşýän beýik sähralygy büs-bütin tozdurdy. Dört ýyl gurakçylyk wagtynda günbatar Kanzas öz ilatynyň ýarsyny ýitirdi. 1980-nji ýylda ýurduň taryhynda iň ýokary bahalaryň biri bolan „Makkinliniň bahasy" girizilenden soň, ýagdaý has-da ýaramazlaşdy.

1890-njy ýyla çenli mülkdarlaryň nägileligi iň ýokary derejesine baryp ýetdi. Mülkdar birleşikleri günortadaky özlerine duýgudaşlyk bildirýän demokratlar ýa-da günbatardaky üçünji çaklaň, partiýalar bilen hyzmatdaşlyk edip, syýasy häkimiýeti eýelemäge-de synanyşyk etdiler. Hut şol hereketler-de täze üçünji bir syýasy partiýa – „populistler" atly partiýa ýüze çykdy. Henize çenli amerikan syýasatynda bütin sähralary we gowaça meýdanlaryny gurşap alan beýle ýaýbaň dyzama bolmandy. 1890-njy ýylda kanun çykaryjy guramalarda bolan saýlawlarda günorta we günbatar ştatlaryň häkimiýetleriniň 12-sinde täze partiýalar döredildi, ondan başga-da ol partiýa Kongrese onlarça populist senator we wekil iberdi.

„Populistler" adyny alan partiýa öz üniň birinji gurultaýyny 1892-nji ýylda geçirdi. Onda mülkdarlaryň, işçileriň we özgerdiji guramalaryň wekilleri Nebraska ştatyndaky Omaha şäherinde duşuşdylar. Olar ABŞ-nyň syýasy ul-

gamyndaky senagatyň we täjirçiligiň kök alan, tamaňy üzäýmeli parahorlyk bähbitlerine baha bermekligi karar etdiler. Gurultaýyň münberinden şeýle sözler aýdyldy:

„Biz ruhy, syýasy we maddy betbagtçylyga getirilen ýurduň merkezinde duşuşýarys. Korrupsiýa saýlawlaryň öňüsyrasyndaky möwsümlerde, kanun çykaryjy guramalarda, Kongresde we hatda kazyýetlerde-de agalyk edýär& Şol bir adalatsyz döwlet ulgamyndan dörän iki sany ägirt uly synpdan – ykmandalar we millionerler ösüp ýetişýärler".

Olaryň iş meýilnamasynyň zineleriniň amaly paýy ýerleri paýlamak, aragatnaşyk we maliýe, kümüş pullary irginsiz zikgelemek ýaly meselelere gönükdirilendi.

1892-nji ýyldaky prezident saýlawlarynda populistler günbatarda we günortada özleriniň güýjüni görkezdiler, olaryň kandidaty bir milliondanda köp ses aldy. Ýöne pul meselesi, has takygy, altyn pul ugrunda göreşenleriň tersine kümüş puly goýbermek ugrundaky göreş meselesi tiz wagtdan beýleki aladalaryň üstüni doldurdy. Günbatar we günorta mülkdarçylygynyň wekilleri ABŞ-nyň gündogaryndaky senagat merkezleriniň işçileriniň goldamagynda kümüş puly möçbersiz çykarmaga başlamagy talap etdiler. Olar özleriniň howsala düşmeginiň sebäbi ýurtda dolanyşykda nagt puluň ýoklugydyr diýip hasaplaýardylar. Eger-de puluň goýberilişiniň möçberi artdyrylsa, onda oba hojalyk önümleriniň nyrhyny galdyrmaga we senagatda iş hakyny artdyrmaga, şeýle hem, olara bolan bergileri hümmeti gaçan pul bilen üzmäge mümkinçilik berer diýip ynandyrdylar. Bu meselelere has biperwaý seredýän toparlanyşyklar we maliýe ulgamynyň gullukçylary beýleki bir tarapdan puluň hümmetiniň gaçmagyny togtadyp bolmaz we döwlet lüt galar diýip hasapladylar. Olaryň pikiriçe bu ýagdaýy diňe altyn puluň durnuklylygy üpjün edip biljekdi.

1893-nji ýylyň maliýe dowly bu çekişmelerdäki dartgynlylygy güýçlendirdi. Günortadaky we orta günbatardaky banklar bir-biriniň yzyndan tozdular; işsizlik ösdi, oba hojalyk önümleriniň nyrhy gaty peseldi. Bu ykdysady çykgynsyz ýagdaýlar we Prezident Grower Kliwlendiň bu meseleleri çözmäge ukypsyz bolup çykmagy tas demokratik partiýanyň dargamagyna getiripdi. 1896-njy ýyldaky prezident saýlawlarynyň golaýlaşmagynyň esasynda kümüş puluň çykarylmagyny goldap çykyş eden demokratlar bilen populistler birleşdiler.

Demokratlaryň şol ýylda geçirilen gurultaýy Amerikanyň syýasatynyň taryhynda sözlenen sözleriň iň meşhurlarynyň biriniň şaýady boldy. „Adamzady altyn haçda horlamazlyga" diýen çagyryş bilen gurultaýy çagyran, Nebraska ştatyndan kümüş puluň tarapdary ýaş Wilýam Jennings demokratlardan prezidentlige kandidatlyga görkezildi.

Populistler hem ony kandidat görkezdiler. Olaryň özleriniň mamladygyny görkezmeli pursady gelipdi. Kaliforniýadan we Origondan başga onuň üçin tutuş günorta we günbatar sebitleri, ses berende bolsa, Braýan gür ilatly we senagatly demirgazykda we gündogarda ýeňlişe sezewar boldy we respublikaçy Wilýam Makkinli prezident saýlanyldy.

Soňky ýyl, aýratyn-da Alýaskada we Ýukonda altynyň tapylmagy bilen ýurduň maliýe ýagdaýy gowulaşdy. 1898-nji ýyldaky Ispan-Amerikan urşy populist meselelerinden ýurduň ünsüni sowdy. Hatda, hereket şowsuz tamamlananda bolsa, onuň pikir ýöretmeleri ýaşamagyny dowam etdi. Şol oý-pikirleriň köpüsi soňky iki onýyllykda kabul edilen kanunlara girizildi.

## IŞÇI GÖREŞI

XIX asyryň senagat işçisiniň durmuşy ýeňil bolmady. Hatda, gowy diýlen wagtlarda-da iş haky ujypsyzdy, iş sagatlary köpdi we iş şertleri hatarlydy. Milletiň ösüşi bilen dörän barja baýlyk-da onuň işçilerine sarp edilýärdi. Esasan-da, senagatyň käbir pudaklarynda işçi güýjüniň uly bölegini düzýän we köplenç erkek adamlara tölenýän iş hakynyň ujypsyz bölegini alýan aýal-gyzlaryň we çagalaryň ýagdaýy gaty erbetdi. Aram-aram bolup durýan ykdysady çykgynsyzlyklar senagat işçileriniň iş hakyna we işsizligiň ýokary derejeliligine ýaramaz täsir edip, ýurduň hal-ýagdaýyny peseldýärdi.

Şol bir wagtda, tehnologiki täzelikler zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga ýardam edip, hünärli işçilere bolan islegiň azalmagyna getirdi. Işlemäge howes bildirip, daşary ýurtlardan göçüp gelenleriň sanynyň ummasyz derejä ýetmegi 1880–1910-njy ýyllar aralygynda 18 milliona golaý bolup, hünärsiz işçileriň sanynyň has-da artmagyna getirdi.

1874-nji ýyla çenli, ýagny, Massaçusets ştatynda aýallaryň we çagalaryň gije-gündiziň dowamynda 10 sagat iş gününi bellän birinji kanun kabul edilýänçä, hakykatda, ýurtda zähmet barada hiç hili kanun ýokdy. Diňe 1930-njy ýyldan soň federal hökümet şu meseläni çözmäge işeňňir gatnaşyp başlady. Şol ýyla çenli „iş meýdany” bütinligine işçiler barada däl-de, senagat eýeleriniň aladalary bilen meşgullanýan döwlet we ýerli häkimiýetleriň elinde galypdy.

XIX asyryň ikinji ýarymyna mahsus bolan we maýanyň ummasyz mukdaryny, häkimligi we hazynany dolulygyna öz elinde jemlän „goşulyşmazlyk” hilli kapitalizm, wagtal-wagtal ulgamyň garşysyna çykyş edýänlere gönükdirilen kanunlary çykarýan kanuny ulgam tarapyndan goldanýardy. Şunlukda, olar şol döwrüň pelsepesiniň taglymatlaryna eýerýärdiler. Jon Rokfelleriň aýdyşy ýaly: „Uly kärhana telekeçiliginiň ösüşi şoňa ukyply bolanlaryň ýaşamak meselesidir”. Bu „sosial darwinizminiň” tarapdarlary köp boldy. Olar telekeçilikde düzgünleşdirmek üçin edilen her bir synanyşyk görnüşleriň özgerişiniň tebigy ýagdaýyna garşylyk görkezene barabardyr diýýärdiler.

Ýöne kapitalizmiň pidalaryna şeýle biperwaýlygyň gymmaty örän ýokary boldy. Millionlarça adamyň ýaşaýyş we iş şertleri örän erbetleşipdi, ömürlik garyplykdan dynmak umydy weli gaty ujypsyzdy. Has soňrak 1900-njy ýylda Birleşen Ştatlarda iş bilen baglanyşykly ölümiň derejesi dünýäniň beýleki ösen senagatly ýurtlaryňkydan has ýokary derejededi.

Senagat işçileriniň köpüsiniň 10 sagatlyk (polat senagatynda 12 sagatlyk) iş güni dowam edýärdi, edýän gazançlary weli, adam şekilli ýaşamaga zerur bolan harajatdan 20–40 göterim azdy. Işleýän çagalaryň ýagdaýy has-da ýaramazlaşypdy. 1870–1900-njy ýyllar aralygynda çaga işçileriň sany iki esse artypdy.

Milli derejede işçiler birleşmelerini döretmäge edilen ilkinji uly tagalla 1869-njy ýylda Zähmet pälwanlarynyň asylly guramasynyň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Pensilwaniýa ştatynyň Filadelfiýa şäheriniň geýim tikýän fabriginiň işçileri tarapyndan döredilip, garaýagyzlary, aýal-gyzlary we mülkdarlary özünde jemleýän bu adaty jemgyýetiň gapysy ähli işçiler üçin açykdy. Zähmet pälwanlarynyň asylly guramasy dura-bara güýç toplady we ahyry 1885-nji ýyldaky iş taşlaýyşda demirýol hannasy Jeý Gauldan üstün çykmagyň hötdesinden geldi. Bir ýylyň dowamynda ol öz hatarlaryna 500000 işçini birleşdirdi.

Tiz wagtdan „Zähmet pälwanlarynyň asylly guramasynyň" işi pese gaçmaga başlady we kem-kemden olaryň deregine Amerikan zähmet federasiýasy (AZF) döredildi. Bu gurama ilki açylan döwründe temmäki senagatynyň kärdeşler arkalaşygy guramasynyň öňki baştutanlarynyň biri Semuel Gompers ýolbaşçylyk etdi, özi-de ol üçdantutma hemmeler üçin bolman, diňe hünärli işçiler üçin açylan guramady. Onuň maksady sadalyk we aýdyňlykdy, emma ol syýasata çapraz gelýärdi, ýagny onuň maksady iş hakyny galdyrmakdan, iş gününi gysgaltmakdan we zähmet şertlerini gowulandyrmakdan ybaratdy. Iş ýüzünde Gompers işçi hereketini öňki zähmet baştutanlarynyň eýeren we goldan sosialistik pikirlerinden sowmaga ýardam etdi.

Işçileriň maksady we maýanyň bereketsizliginiň netijesi ýurduň taryhynda iň gödek işçi dawa-jenjeliniň döremegine sebäp boldy. Olaryň birinjisi 1877-nji ýylda bolup, onda zähmet hakynyň 10 göterim azaldylmagyna gahar edip, ýurduň ähli demirýol işçileri uly iş taşlaýşa çykdy. Iş taşlaýyşlary bes etdirmek üçin edilen synanyşyklar birnäçe şäherlerde: Baltimorda (Meriländ ştaty), Çikagoda (Ilinoý ştaty), Pitsburgda (Pensilwaniýa ştaty), Buffaloda (Nýu-Ýork ştaty) we San-Fransiskoda (Kaliforniýa ştaty) köpçülikleýin gozgalaňlara we bidüzgünçiliklere getirdi. Hatda, iş taşlaýyş bes edilýänçe, birnäçe ýere federal goşunlaryny ugratmaly boldy.

Bu wakadan dokuz ýyl geçenden soň, Heýmarket Strit-de başga bir waka bolup geçdi. Kimdir biri Çikagodaky Makkormik Harwester kompaniýasynda şol pursatda geçýän iş taşlaýşyny ara alyp maslahatlaşmaga ýygnanan adamlaryň arasyna bomba taşlapdyr. Netijede, soňky basa-baslykda 9 adam ölüp, 60 adam ýaralanypdyr.

Indiki iş taşlaýyş 1892-nji ýylda Pensilwaniýa ştatynyň Homsted şäherindäki Karneginiň polat kärhanasynda bolup geçdi. Gyzgalaňly iş taşlaýyşlary bes etdirmek üçin, kompaniýa tarapyndan hakyna tutulan 300 garakçydan ybarat bolan topar polat we gara metallurgiýa senagaty birleşiginiň geçirýän iş taşlaýşyna gatnaşýanlary oka tutdy we olaryň 10-usyny öldürildi. Netijede, kärdeşler arkalaşygynyň agzasy bolmadyk hakyna tutulan işçilerden düzülen Milli gwardiýa çagyryldy we iş taşlaýyş bes edildi. 1937-nji ýyla çenli kärdeşler arkalaşygy guramasy zawoda goýberilmedi.

Iki ýyldan soň Çikagonyň golaýyndaky Pulmen Palas kompaniýasynda iş hakynyň azaldylmagy iş taşlaýyşlara getirdi. Bu iş taşlaýyş amerikan demirýolçularynyň kärdeşler arkalaşygynyň goldamagynda ýurduň demirýol toplumynyň köp böleginde hereketi togtatdy. Ýagdaýyň ýaramazlaşýandygy üçin, öň demirýol kompaniýasynda hukuk işgäri bolan ABŞ-nyň baş kazysy Riçard Olni ýollarda hereketi açmak maksady bilen, 3000-den köp adamyň adyndan synanyşyk etdi. Soňra kärdeşler arkalaşyklarynyň otlularyň hereketine gatyşmagyny gadagan edýän federal kazyýetiň karary çykaryldy. Bidüzgünçiligiň dowam edenligi üçin, Prezident Kliwlend ol ýere goşun iberdi we ahyrynda iş taşlaýyş bes edildi.

Dünýä halkara işçileriniň guramasy iň barlyşyksyz kärdeşler arkalaşygy birleşmeleriniň biri boldy. Zähmet şertlerini gowulandyrmak ugrunda göreşmek üçin, günbataryň magdan işçileriniň kärdeşler arkalaşygy tarapyndan döredilen Dünýä halkara işçileriniň guramasy ýa-da olary köplenç „yrgalar" diýip atlandyryşlary ýaly, esasan-da 1903-nji ýylda Koloradoda dag-magdan işçileriniň iş taşlaýşyndan soň şöhratlandy we aýratyn gödeklik bilen ba-

sylyp ýatyryldy. Synpy göreşe aç-açan çagyrmak bilen yrgalar 1912-nji ýylda Massaçusets ştatynyň Lorens dokma kärhanasynda kynlyk bilen ýeňiş gazanlaryndan soň, öz tarapyna köp pikirdeş çekdiler. Ýöne, guramanyň Birinji Jahan urşunyň ortalarynda işi togtatmaga çagyryşy onuň hökümet tarapyndan 1917-nji ýylda derbi-dagyn edilmegine we ahyr netijede ol guramanyň ýok edilmegine getirdi.

## ÖZGERTMELERIŇ GÜÝJEMEGI

1900-nji ýylda bolan prezident saýlawlary amerikalylara Makkinliniň dolandyryjylarynyň işine, aýratyn-da, onuň daşary syýasatyna baha bermeklige ýol açdy. Filadelfiýada (Pensilwaniýa ştaty) respublikaçylar Ispaniýa bilen urşuň ýeňişli tamamlanmagy, ykdysadyýetde işleriň gowulaşmagy we „açyk gapylar syýasatynyň" kömegi bilen täze alyş-çalyş bazarlaryna ýol açmaklyga uly tagallalar edilendigi mynasybetli dabara gurnadylar. Makkinliniň täzeden wezipä saýlanmak meselesi çözüldi. Ýöne öz ýeňşiniň hözirini görmek oňa uzak miýesser etmedi. 1901-nji ýylyň sentýabrynda, Makkinli Buffalodaky sergini (Nýu-Ýork ştaty) synlap ýörkä, ganhoryň elinden wepat boldy. Ol Raýatlyk urşy gutaran döwründen bäri ganhoryň elinden ölen ABŞ-nyň üçünji prezidentidi.

Prezidentiň kürsüsini wise-prezident Teodor Ruzwelt eýeledi. Ruzweltiň prezidentligi içerki işlerde bolşy ýaly, halkara işlerinde-de amerikan syýasatynyň täze eýýamyny alamatlandyrdy. Yklym eýýäm ilatdan dolupdy, serhetler açylypdy, özüniň ýaşamagy ugrunda göreşen çaklaňja respublika indi dünýäde kuwwatly döwlete öwrülipdi. Onuň syýasy özeni daşary we Raýatlyk urşunyň, keçlikleriniň, abadançylygyň akymynyň we çökgünliligiň synaglaryna döz gelipdi.

Oba hojalygy we senagat öňe ägirt uly ädimler ätdi. Hemme ýerde döwlet tarapyndan mugt bilim girizildi, metbugat azatlygy üpjün edildi. Päklik bilen dine uýmak azatlygy goldandy. Ýöne, akylly we paýhasly amerikalylary özleriniň jemgyýetçilik, ykdysady we syýasy ýagdaýlary kanagatlandyrmaýardy. Uly telekeçilik öňki döwürdäkilerden has berk kök urupdy, ýone ýerli we şäher dolandyryş edaralary parahor syýasatçylaryň elindedi. Gorkuzyp almak ruhy jemgyýetiň ähli gatlagyna siňipdi.

XIX asyr kapitaliziminiň we syýasy korrupsiýanyň agdyklyk etmegine jogap edip, 1890-njy ýyllardan Birinji Jahan urşy aralygyndaky amerikan syýasatyna we syýasy pikirlere aýratyn häsiýet beren progressiwizim hereketi döredi. Progressiwistler öz işlerini şäheriň syýasy baştutanlarynyň wezipelerinden hyýanatçylykly peýdalanmagyna we korrumpirlenen talaňçy baronlaryň garşysyna ýöriş diýip hasaplaýardylar. Olaryň maksady has giň ýaýran demokratiýanyň we sosýal adyllygyň, hökümetiň dogruçyl, telekeçilik babatynda kanuny düzgünleşdirmeleriň has netijeli bolmagyny we hojalyk hyzmatyna uly üns berilmegidi. Umuman, olar eger hökümetiň alyp barýan işleriniň möçberi giňeldilse, amerikan jemgyýetiniň ösüşine we onuň raýatlarynyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna uly ýardam eder diýip ynanýardylar. Şol döwrüň görnükli adamlarynyň ählisi diýen ýaly, isle ol syýasatçy, pelsepeçi, alym ýa-da ýazyjy bolsun, olaryň her biri belli bir derejede özgertmeler ugrundaky hereketler bilen baglanyşyklydy.

1902–1908-nji ýyllar özgerdijilik hereketleriniň iň ösen döwri boldy, sebäbi ýazyjylar we žurnalistler XVIII asyryň agrar respublikasyndan miras galan we

XX asyryň ösen döwletinde ýerliksiz bolan ýörelgelere we amalyýetlere garşy çykyş edýärdiler. Baryp, 1873-nji ýylda meşhur ýazyjy Mark Twen özüniň „Altyn çaýylan asyr” atly çeper eserinde amerikan jemgyýetiniň nogsanlyklaryny paş edipdi. Gündelik gazetlerde we „Makklýurs” we „Kolýers” ýaly köpçülikleýin çykýan žurnallaryň sahypalarynda trestler, ýokarky maliýe gatlaklary, pes hilli önümler we demirýol kompaniýalarynyň eden-etdilikleri baradaky ýiti tankydy makalalar peýda bolýardy. Olaryň awtorlaryny, hususan-da, „Standard oýl” nebit trestiniň garşysyna çykyş edýän žurnalistka Ida Ternbuly hapany agtaryp tapyjylar (makreýkerler) diýip atlandyrýardylar.

Epton Sinkler, çeper edebiýat žanryny ulanyp, „Jeňňel” atly çeper eseri çap etdirdi we onda ýurduň iň uly kärhanalarynyň biri bolan Çikago et gaplaýyş kombinatyndaky arassaçylyk şertlerine gabat gelmeýän hapaçylyklary we bu pudagyň et trestiniň eden-etdilikleri beýan edilýär. Teodor Draýzer „Maliýeçi” we „Titan” atly çeper eserlerinde uly telekeçiligiň pyssy-pyjurlyklaryny bütin dünýäniň öňünde paş etdi. Frenk Norisiň „Girdap” hekaýasynda mülkdarlaryň nägilelikleriniň köp alamatlary açylyp görkezildi. Linkoln Stefensiň „Şäherleriň masgaraçylygy” eserinde syýasatdaky parahorlyklar paş edildi. Bu paş ediji edebiýat adamlara güýçli täsir edýärdi we olary galkyndyrýardy.

Ýowuz, barlyşyksyz tankyt we jemgyýetçilik işjeňligiň ýokarlanmagy syýasy işgärleri anyk ädimlere iterdi. Birnäçe ştatda durmuş we zähmet şertlerini gowulandyrmak barada kanunlar kabul edildi. Mysal üçin, çagalar zähmeti barada has berk kanun kabul edildi; ýaş çägi bellendi, iş güni kemeldildi, agşamky işler çäklendirildi, mekdeplere hökmany suratda gatnamak düzgüni girizildi.

## RUZWELTIŇ ÖZGERTMELERI

XX asyryň başlaryna çenli uly şäherleriň we ştatlaryň köpüsinde döwlet edaralarynda işleýänler üçin 8 sagatlyk iş güni bellendi. Işe alýanlar işçilere ýeten önümçilik şikesleri üçin kanuny jogapkärçilik çekip, öwez puluny tölemäge borçly edýän kanunlaryňda ähmiýeti az bolmady. Täze girdeji salgydy kanunlaşdyrylyp, döwletiň çeken zyýanynyň öwezini dolmaga ukyply bolanlaryň üstüne ýüklendi, şol sebäpli miras üçin salgyt, ondan daşary-da korporasiýalaryň emläklerine we girdejilerine salgytlar girizildi.

Köp amerikalylar we aýratyn-da Prezident Ruzweltiň özi we Kongresdäki öňdebaryjy pähimli we paýhasly baştutanlar wiskonsinli senator Robert La-Follette ýaly özgerdijiler reforma meselelerini diňe milli derejede çözüp boljakdygyna gaty gowy düşünýärdiler. Özgertmeleri geçirmeklige uly yhlas bilen çemeleşip, Ruzwelt adamlaryň haýryna adalatly ösüş ýoluny ýöretmegi ýüregine düwdi we agalygyň garşysyna kanunlaryň ýerine ýetirilmegine döwlet gözegçiligini bellemek baradaky syýasaty bilen çykyş etdi.

Demirýol toplumlarynyň üstünden gözegçiligiň artdyrylmagyny ýakyn gelejekde kadalaşdyrmak barada iki sany möhüm permanyň kabul edilmelidigini görkezdi. Ol permanlaryň biri halk arasyna ýaýran kanuny ülňä öwrüldi we ol permana görä, ýük daşaýjylar arzanladyşlara demirýol toplumlary bilen deň derejede jogapkärdiler.

Ruzweltiň geň galdyryjy häsiýetleri we onuň ynandyryjy tutumly hereketleri adaty şahslaryň hakydalaryny gaplap alyp, onuň öňdebaryjylykly çärelerini makullamagy bolsa onuň partiýasynyň abraýyny çürt-kesik galdyrypdy. Ondan

daşary-da, şol döwrüň bolelin ykdysady ýagdaýy adamlarda partiýanyň syýasatyndan kanagatlanma duýgusyny döretdi. Bu zatlaryň bary 1904-nji ýyldaky saýlawlarda Ruzweltiň ýeňşini üpjün etdi.

Ýeňiş bilen ruhlanan Ruzwelt, özüni aýgytly özgerdiji hökmünde alyp barmagy dowam etdirdi. Ol Kongrese ugradan birinji ýyllyk hasabatynda ýük daşamak nyrhlaryny has berk düzgünleşdirmäge çagyrdy we 1906-njy ýylyň iýun aýynda Hepbörn atly kanunyny kabul etdi. Ol kanun Ştatara söwda iş toparyna nyrhlary düzgünleşdirmek hukuklaryny artdyrdy, iş toparynyň kanunylyk hukugyny giňeltdi we demirýol kompaniýalaryny gämiçilik we kömür magdançy kompaniýalar bilen bilelikdäki merkezleşdirilen bähbitlerinden el çekmäge mejbur etdi.

Kongres tarapyndan kabul edilen beýleki çäreler kompaniýalaryň işine federal gözegçiligi mundan beýläk-de has güýçlendirdi. 1906-njy ýyldaky azyk önümleriniň arassaçylygy baradaky kanun saglyk üçin zyýanly derman serişdeleri, himiki maddalary we goşundylary derman we azyk senagatynda peýdalanmagy gadagan etdi. Tiz wagtdan onuň üsti et satýan ähli ştatara söwda toplumlarynyň federal barlagyny talap edýän perman bilen ýetirildi.

Şol wagtda Kongres prezident kabinetiniň düzüminiň agzalygynda täze Söwda we zähmet ministrligini döretdi. Täze bölümiň bir kollegial toparyna uly korporasiýalaryň işini derňemek boýunça kanuny hukuk berildi we ol 1907-nji ýylda „Amerikan şugar rifaýning kampani” şeker arassalaýjy trestiniň daşary ýurda satmak üçin öndüren önüminden uly mukdardaky salgyt töleginiň döwlete tölenmändiginiň üstüni açdy. Şeýlelikde, kanuny barlaglar ol salgydyň 4 million dollardan geçýändigini kesgitledi we kompaniýanyň birnäçe gullukçysyny tussag etdi.

„Standard oýl kampani of Indiana” kompaniýasy Çikago-Olton demirýoly bilen öz ýüklerini daşamak üçin, ýeňillik almak maksady bilen gizlin ylalaşyk baglaşmakda günälendi. Şol döwrüň ýaşaýyş ahwalatyny şöhlelendirýän 1462 sany ýöriteleşdirilen ylalaşyklaryň üsti açylyp, olara salnan umumy jerimäniň mukdary 29240000 dollara ýetdi.

ABŞ-nyň tebigy baýlyklarynyň känlerini ýa-da ojaklaryny gorap saklamak, hatardan çykarylan meýdanlary täzeden özleşdirmek we çig maly talaňçylykly ýollar bilen çykarmagyň öňüni almak „Ruzwelt eýýamynyň” esasy gazanan üstünlikleridi. Ruzwelt 1901-nji ýylyň başynda Kongrese iberen on ýyllyk hasabatynda özleşdirmegiň, gaýtadan işlemegiň we tebigy baýlyklary gorap saklamagyň jebisleşdirilen uzak möhletli maksatnamasy boýunça hereket etmegi talap etdi. Eger-de özünden öňki prezidentler 18,8 million gektar tokaýy gorag astyna alan bolsalar, Ruzwelt ol meýdany 59,2 million gektara çenli artdyrdy we tokaý ýangynlarynyň möwsümleýin öňüni almak, şeýle hem, çapylan ýerleriň baglaryny dikeltmek babatda ençeme çäre geçirdi.

## TAFT WE WILSON

1908-nji ýylyň saýlaw möwsüminiň bosagasynda Ruzweltiň şöhraty we meşhurlygy ýokary derejä baryp ýetdi. Ol öňki düzgüni we dessury bozmak islemedi, şol dessura görä bolsa ABŞ-nyň prezidenti öz wezipesini yzly-yzyna iki gezekden artyk eýelemeli däldi. Ol, tersine, Wilýam Goward Tafty goldady we Taft saýlawlarda üstün çykdy. Ol Ruzweltiň geçiren çärelerini dowam etdirmegi ýüregine düwdi. Taft öň eminlik, Filippin adalarynyň gubernatory we

Panama kanalynyň dolandyryjysy wezipelerinde işläp ep-esli üstünlik gazanapdy. Ol trestleriň garşysyna birnäçe çäre geçirdi, ştatara söwda seçip alyş toparynyň ygtyýarlygyny artdyrdy, pullary we zatlary iberilen ýerlerine ýetirmek üçin, täze aragatnaşyk gulluklaryny döretdi, raýatlyk wezipeleriniň sanyny artyrdy we ABŞ-nyň Konstitusiýasyna girizilen iki düzedişi tassyklady.

Konstitusiýa girizilen 16-njy düzediş täze federal girdeji salgydyna ygtyýar berdi. 1913-nji ýylda makullanan 17-nji düzediş senatorlary ştatlaryň kanun çykaryjy edaralarynyň saýlamak düzgünini halkyň gönümel ses bermeginde saýlamak bilen çalşyrdy. Bu üstünliklerine garamazdan, Taftyň öňünde ençeme şowsuzlyklar hem ýüze çykdy, ýagny tarifleriň bähbitli meýilnamasyny kabul etmegi liberal pikirlileriň arasynda gahar-gazap döretdi, liberal konstitusiýasy zerarly Arizona ştatynyň bileleşige girmegine garşy boldy we respublikaçy partiýanyň konserwatiw toparyna köp daýandy.

1910-njy ýyla çenli Taftyň partiýasy bölündi we demokratlaryň artykmaç ses gazanmaklary olary yzyna Kongresiň gözegçiligine getirdi. Iki ýyldan soň Nýu-Jersi ştatynyň öňdebaryjy gubernatory demokrat, respublikaçy partiýanyň kandidaty, respublikaçylaryň gurultaýy tarapyndan ret edilen we Ruzweltiň garşysyna çykyş eden Wudrow Wilson prezident saýlawlarynda Tafta bäsdeş bolmak bilen üçünji syýasy partiýany ýagny öňdebaryjylar partiýasyny döretdi.

Saýlawyň öňüsyrasyndaky işjeň saýlaw möwsüminde Wilson bäsdeşleriniň ikisini-de ýeňdi. Onuň ýolbaşçylygynda Kongresiň täze düzümi Amerikanyň taryhynda iň şowly kanuny maksatnamasyny durmuşa geçirmäge girişdi. Wilson: „Paç nyrhlary üýtgedilmelidir. Biz ýeňilliklere meňzeş zatlaryň ählisini ortadan aýyrmalydyrys” diýdi. 1913-nji ýylyň oktýabr aýynyň 3-ünde gol çekilen Anderwudyň kanuny çig mallaryň we azyk önümleriniň esasy görnüşlerine, nah mata we ýüň önümlerine, çoýun we polada goýlan nyrhlar ep-esli kemeldi, şeýle hem, ýüzden-de gowrak haryt görnüşlerine gümrük-paç tölemezden, ýurda getirmäge rugsat berdi. Bu perman hemaýat bermegiň köp alamatyny özünde saklap, ol durmuşyň talaplaryna sarp edilýän çykdajylary kemeltmäge edilen hakyky synanyşyk boldy.

Demokratlaryň maksatnamasynyň ikinji zinesi kämilleşmedik bank we maliýe ulgamlarynyň köp wagtdan bäri garaşylýan düýpli özgerdip gurulmagy bolup durýardy. Wilson: „Gözegçilik hususy däl-de, döwlet gözegçiligi bolmalydyr, gözegçilige döwletiň özi kanuny hukuk bermelidir, banklar bolsa telekeçiligiň, hususy kärhanalaryň we görelde görkezýänleriň hojaýynlary bolmaly däl-de, olaryň elindäki gural bolmalydyr” diýip belledi.

1913-nji ýylyň 23-nji dekabryndaky Federal ätiýaçlandyryş permany Wilsonyň iň dowamly kanuny hukuk beriji üstünlikleriniň biri boldy. Işleri ýoredilip duran bank ulgamynda kabul edilen permanyň esasynda ýurduň bank ulgamyny 12 bölege bölýän we her birinde Federal ätiýaçlandyryş banky bolan we ählisi Federal ätiýaçlandyryş geňeşi tarapyndan ýolbaşçylyk edilen täze gurama işe girizildi. Bu banklar ýokarda agzalan ulgama birleşen banklaryň nagt pullary ätiýaçlandyryş goýum banklary hökmünde hyzmat etmelidi.

Federal ätiýaçlandyryş ulgamy baradaky perman kabul edilmezinden öň, ABŞ-nyň hökümeti nagt pul üpjünçilik gözegçiligi işleriniň sazlanmasy kyn bolan hususy banklaryň hasabyna ýoredilýärdi. Ol wagtlar resmi alyş-

çalyş serişdesi hökmünde altyn teňňeler ulanylýardy, köp karzlar we tölegler altyn pul bilen kepillendirilen kagyz pullar arkaly amala aşyrylýardy. Bu ulgamyň öz kynçylyklary bardy, banklar ellerinde bar bolan nagt puldan artykmaç gazanç etmäge çalyşýardylar, ol bolsa wagtal-wagtal goýumçylaryň arasynda dowul turuzýardy we olar kagyz pullaryny altyn pula öwürýärdiler. Kanunyň kabul edilmegi bilen maliýe ulgamynda uly geleşikler gazanyldy, şeýle-de telekeçiligiň talaplaryny ödemek üçin, federal ätiýaçlandyryş banky kagyz pullary goýbermegi kanunlaşdyrdy.

Trestleriň işlerini düzgünleşdirmek we korporasiýalar tarapyndan ýol berlen eden-etdilikleri derňäp öwrenmek öňde duran indiki möhüm wezipedi. Kongres federal söwda seçip alyş toparyna telekeçiligiň ştatara söwda müşgilliklerinde bäsleşigiň adalatsyz ýollaryny gadagan edýän buýruklary çykarmaga ygtyýar berdi. Ikinji perman, Kleýtonyň Trestlere garşy permany köp korporasiýa tejribelerini gadagan etdi, ýagny ony käbir ýazgarmalardan, şol sanda, merkezleşdirilen dolandyryşdan, satyn alyjylaryň arasyndaky baha kemsidilmelerinden, işçi jedellerinde görkezme bermekden we şol bir kärhanada korporasiýanyň gymmatlyklaryna eýeçilik etmekden mahrum etdi.

Mülkdarlar we beýleki işçiler ýatdan cykarylmady. Federal mülkdar karzy baradaky kanun mülkdarlar üçin döwletden elýeterli karzy pes göterim bilen almaga mümkinçilik döretdi. 1915-nji ýylyň Deňizçiler baradaky permany deňizlerdäki, köllerdäki we derýalardaky gämileriň, şeýle hem, işgärleriň durmuş we zähmet şertlerini gowulandyrdy. Federal gullukçylara öwezini dolmalar baradaky 1916-njy ýylyň permany işde ýeten şikes üçin zähmet ukybyny ýitirenligi boýunça kömek puluny tölemäge borçly etdi. Şol ýyldaky Adamsonyň permany demirýolçular üçin 8 sagatlyk iş gününi girizdi.

Şu gazanylan deňi-taýy bolmadyk üstünlikleri bilen Wilson ajaýyp özgerdijileriň biri hökmünde ABŞ-nyň taryhynda görnükli orun eýeledi. Ýöne, onuň ýurtdaky gazanan abraýy Birinji Jahan urşy sebäpli tiz wagtdan pese gaçypdy, çünki uruş döwrüniň Prezidenti hökmünde ol ýurdy ýeňşe getirse-de, uruşdan soňky parahatçylyk döwri üçin öz halkynyň goldawyny alyp bilmedi.

# DÜRLI MILLETLERIŇ ÝURDY

Hiç bir ýurduň taryhy ABŞ-nyňky ýaly göçüp gelýänler bilen şeýle jebis baglanyşykly bolan däl bolsa gerek. Diňe XX asyryň 15 ýylynyň içinde 13 milliondan-da köp adam ABŞ-na ýaşamak üçin göçüp geldi, olaryň köpüsi 1892-nji ýylda Nýu-Ýorkuň gämi duralgasynda açylan Eli-Aýlend federal göçmen merkeziniň üsti bilen geçdi. Bu merkez öňki işini dowam etmeýän-de bolsa, Eli-Aýlendden ABŞ-nyň topragyna ýaşamak üçin aýak basan millionlarça adamlara ýatlama hökmünde 1992-nji ýylda ony täzeden açdylar.

1790-njy ýylda geçirilen birinji resmi ilat ýazuwy Amerikada 3929214 ilatyň ýaşaýandygyny hasaba aldy. Ilkibaşky 13 ştatyň ilatynyň ýarsyna golaýy gelip çykyşy boýunça iňlisdi; galanlary şotland-irland, nemes, golland, fransuz, şwed, welş we fin milletlerinden gelip çykanlardy. Bu akýagyz ýewropalylaryň köpüsi protestantlardy. Ilatyň bäşden bir bölegini bolsa ezilen afrikalylar düzýärdiler.

Ilkibaşda amerikalylar ol göçüp gelýänlere arzan işçi güýji hökmünde garadylar. Şeýle çemeleşmäniň netijesi hökmünde Birleşen Ştatlara göçüp gelmäge 1920-nji ýyllara çenli bary-ýogy birnäçe resmi çäklendirmeler girizilipdi. Göçmen akymynyň artmagy bilen amerikalylar öz medeniýetleri babatda howsala düşüp ugradylar.

Esasgoýar pederleri, esasan-da Tomas Jeferson: „Ýurda dünýäniň ähli ýerinden adamlaryň göçüp gelmegini ABŞ-da goldamalymy?" diýen sowala ikirjiňlenmek bilen seslenýärdi. Garaşsyzlygyň amerikan jarnamasynyň awtory Jeferson: „Monarhiýanyň ýa-da korolyň dolandyrmagy birtopar mähelläniň dolandyrmagy bilen çalşylan ýurtlardan gelen adamlaryň elinde demokratiýa howpsuz ýaşap bilermikä?" diýen sowaly berdirýärdi. Ýöne, işçi güýçleriniň ýiti ýetmezçiligi zerarly täze gelýänleriň öňünde ýurduň gapysynyň ýapylmagyny goldaýanlar köp däldi.

XVIII asyryň ahyrynda we XIX asyryň başynda Atlantik ummanynyň üstünden geçmäge urşuň päsgel berendigi sebäpli, göçüp gelme birneme azaldy, ýewropa döwletleri bolsa öz ýurtlaryndaky goşun gullugyna gitmeli ýaşdaky ýigitleri özlerinde saklamak maksady bilen göçüp gitmegi çäklendirdiler. 1750-nji ýyldan soň lukmançylyk gullugynyň we arassaçylygyň saklanyşynyň gowulanmagynyň netijesinde Ýewropada ölümiň derejesi peseldi.

Ähli ýere yzygiderli dökün dökülmegi we bejergi işleriniň gowy geçirilmegi esasynda hasyllylyk artdy, netijede, azyk önümleri bilen üpjünçilik gowulandy. Şeýle-de bolsa, adamlaryň köpüsi özleşdirýän ýerleriniň meýdanyny şeýle bir kemeltdi welin, hatda olaryň alýan hasyly öz maşgalalaryny eklemäge-de ýetmeýärdi. Üstesine-de, senetçilik kärhanalaryndaky önümçilik mehanizasiýa arkaly senagat öwrülişiginiň pidasy boldy, fabriklerde müňlerçe senetçi işsiz galdy.

1840-njy ýylyň ortalarynda Irlandiýada kartofel keseli we Germaniýada dowamly öwrülişigiň netijesinde Amerika ýene-de millionlarça göçmen geldi. Şol bir wagtda ýurda günorta-gündogar Hytaýyň iň garyp etraplaryndan hytaý immigrantlary gelip başlady.

1890–1921-nji ýyllar aralygynda ABŞ-da 19 million çemesi göçüp gelen bardy. 1921-nji ýylda bolsa Kongres ilkinji gezek ymykly çäklendirmeler baradaky kanunlary kabul etdi. Ol göçüp gelýänleriň köpüsi Italiýadan, Russiýadan, Polşadan, Gresiýadan we Balkan ýurtlaryndan gelenlerdi. Ýewropadan beýleki ýurtlardan-da, mysal üçin, Ýaponiýadan, Kanadadan we Meksikadan adamlar gelýärdi.

1920-nji ýyllaryň başlaryna çenli iş hakynyň ýokarlandyrylmagy ugrunda göreşen işçileriň we Ku-Kluks-Klan we Göçmenligiň çäklendirilmegi ugrunda göreşmek boýunça birleşigi ýaly özleriniň jynsparaz ýa-da dini garaýyşlary esasynda immigrasiýany çäklendirmäge çagyrýanlaryň birleşigi döredildi. 1924-nji ýyldaky Jonson-Ridin göçüp gelmeler baradaky permany ýörite çäklendirilen sanawyň bellenmegi esasynda ýurda göçmenleriň gelmegi azaldy.

1930-njy ýyllardaky Beýik çökgünlik göçüp gelýänleriň sanyny has-da azaltdy. Jemgyýetçilik pikiri adaty göçüp gelýänlere, hatda ýewropadaky az sanly syýasy taýdan yzarlanýanlaryň-da göçüp gelmelerine garşydy. 1933-nji ýylda Adolf Gitler häkimiýete gelenden soň, iňňän ujypsyz sanly adam Birleşen Ştatlara gidip bildi.

Birleşen Ştatlar uruşdan soňky onýyllyklaryň dowamynda bellenen kanuny çäklendirilen sanawy ýöretdi. 1952-nji ýylda kabul edilen Makkarran Wolteriň kanunynyň tarapdarlary çäklendirilen sanawyň gowşadylmagy Birleşen Ştatlaryň içini Gündogar Ýewropadan bolan marksist içalylardan doldurar diýip heder edýärdiler.

1965-nji ýylda Kongres yurda göçüp gelmäge rugsat edilýan adam sanyny tutuş ýarymşara degişli kwotalar bilen çalşyrdy. Bu ýagdaýda ABŞ-nyň raýatlarynyň garyndaşlary we ýurduň mätäçlik çekýän hünärmenleri bolan göçmenlere artykmaçlyk berildi. 1978-nji ýylda ýarymşara degişli kwotalar tutuş dünýä üçin göz öňünde tutulyp, 290000 adama ýeten aňryçäk kwota bilen çalşyryldy. Bu san 1980-nji ýylda bosgunlar baradaky kanun kabul edilenden soň, 270-e çenli azaldyldy.

1970-nji ýyllaryň ortasyndan soň, Birleşen Ştatlara immigrantlaryň täze tapgyrlary eňdiler. Olar, esasan, Aziýadan we Latyn Amerikasy ýurlaryndandy. Häzirki zaman hasabaty aç-açan gelen immigrantlaryň ýylda 600 müň adama barabardygyny hasaba aldy.

Göçmenleriň we bosgunlaryň „göz öňünde tutulanyndan” kwotanyň has az bolandygy üçin, gizlin göçüp gelmek ýagdaýlary-da boldy. Meksikalylar we beýleki latyn amerikalylar üçin has ýokary iş hakynyň we maşgalalary üçin has kämil bilimiň we lukmançylyk gullugynyň gözleginde ABŞ-nyň günorta-günbatar serhedinden geçýärler. Şeýle-de, Irlandiýa, Hytaý we beýleki Aziýa döwletlerinden-de hemişe gizlin immigrasiýa bolup durýar. Hasaplar hemişe bir meňzeş bolmasa-da, Birleşen Ştatlaryna ýylda 600 müň immigrant gizlin gelýär.

Köne göçmen nakylynda: „Amerika özüne çekýär, amerikalylar döşüňden itýär” diýilýär. Göçüp gelýän köpçülikleýin akymyň amerikan syýasatyna, ykdysadyýetine we medeniýetine öz täsirini ýetirýändigi üçin immigrasiýa meselesiniň töweregindäki jedeller güýjedi. Ýöňe amerikalylaryň köpüsi Azatlyk heýkeliniň Birleşen Ştatlaryň nyşanydygyna, onuň elindäki çyra bolsa „altyn gapynyň” öňünde galdyrylyp, „erkin bir dem alarlyk howa mätäçlik çekýänleriň” hemmesini güler ýüz bilen garşylaýandygyna çuňňur ynanýarlar. Bu ynanç, şeýle-de, özleriniň ata-babalarynyň-da göçmen bolandygyny bilmekleri, Birleşen Ştatlaryň ähli milletleriň ýurdy bolup galmagyna ýardam edýär.


THE KITCHEN



9-NJY

BAP

# URUŞ, ABADANÇYLYK WE ÇÖKGÜNLILIK

Çökgünlik ýyllaryndaky ölmez-ödülik üçin nobat, 1930-njy ýyllar.

„Amerikan halkynyň esasy işi – işewürlikdir.”

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Kelwin Kulij, 1925-nji ýyl

## URUŞ WE BITARAP HUKUKLAR

1914-nji ýylda Ýewropada urşuň başlanmagy amerikan jemgyýetini gozgalaňa saldy. Ilkibaşda bu dartgynly ýagdaý ondan jusa uzakda ýaly bolup göründi, ýöne onuň ykdysady we syýasy täsiri okgunly we hemme ugurlarda duýuldy. 1915-nji ýyla çenli ýurduň senagatynyň ösüşiniň az-kem pese gaçmagy uruşýan döwletlere harby serişdeleriň, geýim-gejimleriň berilmegi bilen ýene ýokary galdy. Angliýa we Germaniýa ABŞ-nyň jemgyýetçilik pikirlerini öz taraplaryna çekmäge çalyşýardylar, deňizde bolsa amerikan gämileriniň üstüne hüjüm edýärdiler. Bu ýagdaýa Prezident Wilson kesgitly protest bildirdi. Şeýlelikde, Birleşen Ştatlar bilen Germaniýanyň arasyndaky gapma-garşylyk gitdigiçe çuňlaşýardy.

1915-nji ýylyň fewralynda german serkerdesi britan suwlaryna girýän ähli söwda gämilerini gark etjekdigini yglan etdi. Prezident Wilson Birleşen Ştatlaryň bitarap döwlet hökmünde deňiz arkaly söwda etmek hukugyndan el çekmejekdigini we her bir gämi we her bir adam ýitgisi üçin german hökümetinden „berk jogap” talap etjekdigini Germaniýa hökümetine duýdurdy. Tizden, 1915-nji ýylyň baharynda, 128-i ABŞ-nyň raýaty bolan 1200 ýolagçyly „Luiziana” atly britan gämisi nemesler tarapyndan gark edilende, Amerikanyň gahar-gazap takaty iň soňky çägine baryp ýetdi.

Birleşen Ştatlaryň urşa girişmeginden howatyrlanyp, german hökümeti öz suwasty gämileriniň serkerdelerine öňünden duýdurman, hatda, duşman gämilerini-de oka tutmagy gadagan etdi. Ýöne, 1915-nji ýylyň 19-njy awgustynda bu görkezme berjaý edilmän, iňlisleriň „Arabik” gämisi duýduryşsyz gark edildi. 1916-njy ýylyň 24-nji martynda nemesler fransuzlaryň „Sasseks” gämisini oka tutdular. Şonda ABŞ-nyň birnäçe raýaty heläk boldy. Wilson Germaniýa ultimatum bermek bilen ondan beýle tärde suwasty urşuny geçirmegini bes etmegi talap etdi, başgaça ýagdaýda ilçilik gatnaşyklaryny kesiljekdigini duýdurdy. Germaniýa eglişige gitdi.

Netijede, şol ýyl Wilson saýlawlarda üstün çykdy, oňa demokratlaryň „Ol bizi uruşdan saklady” diýen meşhur şygary-da uly goldaw berdi. 1917-nji ýylyň ýanwarynda Senatda çykyş edip, „ýeňişsiz parahatçylyga” çagyrdy we

şeýle parahatçylygyň has dowamly bolýandygyny aýtdy.

## BIRLEŞEN ŞTATLAR I JAHAN URŞUNA GIRÝÄR

1917-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda Germaniýa çäklendirilmedik suwasty urşuna täzeden başlaýandygyny yglan etdi. 1917-nji ýylyň 2-nji aprelinde, amerikan gämileriniň 5-si gark edilenden soň, uruş baradaky beýannamanyň kabul edilmegini talap edip, Prezident Wilson Kongrese ýüzlendi. ABŞ-nyň hökümeti harby güýçleri toplamaga, senagaty we oba hojalygyny harby ýola gönükdirmäge haýal etmän girişdi. 1918-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli 1 million 750 müň esgerdir ofiserden ybarat bolan amerikan goşuny Fransiýada jemlendi.

ABŞ-nyň harby gämileri britan deňiz goşunyna suwasty gabawy böwüsmäge kömek etdiler. 1918-nji ýylyň tomsunda bolsa täze amerikan güýçleri nemesleriň gury ýerdäki hüjümini yza serpikdirmekde aýgytly hereket etdiler. Noýabr aýynda bir milliondan-da köp amerikaly Maas-Argon harby hüjümini geçirmäge gatnaşdy we üstünlikli zarba urmak bilen öwgüli „Gidenburg" serhedini böwüsdi.

Wilson Ýaran ýurtlaryň we ABŞ-nyň uruşdaky maksadynyň german halky bilen däl-de, german korollyk hökümeti bilen göreşdigini kesgitläp, urşuň basym gutarmagyna uly ýardam etdi. 1918-nji ýylyň ýanwarynda adalatly parahatçylygy berkarar etmek üçin esas hökmünde Senata hödürlenen Wilsonyň ýörgünli „14 bölümden" ybarat gizlin halkara ylalaşygyny we olary açyk şertnamalar bilen çalyşmagy gadagan etmegi, deňizleriň we söwdanyň erkinliginiň kepillendirilmegini, ýurtlaryň arasyndaky ykdysady päsgelçilikleri aýyrmagy, ýaraglary azaltmagy, basylyp alnan ýerleriň ilatynyň bähbidini arap, basybalyjylykly jedelleriň çözülmegini göz öňünde tutýar. Beýleki bölümler ýewropa ýurtlarynyň öz ykballaryny özleriniň çözmegine we erkin ykdysady ösüşine degişlidir. Wilsonyň 14 bölümi „beýik we kiçi döwletleriň syýasy garaşsyzlygynyň we territorial bütewiliginiň özara kepilligini" üpjün etmek üçin milletleriň ýaranlygyny döretmek pikirine ak pata berdi.

1918-nji ýylyň tomsunda, goşunlary derbi-dagyn edilip, yza çekilmäge başlanda, Germaniýa „14 bolümiň" esasynda ýaraşyk barada gepleşiklere başlamak teklibi bilen Wilsona ýüzlendi, ýöne bu teklibe görä, harby adamlaryň nemes halkyndan gelip çykýandygyna göz ýetirip, Wilson ýaran ýurtlaryň makullajakdygyna kepil geçdi we 1918-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Germaniýa bilen ýaraşyk baradaky ylalaşyk gazanyldy.

## MILLI BIRLEŞIK

Wilson ýaraşygyň gutarnykly şertleri, gepleşigiň barşynda işlenip düzüler diýip umyt edýärdi, ýöne şöl bir wagtyň özünde-de ýaran ýurtlar kelle gyzgynyna Germaniýa aşa talaplar bildirerler öýdüp heder edýärdi. Ol bu babatda-da ýalňyşmandy. Onuň Milli birleşik döretmek ýaly, parahatçylykly beýik maksadynyň özi tarapyndan ýaran ýurtlara eglişik bolmasa, amala aşmajagyna düşünip, ol Wersaldaky ýaraşyk baradaky gepleşiklerde ýuwaş-ýuwaşdan bölümme-bölüm yza tesdi. Dogrusy, ol käbir zatlar babatda öz gepini gögertdi: ýagny Italiýanyň Fýum deňiz duralgasynyň dawasyna garşy çykdy; Fransiýanyň premýer-ministri Klemansonyň Germaniýadan Reýn welaýatyny we Saar kömür känini aljak bolmagyna garşy çykdy; mundan ötri-de, ýaran ýurtlaryň ähli harby çykdajylarynyň jemine bara-

bar pul bilen öwezini dolma teklibine hem garşy çykdy.

Wilsonyň parahatçylygy goldamaga gönükdirilen maksatnamasynyň gowy taraplary barada aýdylanda, onda Milletler birleşigini döretmek baradaky teklipden başga gepleşikleriň ahyryna çenli hiç hili göwnejaý teklip galmady diýen ýalydy. Täleýiň emrine görä, ony döredijiniň özüne onuň öz ýurdunda birleşige agza bolmakdan ýüz öwrülmegini görmek miýesser etdi. Wakalaryň beýle netijelere duçar bolmagy Wilsonyň özüniň goýberen hatalary bilen düşündirilýärdi. Ol respublikaçy garşydaşlaryň ýolbaşçysyny wekil hökmünde Parižde geçýän parahatçylykly gepleşiklere ibermänligi bilen syýasy ýalňyşlyk goýberipdi. Ol ABŞ-a dolanyp gelenden soň bolsa, Milletler birleşiginiň döredilmegini makullamak üçin zerur bolan sähelçe eglişige gitmigi-de ret etdi (çünki şol wagt ABŞ-nyň Senatynda respublikaçylar agdyklyk edýärdi).

Waşingtonda ýeňlişe sezewar bolup, Wilson saýlawçylary öz tarapyna çekmek niýeti bilen ençeme ştata ündew işi bilen aýlandy. Ýöne, onuň saglygy Wersal konferensiýasyndaky ummasyz uly nerw dartgynlygy we uruş wagtynda ýurdy dolandyrmakda düşen agramlar bilen juda ýaramazlaşypdy. 1919-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Puetlo şäherinde (Kolorado ştaty) Wilson ysmaz keseline uçrady we ondan açylyp bilmedi. 1920-nji ýylyň mart aýynda Senat uzak ara alyp maslahatlaşmalardan soň Birleşen Ştatlar tarapyndan Wersal ylalaşygyny-da, Milli birleşigiň tertipnamasyny-da makullamagy ret etdi. Netijede, ABŞ we Orusýet agzalyga girmänlerinden soň, Milletler birleşigi gowşak gurama bolmagynda galdy.

Wilsonyň uruş we parahatçylyk üçin ahlak we hukuk esaslarynyň bolmagynyň zerurlygyna ynamy ýurdy ruhlandyrdy, ýöne hakykat bu ýörelgelere eýermekden daşda boldy we Wilsonyň öňbaşçylygy göwnüçökgünlik bilen ýerini çalyşdy, ýurduň özi bolsa daşary syýasatda çetleşmäge çalyşdy.

## URUŞDAN SOŇKY BIDÜZGÜNÇILIKLER

Uruşdan parahatçylykly döwre geçmek köpler üçin ýeňil-ýelpaý iş bolmady. 1917-nji ýylda Ýewropadaky uly dümew ýaýramasy, 1918-nji ýylyň baharynda Birleşen Ştatlarada gelip ýetdi. Dümewden bir ýylyň dowamynda doly saplanylýança, ýurduň ilatynyň ýarym millionyndan-da köpüsiniň ömür tanapy kesildi.

Uruşdan soňky az wagtlyk ykdysady şowhunly ösüş gelejege uly umytlary döretdi, ykdysadyýet kadaly ýagdaýa gelenden soň bolsa, ol umytlar puç bolup gitdi. Işçiler gün-güzeran görmegiň kynlaşmagyndan, iş gününiň dowamlylygyndan we ýolbaşçylyk edilişinden nägilediler. Diňe 1919-njy ýylda 4 milliondan-da köp işçi iş taşlaýşa çykdy. Şol ýylyň tomsunda iş taşlaýyş bütin demirgazygy we günortany gaplady. Her niçik-de bolsa, ýurdy güýçli galagopluga salan waka iki ýyl ozal ABŞ-nyň çäklerinden uzakda bolup geçipdi. Ol Russiýada 1917-nji ýylda bolan bolşewik öwrülşigidi. Russiýada az sanly adamdan ybarat topar häkimiýeti eýeländen soň, amerikalylar şeýle toparyň öz ýurtlarynda hem ýüze çykmagyndan heder etdiler. 1919-njy ýylyň aprelinde tanymal raýatlara ýollanan 40-a golaý bomba aragatnaşyk gullukçylary tarapyndan ele salnanda, gorky hasda güýjedi.

Baş kazy Mitçel Palmer Adalat ministrliginiň içinde täze umumy derňew bölümini döretdi we oňa Edgar Guweri ýolbaşçy edip belledi. Guwer düýpli

ýörelgeler boýunça delilller ýygnamaga girişdi. Onuň dürli guramalary barlamagy bolsa köp adamlaryň ýurtdan çykarylmagyna ýa-da kowulmagyna getirdi. Palmeriň ýakymsyz duýduryşy ýurtda „gyzyl howsalany" öjükdirmegi dowam etdiren-de bolsa, ol howsalanyň başa barmagy puja çykdy; 1920-nji ýylyň tomsuna çenli amerikalylar Birleşen Ştatlara baş-başdaklygyň howp salmaýandygyna düşündiler.

## ABŞ-NYŇ 1920-NJI ÝYLLARDA ÖSÜŞI

1920-nji ýyldaky prezident saýlawlarynda Respublikan partiýanyň wekili kandidat Worren Gardingiň ajaýyp ýeňşi Wilsonyň internasionalizminiň we idealizminiň umumy ret edilmesiniň subutnamasy boldy. Bu babatda žurnalist Wilýam Allen Waýt: „Amerikalylar aladalardan ýadadylar, olaryň nusga alarlykly bolmak ýüregine düşdi we oňa derek olar pähimli bolmaly" diýip ýazdy.

1920-nji ýylyň saýlawlarynda Amerikanyň taryhynda ilkinji gezek ýurduň ähli ýerinde prezidentlige kandidatlar üçin aýal-gyzlar-da ses berdiler. 1919-njy ýylda Kongres Konstitusiýanyň 19-njy düzedişini makullamak üçin ştatlara berdi, olarda geljek ýyl Amerikanyň aýal-gyzlary saýlawlara baryp, kandidatlaryň atlary ýazylan kagyzlary ses berilýän gutujyklara oklap bilmekleri üçin, düzedişi gijikdirmän tassykladylar.

1920-nji ýyllarda, esasan, şäherlerde ýurduň ykdysadyýeti gülläp ösdi, oňada adatdan daşary konserwatiw syýasat ýardam etdi. Ol syýasat „eger-de döwlet hususy telekeçiligiň ösmegi üçin mümkin bolan şertleri döretse, ilatyň ähli gatlagynyň hal-ýagdaýy ýokarlanar" diýen pikire esaslanýardy.

Bu ugurda hereket etmek bilen, dolandyryjy respublikaçy partiýa senagat önümçiligi üçin iň amatly şertleri döretmäge çalyşdy. 1922-nji we 1930-njy ýyllarda ýene-de ABŞ-nyň senagatçylary içerki bazarda agalygy kepillendirýän nyrh göterimlerini ýokarlandyrdy. Şunuň ýaly nyrh kanunlarynyň ikinjisi bolan Smut-Houlyň kanuny daşary ýurtlardan gelýän harytlara gümrük salgydyny şeýle bir ýokary galdydy welin, münden gowrak amerikan ykdysatçysy Prezident Gerbert Guwerden ony gadagan etmegi towakga etdi. Bu wakalar beýleki ýurtlaryň Birleşen Ştatlara gymmat düşjek jogap hereketleriniň boljakdygy baradaky çaklamalarynyň dogry çykandygyny tassykladylar. Şol bir wagtyň özünde federal hökümet salgytlaryň derejesini peseltmäge girişdi, çünki, maliýe ministri Ändru Mellonyň pikiriçe, ýokary girdeji salgydy adamlary täze senagat kärhanalara maýa goýmaga höweslendirmeýär diýip hasaplandy. 1921–1929-njy ýyllar aralygynda kabul edilen birtopar kanunda, Kongres uruş wagtynda girizilen girdeji salgydynyň, artykmaç girdeji salgydynyň we korporasiýa salgydynyň ýatyrylmagy ýa-da kemeldilmegi baradaky tekliplerine gyzyklanma bilen jogap berdi.

Garding döwründe wise-prezident bolan we 1923-nji ýylda Garding aradan çykandan soň, 1924-nji ýylda ABŞ-nyň Prezidenti bolan Wermontda doglan, gönümel häsiýetli Kelwin Kulij: „Amerikanyň baş pişesi – işewürlikdir" diýip yglan etdi. Kulij respublikaçy partiýanyň konserwatiw ykdysady syýasatyna tarap ýoly has uly üstünlik bilen ugrukdyrdy, Gardingiň welin beýle etmäge ukybyda ýetmedi, onuň dolandyryjylarynyň korrupsiýa ýüz urandyklary bolsa Prezidentiň ölüminden birnäçe aý öň äşgär bolupdy.

Ýigriminji ýyllarda hususy telekeçilik döwletden saldamly kömek aldy, şol sanda olara firmalaryň gurluşygy üçin karzlar, ýükleri uly gaplarda daşamak üçin, bähbitli bolan şertnamalar ýaly gytaklaýyn kömekler-de berildi. 1920-nji ýyldaky aragatnaşyk baradaky kanun uruş döwründe berk gözegçilik astynda bolan demirýollary hususy eýelerine gaýtaryp berdi. 1917–1920-nji ýyllarda deňiz üsti söwda döwlet eýeçiligindedi. Ol-da hususy eýeçilige berildi.

Şol bir wagtda respublikaçylaryň oba hojalyk syýasaty barha köp tankytlanýardy, sebäbi 20-nji ýyllardaky pajarlap ösüş mülkdarlara öz täsirini ýetirmedi diýen ýalydy. 1900–1920-nji ýyllarda ABŞ-nyň oba hojalygynda ýagdaý amatly boldy, onuň önümlerine bolan bahalar ýokarlandy, esasan-da, uruş ýyllarynda azyk önümlerine isleg aşa artanda nyrhlar ýokarlandy we önüm öndürilişini höweslendirdi. Mülkdarlar uzak wagtlap ekilmedik ýa-da tarp we tozap ýatan ýerleri özleşdirdiler. Olaryň pul girdejileri iki, käbir ýerlerde üç esse artdy. Olar öň satyn almaga milt edip bilmedik harytlaryny we oba hojalyk maşynlaryny satyn almaga başladylar, ýöne 1920-nji ýylyň ahyrynda daşary ýurt islegi üzülkesil azalandan soň, möhüm azyk önümlerini öndürmäge ýöriteleşen täjir-söwda hojalyklarynyň ýagdaýy erbetleşdi. Oba hojalygynda pese gaçyşlyga şert döreden delil köpdi, olaryň iň esasysy welin daşarky bazarlaryň ýitirilmegi bilen baglanyşyklydy. Mülkdarlar ABŞ-nyň daşary ýurtdan getirilýän harytlara ýokary nyrhlar bellenenligi üçin, döwlet söwdasynyň işini togtadan etraplarynda öz önümlerini erkin ýerleşdirip bilmeýärdiler. Dünýä bazarlarynyň gapylary olaryň öňünde kem-kemden ýapylýardy. 30-njy ýyllaryň umumy ykdysady çykgynsyz ýagdaýy mülkdarlaryň ýagdaýyny has-da kynlaşdyrdy.

## GÖÇÜP GELÝÄNLERIŇ ÜSTÜNDÄKI DAWALAR

Ýigriminji ýyllarda göçüp gelmegiň çäklendirilmegi syýasy ugruň özgermegine itergi berdi. Immigrasiýa XIX asyryň ahyrynda güýçlendi we XX asyryň başlarynda iň ýokary derejesine baryp ýetdi. 1900–1915-nji ýyllar aralygynda ABŞ-na, esasan, Günorta we Gündogar Ýewropadan 13 milliondanda köp adam göçüp geldi. Olaryň köpüsi ýewreýler we katoliklerdi. Bu ýagdaý, aýratyn-da, öňden otrumly iňlis-sakslary we protestantlary biynjalyk etdi. Olaryň käbirleri täze gelýänlere ýigrenç bilen garadylar, sebäbi olar az hak tölenýän iş ugrunda bäsleşýärdiler, beýlekiler bolsa, ýagny täze göçüp gelenler köne däpdessurlara eýerip, şäheriň az sanly dürli milletleriniň wekilleriniň ýaşaýan ýerlerinde ýaşaýardylar we amerikan medeniýetine uýgunlaşmaga garşylyk görkezýärdiler.

Birinji Jahan urşundan soňky immigrasiýa tolkunynyň netijesinde milletçilik meýilleri güýçlendi. Ýöne, herekete gelen we täzeden gurnalan Ku-kluks-klan guramasy „100 göterim amerikalaşdyrmaklyga” çagyrdy. Täzeden gurmak Klanyndan tapawutlylykda ýurduň ýerli akýagyz protestantlaryny agzalyga almaklygy çäklendirdiler. Olar katolikleriň, ýewreýleriň we immigrantlaryň, şeýle-de afro-amerikalylaryň garşysyna göreşdiler. Öz duşmanlaryny „täzeden seljerip”, Klan öz eýerijilerini demirgazygyň we orta günbataryň käbir bölümlerine çenli giňeltdi we şoňa laýyklykda guramanyň agza sany-da artdy.

Göçüp gelmelere garşy meýilleri 1924–1929-njy ýyllardaky göçüp gelýänleriň sanyny çäklendirmek baradaky kanunlara öwrülen ençeme kararlara öz täsirini ýetirdi. Ol bir ýylda 150000

adam bilen çäklendirildi, hemişelik ýaşamaga gelenleri bolsa 1920-nji ýylda eýýäm ABŞ-da ýaşap ýören ildeşleriniň sanyna laýyklykda bölüşdirdiler. Şeýle çäklendirmeleriň maksatlarynyň biri jynsparaz guramalaryň çagyryşlaryny gowşatmakdy; 1930-njy ýyllaryň Beýik çökgünligi immigrasiýa akymynyň üzül-kesil azalmagyna getirdi.

## MEDENIÝETLERIŇ ÇAKNYŞYGY

Amerikalylaryň käbiri maşgala we diniň daşyna jemlenmek bilen 1920-nji ýyllaryň durmuş talaplaryny kanagatlandyryp bolmaýandygyny aýdýardylar, sebäbi ösýän şäher we dünýewi jemgyýet obanyň köne däp-dessurlary bilen çaknyşýardy. Billi Sandeý ýaly wagyzçy-esaslandyryjylar, mysal üçin, öň birmahal professional beýsbolçy, soňra wagyz ýörediji, ýönekeý geçmişe dolanmak ugrunda göreşenler üçin çykalga bolupdylar.

Ähtimal, esaslandyryjylaryň biologiki özgerişiň darwinçilik düşündirişine garşy dini wagyz düşündirişini goramak üçin eden haçly ýörişi bu meýilleriň iň dartgynlylygynyň ýüze çykmasy bolan bolsa gerek. 1920-nji ýylda ewolýusiýadan sapak bermegi gadagan etmek baradaky kanun taslamalary Orta Günbataryň we Günortanyň kanun çykaryjy edaralarynda peýda bolup başlady. Bu ýörişiň başynda eýýäm ýaş bolmadyk Wilýam Jenniňs Braýan durýardy, ol özüniň ewolýusiýa garşy işjeňligini, özüniň irki düýpli ykdysady teklipleri bilen ussatlarça utgaşdyrýardy we ewolýusiýa „ruhy taýdan täzeden döremegiň zerurlygyny ýa-da mümkindigini inkär etmek bilen özgertmelere ýardam etmeýär” diýip nygtaýýardy. Bu mesele, esasan-da, 1925-nji ýylda Tennesi ştatynda, raýat hukuklarynyň Amerikan ýaranlygynyň agzasy bolan ýurtda ilkinji gezek ewolýusiýanyň garşysyna duran kanuna garşy çykyş edende çylşyrymlaşdy. Ýokary synplaryň ýaş mugallymy Jon Skoupsyň garşysyna biologiýa sapaklarynda ewolýusiýany okatmakda günäläp, kazyýet işini gozgadylar. Kazyýet işi jemgyýetçiligiň ünsüni özüne çekdi, ştata wekilçilik eden Braýan bolsa aklawçy Klerens Darrow tarapyndan gazaply soraga sezewar edildi. Skoupsa ýyl kesildi, ýöne azat edildi, Braýan bolsa kazyýet işi gutarandan birnäçe günden soň aradan çykdy.

Medeniýetleriň esaslandyryjylykly çaknyşyklary barada başga bir mysal, olda has güýçli milli ähmiýeti bolan „spirtli içgilere girizilen gadaganlykdyr”. 1919-njy ýylda, ýüz ýyllap ündew edilenden soň, Konstitusiýa spirtli içgileri öndürmegi, satmagy we ýurda getirmegi gadagan edýän 18-nji düzediş girizildi. Amerikan jemgyýetinde bolan meýhanalary we beýleki içgi içilýän köpçülik ýerleri ýok etmäge gönükdirilen „gury kanun” „bikanun spirtli içgileriň söwdasy” diýlip atlandyrylan müňlerçe gizlin içgihanalaryň we „spiikiziiz” ady bilen mälim bolan ogrynça spirtli içgileriň getirilýän mesgenleriniň – ogryn düşewüntli söwdanyň döremegine getirdi. Spirtli içgileri gadagan edýän kanuny aňladýan kämahallar „paýhasly synag” diýlip atlandyrylan gadaganlyk kanuny 1933-nji ýylda ýatyryldy.

Jaz eýýamy, „şowhunly 20-nji ýyllar” we ýene-de şuňa meňzeşler diýlip atlandyrylan jemgyýetçilik we akyl-paýhas öwrülişikleri şol döwrüň din we „içgisizlik kanuny” ýaly bir sapaga düzülen paýhassyz çäklednirmelerine şol döwrüň özboluşly garaýşyna öwrüldi. Amerikan ýaşlarynyň, esasan-da, kollejdäkileriň gylyk-häsiýetlerindäki, ahlak gylyklaryndaky we geýim-gejimlerindäki özgerişlikler köpleri haýran

galdyrdy. Žurnalist we tankytçy, amerikan durmuşyndaky ähli galplyklary we satlyk zatlary deňi-taýy bolmadyk derejede paş eden Genri Menkon şol döwrüň akyldarlarynyň biri bolupdy. Ýazyjy Skot Fitsjerald şol onýyllyklaryň ähli güýç-kuwwatyny we lapykeçliklerini öz gysgajyk hekaýalarynda we „Beýik Getsbi" ýaly çeper eserlerinde beýan edipdi.

Fitsjerald ABŞ-nyň durmuşynyň baýlyga gyzanlygyndan we boşlugyndan lapykeç bolan, uruşdan soňky „ýitirilen nesil" diýlip atlandyrylan ýazyjylaryň we pähimlileriň uly bolmadyk, ýöne täsirli hereketiniň bir bölegidi. Olaryň köpüsi, hususan-da, hereketiň iň meşhur agzasy – ýazyjy Ernest Hemingweý – Ýewropa göçüp, Parižde göçmen bolup ýaşady.

Afrikadan bolan amerikalylar-da milli öz-özüňi tankytlama döwrüni başdan geçirdiler. 1910 we 1930-njy ýyllar aralygynda garaýagyzlardan iňňän köp adam günortadan demirgazyga göçdüler. Ol göçüşlik 1915–1916-njy ýyllarda iň ýokary derejä baryp ýetdi. Olaryň köpüsi Detroýt we Çikago ýaly ösen şäherlerde ýerleşdiler. Ol ýerlerde yzagalak günorta bilen deňeşdireniňde iş we şahsy erkinlik üçin köp mümkinçilikler bardy. 1910-njy ýylda W.E.B. Dýubua we beýleki akyldarlar garaýagyzlaryň hereketiniň Milli birleşigini esaslandyrdylar. Bu gurama garaýagyz amerikalylara wagtyň geçmegi bilen barha güýçlenýän milli seslerine erk etmäge ýardam etdi.

Şol bir wagtda „Garlem dikeldiş" diýlip atlandyrylan ýazyjylaryň we nakgaşlaryň afro-amerikan hereketi döredi. „Ýitirilen nesil" mysaly, Lengston Hugs ýaly bu ýazyjylar-da orta synpyň gymmatlyklaryny, hatda, olar hakyky amerikan durmuşyny beýan edýän-de bolsalar, şertli edebiýat şekillerini ret edýärdiler.

## ULY ÇÖKGÜNLIK

1929-njy ýylyň oktýabrynda gymmat bahaly kagyzlaryň bazarynyň tozmagy bilen, olaryň 40 göterimi gymmatyny ýitirdi, ýöne şol tozmadan soňrada syýasatçylar we iri senagat eýeleri ýurduň ykdysadyýeti barada ruhybelent çaklamalaryny bes etmediler. Ýöne welin, çökgünlik güýjeýärdi we süýşürintgilerini goýan goýumçylar ömürboýy toplan pullaryndan el üzmeli bolýardylar. 1933-nji ýylda Nýu-Ýork biržasynda gymmat bahaly kagyzlaryň nyrhy 1929-njy ýyldaky nyrhynyň bäşden birinden-de az boldy. Telekeçileriň edaralary ýapyldy, fabriklerde iş ýatdy, banklar tozdy. Mülkdarlaryň girdejisi 50 göterim peseldi. 1932-nji ýyla çenli her dördünji amerikaly işsiz galdy.

Bu meseleleriň düýp özeni öndüriji güýçleriň ösüş derejesiniň we harç ediş derejesiniň arasyndaky tapawudyň önümçiligiň enjamlaşdyrylyşy bilen delillendirilip, şonuň netijesinde uruşdan soň goýberilýän önümiň möçberi amerikan mülkdarlarynyň, işçileriniň we gullukçylarynyň satyn alyş ukybyndan ozup geçdi. Baý ýokary gatlagyň we orta synpyň artykmaç süýşürintgileri biparh harçlandy; gymmat bahaly kagyzlara we binalaryň bähbitlerine sowruldy. Gymmatly kagyzlar bazarynyň batmagy birža nebsewürliginiň yraň atyp duran ymaratyny ýer bilen ýegsan eden sebäpleriň ilkinjisi boldy.

1932-nji ýylyň prezident saýlawlary „uly çökgünligiň" sebäpleri we ondan çykmagyň mümkinçilikleri baradaky çekişmelere öwrüldi. Gerbert Guweriňki şowuna bolmady. Ol biržanyň tozmagyndan 8 aý öň Ak Tamda prezidentlik wezipesine girişip, bar güýji bilen senagatyň tigrini ýene aýlandyrmaga çalşypdy. Ýöne ol federal hökümetiň ykdysadyýetdäki wajyplygy baradaky

däbe öwrülen düşünjäniň ýesiridi we şol sebäpli, aýgytly çäreleri görüp bilmedi. Onuň demokratik partiýadan bolan garşydaşy Nýu-Ýork ştatynyň gubernatory wezipesinde ykdysady çykgynsyzlygyň ilkinji ýyllarynda meşhurlyk gazanan Franklin Delano Ruzwelt respublikaçylaryň 20-nji ýyllarda ýöreden syýasaty netijesinde güýçlenen Amerikanyň ykdysadyýetiniň içerki ösüşleriniň netijesinde çökgünligiň ýüze çykandygyny subut etdi. Guweriň pikiriçe, ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň sagdyn esasy bolup, oňa Birinji Jahan urşy zerarly ýüze çykan halkara ykdysady we syýasy çykgynsyzlyklaryň täsiri ýetipdi. Guweriň ykdysadyýeti dikeltmek we çykgynsyzlykdan baş alyp çykmak üçin tebigy ýagdaýlara bil baglamaga çalyşmagy ýokary delillere esaslanýardy. Ruzwelt welin, federal hökümetiň häkimligini bu ugurda synag geçirmekde peýdalanmagy özüne makul bildi.

Ol saýlawlarda 22,8 million ses alyp, ajaýyp ýeňiş gazandy, Guwer üçin bolsa 15,7 million adam ses berdi. Birleşen Ştatlar ykdysady we syýasy özgerişlikleriň täze eýýamynyň bosagasynda durdy. ◇





# 10-NJY BAP

# „TÄZEÇE ÇEMELEŞIŞ” MAKSATNAMASY WE JAHAN URŞY

ABŞ-nyň „Günbatar Wirjiniýa” we „Tennesi” atly harby gämileri ýaponlaryň Perl-Harbora eden hüjüminden soň.

„Biz demokratiýanyň beýik mesgeni bolmalydyrys."

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Franklin Ruzwelt, 1941-nji ýyl

## RUZWELT WE „TÄZEÇE ÇEMELEŞIŞ"

1933-nji ýylda täze saýlanan Prezident Franklin Ruzwelt ynamly we ruhybelentlik bilen işe başlady, onuň bu häsiýetleri adamlary „täzeçe çemeleşiş" atly maksatnamasynyň baýdagy astynda birleşdirdi. „Biziň gorkmaly ýeke-täk zadymyz, bu – gorkynyň özüdir" diýip, ol özüniň prezidentlik wezipesine girişmegi mynasybetli eden çykyşynda aýtdy.

Täzeçe çemeleşme maksatnamasy belli bir derejede eýýäm günbatar ýewropa ýurtlarynyň ençemesinde geçirilen özgertmeleri Birleşen Ştatlarda hem geçirmegi aňladýardy. Üstesine-de, ol kapitalizm döwründe döwlet gözegçiliginiň erkinlik syýasatynyň ýatyrylmagy baradaky akymyň uzak wagtlap dowam edip, iň soňky nokadyna baryp ýetendigini, ýagny 1880-nji ýyllarda demirýollaryň düzgünleşdirilmeginden başlanan, Ruzweltiň we Wilsonyň milli özgertme eýýamynyň kanun çykaryjy edaralarynyň ösen eýýamynda girizilipdi.

ABŞ-da täzeçe çemeleşmäniň şeýle çaltlyk bilen ýerine ýetirilmegi, dogrudan-da, täzelik boldy, çünki şeýle işleri durmuşa geçirmek üçin ençeme onýyllyklar gerek bolýardy. Ýöne, köp özgertmeler howul-hara taýýarlanypdy we ýeterlik depginde geçirilmeýärdi, kähalatda-ha asla biri-birine garşy gelýärdi. Täzeçe çemeleşme maksatnamasynyň kararlarynyň çalt kabul edilmegi we amala aşyrylmagy tankyt üçin we erkin ara alyp maslahatlaşmak üçin açyklygyna galýardy. Ol ýene-de amerikalylarda öz döwletiniň işine gyzyklanma döretdi. Ýurduň bank we karz beriş ulgamy Ruzwelt prezidentlik kasamyny kabul eden wagtynda togtan ýagdaýynda diýen ýalydy.

Hökümet isleg bildirilýän harytlaryň bahasyny galdyrmak we bergidarlaryň ýagdaýyny ýeňletmek üçin, puluň orta hal hümmetsizligini döretmek barada karar kabul edenden soň, banklar şeýle haýran galdyryjy depginde açylyp başladylar. Täze milli banklar ýeňil şertler bilen senagata we oba hojalygyna karz berdiler. Bank goýumlaryna 50000 dollara çenli möçberde ätiýaçlyk girizildi, biržada gymmat bahaly kagyzlary alyp-satmak işi berk gözegçilige alyndy.

## IŞSIZLIK

1933-nji ýyla çenli millionlarça amerikaly işsizdi. Uly şäherlerde çörek üçin nobata durmak adaty ýagdaýa öwrülipdi. Ýüzlerçe müň adam ölmez-ödi gün görýärdi. Işdir sümelge gözläp, ýurduň köp ýerinde selpeşip ýörenleriň sany köpdi. „Şaý pul bolsa hem berseňizläň, dogan jan?" diýip, meşhur aýdymlarda gaýtalama edilip aýdylýardy.

Işsizler üçin ilkibaşda Raýat goragynyň işjeň toparynyň döredilmegi işsizler üçin birinji maksatnama boldy. Kongres on sekiz–ýigrimi bäş ýaşa çenli bolan ýaşlary iş bilen üpjün etmek baradaky maksatnamany kabul etdi. Bu maksatnama ýarym harby häsiýetli bolup, işsiz ýaş adamlara aýda 30 dollara golaý hak berip, iş lagerlerine hakyna tutmak bilen meşgullanýardy. Onýyllygyň dowamynda bu maksatnama 2 milliona golaý ýaşlar gatnaşdy. Olar dürli tebigaty goraýyş maksatnamalarynyň taslamalaryna gatnaşdylar: topragyň üstki gatlagynyň ýuwlup gitmeginiň garşysyna agaç nahallaryny oturdýardylar, ýurduň tokaý baýlygyny berkidýärdiler we akaba suwlaryň hapalanmagynyň öňüni almak ugrunda göreşýärdiler; balyklar, ýabany haýwanlar we guşlar üçin goraghanalar döredýärdiler; daş kömür, nebit, slans, gaz, natriý we geliý çykýan ýerleriň goragy bilen meşgul bolýardylar.

Raýatlaryň iş bilen üpjinçiligi meseleleri boýunça edaranyň döredilmeginde iş ýerleriniň ýetmezçilik meselesini çözmäge kömek etdi. Emeli ýol arkaly iş ornuny döretmekde aýyplanyp, ýiti tankyt edilen-de bolsa, ol döwlet tarapyndan pul kömegi berilýän, ýagny aryk gazmakdan garaýollary bejermäge we mugallymçylyga çenli dürlüligi öz içine alýan goşmaça iş bilen üpjün edýärdi. Ol 1933-nji ýylyň noýabrynda açylyp, 1934-nji ýylyň baharynda-da ýapyldy, ýöne Ruzwelt we onuň topary işsizligi ýok etmek babatyndaky islendik maksatnamany goldamaklaryny dowam etdiler.

## OBA HOJALYK

Täzeçe çemeleşme maksatnamasynyň durmuşa geçirilýän wagtyna mahsus bolan bir ynanç bardy. Ol hem has köpüräk düzgünleşdirmeler ýurduň köp meselesini çözer diýen ynamdy. Mysal üçin, 1933-njy ýylda Kongres mülkdarlara ýeňillik bermek maksady bilen kanun kabul etdi. Ol kanunyň meýilnamasynyň düýp manysy önümiň bahasyny galdyryp, mülkdarlara goşmaça töleg bilen önümçiligiň meýletin kemeldilmeginiň öwezini dolmak göz öňünde tutuldy. Mülkdarlara tölemek üçin serişde oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat kärhanalaryna salynýan salgytlaryň hasabyna döredilmelidi. Taslama görnüşinden kanun şekilini alan wagtynda eýýäm ekişiň gyzgalaňly döwri dowam edýärdi we mülkdarlar eýýäm artykmaçlygy bolan ekinleriň ekişini dowam edýärdiler. Oba hojalyk ministri Genri Wollis bu ýagdaýy: „Biziň siwilizasiýamyza aklyňy haýran edíji düşündiriş" diýip atlandyrdy. Şeýle-de bolsa, oba hojalygyny bazaryň talabyna laýyklykda özgertmek permanynyň haryt-karz korporasiýasynyň – ambarlarda saklanýan we bazara cykarylmaýan hasyl üçin niýetlenen maksatnamanyň kömegi bilen önümçiligi peseltmek başartdy.

1932–1935-nji ýyllar aralygynda oba hojalyk girdejisi 50 göterimden-de köpräk artdy, emma bu girdeji federal maksatnamalar sebäpli, bölekleýin yokary galdy. Şol ýyllar aralygynda mülkdarlar kärendeçilere we paýçylara önümçilik ýerlerinden bermeklige höweslendirilipdiler we bu döwürde

Beýik sähralygyň sebitine girýän ştatlara ýowuz gurakçylygyň gelmegi oba hojalyk önümleriniň öndürilişiniň ep-esli kemelmegine getirdi.

„Tozanly okara” adyny alan gazaply ýeller we tozanly tupanlar günortadaky Beýik sähralyklary weýran edipdi, ol, aýratyn-da, 1935–1938-nji ýyllarda güýçli boldy. Ekinler ýok edildi, maşynlar sandan çykdy, adamlar we mallar heläkçilik çekdiler. 1930–1940-njy ýyllar aralygynda „okiiz” diýip at alan 800 müňe golaý adam Arkanzas, Mizuri, Oklahoma ştatlaryndan göçüp gitdi. Olaryň köpüsi ertekilerdäki ýaly bolelinligi wada edýän Kaliforniýa ştatyna rowana boldy. Bu ýerleri diňe mülkdarlar terk etmän, eýsem gün-güzeranlary mülkdarlar bilen baglanyşykly bolan hünärmenler, dükan eýeleri we beýleki adamlar-da Kaliforniýa ýola düşüpdiler. Kaliforniýa sebiti ilkibaşda adamlaryň edil arzuw edişleri ýaly bolup çykaýmady. Göçüp gelenleriň köpüsi möwsümleýin işler ugrunda bäsleşdiler we gaty ujypsyz iş hakyna hasyl ýygnadylar.

Hökümet olary 1935-nji ýylda esaslandyrylan toprak baýlyklaryny gorap saklamak hyzmatynyň hemaýaty bilen üpjün etdi. Mülkdarlaryň eýeçiliksiz çemeleşmegi zerarly hatardan çykan topragyň zaýalanmagy goýumlar sebäpli has-da güýçlendi. Ekin ekilip, sandan çykan ýerlerde tupan turup topragyň üstki gatlagynyň tozmasyny güýçlendirdi, şonda bu hyzmat edarasy mülkdarlara topragyň zaýalanmagynyň öňüni almagyň tärlerini öwretdi. Ondan daşary, ýeliň güýjüni peseltmek maksady bilen 30000-e golaý kilometr aralyga agaç nahallary oturdyldy.

Oba hojalygyny bazaryň talabyna laýyklykda özgertmek permanynyň işiniň üstünlikli bolandygyna garamazdan, önümi gaýtadan işleýän senagata salgyt salmak Konstitusiýa gabat gelmeýän ýol bilen ýöredilen çagynda, ýagny 1936-njy ýylda öz işini bes etmeli boldy. Şondan alty hepde soň Kongres topragy arrykladýan ekinleri ekmegiň möçberini azaldýan mülkdarlara öwezini tölemegi göz öňünde tutýan has güýçli kanuny kabul etdi.

1940-njy ýyla çenli 6 milliona golaý mülkdar şu maksatnama esasynda goşmaça federal kömegini aldy. Täze kanun durnukly iýmit üpjünçiligini, bugdaýyň ätiýaçlygyny we meýilleşdirilen gorlaryň ulgamyny döretmek maksady bilen artykmaç oba hojalyk önümlerine karz berdi. Tiz wagtdan oba hojalyk harytlarynyň nyrhlary galdy we mülkdarlar üçin ykdysady kadalaşma mümkinçiligi açyldy.

## SENAGAT WE IŞÇI GÜÝJI

1933-nji ýylda döredilen Milli dikeldişi dolandyrylyş we milli senagaty dikeltmek permany baradaky kanunlary iş ýüzünde adalatly bäsleşik düzgünlerini girizmek bilen köpräk iş ýerini we şeýle-de, köpräk satyn alma şertlerini döretmek üçin, gazaply bäsleşikleriň soňuna çykmaga çalyşdy. Başda bu çäreler gowy garşylanan-da bolsa, salymyny bermän, telekeçiler kadalaşdyrmakda öte geçilýändiginden şykaýat edip başladylar.

1935-nji ýylda Milli dikeldişi dolandyrylyş Konstitusiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýär diýlip ykrar edildi. Şol wagta çenli beýleki syýasatlar senagatyň dikeldilmegini goldaýardy we tizden hökümet belli pudaklarda bahalary düzgünleşdirmek bilen meşgul boldy. Bu bolsa milli ykdysadyýete uly

çykdajy we onuň dikeldilmegine böwet boldy.

Amerikanyň taryhynda öňki wagtdakylar bilen deňeşdireniňde hut „täzeçe çemeleşis” maksatnamasy ýyllarynda guramaçylykly zähmetiň esasynda ägirt uly girdejiler gazanyldy. Milli senagaty dikeltmek permany işçileriň telekeçiler bilen kollektiw şertnamalar baglaşmak hukugyny kepillendirdi. 1935-nji ýylda Kongres zähmet gatnaşyklary barada köpçülikleýin şertnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etjek kärdeşler arkalaşygynyň guramasyny döretmäge hukuk berdi. Bu kanuna laýyklykda Zähmet gatnaşyklary boýunça milli geňeş döredildi, ol geňeş köpçülikleýin şertnamalaryň üstünden garamaklygy amala aşyrdy, saýlawlar bilen meşgullandy we işçilere iş berýänler bilen döreýän islendik müşgillikleri ara alyp maslahatlaşylan halatynda olaryň bähbidini goraýan guramany saýlamak hukugyny kepillendirdi.

Kärdeşler arkalaşygyna birleşmek işçileriň syýasy aň-düşünjeliligine, olaryň öz bähbitleriniň umumylygyna düşünmeklerine ýardam etdi. Kärdeşler arkalaşygynyň täsiri diňe bir önümçilikde däl, içerki syýasatda-da ýokarlandy. Ol täsir, esasan ikipartiýalaýyn ulgamyň çäklerinde amala aşyryldy, özi-de respublikaçy partiýa garanda, demokratik partiýa, umuman, kärdeşler arkalaşygynyň uly goldawyndan peýdalandy.

## IKINJI „TÄZEÇE ÇEMELEŞIŞ”

„Täzeçe çemeleşiş” özüniň ilkinji ýyllarynda kanun babatdaky göreldeleriň ummasyz mukdaryna howandarlyk etdi, önümçiligiň we bahalaryň ep-esli ýokarlanmagyny gazandy, ýöne çökgünligiň welin, soňuna çykyp bilmedi. Ykdysady çykgynsyzlygyň howpy gowşanda, täze talaplar ýüze çykdy. Telekeçiler döwletiň ykdysadyýetdäki telekeçilik işine goşulmazlyk syýasatyndan jebir çekdiler we Milli senagaty dikeltmek baradaky kanunyň kadalaşdyrylmasyndan ýaňa bizar-peteňleri çykdy. Syýasy çepçiler we sagçylar tarapyndan gykylykly hüjümler edil arzuwçylara, toslaýjylara we syýasatçylara kybapdaş bolup, dikeldişiň depgini bilen kanagatlanmaýan uly köpçüligi özüne çekýän ykdysady melhemler ýaly ýüze çykdy. Olara: Frensiz Taunsendiň garrylyk boýunça pensiýa baradaky meýilnamasy; hümmetsizlik teklibini öňe süren radio-ruhany, semitlere garşy syýasatda baştutanlary tarapyndan goldanan, sözlän sözlerinde halkara bankçylaryny ýazgarýan ruhany Kauflin; „Her bir adam – özüne han” diýen meýilnamasy bilen çykyş eden senator we Luiziana ştatynyň öňki gubernatory, güýçli we gazaply orator, ştaty edil öz mülki ýaly dolandyran Hýu Long dagy girýärdi. (Eger-de Hýu Long öldürilmedik bolsady, megerem, saýlaw möwsümine goşulardy we 1936-njy ýylda Franklin Ruzwelt bilen bäsleşerdi.)

Çepçiler we sagçylar tarapyndan şeýle zor salynmagyna duçar bolan Ruzwelt täze ykdysady we jemgyýetçilik çäreler tapgyryny goldady. Olaryň arasynda garyplyga garşy göreş, işsizleri iş orunlary bilen üpjün etmek we adamlary jemgyýetçilik taýdan ätiýaçlandyryş maksatnamalary tapawutlandy.

Kärhana ösüşiniň dolandyrylyşy, ýagny ikinji täzeçe çemeleşiş diýlip atlandyrylan maksatnamanyň esasy kömegi bu abadançylyk bilen upjünçilik bolman, eýsem iş orny bilen üpjün etmeklige bolan synanyşykdy. Kärhana ösüşiniň dolandyrylyşyna laýyklykda ýollar, aeroportlar we mekdepler guruldy. Federal teatral, çeperçilik we ýazyjylar taslamalarynyň esasynda aktýorlar, suratkeşler, heýkeltaraşlar, sazandalar we ýazyjylar

işe alyndylar. Ondan daşary-da, Milli ýaşlar dolandyryşy talyplary ýarym iş güni bilen üpjün etdi, treýning maksatnamalaryny gurady we işsiz ýaşlara hemaýat berdi. Şol bir wagtyň özünde diňe kärhana ösüşiniň dolandyrylyşynyň hasabyna üç milliona golaý işsiz iş bilen üpjün edilipdi; 1943-nji ýylda bu gurama öz işini bes edende, onuň 9 million işsize kömek berendigi äşgär boldy.

Ruzweltiň aýtmagyna görä, „täzeçe çemeleşişiň" iň müşgil ýeri 1935-nji ýyldaky jemgyýetçilik ätiýaçlandyryş baradaky kanun boldy. Jemgyýetçilik howpsuzlygy baradaky kanun işçileriň we iş berýänleriň salgyt tölegleriniň esasynda gartaşan adamlar, işsizler we işe ýarawsyz adamlar üçin ätiýaçlandyryş ulgamyny döretdi. Köp sanly beýleki ösen senagatly döwletler, eýýäm özlerinde şeýle maksatnamalary girizipdiler, ýöne 1900-nji ýyllaryň başlarynda progresçileriň ABŞ-da şeýle maksatnamany esaslandyrmak baradaky çagyryşlaryna üns berilmändi. Dogrusy, täzelige biperwaýlyk bilen seredýänler jemgyýetçilik howpsuzlyk ulgamynyň Amerikanyň däp-dessurlaryna gapmagarşy gelýändigi babatda şikaýat edende bolsalar, ol, hakykatdan-da, käbir zatlara garanyňda, biraz köneçilräkdi. Jemgyýetçilik howpsuzlygy köp babatda girdejisine garamazdan, hemmeler üçin birmeňzeş möçberde işläp ýören işçilerden tutulýan girdeji salgydynyň hasabyna maliýeleşdirilýärdi. Bu çäklendirmeler Ruzwelt üçin maksatnamalary kabul etmegi üpjün eden eglişik boldy. Olar ilkibaşda juda ujypsyz bolan-da bolsalar, Jemgyýetçilik howpsuzlygy maksatnamalary bu gün ABŞ-nyň hökümetiniň durmuşa geçirýän iň uly içki maksatnamalarynyň biri bolup durýar.

## TÄZE WAGTLAÝYN ÝARANLYK

1936-njy ýylda respublikaçy partiýa Kanzas ştatynyň özgelere garanyňda, sabyrly we takatly gubernatory Alfred Lendony prezidentlige kandidat saýlady. Ol Ruzwelt bilen bäsleşmelidi.

„Täzeçe çemeleşiş" juda köp tankytlanandygyna garamazdan, Ruzwelt 1932-nji ýyldakydan-da uly ýeňiş gazandy. Ol sesleriň 60 göterimini aldy we Meýn we Wermont ştatlaryndan başga ähli ştatda üstün çykdy. Bu saýlawlarda täze uly wagtlaýyn ýaranlyk döräp, oňa demokratlar, şeýle-de işçiler, mülkdarlaryň köpüsi, Gündogar we Günorta Ýewropadan göçüp gelenler, afro-amerikalylardan we şäheriň etnik toparlary girdiler. Respublikaçy partiýa telekeçiler, kiçi şäherleriň we şäher etekleriniň orta synpynyň wekilleri tarapyndan goldandylar. Bu syýasy ýaranlyk sähelçe özgerişlikler bilen ençeme onýyllyklar azarsyz dowam etdi.

1932–1938-nji ýyllarda „Täzeçe çemeleşiş maksatnamasy ABŞ-nyň syýasy we ykdysady ösüşine näme berip bildi?" diýen sorag ýüze çykdy we bu soragyň üstünde çekişme boldy. Şonuň netijesinde, onuň Amerikada döwlet häkimiýetiniň umumy düşünjesini özgerdendigi äşgär boldy. Halkyň hal-ýagdaýy üçin hökümetiň jogapkärdigi baradaky ýörelge barha giň goldaw tapdy. „Täzeçe çemeleşiş" käbir tankytçylary: „Häkimiýetiň ygtyýarlarynyň çäksiz giňeldilmegi raýatlaryň azatlygyny ýoga çykarar" diýip nygtadylar. Ýöne Ruzwelt: „Adamlaryň ykdysadyýetini we eşretini berkleşdirýän çäreler azatlygyň we demokratiýanyň ösmegine diňe ýardam eder" diýip hasaplady.

Ruzwelt 1938-nji ýylda radioda çykyş edip, amerikan halkyna şu aşakdakylary ýatlatdy: „Demokratiýa käbir beýleki uly ýurtlarda bireýýäm hakyky manysyny ýitirdi, onuň sebäbi, halkyň demokratiýadan göwnüniň geçenliginde däldir. Onuň sebäbi, adamlar işsizlikden we ertirki güne ynamsyzlykdan gaty ýadanlygyndadyr, olar özleriniň çagalarynyň açlykdan ejir çekişlerine çydap bilmediler, şol bir wagtyň özünde-de olar baştutanlyk ýetmezçilik edýän gowşak häkimiýetiň we bulambujarlygyň öňünde haýsydyr bir işi amal etmekden ejizdirler. Şonuň üçin-de, olar bir döwüm çöregiň hatyrasyna azatlyklaryny pida etmek kararyna geldiler. Biz, amerikalylar öz institutlarymyzyň işe ukyplydygyny we olary saklamak mümkindigini bilýäris. Ýöne onuň üçin, biziň & demokratik hökümetiň amaly hereketiniň halkyň hukugyny üpjün etmek wezipesine jogap berýändigini & amerikan halkynyň her edip, hesip edip öz azatlygyny goramaga taýýardygyny, birinji gorag çäginiň-de onuň ykdysady hukuklarynyň üpjün edilmeginiň subut edilmegidir.”

## IKINJI JAHAN URŞUNYŇ ÖŇÜSYRASYNDA

Ruzweltiň prezidentliginiň ikinji möhleti gowy ýola düşende, onuň içerki syýasatyna täze howp abandy, megerem ony her bir amerikaly gaty aňşyranam däl bolsa gerek. Ol howp Ýaponiýadaky, Germaniýadaky we Italiýadaky diňe bir partiýalylyk bilen umumylaşdyrylan totalitar düzgünlerdir-režimleriň dünýäni bölüşmek meýilleridi.

1931-nji ýylda Ýaponiýa ilkinji bolup, Mançžuriýany eýeläp, Hytaýa zarba urdy we ony ýeňlişe sezewar etdi. Indiki ýyl ol eýelän sebitlerinde Mançžou-Go oýnagty döwletini esaslandyrdy. Faşistik döwlete öwrülen Italiýa Liwiýada öz basyp alan ýerlerini giňeltdi we 1935–1936-njy ýyllarda Efiopiýany basyp aldy. Germaniýada Adolf Gitler milletçi-sosialistik partiýany döretdi, 1933-nji ýylda häkimligi ele alyp, Reýn welaýatyna goşun girizdi we goşuny giňişleýin ýaraglandyrmaga başlady.

Germaniýanyň, Italiýanyň we Ýaponiýanyň gazaply hüjüminiň dowam ediş ýagdaýyny we totalitarizmiň hakyky häsiýetiniň äşgär bolşuny görüp, amerikalylaryň gahar-gazap duýgusy güýjedi. 1938-nji ýylda Gitler Awstriýany german reýhine birikdirenden soň, Çehoslowakiýanyň Sudetenländ welaýatyny talap edeninden soň, Ýewropany islendik pursatda uruş başlap biljek ýagdaýa getirdi. Birinji Jahan urşunda demokratiýa ugrundaky „haçly ýörişiň” şowsuz tejribesinden lapykeç bolan amerikan halky dawa-jenjele goşulan ýurtlaryň hiç birisine nähili kyn ýagdaýa düşseler-de, özleriniň kömek berip bilmejekdiklerini yglan etdiler. 1935–1937-nji ýyllarda bölekleýin kabul edilen dekabr baradaky kanun amerikalylara uruşýan ýurtlaryň islendigi bilen söwda etmegi we oňa karz bermegi gadagan etdi. Onuň maksady islendik ýagdaýda Birleşen Ştatlaryň uruşlara goşulmaýan halatynda öz çäginden daşardaky uruşlara gatnaşýan ýurtlara degişlidi.

1939-njy ýylda nemesler Polşanyň üstüne milletçilik niýeti bilen çozmagy bilen Ikinji Jahan urşy başlananda, amerikalylaryň halkara dawa-jenjel syýasatyna gatyşmazlyk duýgusy güýçlendi. Olar ilkibaşda çetde durmak islände bolsalar, wakalaryň gidişi olaryň pikiriniň üýtgemegine getirdi we Ýewropanyň

howpsuzlygyna howp salýan döwletleriň birleşmesi Birleşen Ştatlaryň-da howpsuzlygynyň gowşajakdygyna şübhe goýmady. Şu ýagdaýda Ruzwelt Birleşen Ştatlaryň urşa goşulmak babatda jemgyýetçilik pikiriniň wakalar esasynda üýtgemegine garaşmalydy.

Fransiýa ýeňlenden soň, 1940-njy ýylda Angliýanyň üstüne howa hüjümleriniň başlanmagy bilen demokratiýa we halkara dawa-jenjele goşulmazlyk teklibini goldanlar we Ortagünbataryň biperwaýçylaryndan çepçi adalatly urşuň garşysyna çykyş edýänleriň goldawyna çenli ýeten Amerikanyň töwereginde Birinji Komiteti guranlaryň arasyndaky çekişme has güýçlendi. Ahyry „Ýaranlarymyza kömek edip, Amerikany goraýarys” atly komitetiň goldamagynda urşa zorlukly goşulanlar „interwensionçylar” üstün çykdylar.

ABŞ Kanada bilen bilelikde Özara goranmak müdirligini döretdi we Latyn Amerikasy respublikalary bilen günbatar ýarymşaryň demokratik döwletleriniň köpçülikleýin öz-özüňi goramak ulgamyny giňeltmek barada şertleşdiler. Çykgynsyz ykdysady ýagdaýyň başlan wagtlarynda Kongres ummasyz puly täzeden ýaraglanmaga harç etmäge ygtyýar berdi, 1940-njy ýylyň sentýabr aýynda bolsa ABŞ-nyň taryhynda ilkinji gezek parahatçylykly döwürde harby borçlulyk barada perman kabul edildi. 1941-nji ýylyň başlarynda Kongres islendik ýurda, aýratyn-da, Beýik Britaniýa, Sowet Soýuzyna we Hytaýa ýaragy we enjamy bermek baradaky Ruzweltiň goldan maksatnamasyny kabul etdi. Bütin urşuň dowamynda karz we kärendesine bermek boýunça amerikan kömeginiň mukdary 50 milliard dollardan-da geçdi.

1940-njy ýylyň prezident saýlawlary gykylykçy çetleşdirijileriň yzyna düşýänleriň juda azdygyny görkezdi. Ruzweltiň garşydaşy Wendel Wilki üns çekiji maksatnama teklip edip bilmedi, sebäbi prezidentiň daşary syýasatyny onuň özi goldaýardy we onuň içeri syýasaty bilen, esasan ylalaşýardy. Noýabrdaky saýlawlar Ruzwelte goşmaça ses berdi we Amerikanyň taryhynda ilkinji gezek ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany üçünji möhlete saýlandy.

## ÝAPONIÝA, PERL-HARBOR WE URUŞ

Amerikalylaryň Ýewropada urşuň gidişini alada bilen synlaýan wagtlarynda Aziýada-da dartgynlylyk güýjeýärdi. Öz strategiki orunlaryny güýçlendirmek mümkinçiliginden peýdalanyp, Ýaponiýa „täze düzgün” barada aç-açan yglan etdi, ol „düzgüne” laýyklykda Ýaponiýa bütin Ýuwaş umman sebitine agalyk etmelidi. Germaniýanyň milletçiliginiň garşysyna aman galmak üçin göreşip, garşylyk görkezmek üçin güýji bolmandan soň, Beýik Britaniýa eglişige gidip, Şanhaýdan çykmaly boldy we wagtlaýyn Birmanyň demirýollarynda hereketi togtatdy. 1940-njy ýylyň tomsunda Ýaponiýa „Wiçiniň” gowşak hökümetinden fransuz hindi-hytaýyndaky aerodromlardan peýdalanmaga ygtyýar aldy. Şol ýylyň sentýabrynda Berlin-Rim „birleşigine” Tokio-da birleşenden soň, ABŞ jogap çäresi hökmünde Ýaponiýa metal bermegi gadagan etdi.

1940-njy ýylda ýaponlar günorta tarapa – nebite, galaýa we kauçuga baý ýerler bolan britan Malaýýasyna we gollandlaryň gündogar indeýlerine ymtylýan ýaly bolup göründi. 1941-nji ýylyň iýulynda Ýaponiýa Hindi-Hytaýyň galan böleginem basyp aldy. Muňa jogap edip, ABŞ öz banklaryndaky ýapon hasaplaryny togtatdy.

1941-nji ýylyň oktýabrynda Ýaponiýanyň premýer-ministri wezipesine general Hideki Tojo geçdi. Ol noýabr aýynyň ortalarynda döwlet sekretary Kordell Hel bilen gepleşikler geçirmek üçin ABŞ-a ýörite wekil iberdi. Hususan-da, ol amerikan hökümetinden hasaplaryň güýje girizilmegini, ýagny gaýtadan dikeldilmegini we Ýuwaş ummandaky agressiw täsirini bes etmegi talap etdi. Kordel Hel hem öz gezeginde ýapon döwletine ABŞ-nyň banklaryndaky gymmatlyklarynyň güýje girizilmeginiň deregine öz goşunlaryny Hytaýdan we Hindi-Hytaýdan çykarmaklygy teklip etdi. Ýapon ýarany amerikan tekliplerini öwrenmek üçin, iki hepde puryja sorady, ýöne 1-nji dekabrda ol ony öwrenmegi ret etdi. Dekabryň 6-synda Franklin Ruzwelt gönüden-göni soltan Hirohita ýüz tutdy, emma dekabr aýynyň 7-si güni ir bilen ýapon harby-deňiz awiasiýasy ABŞ-nyň Ýuwaş ummandaky harby-deňiz güýjüniň Perl-Harbordaky (Gawaýy adalar) ýerleşýän ýerine duýdansyz ýagdaýda hüjüm edip, 19 sany amerikan gämisini, şol sanda bäş sany uly harby artilleriýa güýçli gämileri we 150-ä golaý harby uçary ýok etdi. Amerika tarapyndan wepat bolanlaryň sany harby däller bilen birlikde 2300 adamdan-da gowrak boldy. ABŞ-nyň bagtyna, olaryň Ýuwaş ummanyndaky uruşda aýgytly hereket etjek awianosesleri şol mahal deňizdediler we Perl-Harbora gelmändiler. Ýaponlaryň ABŞ-nyň Gawaýy adalardaky we Midweý, Weik we Guam adalaryndaky harby-deňiz bazalarynyň üstüne çozandyklary barada radio jikme-jik habar berende, ikirjiňlenme ornuny gahar-gazaba berdi. Ruzwelt bu hüjümi „haýynlykda ýaşaljak bir gün" diýip atlandyrdy. 1941-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Kongres Ýaponiýa garşy uruş yglan etdi, üç günden soň bolsa Germaniýa we Italiýa ABŞ-na garşy uruş yglan etdiler.

Ýurt wagt ýitirmän, uruş üçin adam we maddy taýdan zerur zatlary ýygnamak ýagdaýyna geçdi, 1942-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda Ruzwelt 60000 uçar, 45000 tank, 20000 asmana atyjy top goýbermek we umumy ýük göterijiligi 18000 tonna ýetýän söwda gämilerini gurmak meýli barada habar berdi. Oba hojalygy, senagat, çig mal çykarmak, söwda, maýa goýumlary, aragatnaşyk serişdeleri, hatda bilim we medeniýet ol ýa-da beýleki derejede döwlet gözegçiligine alyndy. Ägirt uly karzlara girildi, täze kärhanalar döredildi, uçar we gämi gurluşygynda akymlaýyn önümçilige aklyňy haýran edýän täze tehnika we enjamlar girizildi, işçi güýçleriniň ýerleri üýtgetmek işi amala aşyryldy. Ýaragly güýçlere 15,1 million adam ýygnaldy. 1943-nji ýylyň ahyryna çenli 63 million amerikaly we amerikaly aýal-gyzlar harby geýime girdi we goşunda we harby-deňiz güýjüniň ýerleşýän ýerlerinde işledi.

ABŞ-nyň üstüne çozulmagy çetleşdirijileri ýaragsyzlandyrdy we ählumumy ýygnanyşygy çaltlandyrdy, ýöne Perl Harbordan soň we aziýa içalylygyndan heder edip, amerikalylar ýaponlara bolan çydamsyzlyklaryny bildirdiler: ýaponlardan gelip çykan amerikalylaryň ählisi bendi edildi. 1942-nji ýylyň fewralynda Kaliforniýada ýaşaýan amerikaly-ýaponlaryň 120000 golaýy öz öýlerinden göçürilip, daşy tikenek simli, gaty erbet wagtlaýyn lagerlere gabaldy, soňra bolsa günorta-günbatar şäherleriň daşyndaky daşy sim bilen örtülen başga has-da ýowuz gabaw merkezlerine geçirildi. Bu amerikan ýaponlarynyň 63 göterimi niseiler, ýagny ABŞ-da doglan ýaponlar bolup, ABŞ-nyň raýatlarydy. Olaryň içalydyklary barada hiç hili subutnama ýokdy. Hakykatda, Gawaýy-

dan we kontinental Birleşen Ştatlardan bolan amerikaly ýaponlar italýan frontunda pyýada goşunyň hatarlarynda mertlerçe söweşdiler. Başgalary Ýuwaş umman sebitinde harby terjimeçi bolup işlediler. 1983-nji ýylda ABŞ-nyň hökümeti uruş döwründe çäklendirilen tölegler bilen ýaşan ýaponlaryň türmelere gabalmagyny adalatsyzlyk diýip ykrar etdi.

## DEMIRGAZYK AFRIKADAKY WE ÝEWROPADAKY URUŞ

ABŞ urşa girenden soň, tizden onuň günbatar ýewropaly ýaranlary urşuň esasy geçmeli ýeri we duşmanyň harby güýçleriniň ýerleşýän ýeri Ýewropadyr diýen karara geldiler, emma Ýuwaş ummanyndaky urşa welin, olar ikinji derejeli ähmiýet berdiler.

1942-nji ýylyň baharynda we tomsunda iňlis goşun nemesleriň Müsüre hüjümlerini serpikdirip, german generaly Erwin Rommelini yza Liwiýa kowdular we Ortaýer we Gyzyl deňizlerini birleşdirýän Sues kanalynyň howpsuzlygyny üpjün etdiler.

1942-nji ýylyň 7-nji noýabrynda ABŞ-nyň ýöriteleşdirilen harby topary Fransiýa tabyn bolan Demirgazyk Afrika düşdi we gazaply söweşlerde italýan we german goşunlaryna uly zyýan ýetirip, üstün cykdylar. 1942-nji ýyl gündogar frontda-da öwrülişik ýyly boldy, ol ýerde Sowet Soýuzy uly ýitgiler çekip, Leningradyň we Moskwanyň eteginde milletçi güýçleriň hereketini togtatdy, soňra bolsa nemesleri Stalingradyň eteginde derbi-dagyn etdi.

1943-nji ýylyň iýulynda iňlisler we amerikalylar bilelikde Sisiliýa adasyny eýelediler we 1943-nji ýylyň tomsunyň ortalarynda Ortaýer deňziniň günortasy faşist goşunyndan arassalandy. Ýaranlar Italiýada giňişleýin hüjüme girişdiler, Italiýanyň hökümeti gyşarnyksyz boýun egmäge razy bolan-da bolsa, milletçiler bilen söweşler gazaply we surnukdyryjy uzak dowam etdi. Şol wagtda bolsa ýaranlaryň harby awiasiýasy Germaniýanyň çäklerindäki demirýollary, zawodlary we ýarag ambarlaryny bombalap, zarba urýardylar. Germaniýanyň nebit alýan rumyn şäheri Ploeşti-de bombalandy.

1943-nji ýylyň ahyrynda öňde duran meseleler boýunça ençeme çekişmelerden soň, ýaranlar rus frontundan nemes goşunlarynyň köprägini aýyrmaga mejbur etmek üçin, günbatar Ýewropada ikinji fronty açdylar. Iňlis-amerikan güýçleriniň serkerdebaşylygyna general Dwaýt Eýzenhauer bellendi. Güýçli taýýarlyklardan soň 1944-nji ýylyň 6-njy iýunynda Birleşen Ştatlaryň, Britaniýanyň we Kanadanyň güýçli harby awiasiýa bilen gowy üpjün edilen, öň hatardaky harby hüjüm ediji goşun bölümleri Fransiýanyň demirgazygyna Normandiýanyň kenarlaryna gelip düşdüler. Eýelenen harby goşun taýýarlyk meýdançasyna täze-täze iňlis-amerikan güýçleri gelip düşýärdiler, goranýan nemes esgerleri bolsa gabawa düşendikleri we böleklere bölünendikleri üçin „hepbige" düşýärdiler. Birleşen goşun bölümleri Fransiýanyň serhetleriniň üsti bilen Germaniýa tarap süýşüp, 25-nji awgustda Pariži azat etdiler. Germaniýanyň serhedinde nemesleriň garşylyklaýyn hüjümi netijesinde, iňlis-amerikan goşunlarynyň öňe hereketi togtady, ýöne 1945-nji ýylyň fewral-mart aýlarynda olar günbatardan Germaniýa girdiler. Gündogarda nemes goşunlary ruslary saklajak bolup, şowsuz synanyşdylar. Maýyň 8-inde üçünji reýhiň guryýer, harby-deňiz we harby-howa güýçleriniň galyndylary ýaranlaryň goşunlaryna boýun egdiler.

## ÝUWAŞ UMMANDAKY URUŞ

Şol wagtlarda ABŞ-nyň Ýuwaş ummanyndaky hüjüm ediji hereketi güýjeýärdi. 1942-nji ýylyň başynda amerikan goşunlary Filippinlerde ýeňlen-de bolsalar, ýaranlar geljekki aýlarda basym güýçlerini birleşdirdiler. Aprelde ABŞ-nyň harby-howa güýçleriniň generaly Jeýms („Jimmi") Dulitl Tokionyň üstüne howa hüjümini amala aşyrdy. Bu amerikanlara uly ruhy goldaw berdi.

Indiki aýda Koral deňzindäki gazaply söweş taryhda ilkinji gezek diňe awianoseslerde ýerleşýän harby uçarlaryň gatnaşan deňiz söweşi boldy. Bu söweşde ýaponlar şeýle uly ýitgilere sezewar boldular welin, şondan soň olar Awstraliýa çozmakdan el çekmäge mejbur boldular. Iýun aýyndaky Midweý söweşi Ýuwaş ummanyň merkezi böleginde bolan söweş ýaranlar üçin aýgytlaýjy pursat boldy, ýagny ýapon harby deňiz güýçleri 4 awianosesini ýitirmek bilen birinji gezek iňňän uly ýeňlişe sezewar boldy we bu sebitlerde Ýuwaş ummanyň merkezinde hüjümlerini bes etdi.

Beýleki deňiz söweşlerinde-de ýaran döwletler üstün çykdylar. Amerikalylaryň 1942-nji ýylyň noýabrynda Guadal-kanal adasynda gazanan aýgytly ýeňşi Birleşen Ştatlaryň Ýuwaş ummanda hüjüm hereketleriniň başlangyjy boldy. Indiki iki ýyl Amerikanyň we Awstraliýanyň goşunlary bilelikde demirgazyga tarap süýşüp, Ýuwaş ummanyň merkezindäki – Solomonowlar, Gilbert, Marşal, Marianlar we Bonin adalaryny yzly-yzyna ýerde we suwda ýeňişli harby hüjümler bilen azat etdiler.

## URŞUŇ SYÝASY TARAPY

Ýaranlaryň harby tagallalary urşuň syýasy maksatlary babatda ençeme möhüm halkara duşuşyklarynda ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle duşuşyklaryň ilkinjisi 1941-nji ýylyň awgustynda Prezident Ruzweltiň we Britaniýanyň premýer ministri Winston Çerçilliň arasynda entek Amerikanyň Birleşen Ştatlary urşa girmezinden öň bolupdy. Ol wagtlar Birleşen Ştatlar urşa doly gatnaşmaýardy, harby ýagdaý bolsa gaty ýowuzdy.

Nýufaundlendiň töwereginde, kreýseriň üstünde duşuşyp, Ruzwelt we Çerçill Atlantika resminamasyny (syýasy talaplaryň we hukuklaryň taslamasyny) düzüp, onda urşuň ahyrky maksadyny ykrar etdiler: territoriýany giňeltmezlik; halklar bilen ylalaşman, serheti üýtgetmezlik; dolandyrmagyň islendik görnüşini saýlap almaga halkyň hukugynyň bolmagy; tabynlyga sezewar bolan halklaryň syýasy garaşsyzlygyny dikeltmek; ähli ýurtlaryň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmak; ähli halklary uruşdan, howpdan we mätäçlikden dyndarmak; deňiz erkinligini bermek; halkara syýasatynyň guraly hökmünde güýç ulanmakdan el çekmekden ybaratdy.

1943-nji ýylyň ýanwarynda Kasablankada (Marokko) bolan iňlis-amerikan konferensiýasynda „ýaran" döwletler we olaryň balkan ýapjalary bilen diňe gürrüňsiz boýun egen halatynda, ýaraşyk baglaşyljakdygy barada karara gelindi. Ruzweltiň berk talap etmeginde düzülen bu taslama ähli uruşýan halklary faşist we milletçilik düzgüniniň wekilleri bilen olara haýsydyr bir kepilleriň berilmegi ýa-da käbir eglişikler edilmegi baradaky maksat bilen hiç hili gepleşikleriň geçirilmejegine ynandyrmalydy, şeýle-de Germaniýanyň, Italiýanyň we Ýaponiýanyň halklaryna ýaraşygyň gutarnykly şertleri bildirilmezden öň, olaryň harby hökü-

metleri bütin dünýäniň öňünde özleriniň doly we gutarnykly ýeňlendiklerini boýun almalydy.

1943-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Ruzwelt we Çerçill Kairde Ýaponiýanyň öňki basyp alan ýerlerinden we oljalaryndan el çekmekligi barada hytaý tarapynyň şertleri bilen ylalaşmak üçin Çan Kaý Şi bilen duşuşdy. Ruzwelt, Çerçill we Iosif Stalin 28-nji noýabrda Tähranda täze halkara guramasyny, ýagny Birleşen Milletler Guramasyny döretmek barada ylalaşdy. 1945-nji ýylyň fewralynda, milletçilik düzgüninden üstün çykyljagy aýdyň bolandan soň, olar ýene-de Ýaltada duşuşdylar we birnäçe täze ylalaşyklaryň düýbüni tutdular. Germaniýa boýun egenden soň, gysga wagtyň dowamynda Ýaponiýa garşy urşa başlamak barada SSSR gizlin ylalaşdy. Polşanyň gündogar serhedi 1919-njy ýylyň „Kurzon çägi” boýunça diýlip kesgitlenipdi. Germaniýanyň haryt görnüşinde tölemeli tölegleriniň öwezini dolma meselesi öz gutarnykly çözgüdini tapmady – Staliniň talaplary bilen Ruzwelt we Çerçill ylalaşmadylar. Ýaranlaryň Germaniýany basyp almak baradaky we harby jenaýatkärleriň işine kazyýetde garamak we olary jezalandyrmak baradaky meseleler düzgünleşdirildi.

Ýaltadaky konferensiýa gatnaşyjylar BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşiniň gelejekki agzalary boljak ýurtlaryň öz howpsuzlygyna degişli bolan meselelere gadaganlyk girizmek hukugynyň bolmalydygy barada ylalaşyga geldiler.

Ýalta duşuşygyndan iki aý geçenden soň, Franklin Ruzwelt Jorjiýada dynç alýan wagtynda beýnisine gan inip, aradan çykdy. Amerikalylar Ruzweltiň ölümine ýas tutuşy ýaly, öň hiç haçan hiç bir Prezidentiň ölümine beýle agyr ýas tutmandylar: bütin millet öwezini dolup bolmajak ýitginiň çuňňur matamyny tutdy. Şol wagt aralykda onuň ornuny öňki Mizuri ştatynyň Senaty wise-prezident Garri Trumen eýeledi.

## URUŞ, ÝEŇIŞ WE ATOM BOMBALARY

Germaniýadan üstün çykylandan soň, Ýuwaş ummanda uruş dowam etdi, ol ýerdäki soňky söweşler aýgytly boldy. 1944-nji ýyldan başlap, Filippin deňzindäki söweş ýapon deňiz güýçlerine weýran edijilikli täsir etdi, ol ýagdaý Ýaponiýanyň premýer-ministri Tojionyň wezipeden ekilmegine getirdi.

Ýaponlara ýesir düşmekden gorkup, iki ýyl ozal göwünsizlik bilen Filippin adalaryny taşlap giden general Duglas Makartur, oktýabr aýynda ABŞ-nyň harby-deňiz güýçleri üçin ýol arçap, ada gaýdyp geldi. Leýte aýlagynda bolan söweş ýapon harby-deňiz güýçleriniň gutarnykly ýeňlişi bilen tamamlandy we ýaranlyk güýçleriniň Filippin suwlarynda agalygyny dikeltdi.

1945-nji ýylyň fewral aýyna çenli amerikan goşunlary Manilany eýelediler. Olaryň indiki maksat-niýeti Marian adalary bilen Ýaponiýanyň aralygyndaky ýoluň ugrundaky Bonin adalarynyň düzümine girýän Jima adasydy, ýöne ýaponlar her edip, hesip edip adany bermän saklamagy niýetine düwüpdiler, şeýle hem, goranyş wagtynda adanyň tebigy aýratynlygyndan, dag gerişlerinden we gowaklaryndan mümkin boldugyça peýdalandylar. ABŞ-nyň bombalaýjy uçarlary ýaponlaryň gury ýerde aýgytly

garşylygyna we kamikadzeleriň harby uçarda parran urup janyny pida edýän howa hüjümine duçar geldiler. Amerikaly goşunlar öz deňizçileriniň 6000-sini ýitirip we ýapon güýçleriniň baryny ýok edip, mart aýynyň ortalarynda howadan üznüksiz hüjüme başladylar. ABŞ-nyň 20-nji howa güýçleri maýdan awgusta çenli ýapon kenarýakalaryny üznüksiz bombalady.

Iýulyň 17-sinden awgustyň 2-si aralygynda Beýik Britaniýanyň, ABŞ-nyň we Sowet Soýuzynyň hökümet baştutanlary Berliniň etegindäki Potsdamda Germaniýany doly basylyp alnan ýere öwürmek syýasaty babatda ylalaşyga gelmek we onuň geljekki gurluşynyň maksatnamasyny kabul etmek üçin duşuşdylar.

Konferensiýa gatnaşyjylar milletçilik syýasaty döwründe ösüp ýetişenleri täzeden terbiýelemegiň zerurdygyny we ýurtda demokratiýany dikeltmäge esas bolmaly giň syýasy ýörelgeleri kesgitlemegiň gerekdigini ykrar etdiler. Şeýle-de, Potsdamda Germaniýa bildirilýän öwezini dolma talaplary-da ara alyp maslahatlaşyldy we Sowet Soýuzyna Germaniýanyň diňe bir onuň gözegçilik edýän sebitindäki däl-de, eýsem onuň günbatar ýaranlarynyň sebitindäki senagat enjamlarynyň belli bir bölegi berilmeli edildi. Ýöne Sowet Soýuzynyň entek Ýaltada bildiren 10 milliard dollar möçberdäki öwez puly baradaky talaby jedelli meseleligine galdy.

Potsdam konferensiýasy başlamazyndan bir gün öň Nýu-Meksika ştatyndaky Alamogorda atom bombasy partladyldy, ol bomba „Manhetten” taslamasyna laýyklykda üç ýyllap geçirilen laboratoriýa barlaglarynyň netijesi bolupdy. Prezident Trumen, atom bombasynyň kömegi bilen ýer üstünden çozandan ýaponlardan çalt we az ýitgiler bilen üstün çykaryn diýip hasaplap, eger-de ýaponlar awgust aýynyň 3-üne çenli boýun egmeseler, atom bombasyny ulanmak barada ygtyýar berdi. Ýaranlar Potsdam beýannamasyny 26-njy iýulda ýaýratdylar we onda eger ýaponlar boýun egse, Ýaponiýany ýok etmezligi, gul etmezligi, eger-de boýun egmese, onda ony doly ýok etjekdiklerini wada etdiler.

Amerikan harby işgärlerinden, resmi syýasy işgärlerden we alymlardan ybarat bolan komitet täze ýaragy ulanmagyň maksatlary baradaky meselä garady. Trumen: „Diňe harby desgalar bu ýaragyň nyşanasy bolup biler” diýip ýazdy. Mysal üçin, harby ministr Genri Stimson Kiotanyň Ýaponiýanyň gadymy paýtagtydygyny we onda milli we dini baýlyklaryň we hazynalaryň gaty köpdügini, onuň bombalanmaly däldigini örän ynandyryjylyk bilen subut etdi. Onsoň, harby senagatyň we harby hereketleriň merkezi Hirosimo saýlanyp alyndy. Awgustyň 6-synda Amerikanyň „Enola Geý” uçary Hirosimo şäherine atom bombasyny taşlady. Awgustyň 8-inde ikinji atom bomba Nagasaki şäherine taşlandy. Amerikalylary: „Bu urşuň tamamlanmagyny çaltlandyrar” diýip ynandyrdylar; bombanyň ýer-ýegsan ediji güýji baradaky düşünje ep-esli giç geldi. Awgust aýynyň 14-ünde Ýaponiýa Potsdamda işlenip düzülen şertler bilen ylalaşdy. 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Ýaponiýa boýun egdi.

1945-nji ýylyň noýabrynda Nýurnbergde harby jenaýatkärlere kazyýet işi başlandy. Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, SSSR-iň we ABŞ-nyň uly ýuristleri reýhiň baştutanlaryny diňe bir basybalyjylykly urşy taýýarlamakda we tutaşdyrmakda günälemän, şol bir wagtda urşy alyp barmagyň kanunlarynyň we adamkärçilik düzgünleriniň bozulmagynda-da aýypladylar. Kazyýet işi 10 aýdan-da köp dowam etdi we işine

garalýanlaryň diňe üçüsiniň aklanmagy bilen tamamlandy. Galanlar günäkär diýlip yglan edildi.

Uruşdan soňky dünýäniň gurluşy barada iň möhüm karar 1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde, Ýewropada uruş tamamlanyp barýarka, Ýuwaş ummanynda bolsa entek dowam edýärkä, kabul edildi. Elli ýurduň wekili San-Fransisko şäherinde (Kaliforniýa ştaty) Birleşen Milletler Guramasyny döretmek üçin ýygnandy. Olaryň kabul eden resminamasyna laýyklykda BMG ýurtlaryň arasynda döreýän agzalalyklary we jedelleri parahatçylykly düzgünleşdirjek, şeýle hem, dünýäde açlyga we keselçilige garşy göreş boýunça hereketleri ugrukdyrjak halkara guramasy boldy. Eger-de bir wagt ABŞ Milletler birleşigine gatnaşmak islemedik bolsa, indi Senat BMG-nyň hartiýasyny iki sesiň garşy, 89 sesiň tarapdar bolmagynda eglenmän makullady. Bu ýagdaý öň ABŞ-nyň daşary syýasatynda agalyk eden çetleşmäniň daşyna gara çyzyk çekdi we ABŞ-nyň mundan beýläk halkara gatnaşyklarynda esasy orny eýelejekdigini bütin dünýä mälim etdi.

## SENAGAT ÝARANLARYNYŇ ÖSMEGI

1920-nji ýyllar ABŞ-nyň umuman pajarlap ösen döwri bolan-da bolsa, polat, awtomobil, kauçuk we dokma senagatynyň işçileri üçin ol beýleki pudaklaryň işçileriniňkiden artyk peýda getirmedi. Bu pudaklardaky iş şertleri ýüz ýyl mundan öňki ýalylygyna galypdy. Mysal üçin, 1923-nji ýyla çenli polat senagatynyň işçisi günüň dowamynda ortaça 12 sagat işleýärdi we iki hepdeden bir gün dynç alýardy.

1920-nji ýyllarda köpçülikleýin önümleri goýberýän kärhanalaryň eýeleri Amerikanyň zähmet federasiýasynyň howandarlygy bilen belli bir üstünlikleri gazanmaga çalyşýan kärdeşler arkalaşygynyň öňüni almak maksady bilen öz tagallalaryny iki esse artdyrdylar. Munuň üçin olar içalyçylygy, iş taşlaýyşlary, ýaragly gozgalaňlary dargatmak we kärdeşler arkalaşyklaryna duýgudaşlyk edýänleri işden kowmaga çenli dürli tärlerden peýdalandylar. Garaşsyz kärdeşler arkalaşyklary köplenç kommunistik wepalylykda aýyplanyldylar. Şol bir wagtda köp kompaniýalar öz şahsy birleşmelerini döretdiler.

Däp boýunça, ştatlaryň kanun çykaryjy edaralary „açyk dükan" düşünjesini goldadylar. Ol düşünje kärdeşler arkalaşyklaryna bütin işçiler synpynyň ýekeje we ýeke-täk wekilleri bolmaklygy bökdeýärdi. Bu bolsa kompaniýalara kärdeşler arkalaşyklary köpçülikleýin şertnamalary ret etmägi we suduň karary bilen işçiler birleşmesine bökdençligiň öňüni almagy ýeňilleşdirdi. Has geleşikli zat, ýagny işçileriň öz bähbitlerine ygrarlylygyny üpjün etmek üçin, 1920-nji ýyllarda käbir kompaniýalar işçilere dürli pensiýalary, kärhanalaryň girdejilerinden paý, kärhananyň gymmat bahaly kagyzlaryny satyn almaga mümkinçilik, şeýle-de saglyk boýunça dürli-dürli meýilnamalary teklip edip başladylar.

1919-njy ýylda polat senagatyndan başlap, köpçülikleýin önümçiligiň ähli pudaklarynda bolan köp iş taşlaýyşlar basylyp ýatyryldy. Netijede, 1920-nji we 1929-njy ýyllar aralygynda kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň sany 5 milliondan 3,5 milliona çenli azaldy.

Beýik çökgünligiň bosagasynda senagat önümçiliginiň ähli görnüşlerine isleg üzülkesil peseldi. Bu uly işsizlige getirdi. 1933-nji ýyla çenli amerikalylaryň 12 milliondan-da köpüsi işsizdi. Mysal üçin, 1929–1933-nji ýyllar aralygynda iş orunlary laýyk iki esse azaldy. Iş haky şol wagtda üçden iki esse peseldi. Franklin Ruzweltiň saýlanmagy amerikan işçisiniň hal-ýagdaýyny hemişelik özgertdi.

Özgertmeleriň meşhur tarapdary Fransiz Perkinziň zähmet ministrligine bellenmegi Ruzweltiň işçileriň ýagdaýynyň gowulaşmagy bilen gyzyklanýandygynyň ilkinji alamaty boldy (Perkinz, şeýle-de ministrler kabinetinde şeýle wezipe eýelän ilkinji aýal maşgalady). 1933-nji ýylda Kongres uly ähmiýeti bolan Milli senagaty dikeltmek baradaky kanuny kabul etdi. Ol kanun iş hakyny ýokarlandyrmaga, iş hepdesini gysgaltmaga we çaga zähmetini ulanmagy gadagan etmäge gönükdirilendi. Iň möhüm zat-da kanun kompaniýalara işçileri „kompaniýalaryň birleşikleriniň" agzalary bolmaga mejbur etmegi gadagan etdi, şeýle-de işçileriň we gullukçylaryň özleriniň islegleri boýunça ýaranlyklara birleşmek we olaryň üsti bilen köpçülikleýin şertnamalary baglaşmak hukugyny ykrar etdi.

Dag-magdan kärdeşler arkalaşygynyň baştutany Jon Lýuis işçiler üçin täzeçe çemeleşme maksatnamasynyň ähmiyetine beýleki ýokary hünärli baştutanlaryň ählisinden gowy düşündi. Ruzweltiň goldawyny nygtap, Lýuis kärdeşler arkalaşyklar birleşmesi boýunça giň kompaniýa gurady we bir ýylyň dowamynda öz guramasynyň agzalarynyň sanyny 150000–den 500000-e çenli artdyrmagy başardy.

Amerikan zähmet federasiýasynyň (AZF) ýerine ýetiriji komitetiniň agzasy Lýuis köpçülikleýin önümçilik pudaklarynda şuňa meňzeş kampaniýalary geçirmek maksady bilen federasiýasynyň baştutany bolmakçy boldy. Ýöne aňyrdan hünärli işçiler bilen iş salyşýan AZF beýle etmäge meýilli däldi. Lýuis we birnäçe beýleki baştutanlar içki göreşlerden soň AZF-den arasyny üzdüler we Senagat guramalarynyň komitetini döretdiler, soň bu gurama Senagat guramalarynyň kongresi ady berildi.

Awtomobil we polat senagatynyň işçilerini aýry-aýry etmek Lýuisiň we Senagat guramalarynyň kongresiniň ilkinji nobatdaky wezipesidi. 1936-njy ýylyň ahyrynda „Jeneral Motors” kompaniýasynyň Kliwlenddäki, Ogaýodaky (Miçigan ştaty) we Flintedäki (Miçigan ştaty) zawodlaryny baş-başdaklykda dörän oturma iş taşlaýyşlary gurşap aldy. Lýuis oňa bada-bat baş galdyrmak bilen ol ýere öz guramaçylarynyň toparyny we işçilere kömek bermek üçin 100000 dollar möçberinde pul ýollady. Tiz wagtdan 135000 işçi Senagat guramalarynyň kongresine goşuldy we senagat heläkçiliginiň bosagasyna geldi.

Miçigan ştatynyň gubernatorynyň kömegi bilen 1937-nji ýylda dawalar düzgünleşdirildi. Şol ýylyň sentýabr aýyna çenli awtomobil senagatynyň işçileriniň ýaranlygynyň ýurduň awtomobil senagatynyň 400 kompaniýasy bilen şertnamasy bardy, şol şertnama laýyklykda işçileriň her sagatky işi üçin iň pes iş haky 75 sent we hepdesine 40 sagat iş kepillendirildi.

ABŞ-nyň polat senagatynyň paýtagty bolan Pitsburgda (Pensilwaniýa ştaty), polat senagatynyň wekilleri Lýuisiň üstüne hüjüm etdiler, ony „gyzyl” we „gan sorujy” diýip atlandyrdylar. Ýöne 1936-njy ýylda Ruzweltiň täzeden saýlanmagy we zähmet gatnaşyklary barada kanunyň kabul edilmegi işçileriň ruhuny göterdi. Lýuisiň orunbasary Filip Marrow tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Polat senagatynyň işçileriniň guramaçylyk komiteti işläp başlan ilkinji alty aýynyň dowamynda öz agzalaryny 125000 adama çenli artdyrdy.

„Jeneral Motorsyň” boýun egmegi kompaniýany ýaramaz netijelere getirdi. Döwrüň üýtgeýändigine düşünip, kompaniýa 1937-nji ýylda Senagat guramalarynyň kongresi bilen gepleşiklere başlady. Şol ýylda Ýokary kazyýet Senagat guramalarynyň kongresini kanuny diýip ykrar etdi. Şeýlelikde, hatda kärdeşler agzalaryny halamaýan çaklaň kompaniýalar-da Senagat guramalarynyň komitetiniň ýaranlary bilen ylalaşyk gazandylar. Kauçuk, nebit, elektron we dokma senagatlary ýaly beýleki pudaklar-da bu göreldä eýerdiler. Şondan başlap, köpçülikleýin önümçiligiň işçileri ýeke bolmadylar.

„Beýik çökgünlik” wagtynda (aşakda), 1933-nji ýyl, mart aýy: aladaly goýum goýujylar Nýu-Ýorkuň bankynyň gapysynda: Täze Prezident Franklin Ruzwelt bank ätiýaçlyklarynyň ýetmezçiligniň soňuna çykmak üçin, ýurduň banklaryny wagtlaýyn ýapmaga görkezme berdi. Diňe töleg işlerine ukyply bolan banklara dört „bank dynç alyş gününden” soň açylmaga rugsat berildi.




## BIDÜZGÜNÇILIKLER

# WE ÖZGERIŞLER

FOTOSURATLAR

XX asyr Birleşen Ştatlar üçin adatdan daşary bidüzgünlikler we özgerişleriň döwri boldy. Bu onýyllyklarda ýurdy onuň bütin taryhyndaky iň ýaramaz ykdysady pese gaçyşlar eýeledi. ABŞ özüniň ýaranlary bilen Ikinji Jahan urşunda ýeňiji boldy; ýurt „sowuk uruş” ady bilen mälim bolan dartgynlylykda dünýä ýolbaşçysynyň ornuny eýeledi; ýurt içinde durmuş, ykdysady we syýasy özgerişleriň ajaýyp ýoluny geçdi; eger öň Birleşen Ştatlaryň özgermegine ýüzlerçe ýyl gerek bolan bolsa, indi oňa onlarça ýyl ýeterlik bolýardy.



1937-nji ýylyň 11-nji martynda Missuriniň Sent Luis şäherindäki Şewrole Fişer Bodi awtomobil zawodynda iş taşlaýyş döwründe iş taşlaýjy erkekler we aýallar wagt geçirmek üçin tans edýärler. Şular ýaly iş taşlaýyşlar 1930-njy ýyllarda Kärdeşler arkalaşygynyň bütin ýurtda senagat işçileriniň bäbitleriniň öňe sürülmegini ykrar etmegini gazandy.



Prezident Ruzwelt, ähtimal, iň möhüm „Täze ugur” kanun taslamasyna: 1935-nji ýyldaky durmuş goragy baradaky kanuna gol çekýär. Bu gün durmuş goragy maksatnamasy Birleşen Ştatlarda millionlarça amerikalyny garrylyk we maýyplyk pensiýasy bilen üpjün edýän sosial syýasatda iň uly maksatnamadyr.



Ýuwaş ummanda Ikinji Jahan urşy uly möçberli harby-deňiz we harby-howa söweşleri bilen häsiýetlendi. Bu ýerde 1944-nji ýylyň iýunynda Marian adalaryndaky amerikan gämilerine hüjüm eden wagtynda urulyp, ot içinde aşak gaçýan ýapon uçary surata düşürilen. Amerikanyň goşuny we gämileri „adalaryň bökmegi” atly harby amala hem çekildi. Bu amal 1945-nji ýylyň aprelinde Okinawa hüjüm edilýänçä, dowam etdi.







Üstki surat: Ýewropadaky ýaran goşunlaryň baş serkerdesi General Dwaýt Eýzenhauer 1944-nji ýylyň 6-njy iýunyndaky Normandiýa söweşiniň öň ýanynda paraşýutçylar bilen gürleşýär, ol söweş şonuň ýaly harby amallaryň taryhynda iň ulularyň biri bolupdy.
Ýokarda: 1942-nji ýylda General Duglas MkArtur ýapon goşunlarynyň Filippinlere hüjümi netijesinde gaçmaga mejbur bolan wagtynda: „Men gaýdyp gelerin" diýipdi. Iki ýyldan soň ol wadasyny berjaý etdi we Amerikanyň goşunlary Filippinleri azat edip başlamak üçin Leýte adasyna düşdi.



Ýokarda: Ikinji Jahan urşy döwründe P-38 harby uçarlaryň ýygnalýan hatary. Birleşen Ştatlaryň harby pudaga ummasyz köp serişde goýbermegi bilen Prezident Ruzweltiň sözleri bilen aýtsaň", ol „demokratiýanyň gorhanasyna" öwrüldi.



Ýaponiýaly-amerikanlar bendiwan edilenleriň lagerlerine ýerleşdirilmegine garaşýarlar. Bu waka ABŞ-da Ikinji Jahan urşy döwründe adam hukuklarynyň iň gödek bozulmagy boldy.



1945-nji ýylyň fewralynda Ýaltada britan Premýer-Ministri Winston Çerçilliň, Prezident Ruzweltiň we sowet baştutany Iosif Staliniň duşuşygy. Olar harby tagallalary utgaşdyrmak baradaky meselede ylalaşan hem bolsalar, Ýewropanyň geljegi baradaky närazylyklar Ýewropa sebitiniň, soňra „sowuk uruşuň” başlanmagyna esas bolan Gündogar we Günbatar Ýewropa bölünmegine getirjekdigini aňlatdy.



Amerikaly esgerler 1951-nji ýylda Newada çölünde geçirilen ýadro synagynyň şaýady boldular. „Sowuk uruş” döwründe ýadro ýaragynyň howpy durmuşyň aýrylmaz hemrasy boldy.




Ähtimal, Amerikanyň syýasy taryhynda iň meşhur bolan fotosuratda Prezident Garri Trumen 1948-nji ýylda prezident saýlawlarynda özüniň ýeňlendigi, respublikaçy Tomas Dýuwiniň bolsa üstün çykandygy baradaky nädogry habar ýerleşdirilen gazeti elinde saklap dur. Şol döwrüň syýasy bilermenleriniň ählisini Trumenyň ýeňşi haýran galdyrdy, şeýlede syýasy saýlawlarda ýeňlenleriň ählisini galkyndyrdy.



Birleşen Ştatlaryň pyýada goşuny 1951-nji ýylda Günorta Koreýany eýeläp, Demirgazyk Koreýanyň goşununyň üstüne hüjüm edýärler; harby çaknyşyk hupbatly üç ýyla çekdi.




1954-nji ýyldaky Kongres diňlenişiginde (ýokarda) senator Jozef MakKarti 1950-nji ýylda Birleşen Ştatlarda kommunistik taglymatyň ýaýran ýerleri şekillendirilen kartany görkezýär, onuň diňlenişikdäki baş garşydaşy hukukçy Jozef Welç çep tarapda otyr. Welç bu diňlenişikde uly üstünlik bilen MakKartiniň abraýyny dökdi, bu telewideniýe arkaly bütin ýurda görkezilen ilkinji diňlenişik bolupdy.



Ähli onýyllygyň parasatly şahsyýetleriniň alamaty bolan Prezident Dwaýt Eýzenhaueriň portreti.



Jeki Robinson 1948-nji ýylda beýsbol oýnaýan wagty. Robinson „Bruklin Dojersiň” agzasy bolan birinji garaýagyz beýsbolçydy we beýsboluň „ýyldyzlarynyň” birine öwrüldi.



Rok-n-roluň birinji amerikaly ýyldyzy Elwis Presli 1950-nji ýyllardaky konsertleriniň birinde. Bu gün öleninden şunça ýyllar geçensoň hem, ony „Şa" diýip atlandyrýarlar.



Lýusil Bol (çepden ikinji) beýleki aktýorlar bilen bilelikde (olaryň arasynda onuň adamysy Dezi Arnaz (dik duran) hem bar. 1950-nji ýyllaryň iň meşhur telekomediýalarynyň biri bolan „Men Lýusini söýýärin” atly komediýasynda. Bu oýun köp sanly tehniki täzelikleri we däpleri girizdi, olar bolsa soňra beýleki ýüzlerçe teleoýunlarda üstünlikli ulanyldy.



Ýokarda: Roza Parks 1955–1956-njy ýyllardaky Montgomeriniň (Alabama ştaty) awtobus kärhanasyny üstünlikli boýkot edenden soň, şäher awtobusynyň öňdäki orunlarynyň birinde otyr. Boýkot jyns kemsitmelerine garşylyk bildirmek hökmünde gurnalypdy, ol kemsitmelere görä, garaýagyzlary awtobuslaryň yzky ýerlerinde oturmaga mejbur edýärdiler. Ýokary kazyýet boýkot başlanyndan bir ýyl soň, muny Konstitusiýanyň bozulmagy hökmünde kesgitledi. Martin Luter King, Kiçiniň Amerikada deňhukuklylyk ugrundaky hereketiň beýik ýolbaşçysy hökmünde emele gelmegi hut şol boýkot bilen baglanyşykly boldy.

Indiki sahypada: Martin Luter King, Kiçi 1966-njy ýylda Grenadadaky (Missisipi ştaty) öňki akýagyzlar üçin bolan döwlet mekdebine çagalary ugradýar. Mekdeplerde kemsitmeler ABŞ-nyň Ýokary kazyýeti tarapyndan „Braun bilim ministrliginiň garşysyna” atly kazyýet işi mynasybetli bikanun diýlip ykrar edilen-de bolsa, bütin ýurduň mekdeplerinde nägilelikleriň görkezilmegi, syýasy zor salmak, kazyýetiň goşmaça çözgütlerini almak ýollary arkaly kemsitmeleri hakykatdan hem ýok etmek üçin ýene ençeme ýyllar gerek boldy.





Prezident Kennedi 1963-nji ýylyň iýunynda Günbatar Berlinde nemesleriň çärýek milliona golaý mähellesine ýüzlenýär. „Sowuk urşuň” iň „gyzgyn nokatlarynda” ýaşaýanlaryň edermenligine sarpa goýup, ol şeýle sözler bilen ýüzlendi: „Ähli azat adamlar, nirede ýaşaýandyklaryna garamazdan, Berliniň raýatlarydyrlar. Şonuň üçin-de, azat adam hökmünde men buýsanç bilen „Ich bin ein Berliner” („Men berlinli”) diýýärin.





1963-nji ýylda gol çekilip, howada ýadro synaglaryny tamamlamagyň başyny başlan, Günbatar bilen Gündogaryň arasynda ýaraglanyşygyň üstünden gözegçilik etmek baradaky ilkinji şertnamalaryň biri bolan Ýadro synaglaryny çäklendirmek hakyndaky şertnamanyň makullanmagy baradaky resminama.



Turgud Marşal, ähli amerikalylaryň deň hukuklylygy ugrunda öňdebaryjy göreşijileriň biri. Garaýagyzlaryň ýokary çekilmegi ugrundaky Milli Birleşikde geňeşçi bolan wagtynda, Marşal 1954-nji ýylda Ýokary kazyýetde „Braun bilim ministrliginiň garşysyna” atly meşhur işde üstünlikli çykyş etdi, şonda kazyýet döwlet mekdeplerinde kemsitmeleri bikanun diýip ykrar etdi. Soňra ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiň kazysy ýaly ýokary wezipäni eýeledi.



Prezident Lindon Jonson 1968-nji ýylda. Tehasda doglan Jonson ýurduň Prezidentligine saýlanmazyndan öň, Eýzenhaueriň döwründe Senatda agdyklyk edýän partiýadan baştutan, soňra Jon Kennediniň wise-prezidenti boldy. Waşingtonyň iň täsirli syýasy işgärleriniň biri Jonson döwletiň içerki işine bähbitli kanunlaryň ençemesini Kongresden geçirmegi başardy. Şeýle rowaçlyk diňe Ruzwelte „Täzeçe çemeleşiş” döwründe başardypdy. Emma Wetnam urşy onuň prezidentligini tamamlady we milletiň bölünmegine alyp bardy.





Amerikan goşunynyň harby bölümleri 1965-nji ýylda Günorta Wetnamda patrullyk edýän wagtynda mergenleri agtarýarlar. 1965-nji ýylda 60 müň bolan amerikan goşunynyň sany 1969-njy ýylda 540 müň adamdan hem köp boldy, bu bolsa taryhda beýleki dawalara garanyňda, milleti has jebirli bölen dawada bolup geçdi. 1973-nji ýylda ABŞ-nyň iň soňky goşuny Wetnamdan çykdy.



1968-nji ýylda Çikagoda (Ilinoý ştaty) bolup geçen demokratlaryň milli gurultaýynda gazaply garşylyklar döwründe urşa garşy çykyş edijileriň we poliseýleriň çaknyşygy. Urşa garşy prezidentlige dalaşgärleriň arasyndan gurultaýda Lindon Jonsonyň orunbasary Hýubert Hamfri üstün çykdy. Partiýada agzalalyk bolandygy üçin, Hamfri saýlawlarda respublikaçy Riçard Niksondan ýeňildi.





1960-njy ýyllardaky aýallar hereketiniň iki ýolbaşçysy: Keýt Millet (çepde), dawaly „Jynsy syýasat” atly kitabyň awtory we žurnalist Gloriýa Steýnem



Amerikada medeniýetiň umumy kabul edilen çaruwalaryna çapraz gelýän medeni akymyň iň aýdyň mysaly; 1969-njy ýylda bolup geçen üç günlük Wudstok rok festiwaly.



Meksikan-amerikan zähmet işewüri Sezar Çaweziň 1968-nji ýylda meýdanda üzüm hasylyny ýygyjylar bilen gürrüňleşip duran pursaty. Kaliforniýada Birleşen oba hojalyk işçileri diýen kärdeşler arkalaşygynyň başlygy Çawez göçüp gelýän oba hojalyk işçileriniň elhenç iş şertlerine halkyň ünsüni çekmek bilen olaryň hukuklaryny gorap aýgytly çykyş etdi.





Prezident Riçard Nikson aýaly Pet Nikson we döwlet kätibi Wilýam Rojers bilen Beýik Hytaý Diwarynyň ýakasynda gezelençde. Niksonyň 1972-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasyna tarap eden ädimi amerikan goşunlarynyň Gunorta Wetnamdan kem-kemden çykarylýan döwründe iň uly dabarasy boldy.



1978-nji ýylda Amerikanyň ýerli ilatynyň Waşingtondaky nägilelik çykyşy. Olar hem soňky onýyllyklarda öz hukuklary we şahsyýeti ugrunda göreşmäge başladylar.



1991-nji ýylyň fewralynda Pars aýlagynda urşuň soňunda yrak tankynyň öňünde nebit ýanýar. Birleşen Ştatlar Kuweýtiň Yrak tarapyndan basylyp alynmagynyň soňuna çykmak üçin, „Çöldäki tupan” diýlip atlandyrylan howa we guryýer harby amallaryna gatnaşan 30-dan gowrak ýurduň bileleşigine ýolbaşçylyk etdi.




deňhukuklylyk ugrundaky hereketiň baştutany we syýasy işjeň Jessi Jäkson 1984-nji ýyldaky syýasy ýygnanyşykda. Martin Luter King, Kiçiniň kömekçisi Jäkson 30 ýyldan hem köp wagtyň dowamynda garyplary, afro-amerikalylary we beýleki etniki azlygy birleşdiren „Älemgoşar birleşmesiniň” iň görnükli, syýasy taýdan işjeň we söze çeper wekili bolup galdy. Ol 1984-nji we 1988-nji ýyllarda demokratik partiýadan özüni prezidentlige hödürledi.





„Şatl” ulgamyndan älem gämisiniň gaýtadan peýdalanyp bolýan ilkinji älem serişdesiniň goýberilmegi. Orbitada hemralaryň deregine ulanylan we älemde giň möçberli işleri geçirmäge ukyply bolan „Şatl” älem barlaglarynyň indiki döwründe iň gerekli serişde bolar: halkara älem menziliniň orbitada ýygnalmagy.



Prezident Jorj Buş 1989-njy ýylyň iýulynda Leh Walesa bilen Warşawada (Polşa). Şol ýyl Sowuk urşuň tamamlanmagy, şeýle hem, Ýewropanyň duşmançylykly Gündogar we Günbatar toparlaryna 40 ýyla çeken bölünişiginiň tamamlanmagy bilen şöhratlandy.



Bil Klinton, Birleşen Ştatlaryň 42-nji Prezidenti, 1993-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda wezipesini kabul edýän wagty halkyň öňünde ýüzlenme bilen çykyş edýär.


PAN AMERICAN VAN
STORAGE
McCallson
VAN & STORAGE CO.
MOVING STORAGE
SHIPPING CRATING
PAN
AND

11-NJI BAP

# URUŞDAN SOŇKY AMERIKA




Şäheriň töweregindäki täze açylan jemgyýetde göçüşlik güni, 1953-nji ýyl

„Biz adam mertebesine elmydama sarpa goýýan täze, artykmaç dünýäni gurmalydyrys.”

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Garri Trumen, 1945-nji ýyl

## AGZYBIRLIK WE ÖZGERIŞLIK

Ikinji Jahan urşundan soňky ilkinji ýyllarda Birleşen Ştatlar dünýäde agalyk ediji ýurda öwrüldi. Ýurda bu uly uruşdan zeper ýetmedi. Amerikan halky özleriniň içerki we daşarky syýasatlarynda alyp barýan işlerine buýsanç bilen garadylar. Demokratiýany uly harajatlar we tagallalar bilen goran amerikan hökümeti ony berkitmäge we gülläp ösmegi üçin ähli şertleri döretmäge çalyşdy. „Taým” žurnalynyň neşirçisi Genri Lýuis ýaly, amerikan milletiniň baştutanlary „Amerikanyň asyry” başlandy diýip bellediler.

Amerikalylaryň köpüsi ýigrimi ýyla golaý wagtlap bu pikire ynandy. Olar 1945-nji ýyldan soňra dörän „sowuk uruşda” Sowet Soýuzynyň garşysyna berk durmalydygyny ykrar etdiler, döwlet häkimliginiň güýçlenmegini we entek „täzeçe çemeleşişiň” ýyllarynda bellenen ähli umumy hal-ýagdaý döwlet pikirini makullady. Olar uruşdan soňky ykdysady ýokary göterilişiň eşretini gördüler, bu döwürde ABŞ-nyň üstünlikleri we maddy ýagdaýy has-da ýokarlandy.

Ýöne amerikalylar ýuwaş-ýuwaşdan Birleşen Ştatlardaky durmuşyň käbir taraplaryna berýän bahalarynyň dogrulygyna ikirjiňlenip başladylar. Jemgyýetçilik birligi ençeme delilleriň täsiri bilen pese gaçdy.

Ellinji ýyllarda afro-amerikalylar syýasy kampaniýa başladylar, soňra olara beýleki etnik toparlar we aýallar-da goşuldylar. Olaryň maksady „amerikan arzuwyna” ýetmekdi. 1960-njy ýyllarda syýasy taýdan işjeň talyplar ABŞ-nyň halkara ähmiýetiniň, esasan-da, Wetnamdaky weýran ediji urşuň garşysyna çykyş etdiler.

Ýaşlaryň medeni gapma-garşylygy üýtgewsiz amerikan gymmatlyklaryna garşy çykdy. Durmuşyň özi ABŞ-nyň raýatlaryny ýurtda täze „jemgyýetçilik deňligiň” gözleglerine iterdi.

## „SOWUK URŞUŇ” MAKSATLARY

„Sowuk uruş” syýasaty uruşdan soňky ilkinji ýyllaryň syýasy meseleleriniň iň möhümi boldy. Bu Sowet Soýuzy bilen ABŞ-nyň arasyndaky uzaga çeken syýasy çaprazlykdan başlandy. 1918-nji ýylda amerikan goşunlary bolşewikleriň garşysyna bileleşiň hatarynda Russia giripdi. ABŞ-nyň bilşewik režimi bi-

len diplomatik gatnaşyklary tä 1933-nji ýyla çenli ýola goýulmady. Hatda, şondan soňra-da, gatnaşyklarda müňkürlik dowam edýärdi. Ikinji Jahan urşy döwründe iki döwlet ýaran boldy we duşman ýurtlara garşy şowly göreşmek üçin öz agzalalyklaryny aradan aýyrmagy başardylar.

Bularyň arasyndaky gapma-garşylyk urşuň ahyrynda ýene-de ýüze çykdy. ABŞ azatlyk, deňlik we demokratiýa baradaky öz düşünjelerini beýleki ýurtlar bilen bölüşmegi göz öňünde tutýardy. Raýatlyk urşundan we soltanlyklaryň dargamagyndan gozgalaňa düşen Amerika gobsunan dünýäni kadaly parahatçylykly ýagdaýa getirmäge mümkinçilik bolar diýip umyt edýärdi. 1929–1940-njy ýyllaryň „çökgünliginiň" sapaklary ýadynda galan ABŞ öz artykmaç oba hojalyk we senagat önümlerini ýerleşdirmek üçin täze bazarlary döretmäge, şeýle-de günbatar ýewropa ýurtlarynyň harytlaryny daşary ýurda çykarmaga bolan mümkinçiliklerini kepillendirmek maksady bilen ykdysady taýdan ösüşini we ykdysadyýetini üýtgedip gurmagyň serişdesi hökmünde gümrük päsgelçiliklerini aýyrmagy niýet edýärdi.

Halkara söwda erkinligi ABŞ-nyň we beýleki döwletleriň ykdysady ösüşiniň höweslendirijisi hökmünde, ABŞ-na dostlukly we ýaran ýurtlaryň durnuklylygyny goldaýan serişde hökmünde göz öňüne getirilýärdi.

SSSR-iň öz maksatnamasy bardy. Orusýetiň taryhy däbe öwrülen güýçli merkezleşdirilen çäksiz hökümdarlyk häkimiýeti Amerikanyň demokratiýadan ugur alýan häkimiýetinden üzül-kesil tapawutlanýardy. Özüniň synpy göreş we kuwwatly döwletdigi baradaky kommunistik syýasat uruş döwründe we uruş gutarandan soňra-da sowet syýasatyny kesgitlemegini dowam etdirdi.

Sowet Soýuzy 20 million raýatynyň ömür tanapyny kesen urşuň dargadan ykdysadyýetini dikeltmäge çalyşýardy we şeýle eýmenç çaknyşygyň gaýtalanmagyndan heder edýärdi. Sowetler, aýratyn-da, Günbataryň basybalyjylykly hereketlerinden eýmenmän duranokdylar. Gitleriň aýgytly hüjümlerini yza gaýtaran ruslar indi indikide şeýle hüjümlere ýol bermezlige çalyşýardylar. Şonuň üçin-de, şindi Sowet Soýuzy „gorap biljek" serhedini we Gündogar Ýewropada özüniň düzgünlerine we maksatlaryna laýyk gelýän režimi talap etdi. Ýöne ABŞ Polşanyň, Çehoslowakiýanyň, şeýle hem, Merkezi hem Gündogar Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyň garaşsyzlygyny we özbaşdaklygyny dikeltmegi özüniň uruş döwründe öňde goýan maksatlarynyň biri diýip yglan etdi.

## GARRI TRUMENIŇ ÝOLBAŞÇYLYGY

Entek ruş tamamlanmanka, Franklin Ruzweltiň ornuna Garri Trumen geçdi. Mizuri ştatyndan demokrat senator, soňra wise-prezident bolan Trumeniň Birleşen Ştatlary dolandyrmaga ýeterlik taýýarlygy ýokdy. Ruzwelt uruşdan soňky çylşyrymly meseleleri çözmekde oňa bil baglamandy, Trumeniň halkara işlerinde tejribesi azdy. „Men entek olardan pes gelýän" diýip, ol öňki kärdeşiniň ýanynda boýun alypdy.

Muňa garamazdan, Trumen täze meseleleriň çözgüdini gaty basym amal etdi. Ol hyjuwlylyk we höwes bilen işde ýüze çykan meseleleriň çözgütlerini eglenmän çözýärdi. Onuň Ak Tamdaky stolunyň üstünde elmydama ýatan ýazgydaky „Bar zady öz üstüme alýaryn" diýen sözleri taryha girdi, bu bolsa onuň jogapkärçilik duýgusynyň ösendiginden habar berýärdi. Onuň Sowet Soýuzy bi-

len özüňi nähili alyp barmalydygy baradaky pikiri „sowuk urşuň” başlanmagyna uly täsirini ýetirdi.

## „SOWUK URŞUŇ” GELIP ÇYKYŞY

Sowuk uruş öňdebaryjy döwletleriň arasyndaky agzalalygyň dünýäniň uruşdan soňky gurluşy baradaky meseleler boýunça özara müňkürligiň we ynamsyzlygyň döremegi bilen ýüze çykdy. Bu babatda ilkinji çaprazlyk Polşa zerarly döredi. Moskwa onuň hökümetiniň özüne garaşly bolmagyny talap etdi, ABŞ bolsa Polşanyň özbaşdak, günbatar nusgasyna eýerýän hökümet gurluşly döwlet bolmagyny isledi. 1945-nji ýylyň fewralyndaky Ýalta konferensiýasy dürli-dürli düşündirişleri berýän giňişleýin ylalaşyklary işläp düzdi. Ol ylalaşyklaryň bölümleriniň içinde Polşada hiç kime bagly bolmazdan, erkin saýlawlary geçirmek bölümi-de bardy.

Trumen özüniň Sowet Soýuzynyň Daşary işler ministri Wýaçeslaw Molotow bilen bolan ilkinji duşuşygynda Polşanyň öz ykbalyny özi kesgitlemek meselesinde berk durdy we rus ilçisine Ýalta ylalaşygynyň ýazgylarynyň berjaý edilmeginiň zerurdygy barada tutuş bir nutuk okady. Şonda: „Meniň bilen heniz hiç haçan hiç kim beýle ähende gürleşmändi” diýip, Molotow nägilelik bildirdi. Trumen bolsa: „Öz borçnamalaryňyzy berjaý etseňiz, şonda siziň bilen şeýle äheňde gürleşilmez” diýip jogap berdi. Şol pursatdan başlap, SSSR bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyk ýaramazlaşyp ugrady.

Ikinji Jahan urşunyň soňky aýlarynyň dowamynda sowet harby güýçleri bütin Merkezi we Gündogar Ýewropany basyp aldy. Moskwa öz harby güýçlerini Gündogar Ýewropadaky kommunistik partiýalary goldamak we demokratik partiýalary dargatmak üçin ulandy. Kommunistik partiýalar Moskwanyň goldamagynda sebitiň ähli ýurtlaryna öz täsirlerini çalt ýetirdiler, ol bolsa 1948-nji ýylda Çehoslowakiýada döwlet agdarylyşygyna getirdi.

Sowuk urşuň başlanmagyny jemgyýetçilik pikirleri kesgitledi. 1946-njy ýylda Stalin: „Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň kapitalistik ösüşiniň esasynda halkara parahatçylygy mümkin däldir” diýip belledi. Uruş wagtynda Beýik Britaniýanyň premýer-ministri Winston Çerçill Fultonda (Mizuri ştaty) örän hyjuwly söz sözledi. Onuň çykyşy wagtynda Trumen sekiniň üstünde otyrdy. Çerçill: „Baltikadaky Ştettinden Adriatikadaky Triýeste çenli yklymyň arasyny kesen demir perde ýapyldy” diýdi. Ol „Beýik Britaniýa bilen ABŞ-nyň bilelikde sowet howpunyň garşysyna göreşmelidigini nygtady.

## „JYLAWLAMAK” SYÝASATY

Sowet Soýuzyny „jylawlamak” Amerikanyň uruşdan soňky syýasaty boldy. ABŞ-nyň SSSR-däki ilçihanasynyň geňeşçisi Jorj Kennan 1946-njy ýylda Döwlet departamentine iberen giňişleýin telegrammasynda bu täze çemeleşmäniň kesgitlemesini beýan etdi. Watanyna dolanyp gelenden soň, ol öz başlan derňewini has çuňlaşdyrdy we „Iks” („X”) lakamy bilen „Forin affeýäz” atly abraýly žurnalda makalasyny çap etdirdi.

Russia babatynda däp bolan howplulyk duýgularyny beýan etmek bilen, Kennan SSSR-iň bu babatda öz tutýan ornuny hiç bir ýagdaýda gowşatmajakdygyny subut etdi. Ol: „Daşary syýasaty-da goşmak bilen ähli Sowet döwlet mehanizmi görkezilen ýol bilen belli bir tarapa gönükdirilen tow berilýän oýnawaç awtomobil ýaly, diňe geçip

bolmajak päsgelçilik duşup saklanýança, hiç ýana sowulman gidýär" diýip ýazdy. „Sowetleriň ýaýramak howpy nirede dörese, ol hüşgärlik we ezberlik bilen güýç ulanyp „jylawlanmalydyr" diýip belledi.

„Jylawlamak" taglymaty ilkinji gezek Ortaýer deňziniň gündogarynda ulanyldy. Beýik Britaniýa kommunist güýçleriň häkimiýet başynda oturan patyşa raýatlyk urşy bilen haýbat atýan ýeri bolan Gresiýany we Sowet Soýuzynyň ýer dawasyny edýän, şeýle hem, Bosfor bogazynda harby-deňiz bazasyny gurmaga hukugynyň bardygyny öňe sürýän ýeri bolan Türkiýäni goldap gelýärdi.

1947-nji ýylda Beýik Britaniýa mundan beýläk olaryň ikisine-de kömek bermäge ýagdaýynyň ýokdugyny amerikan hökümetine aýtdy. ABŞ-nyň Döwlet departamenti gyssagly amerikan kömeginiň meýilnamasyny işläp düzdi, ýöne Senat baştutanlarynyň Trumene düşündirişlerine görä, olar diňe ABŞ-nyň Prezidenti „daşardan dowzahy howpuň abanan" ýagdaýynda beýleki döwletleriň işine goşulyşmazlyk ugry goldamak mümkindigini aýtdylar.

Trumen şeýle etmäge taýýardy. Trumeniň taglymaty hökmünde mälim bolan beýannamada şeýle diýilýär: „Men Birleşen Ştatlar, ýaraglanan azlyk tarapyndan ýa-da daşardan zor salma zerarly tabyn etmäge synanyşýanlara garşylyk görkezýän azat halklary goldamak syýasatyny ýöretmelidir diýip hasap edýärin". Şu maksat bilen ol Kongresden Gresiýa we Türkiýä ykdysady we harby kömek bermek üçin 400 million dollar sorady we bu serişde goýberildi. Ýöne bu ýeňiş üçin hut Trumeniň özi we amerikan jemgyýeti belli bir baha tölemeli boldy. Birleşen Ştatlary „bökdemeklik" syýasatyna öjükdirmek üçin, Trumen sowet howpunyň dabarasyny aşa çişirmeli boldy. Öz gezeginde onuň düşündirişleri bütin ýurtda kommunizme garşy gowganyň tolkunyny möwç alyp galdyrmaga we makkartizmiň döremegine esas boldy.

Indiki gadam uruşdan lüti çykan Günbatar Ýewropanyň dikeldilmegi uçin, giňişleýin ykdysady ýardam bermekdi. ABŞ bu sebitdäki ykdysady we syýasy taýdan durnuksyz köp ýurtlardaky Moskwanyň gözegçiligi astynda bolan ýerli kommunistik partiýalar uruş wagtynda özleriniň nasistlere görkezen garşylyklarynyň ýazgylaryny goşmaça gymmata öwrüp, häkimiýete eýe bolmaklaryndan heder edýärdi. Nähilidir bir ýol bilen çäresini görmelidi, ýogsa ABŞ-nyň Döwlet sekretary Jorj Marşalyň belleýşi ýaly: „Lukmanlar oýlanýançalar, näsagyň amanadyny tabşyrmagy mümkindi".

Marşal öň ABŞ-nyň ýaragly güýçlerinde iň ýokary wezipäni eýeläpdi we Ikinji Jahan urşunda ABŞ-nyň ýeňşiniň baş guramaçysy hökmünde abraýy bardy. 1947-nji ýylyň ortalarynda Marşal howsala düşen Ýewropanyň döwletlerine: „Haýsydyr bir ýurda garşy gönükdirilen maksatnama ýa-da taglymat bilen däl-de, eýsem açlygyň, gedaýlygyň, göwniçökgünligiň we bulam-bujarlygyň garşysyna" gönükdirilen maksatnamany döretmek teklibi bilen ýüzlendi. Sowet Soýuzynyň wekilleri ilkinji meýilleşdirilen maslahata gatnaşdylar, ýöne soňra olar sowet ykdysadyýeti baradaky maglumaty we beýleki meseleleri aýan etmezlik, şeýle-de Günbataryň hemaýat babatdaky gözegçiligine boýun egmezlik üçin, ondan gidenlerini kem görmediler. Galan 16 ýurt bilelikdäki maliýe haýyşnamasyny işläp düzdi, ol ahyr netijede 4 ýylyň dowamynda tölenmeli 17 milliard dollara barabar boldy.

1948-nji ýylyň başynda Kongres ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetini dikeltmäge ýardam bermek üçin ses berdi. Oňa „Marşalyň meýilnamasy" diýip

at berdiler, ol meýilnama ABŞ-nyň iň şowly daşary syýasat başlangyçlarynyň biri boldy.

Uruşdan soňky Germaniýa amerikanlaryň, sowetleriň, iňlisleriň we fransuzlaryň basyp alan zonalaryna bölündi, Germaniýanyň öňki paýtagty Berlin sowet zonasynyň merkezine golaýdy. Berliniň özi dörde bölünipdi. Birleşen Ştatlar, Angliýa we Fransiýa öz zonalaryny bir bütewi öz-özüni dolandyrýan respublika öwürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar, emma SSSR Germaniýanyň birleşdirilmegine garşy boldy we şol sebäpli, bu mesele boýunça dört döwletiň daşary işler ministrleriniň maslahaty geçirilmedi. Günbatar döwletler bir bütewi federal german döwletini döretmekçi bolýandyklaryny aýdanlarynda, Stalin muňa Berlini gabamak bilen jogap berdi; 1948-nji ýylyň iýun aýynyň 23-ünde şäheri günbatar ýurtlar bilen birleşdirýän ähli awtomobil we demirýollar ýapyldy.

Amerikan ýolbaşçylary: „Berlini ýitirmek Germaniýany ýitirmek we yzysüre tutuş Ýewropany elden gidermekdir" diýip dowla düşdüler. Şonuň üçin hem, Günbataryň üstünlikli gözboýagçylygy Berlindäki „Howa arkaly halas ediliş" diýip at alan ýaran döwletleriniň howa güýçleri asmana galdy we Berline uçarlarda hemaýat harytlaryny getirdiler.

Amerikan, iňlis, fransuz uçarlary ol ýere azyk önümleridir ýangyjy goşmak bilen 2,25 mln tonna golaý ýük eltdiler. Stalin 21 günden, ýagny 277264 howa reýsinden soň gabawy aýyrdy.

SSSR-iň Gündogar Ýewropada täsiriniň güýçlenmegi günbatar ýurtlary biynjalyk edýärdi. ABŞ bökdençlik döwründe ykdysady tagallalaryny artdyrjak harby ýaranlygy döretmek üçin öňbaşylyk bilen çykyş etdi. 1949-njy ýylda ABŞ we ýene-de on bir döwlet Demirgazyk atlantik bileleşik şertnamasyny (NATO) – köpçülikleýin howpsuzlyk ýörelgelerine esaslanan ýaranlygy döretdiler. NATO-nyň agzasy bolan bir ýurduň üstüne çozulsa, ýaran ýurtlaryň ählisiniň üstüne çozuldygy hasap edilip, oňa köpçülikleýin gaýtawul berilmelidi.

Indiki ýyl ABŞ öz goranmak maksatlaryny anyklaşdyrdy. Milli howpsuzlyk geňeşi Amerikanyň daşary we goranmak syýasatynyň doly esaslandyrylan hasabatyna jogapkärdi. Bu resminama MHS-68 belgili bolup, ol ABŞ-nyň täze howpsuzlyk syýasatyndan habar berýärdi. Ol resminama „Sowet Soýuzy mümkin boldugyndan ähli ýerde döwletleriň gözegçilik tagallalaryny janypkeşlik bilen öz eline alypdyr" diýen çaklama esaslanyp, dünýäniň islendik ýerinde ýerleşýän ýaran döwletlere sowetler tarapyndan howp abanan ýagdaýynda Amerikany hemaýat bermäge borçlyy edýärdi. Birleşen Ştatlar Sowet Soýuzynyň Ýewropanyň we amerikanlaryň, iňlisleriň we fransuzlaryň günbatar Berlinde bolmaklarynyň garşysyna howp salmagyna jogap edip, özüniň goranmak syýasatyny güýçlendirmek üçin ummasyz çykdajy etdi.

## AZIÝADA WE ÝAKYN GÜNDOGARDA SOWUK URUŞ

Birleşen Ştatlar Ýewropada kommunistik syýasata eýerijileriň peýda bolmagynyň öňüni almagyň ýollaryny gözlemek bile bir wagtda, dünýäniň beýleki ýerlerindäki çagyryşlara hem jogap berip ýetişýärdi. Olar Hytaýda häkimiýete Mao Zi Dunuň baştutanlygyndaky kommunistik partiýanyň ösüşinden heder edýärdiler. Ikinji Jahan urşy döwründe Çan Kaý Şiniň baştutanlygyndaky milletçi häkimiýet we kommunistik güýçler edil ýaponlar bilen uruşýan ýaly, Raýatlyk urşuny alyp bardylar. Çan Kaý Şi uruş döwrüniň ýarany bolupdy, ýöne, hatda, amerikan kö-

megi-de lagşan we kurrupsiýa ýüz uran hökümeti häkimiýet başynda saklap bilmedi. Maonyň güýçleri her edip, hesip edip 1949-njy ýylda häkimiýeti eline aldy we onuň täze girizen düzgünininiň ABŞ-nyň garşysyna göreşip, Sowet Soýuzyny goldajakdygyny mälim edende, kommunizmiň, iň bolman-da, Aziýada gözegçilikden çykýandygy aýdyň boldy.

ABŞ bilen Hytaýyň arasyndaky dartgynlylygyň güýjemegine Koreýadaky uruş sebäp boldy. Ikinji Jahan urşunyň ahyrynda Koreýany ýaponlardan azat edenlerinden soňra, ýaranlar onuň territoriýasyny 38-nji parallel boýunça böldüler. Sowet Soýuzy 38-nji paralleliň demirgazygyndaky Ýaponiýanyň boýun egen ýerlerini, amerikanlar bolsa günortasyny aldylar. Harby düşünje boýunça, şertli serhet hökmünde bellenen 38-nji parallel „sowuk urşuň” ýaýramagy bilen hakyky serhede öwrüldi. SSSR we ABŞ özleriniň gözegçilik edýän sebitlerinde özlerine eýerýän hökümetli Koreýa döwletini döretdiler we, hatda, goşunlaryny çykaranlaryndan soňra-da, olara goldaw berip durdular. Koreý baştutanlarynyň ikisi-de ýurdy birleşdirmek ugrunda jan çekdi, ýöne hersi öz şertleri esasynda birleşdirmekçi boldy.

1950-nji ýylyň iýunynda Demirgazyk Koreýanyň goşunlary 38-nji parallelden geçip, günorta tarapa hüjüm etdi we Seuldan geçdiler. Trumen Demirgazyk Koreýany ähli göreşde sowetleriň penjesindäki goldaw hökmünde kabul edip, amerikan harby güýçlerini söweş taýýarlygynda saklady we general Duglas Makartura Koreýa ugramak barada buýruk berdi. Şol wagtda ABŞ BMG-na Demirgazyk Koreýany hüjüm ediji ýurt hökmünde garalaýan karary çykartmaklygy hem gazandy. Sowet Soýuzy özüniň Howpsuzlyk geňeşiniň agzasy bolup duran wagty islendik herekete gadaganlyk goýup biljekdi. Ol BMG-nyň HHR-ny özüne agza edip almazlyk baradaky kararyna garşy bolup, ol gurama bilen syýasy we ykdysady aragatnaşyklary kesipdi.

Uruş öňe we yza çaýkanýardy. Amerikanyň we Koreýanyň harby güýçleri başda gaty günortada ýerleşýän Pusan şäheriniň töweregine sürlüpdi. Amerikan deňiz pyýada goşunynyň Inçhonda, ýagny Seul şäheriniň deňiz duralgasyndaky gury ýerdäki we suwdaky güýçleri demirgazyk koreýalylary yza çekilmäge mejbur etdi, emma harby hereketler hytaý serhedine golaýlan pursatynda Hytaý Halk Respublikasy Ýalu derýasyndan uly güýçlerini geçirip, urşa girişdi. Bu ýagdaý ABŞ-nyň we BMG-nyň goşunlaryny ýene-de yza çekilmäge mejbur etdi, ýöne biraz wagtdan soň, olar garşylyklaýyn hüjüme geçdiler we ýene 38-nji parallele ýetdiler.

Makartur Hytaýy bombalany üçin, jemgyýetçilik goldawyny ulanmaklyga çalşyp, harby güýçleriň raýatlyk gözegçiliginiň esasyny bozanda we yklymy basyp, Çan Kaý Şiniň milli hytaý harby güýçlerini basyp almagyna rugsat berende, Trumen ony öte geçmeklikde aýyplady we ony ähli ygtyýarlyklaryndan çetleşdirip, onuň ýerine general Mätýu Rijweýi belledi. „Sowuk urşa” baglanan umyt uly-da bolsa, harby hereketleri çäklendirmek boýunça amerikan hökümetiniň tagallalary „jylawlamagyň” sebäplerine düşünmeýänleriň lapyny keç etdi.

Trumeniň meşhurlygy 24 göterime, ýagny prezidentler barada jemgyýetçilik pikir soralyşygy geçirilip başlaly bäri, prezidentleriň arasynda iň pes derejä çenli aşak düşdi.

Ýaraşyk baradaky gepleşikler 1951-nji ýylyň iýulynda başlandy. Iki tarap 1953-nji ýylyň iýulynda, Trumeniň ýerine gelen Dwaýt Eýzenhaueriň dolandyryp başlan birinji möhleti wagtynda ylalaşyga geldi.

„Sowuk uruş” şol bir wagtda Ýakyn Gündogarda-da ýuze çykyp başlapdy. Sowet goşunlary, hatda, amerikan we iňlis harby güýçleri yza çekilenden soňra-da, wadasyny berjaý etmän, Eýrandan çykmadyk wagtynda bu gelejekdäki möhüm nebitli sebit 1946-njy ýylda harby taýdan gowşak ýurda öwrüldi. ABŞ BMG-dan Moskwanyň goşunynyň ol ýerde eglenmesiniň ýazgarylmagyny talap etdi. Sowet tanklarynyň sebite girenini Birleşen Ştatlar gören halatynda, Waşington gönümel çaknyşyga taýýarlandy. Amerikan garşylygyna duş gelip, sowetler Eýrandan goşunlaryny çykardy.

Iki ýyldan soň, Birleşen Ştatlar täze Ysraýyl döwleti yglan edilenden 15 minut geçenden soň, ony ykrar etdi. Trumen bu karary Marşalyň we Döwlet departamentiniň agzalarynyň pikirine garşy durup, kabul etdi. Ysraýyl bilen ysnyşykly aragatnaşygy ýola goýanda, Amerika Ysraýyla garşy durýan arap döwletleri bilen-de jetleşmezlige çalyşdy.

## EÝZENHAUER WE „SOWUK URUŞ”

1953-nji ýylda Prezident bolan Dwaýt Eýzenhauer özünden öňki kärdeşlerinden tapawutlydy. Onuň uruşda gazanan gahrymanlygy, sadadan gelen adamkärçiligi oňa uly meşhurlyk getirdi. Uruşdan soňky ýyllarda ol ABŞ-nyň ýaragly güýçleriniň ştabynyň başlygy, Kolumbiýa uniwersitetiniň rektory, NATO-nyň Baş sekretary wezipelerinde işledi, soňra bolsa respublikaçy partiýadan ABŞ-nyň prezidentligine kandidatlyga teklip edildi. Eýzenhaueriň uly guramaçylyk ukyby bardy, ýöne jemgyýetçilik işlerinde köp zatlary öz üstüne almaýardy. Her niçik-de bolsa, ol ABŞ-nyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri babatda Trumen bilen pikir alyşýardy. Olaryň ikisi-de kommunizme dünýä agalygy ugrunda göreşýän uly bir läheň hökmünde garaýardylar. Eýzenhauer Kremlde oturan Stalin ýaly ýolbaşçylaryň dünýä öwrülişiginiň gidişini ägälik bilen gurap, öz meýillerini amala aşyrýandyklaryna ynanýardy. Ol özüniň prezidentlik wezipesine başlandaky ilkinji çykyşynda „Haýyr we şer güýçleri köpelip, bir-birine ganym duşman boldular, beýle ýagdaý taryhda selçeň bolýar. Erkinlik gulçulygyň garşysyna, ýagtylyk garaňkylygyň garşysyna goýulýar” diýdi.

Eýzenhauer we Döwlet sekretary Jon Foster Dalles sowetleriň ýaýramagynyň öňüni almak üçin, ýöne „jylawlamagyň” ýeterlik däldigi babatdaky çekişmede ylalaşyga gelmediler, halklary kommunistik zulumdan halas etmek üçin has işjeň we aýgytly syýasatyň zerurdygyny nygtadylar. Emma bu bir çişirilen boş sözler bolup çykdy. Sowet Soýuzynyň agalyk sürýän çäklerinde demokratik gozgalaňlar ör alanda, 1956-njy ýylda Wengriýadaky gozgalaň basylyp ýatyrylanda, Birleşen Ştatlar sowet harby güýçleriniň agdyklyk edenligi sebäpli, yza çekildiler.

Eýzenhauer „jylawlamak” syýasatyna wepaly bolup galdy we şonuň üçinde, ABŞ ýadro ýaragynyň galkanyny güýçlendirdi. „Manheten taslamasy” Ikinji Jahan urşy ýyllarynda birinji atom bombasyny döretdi. 1950-nji ýylda Trumen täze we has kuwwatly wodorod ýaragyny ýasamaga görkezme berdi. Eýzenhauer döwlet çykdajylaryna gözegçilik etmäge çalşyp, „köpçülikleýin täsir ediş” ýörelgesini öňe sürdi. Bu taglymata laýyklykda ABŞ ýurda ýa-da onuň durmuş üçin möhüm bähbitlerine howp abanan ýagdaýynda ýadro ýaragyny ulanmaga taýýarlandy.

Hakykatda, Eýzenhauer 1954-nji ýylda Wetnamyň kommunist harby güýçle-

ri tarapyndan fransuzlar kowlup çykarylanda ýa-da Taýwanda Birleşen Ştatlar milletçi hytaý düzgüniniň garşysyna göreşen HHR-nyň harby hüjüminden goramagy boýun alanda, Hindi-Hytaýda ýadro ýaragyny ulanmak baradaky ähli tekliplere garşy çykyp, Birleşen Ştatlaryň harby güýçlerini uly seresaplylyk bilen ýaýbaňlandyrdy.

Orta Gündogarda Eýzenhauer fransuz we britan goşunlary Sues kanalynyň ugruny eýelänlerinde we Ysraýyl 1956-njy ýylda Müsür Sues kanalyny millileşdirenden soňra, Sinaýy basyp alanda, bu kuwwatly güýji ulanmaga garşy çykdy. ABŞ-nyň zor salmagy esasynda Britaniýa, Fransiýa we Ysraýyl ýurtlary öz goşunlaryny Müsürden çykardylar, emma kanala bolan gözegçilik galdyryldy.

## BIRLEŞEN ŞTATLARDA „SOWUK URUŞ”

„Sowuk uruş” ýurduň diňe bir daşary syýasatyna däl-de, eýsem içeri syýasatyna-da uly täsirini ýetirdi. Amerikalylar düýpli agdarylyşykdan heder edýärdiler we 1919–1920-nji ýyllaryň gyzyllaryň howpy döwründe hökümet amerikan jemgyýetiniň aňynda galan gorkyny ýok etmeklige çalyşdy. Ikinji Jahan urşundan soň Amerikada kommunizmi köki bilen ýok etmek üçin köp tagallalar edildi.

Daşary ýurtlarda içalyçylyga esaslanan wakalar we galmagallar şol döwürde kommunizme garşy bolan gowgalara öz goşandyny goşdy. 1949-njy ýylda Sowet Soýuzy atom bombasynyň synagyny amala aşyrdy. Bu ýagdaý amerikalylary Birleşen Ştatlaryň sowet hüjüminiň nyşanasyna öwrüläýmekleriniň hem ahmaldygyny görkezdi. 1948-nji ýylda Döwlet sekretarynyň kömekçisi we Ýalta konferensiýasynda Ruzweltiň geňeşçisi bolan Aljer His öňki sowet agenti Waýteýker Çembers tarapyndan kommunistik içalyçylykda günälendi. His bu günäni ret etdi, ýöne 1950-nji ýylda ol ýalan şaýatlykda günäkärlendi. Ahyry, 1950-nji ýylda hökümet Sowet Soýuzyna atom bombasyny taýýarlamak baradaky materiallary bermek bilen meşgullanan britan-amerikan içalylarynyň tutuş bir toparynyň üstüni açdy. Atomyň syrlaryny açandyklary üçin, Etel we Ýuliý Rozenbergleriň tussag edilip, işleriniň kazyýete geçirilmegi ýurtda kommunistik howpuň öňündäki gorkyny has-da güýçlendirdi. ABŞ-nyň Baş kazysy Goward Makgrasyň sözlerine görä, amerikan kommunistleriniň sany köpdi we olaryň her biri „özünde amerikan jemgyýeti üçin ölüm howpuny” göterip ýördi.

1946-njy ýylda Kongrese bolan aralyk saýlawlarda respublikaçylar ýeňiş gazanan halatlarynda we ýurtdaky ýykgynçylyk işlerini derňemek isleýändiklerini aýdanlarynda, Prezident federal gullukçylaryň ykrarlyklaryny barlamagyň maksatnamasyny tassyklady. Ol kärdeşler arkalaşyklaryna we zähmetkeşlere-de degişli edildi we olara özleriniň bu ulgama wepalydyklaryny ynandyrmak doly başartmady.

Kongres şol wagtlar özüniň ygrarly maksatnamasyny girizip başlady. 1947-nji ýylda Wekiller palatasynyň Amerika garşy işleri derňemek boýunça topary „ABŞ-da döredilýän meşhur kinofilmlerde kommunistik syýasat beýan edilýän bolaýmasyn” diýen meseläni öwrenmek bilen meşgullandy. Käbir drama ýazyjylar görkezme bermeden boýun gaçyranlarynda, olary topary hormatlamazlykda günäläp, türmä basdylar. Netijede, Golliwudyň ýolbaşçylary boýun egdiler we ujypsyz şübheli adamlar bilen iş salyşmaklaryny bes etdiler.

Ýöne kommunizmiň garşysyna gidýän iň jeňbaz senator Wiskonsin ştatyndan bolan Jozef Makkarti boldy.

1950-nji ýylda 205 sany Döwlet departamentiniň gullukçysynyň kommunistdigini, olaryň atlaryny bilýändigini we olaryň sanawynyň elindedigini aýdyp, amerikalylaryň ünsüni özüne çekdi. Dogrusy, soň Makkarti az mukdardaky sany aýtdy we hiç hili subutnama-da getirmedi, onuň çykyşy jemgyýetçilik seslenmesini aldy.

Makkarti 1952-nji ýylda respublikaçy partiýa Senatda köp orun alanda, häkimiýete geldi. Ol Senat toparyna ýolbaşçylyk edip, hakyky „haçly ýörişe" başlady. Radiodyr telewideniýeden peýdalanyp, Makkarti her hili paýyş sözleri aýtmak bilen hökümetiň ýolbaşçylaryny dönüklikde aýyplamagyny dowam etdi. „Nejislik", „haýynlyk" we şuňa meňzeş gödek sözler onuň dilinden düşmeýärdi.

Emma Makkarti öte geçipdi. Saýlawçylaryň ýarsynyň Makkartiniň tarapynda bolmagyna garamazdan, onuň kömekçilerinden birini goşun gullugyna çagyran wagtlary Makkarti generaliteti dönüklikde aýyplady. Ýaňy dörän telewideniýe Senatda diňlenen materiallary çykyşlaryň üsti bilen millionlarça raýata ýetirdi. Köp adamlar Makkartiniň ýaramaz häsiýetlerini ilkinji gezek gördüler we jogapkärçiliksiz adamdygyna göz ýetirdiler. Makkartiniň meşhurlygy pese gaçandan soň, Senat onuň edep-tertibini ýazgardy.

Şol pursada çenli onuň elinde uly häkimiýet bardy. Makkarti Koreýa urşunyň deňme-deň tamamlanmagy üçin we kommunistleriň üstünligi üçin alada edenleriň baryny günä ýassygy etdi. Trumen döwründe kommunizme garşy göreş tärleri bilen amerikalylaryň aňyna guýlan gorky duýgusy Makkarti döwründe has güýjedi. Makkarti köplenç hiç bir günäsi bolmadyk adamlara garşy ulanylan usullary kanunlaşdyrdy. Başga söz bilen aýdanyňda, Makkarti „sowuk urşuň" Birleşen Ştatlarda iň ýaramaz taraplaryny görkezdi.

## 1945–1960-NJY ÝYLLARYŇ YKDYSADY ÖSÜŞI

„Sowuk urşuň" dowam edýän wagtynda we ondan bäş ýyl soň, Birleşen Ştatlarda görlüp-eşidilmedik ykdysady galkynyşy gazandy. Uruş ýurduň pajarlap ösmegine sebäp boldy. Şondan soňra ABŞ dünýäniň iň baý döwleti hökmünde ykrar edildi.

Öndürilen önümiň umumy ýyllyk gymmaty 1940-njy ýylda 200 milliard dollar bolanlygyndan 1950-nji ýylda 300 milliard dollara ýetdi. 1960-njy ýylda bolsa 500 milliarddan-da geçdi. Amerikalylaryň barha köpüsi özüni orta synpa degişli hasap edip başlady.

Ykdysady ýokary göterilişiň öz sebäpleri bardy. Olaryň biri awtomobil öndürmegiň artdyrylmagydy. 1945–1955 ýyllar aralygynda onuň öndürilişi 4 esse ýokarlandy. Hususan-da, öňki harby gullukçylara ýaşaýyş jaý üçin karz bermegiň hasabyna ýaşaýyş jaý gurluşygy güýçli depginler bilen alnyp baryldy. Milli önüm içki öndürilýän önümiň, şeýle-de harby harajatlaryň ösmeginiň hasabyna ýokarlandy.

1945-nji ýyldan soň Amerikanyň iň uly korporasiýalary öz işlerini has güýçli depginler bilen ýaýbaňlandyrdylar. 1890-njy we 1920-nji ýyllarda telekeçilikde birleşmek tolkunlarynyň iki görnüşi bolup geçdi, 1950-nji ýyllarda bolsa üçünjisi boldy. Önümçiligiň we hyzmatyň dürli pudaklaryna gözegçilik edýän köp pudakly paýdar kompaniýalar bu babatda öňdebaryjylardy. Mysal üçin, „Interneşnl telefon end telegraf" kompaniýasy „Şeraton" myhmanhanalar kompaniýasyny, çörek bişiriji „Kontinental beýking", „Hartford faýer inşurans" kompaniýalaryny, „Awis rent e kar"

awtomobilleri kireýine berýän firmany we beýlekileri satyn aldy. Uly bolmadyk kärhanalar we garbanyşhanalar babatynda bolsa, mysal üçin, „Makdonalds” firmasy başga nusgadaky birleşmelerdi. Daşary ýurtlarda-da uly kompaniýalaryň ABŞ-dakydan işçi güýji arzan bolan paý saklaýan kompaniýalar bardy.

Amerikada senagatyň özgerişine laýyklykda işçileriň durmuşy-da özgerýärdi. Hyzmat ediş ulgamynda işleýänleriň sanawy senagatda işleýänleriňkiden agdyklyk edýärdi. 1956-njy ýyla çenli iş haky alýanlaryň köpüsiniň „ak ýakalyja” ýa-da arassaja ýerlerde işleri bardy, ýagny olar dolandyryjylar, mugallymlar, satyjylar we edara gulukçylary bolup işleýärdiler. Käbir firmalar işgärlere iş hakynyň ýyllyk möçberine kepil geçýärdiler, olar bilen uzak möhletli şertnamalar baglaşýardylar we beýleki ýeňillikleri berýärdiler. Ýagdaý şeýle bolansoň, işçiler synpynyň işjeňligi peseldi we olaryň işçä mahsus häsiýetleriniň alamatlary ýitmäge başlady.

Oba hojalygynyň işgärleri kyn pursatlary başdan geçirýärdi. Bir tarapdan, mülkdarlaryň birnäçeleri uly hojalyklara öwrülýärdiler, şeýlelikde, olaryň öndürijiligi ýokarlanýardy we mülkdarlaryň arasynda uly telekeçiler barha köp peýda bolýardy. Beýleki tarapdan, maşgala mülkdarlarynyň ýagdaýy ýaramazlaşýardy, olaryň bäsdeşlik ukyby pese gaçýardy, ýer bilen işleşýänleriň sany azalýardy.

Ýaşaýan ýerlerini we işlerini üýtgeden amerikanlar başga-da az däldi. Uruşdan soň günbatar we günortagünbatar ştatlaryň, esasan-da „güneşli guşaklykdaky” şäherler bolan Hýustonyň (Tehas), Albukerkanyň (Nýu-Meksika), Tuson we Feniksiň (Arizona) ilaty okgunly depgin bilen köpelýärdi. Los-Anjelos (Kaliforniýa) Filadelfiýadan (Pensilwaniýa) ozup geçip, ilaty boýunça ABŞ-nyň şäherleriniň arasynda üçünji orn eýeledi. 1963-nji ýylda Kaliforniýa ştatynyň ilaty Nýu-Ýork şäherindäkiden köpdi.

Göçürmegiň we göçmegiň başga has ýaýran görnüşi-de bardy – ilat şäher merkezlerinden şäher eteklerindäki täze açylýan ýerlere göçýärdi. Ol ýerlerde olaryň uruşdan soň çaga dogulmagynyň artmagy bilen ulalan maşgalalar üçin has giň ýaşaýyş jaýlaryny almaga mümkinçilikleri bardy. Wilýam Lewittin ýaly inženerleriň, arhitektorlaryň taslamalary boýunça birmeňzeş we köplük üçin taýýarlanan jaýlaryň toplumy inedördül şekilinde gurulýardy. Ol jaýlaryň aglaba bölegi zawodda ýygnalýardy. Daşyndan we içinden sadaja bolan jaýlar arzan düşýärdi we olaryň täze eýelerine „amerikan arzuwynyň”, iň bolmanda, belli bir bölegini amala aşyrmaga ýardam edýärdi.

Şäher etekleri ösýän wagty, telekeçilik barha täze ýerleri eýeleýärdi. Köpdürli harytlary özünde jemleýän ägirt uly söwda merkezleri, söwdanyň, alyş-çalşyň görnüşini üýtgetdiler. Eger-de urşuň ahyrynda şeýle söwda merkezleriniň sany bary-ýogy 8 sany bolan bolsa, onda 1960-njy ýylda ol 34800-e ýetdi. Maşyn goýmaga kynçylygy bolmadyk we agşamara oňaýly sagatlarda şäher dükanlaryna baryp, edip bolmaýan söwdalara doly söwda mümkinçilikleri döredi.

Täze garaýollar gyra-çetlerdäki söwda merkezlerine baryp-gelmegi ýeňilleşdirdi. 1956-njy ýylyň karary bilen Kongres garaýollar gurluşygyna 26 mlrd dollar goýberdi. Bu Amerikanyň taryhynda döwlet işine goýberilýän iňňän uly puldy. Ýurduň ähli künjegini birleşdirýän 64000 kilometr federal ýollaryny gurmak göz öňünde tutuldy.

Telewideniýäniň amerikanlaryň jemgyýetçilik-ykdysady durmuşynda uly ähmiýeti bardy. Ol 30-njy ýyllarda peýda

bolup, diňe uruşdan soň giňden ýaýrap başlady. 1946-njy ýylda ABŞ-da telewizorlaryň sany 17000-den kän däldi, üç ýyldan soň bolsa her aýda olaryň 250000 sanysy satyldy. 1960-njy ýyla çenli maşgalalaryň dörtden üçüniň iň azyndan bir telewizory bardy. 50-nji ýyllaryň ortalaryna çenli orta amerikan maşgalasy günde 4–5 sagada çenli telegepleşikleri görýärdi. Çagalar teleýaýlymlaryna „Haudi dudi taým" we „Mikki Maus Klub" girýärdi. Ululary ň „Men Lýusini söýýärin" we „Kakam hemmeden köp bilýär" diýen ýaly komediýalar göwnünden turýardy. Dürli ýaşdaky amerikalylar harytlar baradaky çeperçilik bilen görkezilýän, olarda aýdylyşy ýaly, kadaly ýaşaýyş üçin zerur bolan harytlaryň reklamalaryna tomaşa edýärdiler.

## ADALATLY UGUR

Garri Trumeniň içerki syýasatynyň maksatnamasyna „adalatly ugur" diýip at berlipdi. Ruzweltiň „täzeçe çemeleşiş" maksatnamasyny dowam etmeklik bilen, ol federal hökümetiň ykdysady mümkinçiliklerini we jemgyýetçilik durnuklylygy kepillendirmelidir diýip hasaplaýardy, şol sebäpli-de, ol hökümetiň ähmiýetini peseltmek islän biperwaý meýilli kanun çykaryjy gazaply syýasy garşydaşlara garşy göreşdi.

Parahat döwrüň ykdysadyýetine geçmegi Trumen uruşdan soňky ýyllaryň ilkinji nobatdaky wezipesi hasaplady. Harby gullukçylar öýlerine çalt ýetmäge howlugýardylar ýöne, ABŞ-a gelenlerinde, olar ýaşaýyş jaý we iş tampak meseleleri bile ýyüzbe-ýüz bolaýardylar.

„Ji-Aý-Bil" diýlip atlandyrylan kanun, urşuň tamamlanmagynyň öň ýanynda kabul edilip, gullukdan boşan esgerlere we ofiserlere raýat durmuşyna gaýdyp gelmäge hemaýat berdi. Olara ýaşaýyş jaý satyn almaga karz pul we täze hünär ýa-da bilim almak üçin maliýe kömegi berildi.

Işçileriň nägileligi hökümetde uly biynjalyk döretdi. Harby önümçiligiň azalmagy netijesinde köp adam işsiz galdy we beýlekiler öňki gijikdirilen aýlyklara goşmaça hak tölemeklerini islediler. 1946-njy ýylda öň hiç haçan bolmadyk waka bolup, 4,6 million adam, esasan-da, polat, awtomobil we elektrik enjamlary senagatynyň işçileri iş taşladylar. Olara demirýolçular we şahtaçylar goşulan halatynda Trumen bu ahwalata goşuldy we iş taşlaýşy gadagan etdi. Şeýlelik bilen, millionlarça amerikan işçisini özünden daşlaşdyrdy.

Iň möhüm we gaýragoýulmasyz wezipeleri çözmek bilen Trumen hökümetiň hereket ediş çäklerini giňeltmäge çalyşýardy. Uruş gutarandan soň, bir hepdä ýeter-ýetmez wagtyň içinde ol 21 bölümden ybarat maksatnamany Kongresiň garamagyna berdi. Ol maksatnama, aýratyn-da, zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagyna garşy göreşi, az iş hakyny köpeltmegi, işsizlere berilýän kömegi we ýaşaýyş jaý satyn almaga berilýän kömegi köpeltmegi göz öňünde tutýardy. Soňky birnäçe aýyň dowamynda ol saglygy ätiýaçlandyryşy we atom energiýasyndan peýdalanmak baradaky kanunlar hakyndaky täze teklipleri hödürledi. Şol bir wagtda onuň bu çemeleşmesi dagynykdy we anyk maksady we ugry düşnüksizdi.

Respublikaçylar garşylyklaýyn hüjüme geçmegi tizleşdirdiler. 1946-njy ýyldaky Kongres saýlawlarynda olar saýlawçylardan: „Siz ýeterlik aldyňyzmy?" diýip soralanda, saýlawçylar: „Ýeterlik aldyk" diýip jogap berdiler. Respublikaçylar 1928-nji ýylda ilkinji gezek Kongresiň iki palatasynda-da köplük sesini alyp, Ruzweltden miras galan geçirimliligi tersine üýtgetmegi ýüreklerine ymykly düwdüler.

Trumen Kongres bilen göreş alyp bardy. Kongres döwlet harajatlaryny azaltdy we salgytlary peseltdi. 1948-nji ýylda Trumen ýene-de prezidentlige özüni hödürledi, saýlawçylaryň meýli onuň peýdasyna däldi we onuň hakykatda üstünlige bil baglamaga ýagdaýy ýokdy. Saýlaw möwsümini hyjuwly geçirip, Trumen gaty şowly syýasy öwrümleri amala aşyrdy we respublikaçy partiýadan kandidat, Nýu-Ýork ştatynyň gubernatory Tomas Dýui ýeňlişe sezewar etdi. Täzeçe çemeleşiş döwrüniň syýasy birleşigini dikeldip, Trumen işçilere, mülkdarlara we garaýagyz saýlawçylara bil baglady we şol sebäpli-de ýeňiş gazandy.

1953-nji ýylda ol prezidentlik wezipesini boşadandan soň, onuň „adalatly ugrunyň" netijesi gaty bir üstünlikli bolmady. Ol 1948-nji ýylda federal hökümetde garaýagyzlaryň kemsidilmegini, ýagny tabşyryklar ýa-da ýumuşlar üçin hakyna tutmagy gadagan etdi we harbylaryň aýry tutulmaklygynyň soňuna çykmaklygyna buýruk berdi. Iň pes iş haky ýokarlandyryldy, jemgyýetçilik üpjünçilik giňeldildi, ýöne, ýaşaýyş jaý maksatnamasy welin, doly berjaý edilmedi, saglygy ätiýaçlandyryşa, bilime berilmeli puly Kongres tassyklamady. Trumeniň „sowuk urşa" berlenligi onuň içerki syýasat çäreleriniň täsirini, güýçli garşydaşlaryň bar wagtynda pese gaçyrdy.

## EÝZENHAUERIŇ ÇEMELEŞMESI

Dwaýt Eýzenhauer hökümetiň ygtyýarynda täzeçe çemeleşiş maksatnamasynda kesgitlenen häkimligi we jogapkärçiligi saklady, ýöne, Prezidentiň ähmiýetini peseltmäge çalyşdy. Onuň bu çemeleşmesi „dinamiki konserwatizmi" ýa-da „häzirki zaman respublikaçylygy" aňladýardy. Bu bolsa onuň öz sözleri bilen aýdanyňda: „Pula gezek gelende – konserwatizm, ynsana gezek gelende – geçirimlilikdi". Bu babatda bir tankytçy: „Eýzenhauer köp sanly mekdep gurmagy talap eder... ýöne oňa pul bermez" diýip ýazdy.

Eýzenhaueriň büjetdäki ýetmezçiligi sazlap bilmegi onuň ilkinji artykmaçlygy boldy. Ol döwlet harajatlaryny azaldyp, salgytlary peseldip, dollaryň gymmatyny güýçlendirmekçi bolýardy. Puluň hümmetiniň gaçmagyny gözegçilik astynda saklamak üçin, respublikaçylar işsizligiň artmagy bilen töwekgellik etmäge-de garşy däldiler. Ykdysadyýetiň ösüşini gaty bir goldamaýanlar soňky sekiz ýylyň içinde ýurduň üçünji ykdysady pese gaçmadan kösenýändigini gördüler.

Eýzenhaueriň dolandyryjylary esasy nebit ojaklarynyň üstünden gözegçilik hukugyny ştatlara berdi we demokratlar energetika pudagyny milliieşdirmegi teklip edýärkäler, ol energetika babatda hususy telekeçiligi höweslendirdi. Eýzenhaueriň dolandyryjylary haýsy bir işe başlasalar, olar telekeçiligiň bähbitlerini göz öňünde tutýardylar.

Eýzenhaueriň jemgyýetde wajyplyk meýli häli-şindi kanuny taýdan petige getirýärdi, ýöne göwnünden turan maksatnamany geçirmekde welin, iňňän tutanýerliligini görkezýärdi. Ol prezidentlikden gidende, meşhurlygyny ýitirmedik az sanly prezidentleriň hataryndadyr.

## 1950-NJI ÝYLLARYŇ MEDENIÝETI

1950-nji ýyllarda amerikan jemgyýetine hereket edýän däplere kybap bolup ýaşamak duýgusy aralaşdy. Şol däplere eýermek ýaşlara-da, ýaşy durugşan adamlara-da mahsus boldy. Olaryň bary toparlaýyn kada eýerýärdiler

we şahsy aýratynlyklaryny görkezmäge çalyşmaýardylar. Uruş wagtynda önümçilikde aýallar erkekler bilen deňleşiberen bolsalar-da, uruş gutarandan soňra, ýerine ýetirýän işleriniň däp boýunça bölünmesi basym dikeldildi. Erkek adam ekleýji, aýal adam, hatda, işleýän-de bolsa, maşgaladaky wezipelerini berjy edýärdi. Jemgyýeti öwreniji Dewid Rizmen deňdeş jemgyýetçilik gatlaklaryň sabyr-takatlarynyň zerurlygyny özüniň täsirli „Ýalňyz mähelle" atly kitabynda giňden öwrendi. Ol bu täze jemgyýeti „başga gönükdirilen" diýip atlandyrdy we şeýle jemgyýetleriň durnuklylyga we eýermeklige alyp barýandygyny goldady. Muňa dürli nesilleriň aňyna jemgyýetçilik edep-ekramyň lenç edilen ugruny guýmaklyga telewideniýe ýardam etdi.

Ýöne amerikalylaryň hemmesi şeýle medeni kadalara eýerip durmady. „Urulan nesil" atly guramanyň agzalary bolan birnäçe ýazyjylar adaty gymmatlyklara garşy çykyş etdiler. Erkinligi we ruhylygy nygtap, olar duýgynyň paýhasdan, gündogaryň syrly ynançlarynyň günbataryň edaralaşan dininden ýokarydygyna ynanýandyklaryny beýan etdiler. „Urulan nesiliň" ýazyjylary hormat goýmaga bolan garaýyşlara garşy çykmak we medeniýetiň beýleki taraplaryna tisgindiriji täsir etmek üçin köp iş etdiler.

Olar öz çeper eserlerinde azatlyk baradaky özleriniň düşünjelerini beýan etdiler. Mysal üçin, Jek Keruak iňňän geçginli bolan „Ýolda" atly hekaýasyny 75 metrlik düýrlenýän kagyza çap etdirdi. Dyngy belgileriň düzgünleriniň berjaý edilmedik we abzassyz ýazylan bu kitap durmuşyň „şertleri" bilen bagly bolmadyk azatlygy wasp edýär. Şahyr Allen Ginsberg „Iňňildi" poemasy bilen şöhratlandy, poema häzirki zaman parhsyz, maşynlaşan siwilizasiýany paş etdi. Ýaramaz mazmuny üçin polisiýa bu poemanyň çapdan çykanlaryny ýygnan halatynda, awtor nägilelik bildirip, kazyýete ýüz tutdy we dawada utdy. Ony milletem goldady.

Sazandalar we suratkeşler-de gozgalaňa goşuldylar. Tennesi ştatynyň aýdymçysy Elwis Presli rok-n-rol äheňindäki aýdymlary aýtdy. Ördek guýrugyna meňzeş saçy we bykynlarynyň titretmesi bilen, ol edepli amerikalylary haýran etdi. Üstesine, Elwis we beýleki rok-n-rol aýdymçylarynyň akýagyz diňleýjilere garaýagyzlaryň aýdym-sazly çykyşyny görkezdiler. Bu bolsa amerikan medeniýetine garaýagyzlaryň aýdym-sazlarynyň aralaşmagynyň ösýändigini subut etdi. Jäkson Pollak ýaly suratkeşler surat çekmek üçin üç aýakly tekjeleri aýyrdylar we polotnalaryň uly böleklerini ýere ýazyp, oňa suratlaryny açyk reňkler, çäge we beýleki materiallar bilen çekdiler. Bu sungat işgärleriniň barysynyň her biri özüçe 60-njy ýyllaryň jemgyýetçilik öwrülişigini taýýarlady, ol öwrülişik bolsa olaryň göz öňüne getirişinden has giň we çuňňur boldy.

## RAÝAT HUKUGY UGRUNDAKY HEREKETIŇ BAŞLANMAGY

Uruş ýyllaryndan soňra garaýagyz amerikalylaryň işjeňligi ýokarlandy. Uruş wagtynda olar harby gullukda we önümçilikde jyns kemsitmelerine sezewar boldular we girdejileri çäklendirildi. Millionlarça afro-amerikaly mülklerini taşlap, gowy iş tapmak üçin demirgazyk ştatlaryň şäherlerindäki hyryn-dykyn külbelerde gözgyny ýaşaýşa kaýyl boldy.

Goşun gullugyndan gelen garaýagyzlaryň „ikinji derejeli" raýat bolup galaslary gelmeýärdi, garaýagyz ilatyň beýleki wekilleri bolsa özleriniň akýagyzlar bilen deň hukukly bolmaly wagtyň gelendigini aýdýardylar.

Bu 1947-nji ýylda, afro-amerikan Jeki Robinson beýsbolyň reňkli çyzygyny böwsüp, uly beýsbol birleşiginde oýnap başlanda, jynsparazlyk päsgelçilik meselesi ýüze çykdy. Ol „Bruklin dojers" klubunda häli-şindi öz bäsdeşleri we topardaşlary bilen bu mesele babatda çaknyşmaly bolýardy. Ýöne, birinji oýundaky ajaýyp üstünlik onuň ýagdaýyny berkitdi, şondan soň beýleki garaýagyz sportçylara-da ýol açyldy we olaryň sport birleşiklerindäki derejesini galdyrdy. Bu ýagdaý afro-amerikan sportçylaryna çäklendirilen sport birleşmelerine geçmäge-de hukuk berdi.

Döwletiň resmi adamlary we beýleki amerikalylar „sowuk uruş" syýasaty bilen jynsparazlyk meseleleriniň arasyndaky arabaglanyşygy görenlerinden soňra, garaýagyzlaryň talaplaryna uly duýgudaşlyk bilen garamaga başladylar. Erkin dünýäniň baştutany hökmünde Birleşen Ştatlar Afrikadan we Aziýadan goldaw gözlediler, ýöne öz ýurtlaryndaky jynsy kemsitmeler, olara ýer şarynyň beýleki ýerlerinde dostlukly gatnaşyklary ýola goýmaga päsgel berdi.

Prezident Garri Trumen raýat hukugy ugrundaky hereketi goldaýardy. Ol jemgyýetçilik taýdan bolmasa-da, syýasy deňlik pikirine ynanýardy we garaýagyz saýlawçylaryň sesleriniň ösýän zerurlygyna düşünýärdi. 1946-njy ýylda henize çenli Amerikanyň günortasynda dowam edip gelen özbaşdak jezalandyrmak we beýleki toparlaýyn wagşyçylyklar barada Garri Trumen bilende, ol raýat hukuklary boýunça iş toparyny döretdi we oňa jynsparazçylyk we dini esasda sütemleriň döremeginiň sebäplerini derňemegi tabşyrdy. Iş toparynyň bir ýyldan soň çap edilen hasabatynda garaýagyzlaryň deňhukukly däldigi resmi deliller bilen tassyklandy. Ol hasabatda federal hökümetiň Amerikanyň ähli raýatyny kepillendirilen hukuklar bilen üpjün etmelidigi nygtaldy.

Trumen muňa 10 bölümden ybarat Raýat hukuklaryny goramak baradaky maksatnama bilen jogap berip, ony Kongresiň tassyklamagyna ugratdy. Günortaly demokratlar öz işleriniň garşysyna göreşiň güýçlendirilendigi üçin öç alyp, 1948-nji ýylda partiýadan çykyp gidenlerinde, Trumen federal gullukda we ýaragly güýçlerde hukuk kemsitmelerini gadagan edýän perman çykardy. Ol, şeýle-de, garaýagyzlaryň harby gullukçylarynyň aýry tutulmagynyň bes edilmegi baradaky meselä garamak boýunça iş toparyny düzdi. Soňky harby çäklendirmeler Koreýadaky uruş wagtynda ýatyrylypdy.

Günortada garaýagyz amerikalylaryň hiç hili raýat we syýasy hukuklary ýokdy. Ikinji Jahan urşunyň frontlarynda 1 milliondan-da köp garaýagyz esger söweşdi, şeýle-de bolsa, uruşdan soňra-da günortaly garaýagyzlaryň saýlaw hukuklary ýokdy. Saýlawçylaryň sanawyna öz atlaryny girizmäge synanyşan garaýagyzlary südürläp çykarýardylar, ýençýärdiler, işden kowýardylar. Olar karz almak mümkinçiliginden mahrum edilýärdiler ýa-da asla oturan ýerlerinden göçürilip goýberilýärdiler. Özbaşdak jezalandyrmak düzgüni heniz-de gabat gelýärdi, Jim Krouň kanunlary bolsa şäher ýol aragatnaşygynda, otlularda, myhmanhanalarda, restoranlarda, keselhanalarda, medeni-köpçülik jaýlarynda we iş ýerlerinde jynsy kemsitmeleri talap edýärdi.

## AÝRA TUTULMALARYŇ ÝOK EDILMEGI

Garaýagyzlar öňdebaryjylygy öz ellerine aldylar. Garaýagyz ilatyň ösüşine Milli hemaýat assosiasiýasy 1896-njy ýylda Plessi Fergusonyň kazyýet işiniň esasynda döredilip, „Akýagyz we garaýagyz mekdep okuwçylarynyň okuw şertleri „aýratyn, emma deň hukukly" bolsa, kanuna laýyk gelýär" diýen kanuny taglymaty ýatyrmagy karar etdi. Bu perman onlarça ýyllap günortada şertleriň seýrek eger-de ol aslynda bar bolsa, deň saklanýan ýerlerinde aýra tutmaga berk çäre görmek üçin ulanyldy.

Ýokary kazyýet 1954-nji ýylda Plessini aýryp, Eýzenhaueriň bellemeginde başlyklyk edilende, garaýagyzlar öz maksatlarynyň birine ýetdiler, Baş adalatçy Örl Worren Braunyň magaryf ministrliginiň garşysyna işi boýunça karar çykardy. Kazyýet agzalary: „Aýratyn şertler iş ýüzünde deň däl" diýip, biragyzdan karara geldiler we „aýratyn, emma deňlik ýagdaýda" diýen taglymatyň mundan beýläk döwlet mekdeplerinde ulanylmaly däldigi babatda perman çykardylar. Bir ýyldan soň Ýokary kazyýet ýerli mekdep ýolbaşçylaryndan öz kararyny „iň ýokary tizlikde" berjaý etmeklerini talap etdi.

Eýzenhauer günortanyň zeruryýetlerine we isleglerine hoşniýetlilik bilen seredip, özgerişlere gabat gelendigine garamazdan, kanuny goldamak üçin wagt ýitirmän işe girişdi we federal paýtagt Waşington şäherindäki mekdepleriniň aýra tutmalary barada perman çykardy. Ol permanyň esasynda federal paýtagtyň mekdepleriniň bütin ýurda nusga bolmalydygyny buýruk berdi hem-de urduň ähli ýerinde-de jyns kemsitmesiniň ýatyrylmagyny berk gözegçilik etdi.

Onuň prezidentlik eden döwründe iň uly dawa 1957-nji ýylda Arkanzas ştatynyň Litl-Rok şäherinde tutaşdy. Gönüden-göni aýra tutma meýilnamasyny amala aşyrmak bilen baglanyşyklylykda akýagyzlaryň okaýan orta mekdebine 9 sany garaýagyz okuwçynyň kabul edilendigi üçin, ştatyň gubernatory başagaýlyk turuzýar. Onuň buýrugy boýunça Arkanzasyň milli gwardiýaçylary ol garaýagyz okuwçylary yzyna gaýtarýar. Federal kazyýetiň karary bilen goşun goýberilenden soň, okuwçylar mekdebe gelýärler, emma ýygnanan mähelle olary masgaralaýjy galmagal bilen garşylaýar. Tiz wagtdan bolsa olaryň gahar-gazaby güýçlenýär we okuwçylar ýene-de mekdepden gitmeli bolýarlar.

Şondan soň Eýzenhauer ýerli milli gwardiýany federal serkerdeligine tabyn etmek we ony Litl-Roka gaýtaryp getirmek barada görkezme berdi. Ol bu işi örän göwünsizlik bilen berjaý etdi, sebäbi Raýatlyk urşundan bäri federal goşun garaýagyzlaryň hukugyny goramak üçin ulanylmandy, ýöne ondan başga çykalganyň ýokdugyna-da düşünýärdi. Şeýlelik-de, aýra tutma esgerleriň synp otaglaryndan başlandy, olar kanunyň berjaý edilişine gözegçilik edýärdiler.

Raýat hukugy ugrundaky hereketde başga bir belli waka Alabama ştatynyň Montgomeri şäherinde boldy. 42 ýaşly garaýagyz aýal, hünäri boýunça tikinçi, şol bir wagtda Milli Assosiasiýanyň ýerli bölüminiň sekretary bolup işleýän Roza Parks, garaýagyzlar üçin şäher ýol aragatnaşygyndan peýdalanmagyň düzgünini bozup, diňe akýagyzlar üçin niýetlenen awtobusyň öňki bölümindäki orunda oturýar. Garaýagyzlar üçin niýetlenen yzky bölümdäki orunlara geçmek talap edilende, ol gulak asmaýar we şondan soň ony aýra tutma baradaky kanuny bozandygy üçin, polisiýa tussag edýär. Şeýle ýagdaýa garaşyp ýören ga-

raýagyzlaryň baştutanlary awtobus ýollaryndaky ulgamda kemsidilmä garşy göreş guraýarlar. Garaýagyzlaryň dini ruhanysy gelip çokunýan garaýagyzlar bilen duşuşýan baptist buthanasynyň ruhanysy Martin Luter King, Kiçi olaryň nägilelikleriniň jarçysy boldy. Ol: „Özleriniň äsgerilmezliginden we gazaply urgulara sadyklyk bilen çydap ýörmegiň adamlaryň degnasyna degjek wagty-da gelip ýeter” diýdi. Kingi tussag edýärler we ol tussag edilmelere birnäçe sapar duçar bolýar, ýöne Montgomeriň garaýagyz ilaty kemsidilmä garşy göreşi goldamagy dowam etdirdi. Netijede, awtobus eýeleriniň girdejileri 65% peseldi. Bir ýyldan soň, ABŞ-nyň Ýokary kazyýeti: „Awtobus ýollarynda, şeýle-de mekdeplerde aýra tutma bikanun” diýip, ykrar edenden soň, kemsidilmä garşy göreş bes edildi. Garaýagyzlaryň raýat hukuklary ugrundaky hereketi iňňän möhüm ýeňiş gazandy we Martin Luter King, Kiçi ýaly täsirli, akylly we dilewar baştutanyny tapdy.

Garaýagyz amerikalylar, şeýle-de akýagyzlar bilen deň ses bermek hukugyny gazandylar. Dogrusy, Konstitusiýanyň 15-nji düzedişi şeýle hukugy göz öňünde tutan-da bolsa, ştatlaryň köpüsinde saýlawçylara salgyt girizip ýa-da sowatlylygy talap edip, ondan sowlup geçýärdiler. Eýzenhauer we Senatda köpçüligiň baştutany Lindon Jonson ikisi ses bermek hukugyny Kongresiň kepillendirmegi üçin tagallalaryny birleşdirdiler. 1957-nji ýylyň raýat hukuklary baradaky kanuny – Raýatlyk urşy gutarandan soň, 92 ýylyň içinde şeýle çäre öňe ädilen ädim boldy, sebäbi ol garaýagyz raýatlara ses bermäge päsgel berjek bolýanlaryň öňüni almaga federal häkimiýetlere ygtyýar berdi. Kanun hemişe berjaý edilmeýärdi we 1960-njy ýylda kanun bozulandygy üçin jogapkärçilik çäreleri ýokarlandyryldy. Ýöne täze kanun-da federal häkimleri garaýagyz saýlawçylary hasaba almaga borçly etmedi.

Garaýagyzlaryň raýat hukuklary ugrundaky hereketi öz güýçlerine barha köp daýanyp başlady. ABŞ-nyň Ýokary kazyýetindäki we olaryň Kongresdäki tarapdarlary 1960-njy ýyllarda bu hereketiň has ýokary göterilmegine ýardam etdiler. ◇





# 12-NJI BAP

# ÖZGERIŞLIK EÝÝAMY

Astronawt Aýyň üstünde, 1969-njy ýylyň iýul aýynyň 20-si.

„Men ajaýyp günleriň birinde jorjiýanyň al-elvan baýyrlarynyň üstünde öňki gullaryň ogullarynyň we öňki gul eýeleriniň ogullarynyň bir saçagyň başynda doganlarça jemlenmegini arzuw edýärin”

Martin Luter King, Kiçi 1963-nji ýyl

1960-njy ýyla çenli amerikan jemgyýetinde döwlet ägirt uly orna eýe bolup başlady. 1930-njy ýyllarda Ak Tam kanuny başlangyç bilen çykyş etdi we „Beýik çökgünlik” urgularyny ýumşatmak üçin, Kongres bilen ysnyşykly işledi. Durmuşyň möhüm ugurlaryny alyp barmak üçin täze döwlet edaralary we pudaklaýyn dolandyryş edaralary döredilýärdi. Ikinji Jahan urşy ýyllary içinde federal gullukçylaryň sany 1 milliondan 3,8 milliona çenli artdy, 50-nji ýyllarda ol 2,5 milliona çenli kadaly ýagdaýa getirildi. 1929-njy ýylda 3,1 milliard dollara ýeten federal harajatlar 1953-nji ýylda 75 milliard boldy, 60-njy ýyllarda bolsa 150 milliarddan-da geçdi.

Hatda, ösüşiň çäklerine dürli-dürli düşünýän-de bolsalar, amerikalylaryň köpüsi döwletiň ornunyň ösmegine oňyn garaýardylar. Demokratlar döwlet mümkinçiliklerini ykdysadyýetiň meselelerini çözmek hem durmuş durnuklylygy üçin peýdalanmak ugrunda çykyş edýärdiler, bilim, saglygy goraýyş we durmuş hajatlary üçin federal çykdajylary artdyrmaga çalyşýardylar, respublikaçylar bolsa esasy meseleleri çözmekde hökümetiň jogapkärçiligini ykrar edip, çykdajylary azaltmaga we adamlaryň şahsy göreldesini erkine goýbermäge çalyşýardylar.

## KENNEDI WE TÄZE SEPGITLER

Demokratik partiýadan prezidentlige dalaşgär Kennedi 1960-njy ýyldaky saýlawlarda ýeňip, ABŞ-nyň taryhynda iň ýaş prezident boldy. Ol şonda 43 ýaşyndady. Bäsdeşi Riçard Nikson bilen bolan teleçekişmede ol işewür, dilewar hem gujur-gaýratly adamyň häsiýetlerini görkezdi. Saýlaw möwsüminiň gidişinde Kennedi: „Täze onýyllykda okgunly öňe gidişlik zerur, sebäbi islesek-islemesek, täze sepgitler geldi” diýip aýdýardy. Özüniň prezidentlik wezipesine giriş ilkinji sözüni ol: „Ýurduň näme berip biljegi barada däl-de, özüňiziň ýurda näme berip biljegiňiz barada pikir ediň!” diýen çagyryş bilen tamamlady. Prezidentlik eden gysga döwrüniň tutuş dowamynda, Kennediniň mylakatlylygy, parasatlylygy we gelişikli daş keşbi aýratyn

utgaşyp, onuň meşhurlygyny saklaýyan güýje öwrüldi we täze döreýän syýasatçylaryň tutuş bir nesline täsir etdi.

Amerikalylaryň ählisiniň ykdysady bähbitlerden öz paýyny almagy üçin şertleri döretmek maksady bilen Kennediniň aýgytly öňe çykasy gelýärdi, ýöne saýlawda sesleriň sähelçe artykmaçlygyny gazanmagy onuň mandatyny çäklendirdi. Demokratlaryň Kongresiň iki palatasynda hem artykmaçlyk etmegide-de, konserwatiw meýilli günortalylar onuň bilim ulgamyna federal kömegi artdyrmak, garrylary saglyk ätiýaçlygy üpjin etmek we Şäherleriň meseleleri boýunça ministrligi döretmek baradaky meýilnamalaryna garşylyk görkezýärdiler. Şoňa görä-de, Kennedi alyp baran syýasatlary barada näçe köp gürrüň etsede, olaryň durmuşa geçirilişi çäklidi.

Ilkinji nobatdaky möhüm wezipeleriň biri hem biri ykdysady taýdan pese gaçyşy togtatmakdan we ösüşe täzeden goldaw bermekden ybaratdy. Ýöne, 1962-nji ýylda, Kennedi görnükli işewür ynamyny ýitirdi çünki onuň administrasiýasy poladyň bahasyny aşa ýokary hasap, ony arzanlatmaga çalyşdy. Ol özüniň öňde goýan maksadyny amal etse-de, güýçli goldawdan mahrum boldy. Maya goýumyny ösdürmek we ykdysadyýeti höweslendirmek üçin salgytlary peseltmek baradaky kanuny Kongresden geçirmäge synanyşanda, Kennedi konserwatiw oppozisiýa büjet ýetmezçiligini döredýän kanuny kabul etmäge onda hiç hili umyt goýmady.

Kennediniň prezidentliginiň, umuman, kanunlary işläp düzmek we kabul etmek nukdaýnazardan bitiren işleri juda gowşakdy. Prezident raýat hukuklary ugrunda göreşýän görnükli adamlar bilen duşuşyklar geçiren hem bolsa, prezidentliginiň ahyryna çenli raýat hukuklary ugrundaky herekediň maksatlaryny dolulygyna kabul etmedi. Ol bilim we aşa garranlara lukmançylyk kömegi babatdaky öz syýasatyny-da durmuşa geçirip bilmedi. Ol diňe pes iş hakyny sähelçe artdyrmagy gazanyp bildi. Her niçik hem bolsa, ol älem barlaglaryny geçirmäge we ösüp barýan ýurtlara zerur kömegi bermek maksady bilen amerikalylary daşary ýurtlara ugratmak üçin Parahatçylyk Korpusyny esaslandyrmaga serişde berilmegini gazandy. Emma ol 1963-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Tehas ştatynyň Dallas şäherine sapara giden wagtynda açyk maşynda barýarka öldürildi. Bu edil öňki nesil üçin Franklin Ruzweltiň ölüminiň bolşy ýaly, şol döwrüň nesli üçin-de iňňän hasratly we agyr ölüm boldy.

Şol ýyllaryň wakalaryna gaýtadan nazar salanyňda, Kennediniň liberal prezident hökmünde abraýynyň ýöreden syýasatlarynyň durmuşa geçip-geçmezlimeginden däl-de, eýsem onuň işe çemeleşinden we ideallaryndan gelip çykýändygyny görmek bolýar. Şeýle hem Kennedi özi aradan çykandan soň amala aşyrylan özgerişlikleriň arkasynda duran liberal güýç hasaplanýar sebäbi 1964–1966-njy ýyllarda onuň prezidentliginiň soňky ýylynda maksat edinen wezipeleri amala aşyryldy.

## LINDON JONSONYŇ „BEÝIK JEMGYÝETI"

Tehasly Lindon Jonson, senagat köpçüliginiň baştutany, edil Kennedi ýaly ezber bolmasa-da, has netijeli syýasatçy bolup çykdy. Onuň bu artykmaçlygy entek wise-prezident bolmanka, mälim boldy. Kongresde Jonson işi soňuna çenli alyp çykmakda abraý-şöhrat gazandy, ol haýyş edip, öwüp we hatda haýbat atyp, öz maksadyna ýetýärdi. Kennediniň ornuny eýeläp, ol Birleşen Ştatlarda garyplyga garşy göreşmegi niýet edindi we her bir amerikaly „gül-

läp ösüşligiň" miwesinden peýdalanyp biler ýaly etmek isledi.

Döwleti dolandyrylyşyny ele almak bilen Jonson özünden öňki prezidentiň başlan çärelerini durmuşa geçirmäge hyjuw bilen ýapyşdy. Ol salgytlary peseltmäge we raýat hukuklaryny üpjün etmäge ilkinji derejeli ähmiýet berdi. Özüniň ynandyrmaga bolan ukybyndan başarnykly peýdalanyp we merhum Prezidente sarpa goýýan kanun çykaryjylaryň duýgy-düşünjelerine bil baglap, Jonson 1964-nji ýylda Kennedi tarapyndan girizilen Raýat hukuklary baradaky kanunyň Kongresde kabul edilmegini gazandy. Bu Günortanyň täzeden gurulmagyndan soň geçen wagtyň içinde iň kämil kanun bolupdy. Jonson soňra beýleki meseleler bilen meşgullandy. 1964-nji ýylyň baharynda „Beýik Jemgyýet" baradaky öz maksatnamasyny yglan etdi we bu adalga şol ýylky bolan prezident saýlawlarynda konserwatiw respublikaçy Barri Golduoterden üstün çykanyndan soň, has uly ähmiýete eýe boldy.

Ykdysadyýet babatynda Jonsona salgytlary peseltmek başartdy we Kennediniň bellän garypçylyga garşy göreş maksatnamasyny durmuşa geçirmäge girişdi. Ol „Biziň edara ediş diwanymyz häzirki pursatdan başlap, Amerikada garyplyga garşy barlyşyksyz göreşi yglan etdi" diýip aýtdy. Ykdysady mümkinçilikler müdirligi garyplara hünär öwretmek bilen meşgullandy we „jemgyýetçilik hereketi" bilen olary ýaşaýyş jaý, saglygy goraýyş we bilim boýunça döwlet maksatnamasyny işläp düzmäge gatnaşdyrmak üçin, ýaşaýan ýerlerinde olaryň arasynda iş geçirýärdi.

Soňra gezek „Medikear" – aşa garranlary lukmançylyk taýdan ätiýaçlandyrmak maksatnmasyny we „Medikeýd" garyplara lukmançylyk kömegini bermek maksatnamasyny işläp düzdi. Ýigrimi ýyl ondan ozal şonuň ýaly taslama Trumen tarapyndan hödürlenipdi, ýöne Kongresden geçmändi, Jonsona weli ony amala aşyrmak başartdy.

Orta mekdeplere döwlet kömegini giňeltmek boýunça onuň hereketleride örän şowly boldy, ony-da Kennedi amala aşyrmaga jan edipdi. Pes girdejili maşgalalaryň mekdep ýaşly çagalarynyň sanyna laýyklykda federal büjetden ştatlara serişde bölünip berildi, özi-de döwlet mekdepleri-de, hususy mekdepler-de maliýeleşdirilmäge degişlidiler.

„Beýik Jemgyýeti" döretmek maksatnamasy şunuň bilen çäklenmedi. Ýaşaýyş jaý baradaky kanun garyplara ýaşaýyş jaýy kireýne alanlary üçin kömek puluny tölemegi göz öňünde tutdy we Ýaşaýyş jaý gurluşygy hem şäherleri ösdürmek departamenti döredildi. 1924-nji ýylyň kanunynyň göçüp gelýänleri çäklendirmek baradaky kemsidiji düzgüni ýatyryldy. Alymlara we sungat işgärlerine-de büjetden kömek bölünip berildi.

Jonsonyň edara ediş diwany ýol hereketiniň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak boýunça-da ençeme çäreleri kabul etdi. Ýaş hukukçy, lobbistleriň Kongresdäki maslahatçysy Ralf Neýder bu taslamanyň peýdalydygyna kongresmenleri ynandyrdy. Ol özüniň „Islendik tizlikde howply: amerikan awtomobiliniň düzümüniň kemçilikleri" atly kitabynda (1965) ABŞ-da öndürilen ulaglaryň köp kysymlary haýal sürlen halatynda-da heläkçilige uçrap, adamlaryň gurban bolmagyna getirip biljekdigini subut etdi. Awtomobil ýasaýjylar daşynyň owadanlygyna kowalaşyp, ulag ulanylyşynyň howpsuzlygyny

unudypdyrlar. Neýder şeýle heläkçiliklere uçraýan şowsuz kysymlary birin-birin sanap geçýär. 1966-njy ýylda Jonson awtomobil ulagy barada iki kanun taslamasyny tassyklady. Ştatlar we ýerli häkimiýet guramalary ýol hereketiniň howpsuzlyk maksatnamasyny işläp düzmek üçin serişde aldylar, şeýle-de awtomobiller we olaryň tigirleri üçin howpsuzlygyň döwlet standarty girizildi.

„Beýik jemgyýet" maksatnamasy kanun çykarmak babatynda „täzeçe çemeleşmeden" soňky iňňän uly öňegidişlikler döwri boldy. Emma Jonsonyň edara ediş diwanynyň maksatnamasynyň jemgyýet goldawy eýýäm 1966-njy ýylda gowşap başlamagy biraz göwnügeçginlik döretdi; tankytçylar olary „howul-haraçylyk" we netijesiz diýip hasapladylar, olardan biri bolsa: „ABŞ-nyň döwlet diwany özüniň güýji ýa-da täsiri bilen däl-de, belentligi bilen tapawutlanýar" diýip belledi.

## KUBA ZERARLY AGZALALYK

60–70-nji ýyllarda ABŞ kommunistik döwletler bilen ýiti dartgynlylygyň gysajynda galdy. Şol döwrüň amerikaly syýasy işgärleri parahatçylygy diňe „sowuk urşa" daýanylmagynda görýärdiler we bolup biläýjek howpuň öňünde durmagyň tärini gözleýärdiler. Kennediniň prezidentlik eden ýyllarynda Kuba şeýle „göreş meýdany" boldy.

ABŞ bilen Kubanyň gatnaşygy, 1959-njy ýylda Fidel Kastro öwrülişik güýçleri bilen häkimiýeti eýeländen soň, has dartgynly geçdi. ABŞ Kennediniň Ak Tama gelmeziniň öň ýanynda onuň düzgüni bilen diplomatik gatnaşyklary kesdi we Merkezi aňtawçylyk müdirligi Kubadan göçüp gelenlere harby tälim bermäge girişdi, bu kubalylar ada düşmelidiler we ol ýerde gozgalaň turuzmalydylar. 1961-nji ýylyň baharynda Koçinos aýlagynyň sebitinde edilen bu synanyşyk, olaryň derbi-dagyn edilmegi bilen gutardy. Eýzenhauer döwründe meýilleşdirilen bu etmişi makullan Kennedi bu masgaraçylykly şowsuzlygyň jogapkärçiligini öz üstüne aldy.

Dökülen abraýyny dikeltmek üçin, Kennedi soňky ýyl Sowet Soýuzynyň ýadro raketalaryny Kubada gizlin ýerleşdirýändigini eşiden wagtynda berk durdy. ABŞ-nyň Prezidenti ol ýere täze raketalaryň getirilmeginiň öňüni almak üçin, Kubany deňizden gabamak tärini ulandy we SSSR-den öz raketalaryny ol ýerden çykarmagyny resmi taýdan talap etdi. Dünýä ýadro urşunyň bosagasyna geldi. Birnäçe howsalaly günden soň sowet ýolbaşçylary eglişik etdi. Kennediniň tarapdarlary oňa el çarpdylar, onuň ABŞ-daky bäsdeşleri bolsa onuň biderek ýere töwekgelçilige gidendigini, ol meseläni diplomatik ýol bilen-de çözüp boljakdygyny aýtdylar. Kubanyň raketaly dawasy amerikan-sowet gatnaşyklarynda öwrülişik pursaty boldy, sebäbi iki tarap-da gönümel harby çaknyşyklara getirip biljek dartgynlylyklary parahatçylykly ýol bilen çözmegiň zerurdygyna göz ýetirdi. Soňky ýyl Birleşen Ştatlar, Sowet Soýuzy we Beýik Britaniýa howada ýadro synagyny gadagan edýän ýadro ýaragynyň synagyny çäklendirmek barada meşhur şertnama gol çekdiler.

## KOSMOS BARLAGLARYNYŇ MAKSATNAMASY

1957-nji ýylda Sowet Soýuzy Ýeriň emeli hemrasyny uçurandan soň, älem sowet-amerikan bäsdeşliginiň ýene-de bir göreş meýdanyna öwrüldi. Amerikalylar üçin ol uly zarba boldy – ýadro atymyny alyp gitmäge ukyply raketany döredip, SSSR arşa çykmak

üçin bar ünsüni jemlemäge olary mejbur etdi. SSSR-iň üstünligi ABŞ üçin aç-açan howp salýan bolsa, özi üçin sebitara ballistik raketalaryň täze eýýamynyň başlanmagydy. Birleşen Ştatlar özleriniň ilkinji „Eksplorer-1” hemrasyny 1958-nji ýylda uçurdy. 1961-nji ýylda Sowet Soýuzy ýeriň töweregindäki orbita birinji kosmonawty ugradanda, amerikalylaryň keýpi has-da bozuldy. Muňa jogap hökmünde, Kennedi Birleşen Ştatlary „şu on ýyllygyň ahyryna çenli” amerikan astronawtynyň Aýa gonmagy we gaýdyp gelmegi üçin mümkin bolan ähli zady etmeklige çagyrdy.

„Merkuriý” taslamasy boýunça 1962-nji ýylyň awgustynda birinji amerikan astronawty Jon Glen Ýeriň töwerindäki orbita uçup çykdy. 60-njy ýyllaryň ortalarynda ABŞ-nyň alymlary adam arşda uzak wagtlyk bolan halatynda ýetýän täsiri barlamak üçin „Jemini” (latyn dilinden terjime edilende „ekizler” bolýar) maksatnamasyny amala aşyrdylar. Göwrümi boýunça ol „Merkuriýden” uludy, ýöne soň peýda bolan „Apollondan” weli kiçidi. Ol älem gämisinde iki astronawt uçupdy. „Jemini” maksatnamasynyň köp maksady bardy: şol bir wagtda 1965-nji ýylyň awgustynda oňa 8 günlük iň uzak uçuş we awtomatik usulda Ýere dolanyp gelmek girýärdi. Astronawtlar, şeýle-de, uçuşda iki gäminiň birinji hereketini we amerikalylar üçin açyk äleme birinji çykyşy amala aşyrdylar.

„Apollon” ulgamynyň gämileri Kennedi tarapyndan öňde goýlan maksada ýetdiler. 1969-njy ýylyň iýulynda ähli ýer togalagynyň ýüzlerçe million teletomaşaçysy Neýl Armstrongyň dünýäde ilkinji bolup, Aýyň üstünde gezim edip ýöreniniň şaýady boldy.

Şondan soň „Apollon” ýene ençeme uçuş etdi, ýöne amerikalylaryň köpüsi adamyň äleme çykmagynyň maksada laýykdygyna ikirjiňlenip ugradylar. 70-nji ýyllaryň başlarynda, beýleki ähmiýetli işler ýüze çykanda, Birleşen Ştatlar älem maksatnamasyny gutardym etdi. „Apollonyň” bellenen uçuşlary ýatyryldy we „Skaýlab” arş menziliniň diňe ikiden biri ýasaldy.

## WETNAMDAKY URUŞ

Hindi-Hytaý „sowuk urşuň” söweş meýdanlarynyň biri boldy. Bu çaknyşygyň, dartgynlylygyň düýp sebäbi Ikinji Jahan urşy döwründen başlanypdy. XIX asyryň ortalaryndan başlap, fransuz koloniýasy bolan Wetnamy Ýaponiýa basyp aldy. Wetnam kommunistleriniň baştutany Ho Şi Min ýurdy kolonial agalykdan azat etmekligi ýüregine düwdi we ABŞ-nyň oktýabr ugrundaky uruş tejribesine ýüzlendi. Ýaran döwletler Ýaponiýadan üstün çykanlaryndan soň, olar Ho Şi Min bilen gepleşik geçirmeli boldular.

Fransiýa beýik döwletlik ýagdaýyny dikeltmäge dyrjaşyp, Wetnamyň özüne gaýtarylmagyny talap etdi, emma Ho Şi Min boýun egmedi we milli azatlyk ugrundaky göreşini dowam etdirdi. ABŞ Fransiýany goldamak bilen Ýewropada kommunistleri jylawlamak syýasatyndan bähbit arap, Wetnamda uruş alyp barmak üçin, oňa ykdysady kömek berdi. Emma onuň ýardam etmegi-de Fransiýany 1954-nji ýyldaky ýeňlişden halas edip bilmedi. Ženewada bolan halkara maslahatynda Wetnam iki bölege bölündi: demirgazyk ýarymyna Ho Şi Min ýolbaşçylyk etdi, buddizm agdyklyk edýän günorta bolsa, antikommunist, hristianlyga uýýan Ngo Din Dýem baştutan boldy. 1956-njy ýylda ýurduň bir bütewi hökümet saýlawlary bellendi.

Wetnamda kommunistler häkimiýeti eýeleseler, Birmada, Taýlandda we Indoneziýada-da şeýle ýagdaýyň gaýtalanmak gorkusy bilen Eýzenhauer Dýemiň saýlawdan boýun gaçyrmak ugruny goldady we Günorta Wetnama ykdysady hem harby kömek bermegini artdyrdy. Kennedi onuň möçberini has-da giňeltdi, emma Demirgazyk Wetnam bilen uruş üstünlige getirmedi. Dýemiň düzgüni abraýdan düşdi we ol 1963-nji ýylda dargady (Dýem şol ýyl aradan çykdy). Bu Jonsonyň hökümetini çykgynsyz ýagdaýda goýdy.

Wetnamdaky ýagdaý barha ýaramazlaşýardy. Günortada partizançylyk hereketi („Wýetkong") ýaýbaňlandy. Demirgazykdan kömek alyp, gozgalaňçylaryň bir bölegi milli azat ediş urşunyň baýdagy astynda, bir bölegi bolsa özbaşdak hereket edýärdi. Kommunistleriň öňe süýşmegini saklamak üçin, Jonson ABŞ-nyň bu urşa gönüden-göni gatnaşdyrmak kararyna geldi. Demirgazyk güýçleriň iki amerikan gyryjy uçaryna deňizde hüjüm edenlerinden soň, Jonson 1964-nji ýylyň 7-nji awgustda Tonkin aýlagy boýunça kararnamanyň Kongres tarapyndan kabul edilmegini gazandy, ol kararnama bolsa Prezidente „amerikan goşunlarynyň garşysyna islendik hüjümiň öňüni almak üçin we mundan buýanky çozuşlaryň öňüni almak üçin zerur bolan ähli çäreleri ulanmagy" rugsat etdi. Jonson 1964-nji ýylda täzeden saýlanandan soň, Wetnamdaky harby hereketleri görlüp-eşidilmedik derejede ýaýbaňlandyrdy: eger-de oňa 1965-nji ýylda 25 müň amerikan harby gullukçy gatnaşan bolsa, onda 1968-nji ýyla çenli olaryň sany 500 müňe ýetdi. Howadan köpçülikleýin hem yzygiderli bombalanmagy zerarly Demirgazyk Wetnama, şonuň ýaly-da Günorta Wetnama ägirt uly zelel ýetirildi.

Öz telewizorlaryndan söweşleriň eýmenç suratlaryny görüp, amerikalylar öz ýurtlarynyň Wetnamdaky urşa gatnaşmagyna barha hyjuwly gahar-gazap bildirip başladylar. Daşary syýasatda Jorj Kennan ýaly hünärmenler ABŞ-nyň syýasy ýalňyşlyklaryny tapýardylar. Beýlekiler bolsa: „ABŞ-nyň urşy gutarmak üçin hiç hili çykalgasy ýok" diýip nygtaýýardylar. Köpçülikleýin urşa garşy hereketleriň urşuň gidişine hiç hili täsir etmeýänini amerikalylar gördüler. ABŞ-nyň daşary syýasatyndan jemgyýetçiligiň nägile bolmagy, esasan-da, ýaşlaryň arasynda nägileligiň köp bolmagy, Jonsony ylalaşyk hakynda gepleşik geçirmäge mejbur etdi.

Urşa garşy hereketler syýasy häsiýete eýe boldy. Onuň geriminiň giňligine göz ýetiren Jonson ikinji möhlete özüni hödürlemekden el çekdi. 1968-nji ýylda demokratik partiýa Ilinoý ştatynyň Çikago şäherinde milli gurultaý geçirýän wagtynda, onuň syýasatyndan nägile bolan raýatlar polisiýa bilen çaknyşdylar. Esasan-da, iýunda Robert Kennedi öldürilenden soň, demokratlaryň hatarlarynda başlanan bitertiplikler, 1960-njy ýyllaryň raýat hukuklary ugrundaky hereketleriniň garşytopary we üçünji partiýanyň – Alabama ştatynyň gubernatory Jorji Wollasyň dalaşgärligi (ol öz ştatynda, şeýle-de Missisipide, Arkanzasda, Luizianada we Jorjiýada ýeňiş gazandy), ABŞ-nyň prezidentlik wezipesine respublikaçy Riçard Niksonyň saýlanmagyna ýardam etdi. Nikson amerikan jemgyýetiniň mundan buýana bölünmeginiň öňüni almak üçin, ABŞ-nyň uruşdan çykmalydygyna düşünýärdi.

Wetnamdan kem-kemden amerikan goşunlaryny çykarmak barada buýruk berip, şol wagtda Nikson bu ýurdy bütin urşuň dowamynda bolanlardan has gazaply bombalamaklyga görkezme berdi we ol ýerden Wetnama berilýän kömegiň

ýoluny kesmek üçin, Kambojany basyp aldy. Oňa jogap hökmünde garşylyk hereketi güýçlendi we amerikan talyplary ýene-de hökümetiň garşysyna çykyş etdi. Ogaýo ştatynyň Kent Steýt şäherinde bolan şeýle çykyşlaryň birinde düzgüntertibi dikeltmek üçin çagyrylan milli goragyň esgerleri dowul turzup, 4 talyby öldüripdirler.

Atyşygy ýatyrmak baradaky gepleşikleri amerikan tarapyndan Prezidentiň milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisi Genri Kissinjer alyp barýardy, bu gepleşikler diňe 1973-nji ýylda tamamlandy. ABŞ-nyň goşunlary çykarylan hem bolsa, uruş Demirgazyk Wetnam 1975-nji ýylyň baharynda tutuş ýurt boýunça öz gözegçiligini berkarar eden wagty gutardy.

Uruş ABŞ-a iňňän gymmat düşdi. Oňa biderejik harç edilen puluň mukdary 150 milliard dollardan geçdi, diri güýçdäki ýitgiler 58 müň esger we ofiser boldy. Wetnam tutuşlygyna harabalyga öwrülipdi, onuň ilatynyň millionlarçasy gyrlypdy, maýyp edilipdi. Bu zatlaryň hemmesi ýaş amerikalylary öz ýurtlarynyň ýöredýän syýasatyna we amerikanyň gadymy taryhy gymmatlyklaryna şübhe bilen garamaga mejbur edýärdi.

## DARTGYNLYLYGY GOWŞATMAK SYÝASATY

Wetnam urşy tamamlanyp barýarka, Niksonyň edara ediş diwany esasy kommunistik döwletlere bolan gatnaşygyny üýtgetdi. Bu ugurda iň aýgytly edilen ädim Hytaý Halk Respublikasy bilen gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagy boldy. Mao Sze Dun häkimiýet başyna gelenden soň, ýigrimi ýylyň dowamynda ABŞ-nyň hökümeti Taýwandaky „syrkyndy" düzgüniň bütin hytaý halkyna wekilçilik etmegini talap edip geldi. 1971-nji ýylda Nikson muňa beýle çemeleşmeden el çekdi, HHR bilen söwda etmekdäki ençeme çäklendirmeleri aýyrdy we 1972-nji ýylyň fewralynda amerikan prezidentleriniň arasynda ilkinji bolup, resmi sapar bilen bu ýurtda boldy.

Niksonyň Sowet Soýuzy bilen ýakynlaşmak ýa-da şol wagtlar atlandyrylyşy ýaly, „dartgynlylygy gowşatmak" syýasaty iňňän şowly bolup çykdy. 1972-nji ýylyň maýynda ABŞ-nyň Prezidenti SSSR-e geldi. Moskwada olar ençeme sapar Leonid Brežnew bilen mähirli duşuşyklar geçirdiler, olar raketa garşy goranyş ulgamyny çäklendirmek, arşda hyzmatdaşlyk etmek we söwda gatnaşyklaryny ösdürmek baradaky şertnamalara gol çekdiler. Strategik hüjüm ýaragyny çäklendirmek baradaky gepleşikler ýadro gorhanalarynyň artmagynyň öňüni almaga mümkinçilik berýän ylalaşyga gol çekmek bilen tamamlandy.

## NIKSONYŇ ÜSTÜNLIKLERI WE ŞOWSUZLYKLARY

Nikson, ýurdy demokratlar 8 ýyl dolandyrandan soň, Prezident boldy. Eýzenhauer döwründe wise-prezidentkä, 1960-njy ýyldaky saýlaw möwsüminde Kennediden ýeňlip, Nikson ýiti syýasatçy boldy, ýöne Jonson ýaly hyjuwly bolup bilmedi. Ol özüniň her bir ädimini uzakdan hasaplaýardy we saldarlap görýärdi. Ilkinji pursatlarda bu häsiýeti oňa kömegem etdi, ýöne welin ahyry şowsuzlyga getirdi.

Hökümetiň maliýe borçnamalarynyň meselelerine respublikaçylaryň garaýşyna eýermek bilen, Nikson onuň ygtyýarlyklaryny giňeltmegiň zerurdygy bilen ylalaşdy we umumy taglymatyň çäklerinde döwletiň ählumumy eşretli ýurt bolmalydygyny ykrar etdi. Ol durmuşa geçirilýän maksatnamalary diňe tertipleşdirmäge hyýallanýardy.

Nikson özüniň prezidentlik döwründe köp sanly ykdysady meseleler bilen ýüzbe-ýüz boldy. 1973-nji ýylda hümmetsizligiň derejesi 9 göterime ýetdi; 1968-nji ýylyň noýabr aýy bilen 1970-nji ýylyň maý aýy aralygynda Dow-Jons görkezijisi 36 göterim pese gaçdy. 1970-nji ýylyň ahyryna çenli işsizleriň derejesi 6,6 göterime ýetdi. Nikson 1971-nji ýylda bahalara we zähmet hakyna gözegçilik etmegi girizdi, munuň uly ähmiýeti boldy.

Öňden görülmedik wakalar zerarly onuň meýilleri bozuldy. Ysraýyl bilen Müsüriň we Siriýanyň arasynda başlanan uruş sebäpli Saud Arabystany 1973-nji ýylda Ysraýylyň ýarany Birleşen Ştatlara nebit satmagy gadagan etdi. Beýleki ýurtlar – nebiti eksport edýän ýurtlar guramasynyň (OPEK) agzalary nebitiň bahasyny 4 esse galdyrdylar. Amerikalylar nebit ýetmezçiligine we onuň üzül-kesil gymmatlamagyna duçar boldular. Hatda, soňky ýyl ABŞ-a ýangyç satmak ýene ýola goýlanda-da, onuň bahasy ýokarylygyna galdy. Ol tutuş amerikan ykdysadyýetine zyýan ýetirdi, hümmetsizligi güýçlendirdi we işsizligiň artmagy üçin şert döretdi.

Ykdysadyýete gözegçilik etmäge çalşyp, Nikson ýurtda „kanunçylygy we düzgüni" dikeltmäge çalyşdy. Amerikalylaryň bir bölegi jenaýatkärleriň başyna gidenligine we köpçülikleýin garşylyk bildirýänleriň çykyş edýän şäherlerindäki we uniwersitet merkezlerindäki syýasy durnuksyzlygyň ösmegine, şeýle-de neşekeşligiň we jelepçiligiň ösmegine nägilelik bildirdiler, gaharlandylar. Öz syýasy daýanjyny berkitmek üçin, Nikson närazylyk bildirýänleriň garşysyna güýç ulanmaga ýüz urdy, özüne ýakymsyz halda wakalary beýan edýändikleri üçin, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine garşy göreşdi, özüniň garşydaşlaryny we tankytçylary sesini çykarmazlyga mejbur etmäge synanyşdy.

Bu täriň ahyr netijesi „Wotergeýt işine" getirdi. Kongresiň iki palatasynda demokratik köpçülik bilen çaknyşyp, Nikson respublikaçylaryň Kongresde agdyklyk etmegi üçin, 1972-nji ýyldaky saýlawlarda iňňän uly ýeňiş gazanmagy niýetine düwdi. Bu ylalaşykly syýasaty ýöretmäge we kanunlar kabul edilende, „deňme-deň ýagdaýy" gutarmaga mümkinçilik bererdi. Prezidenti täzeden saýlamak boýunça topar (KRP) täze kanuna laýyklykda ol ýa-da beýleki partiýanyň gaznasyna geçirilen pul töleginiň möçberini çap etmezden öň, serişde ýygnamaga başlady.

1972-nji ýylyň başynda Niksonyň topary demokratik partiýanyň Waşingtondaky Wotergeýt edara ediş-ýaşaýyş toplumynda ýerleşen milli toparynyň telefon gepleşiklerini diňlemegi karar edýär. Ol synanyşyk puja çykdy. Gapyny döwüp giren ogrular elleri pully we KRP-nyň garşysyna tutaryk bolup biljek resminamaly tussag edilenlerinde, Niksonyň edara ediş diwany iňňän kyn ýagdaýa düşdi. Nikson derňew geçirmegi resmi taýdan gadagan etmedik-de bolsa, by wakadan alty gün soň ol gizlinlikde Merkezi aňtawçylyk müdirliginiň üsti bilen Federal derňew býurosyna döwlet howpsuzlygy nukdaýnazardan derňewi bes etmek barada görkezme berdi. Şeýle ýagdaý edara ediş diwanyň „duşmanlary" ýok etmäge gönükdirilen hereketleriniň diňe bir jähetidi. Bu hereketler telefon gepleşikleri bikanun diňlemegi, gapyny döwmegi we pul toplamagy öz içine alýardy. Nikson şol ýyl gaýtadan saýlanan hem bolsa, metbugat, esasan, „Waşington Post" derňewi dowam etdi. Dawa ýüze çykdy, Kongresdäki demokratlar Niksony prezidentlikden aýyrmak işine girişdiler. Bu işde onuň eliniň bardygy hem aýan bolup başlady

we 1974-nji ýylyň 9-njy awgustynda Nikson wezipesinden çekilmäge mejbur boldy.

## FORDUŇ BAŞTUTANLYGY

Jerald Ford şöhratparazlardan däldi. Ol syýasy durmuşynyň köp bölegini Kongresde geçirdi. Niksonyň wise-prezidenti Spiro Agnýu iş başyndan gidenden soň, Ford onuň ornuny eýeledi. Ýigrimi aýdan soň Nikson gitdi, şondan soň Ford ABŞ-nyň Prezidenti boldy. Onuň esasy maksady Niksonyň jogapkärçilige çekilmeginiň howpy astynda wezipesinden çetleşdirilmeginiň netijesinde abraýdan düşen hökümete bolan ynamy dikeltmekdi. Amerikalylar ilkibaşda Forda ynandylar, emma ol Niksony kazyýetden we derňewden halas edip, resmi ýagdaýda günäsini geçende, täze Prezidentiň abraýy pese gaçdy.

Içerki syýasatda ol Niksonyň ýoluny ýöretdi. Ykdysady meseleler durdy: hümmetsizlik we işsizlik ösmegini dowam etdi, milli önümiň umumy mukdary azaldy. Ford başda Gerbert Guweriň 1929-njy ýylda edişi ýaly, jemgyýet bilen oýun etmäge synanyşdy, ýöne bu kömek etmänsoň, puluň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaga synanyşdy, emma işsizligiň derejesi 12 göterime çenli ýokary galdy, ol bolsa „Beýik çökgünlikden" soň ykdysadyýetiň iň pese düşen wagtyndaka laýyk geldi. Salgytlaryň peseldilmegi we işsizlere kömegiň artdyrylmagy ýagdaýyň biraz gowulanmagyna ýardam etdi, ýöne ykdysady kynçylygyň soňy görünmeýärdi.

## KARTERIŇ PREZIDENTLIK ETMEGI

1976-njy ýyldaky saýlawlarda Jorjiýa ştatynyň öňki gubernatory, demokrat Jimmi Karter üstün çykdy. Saýlaw möwsümi döwründe özüni Waşington syýasatçylaryna degişli däl ýaly görkezen Karter ýurdy dolandyrmakda täze ugry saýlap almagy wada etdi, emma onuň tejribesizligi Ak Tamda bolan ilkinji günlerinde onuň ýagdaýyny çylşyrymlaşdyrdy. Hünäri boýunça inžener bolan Karter tehnokratizmde tapawutlanýardy, amerikalylar weli kynçylykly wagtlarda ýurduň başynda has başarjaň, ýiti syýasatçynyň durmagyny isleýärdiler.

Ykdysadyýetde Karter döwlet harajatlaryny we büjet ýetmezçiligini artdyrmakdan başlady. Maliýe syýasatyna jogap berýän federal ätiýaçlyk müdirligi olaryň öwezini dolmak üçin pul goýbermegini artdyranda, hümmetsizlik ýylda 10 göterime ýetdi. Şondan soň Karter çykdajylary kemeltmäge girişdi, ol çärede demokratik partiýanyň durmuş maksatnamasyny urgy astynda goýdy. Onuň prezidentliginiň ahyryna çenli gytlyk ýokary derejede galdy, telekeçiligiň döwlet işlerinden çetleşdirilmegi bolsa hökümetiň gymmat bahaly kagyzlarynyň hümmetiniň peselmegine we karz puluň gymmatlamagyna getirdi.

Şeýle-de, Karteriň ABŞ-nyň daşary ýurtdan nebitiň getirilmegine garaşlylygyny peseltmeklige niýetlenen energetiki maksatnamasynyň netijesizligi tankytlanýardy. Onuň sözlerine görä, ol nebitiň getirilmegi „ahlak taýdan seredeniňde urşa deňdi", emma Karteriň Kongresdäki garşydaşlary dürli ýollar arkaly onuň kabul edilmegini bökdeýärdiler.

Karter özüni „populist" diýip atlandyran hem bolsa, onuň syýasy ugurlary hiç wagt anyklyk bilen tapawutlanmandy. Döwletiň ykdysadyýetde kadalaşdyryjy orunda bolmagy ugrunda çykyş edip, ol oňa edara ediş gözegçiliginiň gowşamagynyň başyny başlady. XIX asyrda ABŞ-da bolan ykdysady erkinligiň çäk-

lendirilmegi bäsdeşligi bökdeýär, ol bolsa bahalaryň galmagyna getirýär diýip, subut etmek bilen Karter nebit senagatynda we ulagda döwletiň kadalaşdyrmagyny bes etmekligi talap etdi.

Karter demokratlaryň syýasy agalygyny dikeltmek isleýärdi, emma bu ne Kongresde, ne-de ýurtda goldaw tapdy. Karteriň prezidentliginiň ahyrynda onuň derejesi 23 göterime çenli pese gaçdy, amerikalylar ýene-de öz umyt-arzuwlaryny respublikaçy partiýa bagladylar.

## ABŞ-NYŇ WETNAMDAN SOŇKY DAŞARY SYÝASATY

Wetnam urşundan soň Birleşen Ştatlar halkara sahnada işjeň syýasaty alyp barmagy dowam etdiler we olar Ýewropadaky, Ýakyn Gündogardaky we Latyn Amerikasyndaky meseleler bilen meşgullanypdylar, emma 1970-nji ýyllaryň ahyrlarynda Sowet Soýuzy bilen gatnaşyklarda, hususan-da, Eýran babatynda ymykly meseleler ýüze çykdy.

Prezident Ford Sowet Soýuzy bilen gatnaşyklardaky dartgynlylygy gowşatmak boýunça Niksonyň edara ediş diwanynyň ugruny ýöretdi. Ol 1974-nji ýylyň noýabrynda Wladiwostokda Leonid Brežnew bilen duşuşdy, ol ýerde olar ýaraglanyşyga üstünden gözegçilik etmegiň täze tapgyry baradaky wagtlaýyn ylalaşyga gol çekdiler. Bu, şeýlede, 1975-nji ýylda 35 döwletiň we hökümetiň ýolbaşçylarynyň Helsinkidäki maslahatyny geçirmegiň ýoluny hem arçamaga ýardam etdi.

Ýewropanyň taryhynda iň uly duşuşyk bolan Helsinki Konferensiýasyna 35 ýewropa ýurdunyň, şeýle hem, ABŞ-nyň we Kanadanyň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Konferensiýada 30 müň sözden ybarat bolan jemleýji ykrar haty kabul edildi, oňa Günbataryň talaby boýunça Gündogar birleşmeleri ýurtlarynyň hem görkezmesi bilen ençeme möhüm düzgünler girizildi. Konferensiýa Ikinji Jahan urşundan soňky emele gelen döwlet serhetleriniň üýtgewsizligi baradaky ýörelgäni nygtady, SSSR bolsa uzak wagtlap muny gazanmagyň ugrunda bolupdy. Beýleki tarapdan jemleýji ykrar haty adam hukuklaryny we şahsy azatlygy berjaý etmek borçnamasyny-da öz içine alýardy. Günbatar döwletler sosialistik lageriň ýolbaşçylaryny şu borçnama gol çekmäge mejbur edip, olara zor salmagy güýçlendirmegi maksat edindiler. Olar ylalaşygyň dürli ýagdaýda bozulmalaryna jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek üçin, Helsinki ylalaşygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edijileriň wagtal-wagtal geçirilýän ýygnaklaryny örän netijeli ulandylar.

Ýer togalagynyň „gyzgyn nokatlarynda” döreýän dartgynly ýagdaýlary Jimmi Karter üstünlikli çözmegi başarýardy. Ol 30 ýyl duşmançylykda bolan Ysraýyl bilen Müsüri ýaraşdyrdy. Araçy hökmünde we parahatçylykly gepleşiklere gatnaşyjy hökmünde Karter 1978-nji ýylda özüniň Kämp Dewiddäki (Meriländ ştaty) şahanasynda Müsüriň Prezidenti Anwar Sadat bilen Ysraýylyň premýer-ministri Menahem Beginiň duşuşygyny geçirdi. Netijede, bu ýurtlaryň baştutanlary 1979-njy ýylyň martynda Ak Tamda ylalaşyk şertnamasyna gol çekişmek üçin ABŞ-a ýene geldiler.

Kongresde bolan uzaga çeken hem gazaply çekişmelerden soň Karter Panama kanalyny 2000-nji ýylda Panama gaýtaryp bermek baradaky şertnamanyň

makullanmagyny gazandy. Diplomatik gatnaşyklary giňeltmek bilen HHR babatynda hem ol Niksonyň ýoly bilen gitdi.

Emma Karter Sowet Soýuzy bilen gatnaşyklarda uly üstünlik gazanmady. Onuň prezidentliginiň başlanan döwrüne çenli dartgynlylygyň gowşamagy ýokary derejä ýeten-de bolsa, Karteriň özi hem: „ABŞ kommunizmiň öňündäki aşa gorkudan dyndy” diýip aýdan-da bolsa, ol adam hukuklary babatda barlyşyksyz orun eýeledi. Onuň: „Biziň adam hukuklaryna tarapdarlygymyz kämil bolmalydyr” diýip berk tutmagy sowet hökümetinde duşmançylykly pikir döretdi. Strategik hüjüm ediş ýaraglanyşygyny mundan beýläk çäklendirmek üçin, täze ädim bolan SÝÇ-2 şertnamasyna iki döwlet ýolbaşçysy gol çekdi, ýöne Kongres ony makullamady: ABŞ-da 1979-njy ýylyň ahyrynda sowetleriň Owganystana girmegine garşylyk hereketi ýaýbaňlandy. Şol ýyl Karter ýurduň goranmak ukybyny artdyrmaga başlady. Bu iş 1980-nji ýyllarda ägirt uly harajatlara getirdi.

1979-njy ýyylda Karteriň öňünde Eýran meselesi has uly alada döredýär. Şaýylaryň dini baştutany Aýatolla Ruhulla Homeýniniň ýolbaşçylygynda yslam fundamentalit öwrülişigi netijesinde korrumpirlenen, ýöne Birleşen Ştatlar bilen dostlukly gatnaşyklary saklaýan şa düzgüni ýykylandan soň, Karter tagdan agdarylan şany saglygyny bejertmek üçin Amerika girmegine rugsat berdi. Gahar eden eýranlylar Amerikanyň Tährandaky ilçihanasynyň jaýyny eýeleýärler we 53 sany amerikany girewine alyp, bir ýyldan-da köp wagt ýesirlikde saklaýarlar. Karteriň olary boşatmak üçin eden ähli synanyşyklary şowsuz boldy, bu bolsa onuň saýlawlarda ýeňilmegine getirdi.

## 1960–1980-NJI ÝYLLARDAKY RAÝAT HUKUKLARY UGRUNDAKY HEREKETLER

Garaýagyz amerikalylaryň akýagyzlar bilen deň hukuklar ugrundaky hereketleri 60-njy ýyllaryň ortalarynda özüniň iň ýokary derejesine ýetdi. Geçen on ýyllykda ençeme ýeňişleri gazanan afroamerikalylar garşylygyň zorluk-sütemsiz görnüşine bil bagladylar. Garaýagyz ruhanylardan ybarat bolan Günorta hristianlarynyň öňbaşçylarynyň maslahaty topary hem-de ýaş aktiwistlerden düzülen Talyplaryň zorluk ulanmaýan ugrukdyryjy topary ýaly toparlar parahatçylykly serişdeler arkaly özgerişikleri geçirmegi gazanmaga çalyşýardylar.

1960-njy ýylda garaýagyzlar üçin kollejiniň okuwçylary Demirgazyk Karolinadaky „diňe aklar üçin” bolan Wulwort garbanyşhanasynda oturdylar we ol ýerden gitmekden boýun gaçyrdylar. Bu köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ünsüni özüne çekdi we şeýle hereket bütin Günortany eýeledi. Indiki ýyl raýat hukuklary ugrunda göreşijiler „Azatlyk gatnawlaryny” guradylar. Aklar we garaýagyzlar bilelikde awtobuslara münüp, Günorta ştatlara tarap ýola düşýärdiler. Ýolugra olar kemsidiji awtomenzillerine gelip, žurnalistleriň we telewideniýäniň ünsüni çekýärdiler hem-de mümkin boldugyça, üýtgeşmeleriň bolmagyna itergi berýärdiler.

1963-nji ýylda bu guramalar köpülikleýin ýörişleri hem geçirýärdiler we olary iň ulusy „Waşingtona ýöriş” boldy. ABŞ-nyň paýtagtyna hemmeler üçin deňligiň tarapdarlarynyň 200 müňe golaýy ýygnandy. Ýygnananlar halk aýdymlaryny aýdýan we söz sözleýän pursatlarynda raýat hukuklary ugrunda ajaýyp göreşiji Martin Luter King, Kiçiniň meşhur çykyşy bu günüň iň uly wakasy boldy. Ol: „Men ajaýyp günle-

riň birinde Jorjiýanyň al-elwan baýyrlarynyň üstünde öňki gullaryň we öňki gul eýeleriniň ogullarynyň bir saçagyň başynda doganlarça jemlenmegini arzuw edýäriň" diýip sözledi. King her gezek: „Meniň bir arzuwym bar" diýip gaýtalanda, mähelle hyjuwly şowhun bilen jogap berýärdi.

Bu dilewarlygyň bary netijesiz boldy: Prezident Kennedi raýat hukuklary meselesinde günortalylara zor salmaga çalyşmaýardy, sebäbi olaryň sesi oňa başga ýerde gerekdi. Emma ýagdaýlar ony negrleriň peýdasyna çykyş etmäge mejbur etdi. Talyp Jeýms Merediti garalygy üçin Missisipi ştatynyň uniwersitetine goýberilmedik halatynda, Kennedi kanunçylygy we düzgün-tertibi ýola salmak üçin, ol ýere federal goşuny iberdi. Birmingemdäki (Alabama ştaty) segregasiýa garşy çykyşlara gatnaşyjylardan ar almak howpy salnanda, Kennedi jemgyýetçilik ýerlerinde aýra tutmagy gadagan edýän raýat hukuklary baradaky täze kanun taslamasyny Kongrese berdi. Hatda, ýokarda agzalyp geçilen Waşingtona ýöriş hem Kongres toparyna hiç hili täsir edip bilmedi. Şol topar berlen taslamany Kennedi öldürilýänçä bökdäp saklady.

Prezident Jonson gowy netijeler gazanyp bildi. Asly tehasly bolup, ol özüniň raýat hukuklarynyň tarapdarydygyny entek dalaşgärlige hödürlenen döwründe görkezdi. 1963-nji ýylda ol Kongresde: „Raýat hukuklary baradaky kanun taslamasyny näçe çalt geçirip bolsa, başga hiç hili mazar başyndaky söz hem ýa-da başga owadan sözler hem merhum Prezident Kennediniň ýadygärligine sarpa goýmak üçin deň bolup bilmez" diýdi. Ol resminamany ara alyp maslahatlaşmagy uzaga çekdirmezlige senatorlary ynandyrmak üçin, özüne bagly ähli işi etdi we 1964-nji ýylda raýat hukuklary barada üzülkesil kanunyň kabul edilmegini üpjün etdi. Jynsy kemsitmeler jemgyýetçilik ýerleriniň ählisinde gadagan edildi, 1965-nji ýylda bolsa saýlaw hukugy baradaky kanun kabul edildi. Ýerli häkimiýetleriň garalary saýlawçylaryň hasabyna almakdan boýun gaçyran ýerlerinde federal hökümete ol işi geçirmäge ygtyýar berildi. Bir ýyldan soň „çuňňur günortadaky" ştatlarda 400 müň negr saýlawçy hasabyna alyndy, 1968-nji ýylda bolsa ol san 1 milliona ýetdi. Şonda-da ýaşaýyş jaý meselesinde kemsitmeleri gadagan edýän kanun kabul edildi.

Kanun çykaryjylaryň ähli işeňňirligine garamazdan, garaýagyz amerikalylaryň bir bölegi çydamsyzlyk görkezip başlady. Olaryň ideologlarynyň biri – Malkolm Iks garaýagyzlary ak jynsdan bölüp aýyrmagy talap etdi. Garaýagyz talyplarynyň baştutany Stokli Karmaýkl hem zor salmazlyk hereketiniň geçirilişinden we aklar bilen hyzmatdaşlygyň netijelerinden göwnüniň suw içmeýändigini aýtdy. Ol her edip, hesip edip, „garaýagyzlaryň häkimligini" berkarar etmek taglymatyny wagyz edýärdi.

Özgerişlikleri geçirmäge çagyryşlar zorluk we sütem bilen utgaşdyrylýardy. 1966-njy we 1967-nji ýyllarda birnäçe uly şäherlerde garaýagyz ilatyň gozgalaňlary bolup geçdi. 1968-nji ýylyň baharynda ganhoruň okundan Martin Luter King, Kiçi wepat boldy. Ykbalyň şol keç gerdişine garyplaryň goragçysy, Wetnam urşuna garşy çykyş ediji we öldürilen Prezidentiň dogany senator Robert Kennedi-de duçar boldy. Köpler üçin bu iki ganhorluk raýat hukugy ugrundaky herekete, edil şonuň ýaly-da, urşa garşy herekete ýigrenjiň we idealizmiň gutarandygynyň alamaty bolup göründi. Çepçileriň söweşjeňliginiň artmagy, konserwatorlaryň gutulgysyz gaýtargylarynyň köpeldilmegi, milletiň „ruhun-

da" soňundan bejerilmegine köp ýyllar gerek boljak uly çat açdyrdy.

Prezident Niksonyň döwründe raýat hukuklaryny goramak boýunça federal häkimiýetiň işi peselip ugrady. Ol konserwatiw meýilli akýagyzlara bil baglap, öz arkasyny berkitmäge çalyşdy. Konserwatiwler bolsa negrleriň deň hukuklary ugrundaky hereketi juda öte geçen hasaplaýardylar. Günortanyň peýdasyna bolan bu iş usuly edara ediş diwanyny ýaşaýyş jaý meselesini adalatly çözmek üçin edilýän harajatlary kemeltmäge mejbur etdi we şowsuz hem bolan bolsa, 1965-nji ýyldaky saýlawçylaryň hukuklary baradaky kanunyň hereketini çäklendirmäge synanyşyga iterdi. Haçan-da 1971-nji ýylda ABŞ-nyň Ýokary kazyýeti: „Çagalary mekdeplere awtobuslarda gatnatmak kemsitmegi ýatyrmagyň kanuny usulydyr" diýip kesgitlände, Nikson bu kararyň garşysyna telewideniýe arkaly çykyş edip, ol kararyň Kongres tarapyndan ýatyrylmagyny ýa-da çäklendirilmegini gazanmak üçin, tagalla baryny etdi. Muny amala aşyrmak oňa başartmadyk hem bolsa, ol özüniň ornuny örän äşgär görkezdi. Çagalary awtobusly gatnatmagyň garşydaşlary „Milliken Bredliniň garşysyna" atly kazyýet işinde 1971-nji ýylda üstün çykdylar. Şonda Ýokary kazyýet şäheriň içinde ýaşaýan ähli garaýagyz okuwçylaryň esasan aklaryň okaýan şäher etegindäki mekdeplerine geçirmek baradaky ähli synanyşyklaryny ýatyrdy.

Federal häkimiýetiň azlyklaryň hukugyny ýokary tutmagy Ýokary kazyýet akýagyz Alan Bakyň işine (1978-nji ýyl) garan wagtynda tankyda sezewar boldy. Bu işde Alan Bak Kaliforniýadaky lukmançylyk kollejleriniň garaýagyzlar üçin kwotalar saklaýandyygy sebäpli özüniň okuwa alynmandygy baradaky kabul ediş toparynyň kararyna nägileligine seredildi. Kazyýet ony kolleje kabul etmek barada karar çykardy we şeýle orunlaryň saklanmagyny gadagan etdi. Az wagtdan soň, kazyýet milli gelip çykyşy boýuna alamatlary talyp okuwa saýlanyp alynanda faktorlaryň biri hökmünde garalsa boljakdygyny tekrarlardy.

Şeýle-de bolsa, negr meselesiniň töweregindäki gapma-garşylyklar we aram-aram jedelli meseleleriň garalaryň peýdasyna çözülmegi köp afro-amerikalylara bu biynjalykly ýyllaryň dowamynda orta synpa we şäher eteginde ýaşaýanlara birleşmäge mümkinçilik berdi.

## AÝALLAR HEREKETI

1950–1960-njy ýyllarda durmuşa çykan işleýän aýallaryň sany artdy, emma 1963-nji ýylda aýallar erkekleriň alýan ortaça iş hakynyň 63 göterimine golaý hak alýardylar. Şol ýyl ýazyjy aýal Betti Fridan „Aýallaryň syry" atly kitabyny çykardy, bu kitapda ol ABŞ-nyň orta synpynyň durmuş ýagdaýyny gazaply tankytlady. Şonuň kömegi bilen millionlarça amerikaly aýal öz gözgyny, öwerliksiz ýagdaýyna göz ýetirip bildi. „Özlerine ýanýoldaş tapmak we çaga dogurmak" olar üçin ýaşaýşyň ýalňyz maksady bolup durýandygyny nygtamak bilen, Fridan öz okyjylaryny aýalgyzlary durmuşda başga orunlaryň we borçlaryň gözlegine çykmaga çagyrdy.

Garaýagyzlaryň öz hukuklary ugrundaky 60–70-nji ýyllardaky göreşleri Amerikanyň aýallarynyň göreşine-de itergi berdi. Oňa, esasan, orta synpyň wekilleri gatnaşýardylar we olar 1960-njy ýyllarda orta synpyň ýaşlarynyň kalbyny eýelän topalaň turuzmak ruhy bilen „ýaraglanypdylar". Aýallar hereketiniň döremegine sebäp bolan ýene bir zat bar, ol hem 1960-njy ýyllardaky jyns öwrülişigidi, ol bolsa öz gezeginde göwreli bolmaklygyň öňüni alýan der-

man serişdelerini öndürmekden we köpçülikleýin satmakdan ybarat boldy.

Kongresde raýat hukuklary baradaky kanunyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak netijesinde ýagdaýy üýtgetmek başartdy. Taslamany tutuşlygyna şowsuzlyga uçratmak niýeti bilen konserwatorlar 1964-nji ýylda derisiniň reňki boýunça we jyns alamaty boýunça kemsitmäniň kanuny güýjüni puja çykarýan düzedişi teklip etdiler. Emma düzediş-de geçdi, bütin taslama hem geçdi we aýallara öz hukuklaryny üpjün edýän kanuny serişde berdi.

Aýallar öz agyr ýagdaýlaryny ýeňletmek üçin özleri hem göreşdiler. 1966-njy ýylda ýokary bilimli 28 aýal, şol sanda Betti Fridan, „indi amerikaly aýal-gyzlary jemgyýetiň möhüm işleriniň doly hukukly gatnaşyjylary etmek üçin" aýallaryň Milli birleşigini döretdiler. Soňky ýyl oňa 1 müň aýal girdi, ýene 4 ýyldan soň guramanyň hatarynda 15 müň aýal-gyz bardy. Şu we şuňa meňzeş birleşikler aýal-gyzlara öz mümkinçilikleriniň çäklendirilendigine we olary giňeltmek ugrunda çykyş etmegiň gerekdigine düşünmäge kömek edýärdiler.

Feminizm ýa-da aýallaryň öz hukuklary we bähbitleri ugrundaky guramaçylykly hereketleri 1970-nji ýyllaryň başlarynda giň gerime eýe boldy. Žurnalist Gloriýa Steýnem we başga birnäçe aýal 1972-nji ýylda „Ms" diýen žurnaly çykarmaga başlady. 1971–1974-nji ýyllarda lukman aýallar tarapyndan düzülen „Biz we biziň bedenimiz" atly maglumat kitapçasynyň 850 müň nusgasy ýaýradyldy.

Has işjeň feminist aýallar ABŞ-nyň Başkanunyna aýallaryň hukugynyň deňdigini jar edýän ýörite düzedişi Kongresiň ilki kabul etmegini, soňra-da makullamagyny talap etdiler. 1972-nji ýylda ol düzediş kabul edildi we onda „Kanunda bellenen iki jynsa-da degişli bolan deň hukuk Birleşen Ştatlarda ýa-da haýsydyr bir ştatda ýatyrylmaga, ýa-da çäklendirilmäge degişli däldir" diýlip nygtaldy. Soňky ýyllarda ony 38 ştatdan 35 ştat makullady. Kazyýetler hem jyns deňligini üpjün etdiler. 1973-nji ýyldaky „Roý Weýdiň garşysyna" atly kazyýet işinde ABŞ-nyň Ýokary kazyýeti göwreliligiň ilkinji aýlarynda çagany düşürtmäge ygtyýar berdi – bu aýallar hereketi üçin uly ýeňişdi.

1970-nji ýyllaryň ortalarynda we ahyrlarynda, nähili-de bolsa, aýallar hereketiniň durgunlyk ýagdaýy geldi. Ol hereket orta synpdan daşary öz täsirini ýetirip bilmedi. Orta we radikal feminist aýallaryň arasynda bölünişik bolup geçdi. Konserwatiw tärleriň tarapdarlary aýallaryň deň hukuklylygy baradaky düzedişe garşy kampaniýa geçirdiler we ol düzediş ony makullamak üçin zerur bolan 38 ştat tarapyndan tassyklanman, 1982-nji ýylda „aradan çykyp" gitdi.

## LATYN AMERIKASYNDAN GELIP ÇYKAN AMERIKALYLARYŇ HEREKETI

Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ-nyň ispan dilli ilaty-da kemsitmelere sezewar edildi. Asly Kubadan, Puerto-Rikodan, Meksikadan we Merkezi Amerika döwletlerinden bolanlar köplenç sowatsyzdylar we iňlisçe gürläp bilmeýärdiler. Olaryň bir bölegi fermalarda möwsümleýin işçi bolup işleýärdi we olary hasyl ýygnalýan döwürde gazaply ezýärdiler. Başgalary şäherlere

siňýärdiler, emma olaryň-da güni ýeňil däldi.

Çikanos ýa-da asly meksikaly amerikanlar, Meksikan-amerikanlaryň milli birleşiginde jemlenip, radikal bir topar döretdiler, emma diňe 1960-njy ýyllarda işeňňir herekete girişdiler. Çikanos Lindon Jonsonyň garyplyga garşy göreş maksatnamasy öz içine olaryň özlerini-de alar öýtdüler. Ýöne olaryň Bürokratlaryň sesi gowşak çykýanlary inkär edýändiklerine gözleri ýetdi. Garaýagyzlaryň tejribesii olar üçin aýratyn nusga boldy, çünki olar plýuralistik jemgyýetde syýasy basyşyň möhümdigini ispan dilli ilata öwretdi.

1935-nji ýyldaky zähmet gatnaşyklary baradaky kanun oba hojalyk işçileri üçin hiç hili kepilligi göz öňünde tutmaýardy. Ýöne oba hojalyk işçileriniň arasynda Birleşen Ispan Dilli Daýhanlar atly kärdeşler arkalaşygyny döreden Sezar Çawes ilkinji bolup „gönümel hereketiň" netijeliligini görkezdi. Kaliforniýanyň üzümdarlaryna sapak bermek üçin ol bütin ýurduň çäginde üzüm iýmekden saklanmaga çagyrdy, bu olaryň işledip ezýän, göçüp ýören işçilerine öz kärdeşler arkalaşygyny döretmäge kömek etdi. Beýleki önümlerden ýüz öwürmäge çagyryşlar-da şowly boldy. Daýhanlar Çawese päsgel bermäge synanyşan hem bolsalar, möwsümleýin işçiler (kärdeşler arkalaşygynyň üsti bilen) iş haklaryny ýokarlandyrmagy we zähmet şertlerini gowulandyrmagy gazanmak üçin kanuny hukuklaryny aldylar.

Latyn Amerikasyndan gelip çykanlaryň-da syýasy işeňňirligi ösdi. 1961-nji ýylda Tehas ştatyndan Genri Gonsales, üç ýyldan soň bolsa Elizo („Kika") de la Garsa Kongresiň agzasy boldular. ABŞ-nyň Senatyna Nýu-Meksikadan Jozef Montoýa geçdi. Gonsales-de, de la Garsa-da soňra wekiller palatasynda barlag toparynyň başlygy wezipesine çenli ösdi. 1970–1980-nji ýyllarda ispan dillileriň ýurduň syýasy durmuşyna gatnaşmagy güýçlendi, Bil Klintonyň prezidentlige başlan wagtyna çenli ispan dilli iki görnükli amerikaly onuň kabinetiniň hataryna girdi: San-Antonionyň öňki meri Genri Sizneros ýaşaýyş jaý gurluşygy we şäherleri ösdürmek ministri hökmünde, hem-de Denweriň öňki meri Frederiko Pena ýük daşamak ministri hökmünde.

## INDEÝLERIŇ HEREKETI

**1950**-nji ýyllarda indeýler hökümetiň öz ýaşaýan rezerwasiýalaryndan çykarylyp, Amerikanyň ilat köpçüliginde siňip gitmegine getirip biläýjek şäherlere göçürmek boýunça syýasatyndan kynçylyk çekýärdiler. Bu ýagdaýda olar diňe ýerlerinden jyda düşmeýärdiler; ýygy-ýygydan olaryň köpüsi şäher durmuşyna uýgunlaşmakda kynçylyk çekýärdi. 1961-nji ýylda hökümet olary göçürmegi bes eden halatynda raýat hukuklary boýunça Kongresiň topary indeýleriň „ähli ýerde mätäçlige we kemsitmelere uçraýandyklaryny" belledi.

1960–1970-nji ýyllarda olar özleriniň kanuny hukuklaryny çäklendirmäge edilýän synanyşyklary bilen has aýgytly göreş alyp bardylar, ol göreş „üçünji dünýäde" milletçilik meýilleriň ösmegine we raýat hukuklary ugrundaky hereketiň ýokary göterilmegine ýardam etdi. Olaryň serdarlarynyň täze nesilleri ol ýa-da beýleki ugurlara degişli bolan ýerlerden galanlaryny goramak üçin kazyýetlere ýüz tutdular. Ýerden peýdalanmak baradaky şertnamalaryň häkimiýetler tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda bozulyp gelnendigi baradaky dawaly ştatlaryň sany artýardy we 1967-nji ýylda ilkinji gezek olar ýer we suw serişdeleri baradaky meselede ýeňiş gazandylar. Bu ýeňiş ýeke-täk bolmady.

1968-nji ýylda esaslandyrylan „Amerikaly indeýleriň hereketi" atly gurama özleri üçin, şol sanda şäherlerde öz günlerini özleri görmeli bolan urugdaşlary üçin hem döwletden durmuş kömegini almagyň hötdesinden geldi.

Çaknyşmalar kopçülikleýin häsiýete eýe boldy. 1969-njy ýylda indeýleriň 78 sanysy rugsatsyz San-Fransisko aýlagyndaky Alkatraz adasyna göçüp bardy we 1971-nji ýylda zorluk kowlup çykarylýançalar, şol ýeri ellerinde sakladylar. 1973-nji ýylda „Amerikaly indeýleriň hereketine" gatnaşyjylar Günorta Dakotanyň Wunded Ni şäherçesini eýelediler, XIX asyryň ahyrynda esgerler bu ýerden Siu urugyndan bolan indeýleri ýenjip çykarypdylar. Indeýleriň işjeňleri töwerekdäki rezerwasiýalardaky gözgyny durmuş ýagdaýyna jemgyýetçiligiň ünsüni çekmekçi boldular, bu ilatyň ýarysy döwlet kömegi bilen ýaşaýardy we arakhorluk başyna gidipdi. Polisiýa bilen tutluşykda olaryň biri ýaralandy, biri öldürildi, emma ştatyň hökümeti indeýler bilen şertnamanyň şertlerine täzeden garamaga söz berdi. Ýöne hökümet öz beren wadasynda tapylmady.

Her niçik-de bolsa, indeýleriň hereketi belli bir netijeleri berdi. Amerikalylar olaryň mätäçlikleri barada habarly boldular, döwlet ýolbaşçylary bolsa olaryň ata-babalarynyň ýerlerini ulanmak üçin deňhukukly şertnamalary baglaşmak baradaky talaplaryna baş galdyrmaga mejbur boldular. 1992-nji ýylda Kolorado ştatyndan Ben Naýthos Kempbel birinji indeý agzasy bolup ABŞ-nyň Kongresiniň Senatyna saýlandy.

## ÇAPRAZ MEDENIÝETIŇ WE EKOLOGIK HEREKETIŇ DÖREMEGI

Deň mümkinçilik ugrundaky hereket dürli ugurlardan tolgunşyklara ýol açdy. Amerikaly ýaşlar Ikinji Jahan urşundan soň öz ene-atalary tarapyndan döredilen orta synpyň kadalaşan gymmatlyklaryndan kesgitli ýüz öwürdiler. Ýaşlaryň bir bölegi radikal syýasy işlere baş goşdylar; has köprägi egin-eşigiň täze ülňülerini saýlap aldylar we özlerini jynsy taýdan alyp baryşlaryna täzeçe garap başladylar.

1960-njy ýyllaryň ahyrynda, 1970-nji ýyllaryň başynda amerikan jemgyýetinde medeniýetleriň çapraz gelýän alamatlary göze ilip başlady. Uzyn saç, uzyn sakgal adata öwrüldi. Gök jinsidir ýeňsiz maýkalar giň jalbarlaryň, penjekleryň we galstuklaryň ornuna geldi. Geçmişiň baglap goýan dar çäklerinden çykyp, aňa dynç bermegi maksat edinip, bikanun neşe serişdelerini ulanmagyň möçberi ösdi. Rok-n-rol ösdi; sazyň beýleki görnüşleri bilen baýlaşyp, dürli wariasiýalara öwrülip başlady. Bitlz, Rolling Stounz we beýleki britan toparlary ýurtda aza wagtyň içinde uly meşhurlyga eýe boldy. „Agyr rok" barha meşhurlyga eýe bolýardy, kompozitor we ýerine ýetiriji Bob Dilanyň aýdymlary ýaly durmuş we syýasy mowzukly aýdymlar bolsa iň meşhur aýdymlara öwrüldiler. 1969-njy ýylyň awgustynda Wudstokda, Nýu-Ýork ştatynda geçen ýarym milliona golaý adam ýygnan üç günlük aýdym-saz festiwalynda ýaşlaryň garşy gidýän medeniýeti özüniň iň ýokary derejesine ýetdi. Köp sanly filmler we aýdym-saz albomlary arkaly rowaýata öwrülen festiwal – Wudstok nesli diýip, eýýamyň özüne-de at berdi.

Raýat hukuklary ugrundaky hereketleri we garşy gidýän medeniýeti

galkyndyran güýçler, 1960-njy ýyllaryň ortalarynda ekologik hereketlere-de itergi berdi. Reýçel Karsonyň „Dymýan çeşme" (1962) atly kitaby köp amerikalylary tolgundyrdy, ol kitapda pestisidleriň, esasan-da DDT-nyň weýran ediji täsiri barada gürrüň berilýär. Daşky gurşawy hapalaýan beýleki zatlar – tebigatyň gözelligine we arassalygyna howp salýan zyýanly gazlar, senagatyň galyndylary, nebit guýulary barada adamlar näçe köp bildikleriçe, şonça olaryň ynjalyksyzlygy artýardy. 1970-nji ýylyň 22-nji aprelde mekdep okuwçylary we raýat toparlary tutuş Birleşen Ştatlarda Ýer gününi bellediler. Adamlara töweregi gurşap alan tebigatyň hapalanmagynyň ähli howpuny düşündirmek üçin uniwersitetleriň ýanynda açyk okuwlar guraldy.

Emma köp amerikalylar ýurduň howasyny we suwyny ekologik taýdan arassalamak boýunça taslamalaryň durmuşa geçirilmegine garşy çykýardylar. Şeýle çäreleriň geçirilmeginiň kärhanalaryň we şahsy adamlaryň pul töleginiň hasabyna amala aşyrylmalydy we adamlar ýaşaýyş we iş endiklerini üýtgetmeli boljakdylar. Her niik hem bolsa, 1970-nji ýylda Kongres, 1967-nji ýylda kabul edilen atmosfera zyýanly galyndylary taşlamagy gadagan etmek baradaky kanuna düzediş girizdi we howanyň arassalygy barada ýeke-täk amerikan standartyny kabul etdi. Şeýle-de, suwuň hilini gowulandyrmak barada kanun kabul edildi, ol kanun kenar ýakasyndaky nebit desgalarynyň eýelerini nebiti syzdyryp suwa akdyrmaga ýol bermezlige borçly etdi. Şol ýylda daşky gurşawy goramak boýunça garaşsyz federal gullugy hökmünde Daşky gurşawy goramak gullugy döredildi we onuň üstüne ähli gözegçilik işleri ýüklendi. ◇

Geçen onýyllygyň sanly enjamlaryň gelmegi bilen ýüze çykan rewolýusiýa işe täsir etmek bilen ykdysadyýeti we amerikanlaryň ýaşaýyş ýoluny, işdeşleriň, maşgalalaryň we dostlaryň özara gatnaşyklaryny, maglumat almaklygy, hat-da, söwda etmekligi hem-de boş wagtyňy geçirmek endiklerini üýtgedip gurady.



# XXI ASYRYŇ ÝURDY

FOTOSURATLAR

XX asyr Birleşen Ştatlar üçin adatdan daşary bidüzgünlikler we özgerişleriň döwri boldy. Bu onýyllyklarda ýurdy onuň bütin taryhyndaky iň ýaramaz ykdysady pese gaçyşlar eýeledi. ABŞ özüniň ýaranlary bilen Ikinji Jahan urşunda ýeňiji boldy; ýurt „sowuk uruş” ady bilen mälim bolan dartgynlylykda dünýä ýolbaşçysynyň ornuny eýeledi; ýurt içinde durmuş, ykdysady we syýasy özgerişleriň ajaýyp ýoluny geçdi; eger öň Birleşen Ştatlaryň özgermegine ýüzlerçe ýyl gerek bolan bolsa, indi oňa onlarça ýyl ýeterlik bolýardy.




Keýbl Nýus Networking (CNN) Moskwadan alyp görkezýän täzelikleri. Kabel telewideniýesiniň we Si-En-En ýaly täzelikleriň 24 sagatlyk gullugynyň utgaşdyrylmagy bütin dünýäde habarlar gullugynyň ösmegine deňi-taýy bolmadyk itergi we çaltlyk berýär.




Geçen sahypada ýokarda: ýaşlar, rok saz we 24 sagatlyk kabel telewideniýesi utgaşdyrylsa „Em-Ti-Wi” şekilli aýdymlardan başlap, modadyr, mazam görkezýän telewizion ýaýlymy emele geler.



Ogaýo ştatynyň Kolumbus şäherinde ýerleşýän Rampke gaýtadan işleýiş merkezinde gaýtadan işlemek üçin saylanan harytlaryň toplumy üýşüp dur. Birleşen Ştatlarda daşky gurşawa akyl ýetirmekligiň barha ösmegi aýna, kagyz, polat we alýumin ýaly materiallary gaýtadan işläp ulanmak üçin uly tagallalar etmeklige alyp bardy.



Äpet uly SPID ýorgany, onuň her dörtburçlugy bütindünýä hasratyna öwrülen kesel bolan SPID-iň bir pidasyna bagyşlanan.



Atasy we enesi işleýän adaty maşgalalar üçin Birleşen Ştatlaryň ähli ýerlerinde çagalara gündiz ideg edýän merkezler işleýär.



Amerikalylaryň täze nesli özüniň geljegine garaýar.




Amerikalylaryň awtoulaga bolan yhlasynyň artmagy dowam edýär, bu bolsa ulag hereketiniň dyknyşygynyň artmagyna, şeýle hem, şäher ýerlerde howanyň hapalanmagyny peseltmek üçin hökümetiň we senagatyň barlyşyksyz göreşmegine getirýär.


33RD TO 29TH





# 13-NJI BAP

## XXI ASYRA GADAM

Prezident Ronald Reýgan we Mihail Gorbaçow Orta uzaklykdaky ýadro ýaraglary baradaky ylalaşyga gol çekenlerinden soň, 1987-nji ýylyň dekabr aýy.

„Amerika özgermelidir... amerikan ýörelgeleri bolan durmuşy, azatlygy, bagty gorap saklamak üçin özgermelidir. Biz öz döwrümiziň sazy astynda gadam basýan hem bolsak, biziň wezipämiz müdimidir."

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Bil Klinton, 1993

## GEÇIŞ DÖWRÜNDÄKI JEMGYÝET

Birnäçe ýyl, hatda, onýyllyklardan öň başlan, amerikan jemgyýetiniň gurluşyndaky öňegidişlikler 1980-nji ýyllar gelende has aýdyň ýüze çykdy. Ilatyň düzüminde we amerikan jemgyýetiniň has wajyp işlerinde we hünärlerinde uly özgerişlikler bolup geçdi.

Ykdysadyýetde hyzmat ediş ulgamynyň agalyk etmegi jedelsiz boldy. 80-nji ýyllaryň ortalaryna çenli ýarym asyrdan hem gowrak wagtlap ähli işleýänleriň dörtden üç bölegi hyzmat ediş ulgamyndady, meselem, bölek söwdagärler, edara gullukçylary, mugallymlar, lukmanlar we beýleki saglygy goraýyş işgärleri, hökümet işgärleri, aklawçylar, hukuk we maliýe hünärmenleri hökmünde.

Hyzmat ediş ulgamynyň işi kompýuterleriň elýeterliliginden we köpçülikleýin ulanylmagyndan peýda tapdy. Bu „maglumat asyrydyr", indi hasap tehnikasy arkaly, ykdysady we durmuş hadysalar baradaky maglumatlaryň öň göz öňüne getirmek hem kyn bolan jemlerini hasaplap bolýar. Federal hökümet 1950–1960-njy ýyllarda özüniň harby we älem maksatnamalarynyň bir bölegi hökmünde kompýuter tehnikasyna ummasyz uly serişde goýberdi. 1970-nji ýyllaryň ahyrynda iki sany ýaş Kaliforniýaly telekeçi garažyň daşynda işläp, öýde peýdalanmak üçin niýetlenen, köp möçberde satylan birinji kompýuteri ýygnadylar we oňa „Äppl" diýip at dakdylar, şeýlelik bilen öňe gidişlige itergi berdiler. 1980-nji ýyllaryň başyna çenli kiçi kompýuterleriň millionlarçasy ABŞ-nyň telekeçilik pudagyna we öýlerine ýol tapdy hem-de 1982-nji ýylda „Taým" žurnaly kompýuteri „Ýylyň abzaly" diýip atlandyrdy.

Şol wagtda bolsa Amerikanyň polat guýujy we dokma senagaty ýaly „tüsseleýän senagatlary” pese gaçmak döwrüni başdan geçirýärdi. ABŞ-nyň awtoulag senagaty bolsa öz bölümlerini Birleşen Ştatlarda açan ýokary öndürijilikli awtomobil öndürýän „Toýota”, „Honda” we „Nissan” ýaly ýapon firmalary bilen bäsleşikde gowşady. 1980-nji ýyla çenli awtomobil öndürýän ýapon firmalary amerikan bazarynyň bir çärýegini eýeleýärdiler. Diňe 1980-nji ýyllaryň ahyrynda, 1990-njy ýyllaryň başynda ABŞ-nyň awtoulag öndüriji firmalary ýapon bäsdeşleriniň ykdysady netijeliligine we tehniki standartlaryna laýyk gelip başladylar, hem-de öňki iki onýyllygyň dowamynda içki awtoulag bazarynda ýurda getirilýän ulaglara berlen orny yzyna gaýtarmaga başladylar. Bu gazaply bäsleşikden alyjylar peýda gazanan bolsalar hem, kompýuter önümçiligi ýaly beýleki ýokary bäsleşikli pudaklarda bolşy ýaly, bahalary peseltmek boýunça agyr göreş ABŞ-nyň awtomobil senagatyndaky müňlerçe işçi orunlaryň hemişelik ýitenligini aňlatdy.

Ýurduň ilatynyň düzüminde-de üýtgeşmeler bolup geçdi. Takmynan 1946-njy ýyldan 1964-nji ýyla çenli dowam eden uruşdan soňky demografik ösüş tamamlanandan soň, ilatyň ösüşi peseldi we ilatyň arasynda uly ýaşly adamlar agdyklyk etdi. 1980-nji ýylda maşgala öý hojalyklarynyň göterimi pese düşdi; bile ýaşaýanlaryň dörtden bir bölegi indi „maşgala bolmadyk öý hojalyklary” diýlip atlandyryldy hem-de bu hojalyklarda iki ýa-da ondan hem köp garyndaş bolmadyk adamlar bilelikde ýaşaýardylar.

Täze göçüp gelenler amerikan jemgyýetiniň häsiýetini başga ýollara ugrukdyrdy. Göçüp gelme syýasatynda 1965-nji ýylda bolup geçen özgertmeler ünsüni Günbatar Ýewropadan sowdy we netijede Aziýadan we Latyn Amerikasyndan täze göçüp gelýänleriň sany üzül-kesil artdy. Wetnamdaky uruş tamamlanandan soň, ol ýurtdan ABŞ-a köp sanly bosgun geldi. Diňe 1980-nji ýylda Amerika 808 müň sany adam göçüp geldi, bu 1960-njy ýyllardaky iň ýokary görkezijidi, şeýdip, ABŞ ýene-de bütin dünýäden gelýän adamlar üçin gaçybatalga boldy.

1980-nji ýyllarda goşmaça topar-lar raýat deňligi ugrundaky göreşe işjeň gatnaşyp başladylar. Beçebazlar raýat hukuklary boýunça hereketiň tälimlerini ulanyp, beýleki toparlaryň talap edişi ýaly, aýra tutmagy ýok etmäge çalyşdylar. 1975-nji ýylda, mysal üçin, ABŞ-nyň Raýat gullugy boýunça topary beçebazlary işe almagyň gadagançylygyny ýatyrdy we ençeme ştatlarda olary aýra tutmagy gadagan edýän kanun kabul edildi. Soňra olaryň hereketine böwşeňlik aralaşdy we beçebazlara bolan kitüw ýüze çykyp başlady.

Mundan soň, 1981-nji ýylda adamyň kesel ýokdurmaýan ulgamyny weýran edip, hatardan çykarýan kesel – adamyň immundefisit sindromy (SPID) tapyldy. SPID jyns ýollar ýa-da gan arkaly geçip bilýär; Birleşen Ştatlarda ilkinji nobatda beçebazlara we damaryndan sanjym edýän neşekeşlere ölüm howpy bilen ýokuşdy. Galan ilata hem şeýle kesel ýokuşagan boldy. 1992-nji ýyla çenli 150 müňden hem köp amerikaly SPID-den aradan çykdy; 300 müňden bir milliondan gowraga çenli adam bolsa onuň wirusyny göteriji boldy. Emma SPID-iň gyrany diňe Birleşen Ştatlar bilen çäklenmedi, şonuň üçin-de, bütin dünýäniň ähli lukmanlary oňa garşy göreşde tagallalaryny birleşdirdiler. Amerikan we fransuz alymlary SPID-iň wirusyny aýralaşdyryp, ondan gan üpjünçilik ulgamyny goramak boýunça synaglary geçirmekde ilkinji üstünligi gazandylar.

## KONSERWATIZM WE RONALD REÝGANYŇ BELENDE GÖTERILMEGI

Öňki iki onýyllygyň ykdysady, durmuş we syýasy meýilleri, köp şäherlerde jenaýatkärçiligiň we jynsparazlygyň başyna gitmegi, Karteriň prezidentlik eden ýyllarynda ykdysadyýetiň pese gaçmagy we hümmetsizlik köp amerikalynyň lapyny keç etdi. Hökümete we onuň çuňňur ornaşan ýurduň durmuş we syýasy kynçylyklaryny netijeli çözmäge ukyplydygyna adamlaryň ynamsyzlygy ýene-de güýjedi.

Köp wagtdan bäri ýurdy milli derejede dolandyryp bilmeýän konserwatorlar bu täze meýilleri öz peýdalaryna öwürmäge taýýardylar. Bu döwür olaryň hökümetiň ygtyýarlyklaryny çäklendirmek, milli goranyşy güýçlendirmek hem-de däbe öwrülen gymmatlyklary häzirki jemgyýete mahsus bolan eden-etdilikden we tertipsizlikden goramak baradaky ýüzlenmeleriň raýatlaryň köpüsi tarapyndan makul bilinýän döwrüdi

Konserwatizmiň şeýle ýokary göterilişiniň köp çeşmesi bardy. Aýratyn hem, Injile Hudaýyň iň göni hem-de iň dogry dünýäsi hökmünde garaýan fundamentalist hristianlaryň uly topary jenaýatkärçiligiň we jynsy ahlaksyzlygyň ösmeginden alada galýardy. 1980-nji ýyllaryň başynda syýasy taýdan iň netijeli toparlaryň biri „Ahlak köpçüligi” diýlip atlandyrylýardy we oňa baptist ruhany Jerri Folwell ýolbaşçylyk edýärdi. Pet Robertsonyň ýolbaşçylyk edýän başga topary 1990-njy ýyllarda respublikaçy partiýada kuwwatly güýç bolan „Hristian birleşmesi” diýlip atlandyrylan edara döretdi. Şulara meňzeş beýleki köp toparlar ýaly, bular amerikalylaryň durmuşynda diniň öňki ähmiýetini dikeltmegi isleýärdiler. Folwell we Robertson ýaly Injil mowzugyndan bolan telegepleşikler geçirýänler örän köp adamy öz taraplaryna çekýärdiler.

Konserwatorlar üçin ýene bir gyzgalaňly mesele – bu döwrüň iňňän çekeleşikli we tolgundyryjy meseleleriniň biri bolan aýallaryň çaga düşürtmek meselesidi. 1973-nji ýylda ABŞ-nyň Ýokary kazyýeti „Rou Weýdiň garşysyna” diýlip atlandyrylan iş boýunça çözgüt kabul etmek bilen, aýallaryň göwreliliginiň ilkinji aýlarynda çagany düşürtmek hukugyny ykrar etdi, ýöne ummasyz köp sanly guramalar we aýry şahslar bu çözgüde garşy boldular. Bularyň arasynda katolikler, barypýatan konserwatorlar we buthana gullukçylary garşylyk bildirip, çykyş etdiler. Olaryň köpüsi çaga düşürtmekligiň nähili ýagdaýda amala aşyrylandygyna garamazdan, ony ganhorlyga deňeýärdiler. Olar özleri bilen ylalaşýan syýasatçylary goldamaga we özleri bilen ylalaşmaýanlaryň garşysyna çykyş etmäge taýýardylar. Çaga düşürtmegiň tarapdarlary we garşydaşlary närazylyk çykyşlaryny geçirýärdiler, bu çykyşlar bolsa ABŞ-nyň „syýasy görnüşiniň” üýtgewsiz bölegi boldy.

Respublikan partiýanyň sag ganaty ýene-de güýçlenip başlady. 1964-nji ýylda sagçylar Respublikan partiýanyň ýolbaşçylygyny öz ellerine aldylar, şol partiýadan Barri Goldwoter prezidentlige dalaşgär boldy, ýöne soňundan olar kem-kemden üns merkezinden gaçyp başladylar, emma 1980-nji ýyla çenli, häzirki zaman pul toplamak usullaryny peýdalanmak bilen, sagçylar partiýanyň aralyk ganatynynyň yzyndan ýetdiler. Ykdysatçy Milton Fridman, žurnalistler Wilýam Bakleý we Jorj Wil ýaly konserwatorlaryň we Miras gaznasy ýaly ylmy-barlag institutlaryň akyl ýetiriş ukyplaryna daýanyp, Täze sagçylar 1980-nji ýyllaryň syýasatynda örän wajyp orny eýelediler.

Beýleki konserwatorlar ýa-da köne sagçylar ýaly, täze sagçylar ykdysadyýete döwletiň goşulmagyna berk çäklendirmeler girizmäge ýardam etdiler. Emma täze sagçylar maşgala gymmatlyklaryna bolan öz garaýyşlarynyň goldalmagy üçin beçebazlyk gylyk-häsiýetleri çäklendirmek üçin hem-de wejeralygy teswirleýän edebiýaty gözegçilikden geçirmek üçin döwletiň güýjüni ulanmaga taýýardylar. Umuman, täze sagçylar jenaýata garşy, milli goranyş boýunça, döwlet mekdeplerinde namaz okamaga rugsat bermek barada Konstitusiýa üýtgetme girizmek boýunça, aborta garşy çykmak boýunça, aýal-gyzlaryň deň hukuklydygy baradaky üýtgetmäniň güýjüni ýatyrmak ýaly meseleler boýunça hem berk çäreler görýärdiler.

Bu deňeşdirip bolmajak ugurlaryň ählisini bir bütewä jemläp bilen adam Ronald Reýgan boldy. Ilinoý ştatynda doglan Reýgan entek syýasata baş goşmanka, Golliwud kinolarynda surata düşüp we telewideniýede çykyş edip, özüni tanatdy. 1964-nji ýylda Barri Goldwoteri goldap, milli telewideniýede çykyş etmek bilen, ol ilkinji gezek syýasy meşhurlygy gazandy. 1966-njy ýylda Reýgan Kaliforniýanyň gubernatorynyň wezipesini eýeledi, muňa bolsa Kaliforniýa-Berkeleý Uniwersitetindäki talyplaryň gozgalaňyna garşy saýlawçylaryň seslenmeleri sebäp boldy. Reýgan bu wezipäni 1975-nji ýyla çenli eýeledi. 1976-njy ýylda Respublikaçy partiýadan prezidentlige dalaşgärlige hödürlenmek üçin Reýgana azajyk mukdardaky ses ýetmezçilik etdi. 1980-nji ýyldaky saýlawlarda maksadyna ýetip, ol Jimmi Karterden üstün çykdy. 1984-nji ýylda bolsa Karteriň orunbasary bolan Wolter Mondeýlden sesleriň has agdyklyk etmegi bilen, Reýgan gaýtadan saýlandy.

Prezident Reýganyň egsilmez ruhybelentligi we gazanylanlara şatlanmak ukyby hem-de amerikan halkynyň arzuw-hyýallary onuň prezidentlik eden iki möhletiniň hem dowamynda mydama onuň bilen boldy. Ol köp amerikalylar üçin, ynam we durnuklylyk duýgusyny döredýän adamdy. Nädogry beýannamalar bilen çykyş etmäge ýykgyn edegenligine garamazdan, telewideniýede ussatlyk bilen çykyş edýänligi üçin Reýgana „Beýik telegepleşikçi” adyny beripdiler. Ol 1950-nji ýyllaryň abadançylygyny we munuň bilen bagly bolan durmuş asudalygyny gaýtaryp berdi. 1950-nji ýyllar bolsa başga bir mährem, giň köpçüligiň göwnünden turan döwlet adamynyň – Prezident Dwaýt Eýzenhaueriň ýurt dolandyran döwrüdi.

Hökümetiň amerikan durmuşuna örän çuň ornaşandygyna Reýgan ynanýardy. Ol „pul sowrujylygy, kezzaplygy we haýanat etmeleri” ýok etmek bilen ýurda gerek bolmadyk maksatnamalary ýatyrmaklygy niýetine düwüpdi. Öz prezidentlik ýyllarynda Reýgan döwlet kadalaşdyrmasyny aýyrmak maksatnamasyny Jimmi Karterden has barlyşyksyz ýerine ýetirdi. Reýgan netijeli bolmadyk, gymmat düşýän we ykdysady ösüşe päsgel berýän hasaplap, sarp edijä, iş ornuna we daşky gurşawa täsir edýän düzgünleri ýatyrmaga çalyşdy.

## ABŞ-NYŇ YKDYSADYÝETI 1980-NJI ÝYLLARDA

Eger hususy pudaga azatlyk, erkinlik berilse, millet gülläp öser diýen pikir Prezident Reýganyň içerki maksatnamasyna ornaşypdy. Önüm öndürijileriň harytlary we hyzmatlary köp mukdarda teklip etmekligi ykdysady ösüşiň iň çalt ýoly diýip nygtaýan nazaryýetiň tarapdary bolan Reýgan harç edilişe, tygşytlylyga we maýa goýmaga ýardam

etmek üçin, salgytlaryň ep-esli peseldilmegini gazandy. Onüm öndürijileriň ileri tutulmagyny goldaýan ykdysatçylaryň pikirine görä, salgytlaryň peseldilmegi maýa goýumlarynyň we girdejileriň ösmegine, şu ösen girdejilere salgyt salmak bilen döwletiň girdejisiniň ösmegine-de getirýär. Senatda respublikanlaryň sähelçe agdyklyk edýändigine, Wekiller palatasynda bolsa demokratlaryň agalyk edýändigine garamazdan, prezidentligiň birinji ýylynda ykdysady maksatnamasynyň esasy düzgünlerini girizmek, şol sanda raýatlara salynýan salgytlary üç ýylyň dowamynda 25% peseltmek Reýgana başartdy. Şeýle hem, Reýganyň edara ediş diwany, Sowet Soýuzy tarapyndan heniz bar bolan we güýjeýän howp zerarly milletiň harby güýjüni kämilleşdirmek maksady bilen goranyş üçin edilýän harajatlary ep-esli artdyrmaga çalyşdy we bu iş şowuna boldy.

Reýganyň prezidentliginiň ilkinji ýyllarynda ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň köpüsinde ösüş pese gaçdy. Ykdysady ösüş togtady diýen ýalydy. 1982-nji ýylda hakyky milli önümiň jemi 2,5 göterim azaldy, şol bir wagtda işsizlik 10 göterim artdy, netijede, Amerikanyň senagat kuwwatynyň üçden bir bölegi işlemeýärdi. Bütin Orta Günbatarda „Jeneral Elektrik” we „Interneşnl Harwester” ýaly uly firmalar işçilerini işden boşadýardylar. Nebit ýetmezçiligi ýagdaýy has-da agyrlaşdyrýardy. ABŞ-nyň öndürijiligi pese gaçdy, şeýle hem, Germaniýa we Ýaponiýa ýaly ykdysady bäsdeşler dünýä söwdasynda öz paýlaryny artdyrdylar. Amerikada beýleki ýurtlarda öndürilen harytlaryň sarp edilişi birden artdy.

Oba hojalygy-da agyr pursatlary başdan geçirýärdi. Daýhanlaryň sanynyň kemelmegi bilen önümçilik barha az sanly daýhanlaryň elinde jemlenýärdi. 1970-nji ýyllarda Hindistana, Hytaýa, SSSR-e we oba hojalyk önümleriniň ýetmezçiliginden horlanýan beýleki ýurtlara kömek bermek bilen amerikan daýhanlary goşmaça ýer satyn almak we önümçiligi giňeltmek üçin bergä batdylar. Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagy olaryň çykdajylaryny artdyrdy, 1980-nji ýylda dünýä ykdysadyýetiniň pese gaçmagy bolsa, oba hojalyk önümlerine bolan islegi pese gaçyrdy. Daýhanlar zordan günlerini görýärdiler.

Eýsem-de bolsa, 1982-nji ýylda nebitiň bahasynyň arzanlamagy bilen utgaşan ykdysady pese gaçyşyň bir örän peýdaly tarapy boldy: ol Karter döwründe başlanan dyngysyz hümmetsizligiň öňüni almaga mümkinçilik berdi. 1983-nji ýylyň ahyrynda ykdysadyýetiň birnäçe pudagynda ýagdaý gowulaşdy; 1984-nji ýylyň başynda bolsa ykdysadyýet janlanyp başlady hem-de Birleşen Ştatlar, Ikinji Jahan urşundan bäri ykdysady ýokary galyşyň iň uzak döwürleriniň birine gadam urdy. Ýaponiýa öz awtomobillerini Birleşen Ştatlara eltmegini çäklendirmek bilen ylalaşdy. Ähli ştatlara degişli bolan salgytlaryň peseldilmegi sarp edilişiň ýokarlanmagyna getirdi. Satyn alyjylyk şowhuny gazna biržasyna amatly täsir etdi we onuň ýagdaýy ýokarlandy. Ýokary galyş başlananyndan bäş ýyl soň milli önümiň jemi ýylda ortaça 4,2 göterim ýokarlandy. 1986-njy ýyly hasaba almanyňda, 1983–1987-nji ýyllarda hümmetsizligiň ýyllyk derejesi 3–5 göterim aralygynda saklandy, 1986-njy ýylda bolsa ol soňky onýyllyklaryň içinde iň pes derejesini görkezdi. Iki göterimden hem aşak düşmek bilen, milli önüminiň jemi 1980-nji ýyllarda ep-esli artdy; 1982–1987-nji ýyllarda ABŞ-nyň ykdysadyýetinde 13 milliondan hem gowrak täze iş orny peýda boldy.

Muňa garamazdan, bu ýokary galyşyň howsala salýan göterimleri zyýanly harç edişleriň artmagyna esaslanýardy. Reýgan döwründe milli bergi üç essä golaý artdy. Üstesine-de, hakykatda ýurtda diňe iň ýokary girdejili ilat toparynyň hal-ýagdaýy ýokary galýardy. Köp garyp maşgalalaryň we orta synplaryň güzeran görmegi kyndy, sebäbi jemgyýet bilen deň gitmek üçin, pes hünärli we ýarymhünärli işçileriň ýerine ýetirýän işleri ykdysadyýetden aýrylypdy.

Salgytlary peseltmek hakyndaky borçnamasyna eýermek bilen prezidentliginiň ikinji möhletinde Reýgan geçen 75 ýylyň içinde iň düýpli federal salgyt özgerişligini geçirdi. Bu çäre respublikaçylar tarapyndan hem, demokratlar tarapyndan hem giňden goldandy. Girdeji salgydynyň möçberi peseldildi, salgyt salynýan girdejiler topary düzgüne salyndy, ony tölemekden gaçmak mümkinçiligi ýok edildi. Bu girdejisi pes bolan amerikalylara degişli has adalatly salgyt syýasatyny ýöretmäge mümkinçilik berdi, emma düýpli meseleler entek galypdy. Umumy ykdysady ýagdaýyň gowulaşmagyndan „mydamalyk garyplar” peýda tapmadylar. Daýhanlar heniz kösençlik çekýärdiler, 1986-njy we 1988-nji ýyllardaky erbet gurakçylyklar daýhanlaryň başdan geçirýän kynçylyklaryny has-da agyrlaşdyrdy.

Salgytlaryň peseldilmegi we lukmançylyga edilýän döwlet harajatynyň artmagy bilen utgaşan harby büjetiň ösmegi, her ýyl federal hökümetiň çykdajysynyň girdejiden has artmagyna getirdi. Käbir seljerijiler gytçylyň emelidigini çünki ýurduň içerki zerurlygy üçin edilýän harajatlaryň mundan bu ýana artmagynyň öňüni almak maksady bilen hökümetiň bilgeşleýin edýän hilesiniň bir bölegidigini aýdyp federal hökümeti aýyplaýardylar. Demokratlar bolsa ýurduň içerki zerurlygy üçin edilýän harajatlary artdyrmaga çalaýşýardylar. Şeýle-de bolsa, Kongresde demokratlar hem, respublikaçylar hem şu harajatlary azaltmaga garşy çykdylar. Federal büjetiň ýetmezçiligi 1980-nji ýylda 74 milliard dollar bolan bolsa, 1986-njy ýylda 221 milliard dollara ýetdi, ýöne 1987-nji ýylda ol 150 milliard çenli peseldi. 1987-nji ýylyň ahyrynda gazna biržasynyň batmagy ykdysadyýetiň durnuklylygyny şübhe astynda goýdy.

## ABŞ-NYŇ DAŞARY SYÝASATY

ABŞ-nyň daşary syýasatynda Prezident Reýgan ýurt üçin has makul orun eýelejek bolýardy we Merkezi Amerika ilkinji synagyny geçirmäge mümkinçilik berdi. Salwadorda partizanlar gozgalaňy hökümeti ýykmaga howp salanynda, Birleşen Ştatlar oňa ykdysady kömek berdi we harby taýýarlyk geçdi. Şeýle hem, ABŞ halk tarapyndan saýlanýan demokratik hökümete geçmegi giňden goldady, ýöne sagçylaryň jezalandyryjy harby „ölüm toparlarynyň” edýän işlerini saklamaga eden synanyşyklary diňe bölekleýin şowly boldy. ABŞ-nyň goldamagy ýagdaýy kadalaşdyrmaga kömek etdi, ýöne Salwadordaky sütem we eden-etdilik azalmaýardy we 1989-njy ýylyň ahyrlarynda bolsa ol, hatda köpeldem. Her niçik-de bolsa, 1992-nji ýylyň başynda parahatçylyk ylalaşygy gazanyldy.

Nikaragua babatynda ABŞ-nyň syýasaty jedellidi. 1979-njy ýylda özlerini Sandinistaçylar diýip atlandyrýan öwrülişik geçirijiler Somozanyň jezalaýjy sagçy döwlet gurluşuny ýok etdiler. Sandinista hökümetiniň Birleşen Ştatlaryň Kuba we SSSR bilen harby hyzmatdaşlygy bes etmek, öz syýasy ulgamyny demokratik özgerişliklere tarap açmak baradaky talabyny ret etme-

gi netijesinde ABŞ-nyň sebitde parahatçylygy dikeltmek boýunça tagallalary şowuna düşmedi we edara ediş diwanynyň ünsi Sandinistaçylaryň düzgününe garşy çykýan güýçlere, ýagny „kontralara” ýardam etmäge tarap gönükdirildi. Bu syýasat babatyndaky dartgynly çekişmelerden soň Kongres 1984-nji ýylyň oktýabrynda „kontralara” harby taýdan kömek bermegini togtatdy, ýöne gumanitar kömek bermegini dowam etdirdi. Reýganyň edara ediş diwanynyň zor salmagy bilen 1986-njy ýylyň güýzünde Kongres düýpgöter başga tarapa döndi we 100 million dollar goýberip, „kontralara” harby kömegi gaýtadan dikeltdi. Muňa garamazdan, „kontralaryň” söweş meýdanyndaky şowsuzlyklary, adam hukuklaryny bozmalary hem-de Eýrana ogrynça ýarag satylmagynyň hasabyna özlerine pul serişdeleriniň geçirilendiginiň üsti açylmagy, Kongresiň Sandinistaçylara garşy hereketi harby taýdan goldamagynyň bes etmegine getirdi.

Soňundan Prezident Jorj Buşuň edara ediş diwany „kontralara” harby kömek bermegini doly bes etdi. Buşuň edara ediş diwany Wioletta Çamorronyň ýolbaşçylygyndaky garşylyk syýasy birleşmesini goldady. 1990-njy ýylyň fewralynda bu birleşme saýlawlarda ýeňip, Sandinistaçylardan üstün çykdy.

Reýganyň edara ediş diwany Gwatemaladan başlap, Argentina çenli latynamerikan ýurtlarynyň ählisinde diýen ýaly demokratiýanyň berkarar bolmagynyň şaýady boldy. Demokratik ýol bilen saýlanan hökümetleriň döremegi diňe Latyn Amerikasy bilen çäklenmedi: Aziýada Korazon Akinonyň „halk häkimiýeti” ugrundaky syýasy ündewleri Ferdinand Markosyň hökmürowanlygyny ýok etdi, Koreýadaky saýlawlar onýyllyklaryň dowamynda agalyk eden harby hökümdarlygyň tamamlanmagyna getirdi.

Tersine, Günorta Afrika Reýganyň edara ediş diwanynyň jedelli „dörediş borçnamalar” syýasaty arkaly jynsparaz aparteidi (ýurduň ilatyny zorluk bilen bölme syýasaty) ýykmagy çaltlaşdyrmaga synanyşygyna boýun egmedi. 1986-njy ýylda bu meselede hiç hili öňe gidişligiň ýokdugyndan göwni galan ABŞ-nyň Kongresi Reýganyň gadagançylygyny ýatyrdy we Günorta Afrika garşy ykdysady jeza çärelerini ulandy. Diňe 1988-nji ýylyň dekabrynda Reýganyň prezidentliginiň iň soňky hepdelerinde ABŞ-nyň çydamly araçylyk syýasaty ahyry üstünlige eýe boldy we Günorta Afrikadaky Namibiýa boýunça taryhy parahatçylykly ýol bilen düzgünleşdirişe we garaşsyzlygy babatyndaky meselä öz goşandyny goşdy.

Kommunizme garşy aç-açan dilewarlyk etmegine garamazdan, Reýganyň edara ediş diwanynyň harby güýçlerinden gönüden-göni peýdalanmagy öňkä görä çäklendirildi. 1983-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda goňşy döwletleriň gyssagly kömek etmek haýyşy boýunça amerikan goşuny Karib deňzindäki Grenada adasynda düşürildi. Bu waka öz marksistik garaýyşly partiýasynyň agzalary tarapyndan Grenadanyň premýerministriniň öldürilmeginden soň geçirildi. Gysga söweşlerden soň ABŞ-nyň goşuny ýüzlerçe kuba harby gullukçysyny we gurluşykçysyny ýesir aldy we sowetlerde öndürilen ýarag ammaryny ele saldy. 1983-nji ýylyň dekabrynda iň soňky amerikan söweşjeň goşuny Grenadadan çykdy, bir ýyldan soň bolsa ol ýerde demokratik saýlawlar geçirildi.

Liwanda welin Birleşen Ştatlar gowşak, ýöne günbatara ýaramly aram hökümeti häkimiýet başynda saklajak bolup, näçe synansa-da, onuň harby tagallalary hasratly tamamlandy. 1983-nji ýylyň oktýabrynda terrorçylar tarapyndan guralan partlamada 241 sany deňiz

pyýada esgeri wepat boldy. 1986-njy ýylyň aprelinde ABŞ-nyň harby-deňiz güýçleri we harby-howa güýçleriniň uçarlary Tripolini we Liwiýa bombaladylar. Munuň maksady Ýewropadaky ABŞ-nyň harby gullukçylarynyň janyna liwiýalylaryň guramaçylykly kast edendikleri üçin, olardan ar almakdy.

Pars aýlagy babatynda amerikan-eýran gatnaşyklaryndaky öňki howply döwür hem-de Eýranyň Yrak bilen urşy, sebitde ABŞ-nyň harby-deňiz işlerini ýokarlandyrdy. Ilkibaşda Birleşen Ştatlar Kuweýtiň nebit we nebit önümlerini daşaýan gämilerini goramak baradaky haýyşyny ýerine ýetirdi. Ýöne iň soňunda ABŞ Günbatar Ýewropanyň deňiz döwletleriniň harby gämileri bilen bilelikde nebit we nebit önümlerini daşaýan gämileriň we Pars aýlagynda ýokaryaşak syýahat edýän beýleki bitarap gämileriň ýany bilen gidip, örän möhüm bolan deňiz ýollaryny açyk sakladylar.

## AMERIKAN-SOWET GATNAŞYKLARY

Sowet Soýuzy bilen gatnaşyklarda Prezident Reýganyň yglan eden syýasaty güýjüň kömegi bilen parahatçylyk gazanmak syýasaty boldy. „Sowuk urşuň" düzgüninde kemala gelen Reýgan özüniň „zalym imperiýa" diýip atlandyran ýurdy bilen gatnaşyk etmegi gutarnykly çözdi. Amerikan-sowet gatnaşyklaryndaky dartgynlylygy iki waka has-da güýçlendirdi: olaryň biri 1981-nji ýylyň dekabrynda Polşadaky işçileriň „Raýdaşlyk" atly hereketiniň basylyp ýatyrylmagy, ikinjisi bolsa 1983-nji ýylyň 1-nji sentýabryda 007 sapar boýunça uçan we ugruny ýitiren Koreýanyň ýolagçy uçarynyň sowet reaktiw gyryjy uçary tarapyndan urlup ýykylmagydyr. Şeýle hem, Birleşen Ştatlar Owganystandaky dowam edýän sowet hüjümüni ýazgaryp, garşy durmagyň göreşijileri bolan mojahedlere kömek berýär.

Reýganyň prezidentliginiň birinji möhletinde onuň edara ediş diwany köpçülikleýin goranyş ulgamyny döretmeklige henize çenli görlüp-eşidilmedik möçberdäki serişde sarp etdi: şol sanda, Sowet Soýuzynyň orta uzaklykda täsir edýän ýadro raketalaryna garşy durmak üçin, şolar ýaly raketalary Ýewropada ýerleşdirmek. 1983-nji ýylyň mart aýynyň 23-ünde Reýgan özüniň häkimiýet başyndaky bütin döwrüniň içinde iň bir gyzgalaňly çekişmeler döreden wajyp karary kabul etdi. Munuň özi öňdebaryjy tehnologiýalary, ýagny sebitara ballistik reaktiw raketalaryna garşy goranmak üçin lazer we ýokary energiýaly atýan ýaraglary işläp taýýarlamaga gönükdirilen Stratgik goranyş başarjaňlygy atly barlag maksatnamasyny amala aşyrmak baradaky karardy. Alymlaryň köpüsi bu taslamany amala aşyryp boljakdygyna ynanmasalar-da, ykdysatçylar hem onuň bahasynyň juda gymmatdygyny nygtasalar-da, Reýganyň edara ediş diwany ol taslamany durmuşa geçirýärdi.

1984-nji ýylda gaýtadan saýlanandan soň, Reýgan ýaraglaryň üstünden has berk bolan gözegçiligi biraz gowşatdy. Öz tarapyndan Moskwa ylalaşmaly boldy, sebäbi sowet ykdysadyýetiniň ABŞ-nyň goranyş ulgamy bilen bäsleşmek üçin gerek bolan serişdeleri çykarmaga mümkinçiligi ýokdy. 1985-nji ýylyň noýabrynda Reýgan Ženewada täze sowet ýolbaşçysy Mihail Gorbaçow bilen duşuşdy. Olar strategik çozuş ýaraglarynyň 50 göterim kemeldilmegi barada ylalaşdylar, şeýle hem, orta uzaklykda täsir edýän ýadro raketalar boýunça ilkinji ylalaşyga geldiler. 1987-nji ýylyň dekabrynda Prezident Reýgan bilen Baş sekretar Gorbaçow orta uzaklykda täsir edýän ýadro raketalar boýunça şertnama

gol çekdiler. Bu şertanamada ýaraglaryň şu görnüşiniň ählisiniň ýok edilmegi göz öňünde tutulýardy.

## „ŞATL” ÄLEM GÄMISI

Strategik goranyş başarjaňlygy Reýganyň administrasiýasy üçin çözülmesi kyn mesele bolan hem bolsa, beýleki älem maksatnamalarynyň geljegi has uludy. 1981-nji ýylda ABŞ adam tarapyndan dolandyrylýan we köp gezek ulanylýan „Kolumbiýa” atly ilkinji älem gämisini uçurdy. „Şatl” diýlip atlandyrylýan bu görnüşdäki gämileriň 1981–1985-nji ýyllar aralygyndaky uçuşlary olaryň ulanylyş mümkinçilikleriniň giňdigini görkezdi: orbitada bolanlarynda astronawtlar dürli synaglar geçirip, surata düşürip, şeýle hem, älem desgalaryny uçuryp, yzyna gaýtaryp we emeli hemralary abatlap bilýärdiler. Ýöne 1986-njy ýylyň ýanwarynda betbagtçylyk boldy – „Çellenjer” älem gämisi uçanyndan 73 sekund soň partlady. Alty sany astronawt bilen birlikde ilkinji älem ýolagçysy bolmak islän mekdep mugallymy-da wepat boldy. Älem barlaglary we aeronawtika boýunça milli komitet (NASA) howpsuzlyk üçin „şatllary” gaýtadan düzýänçä, olaryň uçuşy näbelli möhlete togtadyldy. 1988-nji ýylyň ahyrynda „Diskaweri” älem gämisiniň uçurylyşy şowly geçdi. Ýöne gäminiň äleme goýberilişinden öň onuň uçuş ulgamlaryna we kompýuter programmalaryna 300-den hem gowrak düzedişler girizildi.

## EÝRANA GARŞY WE „GARA BAŞGÜNI”

Reýganyň edara ediş diwanynyň daşary syýasat boýunça iň bir çylşyrymly meselesi prezidentligiň ikinji möhleti tamamlanyp barýarka, ýüze çykdy. Eýranyň ýolbaşçysy Homeýni tarapyndan gözegçilik edilýän radikal guramalar tarapyndan ele salnan we Liwanda saklanýan girew alnan amerikalylary halas etmegiň hatyrasyna edara ediş diwanynyň Eýrana ogrynça ýarag satandygy amerikalylara 1987-nji ýylda mälim boldy. Kongres harby kömegi gadagan eden wagty, derňew ýarag satmakdan gelýän serişdeleriň Nikaraguadaky garşylyk hereketine gidýändiginiň üstüni açdy.

Senatyň we wekiller palatasynyň birleşen barlag toparynda Eýrana garşy iş diňlenenden soň, Eýrana ýarag satmagyň kanunylygy ýa-da däldigi baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmak bilen bir hatarda ABŞ-nyň Ýakyn Gündogarda we Merkezi Amerikada daşary syýasat bähbitleri baradaky giň meselä-de garaldy. Umuman, Eýrana garşy iş, 14 ýyl mundan öň Senatda diňlenen meşhur „Wotergeýt işi” ýaly, hökümetiň köpçüligiň öňünde hasabat bermäge borçludygy baradaky hem-de ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimiýetleriň arasyndaky sazlaşykly gatnaşyklar baradaky düýpli meseleleri gozgady.

1987-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda Birleşen Ştatlar ykdysady hadysa duçar boldular. Şol „Gara Başgünde” gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy 22 göterim pese düşdi, bu bolsa az wagtyň içinde 1929-njy ýyldaky meşhur gazna biržasynyň tozmagyny ýatlatdy, ondan soň 1930-njy ýyllaryň „Beýik çökgünligi” başlanypdy. 1987-nji ýyldaky tozgunlygyň sebäbi paýnamalary saklaýjylaryň ABŞ-nyň daşary söw-

dasynyň ýagdaýyndan we ähli ştatara degişli bolan büjetiň ýetmezçiliginden hem-de edaralaryň we hususy karzlaryň derejesiniň ýokarylygyndan dörän ynjalyksyzlyk boldy. Şunuň bilen baglanyşykly gazna biržasynda kompýuter programmalarynyň esasynda gymmat bahaly kagyzlary satmak atly täzeçilik girizildi: birža kompýuterleri belli bir ýagdaýlar bilen baglylykda köpsanly paýnamalary satyn almak ýa-da satmak barada buýruklary berýär.

Muňa garamazdan, ýurt bu başagaýlykdan iňňän çalt aýňaldy. Raýatlaryň köpüsi gazna biržasyndan el çekip, maýa goýumunyň has howpsuz görnüşine geçen bolsalar hem, bu ykdysady taýdan pese düşmä getirmedi. Hakykatda, ykdysadyýet ösmegini dowam etdi, işsizligiň derejesi 1988-nji ýylyň iýunynda 14 ýyl mundan öňki derejesine – 5,2 göterime düşdi.

## JORJ BUŞUŇ PREZIDENTLIGI

Reýgan prezidentliginiň ikinji möhletiniň ahyrynda iňňän uly meşhurlyga eýe bolupdy, ýöne ABŞ-nyň Başkanuny boýunça 1988-nji ýylda üçünji gezek özüni prezidentlige hödürläp bilmeýärdi. Onuň syýasy ýoluny ýörediji, sekiz ýyllap prezidentlik eden döwründe onuň orunbasary bolan Jorj Buş Reýganyň meşhurlygyndan özi üçin köp peýda tapdy we Birleşen Ştatlaryň 41-nji Prezidenti bolup saýlanyldy.

Buş öz saýlaw möwsümüni Reýgan wagtynda ýetilen abadançylygy mundan beýläk hem ösdürmegi wada etmek bilen alyp bardy. Şeýle hem, ol öz tejribesi bilen Birleşen Ştatlaryň goranyşyny demokratik partiýadan bolan bäsdeşi maýkl Dukakisden has gowy berkitmegi başarjakdygyny nygtaýýardy. Massaçusets ştatynyň gubernatory bolan Dukakis, işleri o diýen şowly bolmadyk amerikalylaryň ykdysady taýdan zyýan çekýändiklerini hem-de hökümet şolar ýaly adamlara kömek etmeli we şol bir wagtyň özünde federal bergileri we goranyş üçin edilýän çykdajylary gözegçilige almaly diýip belleýärdi. Muňa garamazdan, saýlawçylara täze salgytlary girizmezligi söz beren Buşuň ykdysady maksatnamasy has özüne çekdi. Saýlawlarda Buş saýlawçylaryň 54 göterim, Dykakis bolsa 46 göterim sesini aldy.

Buş özüniň prezidentliginiň birinji ýylynda aralyk maliýe maksatnamasyna eýerdi, hem-de Reýganyň edara ediş diwanynyň ykdysady maksatnamasyna gabat gelýän salgytlar, harçlanyş we bergiler syýasatyny alyp bardy. Emma uly möçberdäki büjet ýetmezçiligi we ony azaltmak baradaky kanun Buşy kyn ýagdaýa saldy – ol döwlet çykdajylary baradaky täze maddalary girizip bilmeýärdi. Şeýlelik bilen, Waşingtona iň arzan düşmeli bolan syýasat mundan beýläk hem ileri tutuldy. Hususy senagatyň hem-de ýerli we ştatlaryň häkimiýetleriniň serişdeleriniň köpüsi daşky gurşawy goramak we bilim meselelerine harçlanýardy, Buş bu syýasata üýtgetmeler girizdi. 1990-njy ýylyň noýabrynda ol şäherleriň gara tüssesi, awtoulaglaryň howa goýberýän zyýanly gazlary, zäherli jisimleriň howa goýberilmegi we kislotaly ýagyşlar boýunça ähli ştatlara degişli täze çäklendirmeler girizmek üçin, kanun taslamasyny tassyklady, ýöne onuň çykdajylarynyň aglaba bölegi ýene-de hapalanmanyň sebäbi bolan senagat pudagynyň üstüne ýüklendi. Şeýle hem, Prezident haýyr-sahawaty giňeltmek boýunça işlere başlady, Buş ony „müňlerçe ýaldyrawuk nokatlar” diýip, ýatdan çykmajak jümle bilen atlandyrdy.

## BÜJET WE ÝETMEZÇILIK

Federal büjetiň ýetmezçiligini gözegçilige almak baradaky Buşuň administrasiýasynyň synanyşyklary has kynçylykly boldy. Kynçylyklaryň sebäpleriniň biri döwlet süýşürintgilerindäki we karzlaryndaky öwrülişik boldy. Kezzapçylyk, ýaramaz dolandyryş, kämilleşdirilmedik kanunlar we Birleşen Ştatlaryň belli bir sebitlerinde 1980-nji ýyllaryň başynda we ortalarynda ykdysady pese gaçyş süýşürintgiler we karz berýän edaralarynyň köpüsiniň tozmagyna getirdi. 1970-nji ýyllaryň ahyrynda olaryň sany 3100-den hem geçýärdi, 1990-njy ýylyň 30-njy iýunynda bolsa olardan diňe 2453 sanysy galdy. 1993-nji ýyla çenli satyşlaryň we kärhanalaryň ýapylmagyna edilýän çykdajylaryň umumy möçberi, goýumlary hökümet tarapyndan kepillendirilen tygşytlylygy puja getirdi, bu möçber 300 milliard bilen 500 milliard dollar aralygynda durdy.

1990-njy ýylyň ýanwarynda Prezident Buş Kongrese büjet taslamasyny berdi. Demokratlar ony aşa ynamly hasapladylar we ony ýetmezçiligi azaltmak hakyndaky kanuna laýyklap geçirmek üçin, salgytlary artdyrmagyň we goranyş harajadynyň kemeldilmeginiň zerurdygyny aýtdylar. Büjet baradaky çekişmeler uzaga çekdi we iýun aýyna çenli dowam etdi, iýunynda Prezident Buş saýlawlaryň öň ýanynda beren wadalaryna garamazdan, Kongresdäki ýolbaşçylara milli ykdysadyýetde bolan özgerişlikler zerarly ýurduň umumy büjeti boýunça islendik ylalaşygyň bir böleginiň salgydy artdyrmak barada bolmalydygyny aýtmaga mejbur boldy.

Büjet boýunça gazanylan ylalaşyga garamazdan, ykdysady pese gaçyşyň, karz we süýşürintgiler edaralaryny dikeltmek üçin edilen harajatlaryň hem-de Medikea we Medikeýd saglygy goraýyş maksatnamalary üçin edilýän çykdajylaryň barha artmagynyň utgaşmaklary büjet ýetmezçiligini peseltmek boýunça ähli çäreleri puja çykardy we 1991-nji ýylda ýetmezçilik öňki derejesinde galdy.

## SOWUK URŞUŇ TAMAMLANMAGY

1980-nji ýyllaryň ahyrynda iki beýik döwletiň – ABŞ bilen SSSR-iň gatnaşyklary Gündogar Ýewropadaky syýasy başagaýlygyň täsiri astynda emele gelýärdi. Birleşen Ştatlar we bütin dünýä demokratik özgerişlikleriň ugrunda halklaryň gozgalaňlarynyň netijesinde tutuş sebitde kommunistik düzgünleriň synyşyny synlaýardylar.

1989-njy ýylda Maltada bolup geçen Buş bilen Gorbaçowyň arasyndaky üstünlikli duşuşyga garamazdan, 1990-njy ýylda amerikan-sowet gatnaşyklary şeýle ýokary netijeli öser diýip hiç kim pikir hem etmeýärdi. Kongrese ýurduň ýagdaýy baradaky ýanwaryndaky habar hatynda Prezident Buş Ýewropadaky amerikan goşunlarynyň sanyny 195 müňe çenli azaltmak niýeti barada aýtdy. Fewralda Buşuň edara ediş diwany Sowet Soýuzy bilen ýaraglanyşygyň üstünden gözegçiligi ýola goýmak barada, şeýle hem, Gündogar hem Günbatar Germaniýany birleşdirmek barada maslahat geçirdi. Iki taraplaýyn we köptaraplaýyn geçirilen ýedi aýa çeken maslahatdan soň, SSSR öz uruşdan soň alan hukuklaryndan el çekdi we NATO-nyň doly hukukly agzasy hökmünde birleşdirilen Germaniýany kabul etdi. Germaniýa babatyndaky meseläniň gutarnykly düzgünleşdirilendigi baradaky Ylalaşyga 1990-njy ýylyň 12-nji sentýabrynda Moskwada gol çekildi.

1990-njy ýylyň 19-njy noýabrynda Prezident Buş we 21 döwletiň ýolbaşçylary Ýewropadaky adaty ýaraglar we ýaragly güýçler baradaky Ylalaşyga gol çekdiler. Bu Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Konferensiýada döwlet baştutanlarynyň üç günlük duşuşygynyň barşynda bolup geçdi. Ýewropadaky adaty ýaraglar we ýaragly güýçler baradaky Ylalaşyk Atlantikanyň kenarlaryndan Ural daglaryna çenli aralykdaky NATO we Warşawa şertnamasyna girýän ýurtlarda jemlenen müňlerçe tanky, harby uçary we topy näme etmelidigi barada bolan iňňän çylşyrymly we görlüp-eşidilmedik ylalaşykdy.

Soňra, 1991-nji ýylyň 31-nji iýulynda ABŞ özüniň SSSR bilen ýaragsyzlanmak boýunça iň soňky uly ylalaşygyny baglaşdy. Strategik hüjüm ediş ýaraglaryny azaltmak barada uzaga çeken gepleşikleriň jemi bolan bu ylalaşyga Buş we Gorbaçow Moskwada gol çekdi. Bu ylalaşykda iki döwletiň-de ýadro gorhanalaryny 30–40 göterim azaltmak göz öňünde tutulýardy. Ýöne şu derejedäki azaltmalar hem Buşuň täze Orusýet Federasiýasynyň Prezidenti bolan Boris Ýelsin bilen baglaşan ylalaşygynda göz öňünde tutulany bilen deňeşdireniňde, ujypsyz bolup görner. Ol ylalaşyk boýunça bölünýän boýegolowkaly ähli raketalar 2003-nji ýyla çenli ýok edilmelidi. Netijede, bu iki ylalaşyk bar bolan ýadroly boýegolowkalaryň sanyny üçden iki esse azaltmalydy. Boýegolowklaryň sanyny, takmynan, 21000-den 6000–7000-e getirmelidi. Ýadro ýaraglarynyň ýok edilmegi hem-de ýadro ýaraglarynyň her wagt ýaýrap biljegi baradaky aladalar Waşington bilen Moskwanyň arasyndaky ýadro urşunyň howpuny ýatyrdy.

Sowuk uruş hakykatdan hem gutardy.

## PARS AÝLAGYNDAKY URUŞ

Sowuk urşuň gutaranlygy baradaky şatlykly habaryň soňy 1990-njy ýylyň 2-nji awgustynda Yragyň Kuweýte çozup girendigi baradaky hasratly habar bilen utgaşdy. Yragyň Kuweýtiň üstünden agalyk etmegi we onuň Saud Arabystanyna hem-de Pars aýlagyndaky kiçiräk döwletlere salýan howpy Birleşen Ştatlaryň bähbitlerine-de howp abandyrdy, sebäbi ABŞ we umuman Günbatar, nebit üpjünçiligi zerarly bu sebite garaşly bolup durýardylar.

Prezident Buş Yragyň bu hereketlerini ýazgardy we haýal etmän hem-de hökmany suratda goşunyny çykarmagy ondan talap etdi. BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşiniň nobatdan daşary mejlisi Yragyň hereketlerini ýazgaryp, oňa garşy biragyzdan ses berdi, haýal etmän, atyşygy bes etmegi we Kuweýtden yrak goşunlarynyň çykarylmagyny talap etdi.

Yrak awgustda Kuweýti basyp alýandygyny yglan etdi, ol ýerdäki ähli daşary ýurt ilçihanalaryny ýapmagy buýurdy we girew hökmünde Kuweýtdäki amerikan we iňlis raýatlaryny ele saldy. Awgustyň 8-inde Prezident Buş milli telewideniýe arkaly çykyş edip, amerikan goşunlarynyň Ýakyn Gündogara girizilýändigini aýtdy. Soňra Prezident Ýewropa, Aziýa we Afrika ýurtlarynyň, şeýle-de Ýakyn Gündogaryň ýaragly güýçlerini birleşdirýän, häzirki zamanda deňi-taýy bolmadyk harby we syýasy birleşmäni döretmäge girişdi.

Yrak Kuweýte girenden soň, birnäçe hepdäniň dowamynda BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşi Yragyň basybalyjylyk hereketlerini ýazgarýan hem-de oňa garşy giň ykdysady temmi çäreleri ulanmagy talap edýän 12 sany karar kabul etdi. Noýabryň 29-ynda kabul edilen 12-nji Karar Yrak 1991-nji ýylyň 15-nji ýanwaryna çenli Kuweýtden öz goşun-

laryny çykarmadyk ýagdaýynda, BMG-nyň agzasy bolan ýurtlaryň goşunlaryny ulanmagy makullady. Täze amerikan-sowet gatnaşyklary BMG-nyň Yragyň çozuşuny saklamaga gönükdirilen hereketleri üçin amatly şert döretdi. Şu iki ýurduň arasynda täze dostlukly ylalaşyk bolmadyk bolsady, BMG Yraga garşy harby hereketlere hiç haçan ygtyýar bermezdi.

Kongres agzalary Pars aýlagyndaky dartgynlylygy parahatçylykly ýol bilen çözmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmegi haýyş edip, Prezident Buşa we halkara birleşmelerine açyk ýüzlendiler. Bu ýüzlenmäniň aňyrsynda ABŞ-nyň Başkanunynyň düzgüni boýunça uruş yglan etmek hukugynyň kanun çykaryjy häkimiýete degişlidigininiň ýatlamasy durýardy. Başga bir tarapdan aýdylanda, XX asyryň ikinji ýarymynda ABŞ Kongresiň resmi ygtyýaryny alman, ençeme gezek harby hereketlere gatnaşypdy, mysal üçin, Wetnam urşy şolaryň biridir. Kongresiň käbir agzalary Buşuň urşy başlamazdan öň, Kongresiň goldawyny almalydygyny aýtdylar. Beýlekiler bolsa, muňa garamazdan, Kongresiň hakykatda uruş yglan etmegiň jogapkärçiligini öz üstüne almak däl-de, ABŞ-nyň urşy alyp barmaly ýeri, wagty we şertleri barada aýtmak isleýändigini nygtadylar.

1991-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda iň soňky berlen möhlete 3 gün galanda, Kongres Prezident Buşa soňky elli ýylyň içinde hiç prezidente berilmedik uruş yglan etmäge ähli giň ygtyýarlyklary berdi.

Uruş BMG tarapyndan kesgitlenen soňky möhlet tamamlanandan soň, 24 sagat geçmänkä başlandy. ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Saud Arabystanynyň we Kuweýtiň harby güýçleri birleşdirildi, ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda bir aýdan sähelçe köp wagta çeken howadan weýran ediji bombalamak bilen, Kuweýti azat etmek ugrundaky iş şowuna boldy. Howa hüjümleri gury ýerden bronetanklaryň we howa desant pyýada goşun bölümleriniň Kuweýtiň we Yragyň üstüne çozmagy bilen dowam etdirildi. Uly tizlige, çakgan manýowra we ok atyş kuwwatyna eýe bolan ýaran goşunlar bary-ýogy 100 sagadyň içinde yrak goşunyny derbidagyn etdiler.

ABŞ we onuň ýaranlary öňlerinde goýan wezipelerini berjaý etdiler, emma welin bu doly ýeňiş däldi. Saddam Huseýn häkimiýet başynda galypdy we harby hereketler gutarandan soň, demirgazykdaky kürtleriň we günortadaky şaýy musulmanlaryň gozgalaňyny gazaply ýatyrdy. Yragyň bilgeşleýin ýakan ýüzlerçe nebit guýularynyň ýangynlary 1991-nji ýylyň noýabrynda söndürilýänçä saklandy. Saddamyň düzgüni, BMG-nyň Howpsuzlyk geňeşiniň kararlaryny berjaý edip, Yrakda köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň, şol sanda ýadro ýaragyny öndürýän desgalaryň we himiki ýaraglaryň uly gorlarynyň ýerleşen ýerlerini bilip, olary ýok etmegiň üstünde işleýän BMG-nyň inspektorlaryna päsgelçilik döredýärdi.

Her niçik-de bolsa, Pars aýlagyndaky uruş Birleşen Ştatlara arap döwletleriniň, Ysraýylyň we Palestinanyň wekillerini, sebitde soňy bilen dowamly parahatçylyga getirip biljek çylşyrymly meseleleriň birnäçesi boýunça gönümel gepleşiklere başlamaga yrmak üçin mümkinçilik berdi. Gepleşikler 1991-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Ispaniýanyň paýtagty Madridde başlandy. Öz nobatynda, bu gepleşikler Norwegiýadaky gizlin gepleşikleriň başlanmagyna esas boldy. Norwegiýadaky gepleşikler bolsa Ysraýylyň we Palestinany azat ediş guramasynyň arasynda taryhy ylalaşygyň baglaşylmagyna alyp bardy, bu ylalaşy-

ga 1993-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Ak Tamda gol çekildi.

## PANAMA WE NAFTA

Prezident general Manuel Antonio Norýeganyň diktator düzgünini agdarmak maksady bilen 1989-njy ýylyň 20-nji dekabrynda amerikan goşunlaryny Panama girizmek üçin Kongresiň iki partiýasynyň hem goldawyny aldy. 1980-nji ýyllarda neşe maddalaryny ulanmak ýokanç kesele öwrüldi we Prezident Buş „neşe maddalaryna garşy urşy" içerki syýasatynyň esasy wezipesi edip goýdy. ABŞ-da Norýeganyň neşe gaçakçylygyna gatnaşýandygynyň subutnamasy bardy, şonuň üçin-de güýç bilen girmek arkaly ony kazyýete çekmek islediler. Ýöne başga-da sebäpler bardy. Buşuň maksatlarynyň biri Norýegany Gillermo Endaranyň ýolbaşçylygyndaky hökümet bilen çalyşmakdy. Gillermo Endara prezident saýlawlarynda üstün çykypdy, ýöne Norýega bu saýlawlary güýçsüz hasap etdi. Şeýle-de, Buş Amerikanyň raýatlaryny goramak, ýurtda demokratiýany dikeltmek, Panama kanalynyň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin, Panama goşun girizendigini habarçylara aýtdy. Iň soňunda Norýega amerikan häkimiýetlerine meýletinlik bilen boýun egdi, şondan soň ol Florida ştatynyň maýami şäherindäki ABŞ-nyň federal kazyýetinde neşe maddalarynyň söwdasynda we talaňçylykda günäkär edilip, jogapkärçilige çekildi.

Buşuň edara ediş diwany ABŞ-nyň, Meksikanyň we Kanadanyň arasynda Erkin Söwda barada Demirgazyk Amerika Ylalaşygyny (NAFTA) baglaşmak barada gepleşiklere başlap, ykdysady pudakdaky öňe gidişlikleri belläp geçdi. Klintonyň edara ediş diwanynda NAFTA-ny makullamak barada gyzgalaňly çekişmeler bolup geçdi. Kärdeşler arkalaşyklary ABŞ-nyň harytlarynyň bäsdeşliginden çekinýärdiler, ekologlary bolsa senagat zibilleri bilen daşky gurşawyň hapalanmak meselesi tolgundyrýardy. Buşuň we Klintonyň edara ediş diwanlary, muňa garamazdan, NAFTA-nyň arzan harytdyr hyzmatlar bilen üpjün etjegini hemde bu üç döwletiň senagatynyň dünýä bazarynda bäsleşmek ukybyny artdyrjakdygyny nygtaýýardylar. 1993-nji ýylyň ahyrynda gyzgalaňly çekişmelerden soň Kongres tarapyndan makullanan NAFTA köpler ähli Günbatar ýarymşarda erkin söwda ulgamyna getirip biljek gelejekdäki söwda ylalaşyklarynyň synag meýdany hökmünde garaýardylar.

## 1992-NJI ÝYLYŇ PREZIDENT SAÝLAWLARY

1992-nji ýyldaky prezident saýlawlarynyň golaýlaşmagy bilen amerikalylar özlerini dört ýyl mundan öň göz öňüne hem getirip bolmadyk derejede özgeren dünýäde gördüler. „Sowuk urşuň" belli bolan alamatlary – Berlin diwaryndan başlap, mydama doly söweşjeň taýýarlygynda duran sebitara raketalara we bomba atyjylara çenli bary ýok edilipdi. Gündogar Ýewropa azat bolupdy, Sowet Soýuzy dargapdy, iki Germaniýa birleşipdi, araplar we ysraýyllylar göni gepleşiklere başlapdylar, ýadro urşunyň howpy bolsa ep-esli peselipdi. Bular, hamala, taryhyň bir beýik jildi tamamlanyp, täzesi başlan ýaly bolup göründi.

Öz ýurtlarynda weli amerikalylar o diýen ynamly däldiler, olar şol bir kök uran meseleler bilen çaknyşmaly bolýardylar. Pars aýlagyndaky urşuň tamamlanmagy mynasybetli baýramçylyklar we dabaralar gutaran dessine, 1980-nji ýyllaryň başlaryndan bäri iň çuňňur ykdysady pese gaçyş tutuş ABŞ-ny eýeledi. Geçen ýyllarda „gök ýakalylar",

ýagny senagat işçileri köp zyýan çeken bolsalar, indi orta ýolbaşçylyk wezipelerini eýeleýän „ak ýakalylaryň", ýagny edara işgärleriniň arasynda hem işsizlik artdy. 1992-nji ýylda ýagdaý gowulaşmaga başlady, emma ykdysady ösüş iňňän ujypsyzdy we ýurduň köp etraplary henize çenli pese gaçyşa hötde gelip bilmeýärdi. Üstesine-de, saglygy goraýyş üçin edilýän çykdajylaryň köpelmegi sebäpli, ähli ştatlara degişli bolan büjetiň ýetmezçiliginiň artmagyny dowam edýärdi. Köp amerikalylar özleriniň geljegine doly umytsyzlyk bilen garaýardy, olar öz ýurtlary nädogry ýoldan barýar diýip hasap edýärdiler.

Konserwatiw žurnalist Patrik Býukanan tarapyndan olaryň işiniň tankytlanandygyna garamazdan, Respublikaçy partiýadan prezidentlige Buş, wise-prezidentlige bolsa Den Kueýli gaýtadan hödürlendi. Demokratik partiýadan Arkanzasyň gubernatory Bil Klinton öz partiýasynyň beýleki bir topar dalaşgärlerini gysyp çykardy. Wise-prezidentlige dalaşgär edip ol Tennesi ştatyndan bolan senator Al Gory saýlap aldy. Al Gor Kongresde daşky gurşawyň iň sowatly we dilewar goraýjysy hökmünde hemmeler tarapyndan ykrar edildi.

Şol bir wagtda ykdysadyýetiň ýagdaýyny amerikalylaryň iňňän alada etmegi ABŞ-nyň prezidentligine meşhur garaşsyz dalaşgäriň – gurply tehasly telekeçi Ros Peronyň hödürlenmegine ýardam etdi. Kompýuter satmakdan we maglumatlary işläp taýýarlamakdan ummasyz baýlyk toplan Pero, waşingtonly ýolbaşçylaryň ykdysady kynçylyklara, ilkinji nobatda, büjet ýetmezçiligine hötde gelmegi başarmaýandyklaryna parhsyz garap bilmeýärdi. Onuň kömekçileri ýurduň 50 ştatynyň ählisinden Perony prezidentlige dalaşgärleriň sanawyna goşdurmak üçin saýlawçylaryň ýeterlik mukdardaky goluny ýygnadylar. Iýul aýynda öz dalaşgärligini aýyrmak, güýzde ýene-de ony dikeltmek bilen ol hakykatda özüni ýeňiş gazanmak mümkinçiliginden mahrum eden-de bolsa, onuň saýlaw möwsümüne gatnaşmagynyň özi hem möwsümde ykdysady meseleleriň milli maslahatyň merkezinde bolmagyny üpjün etdi.

ABŞ-da geçýän her bir prezident saýlawlary meseleleriň, dalaşgäriň keşbiniň we şahsyýetlik aňyýetiniň utgaşmagydyr. Şonuň üçin-de, milli meselelere we dalaşgärleriň abraýlaryna ýokary üns berlendigine garamazdan, 1992-nji ýylyň saýlawlary-da üýtgeşik bolmady. Täzeden saýlanmak üçin Buş, adatça häkimiýet başynda duranlaryň ulanýan oý-pikirlerinden peýdalandy, ýagny ol öz tejribesine we köpçüligiň ynamyna daýandy. Saýlawlaryň öňüsyrasyndaky möwsüm, hakykatda, nesilleriň göreşine öwrüldi. Altmyş sekiz ýaşly Jorj Buş, megerem, ABŞ-nyň Ikinji Jahan urşuna gatnaşan iň soňky Prezidenti bolan bolsa gerek, onuň juwan bäsdeşi 46 ýaşly Bil Klinton bolsa hiç haçan goşunda gulluk etmedik we Wetnamdaky urşuň garşysyna närazylyk hereketlerine gatnaşan adam. Öz prezidentlik we baş serkerdelik tejribesine aşa baha berip, Buş Klintony paýhassyz hem gowşak erkli adam hökmünde häsiýetlendirýändigini ýaňzytdy.

Klinton öz saýlaw möwsümini köne, saýlaw syýasatynda synagdan geçen usulda – özgerişliklere çagyryşy ulanmak esasynda gurnady. Ýaşlygynda Klintona Prezident Kennedi bilen duşuşmak miýesser edipdi we 30 ýyldan soň onuň dilewarlygyny nusga edinmek bilen, Kennediniň 1960-njy ýylyň saýlaw möwsümünde alyp baran syýasatyna eýerip, ol amerikalylary özgerişliklere paýhasly çemeleşmeklige çagyrdy.

Arkanzas ştatynda 12 ýyl gubernator bolan Klinton ykdysady ösüş, bilim we saglygy saklaýyş meselelerini çözmekde öz tejribesine salgylanyp bildi. Bu meseleler, jemgyýetçilik pikiriniň jogaplarynyň görkezişine görä, Prezident Buşuň iň gowşak ýerleri boldy. Eger Buş pes salgytlara we azaldylan döwlet harajatlaryna esaslanan ykdysady maksatnamasyny teklip eden bolsa, Klinton gurplulardan alynýan salgytlary artdyrmagy we bilim, ulag we aragatnaşyk ulgamy üçin maýa goýumlary köpeltmegi teklip etdi, olar bolsa öz gezeginde öndürijilige we ykdysady ösüşe itergi berer, diýmek, netijede büjet ýetmezçiligini peselder diýip hasap etdi. Klintonyň saglygy goraýyş üçin edilýän çykdajylara gözegçilik etmek teklibi federal hökümetiň saglygy goraýyş üçin edýän harajatlaryny Buşuňka garanda, has köp mukdarda artdyrmaga çagyrýardy.

Klinton saýlaw möwsümüniň gidişinde-de, oktýabr aýynda Prezident Buş we Ros Pero bilen bolan üç tapgyrly telewizion çekişmelerde-de jemgyýeti özgerişliklere üstünlikli taýýarlady. Noýabr aýynyň 3-ünde Bil Klinton saýlawçy sesiniň diňe 43 göterimini alandygyna garamazdan, üstün çykyp, ABŞ-nyň 42-nji Prezidenti boldy.

## SÖZSOŇY

Özüniň ösüşini Atlantika kenaryny ýakalap oturan nämälim hem aýry-aýry koloniýalardan başlan Birleşen Ştatlar ajaýyp taryhy ýoly geçdi. Ýazyjy Ben Wattenbergiň sözlerine görä, Birleşen Ştatlar, hakykatda, ýer togalagynyň ähli milletinden we etniki toparlaryndan ybarat 250 milliona golaý ilatly „birinji bütindünýä milletine” öwrüldi. Bu ýurtda ähli zat – ykdysadyýet, tehnologiýa, medeniýet, demografik we durmuşy topar-da mydama hereketde, mydama ösüşdedir. ABŞ köplenç özara baglanyşykly dünýämizdäki beýleki ýurtlara we halklara soňra hökman ýaýraýan özgerişlikleriň we kämilleşdirilişiň habarçysy bolýar.

Mundan başga-da, Birleşen Ştatlar özleriniň döredilen wagtyndan dowam etdirip gelýän yzygiderlik duýgusyny, esasy milli gymmatlyklar toplumyny heniz saklap, olara uýup gelýär. Bular şahsyýetiň azatlygyna we demokratik hökümete bolan ynamy, jemgyýetiň ähli agzalaryna ykdysady mümkinçilikleriň berilmelidiginiň we öňe gidişligiň zerurlygyny öz içine alýarlar. Indi, haçanda ýurt we bütin dünýä täze ýüzýyllygyň täsin derwezesine golaýlaşan wagtynda, Birleşen Ştatlaryň mundan bu ýanky wezipesi – bu baý we joşgunly taryhyň mirasy bolan azatlykdan, demokratiýadan we amatly mümkinçiliklerden ybarat bolan milli gymmatlyklaryň goralmagyny we mundan beýläk ösdürilmegini üpjün etmek bolar. ◇

# ÜÇÜNJI PARTIÝA WE GARAŞSYZ DALAŞGÄRLER

Birleşen Ştatlar, adatça, iki partiýa ulgamly ýurt hasaplanýar. Hakykatda, ol şeýle-de: 1852-nji ýyldan bäri her ýyl Ak Tamdaky belent wezipäni ýa demokrat ýa-da respublikaçy eýeleýär. Şol bir wagtda ýurtda ýyllaryň dowamynda dörän üçünji we kiçi partiýalaryň birgideni hereket edýär. Mysal üçin, 1992-nji ýyldaky prezident saýlawlaryna 58 partiýa hödürlendi. Olaryň arasynda Apatiýa partiýasy, Yza seredýänleriň partiýasy, Nýu-Mehikonyň Gadagan ediji partiýasy, Tişiň Garaşsyz raýatlary partiýasy we Wermontyň Salgyt töleýjiler partiýasy ýaly geň partiýalar hem bar.

Umuman, üçünji partiýalar haýsy hem bolsa bir ýa-da birnäçe anyk meseläniň daşynda jemlenýärler. Olar üstünlik gazanmak üçin höwes dörediji ýolbaşçynyň bolmagy hökman diýip hasaplaýarlar. Prezident saýlawlarynda olar ýeňşi umyt etmän, esasan, saýlaw möwsümini öz syýasy we durmuş bähbitlerini yglan etmek üçin peýdalanýarlar.

Teodor Ruzwelt. Bu ýüzýyllykda üçünji partiýadan iň şowly dalaşgär respublikaçy partiýadan öňki Prezident Teodor Ruzwelt boldy. Onuň progressiw ýa-da Bul-Muz partiýasy 1912-nji ýyldaky saýlawlarda sesleriň 27,4 göterimini aldy. Respublikaçy partiýanyň progressiw ganaty Ruzweltiň özüne oruntutar hökmünde saýlan Prezidenti Wilýam Goward Taftdan göwni geçip, 1912-nji ýyldaky saýlawlara özüni hödürlemäge Ruzwelti yrdy. Ol hem şony etdi we dalaşgär hödürlemek boýunça ilkinji ses berişlikde Taftdan üstün çykdy, emma, şeýle-de bolsa, partiýa maşyny Taftyň elindedi we ol özüniň hödürlenmegini gazandy.

Şondan soň Ruzweltiň tarapdarlary partiýadan bölündiler we progressiw partiýasyny döretdiler. Özüni amerikan suguny – Bul-Muz ýaly (partiýanyň meşhur ady-da şundan gelip çykýar) sagdyn hasaplan Ruzweltiň saýlaw möwsümünde öňe süren mowzuklary „uly telekiçilige”, aýallara saýlaw hukugyny bermegi, durnukly girdeji salgydy, Panama kanalyny we daşky gurşawy goramagy kadalaşdyrmak boldy. Ol Tafty arkaýyn ýeňip bilýärdi. Emma, muňa garamazdan, ol respublikaçy partiýany bölmek bilen, diýmek sesleriň bölünmegi bilen, demokratik partiýadan dalaşgär Wudrow Wilsonyň saýlawlarda ýeňmegine kömek etdi.

Sosialistler. Sosialistik partiýa hem 1912-nji ýylda umumy sesleriň 6 göterimini alyp, öz meşhurlygynyň ýokary derejesine ýetdi. Onuň dalaşgäri Ýujin Debs şol ýyl 900 müňden gowrak ses aldy. Ol ulag we aragatnaşyk ulgamyna toparlaýyn eýelik etmekligi, iş gününi gysgaltmagy we işsizligi azaltmak üçin, jemgyýetçilik işleriň taslamalaryny goldap çykyş etdi. Birinji Jahan urşy döwründe halky gozgalaňa öjükdireni üçin, tussag edilen Debs 1920-nji ýylyň saýlaw möwsümini öz tussaglar saklanýan otagyndan alyp bardy, ýöne ol we onuň şägirtleri 1912-nji ýylyň netijesini gaýtalap bilmediler.

Robert LaFollet. Beýleki progresçi senator Robert LaFolletdi, ol 1924-nji ýylda bolan saýlawlarda sesleriň 16,6 göterimini aldy. Daýhanlaryň we senagat işçileriniň bähbitlerini goraýjy we uly telekeçiligiň ganym duşmany bolan LaFollet Birinji Jahan urşundan soň progresçiler partiýasyny täzeden döretmekligiň esasy „öňe sürüji güýji” bolupdy. Daýhanlaryň we işçileriň, şeýle-de sosialistleriň we Ruzweltiň Bul-Muz partiýasynyň galyndylarynyň goldamagynda LaFollet saýlaw möwsümüni alyp bardy hem-de saýlawçylara ýurduň demirýollaryny we tebigy baýlyklaryny millileşdirmegi wada etdi. Ol, şeýle-de, gurplylardan alynýan salgydy artdyrmagy we toparlaýyn şertnamalar baglaşmak hukugyny goldady. Käbir sebitlerdäki örän gowy görkezijilere garamazdan, ol diňe öz ştaty bolan Wiskonsinde üstün çykdy.

Genri Wollas. Progressiw partiýa öz işine 1948-nji ýylda öňki oba hojalyk ministri we Franklin Ruzweltiň orunbasary Genri Wollasy dalaşgärlige hödürlemek bilen täzeden başlady. Ol gysga wagtlyk Garri Trumenyň prezidentlik eden döwründe söwda ministri boldy we Sowet Soýuzy babatda Trumenyň nukdaýnazaryna garşylyk görkezeni üçin, wezipesinden çetleşdirildi. 1948-nji ýyldaky saýlaw möwsümini Wollas „sowuk urşa" garşy, Marşalyň meýilnamasyna we uly telekeçilige garşy alyp bardy. Ol, şeýle-de, garaýagyzlaryň we aýallaryň kemsidilmegine garşy çykyş etdi, iş hakynyň pes derejesiniň kesgitlenmegi ugrunda göreşdi we Wekiller palatasynyň amerikan däl hereketler boýunça toparyny ýatyrmaga çagyrdy. Onuň dalaşgärligini goldan ABŞ-nyň kommunistik partiýasyndan ýüz öwürmeginiň netijesinde onuň abraýy we meşhurlygy pese gaçdy we ol umumy sesiň bary-ýogy 2,4-den gowrak göterimini aldy.

Diksikratlar. Şol mukdardaky sesi Ştatlaryň Hukuklary ýa-da Diksikrat partiýasy aldy. Oňa Günorta Karolinanyň gubernatory Strom Turmand ýolbaşçylyk edýärdi. Progresçiler ýaly, diksikratlar demokratlardan 1948-nji ýylda bölünip aýryldylar. Emma olaryň garşy topara geçmegine Trumenyň „sowuk uruş" syýasatyny alyp barmagy däl-de, onuň raýat hukuklaryna bolan garaýşy sebäp bolupdy. Ol ştatlaryň hukugy ugrundaky partiýa atlandyrylsa-da, hakykatda partiýanyň esasy maksady jyns kemsitmelerini we ol kemsitmeleri goldaýan „Jim Krowyň" garaýagyzlaryň hukuklaryny çäklendirmek baradaky kanunlary dowam etmek bolup durýardy.

Jorj Wollas. 1960-njy ýyllardaky jynsparazlyk we durmuş bidüzgünçilikleri ýene-de bir jynsparaz günorta ştatyň gubernatory Jorj Wollasa köpçüligiň ünsüni özüne çekmäge ýardam etdi. Raýat hukuklaryny, azatlygy we federal hökümeti ýiti tankytlamak bilen, Wollas öz daşyna ýaranlaryny toplady. 1968-nji ýylda ol Amerikanyň Garaşsyz partiýasyny esaslandyryp, Alabama ştatynda Montgomeri şäherinde ştatyň kanun çykaryjy häkimiýetiniň binasyndan saýlaw möwsümini geçirip, umumy prezidentlik sesiniň 13,5 göterimini aldy.

Ross Pero. Her üçünji partiýa esasy iki syýasy partiýadan we federal hökümetden halkyň nägileliklerini peýdalanmaga çalyşýar. Muňa garamazdan, taryhda birnäçe gezek ýagdaý 1992-nji ýyldaky saýlawlarda bolşy ýaly, dartgynly bolupdy. Tehasyň örän baý telekeçisi Peronyň Köpçüligiň paýhasyly ykdysady maksatnamany we maliýe jogapkärçiligi amerikan halkynyň öňünde aýdyň beýan ediş usuly bardy. Milli ýolbaşçylarynyň adyna ajy gülküli eserleri ýazyp we öz ykdysady maksatnamasyny hemmelere düşnükli görnüşde gysgaldyp, Pero aňsatlyk bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ünsüni özüne çekdi. Onuň „Agzybirlige daýanyp öseliň!" atly saýlaw möwsümini alyp barýan guramasynda, esasan, meýletinçiler işleýärdiler we Pero öz hasabyna maliýeleşdirýärdi. Onuň rowaçlygyny ýigrenmäge derek, köp amerikanlar onuň telekeçilikdäki üstünliklerine, onda bar bolan erkinlige haýran galýardylar. Saýlaw möwsümini geçirmek üçin, Pero hiç kimden pul serişdesini soramaýardy we hiç kimiň bähbidine garaşly däldi.

Pero iýul aýynda öz adyny dalaşgärler sanawyndan aýyrdy. Saýlawlaryň başlamagyna bir aý galanda, ol ýene-de goşdy hem-de 19 million ses aldy. Amerikanyň taryhynda üçünji partiýadan bolan dalaşgärleriň saýlawda gazanylan sesleri babatynda, Pero iň köp ses gazanmagy başardy. Sesleriň umumy prosent gatnaşygyna seredeniňde bolsa, Peronyň gazanan netijesi diňe Ruzweltiň 1912-nji ýyldaky saýlawlardaky görkezijisinden soň ikinji ýerde durdy.

# AMERIKANYŇ TARYHY BOÝUNÇA GYSGAÇA BIBLIOGRAFIÝA


AHLSTROM, SYDNEY E.
*A Religious History of the American People*
Yale University Press, 1972

---

ALBANESE, CATHERINE
* *America: Religions and Religion*
Wadsworth Publishing Co., 1992

---

ALLEN, FREDERICK L.
*The Big Change: America Transforms Itself, 1900–1950*
Harper & Row, 1986

---

AMBROSE, STEPHEN E.
*Eisenhower* (2 vols.)
Vol. 1: *Soldier, General of the Army, President-Elect, 1890–1952*
Vol. 2: *The President*
Simon &
Schuster, 1985

---

AMBROSE, STEPHEN E.
*Rise to Globalism: American Foreign Policy since 1938*
6th rev. ed.. Viking Penguin, 1991

---

ASHWORTH, JOHN
*Agrarians & Aristocrats: Party Political Ideology in the United States, 1837–1846*
Cambridge University Press, 1987

---

BADGER, ANTHONY
*The New Deal: The Depression Years. 1933–1940*
Hill & Wang, 1989

---

BAILYN, BERNARD
*Faces of Revolution: Personalities and Themes in the Struggle for American Independence*
Random House, Inc., 1992

---

BAILYN, BERNARD
*Ideological Origins of the American Revolution*
Harvard University Press, 1967

---

BAILYN, BERNARD, ROBERT DALLEK, DAVID B. DAVIS, DAVID H. DONALD, JOHN L. THOMAS and GORDON S. WOOD
*The Great Republic: A History of the American People*
(2 vols.), 3rd ed., DC. Heath, Co., 1985

---

BANNER, LOIS W.
*Elizabeth Cady Stanton: A Radical for Woman's Rights*
Scott Foresman, 1987

---

BEISNER, ROBERT L.
*From the Old Diplomacy to the New, 1865–1900*
2nd ed., Harlan Davidson, 1986

---

BERLIN, IRA
*Slaves Without Masters: The Free Negro in the Antebellum South*
New Press NY, 1992

---

BILLINGTON, RAY A.
*The Far Western Frontier, 1830–1860*
HarperCollins, 1962

---

BLUM, JOHN MORTON
*The Progressive Presidents: Theodore Roosevelt, Woodrow Wilson, Franklin D. Roosevelt, Lyndon B. Johnson*
W.W. Norton & Co., Inc., 1982

---

BLUM, JOHN MORTON
*V Was for Victory: Politics and American Culture During World War II*
Harcourt Brace Jovanovich, Inc., 1977


*** Gaty jiltdäki neşiri görkezýär**

BLUMENTHAL, SIDNEY AND THOMAS EDSALL
*The Reagan Legacy: A Nation Adrift*
Pantheon Books, 1988

---

BODNAR, JOHN
*The Transplanted: A History of Immigrants in Urban America*
Indiana University Press, 1985

---

BOORSTIN, DANIEL J.
* *The Americans* (3 vols.):
Vol. 1: *The Colonial Experience*
Vol. 2: *The Democratic Experience*
Vol. 3: *The National Experience*
Random House, Inc., 1975

---

BOWEN, CATHERINE DRINKER
*Miracle at Philadelphia: The Story of the Constitutional Convention*
Little, Brown & Co., 1986

---

BOYER, PAUL and STEVEN NISSENBAUM
*Salem Possessed: The Social Origins of Witchcraft*
Harvard University Press, 1974

---

BRANCH, TAYLOR
*Parting the Waters: America in the King Years, 1954–1963*
Simon & Schuster, 1989

---

BRIDENBAUGH, CARL
*Jamestown, 1544–1699*
Oxford University Press, 1980

---

BRODIE, FAWN M.
*Richard Nixon: The Shaping of His Character*
Harvard University Press, 1983

---

BROWN, DEE
*Bury My Heart at Wounded Knee: An Indian History of the American West*
Henry Holt & Co., 1991

BURNER, DAVID
*John F. Kennedy and a New Generation*
Scott Foresman & Co., 1988

---

CANNON, LOU
*President Reagan: The Role of a Lifetime*
Simon & Schuster, 1992

---

CHAFE, WILLIAM H.
*The Unfinished Journey: America since World War II*
2nd ed., Oxford University Press, 1991

---

CHASE, GILBERT
* *America's Music: From the Pilgrims to the Present*
3rd rev. ed., University of Illinois Press, 1987

---

COCHRAN, THOMAS C.
*Frontiers of Change: Early Industrialism in America*
Oxford University Press, 1981

---

COTT, NANCY F.
* *The Grounding of Modern Feminism*
Yale University Press, 1987

---

CRAVEN, WAYNE AND RICHARD MARTIN
*Two Hundred Years of American Art: The Munson-Williams Proctor Institute*
University of Washington Press, 1987

---

CRAVEN, WESLEY F.
*The Southern Colonies in the Seventeenth Century, 1607–1689*
Louisiana State University Press, 1949

---

DALLEK, ROBERT
*Franklin D. Roosevelt and American Foreign Policy, 1932–1945*
Oxford University Press, 1979

DANGERFIELD, GEORGE
*The Awakening of American Nationalism, 1815–1828*
HarperCollins, 1965

DEGLER, CARL N.
*Out of Our Past: The Forces that Shaped Modern America*
3rd ed., Harper & Row, 1984

DELORIA, VINE Jr.
*American Indian Policy in the Twentieth Century*
University of Oklahoma Press, 1992

DE TOCQUEVILLE, ALEXIS (THOMAS BENDER et al., eds.)
*Democracy in America*
McGraw-Hill, Inc., 1981

DE VOTO, BERNARD, ED.
*The Journals of Lewis and Clark*
Houghton Mifflin, 1973

DIGGINS, JOHN P.
*Proud Decades: America in War & Peace, 1941–1960*
W.W. Norton & Co., Inc., 1989

DINNERSTEIN, LEONARD, ROGER NICHOLS and DAVID M. REIMERS
*Natives and Strangers: Blacks, Indians and Immigrants in America*
2nd ed., Oxford University Press, 1990

DIVINE, ROBERT
*The Cuban Missile Crisis*
2nd rev. ed., Wiener Publishing, Inc., 1988

DIVINE, ROBERT
* *Eisenhower and Sputnik*
Oxford University Press, 1993

DOUGLASS, FREDERICK
*The Life and Times of Frederick Douglass: The Complete Autobiography*
Macmillan Publishing Co., 1962

DRAPER, THEODORE
*A Very Thin Line: The Iran-Contra Affairs*
Rev. ed., Simon & Schuster, 1992

DUBOIS, ELLEN C.
*Feminism and Suffrage: The Emergence of an Independent Women’s Movement in America, 1848–1869*
Cornell University Press, 1978

DUBOIS, W.E.B.
*Black Reconstruction in America, 1860–1880*
Macmillan Publishing Co., 1992

DURHAM, PHILIP and EVERETT L. JONES
*The Negro Cowboys*
University of Nebraska Press, 1983

FEARON, PETER
*War, Prosperity and Depression: The U.S. Economy, 1917–1945*
University Press of Kansas, 1988

FERREL, ROBERT H.
*Harry S. Truman and the Modern American Presidency*
Scott Foresman, 1987

FERRELL, ROBERT H.
*Woodrow Wilson and World War I, 1917–1921*
HarperCollins, 1986

FITZGERALD, FRANCES
*Fire in the Lake: The Vietnamese and the Americans in Vietnam*
Random House, Inc., 1989

FLEXNER, ELEANOR
*Century of Struggle:
The Women's Rights Movement in the United States*
Rev. ed., Belknap Press, 1975

FLEXNER, JAMES T.
*Washington: The Indispensable Man*
New American Library, 1984

FONER, ERIC
*Free Soil, Free Labor, Free Men:
The Ideology of the Republican Party before the Civil War*
Oxford University Press, 1970

FONER, ERIC
*Reconstruction: America's Unfinished Revolution, 1863–1877*
HarperCollins, 1989

FOOTE, SHELBY
*The Civil War: A Narrative*
(3 vols.), Random House, Inc., 1986

FRANKLIN, JOHN H. and ALFRED A. MOSS Jr.
*From Slavery to Freedom:
A History of Negro Americans*
6th ed., Alfred A. Knopf, 1987

FREDERICKSON, GEORGE M.
*The Black Image in the White Mind:
The Debate on Afro-American Character & Destiny, 1817—1914*
University Press of New England, 1987

FREEHLING, WILLIAM W.
* *The Road to Disunion: Secessionists at Bay, 1776–1854*
Oxford University Press, 1990

FREELAND, RICHARD M.
* *The Truman Doctrine & the Origins of McCarthyism:
Foreign Policy, Domestic Policy & Internal Security, 1946–1948*
New York University Press, 1985

FREIDEL, FRANK
*Franklin D. Roosevelt: Rendezvous with Destiny*
Little, Brown & Co., 1991

FRIED, RICHARD M.
*Nightmare in Red: The McCarthy Era in Perspective*
Oxford University Press, 1991

FRIEDMAN, LAWRENCE M.
*American Law: An Introduction*
W.W. Norton & Co., 1985

GALBRAITH, JOHN KENNETH
*The Great Crash of 1929*
Houghton Mifflin, 1988

GARROW, DAVID J.
*Bearing the Cross: Martin Luther King Jr. & the Southern Christian Leadership Conference*
Random House, Inc., 1987

GENOVESE, EUGENE D.
*Roll, Jordan, Roll: The World the Slaves Made*
Random House, Inc., 1976

GOODWIN, DORIS K.
*Lyndon Johnson and the American Dream*
St. Martin Press, 1991

GRAEBNER, NORMAN A.
*America as a World Power: A Realist Appraisal from Wilson to Reagan*
Scholarly Resources, Inc., 1984

GRAHAM, OTIS L. Jr.
*The Great Campaigns: Reform and War in America, 1900–1928*
Abridged ed., Krieger Publishing Co., 1987

GREENSTEIN, FRED I. and FRANK B. FEIGERT
*The American Party System and the American People*
Rev. 3rd ed., Prentice-Hall, 1985

HALBERSTAM, DAVID
*The Best and the Brightest*
Fawcett Books, 1993

HAMILTON, ALEXANDER, JAMES MADISON AND JOHN JAY
*The Federalist Papers*
Bantam Books, 1982

HANDLIN, OSCAR
*The Uprooted*
2nd ed., Little, Brown & Co., 1973

HERRING, GEORGE C.
*America's Longest War: The United States and Vietnam, 1950–1975*
2nd ed., McGraw-Hill, Inc., 1986

HOFSTADTER, RICHARD
*The Age of Reform: From Bryan to FDR*
Random House, Inc., 1960

HOFSTADTER, RICHARD
*The Idea of a Party System: The Rise of Legitimate Opposition in the United States, 1780–1840*
University of California Press, 1969

HOGAN, MICHAEL J.
*The Marshall Plan: America, Britain, & the Reconstruction of Western Europe, 1947–1952*
Cambridge University Press, 1989

HOWE, DANIEL W.
*The Political Culture of the American Whigs*
University of Chicago Press, 1984

HUGGINS, NATHAN I.
*Harlem Renaissance*
Oxford University Press, 1971

JANDA, KENNETH, JEFFREY M. BERRY, JERRY GOLDMAN, eds.
*The Challenge of Democracy: Government in America*
3rd ed., Houghton Mifflin, 1992

JENNINGS, FRANCIS
*Empire of Fortune: Crowns, Colonies and Tribes in the Seven Year' War in America*
W.W. Norton & Co., Inc., 1990

JOHANNSEN, ROBERT W.
*To the Halls of the Montezumas: The Mexican War in the American Imagination*
Oxford University Press, 1984

JOHNSON, HAYNES
** Sleepwalking through History: America through the Reagan Years*
W.W. Norton & Co., Inc., 1991

JONES, LANDON
*Great Expectations: America and the Baby Boom Generation*
Ballantine Books, 1986

JORDAN, WINTHROP D.
*White Over Black: American Attitudes Toward the Negro, 1550–1812*
W.W. Norton & Co., Inc., 1977

KARNOW, STANLEY
*Vietnam: A History*
Viking Penguin, 1991

KEEGAN, JOHN
*The Second World War*
Viking Penguin, 1990

KENNAN, GEORGE F.
*American Diplomacy, 1900–1950*
University of Chicago Press, 1985

KERBER, LINDA K.
*Women of the Republic: Intellect & Ideology in Revolutionary America*
W.W. Norton & Co., Inc., 1986

KINDLEBERGER, CHARLES P.
*The World in Depression: 1929–1939*
Rev. ed., University of California Press, 1986

KRAUT, ALAN M.
*The Huddled Masses: The Immigrant in American Society, 1880–1921*
Harlan Davidson, 1982

KUTLER, STANLEY I.
*The Wars of Watergate: The Last Crisis of Richard Nixon*
W.W. Norton & Co., Inc., 1992

LAFEBER, WALTER
*America, Russia, and the Cold War*
4th ed., McGraw-Hill, Inc., 1987

LAVENDER, DAVID
*The Way to the Western Sea: Lewis and Clark Across the Continent*
Doubleday, 1990

LINCOLN, ABRAHAM (DON E. FEHRENBACHER, ed.)
*Speeches and Writings* (2 vols.):
Vol. 1: *1832–1858*
Vol. 2: *1859–1864*
Library of America, 1989

LINK, ARTHUR S.
*Woodrow Wilson and the Progressive Era, 1910–1917*
HarperCollins, 1963

LIVESAY, HAROLD
*Andrew Carnegie and the Rise of Big Business*
Scott Foresman, 1987

LIVESAY, HAROLD
*Samuel Gompers and Organized Labor in America*
Scott Foresman, 1987

LONG, RICHARD A. and EUGENIA W. COLLIER, EDS.
** Afro-American Writing: An Anthology of Prose and Poetry*
2nd ed., Pensylvania State University Press, 1985

MALONE, DUMAS
*Thomas Jeferson and His Time*
(6 vols.), Little, Brown & Co., Inc., 1948–1981

MANCHESTER, WILLIAM
*American Caesar: Douglas MacArthur, 1880–1964*
Dell Books, 1983

MANCHESTER, WILLIAM
*Death of a President: November 1963*
HarperCollins, 1988

MARABLE, MANNING
*W.E.B. Du Bois: Black Radical Democrat*
Macmillan Publishing Co., 1987

MARSDEN, GEORGE M.
*Religion and American Culture*
Harcourt Brace Jovanovich College Publications, 1990

MCCULLOUGH, DAVID
** Truman*
Simon & Schuster, 1992

MCDONALD, FORREST
*Alexander Hamilton: A Biography*
W.W. Norton & Co., Inc., 1982

MCFARLAND, GERALD W., ED.
** Mugwumps, Morals and Politics, 1884–1920*
University of Massachusetts Press, 1975

MCPHERSON, JAMES
*Battle Cry of Freedom: The Era of the Civil War*
Ballantine Books, 1989

MILLER, JOHN C.
*The Federalist Era, 1789–1800*
HarperCollins, 1963

MILLER, PERRY G.
*The Transcendentalists: An Anthology*
Harvard University Press, 1950

MONTGOMERY, DAVID
*The Fall of the House of Labor: The Workplace, the State, and American Labor Activism*
1865–1925, Cambridge University Press, 1989

MORRIS, RICHARD B.
** The Peacemakers: The Great Powers and American Independence*
Northeastern University Press, 1983

MURPHY, FRANCIS, ED.
*Of Plymouth Plantation, 1620–1647*
McGraw-Hill, 1981

MURRAY, CHARLES
*Losing Ground: American Social Policy, 1950–1980*
Basic Books, 1986

NASH, GARY B.
*Red, White and Black: The Peoples of Early North America*
3rd ed., Prentice-Hall, 1991

NASH, GARY B. ET AL.
*The American People: Creating a Nation and a Society*
(2 vols.), 2nd ed., HarperCollins, 1990

NEUSTADT, RICHARD E.
*Presidential Power: The Politics of Leadership from FDR to Carter*
Macmillan Publishing Co., 1980

NEVINS, ALLAN
*Ordeal of the Union*
(4 vols.), Macmillan Publishing Co., 1992

OATES, STEPHEN B.
*With Malice Toward None: The Life of Abraham Lincoln*
NAL-Dutton, 1978

OATES, STEPHEN B.
*Let the Trumpet Sound: The Life of Martin Luther King Jr.*
NAL-Dutton, 1983

PATRICK, REMBERT
** Jeferson Davis and His Cabinet*
AMS Press, 1944

PARRISH, THOMAS
** Roosevelt and Marshall*
McGraw-Hill Publishing Co., 1989

PERKINS, GEORGE, E. SCULLEY BRADLEY, RICHMOND BEATTY AND E. HUDSON LONG
*The American Tradition in Literature*
7th ed., McGraw-Hill, 1989

PERMAN, MICHAEL
*Emancipation and Reconstruction, 1862–1879*
Harlan Davidson, 1987

PETERSON, MERRILL D.
*Thomas Jeferson & the New Nation: A Biography*
Oxford University Press, 1986

PRANGE, GORDON W.
*At Dawn We Slept: The Untold Story of Pearl Harbor*
Viking Penguin, 1982

QUARLES, BENJAMIN
*The Negro in the Civil War*
Da Capo, 1989

REEVES, THOMAS C.
*The Life and Times of Joe McCarthy*
Madison Books UPA, 1983

REMINI, ROBERT V.
*Andrew Jackson*
HarperCollins, 1969

RODGERS, DANIEL T.
*The Work Ethic in Industrial America, 1850–1920*
University of Chicago Press, 1979

ROYSTER. CHARLES
*A Revolutionary People at War: The Continental Army & American Character, 1775–1783*
W.W. Norton & Co., Inc., 1982

SCHLESINGER, ARTHUR M. JR.
*Age of Roosevelt: The Coming of the New Deal*
Houghton Mifflin Co., 1959

SCHLESINGER, ARTHUR M. JR.
*The Crisis of the Old Order*
Houghton Mifflin Co., 1988

SCHLESINGER, ARTHUR M. JR.
*The Politics of Upheaval*
Houghton Mifflin Co., 1988

SCHLESINGER, ARTHUR M. JR.
*Robert Kennedy and His Times*
Ballantine Books, Inc., 1985

SCHLESINGER, ARTHUR M. JR.
*The Age of Jackson*
Little, Brown & Co., 1988

SCULLY, VINCENT
*American Architecture and Urbanism*
Rev. ed., Henry Holt & Co., 1988

SELLERS, CHARLES, HENRY MAY AND NEIL R. MCMILLEN
*A Synopsis of American History*
7th rev. & comb. ed., Ivan R. Dee. 1992

SHEEHAN, NEIL
*A Bright Shining Lie: John Paul Vann and America in Vietnam*
Random House, Inc., 1989

SITKOFF, HARVARD
*The Struggle for Black Equality, 1954–1980*
Hill & Wang, 1981

SMITH, ADAM
** The Roaring ‘80s*
Summit Books, 1988

STEGNER, WALLACE E.
*The Gathering of Zion: The Story of the Mormon Trail*
University of Nebraska Press, 1992

STEWART, JAMES B.
*Holy Warriors: The Abolitionists and American Slavery*
Hill & Wang, 1976

SUNDQUIST, JAMES L.
*Politics and Policy: The Eisenhower, Kennedy, and Johnson Years*
Brookings Institution, 1968

THOMAS, EMORY M.
*The Confederate Nation 1861–1865*
HarperCollins, 1981

TINDALL, GEORGE B. AND DAVID E. SHI
*America: A Narrative History*
3rd ed., W.W. Norton & Co., Inc., 1992

TINDALL, GEORGE B.
*The Emergence of the New South, 1913–1945*
Louisiana State University Press, 1967

TOFFLER, ALVIN
*Future Shock*
Bantam Books, 1971

TOLAND, JOHN
*Infamy*
Doubleday, 1992

TRACHTENBERG, ALAN
*The Incorporation of America: Culture & Society in the Gilded Age*
Hill & Wang, Inc., 1982

TRASK, DAVID F.
*The War with Spain in 1898*
Macmillan Publishing Co., 1981

UTLEY, JONATHAN G.
*Going to War with Japan, 1937–1941*
University of Tennessee Press, 1985

UTLEY, ROBERT M.
*The Last Days of the Sioux Nation*
Yale University Press, 1963

VAN DEUSEN, GLYNDON G.
*The Jacksonian Era, 1828–1848*
Waveland Press, 1992

VAN DEUSEN, GLYNDON G.
*The Life of Henry Clay*
Greenwood Press, 1979

VAN DOREN, CARL
*Benjamin Franklin*
Viking Penguin, 1991

VIORIST, MILTON
*Fire in the Streets: America in the 1960s*
Simon & Schuster, 1981

WALTERS, RONALD G.
*American Reformers, 1815–1860*
Hill & Wang, 1978

WASHBURN, WILC0MB E.
*The Indian in America*
HarperCollins, 1981

WHITE, THEODORE H.
*America in Search of Itself: The Making of the President 1956–1980*
Warner Books, 1988

WILKINSON, J. HARVIE
*From Brown to Bakke: The Supreme Court and School Integration, 1954–1978*
Oxford University Press, 1979

WITTNER, LAWRENCE S.
*Cold War America: From Hiroshima to Watergate*
Harcourt Brace Jovanovich College Publications, 1978

WOLFE, TOM
*The Right Stuff*
Bantam Books, 1984

WOODWARD, C. VANN
*The Strange Career of Jim Crow*
3rd rev. ed., Oxford University Press, 1974

WOODWARD, BOB AND CARL BERNSTEIN
*All the President's Men*
Simon & Schuster, 1987

YORK, NEIL L.
*Toward a More Perfect Union: Six Essays on the Constitution*
State University of New York Press, 1988

## MINNETDARLYK

„ABŞ-nyň gysgaça taryhy” ABŞ-nyň Maglumatlar gullugunyň iň irki neşirleriniň biridir. Birinji neşir (1949–1950) Frensis Witniniň redaksiýasy esasynda, ilki Döwlet departamentiniň jaýynda, soňra ABŞ-nyň Habarlar gullugunda taýýarlandy. Riçard Hofstadter, Kolumbiýa Uniwersitetiniň taryh professory we Wud Greý, Jorj Waşington Uniwersitetiniň amerikan taryhy boýunça professory kitabyň ylmy maslahatçylary boldular. Berkli şäherinden (Kaliforniýa ştaty) Stiwen Endsli goşmaça materiallary taýýarlady. Keýt Olsen, Meriländ Uniwersitetiniň amerikan taryhy boýunça professory, Natan Glik, ýazyjy we ABŞ-nyň Maglumatlar gullugunyň „Dialog” žurnalynyň öňki redaktory tarapyndan kitapdaky maglumatlar köp ýyllaryň dowamynda gaýta-gaýta täzelenip we düzedilip durdy. Alan Winkler, maýami Uniwersitetiniň taryh professory, şu neşir üçin uruşdan soňky döwür baradaky baplary ýazdy, şeýle-de, tutuş kitap bu ýerde agzalyp geçilen redaktorlar tarapyndan täzeden gözden geçirildi.

Redaktor: **Goward Sinkotta**
Redaktorlar: **Debora M.S. Braun, Stefan Býuro,**
**Mişel Grin, Žan S. Holden, Riçard Marşal**
Suratlary: **Şere Jonson-Jordanyňky**
Dizaýn: **Barbara Morgan**

## FOTOSURATLARA MINNETDARLYK:

Cover Design: © tom white.images with photos from: AP/Wide World (George Washington; Jesse Owens; Golden Gate Bridge; Ellis Island Immigrants, Abraham Lincoln; Model T Ford; Susan B. Anthony; Iwo Jima Memorial; John F. Kennedy; Dwight D. Eisenhower; Reagan/Gorbachev signing). Getty Images (Louis Armstrong; Franklin D. Roosevelt; Albert Einstein). Library of Congress (Benjamin Franklin; U.S. Territorial expansion map detail). © Joseph Sohm/Photo Researchers Inc. (Statue of Liberty). National Archives and Records Administration (U.S. Constitution, first page). All others, Royalty-Free from PhotoDisc, Fotosearch, or PhotoSpin, Inc. Pages 4, 5: (c) © Russ Finley/Finley-Holiday Films. 21: National Atlas of the United States. 22–38: Library of Congress (3). 39: Courtesy The Pennsylvania Academy of Fine Arts. 40, 41: USIA Library – Library of Congress (2). 42, 43: Library of Congress (LOC); Time Life Pictures/ Getty Images – The American History Slide Collection,© Instructional Resources Corporation (IRC). 44, 45: Painting by Don Troiani, www.historicalprints.com. 46, 47: AP/Wide World Photo; LOC – courtesy www.texasphilatelic.org. 48: National Portrait Gallery, Smithsonian Institution. 49: AP/Wide World Photo. 50, 51: LOC. 66, 67: Virginia Museum of Fine Arts, Richmond. Gift of Edgar William and Bernice Chrysler Garbisch. 89, 90: LOC (3). 91–93: The National Archives (NARA) – LOC (3). 94, 95: American History Slide Collection, © IRC (2), top right, LOC. 96: LOC – Amherst College Archives and Special Collections, by permission of the Trustees of Amherst College. 97: LOC – AP/ Wide World Photo. 98, 99: LOC; NARA. 100, 101: courtesy Oklahoma Historical Society – AP/Wide World Photo. 102, 103: Culver – LOC. 104, 105: LOC. 106, 107: Edison Birthday Committee; © Bettmann/ CORBIS – Fox Photos/Getty Images. 108: The National Archives (2). 109: Hulton Archive/Getty Images – AP/Wide World Photo. 110, 111: © Bettmann/CORBIS. 127: Courtesy Bureau of Census, Perry-Castaneda Library Map Collection, University of Texas. 128, 129: LOC. 154,155: California State Railroad Museum Library. 161-166: © Robert Llewellyn. 167: © James Casserly. 168: Mark C. Burnett/Photo Researchers, Inc. 169: © Miles Ertman/Masterfile – © Chuck Place. 170, 171: AP/Wide World Photo – Cameron Davidson/FOLIO, Inc. 172, 173: Shawn Thew/AFP/Getty Images. 174: PhotoSpin, Inc. 175: Mario Tama/AFP/ Getty Images. 176: Interior Department/ National Park Service – Michael Ventura/ FOLIO, Inc. 188, 189: LOC. 202, 203: The American History Slide Collection, © (IRC). 212, 213: The National Archives. 229: New York Daily News. 230: AP/Wide World (2). 231: The National Archives. 232: U.S. Army – The National Archives. 233: Lockheed – American History Slide Collection, © IRC. 234: U.S. Army – LOC. 235: © Bettmann/ CORBIS – U.S. Army. 236: © Bettmann/ CORBIS – Yousuf Karsh. 237: AP/Wide World Photo. 238: AP/Wide World Photo. 239: Culver. 240: © Bettmann/CORBIS. 241: AP/Wide World Photo. 242, 243: USIS Berlin – © Bettmann/CORBIS. 244: Ebony Magazine. 245: AP/Wide World Photo. 246, 247: U.S. Army. 248, 249: CORBIS – AP/ Wide World Photo; Culver. 250, 251: Arthur Schatz/Time Life Pictures/Getty Images; © Bettmann/CORBIS. 252, 253: Barbara Ann Richards; Carol Hightower – John Wicart. 254: National Aeronautics and Space Administration (NASA). 255: David Valdez/The White House – Dwight Somers. 256, 257: J.R Eyerman/Time Life Pictures/ Getty Images. 274, 275: NASA. 293: Chris Honduras/Newsmakers/Getty Images. 294: Courtesy CNN – Courtesy MTV. 295, 296: AP/Wide World Photo; © John Harrington/ Black Star. 297. Ken White – © Steve Krongard. 298, 299: Kevin Horan. 300, 301: Dirck Halstead/Time Life Pictures/Getty Images.



**BUREAU OF INTERNATIONAL INFORMATION PROGRAMS**
**U.S. DEPARTMENT OF STATE**
http://usinfo.state.gov/